

Atajan Tagan

# Aglasy gelýän ak bulut

**Atajan Tagan**

# Aglasy gelýän ak bulut

**Aşgabat, 2021**

**Atajan Tagan. Aglasy gelýän ak bulut.**

Okyjylaryň gyzgyn söýgüsini gazanan ýazyjy Atajan Taganyň nobatdaky kitabyna onuň dürli döwürlerde metbugatda neşir edilen powestleridir hekaýalary girizildi. Millilige ýugrulan özboluşly eserleri bilen okyjylaryň üns merkezinde hemişelik orun alan ýazyjynyň bu kitaby hem göwnüňizden turar diýip umyt edýäris.

# SÖZBAŞY

Halkara ýazyjylar birleşiginiň agzasy Atajan Tagan 1940-njy ýylda Türkmenistanyň Mary welaýatynda dünýä inýär. Ýazyjy heniz 2,5 ýaşyndaka, ýagny 1943-nji ýylyň 21-nji iýulynda kakasy Tagan Öwez ogly Orlow şäheriniň etegindäki Stepanowka diýilýän obada wepat bolupdyr. Ol orta mekdebi gutaranyndan soň Moskwanyň Edebiýat institutyny tamamlaýar. Meşhur ýazyjynyň «Gowşut han» («Saragt galasy»), «Keseki» ýaly okyjylar tarapyndan gyzgyn garşylanan uly göwrümli eserleri döredendigine garamazdan, döredijiligine bagyşlap köp derňew ýazan hünärmenleriň aglabasynyň gelýän aýgydyna görä, onuň özboluşly ýazyjylyk ukyby nowellistika žanrynda has aýdyň ýüze çykýar. Türki dilli edebiýatyň nowellistika žanrynyň ussady hökmünde, türkmen edebiýatynyň taryhynda ilkinji gezek daşary ýurtda (Berlin 1991) A.Taganyň hekaýa agşamynyň geçirilmegi-de, belki şonuň üçündir.

Ynsan ömrüniň wajyp meselelerine pelsepewi garaýyş bilen çemeleşýän eserlerindäki çäkli emosional joşgunyň aňyrsyndan agrasdan synçy awtoryň duýgur ýüreginiň urgusy ýokary galýar. Ol durmuşy eserler hakyky çeper sözüň muşdaklaryny özüne çekýär, dürli milletleriň okyjylarynyň ruhuna ýakyn esere öwrülýär. Hut şol özboluşlyk hem ezber türkmen prozaçysy Atajan Taganyň daşary ýurtlarda-da ýokary ussat hökmünde ykrar edilmegine sebäp bolýar.

**Laura MATÇANOWA.**

## 18 MANAT HAKYNDA ELEGIÝA

Her aýda bir gezek on sekiz manat,
Her aýda bir gezek gelýärdi yrman.
Her aýda on sekiz manat gelende,
Begenerdim. Enem aglardy, arman.

On sekiz manady kim berýär bize?
Kim unutman, otuz günden iberýär?
Ol niçiksi ýiti gözli perişde
Biziň şol pula-da zardygmyz görýär!?

Enem pahyr käte açýar ýüregni,
Diýýär ol: “Pullary iberýär kakaň”.
Men diýýärin: “Näme özi gelenok,
Bu ýerde ejesi hem ogly barka?”

“Geler” diýp, göz ýaşyn süpürýär enem.
“Geler, agtyjagym, geler ol hökman.
Ikimiz dükana gidermiz ýaly,
Ol daşda işleýär hiç ýere çykman”.

Garaşdym, garaşdym, dokuz ýaşadym,
On üç hem ýaşadym, kakam gelmedi.
On sekiz manady iberdi durdy,
Emma hütdügmize nazar salmady.

Asyl kakam ölen eken uruşda.
Men baky ýas tutdum bilenim üçin.
Döwlet berýär eken şojagaz pulam,
Frontçynyň ogly bolanym üçin.

Ýene garaşaryn, saçam agarar,
Ýöne indi bilýän, gelmez meň kakam.
On sekiz manady unutmaryn hiç,
Gursagymda ynsan ýüregi barkan.

Sebäbi on sekiz manat gelende,
Ýas bürenýär eken biziň köne tam.
Her aýda on sekiz manat gelýärdi,
Her aýda bir gezek ölýärdi atam.

# HEKAÝALAR

## TAKDYR

*Gulak maňa näme üçin berlipdir?*
*Urşuň galmagaly ker etdi meni*
*Söweş zenzelesin eşitmesem-de,*
*Eşidýän eneleň zaryn sesini...*

*D.Kedrin*

Meni uly il öz enesi ýaly eý görýärdi. Ýoldan geçip barýanam ýörite sowlup:

«Dagdan eje, nähilisiň?» diýip, hal-ahwal soraşyp giderdi. Aýal halyma hataryň kethudasy özümdim. Toý-tomgyň biçim-kesimi mensiz edilmezdi. Gaty derwaýys işde-de: «Hany, Dagdan ejä bir sala salalyň» diýerdiler. Ýyldyz ýerdemi, gökde, sähetmi-bisähet, menden soralardy. Özümem öýüme myhmandym: «Dagdan eje, geleweri, Baýram janyň galpagyny syrýas... Mylly janyň diş toýuny edýäs». Obaň gelinleriniň hemmesiniň diýen ýaly «ak-gögüni»

özüm edipdim, çagalaň köpüsiniň göbegenesi mendim.

Ah, pelek! Indi näçe wagtdan bäri tünegimden çykmaga, il gözüne görünmäge uýalyp ýörün. Menden ile, ildenem maňa mährew ýok ýaly. Biri öňümden çyksa-da: «Edeniň bar bol-a, Dagdan! Ile öwüt-nesihat berip oturan halyňa özüň çoçgara çolaşaýdyňmy?» — diýäýjek ýaly. Ýogsam, heý ene öz eli bilen iki oglunyň bagtyna baran ýagdyrarmy? Üstesine, ýeke gelnim Ogullamam tä ömri ötýänçä maňa nälet okap geçer. Özümem ogully bolup ogla, gelinli bolubam gelne guwanyp bilmedim. Ýöne, adamlar, men ýamanlyk bolup böwrümden dömen bi işi ýagşylyk bolsun diýip edipdim.

Uly oglumyz Hümmediň aýagyny duşaklap, ýatan ýeri ýagty bolmuş aksakal ikimiz il sürüsine maýa goşan ýaly bolduk. Ogullamam oduň bilen girip, külüň bilen çykyp ýören maşgalady. Ony gaýtaryp alaga-da, Ojarymam öýermek, goşa gelniň jugurynyň jugurdysyna guwanmak maksadym bardy. O diýenimem bolmady. Uruş turdy. Ilki Hümmedim gitdi. «Pylan şähere ýetdik» diýip, ýekşenbe güni ondan hat geldi. Şenbe günem Ojarym ugramaly boldy. «Şenbe-şow» diýip, ony ýagşy niýet bilen ýola atardyk. Şeýdip, tüýnügimiziň üstünden tukatlyk serpigi ýapylan ýaly boldy. Iki hatyn bir är ýüzümize seredip oturmaly bolduk. Gelnem agzy ýaşmakly. Bir gün irden turaňda «Enesi sälämälik» diýäýsene diýsemem, ogullam görüm gören-dä — unamady.

Gyşyň bir güni daş işikde durkam Tagan gazetçi elime bir hat tutdurdy-da, derrew ýumlukmak bilen boldy. Bir zat aňan ýaly bolup, yzyndan gygyrsamam saklanmady. Hernä ogullam hat okap bilýädi. Hata çiňerilip sereden gelniň elinden gaçan kagyz ojagyň üstünden düşüp, derrew gara küle öwrüldi. Kagyzyň ýanyşyna aňkaryp, gelnimiň meni gujaklanynam, ýaşmagyny agzyndan gaçyranynam duýman galypdyryn. Seretsem, gelniň ýüzünde gan-pet ýok. «Adyňa döneýin, näme boldy? Seni haýsy döw çaldy?» — diýip gygyrypdyryn. «Bagtymyz ýatdy, käbäm!. Uly ogluňyz...» Ine, şeýdip agzy ýaşmakly mährew gelniň gaýnyna ilkinji aýdany hem şum habar boldy. Men gelnime ýapyşyp agladym, gelnimem maňa...

Öleniň yzynda ölüp bolýamy! Gözümizden diri giden iner

ogly tabyda goýman, öwlüýä äkitmän patasyny almaly bolduk. Hümmediň bellenen kyrky geçýänçä gelin-gaýnyň owasynda gözýaş galmady. Ýöne Taňrydan nägile bolmadym-da, Ojarymyň dolanmagyny, düşegine hamyla galan gelnimiň göwresindäkiniň ogul bolmagyny dileg etdim. Şum habardan ýarym ýyl geçensoň, ogul agtygym boldy. Öwezini berdigi bolsun diýip oň adyna-da Öwezgeldi dakdyk. Üç aý geçip geçmänkä, Öwezgeldi jan torsuk ýaly bäbek boldy, sakynyp-sakynyp aglaýşy dagam Hümmedimiň çagalygyny ýatlatdy durdy. Alla rehim etse, kalbyň giňär ýaly sebäp berer ekeni, çaga imrigen gelnimiňem ýüregi birneme düşüşdi gitdi.

Urşuň üçünji ýylynda Ojarymdanam pişmä meňzeş hatlaryň gelmesi kesildi welin, ýüregime howul düşüp ugrady. Gündiz oňa-muňa güýmensemem, gijelemmi çirim etmän diýen ýaly geçirýän gezegim köp boldy.

Bir gezek ertir namazymyň öň ýany, turaýyn-turaýyn diýip ýatyrkam, bir ses: «Eje, salowmaleýkim! Namaz wagty boldam welin ýatyrsyň-la? — diýýä. — Ogluň gelende dagy öňünden çykarlar ahyryn!» Men garabasan, gaýtam «Meni oýaryň! Men düýş görýän» diýýän. Galmagalyma gelin bilen Öwezgeldim oýanypdyr.

Iç işikde duran hakyt Ojarym-da! Üstüne aýy ýaly bolup özümi okladym. Balamyň sag tarapy boş geldi. Küpürlik etmedim. Ýarpy-ýalta bolsa-da, gelse razydym.

Heniz weýenni eşikli adam görmedik Öwezgeldim ejesiniň goltugyna gysyldy.

— Jigimmi, eje? — diýip, Ojarym sowal berdi.

— Hawa, balam, agaňa derek gelen jigiň — diýdim.

Odumyz täzelenen ýaly bolup, gelnim ikimiz gözýaş etdik.

— Kakam nirede?

— Kakaň, balam, gijesi-gündizi ýok, bir jüp öküziň yzynda selpäp ýörendir...

Bir hepde-on gün geçip-geçmän, Ojar işe başlady. Bir eli bolmany üçin ony byrgadyrlyga bellediler. Şeýdip, Ojaryň gelmegi bilen ýürek ýaramyz bitişip başlady. Ýöne ykbalyň keç gelse, bolmaz ekeni. Gapydan geçýän ýabyň suwy çagaň göbegine-de

ýetýän däldir welin, suw sebäp boldy, Hümmediň ogly diýdirip, balamyň adyny ýerde ýatyrmajak Öwezgeldimizden jyda düşdük. Agtyk dünýä inmek bilen gyzan bazara meňzän tünek gugardy galyberdi. Hem saralan, hem solan gelnimiňem iki hepdede iňňäň gözünden geçäýmelisi galdy.

Bir gün irden ýüzüni aşak salyp oturan aksakal Ogulbossana: «Zähmetiňe gözümiz gara däl gelnim, ýöne işe gidäýseň, ýüküň birneme ýeňlän ýaly bolardy» diýdi. Gaýnatasynyň sözüni mollaň dogasy hasaplaýan gelnim şol günüň ertesi köneje alaça geýip, kolhoz işine çykdy. Mährew gelnimiň şemala yrgyldaýan köksüz agaç ýaly bolup barşyna gözenekden garap baý uwlandyryn-a. «Ýeri, Öwezgeldim bir darsyldap ýören bolsady... Beterinden beteri bar bolsa, özüň saklaweri, Taňrym!»

Beterinden beteri bolýar eken.

Gelnimiziň güni biziňkidenem kyndy. Iki müçä-de ýetmänkä, arkadagyndan, gözmonjugy ýaly balasyndan jyda düşen gelin indi nämä umyt baglasyn?

Aksakalam, dymyp ýörse-de, dörän ýagdaý üçin mendenem beter köýýär eken.

— Dagdan, men-ä seň bilen agyr gürrüň etmekçi — diýip, bir gün ikiçäk otyrkak ol üzlem-saplam dillendi. — Indi gelnimiz... Ogulbossan, ýaş başyna şeýdip... Meň-ä aýtjagymy aýtmaga dilimem öwrülenok, Dagdan. Ol diýjek zadyny aýtmagam, aýtmazlygam başarmady.

— Näme diýmekçi bolsaň, aýdyber, aksakal. Çekmesi çökder ýükem çeke-çeke gelýändiris — diýip, men ony ugrukdyrjak boldum.

Aksakal habaryny keçä siňdirjek bolýan ýaly aşak seredip gepledi.

— Ikimiziň-ä indi köpümiz ötüp, azymyz galdy welin... Bi bagty gara gelen gelnimiz şeýdip, ömrüni ýakyp oturmaly bolarmy?

— «Däliden dogry habar!» — diýip, men açyk pyşgyrdym. — Men bi adam jany ýaly gelni elimden çykaryp bilmen, aksakal. Öýümden gelnimiň gitdigi Hümmediň ikinji gezek urşa gitdigi bolar. Muň ýaly maşgalany ýedi yklymdan gündiz eliň çyraly gözleseňem tapmarsyň. Meň gözümiň açyklygynda Ogulbossan bu

öýi terk etmez.

— Beýdip ömrüni köýdüribem-ä bolmaz – diýip, aksakal ýene keçe bilen gepleşdi. — Näme etsem diýýäň? Gelniň özüniň-ä: «Meni atam öýüne äkidiň» diýmäge dili aýlanmaz.

— Şoňa şükür et. Diýmese, öýüň eýesi bolup galybersin. Ulus ilde bolmadyk zat däl.

Gönüläp aýtmasamam, aýtjagyma aksakal düşündi. Bolsa-da kalbyndakyny diline getirmäge ýaýdanansoň açyk pyşgyrmady.

— Ilde-hä bola-bola gelýändir welin... Men-ä rugsadyny beräýeli diýmekçidim.

— Ol bolmaz, aksakal. Indiki aljagyň munça müň paý bolmajagyny men saňa öňünden kepil geçeýin. Ogulla ýaly maşgala tapylmaz. Men ony elimden çykarman. Ojaram göwnederin. Olam biziň ýagdaýymyza düşüner. Düşünmese, iki bolup ýalbararys.

Aksakal süýem barmagy bilen keçäniň gülüni yzarlamaga başlady...

Agşamara gelnem sygyr sagmaga çykansoň, üç bolup otyrkak, men Ojara ýüzlendim-de:

— Ojarym, Hümmediňem ýyly dolup geçdi — diýip, gepe başladym. Gepe başladym, ýöne yzyny dowam etmek aňsat düşmedi. Bokurdagym doldy. Aksakal kömege ýetişdi.

— Ejeň ikimiziň gözümiz açykka, Ogulbossan gelni elimizden çykarmaga bognumyz ysanok, ogul...

Düşbüje-de bolsa, asla garaşmadyk gepiniň aýdyljagyny aňmadyk ogul, başga heňden gopdy.

— Gelnejemiň özi gidäýmese, biz ony, başardygymyzdan elimiziň aýasynda saklarys, kaka.

— Ojar jan, türkmençilikde bolmaýan zat däl — diýip, gürrüňi özüm dowam etmeli boldum. — Sen kakaň ikimiziň aýtjagymyza garşy gopma, oglum. Ojar ýüzüme soragly seretdi welin, men gepi aýlap-öwrüp oturmasyz etdim. — Sen gelnejeň bilen goş birikdirmeli...

Ojarymyň gözleri hanasyndan çykaýjak boldy. Ol bir maňa, birem kakasyna aljyraňňy ýaly bolup seretdi. Gan gören ýowuz gözler çyraly ýaly lowlap ýandy. Ol ýokdugynam unudyp, sag eli bilen bir hereket etjek boldy. Onuň tirseginden aşagy ýok jonnuk

eli müňküldäp gitdi. Asyl neressäm ýok sag eliniň ýok barmagy bilen ýakasynyň iligini ýazdyrjak bolan ekeni. Men oňa oglum çep elini bokurdagyna ýetirende düşünip galdym. Ömrüne ýeke gezegem ene-atasyna ses gataltmadyk edep-ekramly oglan bu gezek üstümize gygyrarly göründi. Ýöne ol garaşylmadyk pessaý ses bilen kakasyna ýüzlendi.

— Kaka, siz maňa öýden git diýiň, gideýin, obadan çyk diýiň, çykaýyn, il-ulusy terk et diýiň... ýöne ýaňky gepi diýmäň. Ony aýdan siz boluň, eşidenem men.

Ara düşen howply dymyşlygy aksakal bozdy.

— Şol netijä gelmäge bizi Alla mejbur etdi, ogul. Sen bizi gabra salman hiç ýere-de gitmersiň. Indi biz senden başga kime daýanaly? Saňa şu gepi aýdyp bilmän, ejeň ikimiz kän gezdik. Takdyra ýazylan şüdür-dä...

— Gelne-de eýderis-beýderis aýdarys — diýip, men gözýaş etdim. — Razy bolar. Ol kakaň ikimiziň sözümizi ýykmz. Sen razy bolsaň bolýa, balam...

Ojar syçrap ýerinden turdy, düýp agaçdan asylgy duran şinelini egnine atdy.

— Bu habary gelnejeme bir eşitdiräýmäň! – diýip pyşyrdan ogul daş çykdy.

Biz başy başlanan gürrüňiň ahyryna çenli ýetmeli etdik. Şonuň üçinem gelin öýe dolanan badyna, aksakal taýly gezek ardynjyrady-da, donuna ýapyşdy. Ol hereket «Men päsgel bermäýin, gelin bilen özüň gürleşiber» diýildigidi.

Meň başyma düşen gabahat iş ene tohumynyň başyndan inmäwersin, adamlar. Beýle şum ahwalaty iň soňky gören ene men bolaýyn. Heý, aýatda ýok uly perzendiniň gelnine ýüwürjiňe dakyl diýmekden agyr iş bolarmy? Men bagtypes şony diýmeli ene boldum. Nädeýin, takdyrym şum gelse nädeýin.

— Balam! — diýip, gelnime ýüzlendim. – Sen iki garryň göwni üçin öýümize ot bolup girip, kül bolup çykyp ýörsüň. Bolsa-da, Hümmediň ýoklugynda biz saňa keseki bolar galaýarys... Gelniňe beýle habary aýtmak ogluňa aýdandan müň paý agyr boljak ekeni. Aýtmalyny derrew daş çykaraýmaga-da dilim barmady. Ýene öňki

ýagdaý — iki naçar sessiz-sözsiz aglaşdy. Gözýaş maňa geplemäge goltgy berdi.

— Sen, balam, gül ömrüňi kül etme...

Aýdylmaly gep aýdylmanka aňdy öýdýän — gelnim maňa dikanlap bir seretdi welin, gözi içimden parran geçendir öýtdüm. Birdenem ol horkuldap aglap oturyşyna emaý bilen baş ýaýkady. Görgüli meň sözüme atasy öýüne gaýtmak manyda düşünen ekeni.

— Gitmäge aýagym ädilmez — diýip, ol başga biri bilen gepleşýän ýaly gapdala garap pyşyrdady.

— Ýok, ýok, Ogulbossanym! — diýip, men gelnim edil şu mahal atasy öýüne gidip barýan ýaly howpurgap, gaty gygyraýyypdyryn. — Meň gözümiň açyklygynda sen bu gapydan çykmarsyň. Gaýnataň ikimiz agaç ata münemizsoň gidersiň, gitseňem.

Şondan soň ol birneme deminden düşen ýaly boldy, ýeňi bilen gözýaşyny çaldy. Men ara düşen böwşeňlikden peýdalanmaly etdim.

— Gelin, gaýnataň ikimiz-ä bir aýgyda gelendiris welin... Özem il-günde bolmaýan zat däl... Seni, balam, ýüwürjiňe... Ojara tabşyraýsak diýýäs.

Diýsemem-ä diýdim welin, aýdan sözümiň ýany bilen ýüregimem agzymdan çykaýdy öýdýän.

Gelnimiň beýle habara asla garaşmandygyny ary çakan ýaly tisginip gidenindenem aňdym. Birdenem ol başyny ýaýkap, täzeden gözýaş dökdi. Men başyny başlan gepimi dowam etdim.

— Ogulbossanym, bize sataşjak maşgalaň seň dyrnagyňça-da bolmajagyny öňünden bilýäs. Gaýnataň düýn, saňa-da duýdurman, gudalara-da gidip geldi. Olaram garşy däl ýaly. Begler molla-da sala saldyk. Olam: «Türkmende bolmaýan iş däl. Gelniňiz göwnese şerigat göterer» diýdi. Ojara-da aýtdyk, dünýäm...

Soňky sözi eşiden gelin hasam aljyrady, bir zat diýäýjek ýaly dodaklaryny müňküldetdi. Ýöne edep-ekramlylygy ýaşmagy syrmaga ýol bermedi. Ol diňe sowally nazar bilen maňa seretdi. Men sözsüz sowalyň manysyny özümçe çaklamsoň:

— Hawa, dünýäm, ýagdaý şeýle bolansoň, olam garşy çykmady — diýip, Taňryň öňünde günä gazanyp, gelnime ýalanam sözledim.

Sessiz aglap oturan gelin iki egnine garady-da, gaýnynyň ýanynda henize çenli etmedik hereketini etdi — gapdalda ýatan ýassyga bagryny berdi. Şondan soň oňa söz diýmäge dilim aýlanmady...

Daň saz beriberende, biynjalyk bolup oýandym. Daşarda aýak sesi bar ýaly bolup duýuldy, asyl erkek adamyň üsgülewügem gulagyma ildi. Bürenjegimi çümre bürenip daş çykdym. Agyllan Aýyň ýagtysyna Ojary saýgardym. O neressäm uzynly gijäni öýüň töwereginde gezmeläp geçiräýen ýalydy.

— Ojarym, bi senmiň?

— Men, eje.

— Beýdip ýörmän, öýe girip ýatyberseň bolmadymy? Ülker dik ýokaryk çykypdyr. Ertirem işe gitmelisiň. Kepbä baryp ýataý bolmasa...

— Men nädip kepbä gireýin, eje? Kepbäň töründe Hümmediň telpegi asylgy dur-a...

«Hümmediň telpegi» diýen sözi eşidip, bagryma iňňe sanjylan ýaly bolup gitdi. Özümi lampa aşak goýberäýipdirin. Hümmedim göz öňüme geldi... Bir görsem, Ojar ýeke eli bilen gop berip, meni galdyryp dur.

— Balam, meni öýe bir salaweri, ýüregim agzymdan çykyp barýa — diýdim.

Öýe girdik. Gelnimem öten agşamky gyşaran ýerinde düşeksiz-ýorgansyz uklap galan ekeni. Ol biziň aýak sesimize oýandy-da dik oturdy. Ojarym meni gap dulda oturdyp, daş çykdy.

Gepi uzaldyp nädeýin, adamlar. Biziň tutan işimiz diňe Ogulla bilen Ojara däl, aksakal ikimize-da gaty agyr degdi. Adam ýüregi daş däl, ýalbar-ýakar, höre-köşe, gözýaş bilen oglumdanam, gelnimdenem sessiz razylyk aldym. Gulagymyza ýeten gürrüňlere görä, «Hümmet neressäň gaýdyp geljek gümany ýok. Dagdan dogry etdi» — diýip, obadaşlaram ol işi oňlanmyşlar. Şeýdip, wagty-sagady ýetende, nika sähedini belledim. Nikadan soň, kysmata kaýyl bolup, ýorgana girsemem, uzak wagt uklaman ýatdym. Birden aksakal gara öýe girdi-de:

— Dagdan, işimiz gaýdan bolmasa ýagşydyr — diýdi. —

Ogulla gelin kepbeden daş çykyp, yzyna dolanmandyr...Soň näme diýlenem bolsa, gulagyma ilmändir. Hokgamy gözlemäge-de gyssanyp, aýagaçyk daşaryk atyldym.

Nika gyýlan kepbede Ojarymyň ýeke özi köne dony ýüzüne çenli çekip, basyrynyp ýatan eken. Barşyma donuň synyndan çekdim. Gözüne gan öýlen oglum ýüzüme bir aýylganç nazar aýlady welin, «Gelin hany?» diýmäge-de çekinip, ýene daşaryk ylgadym. Kepbäň, gara öýüň töweregine, tamdyryň ýanlaryna aýlandym, kürsäp sygyr dölä girdim. Döläniň garaňky burçlaryny sermäp, birki gezek gelnimiň adyny tutup gygyrdym. Gaty seslenmäge-de çekinýän — «Tamda gulak bar». Ogulbossana derek, garaňkyda göze ilmeýän gara sygyr «Hümm!» etdi.

Döleden çykamsoň, gara öýüň gapysyny garawullap duran aksakalyň ýanyna bardym.

— Indi näderis, kişi? — diýdim. — Maňlaýymyzy öz elim bilen garaldan bolmasam ýagşydyr.

— Nätmekden Alla saklasyn! — diýip, goja çalaja dillendi. Men möňňürdim welin, ol sesini gataldy. — Bes etsene. Goňşy-golamy örüzäýme.

— Gelin bir bolmasyz iş edäýse, nähili bor? Bigünä halyna Ojaram äkiderler. Ikimiziňem ýüzümizden sypalmaz... Men guraýyn, Hudaýym! Bu işiň gönezligi men boldum...

Aksakal menden akylly çykdy. Ol:

— Gijäň içinde muşakgat ýagdyryp durma-da, hokgaňy geýip çyk, men derrew eşegi gaňňalaýyn — diýip pyşyrdady.

...Gün dogar-dogmazda Ogulşeker gudaň öýüne baryp ýetdik. Eý, Taňrym, hiç bir bendäň beýle güne sezewar bolmawersin! Guda guda toýa barar, ýasa barar. Biziňki olaň hiç biri hem bolmady. Ýasdanam beter boldy.

Ähli zatdan habardar Ogulşeker bizi gözýaş bilen garşy aldy-da, salam-helikden öňürti:

— Gorkmaň, gudalar, gelniňiz öýde — diýdi.

Şu mahal bize şol jogapdan zerur zat ýokdy. Diri bolsa bolýa.

Biz bosagadan ätlämizde, öýden çykyp gitmegiň ebeteýini tapmadyk gelnim aňyrsyna aýlandy-da duruberdi. Agzyma gelenem şü boldy:

— Balam, ýedi yklyma ryswa bolduk-la!

Aglasaň aglap oturmaly. Ýöne üç naçaryň üçüsem gözýaş etmän saklandy. Aksakalam ýüzüni galdyrman oturdy. Nätsin betigara goja.

— Gyzym, şü iki adamam biziň ýamanlygymyza çapanok. Sen gaýynlaň bilen git. Sanjar guda bilen Dagdan gudaň göwnüne degdigiň, menem närazy etdigiňdir. Şony bil.

Gelnimiz töwella ýer goýman pyşyrdady.

— Ýok, eje, oda at, suwa zyň welin, git diýme. Bolmasa, men başga çäre gözlemeli bolaryn...

Onuň pyşyrdysyny men-ä oňat eşitdim welin, aksakala-da ýeten ekeni. Ol Ogulşekere tarap seretdi.

— Il örmänkä, biz obadan saýlanaly, guda.

Ogulşeker çaý-suwam hödürläp bilmän, bizi ýola salmak bilen boldy. Guda bilen goja meni göterip diýen ýaly eşege mündürdi.

Ugrajak bolup durkak, gara öýüň daş işigine çykyp saklanan gelnimiz birdenem ýuwaş ýöräp ýanyma geldi. Ol ilki gaňňadan, soňam meň elimden ýapyşdy. Gelniň ýüzünde gan-pet ýokdy, sandyraýan barmaklary elimi gyzdyrdy, dodaklary kemiş- kemiş etdi, ýaşmak aşak süýşdi. Pahyrjygymyň dodaklary darka-darka ýarylan ekeni. Ukusyzlykdan, gam-hasratdan gyzaran gara gözleň owasy ýaşdan doludy. Şunça mahallap gaýnenesiniň ýanynda ýaşmagyny aýyrmadyk gelin hoşlaşmak üçin dil ýardy. Men onuň sesiniň nähilidiginem aýyl-saýyl edip bilmedim. Ogullam sessiz aglaýardy, uludan-uludan ýuwdunýardy. Ahyram ol meniň dyzymyň üstünde başyny goýdy.

— Öwezgeldimiň enesi, käbäm... bagtyma baran ýagsa, men nädeýin? Menden ýaman görmäň! Alla meň üstümden iki ölüm salmadyk bolsa beýle bolmazdy. Men tä ömrüm ötýänçä... ogluň hatyrasyny saklap, ejemiň dulunda oturaryn. Mende gaýry maksat ýok, enesi...

Näme diýeýin, näme aýdaýyn. Dilim tutuldy, bokurdagym doňdy. Wepaly gelnimiň dökýän gözýaşyny sandyraýan elim bilen syldym. Birdenem dilim açyldy.

— Dikel, guzym! Iň soňky gezek güler ýüzüňi bir görüp gideýin!

Gelin başyny galdyrdy. Men onuň iki ýaňagyndan penjeläp, ýaşdan doly gözlerinden, çygjaran maňlaýyndan taýly gezek ogşadym. Dodagymda ajy aýralygyň turşy tagamy duýuldy.

— Ady ýitmiş ganym uruş hem seni ýakdy hem meni köýdürdi... Janym balam, jan balam, garamaňlaý gaýnyňdan razy bol... Öldi habarymy eşitseň, dula bakyp bir aglagyn, guzym! Agyrydan-ynjydan bolsam, günämi öt, çagam...

Eşek gobsundy. Gelnim iki ädimlikde, daşyndan syr bermese-de, içinden aglaýandygy bildirip duran gaýnatasyna seretdi-de, agzyny eli bilen tutdy. «Atasy...» diýen pyşyrdy gulagyma ýetdi. Gelin başga zat diýip bilmedi. Diýmese-de diýjegi düşnükli boldy.

Aksakal sandyraýan sesi bilen zordan:

— Gideli, Dagdan! — diýdi.

Günem gyzaryp göründi, bizem ýola düşdük. Tä öýe gelinçäk ne menden, ne aksakaldan ses-seda çykmady. Biçäre gelnimiň zaryn pyşyrdysy gulagymda ýaňlansa, eşegiň öňünden, dört-bäş ädimlikde boýny küçenli ýaly başyny aşak salyp, elini arkasyna tutup barýan gojanyň sypaty göz öňümden aýrylanokdy. Ol ysgynsyz ýalydy. O pahyryňam bolşuny görüp, nädip ýüregiň gyýylmasyn.

...Gije çirim etmedigem bolsam, gündiz gözüme uky gelmedi. Öýde-de urnup oturmaýyn, hemem bolan ýagdaýy eşitdireýin diýip, Begler mollaň üstüne gitdim. Geň zat, Begler molla bolan işi eýýäm eşiden ekeni. Ol bize görä köp bilýän adam bolany sebäpli, urşuňam indi uzaga çekmän gutarjakdygyny hem ynandyrdy. Gaýdaýyn diýip otyrkam, garaşylmadyk ýerden aksakal gapydan girdi. Bir bolmasy işiň habaryny getiräýdimikä diýip, imanym göçdi. Hernä ol uzak garaşdyrman, dik duran ýerinden:

— Dagdan, gelnimiziň-ä özi geläýdi – diýdi.

Men ol habara ynanjagymam bilmedim, ynanmajagymam.

Bolsa-da, Bibi eje, Begler molla bilen derrew hoşlaşdym...

Ine, adamlar, meniň ýagdaýym şeýle boldy. Öýümiň bezegi, ömrümiň guwanjy Ogulbossanym gaýdyp geldi. Şeýdip, uly oglumyň gelnini kiçi ogluma dakdyk. Aradan ýyla golaý wagt geçdi, seýrek gabat gelýän waka bilen ilem öwrenişdi, bizem. Ojar bilen Ogulbossanam takdyra ten berip, öwrenişip gitmeli boldular.

Eneleň bagryny ýakan, gojalaň bilini büken, gerçek ogullary mazara dykan, ili tozgunçylyga giriftar edip gutarmaza dönen ganym urşam etjegini edip, ahyr gutardy.

Bir gün giç öýlän öýde täk özüm ik egrip otyrdym. Bolan wakany bolşy ýaly edip aýtmaga gepem tapamok. Açyk gapyda, bosaganyň öňünde bir adam söm-saýak bolup dur. Arkasynda-da weýenni torbasy bar. «Toba tagsyr! Meň aňyma zeper ýetip ýörmükä? Düýşümem-ä däl bi. Gözüme görünýämikä? Eý, Alla... Bosagada duran Hümmet jan-da...Gözüm görüp, ýüregim jigläp dursa-da, kulhuallany okajak bolýan. Oňa-da dilim aýlanmaýan ýaly. Hümmedem meň bilen oýun edişýän ýaly ýylgyryp dur.

— Eje, tanamadyňmy? Salowmaleýkim!

Gulagym eşidýär. Ýöne eşidýänime-de, gulagyma-da ynanyp bilemok.

— Eje, men Hümmet. Ogluň. Salowmaleýkim! — diýip, ol bärik ätledi.

Depämden gaýnag suw guýlan ýaly boldy. Bir-ä, hasanaklap ýerimden turanymy, birem «Wah, ejeň gurasyn, balajygym!» diýenimi bilýän. Hümmedime tarap bir ädim ätläp özümden gidipdirin. Gözümi açsam, Hümmet ýüzümi ýelpäp otyr. Ol ýylgyrýar-da: «Özüňe geldiňmi, eje?» diýýär.

Men geplejek boldum, ýöne eden işim ýadyma düşüp, dilim diýen etmedi. Elim bilen welin oglumyň ýüzünden, gözünden sypaşdyrdym. Ol bolsa duşmana ýesir düşenini, bir söý bilen gaçyp, köp wagtlap tokaýda uruş edendiklerini erteki ýaly edip gürrüň berýär...

Gowulyk diýip öz elim bilen eden gabahada öwrülen işimi aýtmaly boldum. Habarymy gutaramda Hümmedim, birhili bolup, ajy ýylgyrdy. Kän mahaldan soňam özüne berjek bolup oturan sowalymy maňa berdi. – Indi näme etmeli bolar, eje?

— Guzym, bu zatlaň sebäpkäri eneňdir. Eneňe nälet bolsun!

Hümmet uzak geplemedi.

— Ýok, eje, bu işde sende günä ýok...Ýöne men indi bu ýerde ýaşap bilmen. Şäherde ýa-da daşkyrak obalaň birinde mesgen tutmaly borun. Başarsaň, gelenimem hiç kime aýtma...Men nähilidir bir ýol bilen senden habar tutup duraryn. Sag otur!

Hümmedim arkasyndaky goştorbasynam aýyrmady...

## POSSUN

Obanyň gaýrasyny serhetläp gidýän, syrdam söwütleriň aňyrsyndan gündogary zagpyran reňke bezäp güýz Güni dogup gelýärdi. Otuz ýaşlaryndaky lal çopan söwütleriň öňündäki çöketlige sürä sygyr goşmaga gelen aýala janygyp-janygyp bir zatlar «aýdýardy», tot-tozan siňen güpbüsiniň ýakasyny galdyryp geýilýän eşigi, howada san ýazyp, şol eşigiň bahasynyňam örän gymmatdygyny aňlatjak bolýardy.

— Men şü neressäň dilini öwrenmän ömrümi ötürjek-dä — diýip, habar berilýän aýal özünden närazy bolup gepledi.

— Ýogsam bi maňa gara çyny bilen bir zatlar düşündirjek bolýa welin...

Lal çopan «dile düşünmeýän» aýaldan nägile bolup, elini silkdide, bäş-alty ädim beýleräkde duran ikinji aýala golaýlap, öňki eden hereketlerini gaýtalady.

— Sen, heý bir zat aňdyňmy? — diýip, ilki ýüzlenilen aýal soňkudan sorady.

— Bu pahyram şol possun üçin jibrinýä.

— O nä possun?

— Wiý, asyl sen o possun hakda eşitmänmidiňem? — diýip, geň galan aýal elini dodagyna ýetirdi. — Düýn öýländen bäri obada şo possundan başga gep-gürrüň bolmasa nätjek. Dükana bir aýal possuny gelipdir welin, bahasam alty müň manatmyş. Özem täze puldan!

— Bir possunyňan onça bahasy bolarmy, gyz? Alty müňe ilgün köneräk maşynam alyp ýör-ä. Onça pul töläp bir possun aljak adam tapylarmyka?

— Çopan pahyram şoň üçin janyny ýakýa-da.

Gürrüňiň näme hakda gidýändigi düşündirilen aýal çopana tarap seretdi-de, baş atdy.

Özüne pikirdeş tapylanyna begenen çopan hoşamaý ýylgyryp, ýene bir topar hereket etdi; bilindäki pyçaga ümledi, şol pyçak bilen agzy ýaşmakly kimdir biriniň damagyny çalmaga taýyndygyny görkezip, bokurdagyna elini ýetirdi.

— Indem ol: «Eger öz aýalym şol possuny almaga hyýal etse, damagyny çalardym» diýýä.

— Sen oňa aýt, pyçagyna ýapyşmasyn. Bu obada o possuny aljak aýalam bolmaz, ony aýalyna alyp berjek erkegem tapylmaz.

«Dil bilýän» aýal obadaşynyň gepini düşündirende, myssa ýylgyran çopan aýdylany oňlap, başam barmagyny ýokaryk galdyrdy.

* * *

Kyrk töwerek ýaşan, eli inçejik çybykly aýal göni köçe bilen sygrynyň yzyna düşüp barýardy. Ol Arzygül, obadaky ýörgünli ady hem Arzy ýeňňe. Birneme göçgünliräkdigini hasap etmeseň, ol göwni açyk, kalby päk sada zenan, şu obanyňam hem gyzy hem gelnidi. Birki ýyllykda bir bolgusyz sebäp bilen adamsyndan aýrylyşansoň ol obanyň balalar bagyna aşpez bolup işe giripdi.

Arzy ýeňňe öz tamynyň köçe tarapynda bir zada güýmenip duran Arabaçy aga gözi düşeninden dünýäni unutdy.

— Arabaçy, sälämälik! — Ol ýaşulynyň salam almagyna-da kanagaty çatman, kalbyna sygman duran joşguny daş çykardy. — Dükana üýtgeşik bir possun gelipdir, Arabaçy. Eşitdiňmi? Bahasam tegelek alty müň. Özem täze puldan.

— Düýnden bäri men şo possunyň gürrüňini müň adamdan eşitdim, Arzygül — diýip, nämä garaşsa-da, irden daş çykyp ilkinji eşitjegi ýene şol possunly habar bolar öýtmedik ýaşuly kineli ýaly bolup gepledi. — Sen müň birinji habarçy bolduň.

Arzy ýeňňäniň sygry gollary köçä tarap uzan, heniz sowuk kakmadygam bolsa saralan kädi ýapraklaryna agyz urmaga başlady.

— Aýu-uw, Arzygül-ä, kädini seň horan sygryňa iýdirmek üçin

ekmändig-ä! — diýip, açyk penjireleriň birinden aýal sesi geldi.

Sygryny kädi biýarasyndan kowup durka, Arzy ýeňňe gojanyň: «Bir possun diýip, adamlar dünýäni unutjaklar!» diýen hüňürdisini eşidip galdy.

— Elbetde, unudarsyň. Heý, bir possunyň bahasam şonça bolarmy? Megerem ol üýtgeşik bir haýwanyň derisinden eýlenendir. Öten agşam ony öz gözüm bilen görüp gaýtmasam ynjalman, gijirägem bolsa, dükana bardym…

Sygyr ýene kädi biýara hüjüm edip ugranda Arabaçy aga:

— Possun görmäge wagt ýitirmän, sygryňy otdan doýurmaly ekeniň-dä — diýdi.

Arzy ýeňňe bolsa ýaşulynyň aýdan sözleriniň manysyna düşünmedik ýaly, ýene şol possuna dolandy.

— O possunyň bahasyna men diýen alty sany sygyr alyp bolýa, Arabaçy. Sen şo hakda oýlandyňmy?

Arabaçy aga ol barada oýlanmaýanyny tassyklap, sowaly jogapsyz galdyrdy.

Oňa derek sygryny sürä goşmaga barýarka-da, gelýärkä-de, öýüne ýetensoňam, Arzy ýeňňäniň welin kalbynda diňe şol possum hakdaky pikir boldy. Ol içki jaýdaky ullakan şifoneri açyp, içindäki geýim-gejimlere esli salym göz gezdirdi. Ahyram bir gara paltony daş çykaryp, ony öňünden-yzyndan synlady. «Bu-da öz wagtynda ak bazara-da seýrek düşýän gymmatbaha paltody. Şumat myny geýip ile çyksaň, üstüňden gülünjegi ikuçly däl». Ahyram çykaran paltosyny hem ýerinde goýup, şifoneriň gapysyny ýapan Arzygül esli durdy, işikden geläýmegi mümkin kimdir birinden heder edýän ýaly, jaýyň daşky gapysyny gulplady. Ol ýene içki jaýa geçip, ata-babadan galan, ýüzüne haşamlanan galaýy tutulan sandygyň gapagyny açdy. Sandyk içine täze howa girenine begenýän ýaly gapysy açylanda, ozaldan gulakda galan tanyş saza çalymdaş ses bilen zaňňyrdady. Arzygül halynyň üstünde ykjamlanyp oturdy-da, sandykdan çykaran düwünçegini açyp, pul sanamaga başlady. Ol pul sanap bolandan soň, ýene şifoneriň gapysyny açdy, ýene köne paltony synlady. «Iň bolmanda, bu obada hiç aýalda ýok possun edinip, ilden-ä tapawutlanarsyň-da. Dünýäde başga näme

galýar?! «Hiç kimiň alyp bilmedik zadyny aldy» diýip, obadaşlar öleňsoňam gürrüň ederler». Içgepletmäniň şöhratparazlyk damaryny owkalamagy hem sanalan puluň döreden ýelgini öý eýesini öýünden çykmaga mejbur etdi.

Arzygül baran mahaly dükanda Arabaçy aga, Wekil uzyn, Sadap daýza, oba okalgasynyň müdiri Ýagşylyk hem başga-da birnäçe adam bar ekeni. Adamlaryň käbiri dükandan gerek-ýaragyny alsa, hiç zat alman, üns çekmek üçin owadanlanyp goýlan harytlara ýöne biparh garap duranlaram bardy.

Dükanyň iň görnükli ýerinde düýnden bäri oba adamlarynyň diline çykan serejene dönen, janly aýyny ýatladýan gara possun ähli harytlardan saýlanyp durdy. Dükan müdiri Şükür ozal asmagy ýadyndan çykaransoň, aňyrdan alyp gelen bir garyş ýaly bahalygyny possunyň ýakasyndan ildirdi. Kagyzyň ýüzüne ullakan sanlar bilen «6000 m. »ýazylandy. Bahalygyň asylmagy hem Wekil uzyny ilden öňürti geplemäge mejbur etdi.

— Aýalyň göwnünden turjak bolup nämeler edilmeýär! Aýalyny sylaýan adam bi possunam alyp biler.

— Bir aýal üçin her tarapdan müňlerçe adam gyrylýan urşam turuzylýar — diýip, okalga müdiri Ýagşylyk özüniň taryhdanam habarlydygyny ýaňzytdy.

— Aýal üçin kän gyrgynçylyk bolandyr — diýip, Sadap daýza-da söze goşuldy. — Ýöne akyly ýerindäki erkek alty müň manat berip aýalyna possun alyp bermez, alaýanda-da, akyly ýerindäki aýalam beýle possuny geýmez. Geýäýende-de o possunyň her tüýi endamyna çümer durar.

Şonluk bilenem possunly gürrüň gutaraýan ýalydy welin:

— Boljak zady men öňünden bilýän — diýip, welilik satan Arabaçy aga duranlaryň ünsüni ýene possuna gönükdirdi. — Bu possuny hiç kimem almaz. Dükanda gum basar ýatar.

Arzy ýeňňe bolsa öz ýanyndan şol possun hakda köpräk gürrüň edilmegini, şeýlelikde-de oňa iliň garaýşyny bilmek isledi. Şonuň üçinem ol:

— Döwlet şonça bahaly possun çykarýan bolsa, oňa alyjy

tapyljagyna-da ynanýandyr-da. Dükanda gum basyp ýatjak haryt öndürilmäýjek ýaly ýogsam.

— Senem biziň döwletimiziň bir raýaty, Arzygül — diýip, göýä Arzygül gödek bir gep aýdan ýaly, Arabaçy aga sesine bat berdi. — Eýsem seň özüň bir possuna şonça pul tölärmiň?

— Özüni sylaýan, medeniýeti ýetik aýal bu possun üçin pul gaýgyrmaz, Arabaçy aga — diýip, iliň pikirini diňläp, häliden bäri dymyp duran satyjy ýa-ha gara çynyny aýtdy ýa-da ilden zyýat bolmagy halaýan Arzygüli gižželemek isledi.

— Seň gelniňem medeniýetsiz däl, Şükür — diýip, Arzy ýeňňe satyjynyň özüni yrbaslap görjek boldy. — Özem görmegeýje maşgala...

— Men, Arzy ýeňňe, dogrymy aýtsam, gelnime bular ýaly possun geýdirip biljekgäl. Birinjiden-ä, arta-süýşe pulum ýok. Ikinjidenem, karza girip alaýsamam, il maňa karza çoýunypdyr diýmez. Gyrp-çyrpdan ýygnandyr diýer. Söwda işgärleriniň ady gara ýakyn-da. Onsoňam, Arzy ýeňňe, gowy zady, Hudaýa şükür, diňe görmegeý adamlar geýmeli diýen däp ýok. Gaýtam, Saparmämmediň aýaly ýaly bigörkiräk aýallar gowy geýime kowalaşagan bolýalar. Her kim özünde ýok zadyň hyrydary-da.

Arzy ýeňňäniň özem Saparmämmediň aýaly ýaly juda yşnaksyz bolmasa-da, görk paýlaşygyna irgözinden baranlardan däl, garaýagyzrak hamy galyň ýüzüniň lopbuşdygynyň üstesine-de, sesi-de gödegräk. Ýöne, her kim özünden hoşal — satyjynyň aýdanyny ol özüne dahyllydyr öýtmedi. Şeýle hem Arzy ýeňňede Şüküriňki ýaly ünji ýok. Alty däl, iki alty müňlük haryt edinse-de, oňa puly nireden aldyň diýjek tapylmaz. Sähel oňňut bolsa, oňup ýören zenan aşpezliginiň daşyndanam mal bakýar, ile keçe edişýär, ýorgan köpeşýär, garaz, gazançsyz oturanok.

Eklenç barada oýlanýan Arzy ýeňňe dünýä, ömür hakda-da oýlanýar: «Ýene sanlyja ýyldan kyrk bäş ýaşaýaň. Heleý ellä golaýlansoň… Ýygnanyny kebzesine daňyp äkidýänem ýok. Beýläk zat äkidilmeýä. Gaýtam, kir-kimriňe çenli ýuwup-ardyp, alyp galýalar. Egniňe alty müň manatlyk possun geýip bir gezek ile çykanyň nämä degmeýä? Şumat geýmän, haçan geýjek sen?» Özüni

egni gymmatbaha possunly şähere barýan ýa-da myhmançylykdan gelýän edip göz öňüne getiren Arzy ýeňňe badyhowalyk etdi. Obanyň «modaçy» diýilýän ýaş-ýeleňleri oňa görübilmezçilik bilen garadylar. Garaz, Arzy ýeňňe daşaryk çyksa, adamlaryň iki gözi hem şondady. Ol köçeden geçende içerdäki aýallar aýna bilen boýdaş bolup daşaryk seretdiler. Ýok, ýöne daşaryk däl, possuna seretdiler. Arzy ýeňňä-de geregi şoldy.

Arzuwdan ganat edinip, hyýal asmanynda birsellem pel-pelläp uçan zenan ýere düşen badyna, «Possun meňki» diýmäge häzirlendi. Emma saklandy.

Arzy ýeňňe obadaşlarynyň agzyndan çykan «Özüni sylaýan aýal», has beterem obanyň iň medeniýetli adamy hasap edilýän Ýagşylygyň: «Öz medeniýetiniň beýleki aýallaryň medeniýetinden beýikdigine düşünýän aýal» diýen sözlerini kalbynyň törüne doga edip dakdy. Üstesine-de ol mundan ozalam özüni obanyň medeniýetli aýallarynyň biri diýip çaklaýardy. Arzygüliň kalbynda şol gymmatbaha possuny almak pikiriniň barlygy bolsa, onuň medeniýetlilik hakdaky çaklamasyny hakykata öwrüp görkezýärdi. Ýagşylyk possuny alyp biljek aýalyň tarapyny tutup, ýene bir zatlar diýmäge başlady. Emma onuň aýdýanlary Arzy ýeňňäniň gulagyna ilmedi. Sebäbi ol okalga müdiriniň öňki aýdanlarynyň täsiri bilen hyýalynda eýýäm başga ýerde, başga wagtda gezip ýördi: Oba köçesi. Köwsarlap syrgyn syraýar. Gözüňi açar ýaly däl. Gödek üwelen daş ýaly gaty jöwenek ýaňagyňy awadyp geçýär. Eginleri donlumy ýa-da ýuka paltoly aýallar tizräk öýlerine ýetjek bolup digdenekleşip barýarlar. Arzygüle bolsa köwsarlap ýagýan garda, sowuk şemal-da täsir etmeýär. Ol howlukman, arkaýyn ýöräp barýar. Sebäbi onuň egninde alty müň manada satyn alnan possun bar. Köçede gabat gelen obadaşyň käbiri Arzy ýeňňä tarap geň galmak bilen garasa, käbiri başgarak many bilen seredip geçýär...

Şondan üç-dört gün geçýänçä, günde telim gezek baryp gaýtmak islese-de, Arzygül özüne erk edip, dükanyň gapysyndan garaman oňdy. Ol dabarasy dag aşan possun hakda edilýän gürrüňlere diň saldy, gep-sözleri ölçerdi-dökdi-de, öz ýanyndan netije çykardy.

Possunyň bahasynyň gymmatdygyny bilýän kändi-de, hiliniň gowudygyny bilýän azdy. Possuna içinden hyrydar çykýanyň sany kändi-de, puluny töläge-de, ony dükandan alyp gaýdyberýän ýokdy.

Telim günlük arakesmeden soň, hakyky maksadyny basyrmak islänsoň, «Geçip barýadym-da sowulaýdym» diýen bolup, Arzy ýeňňe ýene dükana geldi. Ol baran mahaly Şüküriň täk özi pişesizlikden ýaňa meýmiräp otyrdy. Şonuň üçinem ol Arzy ýeňňäniň elindäki düwünçege-de üns bermedi.

— Gel, Arzy ýeňňe! Geleniň gowy boldy! — diýip, ýasama alçaksyrady. — Ýeke özüm içimi hümledip otyrdym.

— Içiňi hümledip oturmajak bolsaň, dükana täsinje-täsinje haryt getirerler.

Satyjy ýaňsyly ýylgyryp gepledi.

— Ýene alty günden meň şü dükanda işleýänime rowno ýedi ýyl dolýar. Şol ýedi ýylyň içinde şuň ýaly del haryt birinji gezek gelýä. — Şükür asylgy duran possuna tarap elini salgap goýberdi. — Del harydyň manysyna düşünýän özüň ýaly alyjy bolmasa nätjek? Alyjy ýogam däldir. Ýöne muny almak isleýän puly bar aýalyň äri göwnemez, äri göwnejek aýalyňam puly bolmaz. — Soňam satyjy söwdagär mekirligine baş urdy. — Dogrymy aýtsam, Arzy ýeňňe, şu obada şu possuna mynasyp, şu possunyň manysyna düşünjek diňe iki sany aýal bar. Bir-ä Hüsünjemal Allapenaýewna, birem...

Obada arçyn bolup işleýän Hüsünjemal Allapenaýewnadan soňky ikinji medeniýetli hasap edilýän aýal kimkä? Arzygülüň özümikä ýa-da başga birimikä? Sowalyň jogabyna Arzygül gyssanyp garaşdy. Emma satyjy edil bilgeşleýinden edýän ýaly, esli wagtlap geplemän durdy. Ol ahyram inçeden yzarlady.

— Adamyny ýüzüne öwmek gelşiklem däl welin, Arzy ýeňňe, şol medeniýetli aýalyň ikinjisem sen bolmaly. — Satyjy ýalan-uçyn aýdýanlaryny delilleşdirdi. — Ol diňe meň pikirimem däl, oba adamlarynyň köpüsiniň pikiri.

— Hüsünjemal näme üçin muny alyp gidäýmeýäkä? — diýip, Arzygül satyjyny yrbaslap görmek isledi.

Satyjy ýene gürrüňdeşiniň inçe damaryny owkalady.

— Özünden gaýry hyrydar tapylmaz öýdüp arkaýyn bolýandyr. Ýöne ol şu possuny getirelim bäri dükana iki gezek gelib-ä gitdi. Özem iki gezeginde-de hiç zat, hatda bir guty kükürdem almady.

— Beýle bolsa, ýörite possuny görmäge gelen aýaldyr ol.

Şükür hile okunyň oýnatgylyk nyşanasyna degenine az begenmedi.

— Menem seň bilen pikirdeş, Arzy ýeňňe...

Lal sygyr çopan dükana girip, alan papirosyny kisesine salansoň, asylgy possuna tarap ümledi-de, dört-bäş gün mundan ozal sygyr goşmaga gelen aýallara «aýdanlaryny» gaýtalady-da, çykyp gitdi.

— Dutdy çopanyň näme diýenine düşündiňmi, Şükür?

— Düşündim welin, durmuş diýilýän närse sygyr çopanlaň yzy bilen ýöreýän bolsa, tersine giderdi. Durmuş alymlaň görkezýän ýoly bilen gitmeli. Onsoňam ýaňky sygyr çopanyň almajak possunyny, dükanyň aýlyk plany dolmasa, ak bazara çykararyn welin, alty ýerinden tutup, garbap alarlar.

Şol sözleri diýmek bilen, dükançy Arzy ýeňňäniň keýpini birneme bozan badyna bir eli bilen bilini tutup gelen Arabaçy aga içerik girdi.

— Biliň agyrjak bolýamy, Arabaçy aga? — diýip, Şükür sowal berdi.

— Bilagyrym bildirjek bolýa welin, howa bulaşjakdyr. Indi howa-da bulaşsa bulaşybermeli, çakam boldy.

— «Güýz maýyl gelse, gyş gaýly gelermiş» diýýäler. Şol çynmyka, Arabaçy aga?

— Şol aýdylýan hakykat, Şükür... Maňa iki kile şeker çek.

Şeker alan Arabaçy aga uzak durman gitdi. Ol gapydan çykan badyna-da telefon jyrlady.

— Salam! — diýip, Şükür gaty gygyryp geplemäge başlady. — Bar. Iň gowusy. Ýekeje. Geliberiň! — Trubkany goýan satyjy soralmasa-da: — Şäherden jaň edýäler — diýip pyşyrdady.

Özüni biynjalyk eden habary eşiden Arzy ýeňňe janyny barlaman durup bilmedi.

— Possuny soraýalarmy?

— Ýok. Üç sany tikin maşyn gelipdi. Üýtgeşik gowusydy özem. Nemisiňki. Ikisini başga ýerden gelip alyp gitdiler. Üçünjisinem häzir

şäherden gelip äkitjekler. Gowy zadyň biziň obamyzda gadyry ýok, Arzy ýeňňe — diýip, Şükür nämüçindir, ýüzüni kesä sowup gepledi.

— Tikin maşyny şäherden gelip äkidýän bolsalar, possunam men äkideýin, Şükür!

Satyjy possunly meseläniň ahyrynyň şeýleräk gutarmagyna az-kem umyt edenem bolsa, edil şu gün, şu sagatda söwdasy oňar öýtmändi. Şonuň üçinem, birbada doňan ýaly bolup galan Şükür Arzy ýeňňe içi pully düwünçegi gaty tagtanyň üstünde goýansoň özüne gelen ýaly bolup janlandy.

Goltugy gaba possunly Arzy ýeňňe tolgunmakdan ýaňa uly köçä sygman öýüne tarap gidip barýardy. Onuň kalbyndaky pikirler obadaşlarynyň sesi bolup gulagynda ýaňlandy. «Sen biziň obamyzyň iň medeniýetli zenanydygyňy ile göz etdiň, Arzygül», «Sen hemme aýallardan zor çykdyň, Arzy ýeňňe». «Aýal halyňa «men» diýen erkegiň edip bilmejek işini etdiň», «Ärsiz bolsaňam, ärlilerden ozdurdyň», «Gutly bolsun! Toýda geý!». Bolsa-da, köçede gabat gelen telim adamynyň biri-de Arzy ýeňňäniň şonça pul seçip alan harydyna üns bermedi. Gaýtam, Otuz aganyň kiçi ogly Döwranmy kimmi, köne motosikletini tarladyp, edil gapdalyndan geçip gitdi-de, Arzy ýeňňäniňem, täze possunyňam üstüni tozana gömdi. «Hudaýym, iki tigriňem birden ýarylsyn!»

Aňyrdan eli orakly, bili guşakly haýdap gelýän Sadap daýza peýda boldy. Ol düýnden bäri görüşmänsoň, duldegşir goňşusy bilen salamlaşsa-da, säginmedi. Sadap daýza gep-sözem diýmän geçibermekçi bolanda, Arzy ýeňňe ony saklamaga hyýal etdi.

— Mydama nirädir bir ýere haýdap barýansyň sen. Aýak çekip, seň bilen adam şekilli salamlaşjak gümanyň ýokdur. Beýdip, dünýäni tutan ýok.

— Wah, dogan, meň dünýe bilen işim ýok. Aýak çekmäge elim degmese nädeýin? — diýip, Sadap daýza wagtynyň azdygyny söz bilenem tekrarlajak bolýan ýaly gyssanyp gepledi. — Iki sygyr, dört göle, alty goýun... Hemmesiniňem agzy ba, hemmesem ot iýjek. Öýdäkem eşegarabasyny alyp barýança, men biraz ot ýygmaly...

Arzy ýeňňe Sadap daýzany ýakymsyz bakyş bilen ugradyp

goýberdi. «Ýeri, «Goltugyňdaky näme?» diýip soraýanyňda begenip öläýermidim?»

Ol tä öýüne ýetýänçä, şol gyssanyp barýan Sadap gaýzadan başga hiç kime sataşmady,gapyny açyp, bosagadan ätläp-ätlemän hem possuny geýdi. Gabarasynyň uludygyna garamazdan, egniňdekä dagy possunyň agramam ýokdy. Arzy ýeňňe onuň bolluk bilen edilen ýakasyna burnuny ýetirdi, ysgap gördi, gözlerini süzüp, hyýala çümdi. Ol özüni gaýly gyşyň örküjinde hasaplady. Asyl kiçi çilläniň çapgyn şemaldan ýasalan şuwwuldysam gulagyna ýetýän ýaly boldy.

Arzy ýeňňe şifoneriň öňünde durka, özüniň aýnadaky keşbine seredip ýylgyrdy.

— Gutly bolsun, gyz! Hiç kimiň alyp bilmedik possunyny toýdan-toýa geýmek nesip etsin!

Arzy ýeňňe begense-de, gynansa-da, yssa ýakyn güýz howasynda eýýäm maňlaýyny çygjardan ýyly possuny derrew egninden çykarmaly boldy. Ol harydy şifonerden asdy-da, keýpiniň üstüni aýdym-saz bilenem ýetirmek üçin radiony açdy. Emma radio açylan badyna diktor: «Konsertimizi geçirip gutarýarys. Häzir howa ýagdaýy baradaky maglumaty diňläň!» — diýdi. Täze gyş possunyny edinen adam howa ýagdaýyny bilse-de kem däldi.

— Türkmenistanyň howa gullugynyň çaklamagyna hem garaşmagyna görä, ertir biziň ýurdumyzyň hemme ýerinde ýuwaşdan arama çenli şemally, otuz-otuz iki derejede maýyl howa bolar diýlip çak edilýär.

Beýle maglumata keýpini biraz bozduran Arzy ýeňňe radiony öçürdi-de:

— «Çak edilýär, garaşylýar!» — diýip, diktoryň agzyna öýkündi. — Garaşaňda näme? Sen nä Hudaýmy? Meýdandan ak-gök ýygnanansoň, dekabr ortalaberensoň, hernäçe garaşsaňam yssy howa bolmaz. Men size beletdirin. Açyk howa boljak diýen gepiňize ynanyp, keçe etjek bolup ýören ýüňümi ýagşyň aşagynda galdyrmadymmy?

Arzy ýeňňe hüňürdemesini bes edip, ýene şifoneriň öňüne bardy, possunyny gaýtadan synlady, öňe süýşdi, yza çekildi, başyny

ýaýkady, edinen harydyna hoşal bolup guwandy. «Possunly habar eýýäm tutuş oba ýaýrandyr. Ynha, aýal bary gutlamaga geler durar. «Taňry ýalkasyn! Size-de nesip etsin!» diýip ýetişseň bolar. Hemme kişä beýle possun nesip edermi-etmezmi, barybir, göwünleri üçin «Size-de nesip etsin!» diýen bolmaly-da».

Çaklasa-da, umyt etse-de, garaşsa-da Arzy ýeňňäni alan possuny bilen gutlap şol gün-ä tä agşama çenli, ýekeje adamam gapydan gelmedi. Bu Gojukda gaty seýrek boljak wakady. Çünki uly obanyň ileri çetinde biriniň sygry gölelese-de, ol habar göläniň daşy çalykmanka, obanyň gaýra çetine ýetýän Gojukda alty müň manatlyk possuny kimiň alandygynyň habary dükandanam çykmadymyka? Gün ýaşaňkyrlanda-da gapydan gelen bolmady. Bu nämäniň alamatyka? Arzy ýeňňe muňa düşünip bilmeýär. Adamlar görübilmezçilik edýärmikäler? Aýal halkynda bassaşlyk diýenem bir dert bardyr. Ýöne Arzy ýeňňe babatda bu obanyň aýallarynda bassaşlygam, görübilmezçiligem bolmaly däl. Çünki onuň özi şu ýaşyna çenli hiç kime görübilmezçilik etmedi. Obada biri sygyrýatak gursa-da guwandy, tam salsa-ha guş bolup uçdy. Biriniň çakyzasy tutsa-da, edil öz maňlaýy şatylaýan ýaly bolup gynandy. Gojukly aýallaryň hiç biri bilenem ýeke gezek sene-mene eden ýeri hem bolan däldir. Onda bulara näme bolduka? Bulary haýsy döw çaldyka? Hudaýa şükür, aýnanyň öňünden bir gara-ha geçdi.

— Arzygül, öýdemidiň gyz?

— Öýdedirin, Sadap goňşy, geliber!

Dogrusy, Arzy ýeňňe häzir Sadap daýzanyň haýdap gelmegini hälki ýolda sataşanda possuny gutlamandygy bilen, ýalňyş düzedilmek maksat bilen baglaşdyrjak boldy. Emma goňşy gapydan gele-gelmäne:

— Tamdyra ot goýberjekdim welin, öýde kükürt ýok ekeni — diýdi. — Ýogsam göz ýumup, tutuş bäş manatlyk kükürt alanymam ýap-ýaňy ýalydy welin...

Arzy ýeňňe Sadap daýzanyň ownukçyllygy barada, «tutuş bäş manat» diýip, bäş manady tükeniksiz pul hasaplaýyşy barada oýlandy. Bäş manatlyk kükürt alyp, dükany tutuşlygyna öz öýüne

göçürendirin öýdýä, bi heleý. Alty müň manat berip possun alýanlaň dagy ýüregi nähilikä? Ol possun üçin tölän puluna näçe guty otluçöp düşýändigini hyýalynda hasaplajak boldy. Hasaplajak boldy, emma aňy çatmady. Ýöne alty müň manatlyk otluçöp tutuş Gojuga telim ýyl ulanmaga ýetse gerek diýip çak etdi.

Arzy ýeňňe Sadap daýza gelmeziniň edil öň ýany possunyny asgyçdan aýryp, tördäki diwanyň üstüne taşlapdy. Şonuň üçinem iki gözi-de batyl bolmadyk adam ukudaky aýy ýaly düňderlip ýatan possuny göräýmelidi welin, Sadap daýza oňa barmysyňam diýenok. Gün ýaşaňkyrlansoň, içeri onçakly ýagty däldir hasaplan Arzy ýeňňe üç haçjaly çyranam ýakyp goýberdi. Içerde gün dogan ýaly boldy. Arzy ýeňňe aýnanyň öňünde duran otluçöpi görmedik bolup, possunyň ýatan ýerinden aýlandy-da şifoneriň tahyllarynyň birinden başga guty aldy. Sadap daýza şoňa çenli hem possuna üns bermedi.

— Diwanyň gyrasyna geç-de oturaý, goňşy.

Gyrasyna geçip oturmak däl, Sadap daýza diwana tarap seretmedem.

«Bilgeşleýinden şeýdýärmikä?»

Ahyram Arzy ýeňňe «dürtmeseň, duýmaza» baş urmaly boldy. Ol elindäki otluçöpi goňşusyna uzatdy-da:

— Sadap goňşy, men-ä şol dükana gelen possuny alaýandyryn, dogan — diýdi.

Eşiden habaryna imany göçen Sadap daýza dükanda telim gezek gören possunynam hakydasyna getirip bilmedi.

— O nä possun?

— Öz dükanymyza gelen possun-da.

Şondan soň birneme özüni dürsän Sadap daýza bir eli bilen ýakasyny tutdy-da, nämüçindir pyşyrdy bilen:

— Alty müň manat tölediňmi? — diýdi. Birdenem ol possuna tarap däl-de, Arzy ýeňňäniň ýüzüne seretdi. —Gara çynyňmy, Arzygül? Sen samsygam-a däl ýalydyň. Oňa derek birki sany süýtli sygyr alsaň bolmadymy?

Goňşusynyň ýylgyranyny gören Arzy ýeňňe onuň sebäbini soramaly boldy.

— Nämä ýylgyrýaň?

— Gülmeli welin, men ýylgyraýýan... Oýnatgy bagtygara-a!

Gutlamaga derek «bagtygara» sözüni aýdan Sadap daýza Arzy ýeňňe ilde bolmadyk bir masgaraçylyk eden ýaly geň galyp, ýakasyny tutup duruşyna yzyna aýlandy.

Goňşusy çykyp gidensoň, Azy ýeňňe güberilip ýatan possuna nazar aýlady. «Göwnüm üçin gutlamadam-da heleý. Sygyr janyny almyş, ýetmiş sygry, segsen gölesi baram welin, pul tapsa, ýene mal edinjek-dä...»

Öýde ýeke galan Arzy ýeňňe diwana geçip radio diňlemäge başlady. Gün ýaşansoň radioda täze habarlar berilýärdi. Bir aýal bilen bir erkek gezekleşip şeýlebir samrady welin, halys ýürege-bagra düşdi. Gerek zadam aýdyldy, gerekmejegem. «Ýeriň ol ujunda sil geleni bilen siziň näme işiňiz bar? Kişiniň başyna inen betbagtlygy ile ýaýmak nämä derkarmyş? Hytaýda dördem çaga doglupmyş! Çaga çagadyr-da, kä ýalky doglar kä üçem. Hytaýda nä ozal adam azmyşmy? Dünýäň ýary-ha şolar... Bizi pagta bilen howa gyzyklandyrýa...»

Arzy ýeňňe howluksa-da radio öz köne endigine eýerdi. Öý eýesiniň has-da gaharyny getiren zat täze habarlaryň sport bölümi boldy. «Sport diýilse, jynym atlanyberýä. Ştanga diýen bolup... Şol artyp daş bäş kilo kän göterileni bilen iliň dony iki bolýamyşmy? Bir topar işsiz diýerler size... Ýeri, welsepit çapyşygy kime derkarmyş? Çary yza galyp, ýa öňe geçeni bilen günümize täsiri ýetýämişmi?». Ahyr howa maglumatyna-da gezek ýetdi. «Ertir biziň ýurdumyzda az bulutly, ýagynsyz...»

Gyşyň tizräk düşmegini, iň bolmanda, birki gün doňaklygyň bolmagyny arzuw eden Arzy ýeňňe ertirki boljak maýyl howa sebäpli ýorgana-da keýpsiz girdi. Hemişeler ýassyga kellesini goýanyndan uka gidýän zenan şu gezeg-ä sagyna-soluna kän agdarynmaly boldy. Ol uklamak islegi bilen gözüni ýumsa, beýnisi ertiriň aladasy bilen doldy, uklabilmän gözüni açanda hem, daşardaky çyranyň içerä düşýän yşygyna alabeder bolup görünýän possun janly zadyň suduryna meňzäp, aladany öňküdenem köpeltdi. Birdenem diwanyň üstündäki possun salgyma öwrüldi. Salgym Arzy ýeňňäni possunyň tikilen ýerlerine alyp gitdi. Ol heniz

barmadyk, barmajak sowuk ýurtlaryna aýlana-aýlana halys boldy. Şeýlelikde uky hem harama çykdy. Şol alasarmyklygyň içinde irden ýorgandan çykan Arzy ýeňňe gije-uklanyny, uklamanyny-da seljerip bilmedi, kellesi güwledi durdy. Ol gözüni giňden açyp diwana tarap seredende welin, birneme keýplendi. Sebäbi şu mahal Arzy ýeňňe bilen bir mahalrakda ukudan oýanan gojuklylaryň iň bolmanda, onlarçasynyň-a göz açyp ilki ýatlany Arzy ýeňňe bilen onuň possuny bolandyr.

Emma obadaşlarynyň pikiri Arzy ýeňňäniň pikiri bilen çapraz gelýän ýalydy. Ol işe ugrap, tä balalar bagyna barýança, öňünden çykanlaryň salam almalysy salam alyp, salam bermelisi salam berip geçse-de, hiç kimiň sowal-jogaby saglyk-amanlyk soraşygynyň çygryndan çykmady. Ýogsam, gabat gelenleriň arasynda dükanyň satyjysy Şüküriň gaýnenesi Äşebibi eje-de bardy. Ýeri, başgalar-a possun barada eşidilmejek gümany bolmasa-da eşitmändirler diýeliň-dä, emma ondan Äşebibi eje bihabardyr diýseň welin, hiç kim ynanmaz. Iki minutda alty müň manatlyk söwda eden köreken bir tünekden örňeýän gaýnenesine ol barada aýtmazmy? Onda näme üçin Äşebibi eje salam aldy-da geçiberdi. Arzy ýeňňe çözülmesi kyn her hili meselä jogap tapjak welin, şol aňsat sowalyň gaýtargysyny berip biljek däl. Bu ýerde göriplikdenem, görübilmezçilikdenem nam-nyşan bolup bilmez. Çünki Äşebibi eje Arzygüli hut öz gyzy ýaly gowy görýär. Üstesine-de segseni sermäberen kempir indi gymmatbaha possunla ýa-da ökjesi belent ädiklä erjeşmekden daşlaşandyr-la. Garaz, eýle boldy, beýle boldy, gymmatbaha possunyň nyrhyny soran-a tapylmady.

Ýedi ýoluň üstünde gabat gelenler, belki iş-aladasy ýetik bolansoň, possuny ýatlan däldirler hasaplalyň. Onda Arzy ýeňňe bilen bileje işleýän aýallara näme diýjek? Obada bir aýal dükandan bäş manatlyk ýaglyk alanam bolsa, derwezeden gire-girmän, özgelere habar berýän Dürjemalam possuny ýatlamansoň, Arzy ýeňňe bolýan bu ahwalaty öz garşysyna gurlan dildüwşik hasap edäýmelisi galdy.

Ýaşaýyşyň däbine görä, ozal keýpsiz adam gymmatbaha haryt

edinse, keýpi göterilýär, ozal keýpli adam hyýal eden gymmatbaha harydyny haýsydyr bir sebäp bilen edinip bilmese, keýpi gaçýar. Arzy ýeňňäniňki welin tersine boldy. Ozal şadyýan, dilewar, keýpi mydam çag bolan Arzy ýeňňe hiç kimde ýok gymmatbaha haryt edinmek bilen keýpini hasam kökeltmäge derek keýpini gaçyrdy. Alty müň manat töläp keýpiçaglyga derek sussypeslik aljagyny bilen bolsa, ol possun satylýan dükanyň gapysyndan girmek-hä beýlede dursun welin, köçesindenem geçmezdi. Bir sussypeslige onça baha tölemek gaty gymmat bolýar.

Işini tamamlap öýüne ugranda, Gün şöhlesi ýüzüne düşüp, Arzy ýeňňäniň gözlerini gamaşdyrdy. Ýaşyp barýan pursady hem beýle ýiti şöhlesiniň bolýandygyna, ömründe müňlerçe gezek Güni ýaşyrsa-da, ol şu mahala çenli üns bermän eken. «Heý, ümzügini gyşa atan Günüňem beýle ýiti şöhlesi bolarmy?«Hudaýam meň bilen erjeşýän ýaly…» Hawa, Hudaýam özünden juda ejiz bir naçar bendesi bilen erjeşýäne meňzeýär. Sebäbi bu gün-ä bu gün welin, ertirem sowuk howa bolar diýip umyt eder ýaly däl, asman ýuwlup süpürilen aýna ýelmenen ýaly dup-dury, tep-tekiz.

Şeýle lapykeç halda geçmeli ýoluny ýarpylan Arzy ýeňňe possuny gutlamadyk obadaşlaryna gaharlanyp, öňünden çykana-da üns bermesiz etdi. Emma oba kitaphanasynyň müdiri Ýagşylyk gabat gelende welin, Arzy ýeňňe özüne beren sözünde durup bilmedi, onuň bilen garagadyr salamlaşdy hem derrew geň bir sowal tapdy.

— Ýagşylyk jan, sen başga iş etmän kitap okap oturaňsoň, köp bilýän adam. Şoň üçinem bir sowala jogap ber. Şü howanyň nähili boljakdygyny öňünden bilýän adamlara haýsy adrese hat ýazmaly-a?

— Paýtagta ýazmaly. Ýöne «Aşgabat. Howa býurosyna» diýäýmeli. — Ýöräbermäge meýillenen Ýagşylygy sowalyň manysy gyzyklandyrdy. — Oňa hat ýazyp nämetjek?

— Ýakyn wagtlarda nähili howanyň boljakdygyny bilesim gelýä.

— Ýazsaňam-a ýazarsyň welin, jogap gelmäýmese, Arzy ýeňňe — diýip, Ýagşylyk kinaýa bilen ýylgyrdy. — Olar ertirki boljak howany radio arkaly şu gün habar berip durkalar, üstesine her kime

hat bilenem habar bermelimişmi?

— Biziň ýurdumyzyň kanunyna görä, raýat haýsy bir edara hat ýazsa, oňa bir aýyň dowamynda hökman jogap beriläýmeli, Ýagşylyk jan. Annabibiň äri pensiýa üçin suda ýüz tutanda, şeý diýipdirler.

Ýakasyny boşadybilse razy gelen Ýagşylyk ýoluny dowam etdi.

...Aradan ýene bir hepde geçdi. Emma howada «erbetlige», şol sebäpli hem Arzy ýeňňäniň keýpinde gowulyga tarap özgeriş bolmady. Onuň possuny geýip, ertir, iň bolmanda, dükana-ha baryp gaýdaryn diýip agşam eden arzuwy irden puja çykdy—irden ýalbyrap Gün dogdy. Ýene iki-üç gün dagy geçensoň, keliň ullakan kellesinde galgap duran iki sany tüý ýaly bolup, giň asmanda selçeň hem ýuka ak bulut peýda boldy. Bulut peýda boldy, ýöne yzy bolmady.

Arzy ýeňňäniň gaharyny has gaýnadýanam Hüsünjemal Allapenaýewnady. Hemme kişi dymsa-da, ol dymmaly däl. Sebäbi ol gymmat possunyň gymmatdygyna-da düşünýär, özünde-de almak hyýaly-da bolansoň, possuny kimiň alanynam biläýmeli. Emma... Ýok, Arzy ýeňňe olar ýaly heleýden gaty rüstem geler, ot sowurman içini ýakar.

...Agşamara Arzy ýeňňe gapysyny açanda Hüsünjemal biraz geňirgendi. Sebäbi olar bir köçäniň ugrunda ýaşasalaram, aralary gaty açykdy. Üstesine-de Arzygülüň ozal bu gapydan garany Hüsünjemalyň asla ýadyna düşenok. Bu gezekki sapar nämäniň alamatyka?

Öý eýesi mürähet etse-de, Arzy ýeňňe töre geçmedi.

— Men-ä bir möhüm bilen geldim, Hüsünjemal... Maňa bir çümmük porsuderman gerekdi. Bar bolsa...

Hüsünjemal Arzy ýeňňäniň eşitmek islän sowalyny berip, ony begendirmedi. Hakyna seretseň, ol «Porsuderman nämä gerek?» diýmelidi. Arzy ýeňňe-de berilmeli jogabyň kömegi bilen aýtmak isleýän zadynyň üstünden barmalydy. Şeýle gülkünjiräk herekediň üsti bilenem ol Hüsünjemalyň göriplik damaryny gyjyklamalydy. Porsuderman soralýan bolsa sebäbini çaklan Hüsünjemal Arzy ýeňňäniň possunyny güýe iýmegini isläp, möhümi bitirmeli däldi. Emma ol çaklama-da nädogry çykdy. «Geregiň şol bolsun!» diýip

Hüsünjemal Arzy ýeňňä tutuş bir guty dermany uzatdy. Uzatdy, ýöne possun hakda welin, ýene dil ýarmady. Yzyna gaýtjak bolup durka, Hüsünjemaly üns bilen synlan Arzy ýeňňe içini gepletdi: «Muň ýüzünde-gözünde göriplikden nam-nyşan ýok-da». Älhepus, adamlar nähili basyrylgy bolupdyrlar!

Aradan ýene dört-bäş gün geçip, täze ýylam ýetip geldi. Emma ýyl çalşany bilenem howa çalyşmady. Arzy ýeňňe ahyr bir gün aňzagyň boljakdygyna, possunyny geýjegine bil baglasa-da, gojuklylaryň indiden soň possun hakda agyz dolduryp gürrüň etjekdiklerine welin, ynamy gaçdy. Bir aý töweregi nyrhy soralmadyk possunyň indiden soň agza-dile düşmejegi düşnüklidi. Gyzanda ýapylman galan tamdyra bolan höwes possun eýesiniň özünde-de sowady.

…Hangeçen bazarynyň şowhuny, güwwüldisi Arzy ýeňňäni ýarym sagadyň içinde kellagyry etdi. Ol öz aladasy bilen aýlanyp ýören obadaş bar bolaýsa, gözüne kaklyşmazlyk üçin bir elini ýüzüne kölegeledip otyrdy. Bazar gyzdygyça-da, şowhunam güýjedi, şowhun güýjedigiçe-de kelle agraldy. Ol özüni kän adamly aýmançada däl-de, kinolarda görkezilýän belent şaglawugyň başynda oturandyryn öýtdi. Wagt günorta golaýlap, Günüň şöhlesiniň kem-kemden ýitelmegi agyr possuny satmaga getirip, Arzy ýeňňäniň ýene bir telek iş edendigini tassyklady. Maýyl howa satyja täsir edişi ýaly alyja-da täsir edýärmidi — nämemi, possuna hyrydar tapylmaýardy. Şu mahala çenli possun bilen ýeke adam gyzyklandy. Onuňam daş sypaty-ha pul döküp, possun aljaga däl-de, jübi kesýän bazar ogrusyna meňzeýärdi.

Ol possundan öňürti:

— Sibirden geldiňmi, daýza? — diýip, satyjy bilen gyzyklandy.

Arzy ýeňňe ol adamdan eýmenmänem durmady. Üýtgeşik possun geýip, ilden artyk bolmany-ha bolmany welin, üstesine alty müň manadam Hangeçen bazarynda uwlap gitse, Arzy ýeňňe nädip oba dolanar?

Ho-ol aňyrdan düýeguş ýaly bolup Wekil uzyn göründi. Onuň elinde-de iki sany pilsap bar. Gör-ä, il-gün hojalygyň derdine ýarajak

zadyň söwdasyny edýär. Hernä bärsini bakman geçäýbilse ýagşydyr...

Ozal possun alandygyny ile jar etmegiň aladasynda bolan Arzy ýeňňe indi ony görer-gözden gizlemegiň aladasyny edýär.

Edil iki ädim gapdalyndan geçse-de, Wekil uzyn possun satýan obadaşyny görmedi. Hudaýa şükür! Şeýdip soňam oňat bolup ötägitse-hä...

Soňam oňat boldy. Bu jelegaýlaryň adamyna meňzemeýän, türkmençänem gaty çalgyrt gepleýän, çypar sary aýal possuna hyrydar çykdy. Ol harydyň öz nyrhyna satylýandygyny bilýän bolarly, possuny ýeňläp gördi-de, bazar neşesi bolan alyş-beriş çekeleşiginem etmän, harydy kesilen nyrhyndan alarman boldy. Arzy ýeňňe, nämüçindir, ol aýaly hasapçy bolup işleýändir öýdüp çaklady. Şeýlelikde, ertirden bäri possun däl-de gurşun göterilýän ýaly bolan haryt diňe bir ýadan eli ýeňletmän, tutuş dünýäni ýeňleden ýaly bolup saryýagyz aýal bilen bazara siňip gitdi.

Toýda geýeweri, sary gelin, toýda geýeweri!

...Kän mahal bäri ýorganyň ýylysyna derek possunyň aladasyny ýapynyp, ukusyny hem ine-gana alyp bilmedik Arzy ýeňňe bu gije heňňam aladasynam etmän, bulaşyk düýşem görmän, rahat ýatdy. Ýöne irden süňňi ýeňläp turanda welin, ol bolan ýagdaýa haýran galdy: jaýyň daşky gapysy gaty kynlyk bilen açyldy. Gije şeýlebir agyr gar ýagypdyr welin... Gapyny güýç bilen açyp, aňk bolup duran Arzy ýeňňe ýakymsyz aýazdan ýaňa kibtini gysmaga mejbur boldy. Tutuş mellek-joýalar, çiller, daragtlar ak gardan ak possun geýnen ýalydylar. Ak dünýäni synlap, esli salym aňk bolup duran Arzy ýeňňe çalaja başyny ýaýkady: «Älhepus, bu dünýäň düşnüksizdigini!»

## NOWRUZDA SATYLAN GYZYL ALMA

Arzy ýeňňe öňüni-soňuny ölçerip-dökdi-de, ahyry Batman ýuwaşa äre çykarman boldy. Ellini töwereklän Arzy ýeňňäniň altmyşy gorkuzyp ýören Batman ýuwaşyň goş birikdirjek habary ýaýrandan hyşy-wyşy köpeldi. Ýaş-ýeleňler-ä oňa ullakan pitiwa-da edip durmadylar. Garry aýallar ellerini agyzlaryna ýetirip «Toba tagsyr! Toba tagsyr!» diýişdiler. Gojalar mekir ýylgyryşdylar.

Ömrüni dullukda paýawlap barýan, ýekelikden halys kösenen Hemra uzyn welin bu habary ýürekden goldady. «Ner ogul dogurmanda-da, pinekläp, öňünde çaý içeniň nämä degmiýä!» diýip, ol agzyny suwartdy. Asyl Hemra uzyn Arabaçy aganyň ýanyna ýörite gidip «Oň bolsunam» alyp gaýtdy.

Batman ýuwaş Arabaçy aganyň ýegenidi, özem goňşy Samsykýap obasynda ýaşaýardy. Arabaçy aga-da, indi, ýetmişden agansoň, bileräk ýaşamak meýli bilen, oňa Gojuga göçüp gelmegi maslahat berdi. Hem boýny boş Batman, hemem ýalňyz ýaşap ýören Batman daýysynyň islegine garşy çykjagam bolmady. Ähli goş-golamy bir maşyna-da ýetik ýük bolmadyk ýegen Arabaçy aganyň işigindäki boş jaýa göçüp geldi.

Arzy ýeňňe bilen Batman ýuwaşyň beýle çalt ysnyşmagyna diňe il däl, olaryň özem haýran galdy. Şol haýran galmaklygam ikisini hasam ýakynlaşdyrdy. Iki taraplaýyn oňlaşyp, geňeş toýy ertire bellendi. Ertirem nowruzdy.

Ýuwaş lakamyna diýseň mynasyp Batman iki dul goş birikdirende, onda-da bu ýaşda geňeş toý — zat edişip ýörmegiň birhilidigini uýala-gorkuly ýaňzytdy, şeýdenine-de müň kerem toba geldi.

Ullakan ýüzüni tutuş göze öwren Arzy ýeňňe Batmany nazary bilen ýuwudaýjak boldy.

— O gepi aýdan sen bol, eşidenem men bolaýyn.

— Neme-dä, Arzygül... — diýip, Batman ýuwaş barmaklaryny sanaýan ýaly ellerini owkalaşdyrdy.

— Näme-dä? — diýip, Arzy ýeňňe ony ýaňsylady.

— On sekiz ýaşymyz ýok ikimiziňem. Il-gün näme diýer?

— Sen nä il-günüň eşegini ogurlaýaňmy? Özüň näme diýseň, il-günem şony diýer-dä. Tutuş Gojugy ýygnap, däli-porhan bolsaň diýemok ahyryn menem. Ikimizem bir öň maňlaýy çüwmedik. Oň üçinem deňli-derejeli bor ýaly geňeş toýam etmeli öňünden. Ýa seň deňli-derejeli bolasyň gelenokmy? — Batman ýuwaş kalbyndakyny daşyna çykaryp bilmäni üçin Arzy ýeňňe düşündiriş berdi. — Geňeş toý diýsem, ýaýdanyp oturma. Sen tarapdan-a Arabaçy daýyň, men tarapdanam Halkaman mirap geler. Bolany şol. Yrymdyr-da.

Geňeş toýa çagyryljagyň diňe iki adamdygyna göz ýetiren Batman ýuwaş aýallygynyň göwnüni ýykmazlyk üçin baş atyp, razylyk alamatyny bermäge mejbur boldy. Ony hem az gören ýaly:

— Oňa menem razy, Arzygül — diýdi.

Göwnüýetmezçilik edýän ýaly Arzy ýeňňe oňa tarap mekirlik bilen seretdi:

— Meň bilen razylaşmaly ýeriň kän bolar. Entek nämäni görýäň sen! Hany, indi ertirki işleň biçim-kesimine başlaly. — Ertirki edilmeli işleriň hasaby ondan geçensoň, barmak sanyny gutaran Arzy ýeňňe indi el hereketsiz gepläp başlady. Bir aýalyň kellesinde onça aladanyň ýerleşişine Batman ýuwaş haýran galdy. Ol özüni uly alymyň öňünde duran bisowat çaga meňzetdi. Bir tarapdan welin, Arzy ýeňňäniň aýdýanlary amala aşmasy kyn arzuw ýaly bolup göründi. Batman ýuwaş gepe goşulman, aýdylanlary goldamaýan ýaly bolup oturmazlyk üçin:

— Arabaçy daýym dagyny agşama çagyrmaly bormy? — diýdi.

— «Men näme diýýän, dutarym näme diýýä!» bardy seňkem. — Söwda-satyk hakda gepläp otyrka, gürrüňiň birden ýaşulylara tarap öwrülmegine düşünmedik Arzy ýeňňe seňrigini ýygyrdy. — Agşam diýen, günorta diýen gepi tüket indi. Sagat bilen işle, sagat bilen. Gaty yzagalagam bolma. Asyl sagadyň bir barmy seň? Ýa kölegäňi dabanlap wagty bilýäňmi?

Batman ýuwaş juda beýle-de däldigini tekrarlamak üçin penjeginiň daşky döş jübüsinden «Molniýa» sagadyny çykardy-da, ýene yzyna saldy.

— Ertirden başlap, ol artybyňam meň gözüme görkezme. Jübi sagat göterýän bolsaň, uçgurly balagam geýmeli borsuň. Biz-ä jübi sagat dagy indi çykarylýandyram öýdemzokdyk. Eý, hudaý, meň maňlaýym açylman geçse gerek. Bir hepde srok berýän, elektron sagat edin.

— O näçä durýa?

— Erkek adam bir-ä gerek harydyň bahasyny soramaz, birem gyş alapasyndan çekinmez. Öňýeten gojuklyda ba şo hazan. Torumly düýe bilen bahadaş däldigi belli oň...Ertirki myhmanlary

bolsa, agşam sagat alta çagyrýas. Bolýamy şo? — Batman baş atansoň, Arzy goşmaça tabşyryk berdi. — Özüňem ýaşullaň ýanna agzyňa suw alan ýaly, diňe meni gepletjek bolup oturmagyn, oglan. Heleý halyma ýaňrap otursam, biýä halys höňkürän ekeni diýäýmesinler. Meň abraýym — seň abraýyň. Gepiň küle ýeri, men seni adam ederin. Bujagaz boýny kürenli ýaly bolup oturmagyňdan el götermeli borsuň, han.

Arzy ýeňňe soňky aýdanlaryny hut ertesi hakykata geçirip başlady, ir bilen Batman ýuwaşyň üstünden bardy. Ýola düşmezinden ozal onuň öňi bilen gyzyklanany Batmanyň urşa gatnaşanyny tassyklaýan depderçesi boldy. Agşam aýdylanam bolsa, oňa uly ünsem bermedik Batman ýuwaş depderçäni almak üçin içerik girip, wagty bilen çykmady welin, Arzy ýeňňe haýbat bilen gygyrdy:

— Nä gazyp alýaňmy ony?

Ol depderçäni Harby komissariat çagyranda alaýmasa, henize çenli ýanyna götermedik Batman ýuwaş bu gün onuň nämä gerek boljakdygyna akyl ýetirip bilmedi.

— Ol-a tapylanok welin, bişbilt bolmazmy, Arzygül?

Arzy ýeňňe ilki-hä näme diýýänine özem düşünmän hüňürdedi, yzyndanam sesini gataltdy:

— Başbilt diýýäniň paspyrtmy? Paspyrt on alty ýaşa ýeten iki aýaklyň ählisinde ba. Seň o gyzyl knişgäňi bolsa, indi gaty seýrek adam göterýä. Indi şonam ýanyňdan goýma. Düşnüklimi?

Batman ýuwaş düşünmedi. Emma düşünmedim diýmäge welin dili aýlanmady.

Ahyr gyzyl knişka-da tapylansoň, iki obadaş awtobus duralgasyna bardy. Awtobus gelýänçä geçen on bäş — ýigrimi minut wagtyň dowamynda Arzy ýeňňäniň sözlän sözünde sansajak galmady. Ol Batman ýuwaşa akyl satdy, bu durmuşda nähili ýaşamalylygynyň ýol-ýodalaryny salgy berdi, her bir zatda öz paýyňy iki esse edip almalydygyny öwretdi, şeýtmeseň adyň ysnat boljakdygyny nygtady.

Adamdan hyryn-dykyndygyny aňdyryp, aňyrdan yraň atyp gelýän awtobus görnensoň, Arzy ýeňňe häzirlikçe Batmana iň

soňky tabşyrygy berdi:

— Gyzyl knişgäňi döşündäki kisäňe sal. Gyrasy görnüp dursun.

Batman ýuwaş ol tabşyrygyňam manysyna düşünmedi. Şonuň üçinem keýwany boljagyň diýenini etmedi. Awtobusyň jygyldap saklanmagy bilen ünsüni bölen Arzy ýeňňe beren buý-rugynyň amala edilenine-edilmänini derňäp bilmedi. Ýogsam-a...

Gojugyň üstünden geçip şähere gidýän awtobusdan iki-üç sany şu obaly düşdi. Emma onuň bilenem ulagyň içine böwşeňlik aralaşmady. Arzy ýeňňäniň Batman ýuwaşy terbiýelemek işiniň ilkinji ädimi hem şol awtobusyň içinden başlandy. Ol awtobusyň gapysyndan ätläp-ätlemän:

— Boş ýer ýokmy? — diýdi.

Dymyşyklykdan soň, biri ýarym gülki, ýarym kinaýa bilen gepledi:

— Ýeňňe, sen dik durmaga boş ýere soraýaňmy?

— Ýaňsylan bolma, goçagym. Men özüme däl, urşa gatnaşan adam üçin boş ýer soraýan. Urşa gatnaşana hökman ýer beriläýmeli.

Gyzyl depderçäniň näme üçin aldyrylandygyna indi göz ýetiren Batman ýuwaş kellesini iki egniniň arasynda gizlejek boldy. Emma her zat etse-de, ululy-kiçili gözleriň nazaryndan sypyp bilmedi. Ol dyknyşykdan ýaňa özi bilen ýelmeşen ýaly bolup duran Arzy ýeňňäniň gulagyna pyşyrdady:

— Başyňa döneýin, Arzygül, beýdip, meni utandyrmasana!

Batman pahyryň ilden gizläp aýdan syryny Arzygül, gaýtam awtobusyň içine jar etdi:

— Ajal bilen gujaklaşana ýer bermeýänler utansyn gaýtam. Sen näme üçin utanmalymyşyň. Sen ölüm bilen ýüzbe-ýüz durup, bizi goran mahalyň häzir ýumşak kürsülerde abşarlaşyp oturan heleýler näme işleýädiler? Gaýtam, şolar utansyn. Sen asla utanmagyn!

— Aýak üstünde durup bilmeýän purontowik bar bolsa, gelsin bärik. Men ýerimi berýän.

Aslyşyp duran inçeli-ýogynly elleriň, telpekl-u-ýaglykly kelleleriň arasyndan Batman ýuwaş gepläniň kimdigini görüp ýetişdi. Geplän aýalyň ýaşy segsenden habar berýärdi, özem aýak üstünde durmak däl, oturgyçda zordan sulbasyny saklaýardy.

— Sen, garry, arkaýyn oturyber. O daýza oýun edýä.

— Bu daýza oýun eder ýaly maýmyn däl — diýip, Arzy ýeňňe geplän ýaş ýigidiň al-petinden aldy. — Oýun edýä! Döwletiň çykaran kanuny siz üçin oýunmydyr? Urşa gatnaşan adam ähli zatda binobat. Şony bilmeýän bolsaň, bilip goý, goçagym. Ol sylag perman bilen kanunlaşdyryldy özem.

— Perman bilen mejbur edilýän sylag sylag däldir-de, kemsitmedir, ýeňňe jan. Senem şony bilip goýgun. Artykmaç gepläp, döwletiň şol gowy kanunyny gülkä öwürme.

Bu gezek Batman ýuwaşyň pyşyrdysam örän kesgitli boldy: «Arzygül, ýene bir söz gaýtarsaň, men awtobusdan düşýän».

Geň galaýmaly zat: Arzy ýeňňe bu gezek-hä ýanýoldaş boljagynyň sözüni ýykmady. Bolsa-da ol duýduryş berip galdy.

— Seň bilen awtobusdan düşüp gepleşerin.

— Awtobusdan düşülensoň, çeýnemän ýuwut welin, şu mahal geplemeseň kaýyl. — Bu hem Batman ýuwaşyň aýgydynyň iň ýokarysydy. Ol şondan artyk keserlilik etmäge ukyply däldi.

...Şähere ýetilip, awtobusdan düşülenden soň Arzy ýeňňe ýa-ha özüniň birneme öte geçendigini duýdy ýa-da käýinmegi soňa goýdy, garaz, hörpüni pesden tutdy. Pesden tutsa-da, durmuşda özüni nädogry alyp barýandygy üçin Batmana kän sapak berdi, sözünem şeýle gutardy.

— Özüňem, çekmesiz ýerinde meň owsarymdan çekiji bolmagyn, Batman. Beýtseň, gaty kän zat ýitirersiň...

Köçeden geçilensoň Batman ýuwaş geplemän durup bilmedi:

— Asyl biz nirä barýas-a, Arzygül?

— Agşamky gürrüňleri eýýäm unutdyňmy sen? — Jogap bolmansoň ol ýene sorag berdi. — Şu günüň haýsy gündigini bir bilýäňmi?

Batman näçe ýuwaş bolsa-da, düýn edilen gürrüňi bu gün ýatdan çykaryp ýörenlerden ýa-da wadasynda wepasyzlardan däldi. Onuň adamçylygynyň gowudygyny teswirleýän ýygralygyndan gaýry ähli bolşy gojuklylaryň hiç birindenem erbetlige tapawutlanmaýardy. Şu günüň nowruzdygam, agşam sagat altyda geňeş toýuň boljakdygam, oňa kimiň çagyrylandygam onuň ýadyndady. Häzirem olar şähere

aýlanyp, özlerine täze köwüş, Arabaçy aga bilen Halkaman mirabyň öňünde goýar ýaly süýji-köke almalydylar. Batman ýuwaş ol tutumlary goldaýardy. Durmuş gurýan adamlar köwüş täzeleselerem, köýnek täzeleselerem gelişmän durjak däldi. Toý yrymy-da. Arabaçy aga bilen Halkaman miraba-da içi süýji-kökeli akja düwünçek etmeseň, türkmençilikde birhili boljak. Bular dogry. Ýöne Arzy ýeňňäniň Harby komissariata barmagyny welin, razylyk berenem bolsa, Batman ýuwaş ýüreginden goldamaýardy. Goldamasa-da, ýygralyk ony şol tarapa ýöremäge mejbur etdi.

— Dymyp durmagyn-da, urşa gatnaşanym hakda ysprawka beriň diýgin. Aýak ulag edinjek diýgin. Bomy? — Harby komissariatyň gapysyna ýetilende Arzy ýeňňe harby komandir ýaly bolup, ýoldaşyna tabşyryk berdi. — Harby adamlar doguma hormat goýýamyşlar. Hemra uzyn şeý diýýä. Gowşakdygyňy, ýygradygyňy bilseler...

Arzy ýeňňäniň dogumly bolmak baradaky berýän maslahatlary täsir etdimi nämemi, Batman ýuwaş gepläp başlady:

— Men, Arzygül, uruşda bary-ýogy ýekeje hepde boldum. Birinji maýdan ýedinji maýa çenli. Ýekeje hepde. Oň üçin sprawka diýip dursam...

— Näme üçin maýyň ýedisine çenli?

— Uruş gutaraýdy-da. Yglan edilmese-de gutarypdy.

— Uruş gutaran bolsa, sen günäkärmi oňa. Asyl gutaranna şükür et. Gutarmadyk bolsa, belki seňňem maňlaýyňdan çüýlärdi bir nemis... Saňa göni bir hepde urşanyňy hetjikläp durmak salgytmy? Soramasalar aýtma-da. Urşuň köçesinden geçmediklerem ýeňil maşyn münşüp ýörler-ä.

Arzy ýeňňe öz aýdýanyna garşy çykýany üçin Batman düzediş berjek boldy:

— Menem şony diýýän-dä. Maşyn üçin bu ýerden sprawka almak hökmanam däl ahyryn. Ýarym ýyl ir aldyň näme, ýarym ýyl giç aldyň näme?

— Meň bilen ýaşaşjak bolsaň, aýdylanny et, Batman. Peýdalanmaly diýip, höküwmet aga kanun çykarypdy, şonam etmeli. Hököwmediň kanunyny sylamaly. Öňem soňky ýyllarda

kanuny sylaman, ýurdy ogry-jümrüden doldurdyk.

Batman ýuwaş Gojuk obasyna gatnagan bolansoň, Arzy ýeňňäni ozalam azak-tenek tanaýardy. Ýöne onuň beýle-beýle talapgärdigine diňe düýnden bäri göz ýetirip başlady, käbir hereketlerini halamasa-da ýagşa ýordy, olary adamsyna gowy hyzmat etmek isleýän aýalyň arzuwy bilen baglaşdyransoň bagyşlady. Kän mahal bäri zenan hezzet-hormatyndan mahrum bolan Batman ýuwaş ol aladalary üçin Arzy ýeňňeden hoşalam boldy, çalaja gabaryldam. Şol ýagdaý hem oňa birneme dogum berdi. Şol ýagdaý hem oňa uly jaýyň agyr gapysyny arkaýyn çekmäge erk berdi. Emma jaýyň içine girilensoň Batman ýene öňki Batmanlygyna geçdi, gowşady. Sebäbi, onuň girmeli jaýynyň gapysynda üç-dört sany adam otyrdy.

Arzy ýeňňäniňem bu jaýa ömründe ilkinji gezek gadam basyşydy. Şonuň üçin olam Batmanyň yzyna düşüp, diwar doly suraty synlamaga durdy. Suratdakylaryň hemmesiniň döşünde Gahrymanlyk nyşany bardy, hemmesem diýen ýaly wepat bolanlardy, hemmesem diýen ýaly Batmanyň deň-duşudy. Deňine baranda suratlaryň her haýsy Batmana bir zat diýdi. «Binobat maşyn almak üçin söweşe giripmidik, Batman? Watan nep görmek şerti bilen goralýamyka, Batman?». Batman yzyna aýlananda ýüzüne çerim tutulan açyk gapynyň öňünde duran ofiser adyny tutup gygyrýardy. Batman onuň näme diýýänine-de oňly düşünmedi. Ol öz kisesindäki depderçäniň daş çykanyny görmän galsa-da, eli depderçeli Arzy ýeňňäniň kabinete girenini welin görüp galdy. «Men öz-özümi goranym üçin binobat zat almalymy? Hakyky urşy görende çeken ýigitler maşyny binobat alman, ajal gujagyna binobat girip gitdiler ahyryn...»

Berlen sprawkany öz elinde saklan Arzy ýeňňe daş çykylansoň, öňküsindenem erkin gepledi:

— Bireýýäm şeýtmelidiň. Entek goşy birikdireli. Nädýänimi onsoň görersiň sen...

«Mundan beter bi näme etjekkä? — diýip, Batman ýuwaş howpurgady. — Öz garşyňa gidip ýaşamagam-a bu ýaşdan soň aňsat bolmaz...»

Kän ýörelmänkä-de, aýnadan görnen hatar köwüşler olary ýoldan sowdy. Arzy ýeňňäniň gözleri giň jaýyň içinden haryt gözledi. Batman ýuwaşyň nazary welin burçdaky stol başynda oturan agyr ýaşulyda eglendi. «Elhepus oň meňzeşdigini!». Batman ýuwaş ýatkeşdi, kyrk ýyl mundan ozal başdan geçiren ahwalatlaram edil şu gün bolan ýaly göz öňünden gitmeýärdi. Şonuň üçinem aýakgap magazininde işleýän ýaşulyny görenden, şol alty günlük uruşda wepat bolan daýaw ermenini ýadyna saldy. Batman ol mahal on sekizinem doldurmandy, daýaw ermeni bolsa, otuzdanam geçipdi. Ol wepat bolmazynyň öň ýanynda-da: «Sag-aman ilime barsam, çagajygymy, ejemi görsem, gaýry maňa beglik gerekgäl» diýipdi. «Ilime gowuşsam maňa-da dagy zat gerekgäl» diýip, Batmanam onuň yzyndan gaýtalapdy».

Magazinde göz eglenäýer ýaly aýakgap hem ýok ekeni. Köwüşli hatarlara göwnüýetmezçilik bilen birlaý nazar aýlan Arzy ýeňňe şol daýaw adama ýüzlendi:

— Ähli harydyňyz şularmy, dogan?

— Indi haryt gizlämzok. Üýtgeşik zat ýok, uýam.

— Urşa gatnaşan üçinem aýratynrak aýakgap ýokmy?

Soňky sorag ýaşuly satyja ýakmadyk bolarly, ol janlanyp gitdi.

— Hudaý urşa gatnaşana-da iki aýak beripdir, gatnaşmadyga-da. Şoň üçinem delräk haryt gelse, derrew ýom-ýok bolaýýa...

Gepleşigiň yzyny eşitmezlige çalşan Batman ýuwaş derrew köçede peýda boldy. Şeýdip ol gürrüňiň yzyny eşitmedi. Ýöne wepat bolan ermenä meňzeş satyja Arzy ýeňňäniň az salymda gaty kän zat öwredendigini welin ol bilýärdi.

Söwdasy oňmadyk Arzy ýeňňe magaziniň gapysyndan köçä hüňürdäp ätledi, döwletiň urşa gatnaşanlardan haryt gaýgyrmaýandygyndan, ýöne olara goýberilýän zatlary eli egri satyjylaryň urşa gatnaşmadyklara dargadýandyklaryndan zeýrendi. Şol zeýrenişiň bir ujy hem Batman ýuwaşa sapdy.

— Sen ýaly gan görenler kibtlerini gysyp ýörmeli däl-de, ogry satyjylaň, garagynda juwaz aýlamaly. — Soň ol aýdýan sözleriniň oňa gönüden-göni degişlidigini tekrarlamak üçin gözlerini süzgekledip,

Batmana äňetdi. — Samsykýaplylar saňa «ýuwaş» diýen lakam dakypdyrlar welin, öz hakyňy alyp bilmezlik ýuwaşlyk bolman, gowşaklyk bolýa... Arça agaň ispikülýänt agtygynyň edýänni gör! Arça aga urşa gatnaşypmy-gatnaşmanmy, ony Alla bilýä, ýöne, agtygy welin... Geçen aňzakly gyşda, kişiň iki ýüze alyp bilmeýän kömrüni altmyş alty manada getirdi oturyberdi. Nädip alýandyr öýdýäň? Atam urşa gatnaşdy diýip alýa. Sen ýalylar welin, buýup galsa-da...

Arzy ýeňňe şol gödek sözi diýmek bilen Batmanyň göwnünden turdy. Sebäbi Batman buýup galsa-da, ile berilmeli kömri alyp bilmejekdi. Urşa gatnaşanlaryň ählisi mertlikde-de, namysjaňlykda-da Batmandan belent bolmalydy. Olaryň bir gyş ýakarlyk kömür üçin urşa gatnaşanlaryň adyna ysnat getirmejekdikleri görnüp durdy. Set müň görgüler başa düşende ejizlemedik frontçylar beýle derejede pese düşermi! Ýeňillik diýipm hökümet tarapyndan kanun çykarylsa-da ol ýeňilligi gereg-u-gerek däl ýerinde ut-tut peýdalanjak bolup ýörmeli däl-de, ony hormat hökmünde kabul etmeli. Hormat diýilýän zat hem bähbide derek ulanylýan haryt bolmaly däl. Hormaty sylamaly, hormatdan assyrynlyk bilen çekinmeli. Çünki nep üçin peýdalanylýan hormatyň şarpygy, masgaraçylygy aýylganç bolýar. Onuň şeýle-digine asylly adamlaryň hemmesi, urşa gatnaşanlar-a hasam dogry düşünýär. Onuň şeýledigine Batman ýuwaş aňyrsy bilen ynanýar. «Urşa gatnaşan-a, men uruş gördüm diýip ýola sygman ýörse, sebäp bilen urşa gitmän, yzda hars urup işlänem ýakasyna bukup gezmeli bolsa...»

Arzy ýeňňe Batmana ýene pikirini soňlatmady:

— Arça agaň şo bihaýa agtygyny görsem myrryhym atlanýa...

Manysy soňlanmanka dyngy berlen pikir Batmanda täze duýgy oýardy. Ýogsam ol urşa gatnaşan Arça aganam, onuň, Arzy ýeňňe aýtmyşlaýyn, nepkeş agtygynam oňly tanamaýardy. Atasy urşa gatnaşany sebäpli kömri binobat alyp bilýän ýigidi görenden myrryhy atlanýan bolsa, Arzy eýýäm üýtgäp, başgaça aýala öwrülmelidi. Batman ýuwaş şol hakda soramakçy boldy. Emma ýetişmedi.

Şol mahal surathananyň gapysyna ýeten Arzy ýeňňe aýak çekdi-de, hyrçyny dişledi:

— Surat aldyrmalydyk welin, bi artybyňam agzy petik ekeni. Nätjek, ýene bir gün gelmeli bor-da...

Arzy ýeňňe Batmanyň ýatsa-tursa kellesine gelmejek zatlaryny oýlap tapýardy. Batman şeýdýändiginem bildirmän uludan dem aldy:

— Suraty bile durup aldyrmalymy, Arzygül?

— Bile durubam aldyrmaly bor. Ýadygärlik üçin.Ýöne, öňürti seň suratyň gerek bolar...

Surata dagy düşüp ýörmegi dogabitdi halamaýan Batman ýuwaş öz şekiliniň nämä gerek boljakdygy hakda oýlandy. Onuň gözlän jogabyny Arzy ýeňňe tapyp berdi.

— Urşa gatnaşanlaň köpüsiniň gäzetde suraty çykýa. Sen hakda-da gazete ýazarlar. Ýazmasalaram, özüm ýazdyryn. Sen entek nämäni görýäň, Batman!

Sen entek nämäni görýäň, Batman ýuwaş! Ärim hakda gazete ýazanoklar diýen şikaýat bilen edara barynyň gapysyny kakyp ýören aýal Batmanyň göz öňüne geldi. Ol öňünden ýaýdandy, öňünden derjikdi.

Köçe gyrasyndaky dükanda satylýan gyzyl alma olaryň ikisiniňem ünsüni çekdi. Almany ilki gören Arzy ýeňňedi:

— Nowruzda-da hökümet dükanynda gyzyl alma satylar oguşýa. Hernä, hudaý, eýgilige bolawersin-dä! —Ara açyp, Batman ýanyna ýetýänçä almanyň nyrhyny hem görüp ýetişen Arzy ýeňňe alada bilen ýylgyrdy. — Arabaçy daýyň bilen Halkaman mirabam nesibeli ekeni gaty. Agşam sagat altyda geňeş toýa gelenlerinde naharyň ýany bilen bir okara gyzyl alma goýarys welin. Ýylyň şu mahaly...— Elindäki torbanyň içinden kiçiräk torba çykaran Arzy ýeňňe buýruk berdi. — Nobatsyz baraga-da, üç kile al...

Ol buýrugy welin, Batman ýuwaş goldap bilmedi. Goldajak bolsa-da başarmady. Onuň ýaýdanjyramasyndan içki pikirini okan Arzy ýeňňe «gamşy gowşak tutmaly däl» etdi:

— Şunça hetjiklense-de, sen bu durmuşa düşünmänler geçjek-dä. Men saňa o iki gojaň öňünde maň goýun soý diýemok. Nämä ýaýdanýaň?..

Batman ýuwaş maň goýun çykarmalam bolsa, ýaýdanjak däldi, ýöne häzirki ýumuş welin oňa düýe soýmakdanam agyr

geldi. Sebäbi alma nobatyna duranyň sany kän bolmasa-da, ýaşy Batmanyňkydan kiçi däliniňki bäş-alty bardy. Iň beterem nobaty satyja golaýlan uzyndan arryk adam Batmanyň nazaryna aýratyn kaklyşdy. Onuň urşa gatnaşany-gatnaşmany nämälim bolsa-da, onçakly gurat adam däldigi welin mese-mälim bildirip durdy. Onuň yzynda-da bir-iki sany ýaşuly durdy. Batman ýuwaş nobatyň öňüne tarap utançly seretdi:

— Şo ýaşullaň nobatyny kesmän, yzda duraýaly-la, Arzygül. Birhili...

— Näme birhili?

— Äý, şolaň eplenip duruşlaryna, birhili, dözemok-da...

— O nä dözmezçilikmiş? Sen ölüme gidende, olar saňa dözmezçilik etdimi? Hany o warak artybyňa seret, näçe boldy. — Batman sagadyna seredensoň-a Arzy ýeňňe hasam heserlenmäge hukuk gazan ýaly boldy. — Gojalara gazan gulagyny gyzdyrmasaňam birhili bor. Gyssagym özüm bilen meň...

Öýlenmänkä başyna beýle-beýle hunabat düşen Batman ýuwaş öýlenenden soň dagy nämelere duçar boljakdygyny-ha göz öňüne-de getirip bilmedi. Ýöne häzir nowruzyň gyzyl almasynyň hyrydarlarynyň hataryna binobat giräýmese uly köçäniň ugrunda gopjak harasady welin öýlenjek kişi göz öňüne getirmegi başardy. Ol nobata ýene birlaý göz aýlady. Yzyrakda Gojuk obasyndaky okalganyň müdiri Ýagşylyk duran ekeni. Olam Batmana tarap seredýärdi. Batman ýuwaş gojuklylaryň hemmesini entek tanamaýardam. Şonuň üçinem ol alma nobatyna duranlaryň arasynda Ýagşylykdan başga, özüniň bilmeýänleriniň-de bardygy hakda oýlandy. Batman olary tanamasa-da, gojuklylaryň hemmesi Batmany tanaýardy.

Gepi köpeltmän, aýdylanyny edäýmekden gaýry çykalga ýokdy. Ädim urmaga ýaýdanjyran Batman ahyr nobatyň öňüne bardy.

Nobatyň ortagürpünden ýaş ýigidiň nägile sesi eşidildi:

— Ýaşuly, şu duranlaram adamdyr. Şony bilgin!

Batman ýuwaş aýak çekse-de, gep diýmäge dili aýlanmady. Emma onuň islemedik, ýöne garaşan jogaby welin ýaňlandy:

— O ýaşuly urşa gatnaşan. Senem şony bil, ýigit.

Başga bir aýalam ýöne durup bilmedi:

— Urşa gatnaşdym diýibem, gözi-başy bijirim, el-aýagy şel däl adam...

Batman ýuwaş ol aýalyň sesinem, özüne aýal boljagyň oňa gaýtarjak jogabynam eşitmesiz etdi. Oňa derek alma nobaty ýeten ýaş hem owadan aýalyň naýynjar sözlerini welin, Batman eşitmeli boldy.

— Sekiz aýlyk çagany öýde ýeke goýup gaýtdym, alma berilýä diýseler. Oda ýykyljakmy ol, suwa gaçjakmy...

Ýadaw satyjy ýakymsyz sesi bilen gygyryp goýberdi:

— Urşa gatnaşany binobat almaga haky bardyr-ow, adamlar!

— Bizem şony bilemizsoň, kanuna görä hereket edýäs-dä! — diýip, Arzy ýeňňe ýene bir ädim öňe süýşdi.

Owadan aýalyň yzynda duran uzyndan arryk ýaşuly hem:

— Galmagal etmäň, adamlar. Urşa gatnaşan binobat alyp biler — diýdi. — Gan döken adam binobat alsa, aýyp däl-le.

— Knişkäňi görkezäýsene! — diýip, arka tapynan Arzy ýeňňe bolmajysy boldy.

— Knişge nämä gerek? Il müňkür däldir! — diýip, uzynak ýaşuly arkalylyk etdi. — Gel, inim, şu ýerden dur-aý!

Ýaşuly şeýle mylaýym sözlese-de, sesi Batmana ýaramady. Emma yzyna garasa yzda Arzy bardy. Şonuň üçinem ol owadan gelin bilen ýaşulynyň arasynda durmaga mejbur boldy. Şeýdip ol nobata girse-dä girdi welin, girenine puşman etdi. yzda duran ýaşulynyň Batmandan, iň bolman-da, on ýaş dagy uludygy bildirip durdy. Üstesine-de öýkeni hyžlaýan goja şeýlebir agyr dem alýardy welin, Batmanyň duran ýerinde dünýäsi daralyberdi. «Belki muňam inisi ýa agasy urşa gidendir. Belkem gaýdyp gelen däldir. Belkem ýaşuly şu mahal şolar hakda oýlanýandyr...»

Satyjynyň soragyna Batman zordan:

— Üç kile — diýip jogap gaýtardy.

...Gyzyl almalar Arzy ýeňňäniň uzadan torbasyna guýlanda, tagtanyň üstünden togalanyp barýan bir almany Batman ýuwaş ýere gaçmanka tutjak boldy. Emma yzda duran keselbent ýaşuly öňürtdi. Ol almany ýere gaçyrman saklasa-da saklady welin, gysymlap bilmedi. Onuň uzyn ýeňiniň aşagyndan görünýän göni barmaklary

jansyzdy, gara gaýyşdan barmaga meňzedilip ýasalan sudurdy...

Batman ýuwaşyň haýýaty geçdi. «Agam, bagyşla!» diýmek isledi. Emma şoňa-da dili ysmady. Ol almadanam, torbadanam bizar bolup yza çekildi. Çat maňlaýyndan görnen ýapragy düşen tut agajynyň şahalary hem şaha däl-de, uzyn gara barmak bolup üýtgedi. Batman ýuwaş uludan dem alanda, birhili, düwünýän ýaly bolup üsgürdi. Birdenem uly şäheriň güwwüldisi kesildi. Şol ýagdaý esli dowam etdi. Nirä ugranynam seljermän, ýöräp barýan Batmanyň gulagy kem-kemden açylyp, Arzy ýeňňäniň sesi eşidildi:

— Indi kän eglenmäli, Batman.

...Maşynyň yzky oturgyjyndan öňe seredýänem bolsa, Batman ýoly görmeýärdi. Onuň bar ünsi garaýagyz taksiçiniň ruly gysymlap oturan ellerindedi. Ýaş ýigidiň gap-gara, emma janly barmaklary alma nobatyndaky ýaşulynyň jansyz barmaklary bolup göründi. Ol öz-özünden gizlenjek boldy.

— Nämä dymdyň-la? — diýip, Arzy ýeňňe onuň içki dünýäsine aralaşmak isledi.

— Öňki öýümde bir topar dokumentlem galypdy. Şo hakda oýlanýan — diýip, Batman ýalan sözledi. — Gazete dagy ýazylsak gerek bordy-da...

— Gördüňmi, Batman? Dürs ýaşasaň, durmuş gyzyklydyr! — Hem Batmandan hem öz aladasynyň biderek gitmäninden hoşal bolan Arzy ýeňňä giň maşyn darlyk etdi. Ýene sanlyja günden özüne är boljak adamyň şu güne çenli durmuş manysyna düşünmän ýaşanyna nebsi agyrdy, oňa penakär bolany üçin özünden razy boldy.

Oba ýetiberenlerinde Batmanyň öňki öýünde galan kagyzlaryny Arzy ýeňňe ýene ýatlady, özüni ilki düşürip, şu maşyn bilenem şol dokumentleriň getirilmegini talap etdi. batman ol talaby höwes bilen kabul etdi. Bir günüň içinde altmyş ýylyň gylygyny üýtgedip bilenine monça bolan Arzy ýeňňe Batmana iň soňky tabşyrygy berdi:

— Eglenmegin. Gojalar göni altyda gelmelidir...

— Bäş bolmanka gerin! — diýip, Batman ýuwaş söz berdi.

...Belleşilen wagtda Arabaçy aga bilen Halkaman mirap Arzy ýeňňäniň öýünde peýda boldy. Emma öýlenjek adam welin

sözünde tapylmady. Telim gün geçse-de, Batman ýuwaş Gojukda gara bermedi. Şonluk bilen toýly gürrüňiňem gylawy ýatyşdy. Batmanyň Samsykýapda sag-aman ýaşap ýörendigini eşitse-de, Arzy ýeňňe onuň gürüm-jürüm bolmagynyň sebäbi gyzyl almadyr öýtmedi. Ýöne ol her gezek Batmany ýatlanda: «Sen tetelli erkege ýagşylyk ýaraşmaz-da!» diýip pyşyrdady.

## WEKIL ÝEGEN OGUL ÖÝERÝÄR

Arzy ýeňňäni giç ukladanam, ir oýaranam goýunly alada boldy. Ol gün dogan badyna obadan ugraýan awtobusa garaşmagam nädogry hasap etdi. Çakyna görä, uly şosse ýola çenli pyýada gidägede, ýolagçy awtobuslaryň çem gelenine aýagyny atsa-da, ol gürrüňsiz utjakdy. Iň bolmanda ýarym sagat-ha utjakdy. Ýarym sagadam bazarçy üçin az-küş wagt däldi — jüpüne düşen mahaly ýany torumly maýanyň söwdasy bäş minutda edilýär. Arzy ýeňňäniň aljagy bolsa ýekeje goýun. Şonuň üçinem ol bazaryň howlusyna ilkinji bolup girmese-de, öz obadaşlaryndan-a öňürtmelidi, öňürtjegem ikuçsyzdy. Çünki Arzy ýeňňe şu günki bazara gaty kän mahal bäri garaşýardy. Ýogsam näme!.. Ýogsam näme! — diýip, obadan çykýan ýol bilen alakjap barýan Arzy ýeňňe öz-özi bilen gepleşdi. — Men jüýje ýa-da horazsüýji alamok. Ullakan goýun alýan ahyryn. Oň üçinem...» Oň üçinem Arzy ýeňňe howlugmalydy. Bir petde pul harçlanyna görä mal almalydy. Mal almak üçinem irlemelidi.

Arzy ýeňňe şossä çenli geçmeli ýoluny ýarpylaberende, yzyndan bir jygyldy eşidip, gyraraga sowuldy. «Alagaraňkyda bir sähne ulaga urduryp ötägitmesin! Ertirem toýdur». Arzy ýeňňe aradan çykaýanda-da, ertirki toýuň birigüne geçirilmejegi hakdy. Ýöne, şeýle-de bolsa, toý güni obada ýas bolmasa ýagşy-da.

Yzdan jygyldap gelýän agyr ulagam, hatda kakyp geçse heläk edäýmegi ahmal motoram däldi-de, welosipetdi. Oraz aganyň welosipedidi. Oraz aga şosse ýolunyň bäri ýanyndaky ýorunjalygyň garawulydy. Onuň gijeki garawulçylygyny keýwanysynyň ýanynda geçirip, il örmänkä iş ýerine barşydy. Onuň elmydama şeýdýändigini

uly il bilýärdi. Şonuň üçinem Oraz aga irden turup, azara galyp ýörmän, gün ýokaryk galansoň, iş ýerine barsa-da boljakdy welin, elbetde, olam öz göwünjigini awlaýandyr-da.

— Ol artybyňa ýag çalsaň bolmadymy? — diýip, salam-helikden soň Arzy ýeňňe gepläp başlady. — Jümle-jahany jygyldydan dolduryp barmaga utanmadyňmy? Indi sen eňegiňe tüý bitmedik oglan däl ahyryn...

Arzy ýeňňäniň nirä, näme üçin barýanyny Oraz aga bilýärdi. Sebäbi, Oraz aga onuň bilen bir-iki hepdeden bäri görüşmese-de, Arzy ýeňňäniň bazara gitjek dabarasy, goýun aljak haý-haýy Gojuk obasyna ýaýrapdy. Şonuň üçinem, Arzy ýeňňäni gepledip keýpden çykmak islän Oraz aga onuň deňinden esli geçensoň jygyldadyp, şakyrdadyp, welosipedine tormoz berdi.

— Arzygül, irläpsiň-le? Eýgilikmi özi?

— Arzyň niýeti gowudyr, Oraz. Şoň üçinem Arzyň ugran ugry eýgilikdir-u-toý-tomgudyr. Bazara barýan, Oraz.

Oraz aga ol jogapdan soň berläýmeli «Bazarlyk näme aladaň bar?» diýen tebigy soragy bilgeşleýinden berjekdi. Emma Arzy ýeňňe soraga-beýlekä maý goýmady.

— Bazara barýan. Ertir Wekil ýegen ogul öýerýär...

Oraz aga diňe:

— Wiý, asyl...— diýmäge ýetişdi. Onuň ýüreginde beslän pikirlerini aýtmaga ýene Arzy ýeňňe ýol bermedi.

— Wekil ýegen ogul öýerýär. Şoň üçinem bazara barýan. Wekil ýegeniň toýuna sowgat eder ýaly goýun aljak, Oraz. Asyl pulam gaýgyrjak-gäl.

Oraz aga hem-ä geň galyp, hemem Arzy ýeňňäni gepletmek meýli bilen:

— Bä-ä, sen-ä gamçyny bulapsyň, Arzygül! — diýdi. — Toýuna goýun elter ýaly Wekil uzyn seň garyndaşyňam-a däldir. Men-ä siziň köprüde syrtyňyz galtaşandyram öýdemokdym...

— Dünýä iki gezek gelnenok, Oraz! — diýip, Arzy ýeňňe hekgerildi, dodaklaryny ýalaşdyryp, çalarak ardynjyrady. Onuň ol bolşy uly ýygnakda söz sözlemäge taýynlanýan adamyny

ýatladýardy. — Sen bu dünýäň bäş günlük dünýädigini bilýänsiň, Oraz. Senem ölersiň, menem ölerin.

— Ol dogry-la! — diýip, Arzy ýeňňäniň bir gyzyşsa, gaty kän geplejegini bilýän Oraz aga onuň sözüni kesip, gürrüňi tizleşdirjek boldy.

— Ol dogry bolsa, bäş günlük ýalançyda, başarsaň, adamlara hormat goýmaly. Garyndaş-a garyndaş welin, garyndaş dällerem sylamaly. — Şonuň yz ýanyndan bolsa ol ilki aýdan sözleriniň ýasamadygyny aňdyryp, ony şeýdenini bolsa özem duýman gönüsinden geldi. — Onsoňam «Arzygül pylanyň toýuna goýun eltäýipdir» diýip il gürrüň eder, Oraz. Olam, Wekil ýegen üçinem, meň üçinem erbet bolmaz...

— Hawa-da, toýa mal eltip bolsa, abraý kemi ýok! — diýen Oraz aganyň welosipediniň tigirleri çalt aýlanyp başlady.

...Arzy ýeňňäniň çak edişi ýaly hem boldy. Şähere tarap barýan awtobusda boş oturgyç bolmasa-da, aýak üstünde durar ýaly ýer tapyldy. Arzy ýeňňe şoňa-da müň kerem razydy, bazara gijä galyp barmasa bolanydy. Wekil uzynyň toýuna goýun eltip, abraý aljak adam, iliň agzyna doljak adam onça-onça azap çekmese bolmaz ahyryn!

Agzy-burny bilen adamdan doly awtobus ýüküni agyr görýän ýaly, yraň atyp iňleýärdi. Gep-söz alyşaýmaga tanyş-bilşem ýok bolany üçin Arzy ýeňňe bazara barandan soň etmeli hereketlerini hyýalynda gaýtalap, türgenleşik geçirmäge başlady, goýun satýan adama aýtjak sözlerini agramlap gördi. Özem, goýun satýan adam Arzy ýeňňäniň göwnüne, näme üçindir, gyrçuw sakgally ýaşuly bolup görünýärdi. Sebäbi: «Heleý bilen söwda etmeli däl. Çünki heleý halky erkek adamlar ýaly irimçik bolmaýa. Heleýler ýarym manadyň yşgyna düşäge-de, bişen söwdany yzyna gaýtarmagy hiç zatça görmeýäler». Arzy ýeňňe welin, çekeleşse-çekeleşmeli, emma göwnüni bölüp, arkasyna elini degren malyny hökman alaýmaly. Ol her hilem bolanda, söwdany yzyna gaýtarmaly däl. Onuňam özüne ýetik sebäbi bar: Wekil ýegen är ömründe ilkinji gezek toý edýär. Ýeke perzendini öýerýär. Şol ýeke toýa niýetlenip alynjak bolýan malyň söwdasy yzyna gaýtarylaýsa... Ýok, ýok, Arzy ýeňňe gözüni ýumagada, üç manady jähennem eder welin, söwdany gaýtarmaz.

Awtobusyň tutaýyndan ýapyşyp duran ýylmanak, tüýli, güne ýanan, gün görmedik, garaly-akly goşarlaryň arasyndan bir tanyş ýüz görnüp gitdi. Emma Arzy ýeňňe ol ýüze haçan, nirede sataşanyny welin, mahaly bilen ýatlap bilmedi. Kimdir biri bilen gepleşmek höwesi, onuň goýun almak aladasynyň ýanyna ýene bir alada goşdy. Arzy ýeňňe ol aýaly nirede görüp biler? Ýolda-yzda bir ýarym-gezek sataşany üçin-ä, haýsydyr bir ýat aýalyň ýüz keşbi ýatda galmaly däl. Şeýlelikde, Arzy ýeňňe kän oýlandy. Birdenem hemme zat ýerbe-ýer boldy. «Wah, huşum gursun-eý! Wekil ýegeniň toýy diýip, gäbiňi bir azdyraýmaweri, Arzy!» Bilekleriň arasyndan görünýän ýüz bilen Arzy ýeňňe üç ýyl mundan ozal bir keselhanada, bir palatada, ýanaşyk krowatda tutuş bir hepde ýatypdy. Arzy ýeňňe gaty ýalňyşmasa, ol aýalyň ady hem Togta bolmalydy. Aý, ady, familiýasy hiç-le. Arzy ýeňňe iň esasy, ol aýaly nirede, haçan görenini anyklady. Şolam iç döküşmäge tutaryk bolup biljek bahana. Başgasy hiç. Ýöne ýene bir kyn zat. Arzy ýeňňe ol tanşyna nädip golaýlajagyny bilmeýärdi. Awtobusyň içi synçgalan ýalydy. Sähel gödegräk hereket etseň, haýsydyr bir ýat adamynyň göwnüne degäýmegiň, kimdir bir bolgusyzdan biderek gep eşidäýmegiňem ahmaldy. Adamlaryň üstaşyry gepleşip durmagam gelşikli däldi. Bolsa-da, içi byjyklap duran Arzy ýeňňe kime ýüzlenýänem düşnüksiz ýagdaýda:

— A gyz, sen meni tanamadyňmy? — diýip, goşarlaryň, tirsekleriň arasyndan jyklap durşuna inçejik sesi bilen gygyrdy. Sorag diňe aýala degişli bolany üçin Arzy ýeňňe bilen ýüzbe-ýüz bolup duran erkekler-ä oňa gulagam gabartmadylar. Belli biriniň ady tutulmagy üçin aýallaram ol soraga üns bermeýäne meňzediler.

Sorag ýene bir gezek gaýtalandy. Awtobusyň içinde ýene şol öňki ýagdaý boldy. Şonuň üçinem maýyny tapyp, biraz gobsunan Arzy ýeňňe her näçe alada etse-de, islän ýerine-hä süýşüp bilmedi. Diňe düýp tarapy tas topugyna degip duran gara sumkasy nähilidir bir ýol bilen ýokaryk süýşüp, eýesiniň biline ýelmeşdi, hemem hüžžük saçly ýaş ýigidiň ýarpy ýüzi Arzy ýeňňäniň ýüzüne galyp boldy. Arzy ýeňňe ol ýigitden eýmenmänem durmady. Sebäbi ýaş

ýigidiň ýarpy ýüzi çyzym-çyzymdy, bireýýäm biten ýaralaryň tegmillerem, täze düşen ýaralaram mese-mälim bildirip durdy. «Ýarpy ýüzünde şunça tagma bar welin, aňry tarapam şeýlemikä muň?» Emma Arzy ýeňňe onuň aňry tarapyny görüp bilmedi. Oňa derek ýaş ýigidiň agzyndan aragyňmy, sarymsagyňmy, turşan gatygyňmy ysy aňkaýardy welin, Arzy ýeňňäniň ýüregini agzyna getirip barýardy. «Indi şunça adamynyň arasynda ögäp masgara bolmasam ýagşydyr hernä. Onda-da sypaýy geýnen biriniň üstüne dagy gaýtaraýsam-a, iş gaýtdy». Arzy ýeňňe azap baryny çeke-çeke ol aýylganç ysyň gabat öňünden çalarak sowuldy.

— Saňa diýýän, gyrmyzy ýaglykly gelin! Seň adyň Togta dälmi? Ýa men ýalňyşýanmy? Özüm-ä bir garasyny gören adamymy müň ýyldan soňam tanamalydyryn.

Başy gyrmyzy ýaglykly, tegelek ak ýüzli gelin ses gelen tarapa serede-serede Arzyny gördi. Ilkibada iki sany nätanyş duşuşandaky ýaly gelniň ýüzünde hiç hili özgerme döremedi, birdenem onuň gaşlary ýazylyp gitdi. Ýöne onuň bolşundanam, sesindenem tötänden duşuşyga begenilýändigem, gynanylýandygam duýulmady.

— Senem Arzy dälmi? — diýip, gelin Arzyny çalarak tanaýandygyny aňdyrdy. — Sagmysyň, gurgunmysyň? Daşyň-içiň aman-esenlikmidir?

Arzy ýeňňe ol adaty soraglara jogap gaýtarandan soň, iki aýalyň arasyndaky gepleşik gutaraýmalydy. Sebäbi onçakly ýiti däl tanyşlyk hemem awtobusyň içindäki ýagdaý şony talap edýärdi. Ondanam başga, Togta gelin bilen Arzy ýeňňäniň arasynda gyzyşyp ötägitjek gürrüňiň bolmagyna esasam ýokdy. Çünki keselhanada bary-ýogy bolnan bir hepdäniň dowamynda olar gaty içgin tanyşmaga-da ýetişmändiler.

— Bazara barýan, Togta jan — diýip, Arzy ýeňňe sesine bat berip, geplemäge başlady. — Wekil ýegen gelin edinýä welin, bir goýunjyk almakçy. Toýa goýunjyk alsam diýsem, towuga ýükläýmeli kel tokludyr öýdäýmegin, gyz. Dünýä iki gezek gelnenok. Wekil ýegen üçin zat gaýgyrjak-gä. Pul seçip, uly goýun aljak. Hudaýa şükür, hököwmet janyň çykarýan puly kän bizde... Senem bazara barýaňmy, Togta jan?

Arzy ýeňňäniň şaňňy ses bilen gygyryp gepleýşinden uýalyp duran Togta gelin onuň soraglarynam jogapsyz galdyrdy. Beýik köprä dyrmaşyp ugran awtobusyň motoryna agram düşdi. Maşynyň içi hem güwwüldiden dolup, edil gapdalynda oturan bilenem ses-üýn alşar ýaly bolmady. Arzy ýeňňäniň inçejik sesem şol güwwüldiniň içinde gark bolup gitdi. Togta gelin beýle ýagdaýa az begenmedi. Ýöne ol begenç uzaga çekmedi. Üstündäki agyr ýüki beýik köpriniň depesine zordan alyp çykan tigirler aşak inmeli bolanda ýeňil aýlandylar. Motoryň güwwüldisem ýom-ýok boldy. Şonuň üsti bilenem motor aýylganç güwwüldäp, ses-üýn alyşdyrmadyk pursadynda-da Arzy ýeňňäniň gepläp durandygy ýüze çykdy. Motoryň sesiniň kiparlamagy bilen onuň sesi ýaňlanyp başlady:

— Wekil ýegenem — Wekil ýegen welin, Togta jan, maňaha «Toýa goýun getiripdir» diýseler bolany. Sen meni eşidýäňmi, dogan? Nä sesiň çykanok-la? Içagyryň aýrylyp gitdimi sag-aman? Nä gepläňok?

Gelin pahyr jogap gaýtarmakdan geçen, adynyň Togtadygynada ökündi. Ol ýanynda duran tanyş aksakgalyndan uýalyp, ýere giräýjek boldy. Aşak seredip duran Togta gelin ýüzüniň gyzýandygyny duýdy. Arzy ýeňňäniň soňky sözlerini Togta gelin eşitmeýän ýaly bolsa-da, galan ýolagçylaryň ählisi eşidýärdi.

— Keseliň içinde iň ýamany içagyrydyr, Togta jan. Ýamanyna duşsaň, içiňden gan geçiberer. Günüň aýakýoluna gatnamak bilen geçer...

Garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykmadyk bolsa, Arzy ýeňňe Togta gelni hasam wejera etjekdi. Dyknyşykda Arzy ýeňňäniň tas biline çenli göterilen gara sumka kimdir biri degýän ýaly boldy. Arzy ýeňňe assyrynlyk bilen gapdalyna seretdi. Sumka girip barýan hüžžük saçly ýaş ýigidiň elidi. Onuň göwnüne bolmasa, ýaş ýigidiň diňe bir ýarpy ýüzünde däl, sumka girip barýan elinde-de pyçagyň goýan tagmalary bar ýaly bolup göründi. Ogrynyň çakgan eli gara sumkanyň düýbünde ýatan ýyrtyk kelegaý ýaglygy ussatlyk bilen sogrup çykardy. Ýyrtyk ýaglygyň bir ujunda esli düwün bardy. Emma ogry ýalňyşýardy. Ol düwünde Wekil ýegeniň toýuna goşant üçin alynmaly goýnuň bahasy ýokdy-da, köp mahallar bäri

sumkanyň düýbünde ýatan boýag bardy. Arzy ýeňňe hut düýnüň özünde-de şol boýagy gözläp, içerini akan-dökän edenini ýatlansoň, öz-özüne gargyndy. «Boýagy şü gara sumkada goýanyňy hakydaňa getiräýseň bolmadymy? Kimiň nesibesi kime nesip etmeli?» Uly kagyza dolangy bir çemçe ýaly boýagyň elden gidip barýanyna Arzy ýeňňäniň şeýle bir nebsi agyrdy welin, hut bokurdagam doldy. Ol ogrynyň goşaryndan tutagada: «Haý, ýeteweriň!» diýip gygyrmak isledi, assyrynlyk bilen ýene bir gezek gapdalyna seretdi. Ogrynyň kelte ýeňli, ýöne gara tüý bolup ýatan namartaý eli hinden çykyp barýan gara ýylan ýaly bolup, sumkadan sogrulyp çykdy-da, emaý bilen gözden ýitdi. Ýöne ujy boýagly köneje ýaglygynyňam ogrynyň iki barmagynyň yzyna düşüp gidenini Arzy ýeňňe görüp galdy. Ýaglygyň ujundaky düwne el degren ogry çeken azabynyň biderek gitmändigine umyt baglap biljekdi. Emma alynmaly goýnuň bahasy başga bir ýaglykdady. Ol ýaglyga welin, ogry juda köpügören bolaýmasa, el degrip bilmeli däldi. Ol ýaglyk Arzy ýeňňäniň derjigen biline köýneginiňem içinden daňlandy. Şol ýagdaý ýadyna düşen Arzy ýeňňe birneme ynjaldy, bir çümmük boýag hem köne kelegaý ýaglyk bilen ol garatüý beladan sypanyna müňde bir şükür etdi. Şol mahalam «Goýun almaga barýan, pul gysganjak-gäl» diýip, bir topar, kimdigi näbelli adamynyň arasynda uly ili bilen gygyryp, tarhanlyk satandygyny ýatlap, ökündi. «Pul hakda lakgyldap nä işiň seň? Salam ber-de, duruber-dä. Şu adamlaň ählisem bazara barýandyr. Bazara-da pulsuz gidilmeýäni belli zat. Ýöne hiç kim...Ergeneksiz diliň gursun diýsänim! Beýle pully bolduň meň başyma. Peýdaň bolsa, ýene öwün, ýene gygyr. Goýun däl, düýe almaga barýan diý. Onda-da köşekli düýe. Puluňy niräňe daňanyňam aýt. Ýol bilmeýäne ýol salgy ber...»

Ozal artykmaç gepläp, üstüne ogry çagyran aýal, öz dili bilen başyna bela satyn alan aýal indi ogryny gorkuzmak, ony özünden daşlaşdyrmak isledi. Ol tolgunýandygyny sesinden aňdyrmazlyga çalşyp gygyrdy:

— A gyz, Togta jan, meň adamymam şu awtobusda. Häli bazara ýetilip düşülensoň salamlaşaýmasaňyz, şü pille-hä gymyldar dagy

eder ýaly däl.

Arzy ýeňňäniň ýalan habaryny (onuň bäş ýyl mundan ozal aýrylyşyp giden täjik äri häzir Gissarda ýaşaýardy) Togta gelin eşitmedik bolara çemeli. Ol ýagşydan-ýamandan jogap gaýtarmady. Togtanyň jogap gaýtarmazlygy hiçdi. Bar maksat Arzy ýeňňäniň bazara hut öz äri bilen barýandygyny ogra eşitdirmelidi. Edil gapdalda duran ogrynyň ol habary eşidendigininiňem ujy iki däldi.

...Bazara ýetilýänçä awtobus telim ýerde saklandy. Hüžžük saçly ogry şol duralgalaryň birinde düşüp galana meňzedi. Çünki bazara ýetilensoň, emaý bilen töweregine ser salsa-da, Arzy ýeňňe öz ogrusyny görüp bilmedi. Ýok adamsy hakdaky ýalan syýasatynyň çaklan netijesini berendigine Arzy ýeňňe az begenmedi. Emma awtobusdan düşülýän ýerde başga, Arzy ýeňňäniň düýpden garaşmadyk bir wakasy boldy. Soňky duralgalaryň birinde ýa-da awtobusyň ilki ugraýan ýerinde münen bolarly, bazara ýeten awtobusdan Çepbe aga-da düşdi. Olam Gojuk obasyndandy, özem kolhozyň towuk çopany bolup işleýärdi. Ol ýörite aýak çekip, obadaşyna ýüzlendi:

— Arzy, ýaňy sen ýalan sözlediňmi, ýa täjigiň, dogrudanam, gaýdyp geldimi? — Çepbe aga soragynyň jogabyna-da garaşman, çalarak ýylgyrdy-da, hyrçyny dişläp, başyny ýaýkady. — Wah, bagty ýatan täjik diýsänim!..

Soragyň esasy bölegініň jogabyndan sypmak islän Arzy ýeňňe Çepbe aganyň soňky baş ýaýkamasynyň manysyny tutaryk edinip, aýrylyşyp giden äriniň tarapyny çalan boldy:

— Meň täjigimiň näme üçin bagty ýatanmyşyn? Senden oň nämesi kemmişin? Gül ýaly ýaşaýa diýip habar gelýä. Özem ýeňil maşynam edinipdir...

— Wah, o neressäň senden sypyp bilse, bagtly boljakdygyny ozalam bilýädik-le. Ýöne awtobusyň içinde kimdir birine ärimem bar diýseň, täjigiň samsyklyk edägede, gaýdyp geläýdimikä öýdüpdim.

Arzy ýeňňe aljyrady. Ol ogruly meseläni açyp, hakykaty boýun alaýmalydy welin, onam etmedi. Sebäbi, şeýdäýse, awtobusda bolan wakanyň hakyky manysy telim esse üýtgäp, obada Arzyny

üýşüp talapdyrlar diýen derejä ýetjekdi. Gün-günden üýtgedilýän ol ýalan habar Gojuk obasynda uzak wagtlap ýatmajakdy. Ýatma nire, gaýtam möwç alyp, boş gürrüňler Arzy ýeňňäniň biabraýçylygyna-da baryp ýetäýmegi ahmaldy. Şol zatlardan ugur alan Arzy ýeňňä «Gowusy, ýene bir gezek ýalan sözlemeli» diýen netijä geldi:

— Awtobusyň üstünde men beýle söz diýen däldirin, Çepbe. Sen öte eşiden bolaýma?

— Men saňa elli ýyl bäri belet ahyryn...

— Beledem bolsaň, men şo sözi diýmänimi bilýän.

— Diýib-ä diýdiň. Ýöne... — Arzy ýeňňäni dawada ýeňmejegine göz ýetiren Çepbe aga birneme gowşady. — Onda goýun almaga barýan diýenem sen däl-dä?

Eýýäm ýöräberen Arzy ýeňňe ol sözlerden soň, näme üçindir, aýak çekenini kem görmedi:

— Goýun aljak diýen men, Çepbe. Ertir Wekil ýegeniň ogul öýerýänini bilýänsiň-ä? Ýa sen obada bolýan täzeliklerden bihabarmyň? Wekil ýegeniň toýuna goýun eltjek.

Çepbe aga endigine görä ýene başyny ýaýkady:

— Wekil uzyn saňa nireden ýegen bolýamyş, Arzygül? Men başga zat bilmesemem, Gojuk obasynda kim bilen kimiň garyndaşdygyny-ha bilýändirin.

— Yzarlaşyp otursa, gojuklylaryň ählisem daýy-ýegen bolup çykaýsa nädersiň! Ýöne gepiň tümmek ýeri garyndaşlykda-da däl, Çepbe jan...

— Ana, şeýdip, «jan» dagy diýiberseň, men seň ýalanyňa-da ynanjak, Arzygül jan! — diýip, Arzy ýeňňäniň doly adynam tutanynam az görüp, ýanyna «jan» sözünem goşan Çepbe aga ýeňil ýylgyrdy.

Arzy ýeňňe bolsa, dul obadaşynyň oýun-henegine-de asyl üns bermän, geplemesini dowam etdi:

— Dünýä iki gezek gelnenok, Çepbe jan. Ýegen bolsa bolsun, bolmasa bolmasyn. «Pylany pylanyň toýuna goýunly barypdyr» diýseler bolýa. Maňa başga zat gerek-gä.

— Wah, goýunly baryp bilseň, garyndaşyň toýunda-da gürrüňiňi ederler welin, Wekil uzynyň toýunda-ha senden başga gep bolmaz, Arzygül.

— Maňa-da geregi şol-da!

— Şeýdip dogryňdan gelsene! — diýen Çepbe aga öz bilýän zadyny Arzy ýeňňäniň sözi bilen tassyklandan soň, ynjalan ýaly bolup, aňyrlygyna gitdi. Kän ýyllar bäri bu ýere gelip görmedik Arzy ýeňňe üçin müň sesli bazar şowhunynda bir ses ýetmeýän ýaly boldy. Ol ýetmeýänem eşekleriň sesidi. On-on bäş ýyl mundan ozal bazaryň iň ýiti sesi eşeklere degişlidi. Indi welin ol ses gadagan edilene meňzeýärdi. Rezin tigirli arabasy bilen henizem hoşlaşmadyk birlän-ikilän şäherli bazarçylaryň eşeklerem aňňyrmagy ýatdan çykaran ýalydylar. Gündogar bazaryna günbatar bazarynyň ysyny berýän dürli kysymly maşynlaryň zenzelesi haýwan sesini ýokaryk galdyrmaýardy. Garaz, Arzy ýeňňäniň gözi bilen seretseň, Hangeçen bazary üýtgäpdi. Hakykatdanam, Hangeçeniň üýtgäni çyndy. Bir mahalky beýik haýatlaram, darajyk ötüklerem ýokdy. Bazar giňäpdi.

Il ýüzüne haýbatly-haýbatly geplese-de, Arzy ýeňňäniň goýun almak üçin kalbyndan çykaran puly segsen-togsan manatdan kän däldi. «Mal satýan ýagyrnişligimi otlaýanda-da, ýüz manatdan aňry geçmän otlar» diýýärdi. Emma Hangeçenem üýtgese üýtgän ekeni welin, nyrhlaram öňki ýerinden gowy gozganan ekeni.

Mal satýanlardan ilki gabat gelen aýal adam boldy. Emma Arzy ýeňňe onuň deňinden gözünem eglemän geçip gitdi. «Aýal halky uşak bolýa. Bir köpük üçinem bişen söwdany gaýtaryp biler. Söwdany erkek adam bilen etmeli. Özi-hä şu çakyň uşak erkekleridir welin, bolsa-da heleýe görä elhaldyr-da».

Öz çaklamasyna mäkäm bil baglaýan Arzy ýeňňe iki sany gojany, bir ýetginjegi deňinden geçirip, jalaýrak bolsa gerek diýip çak edeni — sakgalsapysy tutuş dulugyny tutup duran ýigidiň deňinde saklandy. Saklanansoňam özüni alyp barşy bilen ýigidiň sussuny basmak isleýän ýaly birneme hekgerildi-de, sesine aýgytly äheň berdi:

— Öweje näçe baha kesýäň, jigi?

— Birinjiden-ä, ýeňňe jan, bu öweç däl, barypýatan uly goýun. Ikinjidenem, biçen ýerinden kesen ýok, ýüz ýetmiş bölege böläge-

de, ýüz ýetmiş diýýän...

«Näme-e-e?!» diýlip, geň galynýandygyny aňladýan, soňy süýkdürilen soragy aýtmaga-da dili aýlanmadyk Arzy ýeňňe mal satýanyň gapdalynda uzak saklanyp bilmedi. «Ýaş ýigit diýjeksiň welin, hakyt imanyny iýen-dä. Ýa-da ol petigara satýan malynyň goýundygyny unudyp, düýedir öýdýämikä?»

Arzy ýeňňe ýaşy kyrkdan bärde bolsa gerek diýip çak eden adamsynyň ýanynda saklanyp bilmän, esli ýöremeli boldy. Onuň soňky aýak çeken ýeri gara sakgaly gara gapak ýaly bolup, tutuş döşüni tutup duran peşeneli goja boldy. Ol dürli reňkli dört-bäş sany goýnuň ýüpünden tutup durdy. Arzy ýeňňe iň haýbatly goýnuň arkasyna elini ýetirdi:

— Agam, şu ak goýna näçe kesdiň?

— Ak goýun, keýgim, ýüz segsen bölek! — diýen goja, näme üçindir, uzyn sakgalynyň ujuny sypap goýberdi.

Ozalkydan beter nyrha duşsa-da, ilkinji synagdan soň birneme ýüregi düşüşen Arzy ýeňňe indiki soragyny ýaýdanman berdi:

— Agam, perişde sakgal bolsaňam, ortaça malyňa ýüz segsen baha kesýäň-le?

Sakgalyna biçak göwni ýetýän ýaly ony ýene bir gezek eli bilen darap goýberen ýaşuly ýylgyrdy-da:

— Perişdäň sakgaly-ha ak bolmaly, uýam. Ýöne tutan ýerinden kesen ýok, diläber. Nesibeli bolsaň-a, malyň ýüpüni eliňe biýrin, bolmasa-da...

Hangeçen bazarynyň göterýän nyrhyndan howy basylan Arzy ýeňňe ol goja bilen söwda çekeleşigine girmek islemedi. Goja öz kesen nyrhyndan näçe gaýtsa-da, ýigrimi-ýigrimi bäş manatdan kän düşmejekdi. Bazaryň göterýäni şoldy. Barybir ol nyrham Arzy ýeňňäni kanagatlandyrmaýardy. Şonuň üçinem ol mal-garanyň gürräk ýerine gitdi. Näçe adamdan satýan goýnunyň bahasyny soranyny özi hem ýadynda saklan däldir welin, Arzy ýeňňe ýene yzyna aýlanmaly boldy. Onuň çak edişine görä, Hangeçeniň gyzan bazarynda şol perişde sakgal gojadan ynsaplyrak adam ýok ýaly bolup göründi. Ol ýaşulynyň ýüz segsen manat diýýän goýnunyň ýaryça-da ýok malyna ýüz altmyş — ýüz ýetmiş diýip oturanlaram,

kisäňe salyp ötägitmeli toklyny ýüz manat diýip tutup duranlaram bardy. Arzy ýeňňe bolsa hökmandan-hökman iliň agzyna düşer ýaly, göz dokunar ýaly mal almalydy. Ol bazara aýlanyp, dürli-dürli mala ser salyp ýörkä, ullakan bir goýnuň ýüpünden tutup, Wekil ýegeniň öýüne tarap köçe bilen gidip barşyny göz öňüne getirýärdi. Dünýäniň ähli gymyldysyndan habardar bolmak isleýän bilesigeliji aýallaryň: «Beýle uly maly näçä aldyň, gyz?» diýen soraglaryna: «Ýüz elli» diýip jogap gaýtarýardy. Sorag beren içini çekýärdi, malyň gymmatlygyna-da haýran galsa galýardy welin, şonça pul seçip, goýun alan Arzynyň eliniň açykdygyna haýran galýardy. «Öz garyndaşyňam beýtmez» diýýärdi.

Gaty-gaýrym söz diýşilmände-de söwda meselesinde giden ýeriňe dolanyp gelmek kyndy. Ol hereketden bähbit gözleýän satyjy özüni gerekledýärdi. Ol barada oýlanmadygam bolsa, Arzy ýeňňe ýaşulynyň ýanyna gelende, özüniň küşdüniň pesdigini aňdy.

— Men-ä ýene gelendirin, agam!

Ýaşuly sypaýyçylykly adam bolarly, hörpüni ýokardan tutmaga derek, gaýtam Arzy ýeňňäniň ugrundan gopdy.

— Nesibäň şu ýerde bolsa, elli gezek gitseňem, elli birinji gezek dolanmaly bolarsyň, uýam.

— Ol asyl şeýle ekeni! — diýip, özüne bähbitli ol sözleri Arzy ýeňňe salymyny bermän tassyklady. Yzyndanam gaýdyp gelmeginiň sebäbini gizlemäge dyrjaşsa-da, syryny açýanyny özi hem duýman, hakykaty boýun aldy. — Bu gün Hangeçende goýnuň golaýyna barar ýaly däl ekeni, agam. Duranja ot bilen ýalyn bolsa nädersiň!

— Gerek bolsa, oda-da çoýunmaly-da — diýip, ýaşuly silkme telpeginiň buýrasyny titredip, telim gezek baş atdy.

— Wah, şony diý-de goýaý, agam! — Her bir aýdan sözi bilen alyjysynyň göwnünden turmagy başarýan gojany Arzy ýeňňe şeýle bir halady welin, hatda ol: «Wah, sanýetmez puluň eýesi bolsaň, şular ýaly, adam şekilli adamynyň malyna kesen nyrhyndanam iki esse kän pul töläge-de, minnetdarlyk bildirseň» diýip göwün ýüwürtdi. Soňam ol, heniz söwdasy hem edilmedik maly edil biri alyp gidip barýan ýaly, goýnuň ýap-ýasy arkasynda elini goýdy.

— Wah, jan agam, zerur bolansoň aljak-da. Ertir Wekil ýegen gelin edinýä. Toýa goşant etjek bolýan. Wekil ýegen Baýramyny öýerýä. Baýramdan başga oň ogul-gyzam ýok, agam. Özüň düşünýäň...

Goýun satýanam gaty tap bilen adam ekeni. Ol Wekil ýegenem, onuň Baýramynam tanamasa-da, nätanyş aýalyň aýdanlaryny gaty çyny bilen tassyklady. Arzy ýeňňe bolsa şondan soňam ýaşuly üçin onçakly derekli hem däl sözlerini gutaraýmady. Ol Gojuk obasynyň käbir adamsynyň häsiýetine, eger-de Wekil ýegeniň toýuna gowy mal eltäýmese öz «dabarasynyňam» toý dabarasynyň bäri ýaryça boljakdygyna çenli aýdyşdyrdy.

Arzy ýeňňe gaty kän gepledi, özem bazaryň gowrundan asgyn gelmejek bolýan ýaly gaty gygyryp gepledi. Şonuň üçinem geçip barýan bazarçylaram onuň sesine gulak gabartman ötmediler. Ala horjunynyň bir gözünden ujy tirsekli uzyn turba çykyp duran kerlewüç adam Arzy ýeňňäniň edil gapdalynda saklandy-da, şu ömrüne çalt gepleýän, gygyrybrak gepleýän aýal görmedik esli salym aňkaryp durdy. Ol adam bir-iki ädim daşlaşansoňam, yzyna bakan gaňyrla-gaňyrla gitdi.

Arzy ýeňňäniň gepläni hiçdi welin, ol ertirki toýuň eýesiniňem bazarda bardygyndan, özüniňem şu mahal hut onuň yzynda durandygyndan bihabardy. Bazarçylardan esli saýlanyp duran Wekil uzyny Arzynyň ähli sözlerinden has geň galdyrany «ýegen» sözi boldy. Wekil biçak uzyndy, arrykdy. Şonuň üçinem oňa «Wekil uzyn» diýýärdiler. Oňa käte «arrygam» diýäýmeleri bardy, emma henize-bu güne çenli «ýegen» diýlip ýüzlenilmändi. Hatda oňa «ýegen» diýip ýüzlenäýjek daýy ugrundan garyndaşy hem ýokdy. Arzy ýeňňäniň özem şu mahala çenli oňa diňe Wekil diýip ýüzlenýärdi.

— Jan agam, malyň beýle gymmatdygyny bilen bolsam, göwnümden çykarmazdym. Göwnümden çykaranymam hiç wlein, «Wekil ýegeniň toýuna goýun eltjek» diýip, dilimden sypdyraýdym. Gojuk obasynyň heleýleriniň dilindenem ýokarky Hudaýyň özi goraýmasa, dagy gorajak zat ýokdur. Onsoň...

Wekil uzyn obadaş aýallarynyň adna aýdyljak ýakymsyz sözleri eşidip durmak islemedi. Ol Hangeçeniň şowhunyna çümüp gitdi.

Aňyrsy ýarym sagatdan Wekil uzyn bilen Arzy ýeňňe ýaňadandan sataşmaly boldy. Wekil uzyn ol duşuşygy islemändi. Emma ol toý aladasyny kellesinde aýlap, haryt baryny göre-göre, haryt baryny ala-ala, ýene mal bazaryna dolananyny özem duýman galdy. Ol durşy bilen biçak ösgün ýüň possun geýnen goýny idip gelýän Arzy ýeňňeden gizlenjegem boldy, emma ömrüni zeýrendirip geçirden uzyn boýy ony bu gezegem gapana düşürdi. Ony esli ýerden görüp ýetişen Arzy ýeňňe: «Wekil ýege-e-en!» diýip gygyrdy. Hangeçeniň güwleýän deňiz ýaly şowhunynyň içinden saýlanyp çykan tanyş ses gulagyna ilen soň-a, Wekil uzyn gizlenmek ýa-da gaçmak meýlinden derrew el göterdi. Ol indi ýanyna baragada, aýtjagyny diňläp geçäýmese Arzy ýeňňeden gutulmajagyny bilýärdi. Şonuň üçinem ol tizräk Arzy ýeňňäniň ýanyna baryp, eden söwdasyny has ulaldyp öwmeli-de, dynmaly diýen netijä geldi.

— Arzygül, goýun aldyňmy? Tüweleme, seni-hä Türkmenistanyň söwda ministri edip belläýmelisi galypdyr!

— Haladyňmy? — diýen Arzy ýeňňe agzyny giňden açyp, ullakan sary dişlerini görkezdi. — Söwda ministri bolmak bize ýetdirmez, iň bolmanda, brigadir bolsun diýip bir ýokaryk ýazyňda. Ýedi klas bilimimem bar. Dört klas bilimliler başlyk bolşup ýörler. Üstesine, olaň döşüne Gahrymanlyk ýyldyzynam dakýalar. — Soň ol eden söwdasyna seretdi. — Ýüz elli dokuza aldym, jan dogan, ýüz elli dokuza...

— Goýny magazinden aldyňmy? — diýip, ýylgyrjak bolýanam, gaharlanjak bolýanam düşnüksiz Wekil uzyn sorag berdi.

— Bazardan aldym. Nä şu mahala çenli magazinde diri goýun satylanyna gabat gelipmidiň? Görýän welin, Wekil jan, gelin edinmek seň gäbiňi azdyraýan ýaly...

— Bazar söwdasynda tegelek on däl-de, dokuzyň näme ol?

— Aý, söwda etmegi oňarsaň, Wekil ýegen... Ýap-ýaňy meni Türkmenistanyň söwda ministrligine bellejek bolanam özüň dälmidiň?

— Ol-a çyn. — Arzy ýeňňäniň ýüz altmyş manada satyljak bolnan goýnuň bir manadyny gaýtarjak bolup, müň gepiň başyna ýetendigini göz öňüne getiren Wekil uzyn ol ýerden tizräk gitmegiň aladasyny

etdi. — Alan malyň-a iki ýüze-de degýä, Arzygül. Nesip etsin!
— Wiý, aýdýanyň näme, Wekil ýegen?! Saňa nesip etsin. Muny men seň toýuňa niýetläp aldym.
Aýdan sözlerine halys ökünen Wekil uzyn:
— Beýdip, biz üçin azara galyp ýörmeli däl ekeniň-dä — diýip, ýasama ardynjyrady.
— Seň üçin azara galman, kim üçin galaýyn, Wekil jan? Pul gysganmadym özümem. Hangeçene şu gün gelen iň gowy goýny saýlap aldym. Pul gysganmadym. Her öňýeteniň toýy üçin onça pul seçilýän däldir. Sen ony bilýänsiň. Şü pille pul gazanmagam aňsat däl-ä. Onam özüň bilýänsiň.
Gapdaldan bir ýaş ýigit peýda boldy-da:
— Ýeňňe, satjak bolsaň, bahasyny kes. Malyň-a ýaman däl ekeni — diýdi.
— Görýäňmi, Wekil jan! — diýip, Arzy ýeňňe dylym-dylym etdi. — Seň üçindir bu zatlar. Görseň, Arzygül eçilendir.
Goýnuň nyrhyny soran ýigit sesini gataltdy:
— Arzygül ýeňňe, goýun satlykmy diýilýä saňa!
— Goýun satlyk däl welin — diýip, Arzy ýeňňe ömründe ilkinji gezek görýän ýaş ýigidiniň ýüzüne çiňerilip seretdi. — Sen meni nireden tanaýaň, hanym?
— Goýun satlyk däl bolsa, gep gutardy — diýip, ýaş ýigit ýöräberdi. — Ýogsam men diňe seni däl, Wekil ýegenem tanaýadym.
Wekil uzyn Arzy ýeňňäniň ýüzüne garady. Emma aýtmaga taýynlan sözlerine derek başga zat diýmäge mejbur boldy:
— Arzygül, bagyşla, meň-ä aladam kän...
— Aladaň kändir, kändir! — Arzy ýeňňe Wekil uzynyň aýdanyna özüçe düşündi, äheňindenem ýagdaýa kybapdaş many alyp bilmedi. — Ertir toý edýän adamyň aladasy ýetikdir-le...
Bazar ýaňy gyzyşanam bolsa, Arzy ýeňňe üçin onuň şowhuny köşeşip, bazarçylaryň gylawy ýatyşan ýaly boldy. Sebäbi, Arzy ýeňňäniň özi şeýledi. Onuň esasy söwdasyndan başga-da, bir topar maýda-çüýde zat almaga niýetläp alyp gaýdan puly zordan bir goýna ýetdi. Elinde galan puly bilen ol indi oba aşaýsa zor

boldugydy. «Pulsuz bazara barandan, kepensiz göre gir» diýleni çyn ekeni. Puluň gutarmagy bilen gutarmadyk bazaryň ýaňy başlanan dabarasam ýok boldy ötägitdi. Arzy ýeňňäniň göwnüne bolmasa, geçmäge-goýmaga ýol bermän, eriş-argaç bolşup ýören adamlaryň ählisi pullaryny gutaryp, öýlerine tarap gidýän ýalydylar. Çünki Arzy ýeňňäniň özem adam tokaýyndan çykarýan ýodany agtarýardy. «Wekil ýegeniň syrty bitdi. Onda goýun getirjek hossaram-a ýokdur welin, müň goýun getirilende-de, meňkiden gowusy bolmaz. Wekil ýegeniň syrty bitdi!»

Ötmäge-geçmäge ýol-ýoda bolmany üçin, maşynlaram pyýadadan gaty ýöremeýärdi. Goýun idip barýan adamdan ozup bilmeýänine jany ýanyp, hyrçyny dişlän ýigit ýeňil maşynyň aýnasyndan boýnuny çykardy-da:

— Ýeňňe, işşege näçä çildiň? Abatja mal ekeni! — diýdi.

— Çilemok, han ogul, satyn aldym.

Göçmeräk şofýor Arzy ýeňňe gülkünç zat aýtmadygam bolsa, bazaryň gohuny ýeňjek bolýan ýaly sesinde bary bilen gülensoň:

— Satyn alanyňy bilýän — diýdi. — Ýöne bazaryňam öz dili bar. Şo dilde geplemeseň, Hangeçeniň neşesi gaçan ýaly bolaýýar. Ýüz elliden-ä bäri beren dälsiň oňa.

— Ýüz elliden-ä ýokarragam berdik welin, han ogul, indi muny oba aşyrmak hyllalla.

— Olar ýaly maly oba ýeňil maşynly äkitseňem, günä bolasy ýokla, ýeňňe. Ýa senem, o tüki, bitini çöpleýän husytlardan bolmalymy?

— Oýlanyp geple, han. Husyt bolsa, şonça pul berip Wekil ýegeniň toýuna goýun eltjek bolarynmy? Oýlanyp geple.

— Toý maly bolsa, goýunam al-da, mün, ýeňňe. Özüm elinjek eltip gaýdaýyn.

— Näçe diýýäň?

— Haýsy oba?

— Gojuk obasy.

— Samsykýaba ýetmän, çepe sowlaýmaly dälmi? Esli ýer-ä bar welin, on manat beräýsene.

— Sekiz berýän.

— Uşamaly, ýeňňe jan. Altynjy wypuska «Žigulä» nebsiň agyrsyn. Özünem ýaňyja süpüripdim.

— Dokuz manat.

— Sen-ä halys şaýlyga öwrüldiň, ýeňňe jan. Ýedi ýadyň toýuna göle ýaly goýun alyp barýan bolsaň...

Arzy ýeňňäni tankytlasa-da, maşynly ýigidiň özem irimçik däl ekeni. Ýolagçy näçe çekeleşse-de, ol kesen nyrhyndan ýeke köpügem kemmedi. Şeýdip ol düşmelisinden iki manat artyk düşürdi. Ýöne oňa derek, görjek bähbidinden zyýadyrak ezýetem çekmeli boldy. Tä öýüniň işigine gelip, ulagdan düşýänçä, Arzy ýeňňe onuň gulagyny kamata getirdi. Ol öýünden çykyp, goýun söwdasyny edýänçä bolan hem bolmadyk wakalary telim gezek ulaldyp, öwran-öwran gaýtalady. Awtobusyň üstünde ujuna bir çümmük boýag düwlen ýaglygy ogurlan hüžžük saçly ýigidem bir däl-de, näme üçindir, dört edilip görkezildi.

...Mundan ozal-a oýnaşyp ýören çagalaryň, işi-aladasy bilen barýan adamlaryň derdinden ýaňa Gojuk obasynyň köçelerinden arkaýyn geçilýän mahaly ýokdy welin, bu gün-ä edil göçülip gidilen ýaly. Arzy ýeňňäniň ýeňil maşyn münüp gelenini adam ogly görmedi. Maşyn Arzy ýeňňäniň öýüne ýetýänçä müň ýarym gojuklynyň ýekejesi gabat geldi. Olam Hajy kör boldy. «Nesibäm şor bolmasa, üç müň gojuklydan maňa gabat gelmelisi Hajy kör bolmalymy diýsene!» Dogrudanam, gözi-başy abat müň ýarym adamdan Arzy ýeňňäniň paýyna düşen Hajy aga bolaýmalymy? Gözi ugursyzrak Hajy aga-da özüne kör diýdirmejek bolup, seretmesiz zada-da serederdi, gözi abatlaryň görmeýän zatlarynam görerdi. Kör diýseler diýibersinler, Hajy aga gapdalyndan waz ýasap geçip gidýän ýük maşynynyň kabinasynda oturanyň şu obalymy ýa-da däldigini saýgarýardy. Emma...«Şu gün Hajy körem çepine ýatypturan ýaly, öňki Hajy kör däl. Ýogsam ol hakyt çatrykda, özem meň maşynymyň haýallan pursady sataşdy ahyryn. Garagy gapylmyş, Hajy kör şonda-da men tarapa garamadam. Arkam ýükli, salkam-sajak bolup gelýän bolsam-a, kör hazanyň garagyna ilerdim. Abraýa ýakyn mahalym ähli kişiniň garagy etegine gaçan ýalydyr!»

Şeýdip, hüňürdäp ýören Arzy ýeňňe getiren goýnuny tuduň kölegesinde daňyp, yzyna dolanan badyna Hajy agany gördi. Ol edil asmandan düşen ýaly bolup, işikde, öý eýesine garaşyp durdy.

— Arzy gelin, ýaňky lökgebusyň içinde oturan senmidiň ýa meň gözüme göründimikä?

Hajy aganyň gelmegi, ýaňky sözleri diýmegi Arzy ýeňňäni gaharlanmadyk ýaly etdi. Ol asyl degişdem:

— Sen onda öz kör gözüňe müňkür bolup, meň yzymdan gelipsiň-dä? Şeýlemi?

Hajy aga-da Arzy ýeňňeden pes oturmady:

— Hökman müňkür bolsaň gelmelimi? Sen ýaly başyboş gelniň gapysyndan başga ýumuş bilen gelinäýdigem bardyr-la, Arzygül?.. Nätdim, Arzygül? — Gaýtaran jogabyndan özi hoşal bolan Hajy aga şeýle bir güldi welin, goňşy melleginiň aňry çetinde talyň düýbünde kölegeläp ýatan köpegem ol gülkä biparh bolman, bir-iki gezek göwünli-göwünsiz üýrüp goýberdi.

— Lakgyllamasana, kör. Indi seň ýygan ýandagyňy horan düýe beri iýýämi! Sonajemaly oňardyň-da, men galdymmy? Meni-hä asylam oňaryp bilmersiň.

— Seni oňaryp bolýan bolsa, öz äriňem Täjigistana gaçmazdy-la, Arzygül gelin.

— Şony bilýän bolsaň, biderek gepleme-de, gowusy, gözüňi giňiräk aç. Meň alan malyma baha ber.

— Wekil uzynlara äkitjek goýnuňa diýýäňmi?

Hem begençli, hem buýsançly Arzy ýeňňe gözlerini süzüp, Hajy aga seretdi.

— Oň nirä äkidiljegini sen nireden bilip ýörsüň?

— Ony tutuş oba bilýä! — diýip, Hajy aga ýylgyrdy. — Seň nähili goýun alanyň, gara sakgally ýaşuly bilen bir manat üstünde näçe çekeleşeniň dabarasy özüňden öňürti Gojuga geldi. — Arzy ýeňňäniň birneme düýrügendigini aňan Hajy aga, ony köşeşdirmegiň aladasyny edip, henegini goýdy-da, asylly görnüşe geçdi. — Bazaryň, onda-da Hangeçeniň ähli neşesi şol çekeleşmekdedir, Arzygül. Çekeleşigiň humaryna düşünýän adamlar bir manat üstünde ugurlaşman, ýedi

gezek bazara gidip ýörendir. Şo bolmasa, Hangeçende gyzygam galmaýa. Meň kakamyň atasy pahyram şeýle ekeni. Bir çokaý üçin tas ýarym ýyl bazara gatnapdyr bende...Bärik bir lökgebus sowuldy welin, içindäkiň sendigiňi, däldigiňi oňly saýgarmadym-da, yzyma gaýdyberdim. Ýogsam, togtorhana barýadym-la...

— Näme, ýaramajak bolýaňmy?

— Meň bi gözlemmiň ýaran wagtyny görüpmidiň sen, Arzygül?

Arzy ýeňňe-de obadaşynyň hälki gülküsine indi jogap gaýtarjak bolýan ýaly taýçanagyň kişňeýşine meňzedip, gülüp goýberdi. Ol gülkiniň yzyndan, diýjegini diýibem ýene güldi.

— Hih-ha-ha-a! Doga neýlesin ýaga diýenleri ýaly, seň o gözleňňe dogtorhana neýlesin. Onsoňam, şunça gatnabam «togtorhana» däl-de, «dugtorhanadygyny» öwrenmänsiň sen, Hih-hah-ha-a!

Tuduň aşagynda duran goýun, megerem, şu mahala çenli gulagyna ilmedik geň gülkini eşidensoň, bärsine bakdy-da, «Me-e-e» etdi.

Goýuna tarap sereden Hajy aga ýylgyrdy.

— Wekil uzynyňky-ha çüwüpdir, Arzygül. — Şuny diýdi-de, ýaşuly ýöräberdi. Arzy ýeňňä-de geregi şolar ýaly batly sözdi. Emma jaýyň burçuna ýeten Hajy aga aýak çekip, kürtdürip durdy-da, birdenem yzyna aýlandy. Ol ullakan ýaglygy bilen gözlerini süpürip, goýny golaýdan synlansoň, Arzy ýeňňäni ertir tä toý gutarýança biynjalyk etjek, ukusyny tutdurmajak sorag tapdy.

— Wekil uzynyň kimdigine senem-ä beletsiň welin, düýe ýaly goýun elten adama ol näme gaýtararka?

Hajy aga gitdi. Ýöne ol Arzy ýeňňäniň gursagyna bir gysym gor hem guýup gitdi. Sylanyşyk, hormat-hezzet hakda pikir etse-de, Arzy ýeňňe meseläniň Hajy aganyň gürrüňini eden tarapy barada welin oýlanman ekeni. «Hajy kör dogry aýdýar. Men ýüz elli dokuz manat töläp mal eltsem, olam maňa üç manatlyk «ýelýyrtan» ýaglyk salaýsa...» Dogrudanam, Wekil uzynlar şeýdäýse, nädip bolar? Hiç zadam edip bolmaz. Şeýtdi diýip dilem ýaryp bilmersiň. «Toýdan topukça» diýip, berleni alarsyň-da gaýdarsyň». Aý, ýok, Wekil ýegen gysyk bolsa-da, beýle biynsaplyk etmez. Hangeçende goýnuň näçä durýandygyny ol öz gözi bilenem gördi ahyryn. Ýa-

da...Ýok, beýtmek bolmaz. Eýýäm gojuklylaň köpüsi eşidendirler, eşitmediklerine-de Hajy kör aýdyşdyryp çykar». Wekil uzynyň ömründe ilkinji hem iň soňky gezek ogul öýerip toý edýändigini ýatlanda Arzy ýeňňäniň dünýäsi giňäp gitdi. Ilkinji gezek toý edýän adam, dogabitdi husyt bolsa-da, bir-iki gün eçilýär, tarhanlyk eden bolýar. Eden tarhanlygyna iki günden soň ökünse-de, birbada eçilýär. Wekil uzynam, belki, şeýle bolaýady-da.

Şeýle ýagşy oýlar bilen Arzy ýeňňe özüni köşeşdirip söm durka Hajy aga ýene işikde peýda boldy.

— Seň bilen gepe gümra bolup, bazar güni dermanhananyň işlemeýändiginem unudaýypdyryn, Arzygül — diýip, Hajy aga entek gapa ýetmänkä gepläp başlady.

— Seň gözüňe derman gerek däl, Hajy. Seň o gözleň görmesiz zatlaram görýä. Kelläňi bejertmeli, kelläňi. Ýöne, sen ýaňy Wekil uzyn hakda näme diýjek bolduň-a? — diýen Arzy ýeňňe degişmesiniň yzyny öz biynjalyk bolýan meselesine sapyp, Hajy aganyň agzyna gep salyp berjek boldy.

— Men o hakda üýtgeşik zat diýemok. — On minut mundan ozal aýdan gepi eýýäm hakydasyndan çykan Hajy aga öz-özünden biynjalyk bolup, gözlerini gyrpyldatdy. Birdenem, aýdan sözi ýadyna düşen ýaşuly janlanyp gitdi. — Wiý, o diýenimmi? O diýenimiň erbet manysy ýok.

— Men erbet many hakda däl. Seň şol edýän çaklamaň nädogry bolmaly.

— O näme üçin? — diýip, öýünde-de ullakan işi ýok Hajy aga mesele bilen gyzyklanýandygyny aňdyryp, garma donuny beton sekiniň üstüne ýazdy-da, ykjamlanyp oturdy. — O näme üçin nädogrymyş?

— Nädogrylygy, öňi bilen-ä, Wekil uzynyň Baýram jandan başga öýerjegi ýok. Şondan başga gelin toýa Wekil uzynyň ýüzi ýa düşer, ýa düşmez. Onsoňam:

Arzy ýeňňe çuň oýa batyp, hasapdanlyk etdi. — Sen bir zada üns ber, Hajy...

— Hawa?

— Ertir alynjak gelin düşegine hamyla galanda-da, şol bäbegem ogul bolanda-da, onam oba Sowetde galp kagyz düzedip, on ýedi

ýaşda öýerenlerinde-de...

— Tirkew-tirkew hasaplaňňy tüketsen-aýt, Arzygül. Beýdip, sepläp oturma-da...

— Sepläp oturmasam, şol oguldygam näbelli ogul öýlenýänçä, Wekil uzyn ýetmişdenem aşýa. Belkem, o çaga ogul däl-de, gyz boljak. Onam Alla bilýä.

— ...?

— Diýjek bolýan zadym, är ömründe bir gezek toý edýän Wekil uzyn gysylmaz. Näme eltseň, şoň agramyçaragam halat gaýtarar. Goýun elteniňkem goýun ýaly bolar.

— Garaşyber goýuna! — diýip, ýerinden turan Hajy aga özi bilen sekiniň tot-tozanyny alyp galan ýeňsesini kakdy. Soň ol Arzy ýeňňe bilen gepleşmän, mellekdäki agaçlara ýüzlenýän ýaly aňyrlygyna bakdy. — Wekil uzyny tanaýan dälsiň-ow! Sen Gojuk obasynda towugyň ýumurtgasyny näden satýanlaryny bilýäňmi?

— Bilýän.

— Näden satýalar?

— On köpükden.

— Dogry, on köpükden. Iliň on köpük nyrh kesýän ýumurtgasyny seň Wekil ýegeniň näden satýa?

— Men-ä ondan ýumurtga alyp göremok welin, Wekiliňkem il nyrhydyr-da.

— Il nyrhydyr! — diýip, Arzy ýeňňäniň sözlerini gaýtalan, ýöne ony ýaňsylap gaýtalan Hajy aga ýene ýüzüni kesä sowdy. — Seň ol ýegenjigiňe ilden çykan diýerler. Tutuş Gojukda ýumurtga on köpükdenkä, Wekil uzyn on bir köpükden satýa. Şeýdip, görýän nepi näme? Ýüz ýumurtgadan bir manat utýa. Ýüz ýumurtgadan bir manat! Tapdyň baý boljak hazynaňy, köpeý ogly!

— Aýdýanyň çyn bolsa, Wekil uzyn-a oňarmaýar ekeni.

Hajy aga nägiledigini aňdyrmak üçin Arzy ýeňňä tarap gaharly äňetdi:

— Aýdýanyň çyn bolsa! Hajy kör nä ýalan sözläp ýörenlerdenmidir? Onda-da, Hajy kör ýumurtgaň üstüne goýlan ýeke körük üçin-ä asylam ýalan sözlemez. Kimiň çyn, kimiň ýalan sözleýändigini, ynha, öküz ýaly goýuna derek müň toý aýlanan, kirli köke düwlen ýelýyrtan alaňda bilersiň. Şonda Hajy köri ýatlagyn.

Men-ä gitdim, Arzygül...

Hajy aga tamyň burçuna ýetende, öý eýesi ony saklady:

— Men şu goýny eltmäýsem nähili bolarka, Hajy? Wekil uzyn maňa salgyt salanog-a.

Hajy aga aýak çekenem bolsa, yzyna gaýtman jogap berip gitdi:

— Beýtseň, Wekil däl-de, özüň masgara bolarsyň, Arzygül. Seň o toýa goýun eltjegiňi tutuş Gojuk bilýär ahyryn.

— Wekil uzynyň özem bilýä.

— Onda-ha hasam. Ol bolmaz, Arzygül, bolmaz. Ondan buýanam mal seňki. Oýlanyp gör. Ýöne, indi giçdir.

Hajy aga gidensoň, ýene gapysyny açmadyk Arzy ýeňňe tamdyryň gapdalynda duran bedräni eline aldy. Ol bazardan getiren malyna suw bermek isledi. Arzy ýeňňe mellegiň gyrasyndaky ýodajyk bilen ýaba tarap barýarka, boş bedräniň jygyldysy ony esasy pikirinden daşlaşdyrdy. Emma ol ýagdaý uzaga çekmedi. Wekil uzynyň toýy ertirdi. Ýöne, toý güni işliräk adamlar, bir gün öňünden bolsa-da, toýy gutlap gaýdyberýärdiler. Şu mahal köçe bilen gaýralygyna barýan aýallary hem toý ýere ýönelen hasap eden Arzy ýeňňe olar daşlaşmankalar öňlerinden çykmak isledi. Onda aýallar bilen salamlaşandan soň, gepiň gerdişine görä aýdylan ýaly edip, Wekil ýegeniň toýy üçin alnan goýun hakda söz açmak höwesi döredi. Ýöne onuň arzuwy amala aşmady. Birinjiden-ä, toýa barýandyklaryna indi müňkür bolmaga ýer goýmadyk aýallar köçeden saga sowlup, çil bilen Wekil uzynlara tarap gönülediler. Ikinjidenem, olardan gözüni aýyrmajak bolan Arzy ýeňňe ýodajykdan göni ýöräp bilmän, erbet büdredi, entirekläp gitdi, sag aýagynam bijaý agyrtdy. Günäkär özi hem bolsa, toýa barýan aýallar ol bolan iş üçin Arzy ýeňňäniň gaýybana sögünjinem alyp gitdiler. «Hernä aýagym bir çykyp ýa döwülmedik bolsa ýagşy. Toýa keýtikläp barsam, il näme diýer!»

Toýly pikir Arzy ýeňňäniň beýnisine ýene ymykly ornaşdy. Gojuk obasynda hiç hili gizlin syryň bolmaýandygyny ozalam telim gezek aýdan bolsam gerek. Kimdir biriniň toýuna mal dagy-ha eltiläýse, ol hakda toý dabarasy ýatandan soňam kän gürrüň

ederler. Emma Arzy ýeňňe öz obasyna beledem bolsa, özüne bähbitli meselede il köneden gelýän endiginden döner öýtdi, gybatçylar gybatyny taşlap, içinde gep saklap bilmeýänleriňem agyzlary mumlanan ýaly bolar öýtdi. eger ähli zat Arzy ýeňňäniň çaklaýşy ýaly bolaýsa, ýörite Hangeçene gidilip, onça pul berlip alnan maldan tutuş oba bihabar galjakdy.

Köpriniň öňünde, göni gelýän ene ýapdan gaýralygyna sowulýan salmanyň gulagyny bekläp duran on üç-on dört ýaşlaryndaky oglan Arzy ýeňňäniň ünsüni özüne çekdi. Oglan Wekil uzyn bilen duldegşir goňşudy. Şol ýagdaý hem toý hakda dil ýarmaga Arzy ýeňňä esas boldy.

— Goňşyň toýunda hyzmat etmeli halyňa palçyga bulanyp ýörmäň näme, hanym?

— Wekil agaň toýuna diýýäňmi? — diýip, piliň sapyny dyzyna diräp duran oglan Arzy ýeňňäniň ýüzüne garaman, sorag berdi.

— Hawa, şoň toýuna diýýän. Ol seň goňşyň ahyryn!

— Seň ýadyňa toý düşýä, Arzy gelneje! — Oglan piliň gumhanasyny dolduryp alan üsti çaýyrly palçygy gulaga oklanda Arzy ýeňňe atylyp, yza tesmeli boldy. Bolsa-da, palçykly suwuklyk onuň uzyn köýneginiň etegini-hä ýetip galdy. Arzy ýeňňe oňa ünsem bermedi.

— Toýdan zerur näme bolsun?

— Bize-hä şu gulagy beklemek iş bolýa, Arzy gelneje. Mellegimizi zeý göterjek.

Arzy ýeňňe şunça üstünden eltjek bolsa-da, oglan edil bilgeşleýin diýen ýaly toýly meseleden daşlaşýardy. Şonuň üçinem Arzy ýeňňe aýdasy gelýän zadyny diline getirmeli boldy:

— Biz-ä mellegimizi sil göterse-de, toýa gideris. Özümizem janlyly bararys. Toý ýalam bir gowy zat bolarmy!

Oglan ýene Arzy ýeňňä üns bermeýäne meňzedi. Iň bolmanda, çalarak gulak gabardanda: «Özümizem janlyly bararys» diýen sözler oňa täsir etmelidi.

Edil köpriniň üstüne gelip saklanan ýük maşyny Arzy ýeňňe bilen gulak bekleýän oglanyň arasyna düşen demir perdä meňzedi.

Şofýor ýigit salam berdi-de, suwsuzlykdan ýaňa sütüni süýnüp, zordan ýaba ýetäýen mala hyzmat edýän ýaly çaltlyk bilen kapoty açdy, soňam köne bedräni suwa çümdürip çykardy. Içine sowuk suw giren maşyn sojap-sojap dem alýan ýaly, ähli ýerinden bug çykardy. Şondan soň şofýor kabina ýöneldi. Şol pursat Arzy ýeňňe saklanyp bilmedi:

— Toýa howlugýaňmy, Serdar?

Serdar gulak bekleýän oglan bilen belleşen ýaly:

— Arzy ýeňňe, toý seň ýadyňa düşýä! — diýdi. — Biz-ä kolhozyň işine-de ýetişip bilemzok. Mekgejöwen gurap barýa. Dürüşde etmeli. Toý diýýäň. Toý gowy zat. Ýöne biziň-ä şu günler syrtymyzy gaşamaga-da elimiz degenok.

— Wekil uzyn seň garyndaşyň dälmi näme? — diýen Arzy ýeňňe Serdaryň jogabyna-da garaşmady. — Biz-ä Wekil ýegeniň toýuna goýunam alyp barýas...

— Garyndaşam ýagdaýa görä bolmaly-da — diýip, Serdar Arzy ýeňňäniň jogabyny öňünden bilip berýän soragyna jogap gaýtarsa-da, goýun hakdaky esasy gepe ünsem bermedi.

Kabinanyň gapysy jalkyldap ýapyldy.

— Toýa garrama ýok, Arzy ýeňňe, Wekil uzynam bizden öýkeläp durasy ýok.

Demir perde aýrylsa-da, aňyrsynda oglan görünmedi.

«Serdaram meň habaryma geň galmady. Toýa goýun eltmek adaty bir wakamyka? Arzy ýeňňe öz-özüni köşeşdirmäge waka agtardy. — Serdar goýunly habara bilgeşleýinden üns beren däldir. Sebäbi ol Wekil uzyna ýat däl, oň bilen garyndaş. Emma men ýaly ýedi ýat goýun eltýä. Ol bolsa...«Beýle ýagdaý Serdary kemsindirmelidi. Beýle ýagdaý üçin Serdar Arzy ýeňňäniň öňünde-de, garyndaşy bolan Wekil uzynyň öňünde-de utanmalydy. Diýmek, Serdaryňky-ha düşnükli.

Şol zatlaryň pikirini başynda aýlap barýan Arzy ýeňňe öýüniň gapysyna baransoň, boş bedräni ýerde goýanda dörän şaňňyrda özüne geldi. Ol öz üstünden gülýän ýaly çalaja ýylgyrdy-da, ýene yzyna güzere tarap gitdi. Deňinden geçilende boş bedrä gözi düşen

goýun ykrandy...

Toý edýän Wekil uzyn bolsa-da, onuň kynçylygy Arzy ýeňňäniň üstüne düşdi. Ol öten agşam bazar aladasy bilen uklamadyk bolsa, bu gije hem ertirki toýdan aljak haladynyň nämedigini öňünden biljek bolmagyň aladasy ony uklatmady. Hakykatdaky ol aladanyň ahyram düýşe sapdy. Düýşünde Arzy ýeňňe Wekil uzynyň toýuny toýlap ýör. Birden toý eýesi köpçülikden saýlanýar-da, toýa mal alyp gelenleri, şolaryň arasy bilen Arzy ýeňňänem öz ýanyna çagyrýar. «Meni sylap, meň toýumy hormatlap, goýun mäledip gelen adam toýdan düýe bagyrdyp gitmeli bolar». Wekil uzynyň ol habaryndan soň Arzy ýeňň başgalaryňkydanam tapawutlanyp duran, has göze doly arwana berilýär. Onuň näme üçin beýdilýänine toýa gelenler düşünmeselerem, toý eýesi bilen toýa mal getirenler kemsiz düşünýärler. Arzy ýeňňäniň getiren goýny beýlekileriňkiden hem uly, hem semiz. Arzy ýeňňe goýun getirip, ýerine ullakan arwana alyp gidýändigine çäksiz begenýär. Ýöne ertir ukudan açylandan soň welin, onuň gijeki begenji zym-zyýat boldy. «Düýşüňde göreniň tersine bolarmyş». Ana, şol tersine bolmaklyk Arzy ýeňňäni gaty gynady. Ol günüň dogaryna howlugdy. Nähili hem bolsa, hakyky netijäni görüp ynjalmak isledi.

Toý ýere gitmek üçin ýüregi elewräp dursa-da, Arzy ýeňňe özüne erk edip, guşluga çenli garaşmaly boldy. Toýa gaty ir barsa, ilki bilen-ä Wekil uzynlaryň geň galmaklary mümkindi, soňundanam, beýle irlese, adamlar örmän, köçe bilen uly goýun alyp barýan Arzy ýeňňäni hiç kim görjek däldi. Dogry, Arzy ýeňňäniň Wekil uzynyň toýuna niýetläp goýun alandygyny tutuş Gojuk eýýäm bilýärdi. Emma «Eşiden deň bolmaz gören göz bilen» diýip ýöne ýere aýdylmandyr ahyryn.

Sabyr-takatyna jylaw salyp saklan Arzy ýeňňe azap baryny çeke-çeke wagtyny uly guşlukdanam geçirdi. Ol uly tolgunma hem joşgun bilen ýola çykdy. Ýöne, goýnuny haýal ýöretjek bolup, ýüpünden şunça çekse-de, öňünden çykanam, lak atanam boldy. Diňe Wekil uzynyň melleginiň deňine ýetende, sag aýagynyň balagyny buduna çenli çermän welosipedli oglanjyk köçede peýda

boldy. Onuň bolup gelşi göze ilginçdi, münüp gelýän welosipedem, sandan çykan traktor ýaly ala-şakyrdydy. Üstesine-de, welosiped uly adamynyňky bolany üçin aýagy pedala oňly ýetmän, oglanjyk iki tarapa çaýkanýardy. Gabatlaşylanda zynjyry sypyp gitdiminämemi, welosiped şatyrdap-şatyrdap, öňküsindenem üýtgeşik ses etdi. Asly eldeki bolsa-da, garaşylmadyk ýagdaýdan birneme ürken goýun gapdala zyňyldy. Ýüpi elinden sypansoň, goýundan el ýuwandyryn öýden Arzy ýeňňäniň haýýaty göçdi. Ol şeýle bir çirkin gygyrdy welin, onuň sesinden elheder alan oglanjyk welosipedi bilen birlikde köçäniň gyrasyndaky syrgynlyga girip gitdi.

Goýnuň ýüpüni garbap alan Arzy ýeňňe akja köýnegi alabeder bolup syrgynlykdan çykan oglana tarap gazap bilen seretdi:

— Şakyrdysy başyna iýmiş, tas-a maldan dyndarypdyň. Muňa näçe pul berlenini bilýäňmi? Ýüz elli dokuz manat. Bir kem altmyş manat beripdim ahyryn. Özem täze puldan!

Oglanjyk Arzy ýeňňäniň maglumatyna ünsem bermedi. Öňkülerdenem üýtgeşik şatyrdy, jygyldy dünýäni doldurdy.

...Arzy ýeňňäniň toýa uly sowgatly gelýänini ozaldan bilýänem bolsalar, onuň äpet goýny idip gelýänini görselerem, myhmany diňe Wekil uzynyň aýal dogany garşylady. Arzy ýeňňe bolsa, gapyda peýda bolanyndan, Wekil uzynyň özi başlyklaýyn bir topar adam atylyp çykar öýdüpdi. Ýogsam üzüm dalbarynyň sütünine ýaplanyp duran Wekil uzyn Arzy ýeňňäniň goýun idip gelýänini görübem durdy. «Aý, toý aladasy bilen ýadandyr-da!» — diýip, Arzy ýeňňe öz-özüni köşeşdirdi. — Bu zamanada gelin edinýän adam ýalaňaç eşege ters münüp aýlansa-da, aýyp-syn ederligi ýokdur. Men giňräk bolaýaýyn».

Her hal, eli boş gelmedik adamynyň ýagdaýy başgaçarak bolýar-da. Kän mahal geçmänkä Wekil uzynyň gelnejesi, ýene bir myhman aýal, oglan-uşak Arzy ýeňňäniň daşyna üýşdi. Beýle ýagdaý goýun alyp gelene ýarady. Bolsa-da ol entek özüniň agyr pikir-aladasyndan saplanyp bilmeýärdi, hiç kim getirilen goýnuň näçä alnanyny soramaýardy. Wekil uzynyň ýakyn garyndaşlarynyň getiren mallary bilen deňeşdireniňde, Arzy ýeňňäniň goýny edil öküz ýalydy. Şol ýagdaýam aýal bilesigelijiligini oýardy.

— Seň goýnuň-a ähli garyndaşlammyzyň getireninden uly ekeni, Arzy gelneje! — diýip, Wekil uzynyň aýal dogany içki joşgunyny saklap bilmedi.

Arzy ýeňňe gabat gelen mümkinçiligi elden bermeli däldi. Ol şeýle etmek zerurlygy ýogam bolsa zülpüni sypady, aňyrrakda duran toý eýesine eşitdirjek bolup, sesine bat berdi:

— Wekil ýegen juda gowy göremsoň, pul gysganmadym-da. Ýüz elli dokuz manat berip aldym.

Arzy ýeňňe ol habaryndan soň, assyrynlyk bilen Wekil uzyna tarap seretdi. Onuň aýdylanlary eşidendigi çyndy. Ýöne, şonda-da, goýun getirene ýaranjaňlyk etmäge derek öý eýesi aňyrlygyna ötägitdi.

Arzy ýeňňe görkezilen jaýa tarap gitmedi-de, goýun agyla tarap bardy. Wekil uzynyň aýal dogany getirilen goýny agyla salyp, yzyna gaýtsa-da, Arzy ýeňňe gaýtmady. Ol agyldaky mallary synlady. Kesesinden seretseň, Arzy ýeňňäniň bolşy gülkünçdi, diňe bir gülkünjem däl, gaharyny getirýärdi. Emma ol özüni keseden synlap bilmeýäni üçin ýagdaýdan bihabardy. Onuň ähli ünsi mallardady, öz getiren goýnunyň beýlekilerden tapawudyny synlaýardy, şol tapawudyň ýene bir sagatdan-ýarym sagatdan bermeli netijesi barada oýlanýardy. Şonuň üçinem ol Wekil ýegeniň özüniň agylyň ýanyna gelip duranyndanam, onuň goýunlary synlaýşyndanam bihabardy.

Wekil uzyn sesiniň gödekligi bilen däl-de, agraslygy hem garaşylmadygy bilen Arzy ýeňňäni tisgindirdi.

— Haýwanlaň arasynda näme işläp dursuň? Öýe myhmanlaň ýanyna barsaň bolmadymy, Arzygül?!

Wekil uzynyň bolşundan, sesinden özüne degişli bir topar manynyň birinem kabul edip alyp bilmedik Arzy ýeňňe iň bolmanda salamlaşylmanyndan bir netije çykarmalydy welin, şonam başarmady.

— Şol toklyny näçä alandyrlar öýdýäň? — diýip, gaýtam, agylyň künjünde duran, beýlekilerden birneme tokarrak tokla tarap elini uzatdy.

— Arzygül, öýe, heleýleň ýanna barsaň bolmadymy?

Jogaba derek sorag berilmegi ýöne ýerden däldi. Emma Arzy

ýeňňe ýene hakykata öz düşünjesine görä baha kesdi.

— Seni çakdanaşa sylaýandygyma indi göz ýetirdiňmi, Wekil? Görseň, ganybir garyndaşlaňdan ýakyn gelendirin. Ýogsam, çykdaýjysam jähennem diýjek welin, aýal halyňa bazara gidip-gelmegem aňsat däl... Şol toklyny näçä alandyrlar öýdýäň?

Esli salymlap Wekil uzyndan jogap bolmady. Arzy ýeňňe gapdalyna gaňrylanda, agyldan daşlaşan toý eýesiniň öýe girip barýandygyny görüp galdy.

...Arzy ýeňňäniň açan gapysy uzakdan gelen myhmanlaryň oturan ýeri boldy. Myhmanlaryň arasynda Wekil uzynyň aýalam bardy. Arzy ýeňňäniň peýda bolmagy bilen myhmanlaryň ýüzünde üýtgeşik alamat görünmedi. Ol düşnüklidi. Myhmanlar gapydan geleni tanamaýardylar. Ýöne Wekil uzynyň aýalynyň welin sarsman oturyşyna Arzy ýeňňe düşünmedi, düşünjegem bolmady. Holha, kisäňe dykyp ötägitmeli mütrük tokly getiren adamlar törde, tama sygman otyrlar. Arzy ýeňňe bolsa bu toýa guşaklygyňa ýetip duran goýun idip geldi. Şonda-da Wekil uzynyň heleýi sarsman otyr. Belkem, ol entek Arzy ýeňňäniň tarhandökerlik edeninden bihabardyr? «Şeýledir-le, ýogsam bu çaklarda bazardan goýun saýlap alaýmagyň nähilidigini muň özem bilýändir. Ýöne...» Ýöne toýa ullakan goýun getireniňi oturanlara nädip duýdurmaly? Arzy ýeňňe şol meseläniň üstünden baraýar ýaly gep gözledi.

Köne şkafyň öňünde oturan zenandygyny diňe eşiginden tanaýmasaň, erkek adama meňzeş alagöz aýaly Arzy ýeňňe çalarak tanaýardy. Ol Wekil uzynyň garyndaşlaryndan bolmalydy. Ýöne Arzy ýeňňe onuň adyny ýadyndan çykarypdy. Agyldaky ullakan toklyny şol getirendir öýdüp çaklansoň, Arzy ýeňňe oňa:

— Gurgunçylykmy, gyz? Hemme baş tükelmidir? — diýdi.

Alagöz myhman ol soraglara jogap gaýtaran badyna, baş meseleden daşlaşylaýmagyndan gorkup, Arzy ýeňňe pursady elden gidermedi:

— Uly toklyny siz getirdiňizmi toýa?

Alagöz myhmanyň «hawa» diýenem, «ýok» diýenem düşnüksiz boldy. Ol çakdanaşa uly gözlerini tegeläp, toý eýesine seretdi. Ol seredişde: «Bu nähili sorag boldy?» diýen many bardy.

Myhmanyň näme jogap gaýtarjagyny bilmek Arzy ýeňňäniň hökmany borjy däldi. Onuň ähli maksady şol sorag-jogaplaryň üsti bilen islegini oturanlara beýan etmekdi. Tokar tokly alagöz myhmanyňkymy-dälmi, parhy ýokdy.

— Tokly gaty maýda-da däl ekeni. Oňa eslije tölänsiňizem?

— Aý, biz-ä oň bahasynam sorap durmandyrys.

Ol jogap Arzy ýeňňäniň islän jogaby däldi. Bolsa-da ol tutanyny sypdyrmady:

— Bazarda malam ot bilen ýalyn ekeni. Golaýyna barar ýaly däl. Zerur bolansoň almaly-da...

Esasy gürrüňiniň göni ýoluna düşen Arzy ýeňňe düýnden bäri kalbynda göterip gezen sözleriniň ýekejesinem saklaman, taraşlamanam goýberdi. Ol içini boşadansoň birneme ynjaldy. Aýdan sözleriniň Wekil ýegeniň aýalyna niçiksi täsir edendigi bilen gyzyklandy. Toý eýesiniň berlen habarlardan soň, açylyp ötägider öýdülen ýüzi, gaýtam, çytyldy. Ol Arzy ýeňňäniň ýüzüne-de garaman çykyp gitdi.

Toý eýesiniň beýtmesini birhiliräk görse-de, Arzy ýeňňe öz hereketlerini mamla diýip tapdy. Dogry-da. Arzy ýeňňäniň näme getirenini, nädip getirenini öz agzyndan bir eşidip galsynlar-da. Ýüz altmyş manatlyk goýna derek bir metr çit mata gaýtaraga-da, yzyndanam, wah, diýen bolmasynlar!

Öýde oturan ýarym sagady Arzy ýeňňe üçin ýarym gündenem uzak boldy. Ol haýsydyr bir bahana tapyp, toý ýerden gaýtmak isledi. Şeýtmek bilen ol näme halat salynýanyny bilmegi tizleşdirmekçidi. Şol niýet bilen daş çykan Arzy ýeňňe bu ýere gelip, eden hereketleriniň ählisiniň dogrudygyna ýene bir gezek göz ýetirdi. Öýden çykyp gaýdan aýal äriniň ýanynda duran ekeni. Wekil uzyn bilen aýalynyň getirilen goýun hakda pikir alyşýandyklary çyndy, olaryň ýagdaýdan razydyklaram görnüp durdy. Sebäbi, Wekil uzynyňam ýüzi açylan ýalydy. Ol asyl öýden çykan Arzy ýeňňäni görüp ýylgyrdam welin:

— Arzygül, içeri dymygrak bolsa, kölegä çykar! — diýende, sesem mylaýym eşidildi.

«Beren ejem gowuja» diýenleri-dä. Getiren malynyň bahasyny

açyk bilensoňlar, bulaň seslerem üýtgäberdi». Içinden şeýle pikir eden Arzy ýeňňe daşyndan bolsa:

— Men yssy bolany üçin daş çykamok — diýdi. — Rugsat berseňiz, men-ä, Wekil ýegen, gaýtmakçy. Toýuňyzam gutly bolsun!..

— Wiý, Arzygül, toý gyzyşmanka, gelnalyjy ugramanka-da bir gaýtmak bolarmy?!

— Wah, sizem meň ýadaýyma düşüniň — diýip, Arzy ýeňňe halymsyrady. — Men siziň toýuňyzda il ýatyp, it uklaýança hyzmat etmejekmi! Ho-ol, Çebişgeniň etegindäki daýzam keselhana düşüpdir. Görnüp gaýtmasam, birhili... Rugsat berseňiz...

Wekil uzyn bilen aýaly bir-birege seredişdiler-de: «Beýle bolsa, biraz garaş!» diýşip, içerik girip gitdiler. Olar öýden çykýançalar garaşylan üç-dört minutyň görkezen görgüsini diýsene!

Eline berlen düwünçegi goltugyna gysan Arzy ýeňňe ýüz elli ädimlikdäki öýüne ýetmäge kanagat edip bilmedi. Ol ýoluny ýarpylanda, gyrasy gür tutly ýaba girdi-de, düwünçegi açdy. Ýüregi gürsüldäp, der basan aýal derrew özüne geldi. Düwünçekdäki ullakan ýüň seçeklidi. Arzy ýeňňäniň çak edişine görä, beýle seçeklini Hangeçenden aljak bolsaň, azyndan ýüz elli manat bermelidi. Arzy ýeňňe söwda-satyk etmese-de, onça zatlara düşünýärdi.

Ýöne Arzy ýeňňe başga bir zada welin düşünmedi. Ol öýüne baranda, toýa elten goýny öz gapysynda daňylgy durdy. Wekil uzynyň şol oýny Arzy ýeňňäni kän oýlandyrdy.

## AHYRZAMAN

*Kömek Kulyýewe*

Öten agşamky ýary düşnükli, ýary düşnüksiz gepleşigiň manysy Tarhan aganyň başyna alada bolup indi. Goja rus dilini oňly bilmese-de, meseläniň örän çökderdigini aňdy. Sakgally-sarmykly çalsaç alymlar gezek-gezegine gepledi. Olar ýer şarynyň şeklini, oňa tarap atylyp gelýän gara daşa çalymdaş zady görkezdiler. Çyzgy baryny çyzyp, hasap baryny çykaryp, şol gara daşyň geçjek ýoluny

kesgitlejek boldular. Kesgitlän bolmaklary-da mümkin, ýöne Tarhan aga gelnen netijäniň manysyny açyk saýgaryp bilmedi. Emma ol, gara daşyň ýer bilen çaknyşmak howpy amala aşsa, gowulygyň bolmajakdygyny aýdýandyklaryny aňdy.

Doly düşünsin-düşünmesin, garaz, ol habar gojany ynjalykdan gaçyrdy. Tarhan aga diňe öz gara başynyň gamyny iýýänlerden bolmansoň: «Il bilen gelen — toý-da-baýram» diýen nakyly-da ýatlady. Birdenem «Ýer togalygy pytrar-da, toý-baýram» bolarmy?!» diýip pyşyrdady, bolaýmagy ahmal wakany göz öňüne getirmäge synanyşdy. Onuň hyýalynda kän-kän aýylgançlyk janlandy. Garaşylýan uly waka bilen deňeşdireninde hiç zat bolaýmaly başga bir ýagdaý şol aýylgançlyklaryň arasynda aýratyn saýlandy. Ol hem Tarhan aganyň bergisidi. Ýaşuly üç-dört aý mundan ozal içine giren täze jaýyny guranda, ýetirnip bilmänsoň, obadaşy Garry gassapdan pul karz alypdy. Garry gassap pula mätäç ýa-da «Bergiňi berseňem berersiň, bermeseňem berersiň» diýip, gapyňy depip durjaklardanam däldi. Oňa garamazdan, telegepleşikden soň, şol bergi Tarhan aganyň böwrüne aýrylmaz sanjy bolup ýelmeşdi. Tarhan aga ýelýürek bolmasa-da, algy-berginiň manysyna özüçe düşünýän adam. «Ýer togalagy pytrasa, janly-jandar ýok bolsa, menem bergidar bolup gitsem...»

Gojukda oba çygryndaky ýerli habarlary, gep-gybatlary biljek bolsaň, ýaňsylanyp «Telegraf agentligi» lakamy dakylan Akgül daýza, dünýä möçberindäki uly meselelere düşünjek bolsaňam okalga müdiri Ýagşylyga ýüz tutmaly. Ýagşylyk ýokary bilimli bolmasa-da, gojuklylar ony ylmyň çür depesine çykanlardan pes görmeýärler. Okalgada işlänsoň, onuň kitaba dümtünip oturmakdan gaýry pişesi ýok. Öten agşamky habaryň anygyna ýetmek üçin Tarhan aga, elbetde, Ýagşylyga ýüz tutmaly etdi. «Ýagşylygyň bilmeýän zady, başy çykmaýan meselesi bolmaz».

...Tarhan aga açyk duran gapydan girende, giň otagyň töründäki stoluň başynda daşyna kitap baryny üýşürip, bir zada güýmenip oturan Ýagşylyk gaýta-gaýta başyny ýaýkady. Tarhan aga beýle hereketi hem özüçe ýordy. Agşamky berlen habar eýýäm gazetlere çykyp, Ýagşylygam şony okap, baş ýaýkaýandyr. Ol habar baş

ýaýkaýmaly habaram-da.

Ýagşylyk sowal berdirmän, öz syryny açdy. Ol ýerinden turup, ýaşuly bilen salamlaşandan soň, okap oturan kitabyna tarap elini salgap goýberdi:

— Gör-ä, Tarhan aga, durmuşda nämeler bolmaýar! Bir müň ýedi ýüz togsan ikinji ýyldaky fransuz ynkylaby mahaly Giletin diýen bir doktor adamlaryň kellesini kesýän maşyn oýlap tapypdyr...

Tarhan agany fransuz rewolýusiýasy-da, ol döwürde oýlanyp tapylan maşyn-da gyzyklandyrmaýardy, onuň aladasy geçmiş däl, geljekdi. Şonuň üçinem, geplemegi gowy görýän Ýagşylygyň şol tapylan maşynyň gurluşynyňam uzyndan-uzyn düşündirişine başlaýmagyndan gorkan goja elini silkip goýberdi:

— Adamyň başyny kesmek üçin harajat sarp edip maşyn çykarmak nämä gerekmiş? Hany, ýokardan bir gara daş gelýämiş diýdiler-le. Şo niçiksi gep boldy? Sen kelle kesýän maşynyňy goý-da, gara daşdan habar ber.

— O gara daş däl, Tarhan aga — diýip, Ýagşylyk ýaşula oturgyç süýşürdi hemem ýylgyrdy.

Ýagşylygyň ylmyna-bilmine göwni ýetýän goja içini gepletdi: «Bi nämüçin ýylgyrýaka?Ýa telewizirde geplän çalsaç alymlar, ilaty gorkuzjak bolup, howaýy gep urýamykalar? O habar, aslynda sähel derek bolsa-ha, adam ogluny ýylgyrtjak habar bolmaly däl».

— Seň o diýýäniň gara daş däl, Tarhan aga. Oňa meteorit diýilýä. Meteorit grek sözi bolup, ýeriň serhedine golaýlan, atmosferada bugaryp ýa-da pytrap ýetişmedik gaty jisim...

Tarhan aga obadaşynyň gaty kän zat bilýändigine hem haýran galýardy hem buýsanýardy. Bolsa-da ol şu mahal özi üçin onçakly gerek bolmadyk düşündirişi diňläp durmak islemedi.

— Inim, Ýagşylyk, sen o gara daşa haýsy milletiň nähili at dakandygyny düşündirjek bolup durma-da, başga zady aýt. Şo gara daş ýer bilen çaknyşsa näder?

Ýagşylyk klas doly okuwçynyň öňünde sapak berýän mugallyma meňzäp, agras görnüşe girdi:

— Ýer bilen çaknyşsamy?

— Hawa, men şony soraýan senden.

— Häzir, Tarhan aga, ýer ýüzüniň iň uly alymlary seň şo «gara daş» diýýäniň barada oýlanyp, kelle döwýäler. Hatda ýere gaty golaý gelmänkä, raketa okuna tutup, ony pytratmagyňam pikirini edýäler. Mysal üçin, atommy ýa-da wodorod bombasy bilen ýaraglandyrylan bir uly raketany ýerden ýokaryk goýberip...

Ýagşylyk täsin zatlary aýdyp başlady. Ýöne olar Tarhan aganyň eşitmek isleýän sözleri däldi.

— Ýaňky seň diýýän raketaň sowa geçäge-de, şol daş ýer bilen çaknyşsa...

— Çaknyşmak hakda gürrüň etmäli, ýaşuly. Eger-de ol ýer bilen maňlaýma-maňlaý çaknyşman, ýöne, çalarak sydyrdyp geçse-de, ýer togalagy böwrüne depilen pökgi ýaly bir tarapa atylyp ötägitmeli. Şoňa düşünýäňmi?

— Düşünjek bolýan.

— Beý diýme. Gowy düşün. — Ýagşylyk dodaklaryny çommaldyp, ýeňse-çukuryny gaşady, Tarhan aga üçin has düşnükli bolar ýaly başga bir deňeşdirme gözledi. — Ýer şaryny, pökgi diýmän, içi suwly bedre diýip alaly...

— Hawa-da, doly bedräňem böwrüne depseň, iň bolmanda, suwunyň ýary-ha döküler.

— Dogry aýdýaň. Ýöne, suwunyň ýary däl, deňizleň, okeanlaň üçden bir suwy daşyna serpilse-de, dünýäni hökman sil alaýmaly. Nuhuň gämisini bilýäňmi?

— Bilýän diýsem-ä ýalançy, ýöne eşidipdim.

— Nuh diýip bir agaç ussasy bolupdyr...

— Ussamy ol? Pygammer dälmi?

— Başda halk onuň pygammerligini kabul etmändir. Gep onda däl, Tarhan aga. Ol agaç ussasy bolansoň, ullakan bir gämi ýasap, çagalaryny hem her haýwandan bir jübtüni şoňa ýükleýä. Kyrk gije-gündiz ýagmyr ýagyp, dünýäni sil alýa. Ähli janly-jandar gyrylýa. Nuh ussaň gämisi Ararat dagyna baransoň... Sen Ararat dagynyň nirededigini bilýäňmi?

— Ol nirde bolsa-da, men üçin parhy ýok. Aýdyber.

— Gämi Ararat dagyna baransoň, üstündäkiler ýere düşýär.

Şeýdibem Nuh ussa ýer ýüzündäki jandarlaryň tohumynyň gutarmazlygyny gazanýar.

— Dünýäni sil aljagyny Nuh öňünden bilipmi?

— Elbetde, bilendir. Ýöne müň rowaýat bolmagam ahmal, Tarhan aga, hakykat bolmagam. Ynha, seň diýýän gara daşyň okeana gaçaýsa, kyrk däl, bir müň kyrk gije-gündiz ýagmyr ýagandanam beter bolar. Alymlar şol meteoritiň ýere tarap gelýändigini öňünden bildiler ahyryn. Nuh gämi ýasan döwrem, belki asmandan gara daş inendir. Ýöne şu mahalky gara daş ýer bilen çaknyşaýsa... — Ýagşylyk, aýtjagy düşnüklиräk bolary ýaly, ýene deňeşdirme gözledi. — Gysgajyk aýtsam...

— Maňa şoň gysgajygy gerek, inim.

— Ahyrzamana bolar, Tarhan aga. — Tarhan aga telim gezek baş atansoň, Ýagşylyk onuň ýüzüne seretdi. — O mesele seni näme beýle gyzyklandyrýa-la?

— Aý, öten agşam telewizirde şo hakda aýtdylar welin, orsça geplenensoň, oňly düşünmedim-de, soraýdym — diýip, Tarhan aga meteorit bilen gyzyklanmasynyň asyl manysyny Ýagşylykdan ýaşyrdy. — Be-e, sen onda ahyrzamana bolar diýýäň-dä!

— Ony men diýemok, ýaşuly. Bolaýmagy gaty ahmal. Beýle wakanyň taryhda öňem gaýtalanan bolmagy mümkindir. Nuhuň gämisi hakdaky gürrüňem ýöne ýerden dörän däldir. Görýäňmi, Nuh adam tohumynyň, jandarlaryň gutarmazlygynyň, tutuş dünýäniň gutarmazlygynyň aladasyny edipdir...

Elbetde, Tarhan aga Nuh pygamberem däl, jandarlaryň tohumynyň tükenmezliginiň gamyny iýip biljekdenem däl. Onuň aladasy kiçiräk. Şol kiçiräk alada Ýagşylyk bilen bolan duşuşykdan soň has ulaldy.

Tarhan aga okalgadan çykyp göni öýüne gaýtdy. Ol ýolboýy oýlanyp gelşine, Ýagşylygyň öňünde öz syryny açmanyna hem utandy. «Megerem ol ähli adam gyryljak bolup durka, Tarhan aga öz janynyň aladasyny edýär-ow!» diýip düşünendir. Hawa-da, kyrkyň içinde janyny gaýgyran kapyr».

Gapdalyndan geçen ýeňil maşynyň düýdüldisi Tarhan agany

tisgindirdi. Gojukda maşynly barýan adam pyýada bilen şeýdip salamlaşýar. Tarhan aga: «Saglykmy, Garry gassap?» diýip pyşyrdasa-da, guguldy onuň gulagyna salam däl-de, sowal bolup eşidildi. Sowalyň manysyna-da ýaşuly düşündi: «Haçan bergiňi berjek?» Tarhan aga gepläninem duýman galdy: «Bergini bereris, inim. Arkaýyn bol». Birdenem ol hümürdisini biri eşiden bolaýmasyn öýdüp, töweregine garanjaklady. Uzyn köçede bu mahal diňe Garry gassabyň ýeňil maşyny bilen Tarhan aganyň özi bardy...

Tarhan aga hojalyga degişli düýpliräk iş bolsa, aýaly Bessir eje bilen maslahatlaşýardy. Garry gassapdan puly hem aýalyndan bimaslahat almandy. Indi ony gaýtarmaly bolanda-da, Bessir bilen pikirlenmelidi. Sebäbi, Garry gassabyň algysynyň çözgüdi Tarhan agadan öňürti Bessire baglydy. Şonuň üçinem günorta çaýy mahaly gürrüň algy-berginiň üstünden bardy.

— Üç aýam bolanok ahyryn! — diýip, geňirgenen Bessir pul karz alnanda bolan gürrüňi ýatlady. — Garry gassap saňa:«Haçan tapsaň, şonda-da berersiň» diýipdi. Pylan wagt gaýtarmaly diýen şert goýmandy. Bergisini telim ýyllap gaýtarman ýörenlerem bar ahyryn. Näme beýle...

Tarhan aga gyssanýandygynyň sebäbini aýalyna aýtmasyz etdi. Ilki-hä, entek gaýa ýok-gopuz ýok ýerden oda-köze düşüp ýörüşine aýaly geňirgener öýtdi, soňam abanyp gelýän uly howpy aýdyp, ony biynjalyk etmek islemedi.

— Näme, Garry gassap algysy hakda ýaňzydaýdymy saňa?

— Ol-a hiç zadam diýenok welin...

— Onda näme beýle gyssanýaň birden? Garry şol pula mätäç bolsa, duýdurardy ahyryn.

— Duýdurmanda-da, Bessir, türkmende «Ýoly ýörän ýeňer, bergini beren» diýen gep bar. Şol gep ýöne ýere aýdylan däldir.

— Ol şeýledir welin, bergiňi gaýtaraýyn diýeňde-de, şu mahal eliňde arta-süýşe puluň bamy?

— Pul ýokdugyny menem bilýän. Bolmasa-da, bir ýapyşalga gözlemeli-dä. Bergimi bermesem, eger şol gara şaýy bolsa-da, men rahat ýatyp bilemok. Gije-gündiz pikirim-aladam şo. Sen nä maňa näbeletmiň?

— Näme etsem diýýäň onda?

Tarhan aga gaýtarjak jogabynyň manysyny ölçerip-döküýän ýaly, kän garaşdyryp gepledi:

— Sygryňy sataýaly diýjek bolýan men-ä. Elimiz agzymyza ýetende men saňa bir gulajyn alyp beräýerin.

Bessir eje ýok-da, diýmedi, bar-da, ýüzüni aşak salyp oturdy. Belki-de ol iki mellek ilerde ýaşaýan ogly bilen gelniniň süýt diýip, gatyk diýip, günde-günaşa gelip duranyny ýatlady, ýa-da öwrenişen sygryny elden çykarmak islemedi, — garaz, dymdy. Şonluk bilenem är-aýal arasynda algy-bergi barada başlanan gürrüň ugruny üýtgetdi.

...Tarhan aga aladaly bolsun-bolmasyn, başyny ýassyga goýandan uklaýanlardandy. Ir ýatýardy, ir hem turýardy. Bu gezek welin ol, gije bir çaka barsa-da, uklap bilmedi. Telewizorda aýdylanlar, Ýagşylykdan eşidenleri onuň aňyndan çykmady. Eşidenleriniň üstüne öz çaklamalary hem urna bolup, ony her hili wakanyň üstünden eltdi. Tarhan aga oba mekdebinde-de bary-ýogy dört ýyl okanam bolsa, ýeriň sary öküziň şahynda durýan tekizlik bolman, togalakdygyna ynanýardy. Ol öňler, ýaz aýlary çöle gyrkyma gidýän mahallary, beýik depelere çykyp, töweregine garanda-da, ýeriň togalakdygyny duýýardy. Emma häzir welin ýer öz togalaklygyny ýitirip, suw bedrä meňzedi. Ýöne ol Ýagşylygyň aýdýan bedresi ýaly däldi-de, örän uludy, erňegine gelýänçä-de suwlydy. Şol mähnet bedredäki suwuň ýüzündäki köpürjikler daglar, gaýalar, köpüksiz ýeri hem düz meýdan bolup göründi. Düz meýdanda-da azym-azym şäherler, obalar, adamlar, mal-garalar bardy. Adamlar öz gün-güzerany bilen meşgul. Birdenem şol mähnet bedräniň böwrüne äpet bir gara daş gelip urýar. Böwri ýemşeren bedre bir tarapa gyşarýar. Gara daglar, gara daşlar dyr-pytrak bolup, hapa läbigiň aşagynda ýitip gidýär. Adamlaryň köpüsi läbigiň astynda galýar. Käbiri bolsa kä çümüp, kä çykyp, howadan dalda isläp gollaryny bulaýarlar. Olar gygyryşýarlar, eňreşýärler. Adam seslerini mähnet gomlar ýuwdup gidýär. Läbigiň ýüzüne çykan biçäreleriň arasynda Garry gassap hem bar. Ol bir zatlar diýip gygyrýar. Tarhan aga öz adyny eşidýär. Gassabyň näme diýýäni düşnüksiz hem bolsa, Tarhan aga üçin aýdyň. Bu başagaýlykda Tarhan öz bala-çagalarynyň adyny tutman, Tarhan agany ýatlaýan bolsa...

Tarhan aga düýşem görmeýärdi, samramaýardam, bir bolşuny üýtgetmän, hyýalynda dörän aýylganç siliň tolkunlaryna gark bolup ýatyrdy. Emma gijäniň bir mahaly oýanan Bessir, adamsynyň dem alşyndan dagy aňandyr-da:

— Näme uklap bileňokmy, Tarhan? — diýdi.

— Men-ä şo bergiň aladasy ýatyranok, Bessir — diýip, ýaşuly ýagdaýy boýun aldy. — Ha ynan, ha ynanma, Garry gassap başujymda aýbogdaşyny gurap oturan ýaly.

Bessir ejäniň ýa-ha adamsyna nebsi agyrdy ýa-da ukynyň alasarmyklygynda näme gepleýänini aňşyrmady, garaz gojany ynjaltdy:

— Ukyňy bir al. Beýdip ýörseň, dälirärmiň, nädermiň sen. Kalbyňa jaýlan bolsaň, ertir sygry bazara sal-da dyn...

* * *

Sary sygyr Tarhan aganyň edil çaklan nyrhyny kesmedi. Bolsa-da, onuň köne sumkasyna giren pul Garry gassapdan alnanyna-ha ýetjek-welin, hojalygyň maýda-çüýdesini abatlamaga-da galjakdy. Soňky hiç, Tarhan aganyň ähli aladasy bergiden çykmak.

...Uly şosseden bölünýän ýol bilen Gojuga tarap pyýadalap barýan Tarhan aganyň yzyndan ýeten ýeňil maşyn, goja yşarat etmese-de, saklandy.

— Tarhan däde, seni pyýada ýöredip bolmaz — diýip, ruluň başynda oturan keýpiçag ýaş ýigit, maşyn durup-durmanka habar gatdy.

Ýigit Sapar çopanyň körpe ogly Şatlykdy. Tarhan aga heniz gapysy açylmanka maşyny synlamaga ýetişdi. Ol täzejedi. Şatlygyň gapdalyna geçip oturan badyna, çaklamany hakykata öwren täzelik ysy ýaşulynyň burnuna urdy. «Tüweleme, il-gün zor-aýt! — diýip, goja içini gepletdi. — Ýap-ýaňy gelin edinip, uly toý tutup, derrewem maşyn edinip bilýän bolsalar...»

Tarhan aganyň pikirini aňan ýaly, täze maşynyň göçgünine göçen Şatlyk geplemän oturup bilmedi:

— Tarhan däde, «Gutly bolsun!» dagy diý ahyryn!

— Maşyn täze ýaly-la. Özüňkimi?

— Täze, Tarhan däde. Üç gün boldy alanyma.

Goja ýigidi gutlady, täze maşynyň toý ýolunda gatnamagyny diledi.

Ýene-de Şatlygyň özi gepläp, Tarhan aganyň heniz dile getirmedik sowallarynyň jogabyny berip başlady:

— Şü maşynyň bahasy göni üç müň dollar, Tarhan däde. Saňa düşnükli dilde aýtsam, biziň pulumyzdan altmyş million manat töweregi bolýa. «Onça puly nireden aldyň?» diýip sorasana!

Tarhan aga soramady. Soralmasa-da, Şatlygyň içinde syr saklanjak däldi. Goja sowal bermän, jogap aldy.

— Karz aldym. Ho-ol Gökjedäki Meret daýym bar-a...

— Seň Meret daýyňy men gaty gowy tanaýan. Öňräk bazarkom bolubam işläpdi ol. Araky toýňuza-da geldi.

— Edil özi. Şondan karz aldym. Meret daýymyň puly kän. Sowman, üstünde ýatýa. Ýassygam puldan ýasalan.

— Karz pul alyp maşyn edinmek nämä gerekdi? — diýip, Tarhan aga tebigatyna görä gönüledi goýberiberdi. — Sen ýaş oglan ahyryn. Görjegiň öňüňde... Onça puly gaýtarmagam-a ýeňil düşmez. Puly karz almak ýeňil-de, gaýtarmak agyr.

— Aý, Tarhan däde, «Almany asmana at, ýere düşýänçä ýa pelek!» Entek meň o puly gaýtarmaly boljagymam gatybir belli däl. Ölmesek, gaýtararys.

— Ýaş başyňa ölüm nirden ýadyňa düşýä. Ýagşy niýet et.

— Men ýagşy niýet edemde näme? Ýere tarap bir mähnet gara daş atylyp gelýä. Sen o hakda eşidenem dälsiň. Şol garadaş ýer bilen süsüşäýse, algylam kaput, bergilem kaput. «Haýl, Gitler!» bolýa. Näme, ýer şary pytrap, janly-jandar gyrylsa, Meret daýym tohumlyk galar öýdýäňmi? Özem kaput, basyp oturan pullaram kaput. «Haýl, Gitler!» Daýym özüne dözmän, pul baryny ýygnap otyr. Kimdir biri peýdalansyn-da o pullary. Näçe gün ömrüm galan bolsa, şony bir ýeňil maşyn münüp geçireýin diýdim. Bolupmy, Tarhan däde?

— Kalbyňa raslan bolsaň, bolar, inim.

— Iki aýdan, üç aýdan ahyrzamana gopaýsa, algyly-bergili deňleşer, agam. Bergimi bermänim üçin mende günä galmaz. Günä gara daşyň üstüne ýüklener. Hudaý hemme zady ölçerip-döküp edýändir.

— Bu gepleň arasyna Hudaýyň adyny goşmasaň-a gowy bolardy.

— Sen dine ynanýan adam, Tarhan däde. Näme, ýetip gelýän ol gara daşy Hudaýyň özi ibermän, kim iberýämişin?

— Inim, maşyny sakla...

Oba ýaňy girilen ýerde ýaşulynyň maşyndan düşjek bolmagynyň manysyna Şatlyk düşünmedi:

— Gapyňa täzeje maşynly eltäýjekdim-dä...

— Men öýe barjakgä. Garry gassabyň ýanyna sowulmakçy.

— Garry gassabyň öýem entek öňde ahyryn.

— Öňde bolsa-da, meni şü ýerde düşür, inim.

...Täze maşynyň täze aýnasyndan yza sereden Şatlyk başyny ýaýkap gitdi. Eli köne sumkaly pyýadalap gelýän Tarhan aga çal tozanyň içinden çala göründi.

## ÜÇ AÝLYK BAGT

Dürdäne Akmyradyň düýşüne-de girdi. Ýaş ýigit heniz ýüzüni görmedik gyzyna, iň bolmanda düýşünde bir sataşmagyň arzuwyny edip ýördi welin, şol-a boldy. Ýazylan hatlaryň, telefonda aýdylan süýjüden-süýji sözleriň netijesinde gaýybana çekilen şekil hakykatdan gatybir daşda-da däl ýaly ekeni. Akmyrat çakynyň dürs çykany üçin düýşünden razy boldy.

Uniwersiteti gutaryp, ýaňy bir ýyl bäri redaksiýada işleýän, birneme ýygra bolansoňam, heniz gyz bilenem syrdaşlyk etmedik Akmyrady Dürdäne gyz bir hepdäniň içinde Mejnuna öwürdi goýberiberdi. Özem asla garaşylmadyk ýerden, Akmyrat oňa iň bolmanda bir gezek-ýarym gezek sataşan bolsa ýa-da köçede göz astyndan garaşan bolsa aýry gep. Olaryň hiç haýsysam däl. Şol hiç haýsysy däldigem Akmyrady düşnüksiz güne saldy.

Akmyradam indi ýigrimi dördüni doldurdy. Deň-duşlaryndan eýýäm iki çaganyň atasy bolanlaram bar. Belki ony maksadyna ýetirjegem Dürdänedir. Ýogsam ol asmandan inen ýaly bolup, garaşylmadyk ýerden peýda bolmazdy ahyryn. Gepinden-sözünden çen tutsaň-a onuň akyl-huşam jaýba-jaý bolmaly. Şeýle gyz saňa hat üste hat ýazyp, jaň üste jaň edip dursa, jogap gaýtarmagam

ýigit halyňa gelşiksiz ýaly. Belkem Akmyradyň indi telim ýyl bäri arzuwynda gözläp, hyýalynda göz öňünde getirýäni, gaýybana sözleşýäni şol bolmalydyr. Durmuş basgançaklary tötänlik kerpijinden örülen ahyryn.

*«Söýgimiň agysyn aglap,*
*Gözýaş dökse-de bulutlar,*
*Men söýgime umyt baglap,*
*Ýere düşse-de bürgütler,*
*Aňmaz doňýürek ýigitler,*
*Dönmez bürgüde ýigitler...»*

Bu setirler Dürdänäniň ilkinji gezek ýazan hatyndan.

«Saňa hat ýazmazymdan ozal üç gije-gündizläp pikir ýüwürtdim. Üç gije-gündizläp eýzet çekdim, kalbym bilen jedel edip öz-özümi gynadym». — Bu Dürdänäniň ilkinji hatyndan.

Dürdäne Akmyradyň adynam bilýär, familiýasynam, işleýän ýerine-de belet. Biýem-ä düşnüksizräk welin, aý, ol hiç-le. Agtaran taparam, bilerem.

Dürdänäniň ilkinji hatynyň gelen gününiň ertesi telefon jyrlady. Trubkany göteren ýigidiň «Maňa Akmyrat Jumaýew gerekdi welin...» diýen sese endamy goram-gowşak bolup gitdi. Beýle näzik, beýle ýakymly, beýle mylaýym sesi Akmyrat, megerem, ömründe ilkinji gezek eşidýärdi. Jaň edýän aýal maşgala pyşyrdap diýen ýaly gepledi. Pyşyrdy hem öňki ýakymly sese näziklik goşdy.

Adamda duýgurlyk bolýar-da. Akmyrat jaň edýäni özüne hat ýazan gyzdyr öýdüp çaklady. «Men Dürdäne, Akmyrat. Sesiňi eşidäýeýin diýdim ýene bir gezek». Beýle diýýän bolsa, Dürdäne ozalam Akmyradyň sesini eşiden bolmaly. Nirede? Haçan? Aý, ol hiç... «Sesiňi eşidäýeýin diýdim! Nähili täsirli sözler! Ol gyz seniň sesiňi eşitmäge zar. Şonuň üçinem Akmyradam ol sözlere minnetdar bolup jogap gaýtarmaly. Emma ol dili tutulan ýaly bolup dymdy. Sebäbi, birinjiden-ä tolgunly, ikinjidenem kabinetde Akmyradyň ýeke özi däldi. Onuň garşysynda ýaşy altmyşa ser uran edebi işgär, mydama bolşy ýaly, häzirem kagyza çümüp otyrdy. Saçy düşen süýri kellesi boýny uzyn daşkädä meňzäp duransoň,

ol ýaşula «Mimkelle» diýen lakam dakypdyrlar. Mimkelle bir wagtyň özünde telefonda gepleşmegi, öňündäki materialy işlemegi, jaýdaky bolýan gep-gürrüňleri diňlemegi başarýan adamdy. Beýle adamyň ýanynda «Ünsem beresi ýok-la» diýäge-de, pynhan gürrüň edäýmeli däldi. Ýogsam Akmyrat jaň edýän gyza sowal üste sowal bermek isleýärdi, ony özüne imrikdirmekçidi.

«Hatyňyz geldi» diýen Akmyrat assyrynlyk bilen Mimkellä tarap seretdi. Ol kagyza gümrady, daş çykjaga-da meňzemeýärdi. «Edil şu köne stola ýelimlenen ýalydyr. Garry adam dagy zygyr-zygyr daş çykagan bolar welin. Şüý-ä üç çäýnek çaý içse-de, günde bir gezegem daş çykanok...»

— Hatyňyz düýn geldi...

Akmyradyň islegi hasyl boldy. Aňyrdan «Men iş gutaransoň jaň edäýerin» diýen pyşyrdy geldi. Ýigit Mimkelle gepi başga ýana çekmezi ýaly resmiräk dilde geplän boldy.

— Redaksiýa garaşar.

«Düşünýän» diýen jogap Akmyradyň gyza bolan höwesini hasam otugdyrdy: «Ýarym gepde mana düşünýär ekeni!»

Başga zady piňine-de alman, diňe öz işi bilen meşgul bolup oturana meňzese-de «Mimkelle» ýaşkiçi işgäre ýaşulylyk pendini berdi.

— Redaksiýa garaşsyn-garaşmasyn, korrespondentleriň hatyna dil bilen däl-de, ýazmaça jogap bergin. Şeýtseň utarsyň. Ýogsam, maýda şer gözläp ýörenem gyt däldir. Aýratynam, şu mahalky ýaly otörgün döwründe ägä bolgun.

— Otörgünde nä adamlar üýtgäberýämi?

— Otörgünnemi? — diýip «Mimkelle» kagyza seredip oturyşyna ýylgyrdy. — Otörgünne ömür salam hat ýazmadyklaram galama ýapyşyp goşgy yza-goşgy gönderiberýännirler. Men şü redaksiýada otuz ýedi ýyl bäri işleýän, inim.

«Mimkelläniň» aýdanlaryna ünsem bermedik Akmyrat bir tagta ak kagyzy öňüne çekdi-de, galama ýapyşdy. Dürdänäniň sesi gulagynda ýaňlanyp, hata ýazan sözleri onuň göz öňünde janlandy. Ýaş gyzyň owazyndan, sözlerinden many gözledi. Hyýalda dörän keşp kagyza geçip başlady. «Synçy bolmaly. Şoň üçinem gözleri

akyllydyr. Boýy hem uzyn, dodaklary ýuka bolmaly. Boýny ýogyn, pökgi dodakdan beýle näzik sese garaşma...» Hyýaldaky keşp kagyza geçdigiçe, Akmyradyň öňünde inçesagtdan uzyn boýly näzik maşgalanyň suraty peýda bolup ugrady. «Haty dagam edil keşde ýaly. Gödek barmak ýöredýän galamdan beýle nepis harplar çykmaly däl». Akmyradyň gelen netijesine görä, Dürdäne diýilýän gyz gapdalyndan geçeni boýnuny gyşardyp seretmäge mejbur edýän uz owadan bolmasa-da, her ädimde gabat gelýän adaty gyzlardanam däl.

Akmyrat özüniň ýeke otagly jaýynda kagyz baryny daşyna üýşürip, gijäniň bir mahalyna çenli oturardy. Redaksiýada gündiz gutarmadyk işlerini ederdi. Emma indi dört-bäş gün bäri onuň gözüne redaksiýanyň kagyzlary görünmeýän ýaly. Onuň ähliküýi-köçesi Dürdäne. Şu gün işden soňam, tam süpüriji Altyn daýzanyň gözüne ýigrenji görnüp otura-otura garaşan jaňyndan soň, Akmyrat hasam üýtgedi. Gündizki telefonda eşidilen pyşyrdy agşamam özüne çekmegini dowam etdi. Telefonda eşiden ýakymly sözlerine bolsa, aljyramakdanmy, tolgunmakdanmy oňly jogabam berip bilmändi. Umuman, Akmyrat tolgunmanda-da Dürdänäniňki ýaly sözleri tapaýmajakdam. Diline gelen, amatlyrak hasaplan sözüni aýdaýsa-da şelaýynlyga golaýlaýan ýaly bolup barýar. Emma Dürdänäniň welin, bir tarapdan, ýeňlesiräk ýaly bolup duýulýan sözleri Akmyrat üçin ýasama-da däldi, ýeňlesem. Ol sözler ýaş ýigidiň sulhy alan gyzyndan eşidesi gelýän pynhan-pynhan sözleridi. Şonuň üçinem ol indi birnäçe ýyl bäri edip ýören arzuwyna ýetiberendirin öýtdi. Şu günki telefon gepleşiginden soň-a onuň Dürdänäniň kimdigini bilmek höwesi hasam güýçlenmedi. Dogrudanam, ol gyz kim? Näme üçin beýdýär? Akmyrady nireden tanaýar? Iş adresini nireden bilýär? Eger-de ol kimdir biriniň üstünden gülmekden keýp çekýän bolsa, näme üçin ala-böle Akmyrady saýlap tutmaly? Akmyradam akyly ýuka ýa-da oýnalyp ýören ýigitlerden däl ahyryn. Gepinden-sözünden çen tutsaňam-a ol gyz adamyň üstünden gülýäne, güljege meňzänok. «Hatyma jogap ýazarmyň?» diýdi. Akmyrat bolsa: «Nirä ýazmaly?» men hiç zada düşünemok-la» diýdi. «Menem edil sen ýaly. Şeýle

bolmalam-da» diýip, aýdýany ýürekden çykýandygy bildirýän gyz pyşyrdady. «Men ýazan jogabymy nädip saňa gowşuraýyn?». «Ertir jigimi ýanyňa ýollaýaryn». «Özüň näme üçin geljekgä?». «Men baryp bilemok. Ýagdaýym şeýle». «Jigiň gelip bilýän ýerine özüň nämüçin gelip bileňok?». «Jigim entek çaga-da...»

Ýok, Dürdäne näme aýtsa-da, näme diýse-de ynanmazlyga, müňkürlige ýol goýanok. Ol ýetişen gyz. Kakasy gyrpa. Ejesem namazlykdan düşmän oturan aýal...Düşünmeýän sowallaryna Dürdänä derek özi jogap tapýan, ony hem gaty ýerlikli hasaplaýan Akmyrat gyzyň hatyny jogapsyz galdyrmaly däl. Özi öňürti hat ýazan ýetişen gyzyň haty guýa gaçan ýaly bolsa... Senem ýigit ahyryn.

Şeýle pikirleri kellesinde aýlan Akmyradyň ýene esli wagty ýazylmaly hatyň mazmuny barada oýlanmaga sarp boldy. Oýlanylanda aňsat düşäýjek ýaly bolup görünýän hat kagyza geçende welin hupbat baryny ýuwutdyrdy. Ol hat: «Iberen materialyňyzy, onda okyjylar köpçüligini tolgundyraýjak waka bolmany sebäpli çap etmändigimizi size habar berýäris» diýen ýaly guraksy sözlerden düzülen bolmaly däl. Ony, iň bolmanda gyzyň hatynyň mazmuny bilen kybapdaşyrak edip ýazmaly. Olam aňsat däl. Ýöne düşnüksiz ýagdaýda, garaşylmadyk ýerden peýda bolan söýgi haty Akmyrady şol guraksylykdan çykaryp, yşk meýdanyna gönükdirdi. Ol ýerde bolsa gül-gülälekler açylyp, olaryň üstünde-de akly-saryly kebelekler gaçdym-kowdum oýnaýar. Gözüňi süzüp diň salsaň, gülälekli meýdan heniz eşidil-medik pessaýdan şirin owaz edýär. Ol hem Dürdänäniň ýakymly pyşyrdysyna meňzeýär. Ol ses Akmyrady bahar paslyna seýrana çagyrýar, kalbyny yşk owazyndan doldurýar. Yşk äleminde Akmyradyň özi bilen Dürdäneden gaýry adam ýok. Yşka düşensoň aşyk gyzyň lezzetli hatyna mynasyp jogap gaýtarmazlyk gedemligem däl-de wagşylyk boljak. Akmyratda bolsa aslynda-da gedemlikden nam-nyşan ýok. Onuň kalby edil şol gülälekli meýdan ýaly sada hem arassa. Gaýybana söýginiň humaryna akylyny aldyryp ugran şeýle häsiýetli ýigidiň ýüregi joşa geldi. Ak kagyzly ýakymly sözleriň üsti bilen beýan edilýän mähirli duýgular çykarýan sözleriň kagyza

geçip ugramagy bilen goşgy setirleri-de döredi:

*«Nädip joşjagmy bilemok,*
*Şahyr däl menem, sen ýaly.*
*Haýran etdi ýazan hatyň,*
*Ilkagşam dogan Gün ýaly.*

*Setirleriň arasyndan*
*Ogryn bakdy gara gözüň.*
*Janym aldy, oda saldy*
*Her bir harpyň, her bir sözüň.*

*Ukym gaçyp gitdi umma,*
*Aldyň erku-mydarymy.*
*Arzuw kölünde ýüzýärin,*
*Bir görsem diýp didaryňy...»*

Joşgun şu ýere ýetende, Akmyrat özüne erk edip, onuň öňüni böwetlemegi başardy. Mundan aňryk ätläbermelem däldi. Ýüregindäkiniň ählisini kagyza geçirmekden entek irräkdi. Şonuň üçinem sahypaýarymlyk hat telim gezek sökülip, telim gezek düzüldi.

...Akmyrat Dürdänäniň jigisi entek-entekler gara bererem öýtmändi. Emma hat taýyn bolan gününiň ertesi redaksiýada bir gyz peýda boldy. Ol giren mahaly kabinetde Akmyradyň ýeke özüdi, «Mimkelle» bir alada bilen daş çykypdy. Gyza gözi düşenden Akmyrat onuň kimdigini çaklady. On dört-on bäş ýaşlaryndaky, balkyldap duran gara gözli, saryýagyzdan inçesagt gyz diýseň görmegeýdi. «Sen Akmyrat Jumaýewmi? Meni Dürdäne iberdi» diýen pessaý ses Akmyrada ozaldan tanyş ýaly bolup duýuldy. Gyzyň sesi telefonda eşidilýän pyşyrda gaty meňzeşdi. «Sesi meňzeş bolsa, özem meňzeýändir...»

— Dürdäne bir bukja alyp gaýt diýdi.

Gyzyň sesi ysgynsyz ýaňlananam bolsa, Akmyrat tiz hereket etdi. kagyzlaryň arasynda ýygşyrylyp goýlan hat derrew gyzyň eline geçdi.

— Seniň adyň name?

— Maýsa.

— Dürdänäň özi gelmedimi?

— Gelip bilenok — diýen gyz ýylgyrdy.

«Dürdänäň ýylgyrşam edil şuňky ýalydyr!»

Akmyrat indiki häzirlän sowalyny aýtmaga ýetişmänkä «Mimkelle» dolanyp geldi. Maýsa gyz žurnalist bilen hoşlaşdy...

Bir aýyň dowamynda telim gezek hat alşyldy, hepdede-de iki-üç gezek telefonda gepleşildi. Alşylan hatlar, telefonda eşidilen näzik hem näzli pyşyrdylar köşeşdirmäge derek, gaýtam Akmyradyň ýagdaýyny agyrlaşdyrdy. Ol ertekilerdäki ýedi gat galanyň içindäki atly-ýaragly, şir-peleňli goralýan dergazap şanyň gözel gyzyna aşyk bolan biçäre garyp ýigide öwrüldi. Gizlinligiň gyzygy artýar. Dürdänä ýetmek, ony synlamak, gürleşip oturmak höwesi güýjedi. Akmyrat heniz bir gezegem ýüzi görül-medik Dürdäneden başga giň jahanda gyz bardyram öýtmedi. Aýatda diri bolsa-da, hyýaldaky bolup ýören Dürdäne onuň nesibesinden çykmaly gyza öwrüldi. Hem-ä şonuň üçin, hemem Dürdänäniň şirinden-şeker, tüýs çyn aşygyň ýüreginden çykaýjak sözler bilen ýazýan hatlaryna gaýtarýan jogabynda aşyklyk sözleri-de Akmyradyň diline gelip başlady. Ýogsam «Dürdänäm» diýen sözi hata ýazaýmagam, telefonda aýdaýmagam diňe ýüregini bire baglan, meseläni gutarnykly çözdüm hasaplaýan ýigit başaraýmaly ýalydy.

Dogry, şol ilkinji sapardan soň Akmyrat gaýdyp Maýsany hem görmedi. Çaky, başa uran söýgi heseri hat alyşmak meselesinde gyza has amatly çykalga salgy beripdi. Indi Akmyrat Dürdänä ýazan hatlaryny şäheriň on altynjy aragatnaşyk bölümine iberýärdi. Dürdänäniň familiýasy hem Bahytowa ekeni. «Zöhre-Tahyrdaky» Bahyt bolmaly-da! Hemme zat edil dessanlardaky ýaly. Dürdäne-de, Bahytam seýrek gabat gelýän hem Akmyradyň ozaldan halaýan atlary. Asyl Dürdäne degişli zatlaryň ählisi Akmyrada ýaraýar. Ady diýermiň, owadan haty diýermiň, owadan ýazlyşyndanam beter daşa dönen ýüregem eretjek akyllydan mylaýym sözleri diýermiň... Belkem Dürdänäniň ýazýan zatlary üýtgeşigem däldir. Ýöne, Akmyradyň nyrh kesişine görä welin, beýle hatlary diňe akylly-

başly, kalby näzik, özi näzik, dünýäsi näzik Dürdäneden gaýry hiç kim ýazyp bilmeli däldi. Emma Akmyrat esasy mesele hasaplaýan bir zadyna welin akyl ýetirip bilmeýär. Kimdir birini sulhy alyp onçakly edeplilik hasaplanmaýan ýola baş urup, ýigide öňüti hat ýazmaga mejbur bolan gyz näme sebäbe onuň bilen duşuşmaga çykalga gözlemeýär? Ene-atasy gyrpa diýeli. Bolanda näme? Günde-günaşa jaň etmegi başarýan gyz, iň bolmanda: «Pylan wagt, pylan köçäniň, pylanynjy jaýynyň gapdalyndan geç» dagy diýip bilerdi ahyryn.

Akmyrat şol düşnüksizlige düşünmekligi ýüregine düwdi. Bir gün ol sebäbini hem aýtman, bassyr üç günläp her gün hat ýazjakdygyny gyza ýollan bukjasynda duýdurdy. Hatlary hem her gün almagyny sorady. Ol şol haty dagy gaty täsirli edibem ýazdy. Indi ol çakdanaşa mylaýym sözleri ýazmagy-da ýuwanlyk hasaplamady. Üstesine-de Dürdänäniň öňküsinden soňkusy has näzik, has ýakymly hatlary özüne mynasyp süýji sözleri ýazmagy hem talap edýän ýalydy. Dürdäne hatynda «Mähribanym Akmyrat!» diýip ýüzlense, jogap hökmünde «Eziz Dürdänäm!» diýen ýaly sözler ýaňlanýardy. Şonuň yzyna bolsa, ilki söýgä, şahyr aýtmyşlaýyn «şatlyk-gaýga» baş goşan juwan ýürekden çykaýmaly joşgun, göçgünlilik sepleşip gidýärdi.

Akmyrat hat yza hat ýollap, olary eýesine gowşurmaly aragatnaşyk bölüminiň gapysynda hakgulla bolup durmak pikiri kellesine uranda-da ilden çykgynç hereket ederin öýtmedi. Ol hem ýaş ýigidiň yşk bazarynyň guly bolanlygyndan habar berdi.

Söýgi hatlarynyň jogabyna sabyrsyzlyk bilen garaşýan gyz, ýadamany-ýaltanmany-da bilmän, günde telim gezegem bolsa, aragatnaşyk bölümine gatnaýmalydy. Ýöne Akmyrat baranda aragatnaşyk bölümi heniz işe-de başlaman ekeni. Ol gapy açylýança-da kän garaşmaly boldy.

Dürdänäni tapaýsa, Dürdänäni tanaýsa Akmyrat näder? Niçik hereket eder? Utanmazmy, aljyramazmy? Ýok, utanmazam, aljyramazam. Üç aýa basalyk wagt bäri onlarça gezek telefonda gepleşen gyzdan, beýle-beýle hatlar ýazan gyzdan utanmaly bolmaz.

Agajyň aşagynda garaşyp duran Akmyrat Dürdänäniň her gezekki telefon gepleşiginiň ahyryny: «Ýene sesiňi eşidýänçäm sag bol, Akmyrat jan!» hatynyň ahyryny bolsa: «Jogabyňa sabyr-takatsyz garaşýan, ezizim» diýip gutarmasyny öwran-öwran ýatlady. Telefonda gepleşip bilýän halatynda hata sabyrsyzlyk bilen garaşmasy nämedenkä? Ýogsam telefonda aýdylýan sözlerem hata ýazylýan sözleriň ýa ekesi ýa-da ükesi ahyryn. Dürdäne iň soňky hatynda-da «Gözüme nur, kalbyma şatlyk goşýan hatyňa sabyrsyz garaşýan» diýip ýazypdyr. Belkem ol gaýtalabam okap bolýandygy üçin hata garaşýandyr? Telefondaky ses bolsa gaýtalanmaýar...

Garaşýan gapysynyň açylmagyna bäş-alty minut galanda Akmyradyň töweregine bir topar adam ýygnandy. Gelýänleri, duranlary göz eleginden geçirýän Akmyradyň garaşýany olaryň arasynda ýokdy. Duranlar adaty aýallardy, adaty gyzlardy. Akmyradyň tanamalysy bolsa adatylaryň hataryna girmeýärdi. Seýkin basyp, uz ýöräp gelmeli Dürdäne ädim urşy bilenem, garaýşy bilenem bu duranlardan parhlanmalydy. Ol entek gelmeýärdi. Akmyrat bolsa, ikindin gapysy ýapylýança garawulçylyk çekmese-de, birki sagat-ha bu ýerde durmaga kaýyl bolup gelipdi.

Gapy açylansoň iş-aladalaryny bitiren adamlar derrewem jaýy boşatdylar. Ortadaky tegelek stoluň başynda güýmenen bolup oturan Akmyradyň ähli ünsi hat alynýan bölümdedi. Ol bölüme, kän bolmasa-da, gelip-gidýän bardy. Ýöne iki sagat çemesi wagt geçse-de, Akmyradyň ýazan hatlarynyň hyrydary welin gara bermedi.

Ahyram Akmyrat arzuwy hasyl bolandyr öýtdi. Günorta arakesmesine ýarym sagat galanda ýigrimi ýaşlaryndaky görmegeý gyz peýda boldy. Onuň Dürdäneden başga adam bolmaga haky ýokdy. Ýöreýşem, garaýşam... Ol gyzyň eşik geýişem asylly maşgaladygyndan habar berýärdi. Arzan baha matadan tikilen köýnegem ol gyzyň egninde gymmatbaha bolup görünýär-di. Sebäbi, köýnek gyzy bezemeýärdi, gyz köýnegi bezeýärdi.

Gapdalyndan geçip giden şol gyz Akmyrada tanyşlyk nazaryny aýlan ýaly boldy. Ýigidiň ýüregi jigläp gitdi. Hatyň yzyndan gelen gyz öz yzyndan gelen ýaly Akmyrat ýerinden turdy. Tursa-da,

gyzyň yzyndan ýöremeli bolanda welin, özüne erk etdi. Sokulyp ýanyna barsa, ýeňillik, bisuwytlyk boljakdy...

Görmegeý gyz, agras gyz, Dürdäne bolup çykmaly gyz hat alynýan bölümiň aýnasynyň öňünde saklandy. Onuň dokumenti yzyna gaýtarylanda ýany bilen ikimi ýa-da üç sany hat uzadylandygyny Akmyrat görüp ýetişdi. Şol bolmaly. Akmyratdan başga ile ikiläp-üçläp hat ýazjak barmydyr? Dürdäneden başga ikiläp-üçläp hat aljak barmydyr? Şol bolmaly.

Owadan gyzyň hatlary, kimden gelendigine-de seretmän, bukjasyna salyp ötägitmegem Akmyrada ýarady. Kelkewser bolmasa, howlugyp ölübermelem däl-dä, — bu Akmyradyň gelen netijesi.

Ýere basýandygynam duýdurmaýan edaly ädimler gapa çenli bolan aralygy ölçäp ugranda Akmyrat indiden soň edeplilik görkezen bolup durmagy artykmaç hasaplady. Ol daş işikde gyzyň yzyndan ýetdi, dogumlandy. Emma owadan gyzyň gapdala gyýa garan owadan garaýşy onuň dogumyndan nam-nyşan goýmady. Bolsa-da ýaş ýigit özüni ele aldy.

— Sen Dürdänemiň, gyz?

Gyz alarlyp seretdi.

— Dürdänäňem, Zerdänäňem başga ýerden gözle.

Nähili gödek hem ýakymsyz ses! Gözüniň kesen bahasy bilen Akmyradyň kalbyna näzikden edepli bolup giren keşp, göz açyp-ýumasy salymyň içinde gödeňsi bir zada öwrüldi-de, ýigidiň içki dünýäsini bulandyryp daşyna çykyp gitdi. Aljyran Akmyrat nätjegini-de bilmedi.

— Ýalňyşaýdym öýdýän... Bagyşlaň!

Öňki hyrsyz garaýyş ýene bir gezek gaýtalandy.

— Gabat gelene süýkenip ýörseň, ýalňyşan ýeriň köp bor...

«Hudaý saklawersin! Indi bir sesimi çykarmaýyn. Şüý-ä şarpyk çalaýmakdanam gaýtjakgäl-aýt!»

Çaklaýan şarpygy ýüzüne urlana dönen Akmyrat bu jelegaýlarda mundan artyk durmaga-da uýaldy...

Şondan soň Akmyrat düşnüksizligi bilen özüni otdan alyp, suwa zyňyp ýören gyzdan birneme sowaşaýmalydy welin, tersine boldy.

Jaňa garaşdy, jaň gelmese, hata garaşdy. Redaksiýa öz aladasy bilen ýüz tutýan adamlardan jaň gelende, Akmyrat ony Dürdänedendir öýtdi. Redaksiýa öz işi bilen ýüz tutýan adamlardan hat gelende, Akmyrat ony Dürdänedendir öýtdi. Üstesine-de, soňky wagtlarda Dürdäneden hat gelmesi hem seýrekledi. Şonda-da Akmyrat sowaşmady. Ýazylmadyk hatlara, aýdylmadyk şirin sözlere jogap gaýtarmaga başlady, on altynjy aragatnaşyk bölüminiň gapysynda bolan wakanam habar berdi. «Şeýle güne sezewar etseňem men senden sowaşyp bilemok...»

Seýregrägem bolsa, gelýän hatlaryň birinde Dürdäne Akmyrady gaty gyzyklandyrýan sowalyňam jogabyny ýazypdyr. Asyl, bilnip oturylsa, Dürdäne Akmyrady üç aý mundan ozal dokma fabriginiň klubynda gören ekeni. Şondan Akmyrat žurnalistleriň dokma fabriginde geçiren duşuşygyny ýadyna saldy. Ýadyna saldy-da utandy. Sebäbi, ýygra ýaş žurnalistiň şol gezekki eden çykyşynda dokmaçylaryň ýadynda galaýar ýaly aýdan gepi-de bolmandy, sözi-de.

Bolsa-da tötänden ýazylan jogap Akmyradyň esasy sowalynyň jogaby däldi. Kimdir biri seni toýda-tomusda, oturylyşykda-da görüp biler. Ol düşnükli. Ýöne Akmyrady beýle derdesere salan geň wakanyň soňy näme welin gutarar?

Iki hepdäniň içidir Dürdäneden hat gelmesi düýpden kesildi. Ol hem Akmyradyň kalbynda her hili sowallaryň, çaklamalaryň döremegine getirdi. Belkem gyrpa ata bilen namazhon enäniň gepinden çykyp bilmeýän edepli gyz kimdir biriniň töründe eýýäm gelip bolup oturandyr? Ýok ol çaklama nädogrudyr. Her hili ýagdaýa düşende-de, Dürdäne namartlamaly maşgala däl. Onuň şeýledigine üç aý bäri ýazylýan hatlaryň mazmuny güwä geçýär.

...«Mimkelläni» baş redaktoryň ýanyna çagyrdylar. Ol çykan badyna-da, gapy ýaňadandan açyldy. Iç işikde aýak çeken daýzany Akmyrat ilkibada «Mimkelläniň» semizlikden ejir çekýän näsag aýalydyr öýtdi. Ol redaksiýanyň golaýyndaky dükandan alan ol-bi zatlaryny, götermek kyn düşensoň, käte adamsyna taşlap geçäýýärdi. Ýöne ol Nartäç daýza-da däl eken.

Akmyrat gapydan gelene pessaý ses bilen salam berdi,

jogabynam alanyny-almanynam aňşyrman galdy. Göz astyndan bolsa ol daýzany üns bilen synlady. Ol Nartäç daýzadanam gödek hem dört gyrandy. Ýaşy otuzyň töwereginden habar berýärdi. Etiniň gereginden artykmaçlydygyny tassyklap, köýnegini güberdip duran çykyn-çykyn çiginleri ozalam kelte boýy öňküsindenem peseldip görkezýärdi. Boýny hem bokurdy. Üste-sine, pahyryň ýüzünde-de göz eglener ýaly yşnak ýokdy. Arasy bitik gür gara gaşlarynyň gabagynyň üstüne abanyp durmagy onuň sypatyna erkekpisint görnüş berýärdi. Teňňeli burnuň aşagyndaky pökgi dodaklar edil ýel berlen ýalydy. Garaz, ol göýdük biçärede aýal maşgala mahsus sypatlardan nam-nyşan ýokdy. Akmyrat: «Hudaý bi görgülä görkden-görmekden zat eçilmändir-ow! — diýip içini gepletdi. — Şüýem biri bilen är-aýal bolup ýaşaýarmyka?!»

— Size Esen aga gerekmidi? — diýip, Akmyrat «Mimkelläniň» hakyky adyny tutdy.

— Ýok, maňa Esen aga gerekgäl. Maňa sen gerek.

— Aýdyberiň!

— Men şol Dürdäne bolmaly. Akmyrat — diýen tanyş ses ýigidiň başyny aýlap goýberdi. Onuň elindäki galam barmaklarynyň arasyndan sypyp, stoluň üstüne, soňam ýere gaçdy. Galamy almak üçin aşak eglen Akmyrat «Ýok, soň Dürdäne bolmaly dä-äl!» diýip stoluň aşagyndaka gygyrmak isledi. Emma başarmady. Gapyda durana haýpy geldi, nebsi agyrdy, dili tutuldy.

Akmyrada derek Dürdäne gepledi.

— Men senden ötünç soramaga geldim, Akmyrat. — Habardan many alyp bilmedik Akmyrat gözlerini tegeläninden soň myhman dowam etdi. — Sen maňa söýülýän zenanlaryň nähili bagtly bolýandyklaryny düşündirdiň... — Dürdänäniň bokurdagy dolan ýaly sesi tutuksy çykdy. — Men şu ýaşda ömrümiň diňe üç aýyny özümi hakyky zenan hökmünde duýup gördüm. Sen meni tutuş üç aýlap bagtly etdiň. Meni bagyşla, Akmyrat jan. Ýagşylyk edene bagyşla diýilmeýä. Men saňa şony diýmeli bolýan. Nätjek, menem zenan-da... Sen meni bagyşla, Akmyrat jan... Taňry ýalkasyn...

Kalby, beýnisi çepbe çöwrülen, durky bilen titräp oturan

Akmyrat ýerinden turdy, Dürdänä tarap manysyz, maksatsyz nazar bilen garady. Garadygyça-da, biçäre zenanyň sypaty öňküsindenem naýynjar görnüş aldy. Akmyradyň oňa haýpy geldi, ýakymly sözler bilen göwnümi awlamak isledi. Emma ýetişmedi. Sem bolup duran Akmyrat özüni dürseýänçä, Dürdänäniň gowuşgynsyzdan agyr göwresi gapynyň aňyrsynda gizlendi...

# GUDRAT

*Gülşirin Hanowa bagyşlanýar.*

Beýle waka düýşüne girenem bolsa, Nurana gelin, ýüregi çat atany sebäpli oýanyp bilmän, baky uka giderdi. Ýöne, adam başy daşdan gaty,belki-de, heniz hiç ýerde, hiç wagt bolmadyk, megerem, birmahal, bir ýerde bolandygynyň gürrüňi hem edilmedik, men diýen erkek adamyňam inini tikenekledip, depe saçyny üýşürjek aýylganç wakadan Nurana gelin asyl gorkýana-da meňzemedi. Ýa-da asmandan inen ýaly birden peýda bolan howp gorkmaga-ürkmäge-de maý bermedi.Ýogsam, edil taýagatym öňünde äpet ýolbars peýda bolar-da, heý-de, akly-huşy ýerbe-ýer adam düýrükmezmi?! Wagşynyň howlukman ädim urup gelşiniňem manysyna düşünmek kyn däldi; nesibesinden çykan rysgalynyň iki tarapy hem uçut gaýa bolansoň , gaçyp gutulara hiç hili ýol ýokdy. Nurana gelin aljyrasa-da, başy aýlansa-da özüniňem, perzendiniňem ajal penjesinden sypmaga umydynyň ýokdugyna akyl ýetirdi. Şoňa akyl ýetiren gelniň aňynda köpügören kempiriň hyýalyna geläýjek başga bir hile peýda boldy.Ol çagasyny bagryna basyp, göni gelýän ajalyň gözüne seredip durka, perzendiniň gulagyna pyşyrdady: «Sen häzir oba tarap ylga, çagam. Ylgap barýakaňam käte «Ata-a!» diýip gygyrgyn! Hoşmy?»

Alty ýaşyndaky ýeňilaýak çaga ejesiniň aýdanyna söz bilen däl-de, atylyp gitmek bilen jogap berdi.

«Ata-a-a!»

Ol mähriban ses iň soňky gezek eşidilýärmikä? Dörän sowala «Ýogsam näme!» diýen anyk sözden gaýry jogap gaýtarmak bu

ýagdaýda galatlyk boljakdy. Diri galmaga maý bermejek ujy demir çeňňekli agyr penjeler, ýiti diş, açlykdan ýaňa agzynda dörän sülekeýi erninden akyp duran, aýylganç iki gözli hyýrsyz ajal ýetip gelýärdi.

«Ata-a-a!»

Sen ylga bala, ylga! Ýöne büdräýmegin! Sen ejeňdenem ýaman görme. Ejeň seni ýaşatmak üçin ejesiz goýmaly boldy. Sen ejesiz ösersiň, ýöne ýaşarsyň, özüňem iki adamlyk-ejeňe deregem ýaşamaly bolarsyň. Ylga, çaga, Öz ömrüň üçin, ejeň göwni üçin ylga. Sen ýaşamaly. Sen, ýigit çykmaly...

Ýene sanlyja pursatdan ajal penjesine girmeli gelniň ogly birden ýigit çykýar. Oňa hem aşaky obadan Gadyryň görk-görmegine laýyk owadan gelinlik tapylýar. Begenji dünýä sygmaýan Nurana jülgeden çykyp gelýän kaşaň kejebeli ak maýa tarap ädim urýar. Ýöne onuň bir ädim urup golaýlany Gadyra gelin getiren kejebeli ak maýa däldi-de, özüne ajal bolup gelen aç ýolbarsdy...

Gündogardan günbatara, bolaýsa iki müň ädim töweregi uzynlykdaky darajyk dag jülgesiniň her tarapynda bir oba bardy.Olaryň birine Ýokarky, beýlekisine Aşaky oba diýilýärdi.Ýaňy ýigrimi iki ýaşyny dolduran Nurana gelin, iki tarapdanam mydama gyz alşylyp-berşilýän, «Eýlekem biziň oba, beýlekem biziň oba» diýlip söýgülenýän iki obanyň aşakysynyň gyzydy, ýokarkysynyň gelnidi. Oňa Nurana ady nurana boljagy öňünden duýlup dakylan ýaly, gaýry taryp goşmazdan diňe nurana diýseň ýeterlikdi..Ol döwürler gyz maşgala on dört-on bäş ýaşasa, derrew arkasy ýapylýandygy sebäpli, Nurana gelin eýýäm alty ýaşly garagözelejik oglanjygyňam ejesidi. Atasy, Nowruz aga öz awçylygyna ýanap Mergen diýmek islese-de, agtygy gadyr gijesi dünýä inendigi sebäpli adyna Gadyr dakyldy. Gadyr adyndan Gadyrjany ýörgünli bolan çaga atasynyňam, dag obajygynyňam gadyrly çagasyna öwrüldi. Nurana gelniň düşen ýerindenem, ýanýoldaşyndanam, iliň hormatlaýan gaýyn atasyndanam, ýalňyz gelnine diňe «janym» diýip ýüzlenýän ak gyňaçly gaýyn enesin-denem göwni bitindi. Hemme zat gülala-güllükdi, şeýle bolmazlyga tutaryk hem ýokdy.

Emma gamgyn ýagdaýyň döremegine şatlyk sebäp boldy. Nurananyň jigisi öýlenýärdi. Ejesini, doganlaryny görmek üçin ýüregi atygsap duran

gelin birigün başlanýan toýa şu gün gidermen boldy.Toýa esasy dabara güni barmaly eden ýaşulularam oňa garşy çykmadylar. Gadyryň elinden tutan Nurana gelin Gün guşluk ýerine ýetende, jülgä eltýän ýodajyga düşdi...Ýaz pasly ter ýapraklary gözüňi deşip gelýän reňke boýalan agaçlar kesesinden garasaň, jülgä ýaşyl suwly derýa akyp ýatan ýaly görnüş berýärdiler. Depesinden dabanyna çenli kümüş şaý-sepe bezenensoň, Nurana gelin hem şol ýaşyl suwly derýada howlukman ýüzüp barýan tylla teňňeli balyga meňze-ýärdi. Ejesiniň kä sagyndan, kä çepinden bökjekläp barýan Gadyrjan hem şol owadan balygyň şadyýan çagajygydy...

«Ata-a-a!»

Nurana gelin awçy gaýynatasyndan wagşy haýwanlar barada kän gürrüň eşidipdi.Onuň aýtmagyna görä, ýolbars diýilýän ýyrtyjy, şeýtmekden aýratyn lezzet alýarmy ýa-da öz artykmaçlygyny görkezjek bolýarmy-nämemi, gymyldaman ýatan awuna kän imrinmän, gaçanyny kowalap tutmaga höwesek bolýar eken. Häzir Nurana şol barada oýlandy,Gadyry gaçyranyndan howpurgady. Wagşy gaçany kowýan bolsa...Çaga gaçdy ahyryn. Birden ol...Ýok, Nurana oňa ýol bermez. Her zat eder welin ýol bermez. Sähelçe puryja döredilse, ýeňil aýakly ýaş oglan derrew jülgeden saýlanar.

Ýolbars bilen aralyk on-on iki ädime diredi. Nurananyň göwnüne bolmasa, ýolbars oňa ullakan üns hem bermeýän ýalydy. Näme sebäbe beýlekä? Onuň açdygy hem görnüp dur ahyryn. Wagşynyň hyýrsyz ýüzünden, özüni parçalamaly ýiti dyrnakly penjelerinden öňürti Nurananyň gözüne görnen onuň emjekleri boldy. Olar süýdi çekilip garna ýelmeşen emjekler däldi-de, çaga emdirýän süýtli emjeklere meňzeýärdiler. Belki-de ol şu mahal janyna ölüm howpy abanmaýan bagtyýar çagasyny ýa-da çagalaryny emdirmäge barýandyr. Belki şonuň üçinem arkaýyn ädimläp öz aýagy bilen öňünden çykan awunyň üstüne howlukman gelýändir. Açlyk gyssaýmasa awy elinden gider howp üçin howlukmaga esas ýokdy. Sebäbi iki tarapyny dag gerişleri gurşan dar jülgede gaçmaga diňe bir ýol bardy. Ol hem yza gaýtmakdy. Ýolbarsyň awy bolsa, yza gaçman, gaýtam öz aýagy bilen öňe, wagşynyň agzyna tarap ýöremelidi. Onuň düýp maksady şoldy. Emjekler doly ýaly görünse-de, wagşynyň garny welin «hepbik ýaly»

diýilýänlerdendi, düýnde-şu günde doýa-gana zat iýmändiginden habar berýärdi. Nurana ýolbarsyň açdygyna begendi. Ýöne üst-başynyň gün şöhlesi düşüp lowurdaýan şaý-sepleri hakynda oýlandy. Şaý-sepden ýaňa onuň endamynda ýolbarsa arkaýyn agyz urar ýaly ýer ýokdy. Şeýle howply pikir kellesine uran gelin çabydynyň ýakasyny bezeýän gulply apbasylaryň, olaryň aşagyna düşelýän çaňňalaryň wagşynyň dişine mazaly garşylyk görkezjekdigini, belki-de onuň işdäsini tutjakdygyny ýatlady. Beýle ýagdaýyň awy kowalap ele salmagy gowy görýän wagşa gaçyp giden rysgalyny ýatlatmagy-da ahmaldy. Şol hakda oýlanan gelin çabydyny çykardy-da, egniniň üstaşyry zyňyp goýberdi. Bezeg şaýlarynyň toýda eşidilse owaz bolup gulaga degýän sesi bu gezek howply mukam bolup eşidildi Nurana şol pursadam gaýynatasynyň wagşylaryň öz awunyň öňürti bokurdagyndan ýapyşýandyklary hakynda beren gürrüňini ýatlady. Gelniň bokurdagynda gaýyn enesiniň inji beren bukawy bardy, özi-de gaýyndan geline geçip nesil yzarlap gelýän, köneden galan guýma bukawdy.Ol gaty güýç göräýmese, döwüljek şaý däldi. Eger wagşy haýwan öňürti öz awunyň bokurdagyndan agyz salýan bolsa...Palta bilen ursaňam yz goýjagy gümana bukaw ýolbarsyň dişlerine ýan berermi? Dişi ýumşak ete däl-de daş ýaly bukawa degensoň ol yza tesmäge mejbur bolmazmy? Nuranany gorkuzýan zat ýolbarsyň taýýar awundan ýüz öwräýmek meýlidi. Onuň kellesine gelen pikiri derrew eliniň ujuna öz täsirini ýetirip, inçe barmaklary herekete gelmäge mejbur etdi. Toýa ýetmän boýundan sypyrylan bukaw ýodajygyň gyrasyna atylyp düşdi. Gün nuruna lowurdap ýatan kaşaň bukawyň ýanyna iki sany kümüş bilezik hem atylyp bardy.

«Ata-a-a!»

Bu gezek Gadyryň sesi guýynyň düýbünden çykýan ýaly bolup çala eşidildi. Şeýle-de bolsa ses entek gelýär. Diýmek, çaga heniz jülgeden saýlanan däldir.

Has golaýa gelen ýolbars indi iki gezek bökse-de awyny garbap biljekdi. Emma ol öňki haýal hereketi bilen süýşüp gel-ýärdi. Wagşynyň howlukman hereket edişi Nurananyň kalbynda ýene bir aýylganç pikir döretdi. Onuň hyýalynda ýetip gelýän ajalyň öňünde duran özi

däl-de, Gadyrjan bolup duýuldy. Oglanyň soňky gezek «Ata-a!» diýip çala eşidilen sesi-de endamyna wagşynyň dyrnagynyň salan yzasyna çydaman çykan çirkin ses bolup ýaňlandy. Gelin aljyrady. Wagşy haýwan indi üstüne bökäýmelisi galsa-da, ýaşamak üçin ömürboýy eden hereketini gaýtalamaýardy. Ölümden gorkmaýan enäni wagşy haýwanyň edilmeli herekedini etmezligi gorkuzdy. Nurana her zat etmelidi welin çaklaýan howply hereketi hakykata öwrüläýmez ýaly ýolbarsy özüne imrindirmelidi. Beýtmek üçin onuň elinden gelýän zat barmy!.. Birdenem Nurananyň döşi gyjyklanýan ýaly boldy. Soň ol ýakymly duýga öwrüldi. Ol duýgy geline tanyş bolup çykdy hem şeýle aldym-berdimli pursatda-da ony başga zat barada oýlanmaga mejbur etdi. Ýok, ol ýalňyşmandy, bu hakyky duýgy mundan alty ýyl ozal, Gadyr dünýä inen güni bolup geçdi. Gelniň göwsüne süýt indi. Ol döşüne elini ýetirdi. Juda aljyraňňy ýagdaýdaky Nurana gelin bu wagt tebigatyň enäni çagasyna gezek gelende şeýlebir mähriban, şeýlebir duýgur edip ýaradandygy, hatda balasynyň janyna howp abananda, ýaşynyň näçedigine garamazdan süýt mäzleriniň juda duýgurlyk görkezýändigi barada pikirlenmekden daşdady. Göwüsleriniň lorsuldap-lorsuldap titremegi gelni özüne getirdi. Geň bolup duýlan ýagdaý ony başga bir, çykalga bolup görnen çaklama eltdi.Töwerekde yns-jyns ýokka-da göwüslerini on dördi gije Aýynyň mylaýym yşkynyň sypaýmagyndanam uýalan gelin, olaryň daň ýyldyzynyň ýiti nazaryna iläýmegindenem ejap eden gelin edil ot alan ýaly bolup, ebşitläp tutan ýakasyny ähli güýjüni jemläp iki ýana çekdi. Ýüpek sapak bilen keşdelenen ýerinden kyn ýyrtylan ýaka tä gelniň biline çenli uzyn çäk bolup gitdi. Taradan ýaňy çykan, syk dokalan, bozgunç ysly täze keteniniň görküne kybapdaş däl gödek jarryldysy Nurananyň özüne-de geň bolup eşidildi welin, ýetip gelýän ýolbars hem üýtgeşik sese tisginen ýaly boldy. Nurana gelin oňa begendi. Gyzyl keteniniň çäklenen ýakasyndan ter hem dolmuşdan ak goşa göwüs çogup çykdy. (Zenan gözelliginiň her hili pajygaly ýagdaýda-da öz artykmaçlygyny ýitirmeýändigini tekrarlap, bu mahal hakykaty açyk beýan etmek «Ilaty mergi paýhynlaýarka heşelle kakmak» diýen nakyla meňzese-de, Nurana gelniň ajaýyp göwüsleriniň bir

pursatlygam bolsa, gözellik älemine gözellik goşandygyny aýdyp geçmeli). Indi ýolbars başga zada ünsüni bölmez. Gelin oňa ynandy. Çagany ak süýt berip ulaldan keramatly ene göwsi ony ölümdenem halas eder.Gelin oňa ynandy.

«Ata-a-a!»

Ol Gadyrjanyň sesi däldi, enäniň hyýalynda ýaňlanan sesdi. Ene dünýädäki iň ýakymly sesi, iň mähriban sesi, ýeke-täk sesi ýene bir gezek, ölüminiň öň ýanynda soňky sapar eşitmek isläpdi. Häzirki ýagdaýda onuň bu dünýäde ýalňyz islegi diňe şoldy.

Ahyry Nurananyň maksady amala aşady. Indi ol, megerem eýýäm jülgeden saýlanan, atasyna-da ýagdaýy mälim eden perzendiniň ölümden gutulandygyna ynandy. Gözüni ýumup duran gelniň ýüzüne ajalyň gyzgyn hem howply demi çaýyldy. Ýolbarsyň ýüzüniň gataňsy hem ýakymsyz ysly çöpürleri Nurananyň näzik ýaňagynda, giň maňlaýynda, owadan boýnunda oýnady. Wagşy haýwanyň agzy ak göwüsleriň üstünde köpräk eglendi. Onuň gyzgyn demi ozalam sandyrap duran göwüsleri öňküsindemem beter titretdi. Ýolbarsyň burnundan çykýan gyzgyn dem ak döşüň üstünde birki öwrüm edende, dodaklaryna ene süýdüniň ýokundysy degdi. Wagşy ony ysgady, çalarak ýalady, şonda ol bir pursatlygam bolsa başga haýwana öwrülen ýaly boldy.Ene süýdüniň täsiri bilen birden jülgä dolan aýylganç arryldydan soň gelniň çepiksi göwresi siltenip-siltenip çeýnelmäge başlandy. Ýüzüni ak göwüslerden ýokaryk galdyran wagşy öz köne endigine geçdi, posly çüý ýaly büdür-südür dişler näzik bokurdaga ýapyşdy. Birdenem jülgäniň howasy gutardy. Gelniň demi tutuldy. Şeýle ýagdaýda-da ol wagşynyň hereketlerine, bolýan işlere aňry ýany bilen düşünýärdi, ýöne arassa ak gar bilen reňkdeş näzik alkymy, nepis boýny çeýnelende-de eger-eger agyry-ynjy duýmady. Ölüm agyrysyz-yzasyz bolýarmyka? Ölmekde diňe gorky bolýarmyka, agyry bolmaýarmyka? Ölmek beýle aňsatmyka? Bokurdakdan, göwüsden dökülýän gyrmyzy ganyny görmese-de, Nurana onuň bedeninden syrygyp topugyna ýetenini duýdy. Ol indi uzaga çekmän, ähli duýgudan mahrum boljakdygyna göz ýetirdi, gaýdyp ejesini, joralaryny, obadaşlaryny görmejekdigine gynandy. Ýöne ömür bilen

hoşlaşmaga galan ýeke pursatda, ölüm bilen baglanyşykly hem bolsa, begenere-de bir zat bardy. Ol çäksiz begençdi, enäni ölüme kaýyl eden, enäniň ölüminiň döreden begenjidi, ömür berip ömür alýan begençdi. Şol begenç Nurana gelniň bu jahanda galdyryp gidýän ýeke-täk döwletli guwanjydy. Şol guwanç hem onuň parçalanan bedenini agyry duýulmaz ýaly derejä ýetiripdi. Ene ýüreginiň emri şeýledi.

Ysgyndan düşüp, aýak üstünde durmaga gurbaty galmadyk gelin ýodanyň gyrasyndaky maýda daşlaryň üstüne ýykyldy. Gaty daşlaryň ony mahmal düşek bolup garşylamandyklary bellidi. Ýöne Nurananyň bedeni ýene agyry-ynjy duýmady. Onuň teni sowan ýalydy. Ol adam teniniň sowamagynyň manysyna düşünýänem bolsa, uzak ýatmady. Gelin entek hereket etmelidi, bedeninde dişe ilişer ýaly sähelçe et galanam bolsa ony ýolbarsa bagyşlamalydy. Şol maksat, şol isleg hem oňa gözlerini açdyrdy, turmaga güýç berdi, Ol özüne gelen ýaly bolup oýananda, ýene bir mümkin bolmajak geň ahwalata göz ýetirdi. Wagşy haýwan Nurananyň geçirmek islemedik ýodasyndan geçjegem bolman, näzik tene agyz hem urman, dag tarapa sowlup, gaýanyň düýbündäki gyrymsy agaçlara siňip barýardy. Nurananyň ilki gözüne ilen hem haýwanyň emjekleri boldy.Ýöne ol perzendiniň ölümden halas bolandygyna, özüniň aman galandygyna akyl ýetirse-de, bir-ä wagşy haýwanyň eden herekediniň manysyna düşünmeýärdi bir-de ýap-ýaňy-da gap-gara saçynyň çalarandygyny bilmeýärdi.

*2013*

# OTLY GEÇIP GITDI...

Respublikanyň ýubileýiniň golaýlamagy mynasybetli gazetimiziň redaktory meni öz ýanyna çagyrdy. Şol edaradan aýlyk alýanym hemem uly başlygymdygy sebäpli, goltugyma garpyz gysdyrmanda-da, tabşyrygy ýerine ýetiräýmelidim welin: «Žurnalistlemmiziň arasynda-da senden «nemerägi» ýok — diýip, ol «nemeräk» sözi özbaşdak aýdylanda hiç hili düşünje bermeýänem bolsa,bu ýerde «gowy» diýen manyda ulandy. — Adamlammyzyň hal ýagdaýy görlüp-eşidilmedik derejede özgerdi. Dünýä bize haýran

galýar... Döwrümize mynasyp hem okyjynyň göwnüni galkyndyrar ýaly uly oçerk ýazmaly. Kynçylygy görkezmek hökman däl. Ony özüň bilýäň... Togsan ýaşly bir garry bar. Ýetmiş iki ýyllap hem çopançylyk edipdir...»

Başlygymyň indiki aýtmalylaryny özüm aýtmaly etdim-de:

— Oçerkiň adyna-da «Bagtyýar goja» goýýarys — diýdim. Ýöne, köplenç ýagdaýda bolşy ýaly, bu gezek hem meniňki paşmady — redaktorymyň göwnünden turup bilmedim.

— Ýok, ol bolmaýar — diýip, başlygym gür gaşlaryny bürjeşdirdi. — Sen bir zada düşün. Hiç bir adam, eger ol gaty dogumlam bolsa, öz-özünden bagtyýar bolmaýar. Ýa-da bagt diýlýän zat asmandan ýagmyr bolup ýagmaýar. Bagt diňe zähmet çekmek netijesinde gazanylýar...

— «Zähmetden bagt tapan goja»...

— Golaýladyň — diýip, redaktor çalaja ýylgyrdy.

Men hem ony ýylgyrdanyma begenip ýyrşaranymdan soň, başlyk sözbaşy barada gutarnykly netijä geldi.

— «Azat zähmetden bagt tapan bagtyýar goja» diýäýseň näder? Özem sazlaşykly hem boljak.

Beýle uzyn sözbaşy maňzyma batmasa-da:

— Gaty oňat bolýar! — diýip, derrew redaktoryň ugrundan gopdum. — Zähmetem, näme, hil-hil bolýar. Biziňki ýaly azat zähmet bar, negirleň çekýän gara zähmeti bar...

Başlyk telim gezek baş atyp, ahyr jüpüne düşen jogabymy çyny bilen makullady...

Geljekki oçerkimiň gahrymany bolmaly «Azat zähmetden bagt tapan bagtyýar goja» redaksiýamyzyň işiginden geçýän uly derýanyň kiçijik ýaba öwrülip, çöle siňip gidýän ýerinde ýaşaýar eken. Säher bilen öýden çykan «nemeräk» žurnalist bir gezek awtobusa, iki gezek hem çagyl çekýän ýük maşynynyň kabinasyna müne-düşe, uly guşluk mahaly «Hakykat» diýilýän oba baryp ýetdi. Iki kilometr ilersinden demirýol geçýän obanyň öýlerine gaz hem elektrik togy çekilipdir diýäýmeseň, ýaşaýjylarynyň ýagdaýynyň şähere golaý obalaryňkydan pesdigi görer göze-de bildirip dur. Hatda bu zamanlarda gurmak ýatdan

çykarylan pagsa jaýlaryňam iki sanysyna gabat geldim. Bişen kerpiçden gurlan kaşaň jaýlaram bardy. Ýöne Mahmyt aganyň jaýy welin hiç zat bilen deňeşdirer ýaly däl eken. Goňşusy onuň öýüni salgy berip: «Ýaňyja dükana tarap alakjap barýady» diýende: «Togsan ýaşyndaky adam nädip alakjaýarka?» diýen sowal kelläme geldi, soňam gojanyň jaýyny synlamaga durdum. Köne kepbäniň böwründen çykarylan ýemşik turbadan ýyly dem urýany bildirýär. Şol hem uzak ýyllar bäri oturan kepbede henizem adam ýaşaýandygyndan habar berýär. Jaýyň çat maňlaýyndan, edil gapynyň depesinden çykyp duran bir gulaç ýaly sary naw gadym döwrüň topunyň niline meňzeýär. Sarygarynjada onyň ysgynyny alyberen ýaly. Şol nawdanam çybyklary gyradeň saýlanmadyk gödek ýylgyndan örülen sebet asylgy. Guş-gumrular höwürtge tutunypmy-nämemi, sebediň yşlaryndan çöp-çalam, ýelek görünýär. Jaýyň gaty köp ýyllar bäri reňk ysyny almadyk gapysyndan köne ambarlaryňky ýaly ullakan gulp asylgy. Eýesiniň ömrüni çölde geçiren çarwa bolandygyny tassyklaýan uly mellek çaňap ýatyr — ýeke düýp saýaly ýa-da miweli agaç görünäýse nädersiň!

Kän garaşmaly hem bolmadym. Aňyrdan pes boýly, kebzesi birneme tüňňeren, bir eli hasaly, biri düwünçekli garaýagyzdan arryk ýaşuly peýda boldy. Ilki men ony Mahmyt çopandyram öýtmedim. Sebäbi meniň tanaýan togsan ýaşan iki sany tanşymyň ikisi-de aýakýoluna-da zordan-zara gidip gelýän «öýdeçi». Häzirki görýän ýaşulymyň bolsa, ädim uruşy, hereketi onça ýaşlynyňka meňzänok. Elindäki hasa gurpdan gaçan garra goltgy bolman, it-guşdan goranmak üçin hemem köne endige görä göterilääýýän ýaly ýere degmän, howany gulaçlap gelýär. Golaýyma gelensoňam, onuň beýle köp ýaşandygyna müňkür boldum. Elbetde, uzakdan-uzak ýyllar göze-ýüze öz tagmasyny basypdyr: pagtaly köne güpbiniň kelteräk gelýän ýeňinden çykyp duran guran agaç ýaly goşarlar ýeňe gara kesewi sokulan ýaly bolyp görünýär. Onuň düwünçekli eli bolsa, üns berseň, bir sydyrgyn titräp dur. Oý ýerde ýerleşen goşa guýy ýaly çukanak hanadan jyklaýan garaja gözler gaty janly. Umuman, garaýagyzdan hortap ol gojada entek güýç-kuwwat bar. Onuň maýdaja gasyn basan tegelejik hem ýylgyrjaklap duran ýüzi gojanyň öz gününden hoşaldygyny aýdýar.

Başlygymyň «Bagtyýar goja» diýenininiň ugry bar öýdýän.

Goja çopan öz kepbesiniň öňünde duran nätanyş žurnalist bilen köne ülpet ýaly alçak salamlaşdy, hal-ahwal soraşdy, bardygyny-ýokdugyny anyk bilmese-de, meniň çagalarymyň saglygy bilenem gyzyklandy. Sorag-idegiň yzyndanam ol myhmany öýüne çagyrdy.

Kepbäniň gapysy açylýança esli garaşmaly bolduk. Mahmyt aga taýagyny diwara söýedi, düwünçegini bolsa, ýerde goýmaga dözmeýän ýaly, meniň elime tutdurdy:

— Şuny birden sakla, köşek!

«Köşegiň» kömegi bilen iki elini hem boşadansoň, ol güpbüsiniň hemmesi ildirilen iliklerini ýazdyrdy.

Men onuň bolşundan üýtgeşik bir netijä garaşdym. Howlukman hereket edýän ýaşuly başyndaky köneje şypyrmasynam çykardy-da, boýnundan asylgy alaja ýüpi kellesiniň üstaşyry sypyryp, eline aldy. Men ol hereketleriň manysyny alaja ýüpüň ujundaky bir garyş ýaly gödeňsi açary görenimden soň aňyp galdym. Ol öz edýän hereketlerini üns bilen synlap durşumy görensoň, düşündiriş berdi:

— Şeýdip, ýüp bilen boýnuňdan asaýmasaň, kä daýym-kä daýym eliňdäki açary gözläbem, nirdedigi ýadyňa düşýänçä, öýüňe girip bilmän durmaly bolýaň, inim. Ýigrimi bäş ýok indi. Togsanyň tegeläbereňsoň, gowulyk az-da, erbetlik kän. Wagty-sagady gelende huşlaram ýukalýar eken...

«Ýogsam näme! Togsan ýaşarsyň-da, huş ýukalmazmy? Özüm-ä seň ýarpy ýaşyňam ýaşamok welin, käte burnumyň üstündäki äýnegimi gözläbem, masgara bolup ýörün. Sen-ä,tüweleme...»

Ýaşuly açary gulpuň deşigine sokandan soňam, gapyny açmady-da,diňşirgenip durdy, çep eliniň süýem barmagyny ýokaryk galdyryp, maňa tarap şadyýan çaga nazary bilen seretdi.

— Eşidýäňmi? Otly geçip barýa!

Obanyň ilersinden geçip barýan otlynyň sesi gaty golaýdan gelýän ýaly bolup eşidilip dur eken. Men oňa ýaşuly duýdurmanka ünsem bermändirin. Ýeri, otly geçip barýarmyşynam-da. Geçende näme? Otly geçdi diýip, diňşirgenip ýa begenip durmaly bolar oguşýa. Ol nä görülmedik zatmyşmy? Ýene bir salymdan

ýokardan samolýotam geçer. Öýüňden çykyp, oňa-da barmagyňy çommaltjakmy? «Adam gaty garrasa çaga ýaly bolýarmyş» diýýärler welin, şol çyn bolsa gerek...

Kepbäniň içi hem daşyndan üýtgeşik däl eken. Ortadaky gödeňsi sütün ozalam tagaşyksyz gurulan diwarlary hasam bigörk edip görkezýär. Kepbäniň ýokarsyna goýlan ýogyn nawa bil bermesin diýlip direg urlupdyr. Ýokaryňa seretseň, tüsseden hem tot-tozandan ýaňa gurum baglap giden hatar goýlan gapyrgalyk tagtalar demir ýoluň ýagjymak şypallaryny ýatladýar. Şol ýagjymak şypallaryň diwara birleşýän sepgidinde, her ýer-her ýerde, düşdüş kerepleri görünýär. Kerepleriň köpüsiniňem reňki gara. Diýmek, olar düýnde-şu günde örülen kerep bolmaly däl.

Daşarda howa sowuk, içerde bolsa, gyzgyndan ýaňa dem alar ýaly däl. Köýnegimiň ýokarky iligini ýazdyrmaly boldum. Ony gören ýaşuly:

— Içeri yssyrakmy? — diýdi.

— Ýyljak öz-ä — diýip, ýuwmarladym.

— Ýaş aňry gitdigiçe, ham ýukalýamy-nämemi, adam pahyr üşek bolar eken. — Mahmyt aga gündogar ganatdaky dört gözli aýna tarap ýöredi. — Yssyrak bolsa, şemalladaýarys, inim. Sowatmak, ýylatmak kyn däl. Öz elimizden gelýä.

Aýna tutuş açylar öýtdüm. Emma ol dört gözüň birine, döwlen aýna derek gysdyrylan ýassygy aýryp, orta taşlady. Köne palasyň üstünden ýeňiljek tozan göterildi, aýna tarapdan gelen salkyn şemal ony tutuş içerä ýaýratdy.

Ýaşuly mäş ýaly ýitije gözlerini maňa tarap aýlady-da, taşlan ýassygyna elini salgady.

— Geç, inim, ýumşajyk ýassygy tirsek-läý! — Ol ortadaky gaty gyzgyndygy iki-üç ädimlikdenem bildirýän pejiň gapdalynda çommaldy. — Çölüň aňzagy süňňüme ornaýypdyr öýdýän. Ýetmiş bir ýyl çopançylyk edilip, ýetmiş bir çilläň gary basyldy-da. — Ol peji gujaklajak bolýan ýaly iki elinem öňe uzadyp, çoýundy. — Bu bir eşret how, inim! Gijesi-gündizi ýok, gübürdäp dur. Odun salmaly däl, kül atmaly däl. Beýle eşret bar diýseler, ynanmazdym.

Türkmen beýle lezzeti haçan görüpdir! Indi özüm şol eşretden peýdalanyp otyryn. Heziller edinýän. Indi ilimiz eşretde ýaşaýa. Dünýäde şundan zyýat eşret barmyka? Hany, geçsene, inim!

Ýaşulynyň «eşret» diýýäni gapysyndan ýasama forsunkasy görnüp duran köne peç. Onuň ezber ussanyň elinden çykmandygy hem bildirip dur — sepleriniň yşyndan içindäki ýalynyň oýnaýşyna daşyndan tomaşa edip oturmaly. Öýde ýanyp ýetişmedik gazyň ysy-da duýulýar.

Kepbede Mahmyt aganyň täk özüniň ýaşaýandygyny soraman biläýmeli. Ol içerä örän belet görünýär.

Köne peji öwe-öwe, elini çoýup bolan öý eýesi ýeňillik bilen ýerinden turdy-da, gapynyň agzynda duran bedräniň ýanyna bardy, gara tüňçä suw guýdy. Geň zat — gojanyň kürşgeli eliniň dynuwsyz titräp durandygyna garamazdan, ýekeje damja suw dagy ýere dökäýse nädersiň!

Tüňçe öwülýän gaz pejiniň üstüne gelip gondy.

— Doly taňkany dagam derrew lasyrdadaýýa. Bu bir eşret, how, inim! Özümiz aňmasagam, indi biz gaty bagtly ýaşaýas. Görmedigiň gözi çyksyn! — Birdenem ol, aşak oturanymdan soň, ýüzüme çiňerlip seretdi. — Inim, çaý gaýnaýança, habaryňy berip otur. — Seni tanamadym-la. Bi obaň ýigidi-hä däl sen. Meň ýanyma möhümlije geldiňmi ýa-da... Menden bitmeli işde müşgillik bolmaz. Şeýle adamdyryn. Aýdyber!

Gelşiksiz hem bolsa, men oňa öz syrymy açmasyz etdim. Gazet adamydygymy bilse, derrew onuň hereketiniň ýasama öwrülmegi, diliniň özboluşly äheňiniň üýtgemegi ahmaldy. Men öz gahrymanymy dünýä inişindäkisi ýaly tebigylygynda görmek isleýärdim.

— Möhüm işim-ä ýok, agam — diýip, gojanyň sowalyna kiçi dilden bärden jogap gaýtardym. — Men... birhili, ýaşuly adamlardan gep-gürrüň diňlemegi gowy görýän. Endik bolaýypdyr şol. Obaňyzyň üstünden ýolum düşdi-de, «Togsan ýaşan aksakal bar» diýdiler welin, sowlaýdym. Gümür-ýamyr edişeris diýip.

— Oňaraýypsyň-da. — «Aksakal» sözüni eşiden Mahmyt aga, gürzelek sakgalynyň ýokdugyny tekrarlajak bolýan ýaly, selçeň

tüýli eňegine elini ýetirdi. — Hümürdeşer ýaly garamça tapsam, menem kem göremok, inim. Hudaýa müň şükür, aksakal kemimiz-ä ýokdur. Alla ajala sabyr berse, ýene ýarym ýyldan togsanym dolýa. Ýöne menden üýtgeşik gep-gürrüň eşiderin öýdüb-ä tama etmegin. Ýetmiş bir ýyl çopançylyk etdim. Şonça ýyllabam, özüm özümi diňlän bolaýmasam, gürrüňçi adama sataşmadym. Ähli eşdenim goýun-guzyň, şemalyň sesi boldy, görenimem ymgyr çöl. Onsoň mende gep küje, gürrüň küje! Şonça ýyl çölde gezip, geplemegi ýadymdan çykarmanyma şükür edäýmeli... Sowlupsyň, gowy edipsiň. Ynha, taňkamyz gaýnar welin, gök çaý içeris, gün-güzeran hakda gümür-takyr ederis. — Ýaşuly pejiň gapdalynda duran çaý gutusynyň gapagyny açyp, içine siňe-siňe seretdi. — Çaýymam-a, inim, külkeräkdir. Dükana iri çaý gelenem eken welin, ýaňy görüp gaýtdym — ýarym kile süýji aldym welin, çaýa pulam galmady. Aý, basym pensýä berler. Şonda alaryn-da.

«Togsan ýaşan adamam süýji iýer ýörerm-aýt?» diýen bolgusyz sowal kelläme gelensoň:

— Süýjüni gowy görýäňmi? — diýenimi-de duýman galypdyryn.

— Ýok-la — diýip, ýaşuly elini silkip goýberdi. — Süýji diýilýän harydy men oglankamam küýsäp duramokdym. Ind-ä o ýyldan-bu ýyla ýekejesinem agzyma salamok.

— Onda näme... Süýjini gelen-gideniň öňünde goýmak üçin alýaňmy?

— Inim, geň görme welin, ol aýdan-bu aýa, sen ýaly bir azaşyp ýören bolaýmasa, gapymdan gelýänem ýok diýen ýaly. — Ýaşuly bakyşymdan sessiz sowalymyň manysyna düşündi. — Özüň bilýäň, bu ýaşdan soň...

— Deň-duşam az diýýäňmi?

— Ýuwmarlamasana, inim — diýip, Mahmyt aga agras ýylgyrdy. — Indi men kime gerek!

— Onda süýjini agtyklaň üçin alýaňmy?

Ýüzi gülüp duran Mahmyt aga birden tukatlandy welin, sowalymyň ýerine düşmändigini aňdym. Çaklamamy ýaşuly şol bada tassyklady.

— Mende agtyk-çowlugam ýok, inim.

Ýene bir gelşiksiz gep ataýmaýyn diýip, beräýmeli sowalymy aňrymda sakladym.

— Nesibe-dä — diýip, Mahmyt aga bermek islän sowalymyň jogabyny gaýtardy. — Takdyr şeýle ýazylandyr-da, ýylyň dört pasly çölde geçirilensoň, ynha-ynha bilen gaty giç öýlendim... Sanalgym dolanda-da, il-gün hossarlyk eder-dä...

Ýaşuly tukat gürrüňden daşlaşmak isledimi-nämemi, dükandan getiren düwünçegini açyp, maňa tarap süýşürdi.

— Al, toşaply süýjiden dadyp gör. Entek seň süýji çeýnemäge ýaraýan dişiň bardyr-la...

— Diş-ä bar welin, Mahmyt aga, menem sen ýaly, süýjini halamok.

— Onda hemmesi oglanjyklaň nesibesi bolaýsyn!

— O nähili oglanjyklar?

— Pensiýa berilýän günüň yz ýany oglanjyklar, ýaramezan gezýän ýaly hatar bolup gelýäler-de: «Mahmyt ata çüji beräý!» diýşip gapyda durýalar. Menem, hem-ä oglanjyklaň agzyny süýjedýän, hemem özüm şondan lezzet alýan.

Birden kepbäniň gapysy tüweleý iteklän ýaly bolup açyldy-da, inçejik bili gerdi ýaglyk bilen guşalan, şar-gara aýal getiren galmagaly bilen bosagada peýda boldy.

— Işlemän gün görjek bolýa ýer tartanlar. Biri çilim satýa,ýene biri sakgyç satýa...

— Orazbagt, eýgilikmidir hernä? Biçak gaharlanypsyň-la.

— Eýgiligiň bar bolsun, goňşy! — diýip, garaýagyz aýal hasam gaty gepledi, birdenem, içerde del adamynyň bardygyny gördi-de, kürtdürip, sesini peselti: — Amanmy, han? Aman-saglykmy? Görmändirinem. — Soň ol öý eýesine ýüzlendi. — Aý, şü kiçi agtygymdyr-da, Mahmyt aga. Atasynyň ady dakylansoň, göwnüne degmejek bolýas welin, halys depämize çykdy ýer tartan. Sakgyç aljak diýip gözýaş edip ýör... Birigünki pensiýa çenli bäş manat beräýmeseň. Ýüzlügim bar, onam böldürmejek bolýan. Şu gün böldürseň, ertesi gutaraýýa. Näme alanyňam bileňok welin...

— Wah, Orazbagt... — diýip, säginen Mahmyt aganyň ogurlykda tutulan ýaly bolup, ýüzi gyzardy. — Wah, Orazbagt, menem şol

pensiýa garaşyp oturyn-da. Ýogsam, dükana iri çaýam gelen eken welin... Agtygyňa iki oýnam süýji-hä berip biljek...

— Atasynyň ady dakylansoň sögmäýin-ä welin, süýji bilen köşeşmese nädeýin ol ýertartan — diýen goňşy aýal gapyny aňyrsyndan ýapdy.

Taňka şyglap ugrady. Goja ýene ýeňil oglan ýaly ýeňil gopup, gapysynyň petlesine derek gödeňsi gaýyş kakylan şkafyň öňüne bardy. Açylyp-eplenip tozmagyň öňüsyrasynda duran reňki näbelli kleýonka öňüme ýazyldy welin: «Bu Mahmyt aganyň özi bilen-ä ýaşytdaşyrak bar bolsa gerek!» diýip içimiden ýaňsylamaga mejbur boldum.

Mahmyt aga şol şkafdan çykaran hum çäýnegini pejiň gapalynda goýanda, oňa ähli ünsümi gönükdirmän oturup bilmedim. Jüründigi çeňklenen çäýnek ozallar agyr üýşmeleňlerde käte gabat gelerdi welin, Mahmyt aganyň humlugy asla görlenden däldi. Diňe jüründigi däl, gapbili-de çeňklenensoň ol çäýnek galaýy tora salynan ýamaly pokgä meňzeýärdi.

Çaý demlenensoň, goja-da garşyma geçip, ynjalykly oturdy. Emma çaý gelse-de, gepbaşysy gelmedi. Şonuň üçin bolsa gerek, Mahmyt aga bosagada çykaryp gaýdan galoşyna seredip, mähirli ýylgyrdy.

— Watana hyzmat etseň, sylagyňam ýetirýäler, inim. Ho kaloşlary görýäňmi? — Görýändigimi tassyklap, baş atsam-da, gyşda sowuk, tomus gyzgyn, jana ýakymsyz galoşyň Watan sylagyna näme dahylynyň bardygyna welin, göjanyň özi aýdýança, düşünmedim. — Men özümi bagtly adam hasaplaýan, inim. Bir gezek uly ýygnaga çagyryp, üç günläp mugt hezzet-hormat etdiler. Beýdiler ýaly men kimmişim? Şeýdip, ölmäkäm, Baýramaly diýilýän şäherinem gördüm. Şäher diýseň şäher eken. Dünýäde olar ýaly uly şäher ýokdur. Şeýlebir adam kän, şeýlebir adam kän welin, onça adam nirde ýatyp turýaka diýdirýä. Onça adama ýorgan-ýassyk nireden tapylýaka? Üst-üstüne gurlan tamlaram bar how...

— Baýramalydan başga şäher görmediňmi, Mahmyt aga?

— Tejenem gördüm. Urşuň yz ýanlary Garryçyrla mal süremizde, gaýdyşyn Tejene sowuldyk. Olam uly şäher eken. Başga gören ýurdum ýok, inim. — Bir jüp köne galoşdan başlanan gürrüňiň

Baýramala näme dahylynyň bardygyny soramakçy bolanymda, gojanyň özi onuň üstünden baraýdy. — Baýramalyda bolan ýygnakda her aksakala bir garma don, bir jüp galoş, bir guty — özem demir guty — gök çaý sowgat etdiler. Eşrepi ýaly edip içdim çaýy. Tagamy henizem agzymdan gidenok. Ana, hol ýatan kaloşam şo bolmaly. Aýap geýsem ýene esli wagta ýetjek... Eýsem şo sowgatlaram hököwmediň adamlary syladygy, hormat goýdugy dälmi?..

Garşymda aýbogdaşyny gurap oturan goja aýaklaryny çalşyranda onuň ökjesine gözüm düşdi. Ökje jaýryk-jaýrykdy. Hawa-da, togsan ýyl ýer basan dabandan başga nämä garaşjak! Ýöne esasy ünsümi çeken zat dabanyň jaýryklary däldi-de, gojanyň aýagyndaky jorapdy. Gödeňsi gara jorabyň gonjy abatdy-da aşagynda derek ýokdy. Tutuş aşagy tozup giden jorabyň ökje tarapy ýok diýerlikdi. Şol ýerdenem jorabyň ökjesine derek ýaşulynyň jaýryk-jaýryk ökjesi görünýärdi.

— Inim, bu dabanlaň basmadyk çägesi, çykmadyk alaňy az galandyr — diýip, üns berenimi aňan goja aýagynyň aşagyny sypap goýberdi. Şonda-da ol jorabynyň ýyrtykdygyny duýmaýan ýalydy.

Mahmyt aga ýene bir gürrüňe başlajak ýaly etdi-de, megerem, oglanlykdan bäri ýetip bilmeýän arzuwyna — geçip barýan otlynyň şakyrdysyna ünsüni bölmeli boldy. Ol daş işikdäki hereketini gaýtalady — çalaja ýylgyrdy-da, çep eliniň süýem barmagyny çommaltdy.

— Otly geçip barýa...

Şonuň bilenem başlanmaly gürrüň ýatdan çykdy. Ýaşulyda geçip barýan otly bilen baglanyşykly bir üýtgeşik gep, syr bardyr öýdüp çak etdim. Ýöne sowal bermänkäm, Mahmyt aga geplemäge başlady.

— Inim,men şü öwrümde nämäni maksat eden bolsam, Alla şoňa-da ýetirdi. Dogry, indi sekiz ýyldyr, keýwanysyz ýaşap ýörün. Olam nä nesibe işi. Kazasy dolandyr-da. Ýöne Alla iki ogul berdi. Körpäm, Çölmyrat jan Owganystanda Watan üçin wepat boldy. Uly oglum agtyk-çowluklary bilen şäherde ýaşaýar. Oba gelenok. Belkem men ölemde geler-dä... Janym sag. Il-gün sylaýa. Hököwmedem sylap, urşyň yz ýany mydalam berdi. Ana! — Ýaşuly duldan asylgy duran köne penjege tarap guwanç bilen elini salgady. Penjegiň

döşünde Watançylyk urşy tamam bolansoň, hemme adama diýen ýaly paýlanan ýadygärlik üçin çykarylan medal bardy. — Men gaty bagtly adam. Bu dünýäde armanym galdy diýsem küpürlik etdigim bor... Muny dagy gör-ä! Eşret how! Türkmen beýle eşreti öň gören däldir. — Ol içeri maýyl hem bolsa, aýdanyny tekrarlajak bolup, peje elini çoýdy. — Eşret!.. Türkmen gaty bagtly eken. Oňat ýaşaýas. Şady-horramlyk. Biz ýaly gowy ýaşaýan ilat ýokdur. Özümde-hä telewizor ýok welin, goňşym Ahmediň ýanyna barsam, telewizere seredýän. Türkmenler mydama aýdym aýdyp tans edýär ekenler. Indi aksakal garrylaram çapak çalýalar. Dokuzymyz doly bolmasa beýdip böküşip ýörmezdik. Hemme zadymyz oňat. Garnymyz dok, ýyljak jaýda ýatyp-turýas. Ýöne, bir gezejigem bolsa, otla münmek arzuwym bardy welin...

— Aý, Mahmyt aga, otla münmek ýetilmesi kyn maksat däl-le...

— Şeýledir welin, inim, indi men otla münüp nirä gideýin? Bu ýaşdan soň...

Birki käse çaý içenimizden soň, Mahmyt aga daş çykdy, kän eglenmänem yzyna dolandy. Ol gapydan gepläp girdi.

— Inim, howadanam garyň ysy gelýä. Senem ýukarak geýnen ýaly. Pagtaly güpbiň dagy bar bolsa, atynaýmaly ekeniň-dä. Heral, gyş howasy-da. — Öňki ýerine geçen goja gazly peje tarap elini uzatdy. — Daşardan dagy geleňde bu bir eşret-how... — Ýaşuly boşan käsesine çaý guýdy. — Şu käsämdäki çaýy içip bolamsoň,ýene bir otly geçer.

— Ony näbilýäň?

— On bäş ýyl bäri meň şoňa üns bermekden başga pişäm ýok ýaly. Haýsysy aşagy tigirli çelek daşaýan otly, haýsysy adam gatnadýan otly, — seretmän, sesinden bilýän — diýip, Mahmyt aga birneme öwündi.

«Otla münmek gojanyň baş arzuwy bolandygy çyn-ow!» diýip içimi gepletdim.

Dogrudanam, bir käse çaý içen badymyza, Mahmyt aga ýene süýem barmagyny çommaldyp, «Nätdi?» diýýän ýaly manyda myhmanynyň ýüzüne mekirje ýylgyryş bilen seretdi. Barybir, ol

eden hereketini söz bilen hem tekrarlady.

— Ana, otly geçip barýa! Özem çelek daşaýany.

— Şo çelekleň nireden, nirä näme alyp gidýänini sen bilýäňmi, agam?

— Biljegem bolamok. Näme alyp barýamyş?

— Bizden nebit äkidýä. Özem mugt diýen ýaly. Her ýylda ýigrimi million tonna nebit.

— Milýon diýýäniň näçeräk bolýa, inim?

Men, ýokary bilimli žurnalist, oňa millionyň näçedigini düşündirip bilmejegime göz ýetirip, özüm özümden utandym. Bolsa-da, başgarak ýol bilenem bolsa düşündirmegiň aladasyny etdim.

— Üns ber, Mahmyt aga. Her çelek, azyndan elli ton nebit alyp gidýä. Bir çelekdäki nebti daşary ýurda satyp, pula öwürsek, saňa şu kepbäňe derek bişen kerpiçden jaý salyp bolýa. Içiniň goşgolamy bilen.

— Aý, inim, türkmen bir oňňut bolsa oňup ýören milletdir. Şu günümizem bize bolýa. Kem zadymyz ýok ahyryn.

Düşündirişimiň ýaşula täsir etmändigine göz ýetirenimden soň, özüme-de onuň otly geçip barýa diýenini baş atyp tassyklaýmalysy galdy. Tassykladym, ýöne barmagymy welin çommaltmadym...

Adam hökmünde sulhum alan ýaşulyny hem onuň içersini soňky gezek gaýtadan synladym. Bokurdagym doldy. Azat zähmetden bagt tapan gahrymanym ýaňy gymyldap ugran otlynyň köne wagonyndaky argyn ýolagçy ýaly çalaja yraň atyp otyrdy. Men hem özümi ýaşulynyň wagonynda ýaly duýdum. Ýene ýene bir zady — bagtyýar goja hakyndaky ýazan oçerkimi okanyndan soň ony bir tarapa çüýşüren redaktorymyň ýüzüme geň galyp seretjekdigini hem öňünden bildum.

*Murgap, 1978.*

## ÝEKEGÖZ

Bäbekhanada ýekegöz çaga dünýä indi.

Şoňa meňzeş geň-taňlyk adamzat taryhynda gabat gelýänem bolsa, bu waka görlüp-eşidilenden däl hasaplandy. Onda-da ol

täzeligi çaganyň göbegenesinden öňürti uly il öz gözi bilen gören ýaly geň habar şol bada dünýä doldy.

...Elini ýarym-ýalta ýuwan eneke, bäbegi-de howul-hala gundap, müdiriň üstüne ylgady. Aljyraňňy enekäniň aksowult ýüzüni gören müdir, gözi-gulagy bilen ýakymsyz bir habara garaşdy. Jogaba derek eneke özüni oturgyja goýberdi. Geň habar diňe şondan soň müdiriň gulagyna ýetdi. Şol pursat hem ýene iki sany doktor kabinetde peýda boldy. Gelenler hiç zat diýmeselerem, näme üçin gelendiklerini müdir olaryň ýüzüni göreninden bildi. Şonuň üçinem:

— Howsala düşüp ýörmäň! — diýen jogap bilen özüniň tolgunmasyny-da kärdeşlerinden ýaşyrmak isledi. — Beýle zatlar öňdenem bola-bola gelýändir. — Diýse-de Arslan Akyýew şol ugurdan soňky bäş ýylda ýekeje üýtgeşik zada gabat gelendigini ýatlady. «Nauka i žizn» žurnalynyň bäbejigiň ullakan suratyny hem ýerleşdirmek bilen ýazmagyna görä, Hindistanda dünýä inen gyzjagazyň bir kellesinde iki sany goşa ýüz, iki gulak, dört göz, iki agyz, iki burun bardy. Ol göräýmäge geňem bolsa, onçakly aýylganç ýa-dä gorkunç däldi, goşa çaga meňzeýärdi. «Ýekegöz nähili bolýarka?». Müdiriň işgärlerine soňky tabşyrygy şu boldy. — Häzirlikçe bolan wakany aýdyşdyryp ýörmäň. Ony özümiz ýaýratmalyň!

Aýallaryň üçüsi-de kabinetden çykdy. Emma içerde Arslan doktoryň täk özi galanam bolsa, iş stolunyň üstünde ak gundaga dolangy çaga ullakan ýeke gözi bilen müdire süňe-siňe seredip ýatan ýalydy. «Betbagtyň ýeke gözi niresindekä? Maňlaýyndamyka ýa-da...»

Arslan Akyýewiň ozal oba, şäher, çölüstanda işlemedik ýeri galmady. Wertolýot münüp, ýol-ýodasyz çopan goşlaryna-da kän gezek gidipdi. Ol elli ýaşynyň sekiz ýylyny-da şu bäbekhana müdirlik edýär. Doktor«Haýsy Arslan?» diýlende «Göbek ata Arslan» diýen geň lakam göterýän ýeke-täk erkek adam. Işe başlalay bäri onuň şaýat bolan geň wakalary-da az bolmady: jansyz doglan, ters gelen, goşa kelle, alty barmak, agzy gyşyk, towşandodak, garaz, onuň dünýä inmegine ýardam eden bäbekleriniň her hilisi boldy. Ýöne häzirki habary getirilen waka welin adatydan gaty daşgyndy. Näme

etmeli? Arslan Akyýew öňi bilen-ä çagany görmeli.

Müdir giň otaga girende ýagdaý adatdakylaryndan başgalaşan ýaly bolup duýuldy. Öz aladasyna gümra bolup ýören ak halatly aýallar hemişe müdir bu ýerde peýda bolanda oňa üns hem bermeýärdiler. Bu gezek welin olar geň hadysa müdiriň nähili garaýandygyny ýüzünden okajak bolýan ýaly, ony synladylar.

Gundagly bäbegi gujagyna alan eneke müdire tarap ýöredi. Iki ak haladyň ömründe müňlerçe gezek bäbek görmek şatlygyny başyndan geçiren Arslan Akyýewiň bu gün ilkinji gezek ýekegöz çaga nazary kaklyşýardy. Tebigatyň asyrlar boýy gelýän öwrenişilen kadasy bozulsa erbet bolýar eken. Arslan Akyýew iki gözi bilen seretse-de, gundagdaky çaganyň ýeke gözüniň nähilidigini oňly saýgaryp bilmedi. Entek görülmedik, waka diňe bir geň hem däldi-de, gaty gorkunçdam. Iki gaşyň birleşen ýeriniň aşak ýanyndaky ýumuk ýeke gözüň hanasy howply bir zat bolup göründi. Müdir «Eý Hudaý!» diýip pyşyrdanynam özi aňman galdy.

Dodaklaryny tamşandyran bäbek gundagdan çykjak bolýan ýaly dyzap, ýüzüni kürşertdi. Ony göterip duran enekäniň ak goşary sandyraýardy, ak goşaryň üstündäki gundag hem titreýärdi. Arslan doktor enekä «Yzyma düş!» diýen manyda yşarat etdi. Häzir ol yşaratyň manysyny söz bilen aýtmaga-da ýagdaýy ýok ýalydy.

Müdir gidip barýarka: «Bu çaga nädip ile-güne çykarka?!» diýen pyşyrdy eşitdi. Emma ol çagany göterip gelýän enekäniň neressä haýpygelijiligi bolman, tebigatyň goýberen hatasyna närazylyk bolup ýaňlandy. «Dogrudanam, bu çaga ile-güne nädip çykarka?» Müdir onuň ertirki gününi göz öňüne getirmäge cynanyşdy. Başda çagany ene-atasy il gözünden goraglamaly bolar, soň onuň özi ilden gizlenmeli bolar. Tutuş ömür hem şeýdip geçmeli. Ol adamlardan gaçmaly, adamlardan gizlenmeli. Ýekegözi görjek bolup onuň öýüniň töwereginde köwejekleşip ýören, gerekmejek zadyny-da bahanalap gapydan gelýän adamlar Arslan doktoryň göz öňünde janlanýar, gulagynda bolsa oba myhmançylyga gelen bir bilesigelijiniň sesi ýaňlanýar: «Siz obada ýekegöz adam barmyş. Ony görüp bolmazmyka? Biz-ä, walla, şony pul berip görmelem

bolsa görjek. Bä-ä, geňdir-aýt!» Biçäre ene-ata ýekegözi iň soňky deme çenli goraglar. Soň näme bolar?..

On bäşinji palatada iki sany krowatdan başga zat ýokdy. Içerik giren müdir krowatlaryň birini görkezdi-de:

— Şu ýerde ýatyraý, Emine apa! — diýdi.

Bäbegi görkezilen ýerde ýatyran eneke:

— Bagtygara malaý! — diýip, başyny ýaýkady.

— Özem malaýmy? — diýip, müdir şu pursada çenli gyzyklanmadyk sowalyny berdi.

— Malaý, Arslan Akyýewiç, malaý. Hemme zady hem ýerbe-ýer malaý...

«Malaý» sözi Arslan Akyýewi ýene ýekegöz çaganyň erteki gününe tarap alyp gitdi. «Malaý bolanda näme? Ol nädip öýlensin? Kim oňa gyzyny bersin? Haýsy gyz beýle adam bilen ýaşamaga razy bolsun?» Şuňa meňzeş sowalyň yzy gelmedi. Doktor hyýalynda tassyklan aýgydyny enekä-de ýetirmek isledi.

— Dogry aýdýaň, Emine apa. «Bagtygara malaý» diý-de goýaý.

Dünýä inen güni bagtyna gara çekilen çaga, beýle kysmata närazylyk bildirýän ýaly, ýüzüni kürşerdip aglady. Şol pursat bäbege tarap garan doktorda ýeke göz özüne alarylyp seredýän ýaly duýgy döredi.

— Açar gapyda, Emine Husnitdinowna. Menden rugsat bolmasa, bu gapydan özüňden gaýry adam girmeli däl. Biçäräni goramak üçin biz bir öz elimizden gelenini edeli... Emdirmäge-de özüň äkidip getir. Enesi aýak üste galansoň, bu ýerde bolubersin.

Arslan doktor gaýdyp baranda, kabinetiniň gapysynda goňşy poliklinikada işleýän bir tanyş kärdeşi durdy. Ol müdiri görüp, ýaňsyly ýylgyrdy.

— Aýdylýan zat çynm-aýt, Arslan Akyýewiç!? Çyn bolsa, eto-feno-me-en!

Arslan Akyýewiň gaharyny getiren kärdeşiniň geň waka bilen gyzyklanmagy däldi-de, ol wakanyň habarynyň eýýäm bäbekhanadan daşaryk çykmagydy.

— Beýle üýtgeşik bäbegi görüp bolmazmyka, Arslan Akyýewiç?

Müdir garşysynda duranyň ýüzüne garaman gepledi.

–Häzir men şol çagany gujagyma alyp, siziň poliklinikaňyza barmakçy. Git-de, wraçlary tomaşa ýygnaber. Täk özüň görseň, karam bolar.

Jogap bilesigeliji myhmanyň badyny aldy. Gapy açyk duranam bolsa ol yzyna aýlandy. Şol mahalam kabinetdäki telefon jyrlady. Jaň edýän şäher häkiminiň orunbasary eken. Onuňam gepi derrew şol ýekegöz doglan çaga syrykdy...Trubkany ýerinde goýan doktor çep elini maňlaýyna söýget edip oturdy. «Hawa-da, geňem görmeli däl. Bu tiz ýaýramaly habar-da».

Ýene telefon jyrlady. Jaň edýäniň geçen ýyl durmuşa çykan öz gyzydygyny sesinden tanan müdir ilki ýuwaş, soňam gaharly gepledi.

— Senem şol çaga gyzyklandyrýamy? Siziň başga pişäňiz gutardymy!

Batly taşlanan trubkanyň şakyrdysyndan dörän ýaly bolup, müdiriň kellesine bir pikir urdy. Doktor şol pikiriň emri bilen gapdalyndaky derman-däri saklanýan şkafyň tahylyny çekdi. Ol ýerde daşy kaşaň gaply sanjym iňňeleri ýatyrdy. Olar kändi. Ýöne şolaryň birjigi-de ýeke göz bilen doglan bäbegi ömürboýy görjek görgüsinden halas edip biljekdi. Esli wagtdan soň tahyl emaý bilen ýapyldy. Indi göze görünmeýän sanjym iňňeleriniň biri tahyldan çykyp, doktoryň beýnisine göçüm eden ýaly boldy.

Arslan Akyýew gijöýlän işden çykyp, öýüne baranda-da aýalyndan ilki eşideni hem şol ýeke göz doglan bäbek baradaky sowal boldy. Ertirden bäri onlarça gezek gaýtalanan sowal doktoryň jynyny atlandyrdy.

— Adamlar şu gün şol bäbekden gaýry aladasyny unudaýdylar öýdýän... Ol ýyl burny ýeke deşikli, yz ýanyndanam ýekegulak çaga dogulmadymy näme?

— Ýekegöz ýekegulak däl ahyryn, Arslan? — diýip, kanagatlanarly jogap almadyk Bibi ýakasyny tutdy. — Ol gaty aýylganç bolup görünýändir. Neresse ulalansoň nädip ile çykar? Enesi pahyram içurnuk bolandyr. — Bu sözler ýekegöz çaga dünýä inen pursadyndan bäri doktoryň öz hyýalynda-da gaýtalap, jogap tapmadyk sowallarydy. Şonuň üçinem aýdylanlary tassyklamakdan

gaýry ýol ýokdy. «Dogry aýdýaň, Bibi. Ol neresse ulalansoň hasam betgelşik bolar».

— Heý, oňa bir çäre tapylmazmyka, Arslan?

Sowal ýerliksizem bolsa doktory gorkuzdy. Ol oňa öz kabinetindäki tapan «çäresini» ýatlatdy. Şonuň üçinem ol «ýekegözli» gürrüňden daşlaşmak isledi.

— Sen ýola düşmäge taýynmy ýa-da şeýdip, gep nokatlap durjakmy?

— Taýyn! — diýip, Bibi maşyna tarap ýöneldi. — Özem oglanjyk diýýäler...

— Özem oglanjyk... Hany, mün!

— Eljagazy, aýajygy beri ýerbe-ýermi?

Arslanyň sözleri tüpeň nilinden çykýan ýaly çalt-çaltdan atyldy.

— Hemme zady ýerbe-ýer. Agramy dört kilo iki ýüz. Boýy 51 sm. Özem saryýagyz. Boldumy?

— Waý-eý, soramadygym bolsun! Jogabyň dagy nähili?

«Soramadygym bolsun!» diýse-de, şäherden çykylýança-da Bibiniň ýekegöz çaga hakdaky beren sowallary Arslan Akyýewi halys irizdi. Şonuň üçinem ol uly şossäniň başlanýan ýerinde duran eli çagaly aýal, yşarat etmese-de, maşyny saklady.

— Akybaýa tarap barýan bolsaňyz-a, münüň, jigim!

Adamsynyň elini galdyrmadyk ýolagçynyň ýanynda durup, öz gullugyny hödürlemegini halamadyk Bibi ýaňsyly gepledi.

— Belki, gapynam açyp berersiň oňa?

Arslan, dogrudanam, maşynyň gapysyny açyp bermeli boldy. Çünki bir eli çagaly gelniň beýleki elinde-de ullakan düwünçek bardy.

Arslan Akyýew özüniň beýle döwtalaplygy üçin entek öz aýalyndan iňirdi eşitjekdigini öňünden bilýärdi. Bolsa-da ol ýekegöz bäbegiň gürrüňinden başga nähili iňirdi bolsa-da çekmäge kaýyldy.

Maşynda ýat adam peýda bolansoň, ara dymyşlyk düşdi. Öz hilesi bilen Bibiniň sowallaryndan gutulan doktoryň kalbyna giňlik aralaşdy. Emma onuň özünden hoşallygy uzaga çekmedi. Çagaly ýolagçy Bibä tarap ýüzüni öwürdi.

— Geň habary eşitdiňizmi, daýza?

Adamsynyň eden hereketinden nägile bolup oturan Bibi ol

gelin bilen gepleşmegem islemedi. Ýöne aýal bilesigelijiligi onuň erkinden rüstem çykdy.

— Geň habar kän, keýgim... Näme harasat gopupmyş dünýäde?

— Geň habar kändir welin, ýekegöz çaga doguldy diýen habar eşiden dälsiňiz henize deňiç.

— Ony-ha bizem eşitdik.

— Aýagynyň üçdüginem eşitdiňizmi?

— «Üç aýak» diýib-ä eşidemizok.

— Eşitmersiňizem! — diýip, köp bilýäne meňzemek islän gelin temegini ýokaryk tutdy. — Ýekegözdiginem, üçaýaklygynam gizleýämişler. Özünem bäşatarly goraýamyşlar. Hiç kim görmez ýaly. Özem ol şeýlebir aýylgançmyş, şeýlebir aýylgançmyş welin, adam diýseň adam dälmiş, haýwan diýseňem şahy ýokmuş. Ony ilki görende, bäbekhananyň müdiri erkek adammyşam welin, özünden gidäýipdir...

«Ýagyşdan gaçmak» üçin aýalynyň keýpini bozan Arslan Akyýew, öňküden beterine — «damja uçrady». «Eýýäm saňa näçe töhmet atyldy? Sen beýle ýüki nädip götererkäň?»

Çagaly gelniň ýekegöz bäbek hakdaky toslamalarynyň yzy gutarmady. Ýöne indi ol gürrüňden halys bez bolan Arslanyňam Hudaý diýen ýeri bar eken — ýolagçynyň gujagyndaky çaga aglamaga başlady...

Garyndaşynyň jumalygynda ýazylan düşekde aýat okalýarka-da Arslan Akyýew dünýäden öten daýysy hakda oýlanman, şu obanyň alkymyna ýetilensoň maşyndan düşen gelniň ýekegöz çaga hakda iň soňky aýdan sözlerini ýatlady. «Barybir o çagaň ömri bolmaz. Dogulmanka ölen diýerler oňa». Gelin dogry aýdýar. Dogulmanka ýanan... Entek ömrüň gyrasyndan girmänkäň, il saňa şeýle takdyr ýazýan bolsa... Iş kabineti, däri-derman saklanýan şkaf doktoryň göz öňüne geldi.

Doga okamaklyk tamamlanyp, adaty saglyk-amanlyk soraşylandan soň, peşeneli ýaşuly ýüzüni galdyrdy.

— Ýogsa-da, Arslan ýegen, çynmy-ýalanmy, siz tarapda bir bolmasy iş bolan ýaly-la. Aýtmaga dilimem baranok welin...

Sowal uzaga çeker öýdüp ýaýdanan Arslan doktor tiz dillendi.

— Hawa, Muhammet daýy, şol çyn. Şu gün biziň

bäbekhanamyzda ýekegöz çaga doguldy...

— Özem guljagazmyş diýdiler...

— Hawa, Muhammet daýy, özem oglanjyk. Taňryň emridir-dä.

Arslanyň soňky sözleri ýerine düşdi. Ol Muhammet daýynyň ýeneki sowallarynyň aýdylmagynyň öňüni aldy. Bolsa-da, dymyşlygy ýene Muhammet daýy bozdy.

— Küpür geplesem özi ötsün günämi. Ýöne ki öz emri bilen şeýle bendesini dünýä inderen Taňrym öz emri bilenem yzyna gaýtaryp alaýsa, kem bolmazdy. Barybir o neressäniň ykbaly şum geler. Ondan ötri uçmahyň ak guşy bolup ýaýnany gowy bolardy.

Ol sözler Arslana gaty täsir etdi. Doktor örän parasatly hasaplaýan daýysynyň ýene bir gezek akylly gepländigine ynandy. Onuňam sebäbi, Arslan doktor ýekegöz çagany gören badyna kellesine hut şeýle pikir gelipdi. Doktor bilen, Muhammet daýy bilen pikirdeş adamlaryň gaty kän bolmagy mümkindi. Onuň şeýle boljakdygyna Arslan doktor ynanýardy.

Yza gaýdylanda, ýasly öýüň howasynyň täsir edenligindenminämemi, Bibi geplemän oturdy. Şonuň üçinem Arslan maşynyň radiosyny açdy. Täze habarlar gidip duran eken: Hytaýda Sungari derýasy joşup, adam heläkçiligine getiripdir. Ararat dagynyň gerşinde Nuhuň gämisi tapyldy diýip dünýäni ynandyran türk alymy ýalan sözländigini boýun alypdyr. Milleti ermeni bolan, ýetmiş iki ýaşly amerikan doktory ewtenaziýany, ýagny ertirki güne umydy ýok, çäresiz derde sataşan näsaglary öz ýazmaça razylygy bilen dünýä azabyndan dyndarypdyr. Ýakyn wagtda eden etmişi üçin doktor sud jogapkärçiligine çekilmeli edilipdir.

Täzelikler dowam etse-de, olaryň arasyndan diňe ewtenaziýaly habar Arslanyň beýnisinde ornaşdy...

* * *

Arslan Akyýew irden bäbekhana ýetip gelýärkä-de, gujagy ýekegöz çagaly Emine apa özüni gapyda garşylaýjak ýaly bolup duýuldy. Ol çalaja ýylgyrdy. Ýeri, Emine apa seni näme üçin hut gapyda garşylamalymyş? Ýekegöz çagany dünýä inderen

doganyňmy, gyzyňmy? Sen kim? Çaga ölmän, ýaraty bolman doguldy dälmi? Başga zat seni gynamaly däl, ýoldaş doktor.

Bolsa-da ýekegöz çaga Arslan Akyýewiň esasy aladasyna öwrüldi. Ol bäbegi özüniň doktorlyk örüsiniň çäginden çykarsa-da, adamçylyk örüsinden çykaryp bilmeýär. Ol öten agşam ýorgana girende-de şol çaganyň pikiri bilen bile girdi. Ol düýş görmän ertire çykanyna-da geň galdy.

Ýagdaý Arslan Akyýewiň edil çaklaýşy ýaly bolmasa-da şoňa golaý boldy. Oňa ilki sataşan Emine apady.

— Malaýyň enesi çagasyny emdirenok, Arslan Akyýewiç. Ýalbar-ýakar bilen başga bir enä emdirtdim.

Müdir her nämä garaşsa-da, beýle habara garaşmandy.

— «Hudaý urany pygamberem hasasy bilen dürter», Emine Husnitdinowna!

— Şeýle bolýar-da!

Müdir kabinetine girse-de girdi, ýöne şu güne çenli endik bolup giden iş düzgünine welin girip bilmedi. Nämeden başlamaly? Enesi bilen gepleşmelimi? Derdini gozgamagam... Näme etmeli?

Gapy emaý bilen açylanda müdir öz işgärleriniň biri gelendir öýtdi. Emma söýe bilen boýdaş bolup duran arryk kişi doktoryň heniz gören adamy däldi. Ol gözilginçdi. Otuza-da ýetmedigi bildirip duran adama, kesesinden garap, altmyş ýaş beräýmelidi. Süpüljiräp duran balagyny saklaýan kemeriniňem gaty çekilmegi onuň uzyn boýuny iki bölege bölýärdi. Sakgala-murta düýnde-öňňinde päki degmändi. Megerem, ol şu gün ýorgandan çykyp ýüz-gözünem ýuwmadyk bolarly — çep dulugyna çigit gabygymy-nämemi, bir zat ýelmeşip durdy. Göz-gülban görünýän adam mürähet edilerine-de garaşman, müdiriň edil alkymyna gelip oturdy. Onuň özi bilen getiren ys-koky kabinete ýaýrap ugrady. Üstesine-de, gelen adam uludan bir dem aldy welin, ýakymsyz dymyljyk ys doktoryň başyny aýlady.

Ýaşyna görä ýigit bolsa-da, görnüşine görä garry adama meňzeýän myhman öz derejesine kybapdaş gepledi.

— Sen şü ýeriň hojaýynymy, halypa?

— Hojaýyn däl, müdir. Aýdyber!

— Aýtsam, müdir — diýip ol ýene bir gezek uludan dem

alyp, öwhüldedi welin kabinet kelem turşadylýan çelege döndi. — Aýtsam, sen meni ile çykar ýaly etmediň... Meň heleýime dogurdan ýekegöz çagaňa özüň eýelik et. Men älemde ýok zady oba eltip, ile wejera bolubilmen-ä. Oňa seňňem akylyň çatýandyr.

Arslan Akyýew güljeginem bilmedi, gaharlanjagynam. Herhal, erkek adyny göterýäniň beýle sözlerindem soň gaýtarylmaly jogap nagtdy. Ýöne Arslan Akyýew ozalam janagyry ýüki ýetik kişiniň göwnüne degmek islemedi.

Arryk adam başyny göterip bilmän eglip duran günebakar palajy ýaly, kellesini aşak salyp ýerinden turdy. Ol goltuk jübüsine elini sokup, ýakymsyz ýylgyrdy.

— Para berjekdir öýdäýme! — Müdiriň stolunyň üstüne galgap düşen eplengi sary kagyzyň ýüzüne «Atanepesowa Almagüle» diýlip ýazylandy. — Şunam ýekegöz çaga dogrup bilýän heleýe gowşur, başlyk.

Diline gelen aýdylaýmaly gepi aýtmakdan zordan saklanan Arslan Akyýew gapa ýetip barýan adamyň yzyndan garap galdy. «Eneň eklemejek bolsa, ataň saklamajak bolsa, sen kime derkar, gadyrdan?»

...Ýarym açyk gapydan Emine apanyň ýüzi göründi. Doktor ondan ediljek haýyşy ýatlap, stolunyň üstünde ýatan kagyza seretdi. Emma müdir haýyşyny aýtmasyz boldy. Emine apanyň yzy bilen entek oňly galynmadyk aýal ýuwaş ýöräp içerik girdi. Ol ýekegöz bäbegi dogran gelindi. Boý-syratyna görä ol ýaňky gelip-giden yskoka bişen adam bilen bir tünekde ýaşamaly zenanam däl ýalydy. Ýöne «Deň etmän, duş etmezem-ä» diýlendir.

Almagül gözýaşyny çalandan soň gepläp başlady.

— Çaga dogurdygym boldumy şü, dokdor?! Men indi nädip oba baraýyn? Tanyş-bilşiň gözüne nädip görneýin? Maňa rehim ediň, doktor! Maňa nebsiňiz agyrsyn!

Doktor Almagül gelniň ýagdaýyna onuň özündenem gowy düşünýärdi. Hut şonuň üçinem ony köşeşdirer ýaly jogap tapmaýardy.

— Bir erbetligiň boljakdygyny kalbym syzýady meň... — diýip, soňlanman goýlan pikiri doktoryň «Adamyň käte içäýýämidem?» diýen sowaly dowam etdirdi. Almagül ýarasyna basylan ýaly

tisgindi. — Käte içýän bolsa, ondanam abat çaga önerdi ahyryn. Oň içişine bizden arak çüýşe dogman, çaga meňzeş zat döränine men haýran... Indi men näme etmeli, doktor?

Ýasama geplemek islemedik doktor gönüsinden geldi.

— Diňe gaýrat edäýmelisi galýar, jigim. Özüňizem öwrenişersiňiz, il-günem. Adam gatybaşdyr. Ondan beterine-de döz gelýänler bar. Sizem öz düşen ýagdaýyňyzy döz gelmeli kynçylyk diýip hasaplaýyň. Il giň gursakdyr. Ýöne çagany emdirmezligiň welin... Ana, şony-ha il oňlamaz.

Gözýaşdan haraý isleýän naçarlykdan birden galtamana öwrülen Almagülüň gözleri uçganaklap gitdi.

— Ähli aýtjagyň şomy? Ýene näme diýjek?

Müdir öňündäki kagyza seretdi.

— Şu haty adamyň goýup gitdi. Başga näme aýdaýyn, gaýrat et diýäýmesem.

Uzadylan haty gahar bilen penjesine gysan Almagül çykyp gitdi.

Kabinetde ýalňyz galan Arslan Akyýew öz iş-aladasy bilen uzak güýmenmeli bolmady. Sähel wagtdan soň açyk duran gapydan päsgel görmedik galmagal içerik aralaşdy. Aýna döwlen ýaly aýylganç şaňňyrdy hem öňki galmagalyň üstüne urna boldy. «Waý, tutaweriň!» diýen howsalaly aýal sesi müdiri kabinetinden haýdap çykmaga mejbur etdi.

Giň zalyň sag tarapyndaky belent aýnanyň öňündäki bäş-alty sany aýal çalamünder oýnaýan ýalydy. Haýdap baran müdiriň ilki gözüne ilen açyk penjire hem aýak astyndaky aýna bölekleri boldy. Aýna bölekleriniň arasynda ýatan sarymtyl kagyza welin üns berýänem ýokdy, onuň manysyny bolsa Arslan doktordan başga hiç kim çaklamaýardam. Ol müdiriň stolunyň üstüne taşlanyp gidilen hat bolmalydy.

Eýýäm ýerinden turzulan Almagülüň ýüzünde gan-pet ýokdy. Onuň goşaryndan mäkäm tutup duran daýanykly şepagatbajy Almagüli süýräp diýen ýaly palata tarap alyp ugranda jabjynyp gitdi.

— Beýle oýnuňy öýňe baryp et, heleý. Üçünji gatdan böküp, bizi türmä saljak bolýaňmy?

* * *

Işinde-de, öýünde-de Arslan doktoryň şol ýekegöz çagadan gaýry aladasy-pikiri ýok ýaly. Ol barada oýlanmaýyn diýip özüne pent etse-de, netije çykmaýar. Bäbekhanada dünýä inen beýleki çagalar ýaly, ýekegöz neresse-de ýene üç-dört günden Arslan doktoryň edarasyndan rişdesini üzer. Ýöne ol bäbekhanadan gitse-de, onuň müdirinden daşlaşmaz. Çünki ol bäbekhanada dogulman, Arslan Akyýewiň beýnisinde doglan ýaly. Doktor betbagt bolup dünýä inen çaga ýardam etmek isleýär, ol hem elinden gelmeýär. Gizlin ýerinde-de däl, hut çat maňlaýy betbagtlyk nyşany bilen doglan çagany halas etmek üçin gelen netijesiniň howpludygyna düşünse-de, ony hem ýadyndan çykaryp bilmeýär. Çünki ol käte adamyny güzapdan gutaryp biljek aýylganç hereket, netijesine görä aýylgançlykdan gowulyga öwrüler diýen ynama gulluk edýär. Ýöne onuň şeýle boljakdygyny anyk ynandyryp biljek maslahatçy hem ýok. Bolmaly hem däl. Ol tutuş dünýäden gizlin syr bolmaly. Şaýatsyz hereket etmeli. Ahyrynda-da pynhan syr şol işi edeniň özi bilen bir tabyda münüp, bir mazarda jaýlanmaly.

...Bu gije Arslan doktor düýş gördi. Ýagdaýdan çen tutsaň, düýşe, elbetde, ýekegöz çaga girmelidi. Emma düýşe giren egin-eşigi bu zamananyň adamlarynyňka meňzemeýän kişi pessaý, ýöne aýgytly gepledi. «Maňa beren kasamyň ýadyňdamy, doktor?Kesbiň ynsana hemaýat etmekdir. Antyňy unutma. Antyňy unutsaň maňlaýyňa gara çekiler. Şol hakda oýlan, ýekegöz çaga hakda oýlan!»

Düýşe giren adam kän geplemeýşi ýaly, uzak eglenmänem gözden gaýyp boldy. Arslan ol geň adamyny oňly synlamaga-da ýetişmedi. Ýöne onuň sag elinde sanjym iňňesiniň bardygyny welin görüp galdy. Düýşe gireniň özi gadym zaman tebiplerine meňzese-de, elindäki sanjym iňňe Arslan doktoryň işindäki häzirkizaman iňňeleri ýalydy. Onuň beýle çalt gitjekdigini bilen bolsa doktor, iň bolmanda: «Eliňdäki iňňäň näme? Ony näme üçin maňa görkezýärsiň?» diýip galardy. Arslan sowal bermäge ýetişmese-de, ukudan oýanansoň, düýşüne gireniň tebipçiligiň Hudaýy hasaplanýan Gippokratdyr öýdüp çaklady.

Düýş gysga bolsa-da, aladasy uzaga çekdi. Gippokratyň aýdanyna nähili düşünmeli? «Ýekegöz çaga hakda oýlan» diýildigi nämekä? Ony halas emek üçin ýalňyz ýol bar ahyryn. Gippokrat şol ýol bilen gitmegi maslahat berdimikä?

Doktor ol pikirden daşlaşyp, uklamak isledi, uklamak üçin öz ulanýan tärini–beden gowşatma ýüz tutdy. Ol ýaňy bir uky dumanynyň içine aralaşyberende gulagynda «Arslan Doktor! Arslan doktor! Men ýekegöz oglan! Men ýekegöz oglan!» diýen näzik ses ýaňlandy. Ol ses doktoryň ukusyny gutarnykly uçurdy. Ol ses doktoryň gulagynda ýaňlanmasyny bes edensoňam, beýnisinde gaýtalanmaga başlady.

Ýagdaý şu bolşundan üýtgemän, dört-bäş gün dowam etse, soňy näme bilen gutarar?

...Gapysyndan del adam goýberilmesiz edilen palata gile başga adam gözegçilik etse-de, gündizlerine nobatçylyk edýän Emine apady. Emine Husnitdinowna müdiriň golaýa geleninden peýdalanmaly etdi.

— Arslan Akyýewiç, bärde biraz eglenmekçi bolsaňyz, menem siziň kabinetiňizden öz malaýyma jaň edip geleýin...

Müdir palata girdi-de gapyny ýapdy.

Gundagyň üstüne örtülen hasany serpeninden, Arslan Akyýewiň ýüregi jigläp gitdi. Ol çaga uklap ýatandyr öýdüpdi welin, hakykatdakysyndanam has uly bolup görnen ýeke göz doktora gorky bilen garaýana meňzedi. «Arslan doktor! Arslan doktor! Sen meň ýanyma näme üçin geldiň?». «Men saňa ýagşylyk etmäge, ömürboýy görjek görgüleriňden halas etmäge geldim». «Men dünýä indim. Maňa ömür berildi ahyryn». «Özüňe berlen ömrüň betbagt ömürdigine sen düşünmeseň näme?». «Ömür betbagtam bolsa ölümden gowudyr, Arslan doktor onuň şeýledigini bilýändir...» Arslan doktor göze görünmeýän biriniň gulagyna pyşyrdaýandygynam, öz-özi bilen gepleşýäninem gatybir saýgarmady. Oýlandy. Çaga ýene onuň ünsüni çekdi. Balkyldap ýatan gara göz ýeke-de bolsa, hakyky adam gözüdi. Onuň seredip ýatyşynda doktordan haraý isleýän ýaly many bardy.

Arslan Akyýew ak haladynyň jübüsine elini sokanda barmaklary sanjym iňňesine däl-de bir bölek köze degen ýaly gyzyp gitdi.

Derrewem ol gyzgynlyk onuň tutuş endamyna ýaýrady. Ol tiz çekip alan eliniň kiseden boş çykandygynam kän duýmady, ýöne barmaklarynyň sandyraýandygyny welin hem duýdy hem gördi. Birdenem onuň çygjaran maňlaýyna sowuk şemal çalan ýaly boldy.

Gapy takyrdady. Emine apanyň beýle tiz dolananyny Arslan Akyýew kemem görmedi.

## ÄGÄ BOLMALY

Boljak zady öňünden bilýän ýok. Garaşman ýörkäň öýüň ot almagam, malyň güýlünmegem mümkin. Ol nesibe, takdyr işi. Onuň şeýledigine telim müň adam ýaşaýan Gojuk obasynda diňe Derwüş aga ynanmaýar. Gojanyň edýän aýgydyna görä, durmuşyň ölümden gaýry ähli närsesiniň çözgüdi adamyň özüne bagly. Hakyňa jür, işiňe sak, ägä bolsaň, «nesibedir» diýlip köşeşdirilýän bişowlyk senden sowlup geçäýmeli. Goja şol ýörelgesini ýoýman ýetmişi alyberdi. Ýöne, henize çenli hojalygynda hyrçyňy dişläp, ahmyr eder ýaly ýakymsyz ýagdaý döremedi.

Bu günem Derwüş aganyň öýde täk özüniň galmagyna şol ägälik gylygy sebäp boldy. Ýogsam, ol düýn öýlän başlanan toýuň arzyly myhmany bolup törde oturmalydy — jan ýaly bajasy pygamber ýaşyny belleýärdi ahyryn. Gojuklylar«Süýtdeş dogandan ýakyn diňe baja bardyr» diýip, ýöne ýere gep gyşartmaýarlar. Baja diýilýän keseki indi süňk hossara öwrüldi. Oňa Derwüş aga-da boýun. Şonuň üçinem ol «Hatynyň hanjadan bolsa, gel-gidiň şonjadan» nakyla-da uýýar. Emma terezä goýuldy welin, saklyk bajalykdan agyr geldi duruberdi. Ýöne ol köneje maşynyna mündirip aýalyny welin düýn günortan şol toýa eltip gaýtdy. Biynjalyk kalby ony derrew yza dolady. Yzda dört otagly jaý, baga bakylýan gulajyn, on-on iki sany towuk garaşýardy. Göwher ýeňňe öýdekä-de mal-gara, köplenç Derwüş aganyň özi seredýär. Aýda-rowanda bir gezek toýa-tomga çykylanda mal-haly goňşy-golama tabşyryp gaýdylaýdygam bolýandyr welin, Derwüş aga ony oňlamaýar. Goňşy diýip, emlägiňi ynanyp gitjegiňem öz etini zordan göterýän

Owadantäç kempir dälmi? Ol hum çäýnegini öňüne alyp, aýagyny uzadansoň, şol çäýnek boşaýança, tutuş obany ot alsa-da duýmaz. Oňa maly-mülküňi tabşyryp toýda rahat oturup bolmaz ahyryn. Adamsynyň ýagdaýyna belet Göwher ýeňňe-de: «Ýeke bajaň är ömründe bir gezek toý edýä. Gör-dä!» diýmekden aňry geçmedi.

Derwüş aga ýumşak düşekde rahat ýatyp, süýji uky alýan adamam däl. Towuk diýdi, horaz diýdi, mydam aýak üstünde. Bu gün welin ol, aýaly hem öýde bolmansoň, irgözinden töwerege serenjam berip, il-günüň ýatýanrak mahaly öýüne girdi. Otaglaryň hemmesine iki gezek aýlanyp çykdy. Ähli zat bolmalysy ýaly, göze dürtülip duran kemçilik ýok. Şeýdip ol öz otagyna ýönelende iç işikde oturan pişige gözi düşdi. Pişigi hökman daşaryk çykarmaly. Dok pişik uzynly gije içerde galsa, ýorgan-düşegi hapalarmy, nädermi. Ýaşuly daşky gapyny açsa-da, pişik özüne niýetlenip açylýandyr öýtmedi. Goja daş çykyp, ýakymly ses bilen «Piş-pişim! Piş-pişim!» diýdi. Bir zat beriljekdir öýdüp tamakin bolan doýmaz-dolmaz zaňňar daş çykdy. Ol özüniň aldanandygyny gapy içinden ýapylansoň dagy bilip galandyr-da. Derwüş aga bolsa eden mekirliginden hoş bolup ýylgyrdy.

Koridorda «dükürt» edip işläp başlan sowutgyjyň sesi düýn-öňňin obada bolan bir wakany ýorgana giren Derwüş aganyň ýadyna saldy. Hataryň ortarasynda ýaşaýan Hoşlaw aganyň sowutgyjyndaky goýnuň art buduny göre-günortan göterip ötägidipdirler. Şolar ýaly pukara biçärä haýpy gelmedik ogrular seni nä sylap goýarlar öýdýäňmi? Sowutgyjyň ýene bir öwra dükürdemegi Derwüş agany ýorgandan çykardy. «Ýokarky «Maňa-da ynansaň ynan welin, eşejigiňem berkje duşiaý!» diýipdir. Ýokarkyň ýanyna gidip-gelen-ä ýok welin, şol gep gury ýerden dörän däldir». Goja sowutgyjyň ýanynda saklanman, daşky gapa bardy. Gapynyň kildiniň mäkäm ildirilgidigine göz ýetirdi.

Rahatlanyp ýorgana giren Derwüş aga ýaňy irkilende, tisginip oýandy. Bu gezek ony biynjalyk eden sowutgyjyň sesi däldi. Içerik girmeziniň öň ýany baga bakylýan gölä suw görkezen ýaşuly, bedräni malyň öňünden aýranyny-aýyrmanyny häzir anyk ýatlap bilmedi. Bedräni göläniň golaýyndan aýran bolsa-ha ne ýagşy, aýrylmadyk bolaýsa. Il ýatyp, it

uklanda göle boş bedrä kellesini soksa, bedräniň gulpy hem şahyndan ilse, göle dyzasa, gulpam şahdan sypmasa. Janawar urnup, özüni gynasa... Özüni gynany-ha jähennem welin, iki ýüz kilä golaý et berer öýdülip çaklanýan mal şeýdibem birden haram öläýse. Derwüş aga iki ýüz kilo (goý, ýüz elli diýeli) eti pula öwrüp gördi welin, hasap Kap dagynyň çür depesine çykdy. Çyrany ýakan goja «Ägä bolmaly!» diýip pyşyrdady.

Derwüş aga daş çykan badyna bedräniň şakyrdysy gulagyna ilen ýaly boldy. Bedre bilen gaty şah çakyşyp, üýtgeşik ses etdi. Goja mal ýataga tarap ylgap diýen ýaly gitdi. Ol inçejik çil bilen elesläp barýarka, deňagramlygyny saklap bilmän, ýodajykdan çykdy, aýagy ýaňy gatybaş bolup ugran kelemiň üstünden düşüp taýyp gitdi, ýöne ýykylmady. Boş bedräniň mal ýatakdan bäş-alty ädim beýlede durandygyny görüp ynjalan goja içindäki howsalany uludan alan demi bilen daş çykardy. Aý aýdyň gijäniň ýakymly howasyndan rahat dem alyp ýatan baggöle: «Janly-jandar ýatyrka, senem uklasaň bomadymy, Derwüş aga?» diýýän ýaly, eýesine tarap ýaltalyk bilen seretdi. Ýaşuly göläniň sowalynam jogapsyz goýmady: «Ägä bolmaly!»

Derwüş aga göleli aladadan ynjalsa-da, yzyna gaýtmady. Ol alagaraňkynyň içinde agaç sütüniň aňry tarapyny sermäp, çüýden asyp goýan pyçagynyň ýerindedigini-däldigini barlady. Garaşylmadyk zerurýetlik bolaýsa, öýe ylgap, wagt ýitirip ýörmez ýaly mal ýatakda pyçak saklansa gowy.

Pyçagyň ýerindedigini, towuklaryň tükeldigini bilip, jany aram tapan ýaşuly düşegine geçensoň, derrew uka gitdi. Emma näçe ýatany belli däl welin ol birden oýandy, çygjaran maňlaýyna elini ýetirdi. Maňlaý çygjarmaz ýaly hem däl — görlen düýş oňlulygyň-a alamaty däldir. «Ot — oraz» diýipdirler welin, düýşüňde öýüň ot alar-da, oraz bolarmy!.. Aý, düýşe nämeler girmeýä!» diýse-de, Derwüş aga ojagaz teselli bilen ynjalyp bilmez. Otaglaryň birinde ullakan sowutgyç işläp dur, beýlekilerinde... Hemmesem tok bilen — ot bilen bagly zatlar. Ägä bolmaly. Turaga-da otaglara aýlanyp çykmak kyn işmişinmi. Ýaşuly şol kyn däl işi etdi. Sowutgyç «şyg-şyg» işläp dur, beýleki gurallaryňam hemmesi tokdan öçürilen.

...Derwüş aga daş çykanda, azyndan dört-bäş sagat ýatandygyny

bildi. Aý aşak sallanyp, gündogar mazaly çalarypdyr. Ýaşyly özi bilen boýdaş pessejik garaža tarap ýöredi. Gara gulp «Men bärde» diýip yşarat edip duraanam bolsa goja kişi gara gulpy eli bilen elläp görmän gaýtmady. Ýogsam ullakan gulp urup goraglamanyňda-da, şakyrdysyndan başga göz eglenjek zady ýok çöken maşyny ýola taşlasaňam, gaty horan adam bolaýmasa, alyp gitjegem tapylmaz welin...

Derwüş aga öýe dolansa-da, indi barybir uklap biljek däldi. Şonuň üçinem bajasynyň toýuna ugraýança hojalygyň hysyrdysy bilen gümra bolmaly etdi. Ol otaglara aýlandy, penjireleriň gabsalaryny, ýeldüşerleri ýapyşdyrdy, içerä ser saldy. Dökän-saçan bolup ýatan zat ýok. Ol öz ýerini — ejesi pahyrdan galan köne demir krowatyň üstündäki ýorgan-ýassygyny tertipleşdirdi, soňam çaý goýmak aladasy bilen daş çykdy...

Melleginiň ilersinden geçip barýan egni pilli ýigdekçe gojany biynjalyk etdi. Ol mellegiň gyrasyndan geçýän ýabyň böwedine tarap barýar. Näme maksat bilen barýar? Ýaşuly ony hökman anyklamaly. Ýogsam, bajasynyň toýundan keýwanysyny getirmäge giden, yzy gözegçisiz adamyň mellegini suw basaýsa, toý ýasa öwrüler.

Böwediň ýanyna baran gojanyň ýüregi düşüşdi. Onuň çakynyň tersine, ýaş ýigit, gaýtam, böwediň üstüne gum atyp durdy. Ýaşuly ýigdekçäniň salamyny aldy, hal-ýagdaýyny, garry atasyny soraşdyrdy. Garry ata ýatlananda, Derwüş aga, öýkeli ýaly bolup gepledi.

— Hojalykda ýeňil oglan ýaly goja bolar-da, ýatakdaky işşek haram ölermi! Ýa seň ol ataň ýetmiş ýaşasa-da, han ýatyşyny edip, uly guşluga çenli ýorgandanam çykanokmy?

— Aý, boljak zatdyr-da, Derwüş däde! — diýip, böwede atan gumuny basgylap duran ýigit ädiginiň burnuna seredip gepledi.

— O niçik boljak zatmyş? — Jogaby halamadyk ýaşuly sesini gataltdy. — Şo sözi eşitsem, ýeňsedamarym gataberýä. Boljak zat diýmeli däl-de, ägä bolmaly. Ägä bolsaň, ýatakda duran mal güýlünmez...

— Ajaly ýetse adamam ölýär-ä, Derwüş däde...

— Adam ölýä. Ol ýokarkyň işi. Ägälik hakda ýokarkyň näme diýenini bilýäňmi?

— Prezidentiňmi?

— Prezidentdenem ýokarkyň. Oňa Hydaý diýýäler. Ana, şol Hudaý: «Maňa-da ynansaňyz ynanyň welin, eşegiňizem bekje duşaň!» diýipdir. Seňem ataň bekje bolan bolsa, işşek haram ölmezdi.

Ýaş ýigide aýtmalysy aýdyldy hasap eden goja öýüne tarap, ýöne çil bilen däl-de, köçe bilen gaýtdy. Ol çatrykdan öwrülende, köçäniň ortasynda duran «Žiguliniň» ýanynda aýak çekdi. Maşynyň eýesi Atda mugallym ýaşula göwünli-göwünsiz diýen ýaly salam berdi. Keýpsiz bolmaga mugallymda esas hem bar eken. Maşynyň öň tigirleriniň biri mazaly gyşaryp, ýerinden sypmagyň bäri ýanyndady. Maşyn sähel gymyldasa, ol tigir gapdala ýatyberjek ýalydy. Atda mugallymyň iki eli-de gummudy, ýagmydy. Ol gyşaran tigre seredip dymyp durdy.

— Atyň büdrýädimi, Atda molla? — diýip, ýaşulynyň özi gepbaşy tapmaly boldy.

— Büdräni bar bolsun! — diýip, mugallym gyşaran tigriň gapdalyndaky çukura tarap gahar bilen elini salgady. — Adamlar nähili ýaramaz bolupdyr. Derwüş aga. Geçip barýan bir bigünä hyýanat edip bilseler, şondanam keýp çekýäler. Köçäň ortasyndan näme üçin çukur gazmaly? Gije-girim geçip barýanyň biri aýagyny döwmeli. Adamlar bar-a, Derwüş aga, diýmäýin diýsem...

Maşynyň aşagyndaky çukury eglip synlan ýaşuly:

— Zeýrenerçe-de bar eken-ow!–diýip ýagdaýa baş ýaýkamak bahasyny berdi. — Ýöne, sende-de günä ýok däl, Atda molla.

Ozalam jany ýangynly mugallymyň alarylyp seretmegi hem öz nägileligini bildirdigi, hemem sowal berdigi boldy.

— Ägä bolmaly ekeniň, inijik, ägä bolmaly ekeniň. — Sözsüz sowal gaýtalanansoň, goja ýene geplemeli boldy. — Kimdir bir haýwan ýoluň ortasynda çukur gazdy diýip, senem öz maşynyňy eddil şol çukuryň üstünden süräýmelimi? Bir garyş beýleräkden geçäýmeli ekeniň-dä.

Ýaşulynyň öwütleri ozalam keýpsiz mugallyma gyjalat bolup täsir etdi. Bolsa-da ol pyşyrdap diýen ýaly gepledi.

— Görmändirin-dä, Derwüş aga, görmändirin-dä.

— Görmeli ekeniň. Maşyn sürýän adam pyýadadanam ägä

bolmaly. Bu durmuşda her ädimiňde ägälik etmeseň, tigriň sypan ýeri köp bolar. Sen ýokarkyň näme diýenini eşidipmidiň?

— Men nä ýokarky bilen gepleşip ýörünmi?! — Ýaşulynyň indiki iňirdilerini eşitmek islemedik Artda mugallym maşynyň aňyrsyna aýlanyp, aşak egildi. Ol mahaly bilen dikelmedi. Derwüş aga mugallymyň hereketiniň manysyna düşündimi-nämemi, «ýokarkynyň» sözüni mugallyma aýtman, öýüne tarap ýöneldi.

Bajanyň toýuna-da märekesi sowulmanka görünseň gowydy. Şonuň üçinem Derwüş aga ýola atlanmagyň aladasy bilen boldy. Nämeden başlamaly? Içerik giren ýaşuly özüne şol sowaly bermekden başlady. Sowalyň jogaby kändi. Penjireleriň gabsalary ykjam ýapylypmy — öňürti şony barlamaly. Iň esasy — köçe tarapkylary. Ýogsam, ýoldan geçip barýan netikazanyň biri otly çilimini içerik taşlap gitse...Beýle hereketiň soňunyň nähili gutarjakdygyny Derwüş aga göz öňüne getirip bilýär. Öten agşamky görlen düýşden soň-a, has-da ägä bolmaly. Goja ozal ýapan gapylarynyň kiltlerini gaýtadan barlady. Tok bilen işleýän gurallar gözden geçirildi. Soňra ol sowutgyjyň ýanyna geldi-de, oýa batdy. Öçürmelimi ýa-da...Sowala jogap tapmak ýaşula aňsat düşmedi. Tokdan aýyrman gitseň. Birdenem...Hawa, birdenem, Derwüş aganyň çak edýän ýagdaýy ýüze çykaýsa. Oba ýeriniň togy şäheriňki ýaly birsydyrgyn gelip duranam dälkä köpelýärkä, azalýar. Ýaşuly sowutgyjyň agzyny açdy. Gowy gyzarmadyk üç-dört sany pomidor, bir kelle kelem. Doňdurgyçda iki kilo çemesi et bardy. Ýaşuly elläp gördi welin, et süňke dönen eken. Şol hem sowutgyjy tokdan öçürip gitmeli diýen netijä getirdi. Ol bajasynyň obasyna baryp-gelinýänçä geçjek wagty hasaplady. Aňryk kyrk minut, bärik kyrk minut, toý ýerde-de, kän bolsa, ýarym sagat. Jemi iki sagat töweregi. Iki sagatda sowutgyjyň endamynyň doňy hem çözülmez. Ýöne sowutgyç iň soňky nobatda, maşyna münüljek bolup durka öçürilmeli.

Esasy işini eden ýaşuly goňşusynyň jaýyna tarap ýöredi. Eýwanda aýaklaryny uzadyp oturan çişik kempir henizem guşluk çaýyny içýärdi. «Ahyram sen hum çäýnege gark bolup öläýmeseň, tultuk. Aňryňa şaly ekilendir...»

— Owadantäç! — diýip, Derwüş aga esli ýerden gygyrdy.

— Men-ä kempirimi äkelmek üçin bajamyňka baryp gaýtmaly. Gelýänçäm töwerege göz-gulak bolarsyň-da özüň. Nesip bolsa, iki sagada galman dolanarynam-la.

— Seňňem şü biynjalyklygyň galman geçjek-dä, Derwüş. Iki sagadyň içinde yzyňy ýagy çapasy ýok. Arkaýyn gidiber.

— Ýagy çapmasa-da, ägäräk bolmaly-da, Owadantäç.

— Gidiber arkaýyn! Men şü eýwandan sereder oturaryn...

«Bolmanda-da seň on ädim ýöräp, gapa aýlanyp gaýtmajagyňy bilýän-le!»

Derwüş aga daýhanam bolsa gaty tibt adam. Toýa-märekä çykanda ütüksiz eşik geýmeýär. «Gojugyň hemme mugallymlary ütükli eşik geýensoňlar, näbeletler meni baýry mugallymdyr öýdýäler» diýip, käte ol öwünýärem. Eşiklerini-de ol Göwher ýeňňä-de ynanman, özi ütükleýär. Sebäbi şolar ýaly maýda işe gezek gelende Derwüş aga has-da çulum. Göwher ýeňňemiz bolsa inçe işe söliteräk hem haýal-ýagal. Onuň gyzgyn ütük bilen eşigi ýakaýmagam ahmaldyr.

Öýüne dolanan Derwüş aga bir otagyň çyrasyny ýakansoň, şifonýerden iň gowy köýnekleriniň birini saýlap aldy-da, derrewem ony ütükledi. Tokdan aýrylan ütük, goýulýan demir sekijiginiň üstünde goýuldy. Ýaşuly geýindi, çyrany öçürdi, soň sowutgyjy tokdan aýyrdy, daşky gapyny gulplamanka oýnatgy pişigi ýene aldap, öýden çykardy. Hemme zat ýerbe-ýer.

Köneje «Žiguli» gabarasyndanam uly tarryldy çykaryp ýola düşdi.

Gojuk obasy bilen şäher aralykda ýol hereketine gözegçilik edýän polisiýa posty bardy. Hälimi-şindi şähere ýoly düşýän Derwüş aga poliseýleriňem gylyk-häsiýetlerine belet bolup gidipdi. Ol bu gezegem olaryň durýan ýerine ýetmäge esli aralyk galanda, telpegini çykaryp gapdalda goýdy. Beýle hereket gojanyň ägäliginden gelip çykýar. Onuň aýgydyna görä, ýolpolisler öňi bilen başy gulakjynly obaly sürüjini saklaýarmyşlar, şäherlilere batyrnyp bilmeýärmişler. Ol şeýlemi ýa-da dälmi, ýöne tumşujagyny ýokaryk tutup rulda oturýan kellesi ýalaňaç Derwüş agany ýolpolisler är ömründe bir gezek ýa saklandyrlar ýa-da saklan däldirler. Ägälik köp ýerde kömege gelýär.

Şäherden çykyp, esli giden Derwüş aga birden biynjalyk boldy. Yzda galan ütük ýada düşdi, kalbynda ony tokdan aýryp gaýdandygyna müňkürlik döredi. Aýrandyr-la. Birdenem aýyrmadyk bolsa?! Penjireleriň hemme gabsalary-da içinden mäkäm ýapylan. Ýorgan-ýassyk, haly-palas ýanyp küle öwrülýänçä, daşaryk tüsse-de çykyp bilmez. Çykaýanda-da, ony görüp, goh turuzmaly Owadantäç tultuk dälmi? Ol gymyldaýança, tutuş Gojuk obasy ýanyp gutarar. Öten agşamky görlen düýşem oňlulygyň alamaty däldir...

Maşynyň öň tarapyndan içine urýan ýyly howa ýaşula tokdan öçürilmedik ütügiň ýüzüňi çirkizip barýan gyzgynlygy ýaly bolup duýuldy. «Žiguli» tiz saklanyşy ýaly, derrewem yzyna aýlandy. Agä bolmaly...

## HOŞLAŞYK

*Osman Ödäýewe.*

Hoşberdi çopanyň ömür tanapy segsen ýyla golaý wagt bäri çözlene-çözlene, gulaçlar ýalysy däl, garyşlar ýalysy galypdy. Ojagaz ölçegiňem hut şu gün yzyndan ýetdirmegem ahmaldy, ertire çekmegem mümkindi. Alty ganat ak öýüň töründe, gat-gat ýorganyň üstünde goşa ýassyga kebzesini berip ýatan gojanyň ýakyn hossarlary daşyny galdap otyrdylar. Tomsuň örküjidi. Daşardaky telim sany howa sowadyjy oturdylan giň jaýyň otaglarynyň biri Hoşberdi aganyň diňe özüniňkidi. Ýöne ol ýaşamaly günleriniň barmak basyp sanaýmaga diränini aňdymy-nämemi, düşeklerini ak öýe geçirtdi. Ýaşuly bäş ýyl myndan ozal çöl bilen hoşlaşyp, oba ymykly gelensoň, ýaşlygyny küýsän ýaly, uly ogluny Köneürgenje ýörite ýollap, şol ak öýi, harç-harajadyny gysganman, gadymy türkmen öýçüleriniň mekdebini geçen atly ussalara buýurduryp ýasatdy. Ol ene-atasynyňam, ýedi arkasynyňam dünýä bilen şeýle öýde hoşlaşandyklaryny ýatlan bolsa gerek, ýogsam, salkyn otagyny taşlap, daşaryňky bilen deňeçerräk howaly gyzgyn öýe göçüm etmeginiň manysyna ýaşulyny saklap oturan ogul-gyzlary-da düşünmän galdylar. Hoşberdi aganyň kerpiç tamdan öýe göçüm eden gününiň hut ertesi ýene bir düşnüksiz ýagdaý döredi. Durlugy

giňden açyk gözenegiň öňünde giç öýlän bir garry köpek peýda boldy. Onuň gözenege gaty golaý gelip ýatmagy hassany saklap oturanlaryň hemmesiniň ünsüni çekdi. Onuň bu obanyň iti däldigini, süňňüniň irimçikdigindenem bilmek bolýardy. Obada beýle daýaw it ýokdy. Eýesinden azaşyp, ideg-yssuwatsyz galana meňzeýän haýwanyň haly teňdi, hordy, tüýleri düýbi gopan ýaly guraksydy hem jansyzdy. Itiň garrap sandan galyp ýörendigi bildirip durdy. Ýöne ullakandan ýadaw gözleri welin akyllydy. Haýsydyr bir entäp ýören ýat itiň bu öýe sowlup, ullakan kellesini öň aýaklarynyň üstünde goýup, gözenekden hantama nazar bilen garap ýatyşy içerdäki adamlar üçin hem geňdi, hemem düşnüksizdi. Itiň özi welin, oňa düşünýärdi. Ol janawar adamlara düşnüksiz boljak şol ýagdaýa sataşmak üçin aç-suwsyz halyna ölmän iki gün ýol ýöredi, ölmän oba ralaşdy. Şol it öýüň gözenegine gelip ýatan badyna, garap oturan hossarlary hiç zat duýmasalaram, Hoşberdi aganyň solak ýüzünde taze bir alamat peýda boldy. Onuň öňündäki garany saýgarýandygy-saýgarmaýandygy hem belli däl ýarym ýumuk gözleriniň kirpikleri gymyldan ýaly boldy, nemsiz dodaklarynda ýylgyryşa çalymdaş yşarat göründi.

«Akbilegim, sen eýäň bilen hoşlaşmaga geläýdiňmi?» Goja biraz gymyldady, kellesini çalarak galdyrdy, gözlerinde uçgun peýda boldy. «Seni görmäge geldim, Hoşberdi. Sen bassyr-bassyr üç gezek düýşüme girdiň. Men bu ýöneligiň alamaty däldir, ölsemem çyn eýämiň obasyna eltýän ýolda öleýin diýip gaýdyberdim». «Obany, bu öýi nädip tapdyň?». «It bir gören ýerini unutmaz diýýädiň özüňem, Eýäm. Ýadyňdamy?».

Akbilegiň aýtjak bolýany Hoşberdi aganyň ýadyndady. On ýyl töweregi mundan ozal, sekiz-dokuz ýaşly Akbilegiňem dogumyna bäs gelip bilmeýän wagtydy. Gyş paýawlaberende, ýene bir hepdeden howanyň gaty erbet sowajakdygy, agyr garyň düşjekdigi, doňaklygyňam on gün dagy saklanmagynyň ahmaldygy barada ýokardan howply duýduryş berildi. Agyr gar düşensoň, ýol-ýodasy ýokýüz ýigrimi kilometr aralyga obadan bede daşap iki sany agyr sürini ýarym aý töweregi aman saklamagyň gaty kyn

düşjekdigi hakda oýlanan ýolbaşçylar, mallaryň özüni ot-iýmiň üstüne getirseň ämatly bolar öýtdüler. Şeýlelikde çöl çagasy, gum perzendi Akbilegem Hoşberdi çopanyň sürüsi bilen oba aralaşypdy. Dowarlar obanyň edil gapdalynda saklanýandydy üçin, çopan her gün öz ýyljak öýüne çaýa-nahara aýlananda Akbilegem onuň yzyna düşüp telim çezek gelipdi. Akbilek şol gören ýerlerini, şol ýörän ýodalaryny unutman eken.

Kysmatyna ýetim güjük bolmak paýy ýazylan Akbilek haýwanda-ynsanda özüne iň ýakyn hossar diýip diňe Hoşberdi çopany tanaýardy. Ony ölümden halas edenem, aýaga galdyranamşol çopandy. Akbilek haçan, nädip öz enesinden aýra düşenini bilmesede, çöp-çalamyň içinde ýalňyz galandygyny ýadyndan çykaranok. Aç-suwsuz, enesiz, goragsyz galan heniz iki aýam ýaşamadyk güjük ölüm halyndaselmeligiň içinde çala çyňsap ýatyrka, mal bakyp ýören Hoşberdi çopan tötänden üstündengeläýmedik bolsaertire çykaryndan çykmazy golaý Akbilek goýun iti hem bolmazdy, oňa bu obany görmegem miýesser etmezdi.Akbilek enesinden azaşmanka nähili at göterendiginem bilenok.Çepki öň aýagynyňtopugynda sähelçe sekilbardygy üçin Hoşberdi çopan oňa Akbilek diýen at dakypdy.

«Ýanyma gel, men seň kelläňi sypaýyn, Akbilegim!»

— Adamlar meni seň golaýyňa etmezler, Eýäm. Şu ýerden kowmasalaram razy. Seni görüp ýatsamam bolýa. Menem indi garradym. Biziňkiler ýigrimi ýaşdan artyk ýaşabam ýörenoklar. Menem şo töwerek bardyryn. Näçe gün ýaşajagymy Hudaý bilýä. Men seni ýene görýänime şeýlebir begenýän…

«Ahyrky demiň öň ýany seni görýänime menem gaty şat. Sen meň ymgyr çölüstandaky höwrümdiň, Akbilegim. Maňa ýalňyz hemradyň, Akbilegim».

«Senem meň howandarymdyň, hossarymdyň».

«Ýadyňdamy, Akbilek, käte süriň yzyndan barýakak, ikimiz gürleşerdik. Käte men erteki aýdardym, dilli tüýdük çalardym, senem höwes bilen diňlärdiň».

«Ýadymda, ýadymda. Maňa özüň bilen adam dilinde hyýaly gepleşmegi öwredenem sen ahyryn. Kiçijikkäm meni körpeje

zyňanyňam ýadyňdamy?»

«Şol-a ýadymda ýok. Näme üçin körpeje zyňdymkam? Gaharymy dagy getirensiň-dä. Senem kiçijikkäň bezzatjadyň. Urulmajagyňy bilip, her hili hokga-da çykaryberýädiň.Ýogsam güjügiň körpeçde ne işi barmyş.Körpeçde guzy saklanýar-a…»

«Özüm ýatladaýaýyn. Sürä möjek çozdy. Menem uly agalamma öýkündim-de, jöw-jöwläp, möjeklere topulan iki itiň yzyna düşdüm. Senem bir eliň tüpeňli ylgap barýakaň, beýleki eliň bilenem meň boýnumdan ebşitläp tutduň-da, gapdaldaky çuň körpeje taşlap goýberdiň. Oň içem tümgaraňky ekeni. Ýokardan tüpeň sesi geldi. Men şol gezek ömrümde ilkinji sapar tüpeň diýilýän zadyň sesini eşitdim. Esli wagtdan soň senmeni körpeçden çykardyň-da, goltugyňa alyp, başymdan sypadyň. Şonda men gowy adamyň özüniňem, eliniňem ýakymly bolýandygyny duýdum. Yzyndanam «Haý, samsyjagym!— diýdiň.—Beýdip batyrsyramagyn!» — diýdiň. Menem şo mahal «Adamlaň çopan-çoluggyna çenli hemmesi iki aýakly bolsalaram, dört aýakly itden akyllymyşyn» diýip içimden ýaňsyladym. «Samsyjak» bolanymyň manysyna bolsa, soň düşünip galdym. Şonda sen meni körpeje zyňmadyk bolsaň, möjeklere şam bolaýmagymam ahmal eken-dä».

«Adam bolsun, it bolsun, ýalňyşyna düşünse, günäsini ýuwan ýaly bolýa».

«Edilen ýamanlyk unudylsa-da, edilen ýagşylygy ýatdan çykarmaly däl. Ýöne haýwanlar oňa düşünse-de, adamlaryň köpüsi ony tersine edýäler, Eýäm. Dogrumy?».

«Dogry diýesimem gelenok, ýalanam sözlemek islämok, Akbilek».

Hoşberdi aganyň başujunda oturan silkme telpekli adam, ilki-hä gözenekden daşaryk gahar bilen seretdi, soňamgapdalyndaky ýigdekçä ýüzlendi.

«Bar, şol haram iti gözenege gelmez ýaly et!»

Hoşberdi aga ol sözleri eşidip, Akbilegiň tarapyny çaljak boldy. Ýöne onuň adamlara garşy gopmaga, söz aýtmaga ragwaty ýokdy dili diýen etmeýärdi. Gojanyň öz itine howandarlyk etmek isläp ähli edip bilen herekedi diňe çalaja tisginmek boldy. Oňa-da it düşünse-

de, adamlar düşünmediler.

«Adamlaryň bilmeýän zatlary hakda-da öz pikirini aýtmaga nä haklary barka? Näme üçin men harammyşym-da ol halalmyş?» sowala jogap tapylmanka, köne şypbygyň atylyp gelen bir taýy Akbilegi gözenekden gopmaga mejbur etdi.

Akbilek islemese-de, gözenekden ara açmaly boldy. Ol öz ýagdaýyna düşünýärdi hem adamlaryň «Ýat itiň guýrugy ýamzynda» diýen gepini ýadyndan çykarmaýardy, şonuň üçinem obanyň köçelerinde arkaýyn gezip ýörmäge heder etmänem duranokdy. Şonuň üçinem ol Hoşberdi aganyň tamynyň ýeňsesindäki gatnalansoň ýoda öwrülen çil bilen ilerligine ýöredi. Gür tutlugyň aňyrsyndan peýda bolup, bärliginegaýdan gartaşan aýalAkbilegiň özi hakynda eden çakyny ýalana çykardy. Ol çilden bir ädim gapdala sowuldy-da, ite çeçmäge ýol berdi, hemem «Biýem-ä bir aç-suwsuz aýlanyp ýörenhaýwan eken. «Me!» diýip öňüne oklaýmaga-da zadymýok-da» diýip, içini gepletdi. Öňüne oklamagazady bolmasa-da ondan razy bolan Aklbilek adamlaryň: «Bugdaý nanyň bolmasa, bugdaý sözüň ýokmudy?» diýen nakylyny ýatlady. Çil gutaryp barýarka, öňden ýene bir adam çykdy. Golaý gelen ýaş ýigidiň ýakymsyz nazaryna gözi düşen Akbilegiň özi çilden düşüp, oňa ýol bermeli boldy. Şonda-da ol ýigit: «Bular ýaly kaňkap ýören aç iti bir peşeňe tabşyrmaly ahyryn» — diýip, içini gepletdi. «Men saňa ýol berdim, adam diýip hormat goýdum. Şonda-da sen meni atyp öldürjekmi? Aç bolamda nä men senden nan diledimmi?»

Tutly ýabyň paýapylyndan geçilen ýerde giň ýatan peseňräk ýer bardy. Ol ýerde on-on bäş sany adam halka bolup bir zady synlaýan ýalydylar. Birdenem ol ýerdenitleriň wagyrdysy eşidildi. Akbilek öz kowumdaşlaryna tarap sowulman geçip bilmedi. Hiç kim ünsem bermänsoň, ol adamlara golaý baranda, özui üçin agyry-yza bolup duýlan bir ýagdaýa şaýat boldy. Adamlar iki sany iti uruşdyrýardylar. Bir-birini çeýnän itleriň ýüz-gözleri gara gandy. «Ana saňa adamçylyk! Iki jandary biri-biri bilen uruşdyrmakdan lezzet alýan hallaryna bular ýene özlerine adam diýen bolýalar. Itler welin iki adamy çakyşdyryp gynamakdan keýp çekip bilmezdiler.

Özleri-de ýaramaz adamalry ite deňeýäler Biz erbet iti adama deňämizok ahuryn. Ýogsşam adamlaö durmuşda gazanýan günäsi itiökiden has çokder ahyryn,. Aslynda durmuşyň, ýaşaýyşyň ykbalyny adama ynanmak bilen Hudaýam uly ýalňyşlyk goýberen bollaýmasa" Akbilek gandan lezzet alynýan ýerden derrew gitdi. Gitse-de,kän daşlaşman,ýene yzyna aýlandy, sebäbi ol aňyrsyndan iň ýakynynyň ýüzi görnüp duran gözenege tizräk dolanmak isledi.

Hoşberdi aganyň kebzesine-de ýassyk goýup birneme dikelden ekenler. Içerde başga üýtgeşiklik ýokdy. Indi näsag arkan gaýşyp oturan ýalydy. Akbilek özi bilen öýdäkileriň gözüni öwrenişdirjek bolýan ýaly gözenekdeneýläk-beýläk geçen boldy, soňam öňki ýatan ýerinden birki ädim yzrakda adamlaryň «it oturyşy» diýýänini edip, artaýaklarynyň üstünde oturdy.

— Biý-ä ýene geldi — diýip, ozalam iti kowmak üçin tabşyryk beren adam gepledi.

«Gelemde name? Seni görmek isläp gelemok ahyryn. Ýa men saňa päsgel berdimmi, üýrdümmi, waňkyrdymmy?—diýip, içini gepledenden soň, Akbilek näsaga ýüzlendi.

«Ýagdaýyň nähili, Eýäm?»

«Seni göremsoň halym birneme gowulandy, Akbilegim».

«Menem saňa gözüm düşüp, birneme gurplanan ýaly bolaýdym».

Giň öýüň içinde ýene bir zat Akbilegiň ünsüni çekdi. Ol hem dulda tärimiň ujundan asylgy duran köne çäkmendi. Çäkmen köne-de bolsa, Akbilegiň gözüne tüp-yssy bolup göründi. Çünki ol kän gezek şol çäkmeniň gapdaljygyndan ädim urupdi. Çünkiol Hoşberdi çopan bahar aýy baýryň üstünde aşakda otlap ýören mallary synlap oturýan mahaly kän gezek şol çäkmeniň syýyndakellesini goýup ymyzganypdy.

«Bir gezek sen meni iki gün aç saklap, üçünji günem öňüme bir okara çakyr süňk döküpdiň, Eýäm. Ýadyňdamy? Men aç bolamsoň, ýalaňaç süňkleri bir sagat ýaly şakyrdadyp gemirdim. Şunça gazasamam, dişime ilýän, aňryma gonýan zat ýokdy. Soň sen süňkleri öňümden alyp gitdiň-de, meni ýuwaş-ýuwaşdan naharladyň.

«Şeýdip men mahal-mahal seň dişleňňi çarhlaýardym».

«Men ony soň bildim. Bir saçagyň başynda oturmadyk diýäýmesek,

ikimiz naharam bile iýerdik. Öňürti meň oňümde ýalagymy goýup, özüň soň nahara oturardyň. Naharmahaly men goşda bolmaýsam, gygyryp gözlär ýörerdiň. Sen çeýle adamdyň. Şoň üçinem men saňa sarpa goýdum, Hoşberdi. Ikimiz dostduk, dogandyk…

«Senem bir suwumsyz ýa hajymelik köpek däldiň, Akbilegim. Bir sebäp bilen aç galaýsaňam gazany, tabagy ysgajak bolmazdyň».

«Bir gezek Mämmet çoluk ýalagyma ýuwundy guýjak bolanda sen onuň alpetinden alyp, üstüne gygyrypdyň. «Ýuwundyny maňa ber, Akbilege berme» diýipdiň. Hemme zat ýadymda, Hoşberdi. Aýlanmaga baranda başlyk bir gezek maňa: «Tur, güm bol şu ýerden!» — diýende näme jogap gaýtaranyňy biýäňmi?»

«Näme diýenim huşumda galmandyr, Akbilegim».

«Men ýatladaýaryn. Sen oňa: «Akbilek«güm bol» diýilýän itlerden däldir, başlyk» —diýip, sesiňi gataldypdyň. Hemmesi ýadymda, Eýäm, ýadymda. Bir gezek oba gaýtmaly bolaňda, senmallaň aladasyny etmän: «Akbilegi hor edäýmegin!» diýip çoluga sargap gaýdypdyň. Item bolsaň, hossarly it bolsaň gowy-da. Sen barkaň men mydam arkalydym. Adamlar ýöne ýere «Arkalyköpek gurt alar» diýmän ekenler. Arkaly köpegem mendim, gurt alýanam, gurtdan gorkmaýanam mendim. Sebäbi möjegiň üstüne topulamda yzymda eli goşanilli daýanjymyň bardygyna ynanýardym. Sen nähili gowy adam,Eýäm».

«Ýeri, ýeri… Çig süýt emen adamy gaty öwübermegin, Akbilegim. Azdyrarsyň».

«Adamlar öwülse gowy görýäler».

«Bir gezek möçek bilen garpyşyp,aýagyma ýara düşende eden aladaňy ölýänçäm unutman, Hoşberdi. Ýaralanany öz çagaň däldir öýtmändiň. Sen maňa köp zat öwretdiň, Halypa, köp zat».

«Menem sendenbir uly zat öwrenip galdym, Akbilegim. Biwepaadam bolup ýaşanyňdan wepaly it bolup ýaşamak abraýly eken. Sen maňa ynanaý. Men şolaň ikisi bilenem iş salyşdym. Ynan-aý... Sen açsyň, Aklbilegim. Seni naharlaýanam ýokdur...»

«Sen şu ýagdaýyňda-da meň aladamy edýäň-dä. Adamlar meni şu ýerden kowmasalaram naharlançalar görjek. Men agyr ýoly aç

garnymy doýurmak üçin geçmedim-de, seni görmek üçin geçdim…»

Hoşberdi aganyň öňki ýatyşybolsa-da, onuň ýüzüne garap oturanlar birden tebil tapdylar. Akbilek bir üýtgeşikligiň bolýandygyny aňdy. Şol mahalam iküç sanyadamyň uly illeri bilen gygyran agy sesi Akbilegi düýrükdirdi. Kim öýe girdi, kim öýden çykdy. Akbilek gözenekden daşlaşmaly etdi. Şol mahal ol gözenegiňaňyrsynda duran uzyn boýly, arryk adamyň özüne tarap gyzyklanma bilen seredenini duýdy. Ol adamyň gözünde ýaş bardy, ýöne ite bolan ýigrenç alamaty ýokdy. Ol Hoşberdi çopanyň uly ogly Zamandy…

Akbilek näderini bilmedi. Öýe golaý barsa, öňýeten ony daşlap, kesekläp kowjakdy. Olýagdaýa görä hereket edip, Hoşberdi aganyň mellegindäki mekgejöwenlige özüni atdy-da, adamlaryň gözüne dürtülmän, ak öýe tarap seredip ýatdy.

Ertir gün dogar-dogmazda ak öýüň töwereginiň gurul-çuruly köpeldi, ulagl-u-pyýada gelýän adamlaryň sany artdy. Uly guşluk mahallary ak öýden üsti owadan ýorgan bilen bezelen tabydy alyp çykdylar-da,işikdäki giň aýmançadakeltejik bäş-alty hatar bolup duran adamlaryň öňünde goýdular. Akbilek beýle hereketi ömründe ilkinji gezek görýänem bolsa, manysyny çaklady. Birdenem uly bir wagyrdy turdy-da, erkek adamlar tabydy göterip ugradylar. Ilki nätjegini bilmän aljyrap duran Akbilek,birdenem gaty ýöräp märekäniň yzyndan ugrady. Ol ýoluň kä sagyna, kä çepine geçip, tabytdan gözüni aýyrman barýardy. «Seni nirä alyp barýalar?» diýip, Akbilek sowal berýärdi. Emma tabyt tarapdan hiç hili jogap gelmeýärdi. Oňa derekzyňylan gaty kesek gelip Akbilegiň kebzesine degdi. Öwlüýä ýetilýänçä şolar ýaly kesek degse-degmese-de, dört-bäş gezek zyňyldy. Emma kowulsa-da, urulsa-da, Akbilek gölegçilerden daşlaşmady.

Gonamçylykdaky üýşmek gumuň ýanynda adamlar esli eglendiler. Eglenselerem Akbilek märekäniňtöwereginde aýlandy ýördi. Adamlar yza gaýdanlarynda olaryň egninde tabyt görünmedi. Şonuň üçinem gölegçiler gaýtsalaram, Akbilek öwlüýäni terk etmedi.

Akbilek Hoşberdi aganyň ýedisi bellenýänçä, ak öýüň gözeneginde birki gezek gara berdi. Emma öňki çep aýagy sekilli garry köpekde

merhumyň uly ogly Zamandan başga hiç kimiň gözi eglenmedi. Görenlerem ony kaňkap daşarda bişýännaharyň ysynagelen aç it hasapladyar. Akbilegiň açdygy hakykatdy, ýöne ol entäp ýören däldi. Akbilek hakda diňe Zaman başgarak çaklama gulluk etdi. Üstesine-de, öwlüýäniň töwereginde mal bakýan oglanlar aýagy sekilli bir itiň ýaşulynyň mazaryny ýassanyp ýatandygyny telim gezek Zamana habar berdiler. Oglanlar kesekläp, daşlap kowsalaram, olaýlanyp-öwrülip,ýene şol mazaryň başyna gelip ýatýarmyşyn. Beýle habar ozalam şol aýagy sekilli kopek gözenekde peýda bolaly bäri özüçe, belkem, durmuşda bolup bilmäýjek bir ýagdaýy çak edýän Zamanyň iňkisini artdyrdy.

Obada ýedi arkasynyň hemmesi diýen ýaly çopançylyk eden, özi hem ömrüniň köp bölegini gumda geçiren Hezret aga diýen bir ýaşuly bardy. Hezret aga Hoşberdi çopanyň ýedisine gelende, Zaman ony ýola salýan kişi bolup, adamlardan biraz saýlananlarynda, öz edýän çakyny derňemekçi boldy. Köne çopan edilýän çaklamada müňkür bolunmagatutaryk ýokdugyny tassyk etdi.

— It bilen düýäň duýgurlygyna näme diýseň, bärden gaýdar, Zaman, inim. Bir öwra, iki çelegimem düýäýükläp guýa barýakam, orta ýola ýetemizde, şeýlebir harasat gopdy welin,men başymyzdan ahyrzamana inendir öýtdüm. Ürgün çäge gazanda gaýnaýan suw ýaly bolup, terslin-oňlyn köwlenýärdi. Asman nirde, zemin nirde, ileri kaýda, gaýra küje-çak eder ýaly bolmady. Ardurja şehit boljag-ow diýip, kelemämi öwreýin diýip durkam, kakam pahyryň şun ýaly güne düşülendenätmelisi hakda eden pendi ýadyma düşdi-de, owsary düýäň boýnyna taşlap, hatapdan ýapyşdym oturuberdim. Bir sagat dagy geçendir-dä, düýe aýak çekdi. Gözümi açsam, janawar guýyň nowasynyň alkymynda dur… It-ä düýedenem duýgurdyr, Zaman inim. Ozalam bu obany bir gezek dagy gören bolsa-ha… Iki günlük ýol diýýäňmi, akylly, düşbi it bäş günlük ýoldanam geler…

Akbilek gijesi-gündizi gonamçylykdady. Ýöremäge kän ragwaty bolmasa-da,mazar gumuny ýassana-ýassana aýaklary gurşanda, kyrk-elli ädimlige gezim edip, ýene öňki ýerine dolanýardy. Onuň entek Hoşberdi çopana aýtjak zatlary, berjek sowallary, küýseşjek gowulyklary kändi.Indi bu dünýäde Akbilek bilen geçeni ýatlaşjak, Akbilege akylly mslahatlar berjek, Akbilek blen derdinişjek, asyl Akbilegiň diline düşünjek adam

ýokdy. Seň bilen gepleşilmeýän dünýäde, seň diliňe düşünilmeýän dünýäde, Hoşberdi ýaly sözlemedik sözüň manysyny alýandost ýok dünýäde nähili süýjülik, nähili lezzet, neneňsi gyzyk bolsun. Dünýä diýilýän zat iç döküşýän, janyň ynalylýan, sarpaňa düşünýän, oňa baha berýäniň barka dünýä eken. Sen sarpa goýmasaň,saňa sarpa goýulmasa, özüňhiç kime dönüp, giň dünýäňem manysyz boşluga öwrülýär eken.

Öten agşam, hut sarpalyaamyň jaýlanan, ölenlere-de gabrynda rahat ýatuw bermedik ýakymsyz galmagala meňzeş saz daň agarýança diýen ýaly öwlüýäniň üstünde-de ýaňlandy durdy. Şol şatlyk alamaty hasap edilýän saz sesini, iň bolmanda, adam jaýlanan güni öwlüýä ýetmez ýaly, öleniň garyndaşlary eşitmez ýaly edip bolmaýarmyka? Ýa adamlar adam ölende şatlanmalymyka? Özlerem «Ölüsini sylamadyk dirisini sylamaz» diýen gowy nakylam döredipdirler. Döredenlerinde name. Hoş-berdi halypa ýaly goňşusy ölen güni saz çalyp, şahandazlyk etmäge bogunlary ysýanadamlarölen bilen diriniň ikisinem sylamaýan bolaýmasalar. Ýa olar özleri ölmeris öýdýämikäler?

…Akbilekli mesele Zamana ynjalyk bermedi. Ol kakasynyň ýedisiniň bellenen gününiň ertesi, öýündäkilerdenem nirä, name üçin gidýändigini ýaşyryp, gonamçylyga gitdi. Dym-dyrslyk bolup ýatan gonamçylygyňgulagyňy şaňladyp barýan ümsümliginde çöp-çalamyň başy şemala gymyldaýan bolaýmasa, dem alýan janly jandar ýokdy. Emma bolup ýatyşyoglanjyk däl Zamanyňam ýüregini jigleden bir haýwan entek dem alýar eken. Akbilegiň mazar gumuna degip duran öň aýaklarynyň üstündekellesini goýup gymyldaman ýatyşyelli ýaşdanam geçen adamy gözüne ýaş aýlamaga mežbur etdi. It diridi, kellesini öwürmese-de, gelen adama tarap göz gytagy bilen garap ýatyrdy. Adam golaýlasa-da ol düýrükmedi, adam gapdaljygynda otursa-da ol biynjalyk bolmady, adam kellesini sypasa-da ol gorkmady. Gaýtam, nijeme ýyldan soň birinji gezek adam eli başyny sypanda Akbilek çöli ýatlady, Hoşberdi çopany göz öňüne getirdi.

Zaman itiň ýanynda uzak oturmady-da, aňyrrakda goýup gaýdan maşynyna tarap gitdi. Kän mahal geçmänkä, Akbilegiň başujunda çörek dogralan etli nahar bilen içi sowuk suwly ullakan gap peýda boldy. It ol zatlary görüp ýatyrdy, ýöne üns bermeýän,

gyzyklanmaýanýalydy. Ýene bir gezek mylaýymlyk bilen başyny sypan eliň eýesi ýakymly ses bilen: «Iý, janawar!—diýdi.—Seň üçin ýörite getirdim ahyryn». Itden hiç hili hereket bolmady. Asla garaşylmadyk ýerden itiň ýanynda peýda bolan rehimdar adam ony ýeke goýmak üçin maşyna tarap gitdi. Ol ulaga münensoňam, mazara tarap seretdi. Itiň şol bir ýatyşydy. Ýöne ol «Entek dünýäde hakyky adamlar gutarmanekeni»diýip, aýgyt etmägewelin ýarady…

Nahar iýlen bolsa, suw içilen bolsa täzelemek meýli bilen şol günüň ertesi Zaman ýene gonamçylyga gitdi. Ol ýolda barýarka, eýesiniň mazaryny ýassanmakdan ýadansoň, iti gonamçylykdan alyp gaýdyp, öz öýünde saklamagyň pikirini etdi, «Dura-bara biz bilenem öwrenişer gider» diýip içini gepletdi. Şeýdiläýse, Zaman üçinem, it üçinem ynjalyklysy boljakdy. Emma Hoşberdi çopanyň uly ogly ol maksadyna ýetmedi. Zaman baranda, köpek düýnküje ýatan ýerinde ýatyrdy, düýn getirilen nahara agyz degmändi, düýn goýlan suw egsilmändi. Akbilek jansyzdy.Ýöne ol ölen pursady janhowluna-da aýagyny mazar gumundan aýyrman eken.

# POWESTLER

## AGLASY GELÝÄN AK BULUT

«Aglasy gelýän ak bulut» bulut däl. Ol girdaba gark bolup barýana sal, suwsuz çölde galana nem, azaşana çelgi, rehimdar ýürek, hossar nazary. Ussat ýazyjynyň güýçli fantaziýasy hakyky durmuş wakalary bilen utgaşyp, özbolușly hem çuň filosofik mana eýe bolýar...

Muhammetberdi Annageldiýew, edebi synçy.

Polat özüni bileli bäri bu öýe beýle ir myhman gelmändi. Polat özüni bileli bäri bu öýe gelen myhman bosagadan, köplenç ýylgyryp ätlärdi. Polat özüni bileli bäri Ilbaşy miraby, ýagny mydama gözleri gülüp duran Ilbaşy daýysyny beýle gaharly halda görmändi. Gün dogmazyndanam ozal peýda bolan Ilbaşy daýy, atyndan düşensoň, gaharyny gara ýerden çykarjak bolýan ýaly ädigininiň ökjesine agram salyp ýöredi, öýe girdi-de gapyny hem aňyrsyndan ýapdy. Şeýlelikde gözüni açandan hemme zatdan öňürti Gojuk obasynyň depesinde peýda bolýan bir bölek ak buluda nazary düşýän oglan bu gezek ak buluda derek ak aty görmeli bolýar.

Ilbaşy daýy öýe gireninden soň oglanyň hyýaly adatdakysy ýaly ýene asmana gönükýär. Ak bulut hemmä deňlik bolsa-da, Polat ony diňe özüniňkidir öýdýär. Onuň bilen ýürekden gepleş-ýär. «Sen Gojuk obasynyň üstünden gitme, ak bulut. Seni mydama görmek isleýän Sen asmanda peýda bolsaň ylgasym gelýä, bökjekläsim gelýä. Sen meň dostum, ak bulut.. Şeýle dälmi?» Ak bulut Poladyň kän gezek gaýtalaýan sowalyna ýeke gezek hem jogap bermeýär. Emma Polat onuň özüne dostdugyna berk ynanýar.

Oglanyň ak diýýän buludy asmandaka ak ýaly bolup görünse-de, Poladyň özi ýaly saryýagyz bolmaly. Oglan ony şeýle hasap edýär. Oglan şeýle hasap edensoň, oňa biz hem Ak bulut diýäýeliň. Dogrudanam, Ak bulut Polada örän ýakyn bolansoň ol gowy görýän dostlaryna aýtmaýan käbir syrlaryny-da ondan gizlemeýär. Pikir alyşýar, iç döküşýär. Şonuň üçinem Ak bulut, syrdaş bulut Poladyň keýpsiz çaglary, aglasy gelýän ýaly bolup, tukatlanýar, birneme garalýar.

Ak bulut taýak atardan-da, böküp ýeterden-de, el bilen tutardan-da uzakda. Ýöne oglan ony öz gapdalyndaky zat hasaplaýar, käte elläbem görýär. Ak bulut ýumşajyk, Ak bulut ýakymly, Ak bulut mylaýym. Ýakymly,ýumşak, mylaýym bolsun-bolmasyn, ol oglan üçin ýumşakdy, mylaýymdy, ýakymlydy. Sebäbi ol Gojuk obasynyň üstünde peýda bolýar, sebäbi ol Poladyň öz buludy. Umuman-a Ak bulut Polat üçin bulutlyk-danam başga bir gudratly zat ýaly, ynam ýaly, daýanç ýaly zat. Okuwa barýarka Ak buluda gözi düşen oglan içinden: «Şu gün maňa bäşlik alyp ber» diýse, Polat şol gün hökman bäşlik alýar. Onuň Ak buludyň gudraty bilen bolýandygyna oglan ýürekden ynanýar. Polat ol gudraty bir däl, iki däl, kän gezek synagdan geçirip gördi. Bir sapar dagy ol bulutdan dilänligi üçin asla taýynlanman baran sapagyndanam bäşlik alýar. Ak bulut oglanyň isleginiň köpüsiniň amala aşmagyna ýardam edýär. Kakasynyň aýagy kesilmeli güni Polat ak buluda: «Kakam ölmesin» — diýip ýüz tutdy. Nurguly ölmedi. Ýogsam bir aýagyňy kesip taşlamak ýeňil-ýelpaý alada däl ahyryn. Onsoň oglan oňa nädip ynanmasyn! Ynanýar, ynanaram. Onsoň oglan ony nädip küýsemesin! Küýseýär, küýsärem. Ol jadyly bulut ahyryn.

Poladyň tämiz howadan dem almagy halaýan kakasy köplenç ogly bilen daşarda ýatýar. Garaňky gijede bulut görünmeýäni üçin ol asmanda lowurdaýan ýyldyzlary sanaýar, synlaýar. Olaryň ilkagşam peýda bolup, irdenem pelteli çyralar sönýän ýaly ýuwaş-ýuwaşdan, gezek-gezegine, yz-yza sönüşlerine geň galýar. Oglan düşbüje bolsa-da, ýyldyzlaryň agşam gelip, irden gitmeleriniňem manysyna düşünmeýär. Ýogsam olar adamlar ýatanda gidip, turanda geläýmeli ýaly welin. Düşünmek isleýär, ýöne düşünmeýär. Umumanam Poladyň entek düşünmeýän zatlarynyň sany kän. Şol düşnüksizlikleriň arasyndaky iň esasy düşnüksizlik, näme üçindir «gulandan gurat» diýilýän şofýor kakasynyň bir ýyl mundan ozal çep aýagynyň dyzyndan aşagynyň kesilmegidi. Oba adamlary Nurgulynyň aýagyny süýji keseli bolany sebäpli kesdiler diýýärdiler. Keseliňem ajysy, süýjüsi bolýarmyka?

Polat jogapsyz galan şol sowalyny hem kellesinden çykaryp bilenok.

Tä uklaýança oglunyň başyny sypalap ýatmagy halaýan Nurguly kesilmedik aýagyny käte-käte tisginýän ýaly hereketlendirýär-de «Kesilen aýagymyň ökjesi» ýa-da «Barmaklary gijeýär» diýýär. Şol hem Poladyň jogabyny tapmaýan, tapylar hem öýtmeýän sowallarynyň biri. Heý, ýok aýagyň-da barmaklary gijärmi diýsene!? Ýok zat nädip gijeýäkä? Ýa-da Nurguly ol gepi çagany geňirgendirmek üçin tapýarmyka? Ýa bir ýerde gijeýän barmagyň täsiri uzaklardan gelip ýetýärmikä? Nähili-de bolsa tapylýan jogabyň gümürtik bolşy ýaly, sowalyň öşi-de geň. Eýsem Polada geň bolup duýulýan ýagdaý gytmy? Şu günki bolan garaşylmadyk waka-da oglana geňlik bolup duýulýar.

...Ejesiniň ýüreginde nähilidir bir harasadyň gopýandygyny ozalam çalarak aňýan oglan häzir daýysynyň oňa nämeler diýenini doly eşitmeýär. Soňky wagtlarda ejesiniň kakasy bilen sesini gataldyp gepleşýänini, nämedir bir nägilelik sebäpli iňirdeýändigini oglan bilýär. Poladyň kakasy bolsa ýazygyny boýun alýan ýaly sesini çykarmaýar. Ejesi iňreräk, geplegenräk bolsa-da, şu mahal welin, näme üçindir oňa gezek bermän, Ilbaşy daýynyň özi gepleýär, haýbatly gepleýär, bir zatdan göwni galan ýaly bolup

gepleýär, sözleriniň arasyny kesmän diýen ýaly gepleýär. Onuň sesi örän kesgitli çykýar. Ses mahal-mahal, ara perde tutulýan ýaly, ýuwaşaýar, birdenem şemal äkidýäne meňzäp, ýitip-ýitip gidýär.

Içerde kän eglenmedik Ilbaşy daýy atylyp çykýar-da, sygyr ýatakda dikilen egri agaja baglan atyna tarap ugraýar, birdenem, zerur bir zadyny unudan ýaly, gamçyly elini silkip, yzyna dolanýar.

— Tas ýatdan çykan ekeniň. Sag bol, ýegen! Heňňamyň keç oýunlaryna ulalaňsoň düşünersiňem welin... — Ol ýegenine üns bermän geçmek bilen öz goýberen hatasyny ýuwmarlajak bolýan ýaly, sandyraýan, emma ýakymly eli bilen Poladyň kellesini telim gezek sypalaýar. — Düşüneriň-düşünmeziň ýaly sende nä ýazyk bamy diýsene!..

— Polat bilen işiň bolmasyn! Çagany öz gününe goý! — diýip, bosagadan daşaryk seredip duran Nartäç agy gatyşykly ses bilen jabjynýar. — Ykbalyňda, nesibäňde bardyr-a diýjekgäl-dä sen. Ilgün-ä ýagdaýy bulaşsa, dogandan dalda isleýä, «Aýlanyp agam gelmedi, dolanyp — doganym» diýer ýaly, Hudaýa şükür, men ýalňyzam-a däldim...

— Edýäniň şu bolsa, sen özüňi eneden ýalňyz doglan hasap edäýgin.

— Sen maňa dogan ahyryn, Ilbaşy. Dogana toba bolmaz...

— Dogan doganyň ýüzüni ýere salan wagty toba-da bolar.

— Ykbal-nesibe-de bardyr, dogan.

Eýýäm atynyň ýüpüni agaçdan sypyran Ilbaşy bu gezek yzyna garaman gepleýär, özem öňküsindenem has haýbatly gepleýä:

— Sen maňa dogan diýme. Ykbal-nesibe hakda-da gep gutardy. Ykbal diýilýän zat başbilmez eşekdir, başyny berkiräk tutmasaň, derrew ýoldan çykar. Münüp, debsäberseň welin, hanja sürseň, şo tarapa-da öňürdikläberer. Seň täleýiňem: «Sataşanyňy depgiläp git!» diýmeýänini men bilýän. Günäňi täleýiň boýnuna atjak bolma. Mert bol... Bu oýnuňy adamyň aýagy kesilmänkä oýnamaly ekeniň-dä. Indiden soň bir maýyp biçäre nädip ýalňyz ýaşasyn? Seň bi hereketiň hiç bir milletde ýok namartlyk bolýa.

— Annamyradam edil sen ýaly süýtdeş dogan, Ýa olam, seň baha kesişiňe görä, enebaşga, atabaşgamy?

— Ene-atanam orta sokma bu ýerde. Olar bir göründe rahat ýatsyn.

— Annamyrada-da sala saldym. «Haýsy ýol öz göwnüden turýan bolsa, şonam saýla» diýdi. «Takdyra ten berip oturma-da, janyňa ýaramlysyny ediber» diýdi.

— Annamyrat süýtdeş dogan-da. Şoň üçin ol şeý diýýändir — diýip, Ilbaşy gepini gyşardýar. — Ýöne bir zady belle: Annamyradyň ähli aladasy-gaýgysy sen dälsiň. Eýsem ol şo sözleri seň günüň düzelsin diýip aýdýanmydyr?

— Ýogsam näme!

— Aý-gün geçer, görübiýris. Oňa dogan gerekgäl, dogandan geljek abraýam gerekgäl.

— Onda näme gerekmiş oňa?

— Oňa kürsi gerek. Şoňa ýapyşsyn otursyn. Uýasyna halanyna barmagy gadagan edýä diýilmegi ahmal gepden gaçýa ol. Oň üçin wyždan, ar-namys, iliň ýakymsyz gepi bir ýana, kürsi bir ýana. Annamyrat dogan bolýan bolsa, Annamyrat sen abraýyňa çapýan bolsa, beýle maslahat bermezdi ahyryn. Şony sen gaty berk bellegin.

— Belläňde-bellemäňde-de, bäş günlük ýalançyda... — Nartäç yzyny aýtmaýar, herhal agasynyň öňünde ejap edýär.

Ilbaşy doganynyň aýdýanlaryny eşitmek islemeýän ýaly, towsup eýere özüni atýar-da, jylawy gahar bilen silkip goýberýär:

— Men ölsemem, ýasyma garaňy salmagyn. Eger yza galaýsam, menem seň pataňda görünmen. Gep gutardy. Türkmende mundan aňyra kasam bolmaz... Çüw!

Uly adamlar dogandan-garyndaşdan ymykly geçenlerinde şeýle sözleri diýýämikäler? Indi Ilbaşy daýy hiç mahal görünmezmi? Mydam ýylgyrjyrap ýören Ilbaşy daýysyndan beýle-beýle gazaba garaşmadyk oglan aňk bolup, bir-ä tozan turzup giden atyň yzyndan, birem gözüni süpürip duran ejesine garaýar. Ejesiniň halyna Poladyň ýüregi awaýar, ony köşeşdirmek meýli bilen derýanyň aýlawynyň aňyrsynda hatar bolup oturan ak söwütleriň üstünden zagpyran zülplerini seçelendirip kem-kemden ýokary galýan Güne elini salgaýar.

— Eje, Gün dogup gelýä. Oňa seret, eje!

Ogly üýtgeşik habar aýtmasa-da, Nartäç ýylgyrýar, başyndaky

ýaglygyny düzedişdirip, özüni ele alýar:

— Günüň dogany gowy, Polat jan. Ertirem şeýdip, ýalbyragada Gün dogaýady-da... Ertir hemme zat başgaça bolar...

* * *

Elbetde, ertir ýene Gün dogýar, özem Poladyň ejesiniň isleýşi ýaly ýalbyrap dogýar. Ir säherden asmanyň ýüzi ukudan soň ýüzi açylana meňzäp, derrew ýagtylýar. Şol barmana-da, jaýyň ýeňsesinde möwritini ötürse-de, entek tigirlenip ýören köne ýük maşyny peýda bolýar. Nartäjiň «Gün dogan badyna başlanmady» diýýän umytly gürrüňi şol köne ýük maşyny bilen bagly. Ýöne Polat ol köne ulagyň gelmeginiň sebäbine ejesi ýaly ýetik düşünmeýär. Oglan dokuz ýaşynda. Onuň bar bilýäni: şu günden başlap ejesi bilen başga obada ýaşamaly, başga kakanyň ýanyna, ejesi aýtmyşlaýyn, Poladyň öz kakasyndan has gowy kakanyň öýünde ýaşamaga gitmeli. Polat täze kaka diýilýäniň gowy boljagyna müňkürlik edenok, ýöne onuň öz kakasyndan artyk-maçdygyna welin ynanyp bilmeýär, ynanjagam bolmaýar.

Nurguly bilen Nartäjiň aýrylyşmaklaryna nämäniň sebäp bolanyny hiç kim bilmeýär. Olaryň adaty durmuşy bardy. Nartäç goňşy obanyň gyzy. Şonuň üçinem olaryň arasynda uzaga çeken «Leýli-Mejnunlygam», «Zöhre-Tahyrlygam» bolmaýar. Näme, şeýdip durmuş guranlaryndan soň äbe-de-jüýbe bolup ýaşaýan, örňeşip gidýän maşgala gytmy? Nartäç bilen Nurguly hem şeýle maşgala gurjaklara meňzeýärdi. Jynlary jyňkyryşmaz ýaly häsiýetleri ýokdy. Nurgulynyň hanja süýş diýilse şol tarapada süýşýän ümsüm ýigitdigine belet obadaşlary Nartäç hernäçe dogumly, özüni juda gowy görýän gelin bolsa-da olaryň maşgala durmuşy asla bulaşar öýtmeýärdiler. Zar zatlary, mätäçlikde geçýän günleri ýokdy, güzeranlary ortaçady. Toýdan soň bir ýyl geçmänkä atasyz ösen Nurgulynyň ejesiniň ýogalmagy bilen dörän hasrat yzasy hem ýarym ýyldan Poladyň dünýä inmegi bilen birneme könelişýär. Maşgalanyň dargamagyna näme tutarygyň bolandygy bilinmese-de, il-gün günäni Nartäjiň üstüne ýükleýär. Onuň şeýle

bolmagyna-da haçandyr bir mahal Nartäjiň bir ýigidi sulhy alandygy sebäp bolandyr öýdülýär.

Polat ejesi bilen kakasynyň arasynda esli mahal bäri bir düşünilmeýän meseläniň bardygyny aňýardy. Olaryň gündiz ugruna-ha hymy-symysy kän däldi welin, gürrüňiň agramly bölegi gijäniň paýyna düşýärdi. Käte bimahal çak ukudan oýanýan Polat ejesiniň düşegiň üstünde oturyp, tükeniksiz bir gürrüň edýändigine gabat gelýärdi. Ýeke aýagynyň dyzyndan aşagyny iki eli bilen gujaklap, arkan ýatan Nurguly bolsa, Nartäjiň ogly üçin onçakly düşnükli bolmadyk aýlawly gürrüňini sesini çykarman diňleýärdi.

Şol düşnüksiz gürrüňleriň netijesi Polady, onuň kakasyny, ejesini kazyýet diýilýän jaýyň gapysyndan eltýär. Ol ýerde-de nämeleriň başynyň agyrdylanyny Polat oňly aňşyrman galýar. Iň soňunda-da oglany bir topar adamyň oturan otagyna çagyrýarlar. Düýbünden nätanyş bir adam, tanajak bolýan ýaly, Polada siňe-siňe seredip:

— Seň adyň näme bolmaly? — diýýär. Polat adyny aýdanyndan soň, ol adam ýene sowal beýär. — Bir zady aýt, Polat. Seň kakaň bilen ýaşasyň gelýämi ýa ejeň bilen?

Oglan aňk-taňk bolýar, aljyraýar.

— Senden soraýan, Polat. Şu gün sen şo sowala hökman jogap gaýtaraýmaly. Ýagdaý şeýle. Ýene gaýtalaýan: sen ejeň bilen ýaşamak isleýäňmi ýa kakaň bilen? Özüňem oňatja pikirlenip jogap ber.

— Näme çaga beýle biderek sowal berýäňiz? — Gapdaldan Nartäjiň agy gatyşykly sesi eşidilýär. — Ony dogran men, dokuz ýyllap, ekläp-saklan men. Bulaşdyrjak bolup, soragam berip oturmaň, oglan ejesi bilen ýaşar. Şeýle dälmi, Polat jan?

Kazynyň belligi Poladyň jogabyndan öňürti ýaňlanýar:

— Raýat Nartäç Pälwanowa, men size gidip duran işe päsgel ýetirip geplemegiňize rugsat bermändim. Rugsat bermeýärinem.

— Rugsat berseňizem, bermeseňizem hakykaty aýtmaly ahyryn.

— Ýene gaýtalaýan, raýat Pälwanowa Nartäç: men size geplemäge rugsat bermeýärin.

Polat ejesine tiňkesini dikende sowal beren nätanyş adam gözlerini süzýär:

— Sen, oglan, aňryk seretme, bärik seret. Sen maňa jogap gaýtarmaly. Özüňem aýt, sen kimin ýanynda bolsaň, kim bilen ýaşasaň gowy görýäň? Başgaça aýtsam: ejeňe ogul boljakmy ýa kakaňa?

Polat bir ejesine, birem kakasyna seredýär.

Agras Nurguly ogluna garap ýuwdunýar.

Nartäç ogluna garap möňňürip aglaýar.

Oturanlaryň ýüreginiň urmasyny çaltlandyryp jaýa dolan howply hem uzaga çeken ümsümlik dem alynýan howany agralan ýaly edýär.

Enäniň ejizligi, atanyň mertliginden rüstem gelýär.

Oglana sowal beren adam ynjalan ýaly bolup:

— Düşnükli! — diýýär. — Sen mundan beýläk ejeň bilen ýaşamaly, Polat.

Aşak bakyp oturan Nurguly ýene uludan ýuwdunýar, ogluna tarap begençli garan Nartäç gözýaşyny süpürýär.

Ana, ähli waka şondan ybarat bolýar. Şojagaz waka-da Poladyn ykbalyny başga bir oba ýazýar. Şeýdip ol özi bilen deň-duş ýaly bolup gepleşýän kakasyndan aýra düşýär. Oglan şol ümsüm kakasyz, diňe Gojukda «ot ýaly» diýen at alan dogumly ejesi bilen ýaşap bilerin öýtmeýär. Emma adamlaryň öz döreden ýowuz kanuny Polady gowy görýän kakasyndan aýryp, gowy görýän ejesine berýär. Oglan iki gowulygyň birinden aýrylyp, beýlekisine berilse-de, özüni iki gowulygyň ortasynda hasaplaýar.

...Heniz Gojuk obasyndan gaýry ýerde bir gije hem ýatyp görmedik Polat üçin haýsydyr bir ýat oba gitmeklik başda gyzykly ýaly bolup duýulýar. Şonuň üçinem ejesi daşaryk seredip: «Ana, geldi!» diýenden, Polat derrew jaýyň penjiresiniň öňünde peýda bolýar. Öýüň ýeňsesine gelip saklanan heniz görülmedik, Gojukda ýok, öňündäki iki çyrasy soň oturdylan ýaly özünden üzňe bolup duran uly ýük maşyny oglan halaýar. Ol çagaka şoňa meňzeş maşyny hem oýnapdy. Şonuň üçinem bäş-alty ýyl mundan ozal oýunjak oýnap geçiren wagtyny ýatlaýarmy-nämemi, Polat ýylgyrýar. Ol ýylgyryş hem onda köne maşyna münüp görmek islegini oýarýar. Oglan şol köne ulagyň ejesi bilen özüni nirä, näme

üçin alyp gitjekdigініň asyl manysyna onçakly düşünmese-de, maşyna münjegine begenýär. Begenýändigininiň sebäbi hem bolýan wakalara Poladyň kän bir üns bermeýändigi bilen baglanyşykly. Aýralyk, başga ýerde ýaşamaklyk Polada wagtlaýyn bir ýagdaý ýaly bolup duýulýar. Ol kän mahal geçmänkä, ýene Gojuk obasyna, ýuwaş kakasynyň ýanyna dolanyp gelerin öýdýär.

Maşynyň rulundaky durugşan adamdy. Sürüjiniň gapdalynda oturan ulagdan düşýär. Ol syrdam uzyn boýly, atýüzli, gonjy ýalpyldawuk gara ädikli adamdy. Onuň telpek geýşi gaty täsin: könelişen çal şyrdak, amanat ýaly, diňe kellesiniň sag gapdalyny ýapýar, çep tarapyndan hüžžerilip çykyp duran çakdanaşa ösgün gara saç tow berilen ýaly burum-burum. Ol hem Polada geň bolup görünýär. Sebäbi bu obanyň erkekleriniň ýekejesinde-de beýdip çogup çykyp ýatan ösgün saç ýok. Gyn ýaly dar balak, diňe telewizoryň ekranynda görülýän geň alabeder köýnek geýip, bulutly howada-da gözi günden goraýan şahly gara äýnek dakynýan «Gojugyň stilýagasy» adyny alan ýaş ýigit Kölli kelewiňem saçy beýle uzyn däl. Olar ýaly ösgün saçly erkek diňe şäherde ýaşamalydyr öýdülýär. Gojuklylaryň edýän aýgydy şeýleräk.

Çal gulakjynly adam köne maşynyň sag tarapky açyk duran gapysynyň ýokarsyndan bir eli bilen ýapyşyp, çep aýagyndaky ädiginiň burny bilen arasyny kesmän rezin tigiri çalajadan depip dur. Onuň edýän hereketi Polada ýaramaýar. Ädik geýseň hökman bir zady depip durmalymyka?

— Şol uzyn boýly adam seň täze kakaň bolmaly! — diýip, Nartäç dylym-dylym edýär. Ol birhili, ökjesi ýeňlän ýaly bolup görünýär, Ilbaşy daýy bilen bolan ýakymsyz gürrüň hem edil bolmadyga meňzeýär.

Ogly sesini çykarmansoň, ejesiniň özi gepini dowam edýär:

— Adyna Ýalkap diýýäler. Gowy at. — Ogly ýene dymansoň, ol adyň öwgüsini Nartäjiň özi ýetirmeli bolýar. — Ýalkap iň gowy at bolmaly, Polat jan. Näme diýsene. Hudaý ýalkasa, Ýalkap diýýäler. Şoň ýaly gowy kaka-da seň nesibäňden çykdy...

At bir atdyr-da. Ýalkap diýen adyňam nämesiniň gowudygyna

Polat düşünmeýär. Gaýtam tersine, ol ady oglan halamaýar. Sebäbi onuň deň-duşlarynyň arasynda-da Ýalkap atlysy bar. Ol arabozar, muştumzor, degsinjeň, oýnalyp duran gyzykly oýnuň arasynyň bozulmagyna-da şol sebäp bolýar. Poladyň öz kakasynyň ady Nurguly, köplenç Nurlam diýýärler. Nurly adyň nämesi Ýalkapdan kemmiş? Özem Nur sözünden. Hemme zady ýagtyldyp bilýän zat...

— Eje, kakamyň ýeke özi galmalymy bärde?

Nartäç tisginip gidýär. Ol gep-gürrüňsiz ugrabereris öýdüpdi welin, beýle morta sowala-ha asla-da garaşmandy. Garaşmasa-da, Nartäç Nurguludan aýrylyşmak üçin şu mahala çenli eden hereketi bilenem, ahyrky gelen netijesi bilenem şol sowala jogap taýynlapdy. Ol sowalyň jogaby diňe bir zada — Nurgulynyň ýeke goýulmak meselesine syrygýar. Bolsa-da, dagy gep tapmadyk Nartäç ugralla madyrdaýar:

— Indiden buýana kakaň, ana, şo uzyn ýigit bolmaly. Uzyn boýly ýigidi gyzlaram gowy görýäler. Ynha, ulalaňda ony özüňem bilersiň.

Nartäç jogapdan gaçsa-da, Polat sowaldan daşlaşman eken.

— Kakama Akja ýeňňe seredermi?

Oglanyň öz sowalyna gaýtaran jogabyny Nartäç eşitmedi ýa-da eşitmediksirän bolýar. Ol ýene öňküsini dowam edýär.

— Täze kakaň näme kemi bar? Hany, bol, beýdip durma-da, maňa kömekleş!

Ejesiniň gep-sözünden Poladyň göwni suw içmeýär. «Näme kemi bar! Kemi bolmany bilen başga ýerden Gojuga gelip, maňa kaka bolubermelimişmi?» Poladyň kakasynyň kemem barmyş-da. Bolanda näme? Bu oglanyň gelen aýgydy.

— Özem ýag ýaly mylaýym — diýip, Nartäç düýn öýlän düwüşdirip goýan düwünçeklerini telleşdirip ýörkä, gyssanyp, agzynyň ýetişdiginden gepleýär:

— Boýuna-syratyna bir seret! Biz ulygyzkagam gyz bary şuň ýaly uzyn boýly ýigidiň yzynda ser-sepildi. Senem ulalaňsoň şoň ýaly borsuň, Polat jan. Gyzlaň gözi sende bolar.

Täze kakasynyňam gowy adam bolmagy mümkin. Oglan oňa müňkürlik etmeýär. Emma ol haýsydyr bir obadan gelen tanalmaýan adama meňzemeýär, meňzejegem bolmaýar. Ol öz kakasyna

meňzemek isleýär. Nurgulyny oglanlaram gowy görýärler. Erbet adam bolan bolsa, Ata kelewi ýigrenişi ýaly il ony ýigrenmezmidi? Ýigrenme nire, gaýtam öňünden çykanda, Poladyň kakasy bilen ýaşulularam hormat goýup salamlaşýarlar.

— «Nurguludan gowa sataşmarsyň» — diýip, galyň, agzyboş heleýler welilik satan bolýadylar. Sataşmadymmy? Görübilmedigiň bäbenegi etegine gaçaýsyn patlap. Görübilmedik darka ýaryly-yp öläýsin. Biriniň bagty çüwse, gapdalynyň göribem bolaýmaly-da. Ýalkabyň boýy-syratam iki Nurgula degmiýämi...

Bu sözlerem Polada ýaramaýar. Ol Ýalkaba tarap seredýär, onuň boýy Nurgulydan dört barmak ýaly uzyn. Oňa uzak garamak islemedik Polat aýagynyň burny bilen ýer dyrmaýar. Ejesiniň soňky aýdýany dogry ýaly Ýalkap Nurgulydan dört barmak ýaly uzynrak görünýär. Aýagy kesilenden soň-a Poladyň kakasynyň boýy öňküsinden gysgalanam ýaly. Ýöne Nurgulynyň mylaýymlygam, sadalygam bir kaka degýär ahyryn. Telpeginem gyşyk geýenok. Henize çenli onuň ne Polada, ne Nartäje gaty-gaýrym söz diýen ýeri ýok. Şu gün ertirem otaga girip, ilki-hä Poladyň kellesinden sypady, yzyndanam özüniň ullakandan gödek aýasyny öňe uzadyp, edil uly adam bilen hoşlaşýan ýaly, oglunyň elini mäkäm gysdy. Polat kakasynyň gataňsy eliniň gyzgyndygyny, sandyraýandygyny duýýar. Sonam kakasy pişegini jygyldadyp, çykyp gidýär «Şo jygyldyny eşitsem, beýnime ed-dil gurçuk giren ýaly boluberýä». Nartäjiň bu sözlerini Nurgulynyň eşitmän gidenem gowy. Belkem, owal eşitdirilendir. Belkem, owal kän-kän oň göwnüne degendir. Polat bolsa, gaýtam, şol jygyldyny halaýar. Kakasyny hereket etdirip ýören şol jygyldydy dälmi, kakasynyň bardygyny ogluna, goňşy-golamlara eşitdirýänem şol jygyldy dälmi. Şonuň üçinem şol jygyldyny eşideninden Polat begeniberýär. Jygyldynyň garşysyna gepläni üçin oglan ejesiniň sözlerini halamaýar. Ol kakasynyň jaýyň gapdalyna aýlananyny görse-de, hanja ýönelenini saýgaryp bilmeýär. Rejebiň ýanyna barandyr. Hökman. Nurguly onuň ýanyna ýygy-ýygydan oturmaga barýar. Deň-duşduklary sebäpli, ikisiniň gepi alyşýar. Rejeplerde-dä bir gep bar. Onuňam Aýýa gelneje bilen

jynlary jyňkyryşmaýan ýaly. Iller şeý diýýäler. Birdenem, oglanyň ýüregini gobsundyryp, şol jygyldy ýene peýda bolýar. Iç işikde üç aýak bolup saklanan biri beýlekisine meňzmeýän üç aýakly Nurguly Poladyň ejesine däl-de, içerä ýüzlenýän ýaly gapdala seredip gepleýär:

— Nartäç, bi zatlaň, seň aýdyşyň ýaly, ykbal oýny bolmagam ahmaldyr welin, Polady horlamagyn. Indi meň şundan gaýry guwanjagym-begenjegim ýok, bolmazam. Sen-ä närazy ýagdaýyňy öz eliň bilen düzedäýersiň welin, maýyp kime derkar? Ölsem bir pil gumy ýetsin Poladymyň. Indi senden şundan gaýry dilegim ýok. Ähli dilegim Poladymyň bir pil gumy... Şuny unutma. Kynçylyk çekseň, habar ýetirgin. Polada gerek bolsa, gurbumyň çatdygyndan medet biýrin.

Şol sözlerden soň ýene şol oglana ýakymly, ejesine ýakymsyz jygyldy eşidilýär. Närtäç kem-kem peselip barýan jygyldyny:

— Bolduň meň başyma Hatamtaý! Şu ýagdaýyňda öz günemaňy gördüň-de, indi meňki galdymy? — diýen ýakymsyz sözler bilen ugradyp goýberýär. — Nartäje ärlik eden adam oň ýumruk ýaly ogluna-da atalyk eder, hossaram bolar.

Pişegiň jygyldysy kem-kemden daşlaşýar. Jygyldynyň daşlaşanyna Nartäç begenýän ýaly, ogly gynanýan ýaly. Poladyň göwni şol jygyldydan galmaýar. Polat özüni hakyky kakasyndan aýran kazy geňeşini ýatlaýar. Ol adam diýse diýibersin. Poladyň şol pişegi jygyldaýan adamdan başga kakasy ýok.

Oglanlaram jetleşýäler, ulularam. Bu näme üçin beýlekä? Ýöne oglanlar-a şu gün tersleşseler, ertir ýaraşýalar. Ululaň tersleşigi welin, gaty uzaga çekýä. Bu näme üçin beýle bolýaka? Ulular kiçilerden akylly ahyryn. Ulular näme üçin kiçilerden sapak almaýarkalar?

Nartäç bilen Nurguly, hernä, goş dawasyny edib-ä goňşy-golama ryswa bolmady. Nurguly oňa «Içerden näme göwnuňe ýarasa al, maňa goş-golam derkar däl. Bir ýassyk bilen bir ýoran ýeterlik» diýýär. Nartäjem onuň tarhandökerliginden aşa peýdalanjak bolup durman, diňe özüne hem ogluna zerur gerek zatlary saýlaýar. Şonuň üçinem onuň içerden alan goş-golamy ýük maşynyň nowasyny hem

doldurmaýar. Äkidilmeli goş-golam ulaga ýüklenip-ýüklenmänkä hataryň oglan-uşagy hem maşynyň daşyna halka bolup aýlanýar. Iň ulusynyň ýaşy on-on ikiden geçmeýänem bolsa, olar edil garry adam ýaly agrasdylar, gülmesiz, ýylgyrmasyz diýen tabşyryk alan ýaly güljek ýa ýylgyrjagam bolman, gözlerini balkyldadyşyp durdylar. Nartäç bilen Nurgulynyň «süýtleşip aýrylyşandyklaryny», şu günem Nartäjiň baran adamsynyň Polady hem ejesini alyp gitjekdigini olar bilýärler.

Iki sany diri adamyň, onda-da mese-mälim görnüp duran düýpli sebäpsiz,ölüm ara düşmänkä aýrylyşmagyny gojuklylar oňlamaýar. Özlerem, şol meselede, näme üçindir, Nurgulyny bigünä hasaplaýarlar. Şonuň üçinem Nartäjiň gatnaşýan aýallaryndanam hiç biri gidegçileri ugratmaga çykmaýar. «Baraýmaň, görünäýmäň golaýynda!» diýip, ululardan berk tabşyryk alan çagalaram, başga oba gidýänleri däl-de, gölegçileri ugradýana meňzeýär. Deň-duşlary Polat bilen adam şekilli hoşlaşmaýar. Hiç kim Poladyň adyny hem tutmaýar, «Sag bolam» diýmeýär, ýylgyryp seredenem tapylmaýar. Entek-entek başga-da kän zada düşünmeýşi ýaly Polat ýoldaşlarynyň boluşlaryna-da düşünmeýär. Hoşlaşmajak bolsalar, olar nämüçin geldilerkä?

Oglanjyklar dymsalaram, eli pilli işe barýan Arzygül welin, dilini dişläp bilmedi. Ol gepini başga ýere gönükdirýän ýaly ýüzüni kesä sowýar-da:

— Iliň gününi bulanyňa görä, eýgilik görmäýediň-dä hernä! — diýýär. — Ertiriň çagynda, belki, Hudaý...

Arzygülüň sesi pessaý çykan ýaly hem bolsa, goş-golam ýüklemäge-de kömekleşmän, henizem maşynyň gapysynyň ýanynda duran Ýalkabyň gulagyna ilen eken. Ol geçip barýan ulugyza tarap ýalt edip seredýär:

— Kän gepleme, gyz. Birden senem äkidäýmäýin!

Ýat obanyň ulygyzyna beýle söz diýmeklik barypýatan edepsizlikdi. Ol gep Nartäjiňem gulagyna ýakmaýar. Ol gepiň örän ýerliksizdigini gojukly oglanjyklaram bilýärler. Şonuň üçinem olar Arzygülüň gaýtarjak jogabyna garaşýarlar. Emma beýle biedep

adam bilen harçaňlaşsa, özüniň utuljakdygyna göz ýetiren gyz ony sesini çykarman ýeňmeli edýär. Bolsa-da ýat adamyň sözleri obanyň oglanlarynam, Poladam oýlandyrýar. Şeýlelikde, Nartäjiň saýlap-seçeni özüniň kimdigini, agramynyň näçeräkdigini öz dili bilen äşgär edýär.

Köne maşynyň sandan galyberen köne tigirleri arasyna bir topar syçan girene meňzäp, obany jygyldydan dolduryp ugranda-da, Nartäç hoşlaşýan ýaly töwerege baş atanda-da, oglanjyklaryň ýekejesem Polada elini bulamaýar. Şonda Poladyň özi ýoldaşlaryna el bulajak bolýar emma birden kakasyna gözi düşýärde, deňduşlaryny bada-bat unudýar.

Nurguly köçäniň gyrasyndaky balhy tuda ýaplanyp duran eken. Maşyn deňinden geçiberende, ol gapdalynda duran pişegini garbap alýar-da, goltugyna direýär, maşyna tarap towsaklap, eňiberjek ýaly edýär, nätjegini bilmän aljyraýar, öňe ýörejek bolýar. Poladyň göz öňünde kakasyndan galan soňky görnüş şol bolýar. Şakyrdap barýan köne maşyn ata bilen ogluň arasyna barha uzaýan aýralyk ýoluny salyp ugraýar. Şeýlelik bilen galmasyz kaka galýar, şeýlelik bilen gitmesiz ogul gidýär. Ýöne galan kaka-da özüni oglundan galandyryn hasaplamaýar, giden ogul hem özüni gidendirin öýtmeýär. Ynsan durmuşy diýilýän geň hem çylşyrymly närsäniň ynsanyň öz eli, öz islegi bilen döredýän geň hem çylşyrymly müňde bir düşnüksizliginiň biri hem şeýle aýralyk bolýar. Hawa, Nurguly öňe ýörejek bolýar. Ýöne onuň kişilik buýsanjy özüni taşlap, äre turan aýalynyň yzyndan ädim urmaga ýol bermeýär. Poladyň kakasyna nebsi agyrýar. Ol tä Gojuk obasynyň gutarýan ýerindäki goşa köprä ýetýänçä yzyna seredýär, balha ýaplanyp duran kakasynyň telpegi kän ýere barylýança görünýär. Indi kim seň bilen daşarda ýatar, Polat? Indi kim seniň başyňy ýakymly barmaklary bilen sypalar, Polat? Täze kakaňmy? Ýok. Ol kaka Poladyň başyny sypamaz. Sebäbi Polat ol kaka başyny sypatmaz. Uzakda bir ýerde Poladyň öz kakasy bolar ahyryn. Özi uzakda galsa-da, pişeginiň jygyldysy gulakdan gitmeýän kakany başga kaka bilen çalşyryp bolmaz. Ol pişegiň jygyldysy hem Polat nirede bolsa-da geler durar. Ol pişegiň

jygyldysy ata bilen ogluň daşlaşan arasyny ýakynlaşdyrar.

Nartäç bilen Nurgulynyň arasynda düşünişmez ýaly bulaşyklyk bolmandy. Olar indi beýtmek seýrek hem bolsa, türkmençilige görä, birki gezek görüşenlerinden soň, oňly tanyşman, bir-biregiň hüý-häsiýetini öwrenmän toý tutdular. Nurguly boýnuboş, ýuwaş ýigit. Gojuk obasyndaky zenan pynhanlyklaryndan many alsaň-a, gelinleriň ählisi Nurguly ýaly ýuwaş erkeklere sarpa goýýan ýaly. Nartäç bolsa, tersine, ýuwaşa sataşany üçindir-dä, has dogumly, gazaply erkegi küýseýär. Onuň dogumly erkek diýip saýlany hem Ýalkap boldy. Ýalkap bilen Nartäjiň asly bir obadan däl, ýöne ozaldan tanyşdylar. Nartäç Nurgula durmuşa çykandan soň olaryň arasy daşlaşýar. Emma ykbalyň göçgünli şemaly olary ýene gabat getirýär. Ýalkabyň şelaýyn sözleri, dilindäki emeli dogumlylygy usul-usuldan Nartäjiň başyny aýlaýar.

...Polat öz dogduk obasyndan ymykly gidýändirin öýtmeýär, göwnüne bolmasa, tigirleri şakyrdaýan köne ýük maşyny ýuwaş kakasynyň ýanyna getirmeli ýalydy.Pişek jygyldysy ýene eşidiläýmelidi. Yza dolanmak oglan üçin gaty aňsat, bolýan waka-da oýun, soňky dörän ýagdaý wagtlaýyn. Bolup geçýän ýagdaý, dogrudanam, oýna meňzeýär. Emma ýeňiljek ýaly bolup duýulýan oýnuň köteginiň güýçlüdigine, ol oýunda utana-da, utuşyň, utulana-da utulşyň gaty gymmat düşýändigine heniz oglanlykdan saýlanmadyk oglan baha berip bilmeýär. Geçilen ýoluň yzda galan tarapy inçelip, uzaga gitdikçe oba-da daşlaşyp ugraýar. Derýa tarapdan peýda bolup, obanyň üstünde gaýyp ýören ak buludam şemalyň ugruna yraň atanda sallam-sajak gollaryny hereketlendirýär. Polat sag bol diýmäge derek içinden: «Kakamy hor etme, Ak bulut!» diýip öz aladasyny beýan edýär.

Polat kakasynyň daşkyrak ýeňňeleriniň biri, goňşy ýaşaýan «Akga ýeňňe» diýilýän ak saçly garrydan kän-kän hekaýat eşidipdi. Ýöne, ýa-ha iň gyzyklysy, ýa-da ömründe ilkinji eşiden hekaýaty bolany üçin Ak bulut hakdaky erteki onuň ýadyndan çykmaýar. Ýadyndan çykmaýany sebäpli Polat ol hekaýaty özüçe üýtgedibem görýär: Ak buludy ähli zady başarýan bir jady edip göz öňüne

getirýär. Bu gezek bolsa, asmandaky ak bulut Gojuk obasynyň hut öz buludy bolup görünýär, onuň serhedinden çykmaýar. Polat seretdigiçe alysda galýan ak buludyň agysy tutýar, çygjaryp başlaýar. Her şahasy tanyş belent-belent daragtlardanam, üstüne çykmasy hyllalla beýik Akdepedenem Polat üçin şol bulut ýakyn görünýär. Akdepe gözden ýitensoňam şol ak bulut oglany ugratdy geldi, ugratdy geldi. Ol oglanyň Gojuk obasynda geçen ömür sahypalarynyň bir toparyny täzeden açyp görkezýär, çisňeýän, jybarlaýan howaly bahar günlerini, tutuş obany ak ýapynjanyň astynda gizleýän mylaýym garly gyş ertirlerini täzeden gaýtalaýar. Ol suratlar diňe Poladyň buludy bilen baglanyşykly bolany sebäpli gaýtalanýar. Şonuň üçinem aglasy gelýän Ak bulut soň-soňlaram Poladyň göz öňünden gitmeýär. Köne maşyn şähere ýetiberende ak bulut hem asmandan süýşüp gelmesini bes edýär. Diýmek, Gojuk obasynyň öz buludy Gojuk obasyndan daşlaşmak islemeýär.

Ýat ýere düşen oglan her gün agşam ýorgana girende dogduk depesi Gojugy ýatlaýar, obasy ýadyna düşse-de, öňi bilen şol bir bölek Ak bulut göz öňüne gelýär, şol ak buludy küýseýär, şol ak bulut peýda bolaýsa, çisňeýän, jybarlaýan bahar günleri hem, mylaýym garly gyş ertirleri hem täzeden gaýtalanjakdy. Ak bulut bolmasa, oglana kim asman hossarlygyny eder. Ak bulut bolmasa Polada kim bäşlik alyp berer? Ak buludyň her bir hereketi Poladyň ýadynda. Ol dek düýn mekdepde ak bulut bilen baglanyşykly bolan iň soňky wakany ýatlaýar. Bedenterbiýe sapagynda okuwçylar iki ýüz metr aralyga ylgamakda ýaryşýarlar. Polat hem ylgamak meselesinde ejiz däldi, ýöne onuň Annam atly synpdaşy şeýle ýaryşda köplenç ondan ökde çykýardy. Ylgawa goýberilmeli pursat oglanlaryň hemmesi basjak ýoluny saýgarmak üçin ýere bakýarkalar, Poladyň ýeke özi ýarym ýumuk gözlerini asmana tutup durdy. Beýle ýagdaýy gören mugallym: «Polat, sen nä öňe ylgaman, ýokaryk ylgamakçymyň? Basmaly ýeriňe seret ahyryn!» diýýär. Mugallym okuwçysynyň asmana garap, Ak bulutdan ýaryşda ozmaga medet bermegini soraýandygyndan bihabar ahyryn. Polat Ak buluda ynanýar, Ak bulut hem dostunyň islegini bitirýär. Polat pellehana

hatda Annamdanam öňürti gelmeginiň sebäbini diňe Ak bulutdan görýär. Şu mahalam şol güni ýatlan oglan ertiriň aladasyny edýär: «Kakamy ýadyňdan çykarma, Ak bulut!»

...Maşynyň nowasynyň öňräginde kese goýlan ýylmanak tagtanyň üstünde zömmerip oturan Ýalkabyň dik ýeňsesi Polada ýakymsyz bolup görünýär. Hälem, içerden goş-golam daşalýarkada Polat ony siňe-siňe synlady hem: «Ejem bu adamyň nämesini gowy görýäkä? — diýip, öz-özüne sowal beripdi. — Ejem bu adamyň nämesine owadan diýýäkä?» Häzirem onuň edýän hereketlerini oglanyň maňzyna batmaýar Nartäç ogluna känbir ünsem bermän, garantga meňzäp, ýeňsesini tüňňerdip oturan adama bir zatlar diýişdirýär. Ýalkap, näme üçindir, «hä-hawa» diýäýmese, kän geplemeýär. Şonuň üçinem Polat ejesiniň syýaksyz ýaly, ýeke özüniň gepläp oturmasyny halamaýar.

Birdenem, jynlan ýaly bolan Ýalkap Nartäjiň elinden tutýar-da:

— Bärräk süýşsene! — diýip, sesini aýnadýar.

— Ýüregiňi eliňe almasana, oglan! — diýip, Nartäç dilujy garşylyk görkezýär... Emma hereketi bilen welin, ol Ýalkabyň diýenini edýär, birneme gobsunyp, golaýyna süýşýär.

Oglan bolaýşyny! Ondanam oglan bolarmy!

Gahary gelen Polat yza bakyp oturýar. Yzda gür bagly Gojuk obasy garalyp görünýär, aglasy gelýän ýaly ýüzi çaňjaryp duran Ak bulut bolsa henizem Polada el bulaýan ýaly...

* * *

Poladyň gözi bilen seretseň, ejesiniň soňky saýlan obasy, Gojuk bilen deňeşdireniňde pukara görünýär. Aslynda-da seýrek oturdylan agaçlaryň güýzüň düşmegi bilen birneme çyplaňlanandygy sebäpli, hatara düzülen birmeňzeş jaýlaryň daşy bezegsiz ýaly, içgysgynçlyk. Polat ilki bu obada kerpiçden salnan jaý bardyram öýtmeýär. Bu obanyň ýanynda Gojuk obasy şowhunly şäher ýaly. Gojukda başaşa diýen ýaly kerpiç tam bar, ak mekdep, birinji hataryň gutaran ýerinde, köne-de bolsa, gabarasy bilen gözüňi dokundyrýan kaşaň metjit, sülmüräp akyp ýatan parahat derýa, oglanlar suwa düşer

ýaly, mallar suw içer ýaly ýaýbaň güzer... Bolsa-da, ol zatlaryň ählisi indi öwrümli ýollaryň tot-tozanynyň aňyrsynda galdy.

Ýük maşyny hataryň günbataryndan girip, gündogaryndaky iň çetki jaýyň alkymynda saklanýar. Şol ýere ýetilýänçä, Polat bu obada adam-gara ýaşaýandyram öýtmeýär, iki-ýeke gabat gelen itlerem, it däl-de, üýrmek üçin ýaradylmadyk jandar ýaly, kemteresinden, hyňranmadylaram. Bulardanam it bormy! Gojugyn itleri bolan bolsa, maşyna towsup-towsup, baý, üýrerdiler, jabjynyşyp büýrerdiler,agyzlaryndan sülekeý akdyryp üýrerdiler!

Ýalkap ulagdan böküp düşýär-de:

— Öýde diri adam bar bolsa, daş çyksyn-ow! — diýip, talabedijilik bilen gygyrýar.

Içerden biri-ä orta boýly, beýlekisem şilliň uzyn iki aýal çykýar. Orta boýly akýagyz, otuz töwerek ýaşly aýalyň çep ýaňagynda bada-bat göze kaklyşýan haly bar. «Şuň ady Hallygözeldir! — diýip, Polat oňa gözi ilenden öz ýanyndan welilik satýar. — Gojukda iňňäň ujy ýaly haly bar adama-da hala ýanap at goýýalar. Muň-a haly ullakanam ekeni. Şoň üçinem... Polat hal bilen ýanap dakylan aýal atlarynyň bir topyny kellesinde aýlaýar.

Öýden çykan aýallaryň ikisem haýal-ýagal. Olar myhman, ýok, myhmanam däl, şu günden beýläk bu öýüň bikesi bolmaly aýaly garşylaýana meňzänoklar, ýüzleri tutuk ýaly. Ol ýagdaýdan Polat özüçe netije çykarýar: «Ejemiň şunça öwüp-öwüp, gelen ýeri näteňet-aý. Ýa bular biziň gelmegimizi islemeýämikäler? Ejeme yza gaýdaly diýäýsemmikäm?»

Maşynyň üstünde oturan Polat ýerden çykan ýaly bolup, gapaldaky beýik jaýyň eýwanynda peýda bolan oglana seredýär, soňam Ýalkabyň ýüzüne assyrynlyk bilen göz aýlaýar: «Şolam Ýalkabyň ogly bolmalydyr. Meňzäp dur. Ejemiň «Täze doganyň» diýýänidir». Ýalkaba çalym edip duran, atýüzli, inçemik oglany tanamakda Polat ýalňyşmaýar. Ol Ilhan. Dogrudanam, Nartäç ol oglanyň adyny kän tutupdy, heniz bir gezek görmedigem bolsa, öwme kemini hem goýmandy.

Polat bu obadan bir-ä şol Ilhan atly oglany, birem kakalygyny

tanaýar. Onuň ýene bir bilýän zady Ýalkabyň daýhan däl-de, raýon merkezindäki ýüň-zat ýygnaýan edaranyň gullukçysydygydy. Nartäjiň aýtmagyna görä, onuň işleýän ýeri uly edara bolmaly.

Poladyň çaklamasyny tassyklajak bolýan ýaly öýden çykan aýallar Nartäç bilen diýseň, sowuk-sala görüşýärler, egne kakyşanlarynda-da, ellerinde ysgyn ýok ýaly, juda mejalsyz hereket edýärler. Nartäç birneme aljyraýar, özüni kemsidilýän ýaly diýýär. Aýallar oňa öýe gir hem diýmeýärler. Şonuň üçinem ýoldaky şahandazlygyndan nam-nyşan galmadyk aýal, ýöne dymyp durmajak bolup, yzyna aýlanýar-da, maşyna tarap ýöreýär.

— Düş-äý, Polat. Ynha geldik... Şu ynha...

Nartäç «Şu ynha, biziň öýümiz» diýjek bolýar. Emma başarmaýar. Polat ejesiniň bolşundan utanýar, asyl ulagdanam düşesi gelmeýär. Bolsa-da onuň agşama çenli şol ýerde oturmajagy bellidi.

Aýallar, iň bolmanda, ýalandanam Polada lak atmaýarlar. «Biziň obamyzyň aýallary-ha, myhman-meduwan gelende, üç ýaşyndaky çaga-da bolsa, göwnüni awlaýalar. Bular näme beýlekä? Ýa her obaň özüniň düzgüni barmyka? Bular myhmany dymyp garşylaýalarmyka?»

Ýalkap aýallaryň üstüne herrelýär:

— Nä til agaç ýuwdan ýaly bolup dursuňyz? Nartäji öýe salyň ahyryn! — Şeýdip ol «Ýadyňyzdan çykaran bolsaňyz, ýatladaýyn» diýýän ýaly täze aýalynyň öňden bilinýän adyny has aýratyn äheň bilen gaýtalaýar.

Şondan soň çala mürähet edilen Nartäç öýe girýär. Onuň yzy bilen bosagadan ätlän iki aýalam ýüzi gadymy haşamly gapynyň aňyrsyna duwlanýar.

Özüne «gir» diýilmänsoň, Polat näme etjegini bilmeýär. Birdenem ol Ilhanyň bardygyny ýatlap, maşyndan düşýär-de, öýe tarap ýönelýär. Polat ýanyna baransoň, Ýalkabyň ogly ýyrşarýar, Poladam oňa ýylgyryp seredýär, ozal bilýänem bolsa, gepbaşylyk üçin:

— Adyň näme? — diýýär.

— Ilhan.

— Meň adym Polat.

— Polatdygyňy men bilýän. Kakam aýtdy. Indi meň kakam

seňňem kakaň bolmaly. Kakam şeý diýdi...

«Kakaň ýalan sözleýä. Öz kakam barka seňkini kaka edinmen».

— ...Ikimiz dogan bolýamyşyk. Kakam şeý diýýä.

«Kakaň ýalan sözleýä...»

— Näçinji klasda okaýaň?

— Üçünjide.

— Menem üçünjide — diýip, Polat oňa hasam golaýlanda, Ilhanyň boýunyň biraz uzyndygy mälim bolýar. Polat orta boýludy, dolmuşyrakdy. Şol dolmuşlygam häzir ony inçemik, üstesine-de uzynak Ilhanyň ýanynda bolşundan kelte edip görkezýär.

— Men bu ýyl dördünjide okamalydym — diýip, Ilhan habar berýär.

— Öňki synpyňda galdyňmy?

— Ýok, klasymda-ha galamok.

— Onda näme?

— Ilki-hä, ejem bizi taşlap gitdi...

Bu habar Polady gyzyklandyrýar. Ol şunça saklanjagam bolsa başarman:

— Näme üçin taşlady ejeň? — diýýär.

— Aý, men-ä bilemok.

— Soň näme boldy?

— Soňam kelbalnyssa düşdüm. — Ilhan kellesini sypaýar. — Ýaňy saç çykyp başlady. Aý, okuwa gitmäge utandym-da...

Ilhanyň ýagdaýyna Poladyň nebsi agyrýar.

— Oň üçinem bir utanarlarmy. Kesel üçinem utanmalymy? Biziň obamyzda-da näçe oglan kel boldy. Şolar-a balnyssadan gelen günleri okuwa gatnap başladylar. Utanmadylar.

— Aý, men utanjaň-da. Utanjaň bolamsoň, keldigimi gizlejek bolup, kän mahallap kellämi şemallatmadym... Şonda-da obada maňa «Illi kel» diýýäler.

Kellämi daňyp gezenim üçin saçym haýal çykdy.

— Hä-ä...

Oglanlaryň gürrüňiniň käbir ýerini eşidýän Ýalkap, maşynyň nowasyndan alan düwünçegini yzyna taşlaýar-da, Ilhana gazaply seredýär, gahar bilen dodagyny ýalaşdyryar:

— Häh, seň ejeňe çeken oýnatgy damaryň gyrkylsyn diýsänim!

Senden kel bolduňmy diýip soraýan bamy? Eýýäm özüni oýnadyp dur. Güm bol, meň gözümiň alnyndan!..

Poladyň Ýalkap bilen gepleşesi gelip duranokdy, ýöne, özi sebäpli Ilhanyň üstüne heňkirilenini halamansoň:

— Bi özüni oýnadanok, bolşuny aýtdy — diýýär, — Kel bolanda näme? Keldigini aýdany üçin oýnatgy bolýamyşmy?

Oglanyň gepini halamadyk Ýalkap:

— Sen maňa akyl öwretjek bolma, jüýje! — diýip, sypaýçylykly hasap eden sözlerini atyp galýar. — Geleniň ýaňy welin, tutuş obamyza-da akyl öwretjek bolýaňmy sen?

Polada henize çenli «jüýje» diýlen ýeri ýokdy Ol söz «it» ýa-da «güjük» diýlen ýaly gaty ýaramaz bolmasa-da, indi özüne ýakyn adam bolmaly kakalygynyň agzyndan çykany sebäpli bolsa gerek, gaty ýakymsyz bolup ýaňlandy. Polat guraksy ýuwdunýar, eýýäm Ilhanam zym-zyýat bolansoň, Ýalkabyň gözünden daşlaşmak üçin öýüň ýeňsesine duwlanýar.

Jaýyň ilersinden uly köçe geçýänem bolsa, obanyň şol gum-guklugy. Polat başga-da bir güýmenje tapman, ýoluň gyrasyndaky böwrüni gurçuk deşen, gury tuduň köwegine seredip durka, goňşy öýleriň birinden çykan eli hasaly, burny bilen ýer ysgap gelýän pes boýluja, küýki aýal bärligine gaýdýar. Ol Poladyň deňine ýetensoň aýak çekýär-de, oglany tanajak bolup, çiňerilýär, elini gözüne kölegeledibem seredýär. Polat garra salam berýär.

Kempir uly adam bilen salamlaşýan ýaly:

— Aleýiksalam! Aleýiksalam! — diýýär-de, gurçuk iýen tuduň guran gabygyna meňzeş guraksy ellerini öňe uzadýar, sömelip duran ýekeje alyn dişini syrtardýar. — Hany, görşeli, köşek! Tüweleme! Bolaweri! Nirde bolsaňam bolaweri, ýaşaweri!

Garrynyň sesem, hereketlerem, gepleýşem Polada ýarady. «Bu obada-da biziň Ogulsapdy ejemiz ýaly gowy garrylar bar ekeni...»

— Sen Ýalkabyň getiren aýalynyň ogly-ha dälsiň, köşek? — diýip, salamlaşyp geçiberensoň, bir zady ýadyndan çykaran ýaly, aýak çekip yzyna garan kempir sowal berýär. — Özüň-ä del oglan. Ýa çakym dogrumyka?..

«Çakyň dogry».

— ...Adyňam Polatmy?

— Polat.

«Bä-äý, bu garry, dogrudanam, Ogulsapdy ejä meňzäp dur. Olam obaň ýegen-ýegençisiniňem hemmesini tanaýa. Bi eýýäm meň adymy nireden bilip ýörkä?»

— Ejeň bilenjik gaýdyberdiňmi?

Polat aýdylany tassyklap baş atansoň, ýeke dişini hem görkezmesini goýan kempir hyrçyny dişledi. (Ýok, beýle däl. Hyrçyny dişlemäge onda diş ýok ahyryn. Has takygy ol tebsiräp duran dodaklaryny birneme gysyp, ýeke dişini gizleýär...

— Ejeň-ä akylly aýal däl bolsa gerek, hanym... Men şeýleräk adamdyryn, gönüjämi aýdaýýandyryn...

Garrynyň kesgitlemesi Polady düýrükdirýär, «Meň ejem näme üçin akylsyzmyşyn? Sen ony tanaňok, bileňok. Akylsyz bolanda-da ol seň işiň däl-ä».

Garry sözüni gutarman eken. Ýöne ol gepini gidip barýarka soňlaýar:

— Il-ä sen ýaly ogluň zary bolup, ojagyndan turýa. Dagy alaç tapman turýa. Seň ejeňe näme gerekkä? — Kempir aňyrrak baransoňam hüňürdeýär. — Hakyt ýigit çykan ogly bar eken-dä. Allatagala her bendesiniň kalbyna bir harasat salýandyr-da elbetde. Geň-taň göremizok...

Polat öz ejesine akylly däl diýleni bilen ylalaşmasa-da, garrynyň beýleki aýdan pikirleriniň käbirine goşulýar. «Bu içgysgynç obada biz nädip ýaşarkak? Ol töweregine göz aýlanda ýene şol suslukdan gaýry zat nazaryna ilmedi. «Belkem, ýaňky ýaly garrylaň gepi bilen ejem ýene yzyna gider?»

Oba, Poladyň çaklaýşy ýaly beýle içgysgynjam däldi. Bu obanyň adamlaram gülüşýärdilerem-degişýärdilerem, aýdymam aýdýardylar, Polat ýaly oglanlary Gojugyň oglanlaryna meňzäp, her dürli oýunam oýnaýardylar. Ýöne töwerekdäki janl-u-jansyz zatlaryň hemmesiniň entek Polada ýatdygy üçin oba bolşundan içgysgynç görünýär.

Günüň ýaşmagy bilen, töweregi derrew garaňkylyk gurşap aldy.

Poladyň göwnüne bolmasa, şol garaňkylyk bu obanyň boýnundan hiç wagt düşmejek ýaly. Agşam, gije Gojukda-da garaňky bolýar. Emma bu ýerde welin, garaňkylyk Gojuk obasynyň garaňkylygyndan tapawutlanýar. Asyl Ýalkabyň jaýy bilen, çagşanam bolsa dikelip oturan gara öýünden başga jaýlaryň hemmesini tümlük ýuwutdy oturyberdi. Üstesine, agşamyň şemalsyz howasynda ýokary göterilen tot-tozanam edil bir garyş depäňde perde bolup asylyp dur. «Bu ýerde adamlar nädip ýaşaýarkalar? Gün ýaşansoň dagy sygyrlar molap, itler üýrmezmi?»

Jabjynylyp kowlan Ilhanam ýanyna gelmänsoň, Poladyň şeýlebir içi gysýar welin köne maşynyň ters yzyny çalyp, Gojuga tarap ylgaberesi gelýär. Onda ejesi näder? Bu ýat obada onuň ýeke özi galmazmy? Öýüň gapysyndan girip gideli bäri sesini eşitmesede, içerde ejesiniň bardygy oglanyň ýüregine aram berýär.

Diňe bir iç gysmak däl, Polat indi ajygybam başlady. Her gün agşam, garaňky düşende, hut şu pilleler oglan kakasy bilen garşymagarşy oturyp, agşamlyk nahar edinerdi. Saçagyň üstünde iki bölejik gant bar bolsa-da, Nurguly onuň uly bölegini Poladyň käsesine atardy. Polat çaý bilen nahardan däl, kakasynyň eý görmesinden hoş bolýar, kakasynyň üns bermesine guwanýar. Eýsem şu gün ertirki Nurgulynyň sesini çykarman, oglunyň kellesinden sypap gitmesi iň soňky gezekmikä? Polada uly adamyň üns bermesiniň iň soňy şolmuka? Ýalkap näderkä? Polat oglanam bolsa, agy-garany saýgarman duranok. Ýalkap ýolda ejesiniň böwrüne hürsekledi. Polat şonam halamady. Gojugyň iň bir kelpez erkegem, Polat ýaly on ýaşap ýören oglan-ha beýle-de dursun, bäbejigiň ýanynda-da aýalynyň böwrüne dürtmez. Polat oýlanyp durka, jaýdan çykyp, gara öýe tarap ýönelen Ýalkap säginmän:

— Sen nä samsyk güjük ýaly daşarda entäp ýörsün-ow?! — diýip geçýär.

«Uly adamlaram hil-hil bolýar eken. Gödeklik muň häsiýetimikä? Biziň obamyzda-da gödek adamlar bar. Mysal üçin, Çakan aga. Ol gaty gödek. Käte çagalaňňam göwnüne degýä. Ýöne ýüreginde hiç hili ýamanlyk ýok. Gödeklik oň bolşy. Doglanda

gödek bolup doglupdyr. Belki, biýem şeýledir. Ejemem samsyk däl. Ýaňky garry aýal ony tanaman, akylly däldir diýýä. Meň ejem samsyk däl. Ýalkap meň çaklaýşym ýaly erbet adam bolsa, ejem oň yzyna düşüp gaýtmazdy». Oýlanmalar hernäçe köşeşdiriji bolsa-da, Ýalkabyň agzyndan çykan gödek sözüniň üstüni örtüp bilmeýär. Üstesine-de, ýat oba düşen oglan birneme üns berilmäge, mylaýym söze mätäç. Ony güjüge, onda-da güjügiňem samsygyna deňemeli däl. Polat gaharlanýar. Ýöne ol gahar diňe bir Ýalkaba däl, esli mahal bäri ýat obanyň aýallary bilen gürleşip, ogluny ýadyndan çykaran Nartäje-de degişli.

Poladyň içerik girmäge aýagy çekmeýär, çekmese-de, onuň üçin şol gapydan gaýry girelge ýok, daş-töwerek işiksiz-gapysyz tümlük.

Adamlaryň haçan, haýsy tarapdan gelenlerini Polat görmedigem bolsa, öýde jemende kän eken. Öýde Ýalkap hem peýda bolýar.

— Molla-müftiňden gara berýäni ýok-la. Nikany kim gyýmaly? — diýip ýaşuly aýal Ýalkaba ýüzlenýär.

— Taýyn bolubermeli. Molla aga «hä» diýmän üstüňizi basýa — diýen Ýalkap, söýä söýenip duran ýerinden yzyna aýlanýar. Asyl ol garaşylýan mollanyň basym geljekdigini habar bermek üçin içerik giren ekeni.

Polat ejesi bilen Ýalkaba şu gün nika gyýylmalydygyna düşünýär, ol işi amala aşyrýan her obada birlän-ikilän adamyň bardygynam bilýärdi. Emma ol ullakan adam bolan Ýalkabyň aýallaryň gürrüňine goşulmasyz halatynda-da goşulyp, girip-çykyp, zowzuldap ýörşüne welin, düşünip bilmeýär. Gojuk obasynda-ha öýlenýän adam, deň-duşlary itekläp getirýänçäler, aýally öýüň gapysyndanam garamaýar.

Gaz ojakdaky gara gazan lasyrdap gaýnaýardy. Ysyna görä çak etseň-ä, mekge gaýnadylýan ýalydy. Emma näme bişirilýänini Polat ýatylýança-da anyklap bilmeýär.

Öýdäki aýallar kimiň-kimdiginden ozaldan habarly bolara çemeli — hiç kim Poladyň adyny soramady. Gapydan şu gün ömründe birinji gezek girendigine garamazdan, hiç kim oňa ünsem bermedi, lakam atmady.

Çep duldaky içi ýüňlümi-nämemi, ýumşak ganara arkasyny berip oturan Polat käte bir özüne dikilýän nätanyş gözlerden gabagy bilen goranýar. Ara düşen dymyşlykdan soň aýallaryň ýene gowurdysy artýar. Oglan assyrynlyk bilen içerdäkileri synlamaga başlady. Onuň göwnüne bolmasa, bu öýe ýygnanan aýallaryň arasynda şol ilden soň peýda bolan ýaňagy hally, beýlekilerden ýaş, ýöne näme üçindir örän sus görünýän aýaldan yşnaklysy ýok. Biriniň ýüzi biçak çüri, onuň ýanyndaky uzyn egri burunly saryýagyz aýal bolsa uklap oturan hüwä meňzeýär, üçünji biriniň, tersine, burny şeýle bir paşşyk welin, edil garaja ilik ýelmelen ýaly. Şol ilik hem onuň ýüzüni biçak tegelek edip görkezýär. Polat onuň ýüzüni içi dürli-dümen zatdan püre-pür doly tabaga meňzedýär. Gojukdada şeýle aýallar barmy? Ýo-ýok, Gojuk obasynda olara meňzeş bigörk aýal bolup bilmez. Bigörküräk diýjegiňem Amanbagt ejedir welin, görmeksizligine derek o kempiriň şekerden-şerbetden şirin dili bar, ýüregiňi eredip barýan, ýakymly ýylgyrmasy bar. Bular-a ýöne urşup-aýrylyşan ýaly. Hyrsyzdyklaryny. Polat öz hyýalynda uzyn burun aýal bilen paşşyk burun aýaly goşup, deň ikä paýlaýar. Ortaça burunly iki sany aýal emele gelýär. Ol öz çaklamasyna kesesinden tomaşa edip ýylgyrýar, ýylgyrmasyny töwerekden gizlemek üçinem dodagyny, ýaňaklaryny dyrmaşdyran bolýar. Ýöne şol ýaňagy hally ýaş aýalyň eden hereketi oglany has-da özüne çekýär. Ol aýal Polada mähir bilen seredende gözlerinde ýaş peýda bolany, hatda ýuwdunany hem bildirýär. Näme üçin beýtdikä? Nebsi agyrýarmyka? Ol oglana gaty hyrydar, gaty ýakymly nazar bilen garaýar. Näme üçin beýlekä?

Poladyň içi goruldy. Emma onuň açdygy-suwsuzdygy hakda hiç kim alada etmeýär. Nartäjiň özi-hä, häzirlikçe myhman ornundaky adam welin, ýeri, beýlekilere näme diýjek? Ýa olaryň çaga-çugasy ýokmuka? Özleri iýip-içmeýärlermikä?

Ahyry şonça aýalyň arasyndan bir ýüregi ýukasy tapylýar. Olam çep ýaňagy hally ýaş aýal bolup çykýar. Ol hum çäýnegi Poladyň öňüne süýşürýär, soňam gapdalda duran düýeýüň saçakdan el ýaly çörek döwüp uzadýar.

— Me, bir agyz nan iý, Polat. Geleliň bäri ajygarça mahalam geçdi...

Ol aýal Poladyň ýüzüne dikanlap seredende, näme üçindir, bokurdagy dolan ýaly bolup sesi sandyraýar, has-da tukatlanana meňzeýär. Ýöne oglan ol aýalyň özüne rehimdar garamasynyň, adyny tutanda sesini sandyratmasynyň manysyna düşünmän galýar, saçakdan alyp beren gury çöregi welin, onuň agzyna hoş ýakýar.

Ýaňagy hally aýalyň sesem mylaýym eken. Polat özüne rehimdarlyk edeni assyrynlyk bilen synlaýar. Onuň daş sypaty hem indi beýlekileriňkiden has gowy bolup görünýär. Aýalyň eginbaşy könerägem bolsa, arassa, saçy beýleki aýallaryňky ýaly hüžžerip ýa-da hamyna ýelmeşen ýaly bolup ýatanokdy-da, göze gelüwlidi. Onuň uzyndan owadan barmaklary bar, elleri näzik görünýär. Ol elleri Polat çörek uzadanda synlamaga ýetişýär. Aýalyň çalarak ýylgyrasy gelip duran ýaly ýöne ýylgyrmaýan, ýylgyraýsa has-da gelşäýjek aksowult ýüzi örän agras. Ol näçe ýaşyndaka? Poladyň ejesiniň deň-duşy bolsa gerek.

Çörek uzadylanda, garbap alasy gelse-de, Polat dokmädesiredi, elini göwünli-göwünsiz uzadan kişi bolýar. Bolsa-da, tamdyr çöreginiň her bölegi oglanyň bokurdagyna degmän geçýär.

Polat çöregini iýip bolan badyna, edil şoňa garaşyp duran ýaly, daşardan erkek adamlaryň hümürdisi eşidilýär, kimdir biri ýasama ardynjyraýar. Daşardan howply bir zat ýetip gelýän ýaly körjümek aýal aljyraňňy sesi bilen:

— Waý, gelýäler! — diýip, ýanyndakylary gozgalaňa salýar. Içerdäki aýallaryň hemmesine gozgalaň aralaşýar: kim ýaglygyny çekişdirse, kimsi ýaşmagyny düzedýär. Poladyň ejesi başyndaky täze öýmesini manlaýragyna çekýär-de, geljeklerden ýüzüni gizlejek bolýan ýaly, keseräk oturýar.

Gapydan giren üç ýaşulynyň iň öňdäkisi bosagadan ätlän badyna, öýdäkiler salam bermeselerem:

— Amanmysyňyz, gelinler? — diýýär-de, yzyndanam: — O soýpy, bu soýpy, hazraty Ymamy, bu oturgan uluklarnyň, bu oturgan kiçiklerniň — diýen ýaly Polada düşnüksiz bir dilde aýdym kimin süýkdürip gepläp ugraýar. Ýaşulynyň aýdýanlary düşnüksizem

bolsa, şol samramalardan soň, Poladyň ejesi bilen Ýalkabyň är-aýal bolmalydygy welin oglana düşnüklidi.

Polat ony özüne ýakynrak saýýarmy-nämemi, ýaňagy hally aýalyň ýüzüne seredýär. Aýal «Sen daşaryk çyk-aý» diýýän manyda yşarat edýär. Polat gapa ýönelýär.

Daşaryk çykan oglan garşydaky kerpiç jaýa girjeginem, alagaraňkyda gezmelejeginem bilmeýär. Esli salaym geçensoň garaňkynyň içinde özi görünmese-de öýden çykan Ýalkabyň: «Jaýa, Ilhanyň ýanna baraý-ow!» diýen sesi gelýär. Ol onuň birneme mylaýymlanandygyndan habar berýär. Polat gije ýalňyz galmalymy? Gapdalynda ejesi — höwri bolmasa, nätanyş obada, nätanyş jaýda oglan nädip uklap biler! Ýöne ejesi gapyny açaga-da: «Oglum, sen arkaýyn ýatybergin. Menem şu töwereklerde bardyryn» diýip gitsedi! Eger-de Gojuk obasynda, öz öýlerinde bolanlygynda Polat ýatmazyndan ozal ejesini beýle küýsemese-de küýsemezdi. Emma bu ýerde onuň ejesinden başga tanaýany, ejesinden gaýry hossar tutunjagy ýokdy ahyryn! Barybir ejesi oglunyň ýanyna gelmeýär.

Körjümek aýal Ilhan bilen Polada ýanaşdyryp düşek ýazýar: «Atadan ýekediňiz, indem, Halygyň emri bilen iki dogan bolduňyz» diýýär-de, kän eglenmän gidýär. Polat oňa-da düşünýär. Ýöne aýal gapyny ýapansoň: «Bir jaýda ýatanyň bilen iki dogan bolýamyşyňmy?» diýip içini gepledýär.

Bir egnine ýatyp, ýany agyryp gidýänçä Polat gapynyň açylaryna, ejesiniň peýda bolaryna umydigär bolup garaşýar. Emma oglanyň beýleki ýany ýadasa-da, ne gapy açylýar, ne-de ejesi gara berýär. Ilhan bolsa, kellesini ýassyga goýandan hor çekmäge başlaýar. Onuň horruldysy, ümsüm gijäniň içinde bolşundan telim esse ulalyp, otagy doldurýar. Polat Ilhanyň horruldysyna gulak asyp, şony höwür edinip ýatmaly bolýar.

Jaýyň pessejik oturdylan aýnasyndan asman görünýär. Ol asmanam däl-de, ýöne bir garaňkylyk. Onuň bir çetinde iki sany akja ýyldyz bar. Şol iki ýyldyzy höwür edinip, gözüni ýumman, ýokaryk garap ýatan Polat olaryň kiçirägini özüne meňzedýär, beýleki uly

ýyldyz hem, elbetde, Gojuk obasynda galan kakasy bolmaly. Şol iki ýyldyz ýylp-ýylp edýär, uzakdan bir-birine seredýär. Polat üçünji ýyldyzy — ejesiniň ýyldyzyny gözleýär. Emma ol görünmeýär. Oglan ejesiniň ýyldyzynyň bolmalydygyna ynanýar, ýöne onuň başga ýerdedigini-de bilýär.

Bu ýagdaýda çirim edip bilmejekdigine göz ýetiren oglan ýerinden turýa, ýöne gapa ýönelende erbet awunýar. Ol demir pejiň üstünden baran eken. Aşaky dodagyny dişläp, dyzyny gujaklan Polat aglaman zordan saklanýar, agyrynyň yzasy köşeşýänçä oturýar, esli mahaldan soň daş çykýar, çykan badyna-da asmana seredýär. Asmanda balkyldaşýan ýyldyzlaryň sany sanardan kän, ýöne içerden seredilende penjireden görünýäni iki sany eken.

Daşarynyň çigreklije howasyndan dem alan oglanyň ýüregi birneme düşüşýär. Ol oýlanýar. Oýlanybam, iň bolmanda şu gije-hä ejesinden aýra ýatmaly boljakdygyna akyl ýetirýär. Sebäbi gündiz ýüzüniň köne haşamyny güjeňlän gapy jebis ýapylgydy. Şol köne gapy Polat bilen ejesini iki dünýä bölýän serhetdi. Her halda Polat ejesini görmän, iň bolmanda sesini eşitmän-ä yzyna dolanyp biljek däl. Ol, şeýtmek hernäçe kyn düşýänem bolsa, haşamly gapyny itekleýär. Gapy açylmaýar. Näme etmeli? Ýene iteklemelimi? Ýene iteklenýär, ýöne bu gezek has batly iteklenýär. Işik şakyrdansoň, içerde hümürdi peýda bolýar. Polat kän garaşmaýar. Uzyn donuny ýelbegeý atynan Ýalkap gapyny açýar:

— Bu senmiň asyl! Näme gerek-how? — diýip, ol näme üçindir, pyşyrdaýar, jogaba-da garaşman: — Gijäň içinde beýdip ýörmäge utanaňokmy? Jaýa gir-de, ýat-da.

Polat dil ýarmaga-da ýetişmeýär, haşamly gapy aňyrsyndan ýapylýar. Bu Polada hasam erbet täsir edýär. Gelmedik bolsa, gapyny iteklemedik bolsa, itekläýende-de gapy açylmadyk bolsa, daşarda täk özi aýlanyp ýören bolsa oglan üçin häzirki düşen ýagdaýyndan gowy bolardy. Jalkyldap ýapylan işik söýä däl-de, Poladyň maňlaýyna degen ýaly bolýar. Şonuň üçinem onuň ýüzi gyzyp gidýär. Hernäçe merdemsirese-de, ejiz bolmaga özünden utansa-da, entek oglanlykan saýlanmadyk oglan, atasy dirikä

atasyz galyp, enesi dirikä enelä meňzemän ýetimege dönen oglan gözýaşyny saklap bilmeýär. Halys ýekesirän Polat sessiz aglaýar, aglananda döreýän horkuldysyny daşyna çykarmajak bolup görgä galyp aglaýar, ýüregi ýuka kakasyny ýatlap aglaýar. Ol aglap durka, aýagyna bir zadyň degýändigini duýsa-da, gorky duýmaýar. Polat aşak seredende ap-akja çaga pişigiň özüne süýkenip durandygyny görýär. Oglan çommalýar-da, akja pişigiň arkasyny sypamaga başlaýar, özem aglaýandygy üçin çaga pişikdenem utanýar. Pişik çalaja mawlaýar. Naýynjar ses oglanyň gulagyna «Aglama!» diýýän ýaly bolup eşidilýär. «Seňem ejeň-kakaň ýanyňda dälmi? Senem ýeke galdyňmy?» Pişigiň ýumşak tüýi çommalyp oturan oglanyň topugynyň ýalaňaç ýerine mylaýymlyk bilen degende Polat kakasyny ýatlaýar. Nurguly oglunyň kellesini şeýle ýakymlylyk bilen, şeýle mähremlik bilen sypalaýardy. Ol gözýaşyny süpürip, köşeşmekdenmi ýa-da çaga pişikdenmi ýylgyrýar, akja pişigiň arkasyny sypamasyny dowam edýär. Çaky adam çagasy Polat ýaly ýalňyz galan haýwan çagasy adam çagasynyň eliniň mylaýymlygyndan lezzet alýar. Ol gerinýär, Polada tarap gysmyljyraýar, süýkenýär. Polat ýene ýylgyrýar. Üns berilmäge mätäç wagty üns berilmedik iki höwürdeş şeýdip bir-birege howandarlyk edýär.

* * *

Birleşip bir täze maşgala öwrülen iki sany köne maşgala tamda däl-de, gara öýde baş jemläp, ertir irden çaý içip otyrdy. Düýnki del aýallaram bolmansoň, öýde Nartäç eýemsiräp başlaýar. Ol köne-de bolsa, asly gaty owadan, zaňly yşgabyň gapysyny zaňňyrdadyp, çäýnek-käse çykarýar.

— Tüweleme, eliň gelşip barýar. Şeýdip öwrenişibergin-ow! — diýip, täze aýalynyň öýünde hojaýynçylyk edip ugranyna begenen Ýalkap ýylgyrýar. — Myhmansyrap oturmagyn-da, içe-daşa-da özüň göz-gulak bolubergin... Sen ýaş gelin däl-ä.

— Eýsem men seň üçin garry kempirmişimmi, oglan?

Ejesiniň sözleri oglunyň gaharyny getirýär.

«Tapdyň oglany!»

— Oglan bol diýseň, oglanam bolaýarys.

Kakalygynyň gepi hem Poladyň gaharynyň üstüne urna bolýar.

— Oglan bolşuňy görübiýris — diýip, çagalar garşysynda oturanam bolsa, ýuwanak söz tapan Nartäç göz güldürip gepleýär. — Ýöne men entek bäş-üç gün myhmansyraýyn ahyryn.

— Myhmanlyk hukugyň öten agşam eliňden alnan bolaýmasa seň — diýip, Ýalkap has-da ýuwanyklyk edýär. Nartäç ýene adamsyna gülümsiräp seredýär.

Ilhan çaý hopurdadýar, Polat ýüzüni kesä sowýar, ejesini Ýalkapdan gabanýar. Ejesi bolsa, öten agşam hiç zat bolmadyk ýaly, ogluna ullakan ünsem bermeýär. Poladyň gapyny iteklänini, gapyny açan Ýalkabyň çagasynyň ýüzüni alyp goýberenini ol bilýär ahyryn. Onda näme üçin... Gaýtam ol çäýnekleriň in owadanynam Ýalkabyň öňüne süýşürýär, çaýy öňürti şoňa guýup berýär. Ony ileri tutýarmyka?

Ýalkabyň içersiniň Poladyň dünýä inen öýünden gurpludygy bildirýär. Öten agşam, adam-gara bolansoň, Polat üns bermändir welin, öýde göz eglenere zat kän eken. Dulda ýüzüne «Zinger» diýlip ýazylan tikin tikilýän aýak maşyn dur. Polat beýle tikin maşyny birinji gezek görýär, ýazgysyny okasa-da, onuň nemesleriň dünýä belli, örän ýörgünli hem gadymy guralydygyny bilmeýär. Gözenekdäki tärimiň egninden goşa nilli omurma asylgy. Anha-da, welosiped üçin dokalan eýerlik haly, gapdalynda horjunam bar. Ol zatlar juda elýetmez mal bolmasa-da, her giren gapyňda gabat gelip duran nysaklar däl. Gyrasy haşamly çarçuwaly aýnanyň aňyrsyndaky surata dagy bir seret! Tegelek telpek geýdirilen ýaly üýtgeşik agajyň aşagynda ernine uzyn papiros gysdyryp duran kaşaň geýnen adamam Ýalkabyň özi. Olar ýaly agaç bu jelegaýlarda-ha görnenok welin, Ýalkap uzak-uzak illere, telpek kysym gaba agaçlaryň bitýän ülkelerine-de gidip-gelen bolmaly.Onsoňam, kaşaň kerpiç jaýyň gapdalyndan gara öý saklaýanam her ädimde gabat gelip duranok, ýöne gijäniň ýarynda golaýda eşegiň aňňyrmagy welin Polada düýpden düşnüksiz bolup galýar. Gojuk obasynda-ha diňe Remezan

aga eşek saklaýar. Onuňam eşek münüp oňa-muňa gidip ýören wagty ýok. Bu zamanda bulara eşek nämä gerekkä?

— Agşamky ýüzüne sary hyýar goýlan ýaly burunlak aýal Annadursun gelnejemdir, bilgin — diýip, Ýalkap Nartäje sapak berip başlaýar. — Alyş-berşiňem, geňeş-maslahatyňam şoň bilen etmeli borsuň. Adamçylygy biçak gowudyr. Göräýmäge gödegräk ýalydyr welin, biçak gowudyr adamçylygy. Beýleki eňekmenem öz ýeňňelemmiziň biri. Oňňam adamçylygy erbet däldir, akly ýukarak diýäýmeseň. Aý bir «meni urany Hudaý ursun» pahyrda. Ýarymgöwünräk. Towugyna tok diýemzok oň. Burny paşşyk aýalam gelnejelemiziň biri.

«Muň garyndaşlarynyň hemmesi şolar ýaly döwük-ýenjikmikä?» — diýip Polat içini gepledýär.

— Ýaňagy hally gelin kim? — diýip, Nartäç sowal berýär. — Göräýmäge bir mylaýym maşgala ýaly.

Ejesiniň sowalyna beriljek jogap berilmänkä Polady gyzyklandyrýar.

— Olam garyndaşlammyzdan bolmaly. Babadaş diýen ýaly daşkyrak ýöne. Saparmyradyň gelni. Saparmyrat neresse...

— Näme boldy?

— Bir ýyl mundan ozal ulag awariýasyna düşüp, on ýaşly oguljygy bilen heläk boldy. Simpatiçniý oglanjykdy. Gara ýere dagy dözer ýaly hem däldi. Ol oglanyň ady hem Polatdy — diýip, başyny ýaýkan Ýalkap ogullygynyň ýüzüne seredýär.

— Daş edewersin! — diýip, Nartäç ýakasyny tutýar. — Nesibe-dä, ýeri, oguljygy bilen bile şeýle bolmagyna näme diýjek...

— Hawa, nesibe-dä — diýip, ýene baş ýaýkan Ýalkap aýalynyň aýdanyny gaýtalaýar. — Turaga-da ötägidermikä öýdüpdik welin, heniz-ä otyr. Adamsynyň ojagyny saklap. Ýogsam çaga-çugasam ýok. Adyna Halbike diýýäler. Mekdepde oglan okydýa. Meň-ä şony sulhum alanok onçakly. Birhili, jynymyz jyňkyrşanok.

— O näme diýip? Göräýmäge-hä gowuja maşgala ýaly. Gözüni-ýüzüni oýnadyp oturan kelç-külç däl...

— Şo «göräýmäge» diýýäniň çyn bolaýmasa. Gowy bolmagam

ahmal. Meňň-ä sulhum alanok şony. Meň sulhum almasa-da, oňat bolmaly däldir özi.

— Düşündim! — diýip, Nartäç baş atýar.

— Düşünen bolsaň, aýdylanyny ediber. Men saňa tutuş obamyzyň adamlaryna haraktryska okap oturjakgä. Galamasynam näme, aklyň-huşuň ýerinde, özüň bilersiň.

Şonlukda goňşy-golam bilen tanyşmaklyk gutardy hasap edilýär.

— Senem Ilhan bilen bir klasda okarsyň. Bir-biriňize medet borsuňyz. Ýekeden iki ýagşy. Asyl meň özüm şo ýekelikden köýen. Entek siz gelmäkäňiz mekdebiň derektirini gördüm welin: «Baş üstüne. Täze okuwçy getirseň, okatmak biz bilen» diýdi. Senem oňatja okasaň...

Ol sözler Polada ýaraýar «Men ýalňyşýan ýaly. Eýýäm, biz bu oba gelmänkäk meňem aladamy edip, mekdebe dagy baryp ýören bolsa...»

Ozalam keýpi ýaman däl Ýalkap, birdenem ýylgyrjaklaýar-da, Polada içgin seredýär.

— Polat han, öňdäki bazar güni-hä seň bilen bileje, Ilhanam alyp, daýyňlara görme-görşe baryp gaýdaýsagam gelişmän durmazmyka diýýän. Garyndaşlyk açylany çyn bolsa, öňi-soňy tanyşmaly-ha bolar. Nähili görýäň şony?

— Ilbaşy daýysynyň-a bu ýylda-täze ýylda gapysyndan baryp bolmaz — diýip, Polada derek ejesi gepleýär. — Birneme gahardan düşüşäýmese ol...

— Ilbaşy daýysy garşy almasa, gadyrymyzy gaçyryp, gapysyndan barjagam bolmarys. — Ýalkap ýüzüni kesä sowýa. — Kiçi daýysy ýüz berer dälmi?

— Ol, anha, güler ýüz berer! — diýip, Nartäç ýylgyrýar. — Annamyrat düşünjeli adam-a.

Täze tapynan garyndaşynyň mertebeli gulluk wezipesine ozaldan belet Ýalkap:

— Düşünjeli bolmasaň, o ýerlere eltjek gümanlary bamy seni! — diýýär, hemem ýene Poladyň ýüzüne ýylgyryp seredýär. — Gidýäsmi onsoň daýyňlara? Bizem bir uly adamlar bilen salamlaşyp göreli-dä ömrümize bir gezek. Ýogsam olar ýalyny ýygnakda ýa

saýlawda göräýmeseň, görübem bolanok.

Polat jogap bermeýär.

— Aý, ýok-la — diýen Nartäç adamsynyň tutumyny oňlamaýar. — Ara bir aý dagy düşsün-le, oglan. Ýogsam birhili...

«Ýene oglan!» — Bu Poladyň pikiri.

— Nika gyýlansoň birhilisi bolmaz oň — diýip, Ýalkap üýtgeşik bir gep aýdan ýaly öz sözüne özi gülüp goýberýär. — Nika gyýlansoň hemme zat kanunydyr.

Ejesiniň Ýalkaba «oglan» diýmesem, Ýalkabyň gülküsem Poladyň gaharyny getirýär.

Birdenem Ýalkap:

— Ýene bir aýdan gidäýeris, heleý — diýip, ylalaşyga gelýär. — Bir aý diýeniňem «hä» diýmäkäň geçäýer.

«Ol-a oglan, biýem heleý!»

Ýöne, hut şol günüň ertesi, işden keýpsiz gelen Ýalkap indi Annamyrat daýylara görme-görşe gidip bolmajagynyň sebäbini aýdyp, Nartäjiň keýpini bozýar.

* * *

Bu obada-da uly seneler dabara bilen bellenip, mal soýulýar, nahar bişirilýär, mähelläniň köpräk ýerinde, her dürli oýunlaram guralýar eken.

Nartäç bilen oglunyň bu oba gelenine iki hepde geçmegi uly baýrama gabat gelýär. Obanyň ortasyndaky mekdep jaýynyň öňündäki giň aýmança töwerekden adam bary ýygnanyp başlaýa. Kesesinden seretseň, çaklaňja obadan munça adam nädip ýygnandyka diýäýmeli.

Il deňinde gatnaşmaga haky bar hem bolsa, Nartäç ol dabara barmaýar. Edil şu mahal, Annamyrat barada ýakymsyz gürrüň ýaýrany sebäpli, özüniň toýa-dabara bararlyk ýagdaýy ýok hasap edýär. Gan bilen däl-de, din bilen dogan edilen Polat bilen Ilhan ikisi welin, dabara ýere bardylar.

Iki doganyň oglanlaryň ýanyna gelip duranam şoldy welin, köpüň içinden saýlanan girdeneje biri: «Ilhan — kelhan» diýýär-de, Ilhanyň

saç çykyp ugrasa-da, däri-dermanyň ýoky bilen entek teýi saralyp duran kellesine pitikleýär. Ilhan aglamsa-da, kellesiniň mazaly agyrandygy bildirýär. Ol ýüz-gözüni kürşerdip, depesini gaşaýar.

Bu näme özüni kemsidene gaýtargy bermeýär? Ýa gorkýamyka? Ol oglan azar bermedige gelip, näme öňürti degýär? Beýle sowallar Polada ynjalyk bermeýär. Ol Ilhanyň kellesine pitikläp giden oglanyň ýanyna barýar:

— Sen näme Ilhanyň kellesine pitiklediň? Ol saňa azar bermedi ahyryn.

— Keliň kellesine pitiklemeli-dä! — diýip, oglan hil bir iş eden ýaly gedemlik bilen jogap gaýtarýar. — Kel bolan bolsaň, seňem kelläňe pitiklärdim. Arman, kel däl ekeňiň.

Polat onuň ýakasyndan tutýar:

— Men sen ýalaka kelläme pitikletmen. Ilhanyň kellesine pitikläniň üçinem göz hakyňy alarsyň, ynha...

Emma gazanlaryň ýanynda alakjap ýören, donunyň iki syny hem guşagyna gysdyrylgy ýaşulynyň:

— Hany, bes ediň! Baýram güni gidip duran urşam togtaýandyr! — diýen haýbatly sesi ýumruklaşylmaly çaknyşygy başlanmanka saklaýar.

Täze obanyň oglanlary bilen ilkinji duşuşygyň şeýle wakadan başlanmagy Polada ýene Gojugy ýatladýar, agzybir deň-duşlaryny küýsedýär. Gojukda Çoluk atly bir oglan tutuş bir ýyllap diýen ýaly gyzylkelle bolup gezdi. Emma oglanlar oňa «kel» diýen lakam dakmadylar, gaýtam olar Çolugyň ýanynda şol sözi agzamazlyga çalyşdylar. Bu ýerde bolsa... Ýok, dünýäde Gojukdan gowy oba ýokdur, Gojugyň oglanlaryndan gowy oglanam ýokdur. Gojugyň asmanyndaky ýaly Ak bulut hiç obada ýokdur...

Ýumruga girjek bolanlaryň ikisem birneme köşeşensoň «Topar gaçdy» oýnalýar. Emma gelen dessine bady alnansoň, şagalaňly oýunam Polada gyzyksyz bolup duýulýar. Onsoňam, entek öwrenişmedik oglanlarynyň arasynda Poladyň edeni ters gelip dur, zyňan pökgüsem, togalanmaga derek ýere ýelmeşýän ýaly bolýar.

Günorta boluberende, bu ýere uly adamlaram gelip başlaýar. Adamlaryň arasynda Ýalkabyňam bardygyny Polat uzakdan saýgarýar. Ol ýanyndakylar bilen bir gyzykly zat hakda gürleşip,

arkan-ýüzin gaýşyp gülýär.

...Nahar taýyn bolýança, başga-da güýmenjesi ýok adamlar, arkasy haltaly gelen ýaşulynyň daşyna aýlanýarlar. Polat bilen Ilhanam şol ýerde. Haltaly ýaşuly günebakar çigidini satýar eken.. Ol kindiwanja bulguryny agzyny çöwren haltasynyň ustünde goýan badyna:

— Ýemmet aga, senem Karuna dönüpsiň-ow! — diýip, Ýalkap degşen bolýar. — Bujagaz bulguryň çigit satmak üçin uly bolýa. Entegem birneme kiçirägini tapmaly ekeniň.

Ýalkabyň kinaýasyny ýaşuly jogapsyz galdyrýar.

— Ýemmet aga, gulagyňam agralyp ýör öýüdýän. Men saňa, gelşikli bolar ýaly bulguryňy entegem kiçeltmeli ekeniň diýýän welin jogabam gaýtararaňok-la? — Ýalkap ýene bir topar zatlar diýişdirýär.

— Bä-äý inim, Ýalkap, ýuwulmadyk çemçe ýaly bolup, seň sokulmaýan ýeriň ýog-aýt. Senden maslahat soraýan adam bamy bu ýerde? Älhepus, seň bilen ýaşap bilýän aýalyň janyna berekella. Biri-hä seň duzsuzlygyňa çydap bilmän gaçyp gutuldy welin, ikinjiň näderkä? Seň meň bulgurym bilen nä işiň ba? Il ýaly bol-da, geçiber-dä. Meň bulguryma nyrh kes diýýän bamy saňa?

«Ana almytyňy aldyň — diýip, gürrüňi eşidip duran Polat içini gepledýär. — O ýaşuly saňa hiç zat diýmedi ahyryn. Senem beýleki adamlar ýaly gepleme-de dur-da!»

— Ýeri, saňa zorlap çigit satýan bamy? — diýip, Ýemmet aga sözüni soňlansoň, ýüzüni kesä sowdy, öňki aýdanlaryny az gördümi-nämemi, ýene üstüni ýetirdi. — Isleseň al, islemeseňem, lakgyldyňy bir tüket-dä. Pul bermän, märeke bozan diýerler seň ýala.

Ýalkap haňk-huňka urdy:

— Aý, men oýun etdim-le!

Polat çigit satýan ýaşulynyň ýüzüne ýaňadandan seredýär. Ýemmet aganyň ýap-ýaňyja-da titräp duran selçeň sakgaly titremesini goýup, çaňan ýüzi durlanan ýaly bolup görünýär. Aýtjagyny aýdyp, içini sowadan ýaşuly birneme ynjalan bolara çemeli.

— Kaka, çigit almaga pul bersene! — diýip, Ilhan Ýalkabyň synyndan ýapyşýar.

Ýalkap ilkibada-ha, näme etjegini bilmeýän ýaly, oýlanyp

durýar, soňam daşy tozup giden çal gapjykdan çykaran puluny ogluna uzadýar, oglunyň ýanynda duran Polada seredibem:

— Sen näme pul diläňok? — diýýär.

Polat birbada dymýar. Pul beresi gelýän bolsa, uzadaýman, soran bolmasy nämekä? Hökman diledip bermelimişmi?

— Men günebakar çigidini halamok.

Aňyrlygyna üç-dört ädim äden Polat Ýalkabyň Ilhana käýinenini eşidip galýar:

— Görýäňmi ony? Edil uly adam ýaly. Sen bolsaň, agyzzyňy öweldip, gören zadyňy ýa iýmeli ýa içmeli...

Ýene Polat sebäpli, Poladyň gaýtaran jogaby sebäpli Ilhan igenç çekmeli bolýar. Ýöne Ilhan beýle-beýle igençler bilen öwrenişip gidipmi-nämemi, kakasynyň aýdanlaryny göwnüne-de alyp durmaýar. Bolsa-da, Poladyň Ilhana haýpy gelýär.

— Me, senem çigitle! — diýip, Poladyň yzyndan baran Ilhan oňa çigit hödürleýär.

— Günebakar çigidini halamok diýdim-ä. Ýa sen ony eşitmediňmi? Men ony halamok.

— Kädi çigidini gowy görýäňmi?

Ilhanyň sowaly Polada ýene Gojugy ýatladýar. Uzak gyş gijelerinde pejiň aşagyna dökülip goýulýan kädi çigitleri ertire çenli mazaly gurar. Ertir irden bolsa ony pejiň üstüne gysym-penje taşlap gowrarlar. Gowrulanson biraz şerebe sepip çigitlärler. Gojugy ýatlamasy Poladyň agzyny suwardýar.

Oglanlar aňryk gitjek bolanlarynda çigit satýan adam Polada:

— Aý, myhman oglan, bärik gel — diýip gygyrar.

Polat yzyna aýlanýar.

— Näme, ýaşuly?

Ýaşuly penjesini doldurýar-da Polada çigit uzadýar.

— Me bi, myhman paýy!

— Men çigit çigitlemegi halamok.

— Halamasaňam al-aý!

— Gerekgä.

— Gerekgä bolsa-da al-aý. Myhman bolaňsoň diýýän. Biziň

obamyzyň çigidi üýtgeşikdir gaty.

«Üýtgeşigem bolsa, Gojugyňkydan gowy däldir. Men ony çigitläp görmesemem bilýän».

Ýaşulynyň gara çynydygyna ynansa-da, Polat öz diýenini tutýar, çigide tarap seretmeýärem.

— Äl, inijik, ýekegep ekeniň-ow! — diýip, çigit satýan adam başyny ýaýkap galýar.

Naharyň bişiberendigini aňdyryp, töwerege ýakymly ys ýaýraýar. Emma adamlara nahar çekilmýär-de, gaýtam olary pagta guradylýan tekiz meýdança ýygnaýarlar. Boýnuny «Г» harpy ýaly edip duran gapanyň ýanyna getirilip goýlan uzyn stoluň üsti gyzyl mata bilen örtüýär. Stoluň aňyrsyna dört sany adam geçip oturýar. Olara seredende Poladyň ýüregi jigläp gidýär. Şol dördüň biri Gojuk obasyndaky mekdebiň ozalky taryh mugallymy Gurbanowdy. Polat onuň iň gowy görýän okuwçylarynyň biridi. Gurbanowy esli mahal mundan ozal welaýat edaralarynyň birine işe alypdylar. Polat onuň nirede işleýänini bilmese-de, «Gurbanowy ulaltdylar» diýip, oba ýaýran gürrüňden habarlydy.

Obanyň arçyny bolsa gerek, ýygnagy açan adam pylan ýerden gelen Gurbanowa söz berýär. Ýöne adamlaryň galmagaly söz berileniň haýsy edaradan gelendigini Polada eşitdirmeýär.

Şol ýakymly hem tanyş ses. Öňki mugallymynyň tanyş ýüzi Polady kiçijik, emma ýagty synpa alyp gidýär. Polat, näme üçindir, öz mugallymyna görünmäge utanýar, ýygnak gutarandan soň, üsti gyzyl mata bilen örtülen stoldan daşrakda duranyny kem görmeýär. Emma garaşylmadyk ýerden:

— Pälwanow, sen nä öňki mugallymyn bilen salamlaşaňok? — diýen ses Polady aljyradýar.

— Salam, ýoldaş mugallym! — diýende ol Gurbanowyň ýüzüne garap bilmeýär.

— Sen bu ýerde näme işleýäň, Pälwanow?

Polat her hili sowala garaşsa-da, şu sada sowala welin garaşmandy. Sowal sada bolsa-da,oňa jogap tapmak Polat üçin iň kyn, ýokuş görýän sapagy bolan matematikanyň çylşyrymly

mysalyny çözenden enaýy bolmaýar. «Ejem şu obada birine äre çykdy» diýäýse, belki-de Ýalkaby tanaýan mugallym Poladyň ejesiniň üstünden gülmezmi? Ýeser ýeri — Polat ýalan sözlemegem başarmaýar, gaty zerur mahaly ýalan sözläýse-de, şol bada tutulýar. Şonuň üçinem ol mugallymlaryň öňünde-hä ýalan sözlemäge synanyşybam görmändi. Üstesine-de, hut Gurbanow mugallymyn hälimi-şindi gaýtalaýan: «Mugalymyny aldan adam öz ene-atasynam aldar, ene-atasyny aldan adam Watanynam aldar» diýen sözlerini Polat şu mahal ýatlamaly bolýar. Emma sylanýan mugallymyň öňünde ejesini halas etmek islegi Polady ýalan sözlemäge mejbur edýär:

— Daýymlara gezmäge geldim, ýoldaş mugallym.

— Şeý diýsene! — diýip, aldanandyryn öýdüp çakam etmedik mugallym aýdylana ynanandygyny tassyklaýar. — Baýramçylyk bolansoň gaýdyberensiň. Gowy edipsiň, gowy edipsiň. Kakaň nähili? Kakaňa menden salam aýtgyn!

«Kakaňa menden salam aýt!» diýýäňmi? Kakamy görsem aýdaryn-la. Görmesem näderin?»

Ýalanam-a sözlese sözledi welin, nahar-şor iýmän, ýola düşen mugallymyň gara maşyny tä gözden ýitýänçä Poladyň ynjalygy bolmaýar. Onuň göwnüne bolmasa, köne mugallym ulagyny yza öwräge-de: «Pälwanow, men saňa ýalan sözlemegi öwredipmidim? — diýäýjek ýaly bolup dur. — Sen meni däl, mugallymyňy aldadyň. Mugallymyny aldan ene-atasynam, aldar, ene-atasyny aldan Watanynam aldar...» «Bagyşlaň, ýoldaş mugallym, bagyşlaň! Men ejemiň hatyrasy üçin ýalan sözledim. Ejeňe ýagşylyk etmek üçin ýalan sözleseňem, Watana dönüklik eden ýaly bolýarmyka?»

Nahary iki sany erkek adam bilen Poladyň täze garyndaşy — çep ýaňagy hally aýal bişirýär eken. Polat mahal-mahal Halbikä tarap seredýär, hereketlerini synlaýar. Gazan başyndaky iki erkegem nahara duz atjak bolsalaram Halbike bilen maslahatlaşýan ýalydy. Polat soňky gezek seredende, oňa gözi düşen Halbike ýylgyryp goýberýär. Ol ýylgyryş Polada şeýle bir ýaraýar welin, dünýäsi giňäp giden ýaly bolýar. «Bu aýalyň Kiçjik gelnejä meňzeşdigini!

Gülşem, çaltlygam edil özi-dä. Edil Kiçijik gelneje-dä!» Gojukdaky adamçylygy ýakymly, mydam ýylgyryp ýören hoşgylaw gelniň ady başga bolmaly, ýöne boýy keltejik, müçesi peseňräk bolany üçin oňa Kiçijik gelneje diýýärdiler. Ony hemmeler, aýratynam çagalar gowy görýärler.

Ýaňy soýlan malyň etinden bişirilen gyzgyn çorbanyň bug gatyşykly ysy işdä açýar. Bolsa-da, Polada tabakdaky nahary arkaýyn iýmek nesip etmeýär. Oňa-da Ilhan sebäp bolýar. Ol çemçesine ilen etli omaçany çöregiň üstüne çykarýar-da, Polada uzadýar. Şol mahalam gapdalda, özbaşdak nahar iýip oturan Ýalkap ony usullyk bilen hürsekleýär. Polat kakalygynyň eden hereketini görýär, manysyna düşünýär, ýagdaýdan dogry netije çykarýar. «Akmak, tabakdan tapan etiňi özüň iý. Kime sen et çykaryp berýäň». Çaklamasy Polady biynjalyk edýär «Ilhan ikimiz tapanymyzy deň paýlaşyp, agzybir ýaşasak, bu adam begenmeli dälmikä?» Garaşylmadyk ýerden dörän sowalyň jogaby Polady töwerege syr bildirmän tabagyň başyndan turmaga mejbur edýär.

Çaky Halbike gelin ýaňy nahara oturan oglanyň tabak başyndan turup gaýdanyny synlap, sebäbini aňan ýaly bolýar. Oglany üstüne kilim atylan basdyrmanyň kölegesine çagyran aýal derrew bir tabak nahar guýup getirýär.

Polady nahar hem gyzyklandyrman durmaýar welin, köpçülikden kowlan ýaly bolup, ilden saýlanyp gitmek ona agyr düşýär. Şonuň üçinem bir okda iki towşan uran ýaňagy hally aýal oglana bu obada ejesinden soň iň mähriban adam bolup görünýär.

* * *

Polat baýramçylygyň yz ýanyndan mekdebe gitmeli bolýar. Ol, megerem, ömründe birinji gezek okuwa ýaýdanyp ugraýar. Ýolda Ilhan ýaňagy hally Halbikäniň hem-ä edebiýatdan okadýandygyny, hemem özleriniň synp ýolbaşçysydygyny aýdyp, Polady begendirýär.

Goltugy okuw esbaply mugallymanyň yzyna düşüp gelen peşeneli çal saç adam synp tagtasynyň öňünde okuwçylara garap durýar. Mekdebe müdirlik edýän ol adam çalarak ardynjyraýar-da

okuwçylara ýüzlenýär:

— Siziň hataryňyza ýene bir okuwçy goşulýar. Ozal ýigrimi ýedidiňiz, indi ýigrimi sekiz bolýaňyz. Täze ýoldaşyňyzyň ady...— Ol elindäki bölejik kagyza seredýär. — ...ady Polat. Familiýasy Ýazlyýew...

Poladyň «Ýazlyýew däl, Pälwanow bolmaly!» diýip gygyrasy gelýär. Gygyrasy gelende näme! Bu çylşyrymly durmuşda islän zadyňy hemişe berjaý edip bolaýýarmy. Ýogsam müdiriň «Ýazlyýew» diýen soňky sözi Poladyň endamyny tikenekledýär. Tebigatyň däl-de adamyň öz döreden düzgüni ozal ony kakasynyň özünden-ä aýra düşürdi welin, indi familiýasyndanam aýyrýarmy?

Tanyşdyrylmak üçin öňe çagyrylan Polat ýüzüni aşak salyp durýar. Okuwçylar ona syrly seredişýärler.

Müdir çykyp gidýär. Polat ýerine geçýär. Sapak başlanýar. Ana, ähli kynçylyk şondan ybarat bolup yzda galýar.

Ýöne ilkinji arakesmede hemmeden soň daşaryk çykan Ilhan Polady tapýar-da, oňa üýtgeşik bir ruçkany uzadýar.

— Şuny sumkaňa salyp gizle.

Owadan ruçkany synlan Polat Ilhanyň ýüzüne çiňerilýär:

— Näme üçin gizlemeli? Bi kimiň ruçkasy?

— Özümiňki. Näme üçindigini öýe baramyzda aýdaryn.

— Özüňki bolsa, näme diýip men gizlemeli?

— Sebäbini soň aýdaryn diýdim-ä saňa.

— Özüňki bolsa, özüňde dursun-da.

Seňrigini ýygran Ilhan Polada närazylyk bilen seredýär:

— Sendenem dogan bolarmy...

Polat Ilhana berjek bolup duran ruçkasyny, yzyna gaýdyp, sumkasynyň düýbüne taşlaýar.

Iki dogan tirkeşip daşaryk çykýar. Arakesmede eýýäm dürli oýna gyzyşan oglanlar guş bazarynyň zenzelesi ýaly wagyr turzup ýörler. Çagalara goşulan Polat ruçkaly wakany derrew ýadyndan çykarýar.

Ikinji arakesmeden soň Halbike mugallyma synpa girende, onuň yzynda ýene müdir görünýär. Olaryň ikisem keýpsiz ýaly, ýüzleri salyk. Mugallyma penjiräniň önüne baryp, arkasyny diwara ýaplap durýar-da, müdiriň aýtjak sözlerine garaşýar.

Müdir gelen badyna gepläbermän, ilki tanajak bolýan ýaly okuwçylary ýekänme-ýekän gözden geçirýär, «Hany, sen ýeriňden tur!» diýmekçi bolýan ýaly olaryň käbirine ýiti-ýiti seredýär. Ahyram ol partadan sähel saýlanyp oturan tokgaja oglana:

— Hany, Weliýew, öňe geç — diýýär.

Weliýew diýilýän öňe geçýär-de, ýüzüni aşak salyp durýar.

— Okuwçylar, geň hem garaşylmaýan zat boldy — diýip, müdir dowam edýär. — Mekdebimizde ilkinji gezek ogurluk peýda boldy. Biziň mekdebimiz şu mahala çenli etrapda, welaýatda diýsemem ýalňyşman, iň gowy mekdepdi. Indi bolsa... Ogrulyk diýen söz gaty aýylganç söz, okuwçylar. Betçilik, garagolluk diýen ýaly ähli ýaramaz sözlerdenem iň ýaramazy «ogurlyk» bolmaly. Mekdebimiz mydam päkize bolar ýaly biz maýdaja-da bolsa şol ogurlugy eden adamy tapmaly. Hökman tapmaly. Ynha, Weliýew daýysynyň uzak ülkeden sowgat alyp gelen ruçkasyny ogurladypdyr. Men şo sözi diýmek islämok. Dogrusy, Weliýew ruçkasyny ogurlatmandyr-da, ýitiripdir diýesim gelýär. Sen ruçkaňy ýitirdiň dälmi, Weliýew? Şeýle dälmi?

— Hawa.

— Hawa! Haçan ýitirdiň?

— Okuw başlanmazynyň ön ýanam bardy.

— Sen ruçkaňy biri alandyr öýdýäňmi?

— Hawa.

— Çak edýäniň barmy?

— Ýok.

— Okuwçylar, kim Weliýewiň ruçkasyna eýelik etdi? — diýip, müdir synpa ýüzlenýär. — Kim ýiten ruçkany tapdy?

Synp dymýar.

Diwara ýaplanyp duran ýerinden mugallyma gepleýär:

— Ilhan Ýazlyýew, sen Weliýewiň partadaşy... Mugallyma sözüni tamamlamanka, Ilhan çakganlyk bilen ýerinden turýar.

— Men-ä ruçka alamok, ýoldaş mugallym. Duz kessin, alamok. Ynanmasaňyz, jübülemmem barlaýyň! Duz kessin. Öwlüýä kessin...

— Jogap berdiň, boldy. Ant içmek nämä gerek? — diýip, müdir gatyrganýar.

Poladyň aýaklary sandyrap ugraýar. Ol müdiriň ýüzüne dikanlap seredip oturyşyna içini gepledýär, sumkasyndan çykaran ruçkany eltäge-de: «Ynha, Weliýewiň ruçkasy!» diýesi gelýär. Emma ruçkany çykaraýsa: «Nireden, nädip aldyň?» diýen sowalyň beriljekdigi ikuçsuzdy. Ruçkanyň nireden, nähili ýol bilen özüne düşendigini aýtsa-da, Ilhan masgara boljakdy. Ilhanyňam köpüň öňünde masgara bolmagyny islemedik Polat saklanýar. Üstesine-de, Ilhanyň ýerinden turzulmagy, onuň ant içip, awy ýalamagy Polady hasam aljyradýar. Näme üçin ol ýalan sözleýär? O näme üçin hakykaty aýdaga-da, ötünç soraýanok? «Mugallymy aldan... Watanam aldar... Senem-ä hakykaty aýtman, mugallymy aldap otyrsyň. Ol şeýle. Ýöne hakykaty aýdaýsa, Polat Ilhanyň öňünde-de namart bolup görünjekdi, Şeýlelikde, Polat birine hökman giräýmeli iki sany açyk gapynyň haýsyna girjegini bilmän özüni gynaýar.

Garaz, Polat hakykaty aýdyp bilmeýär. Hakykat ýüze çykandan soň masgara bolan Ilhanyň agşamlyk işden gelen kakasyna Polady ýamanlamagy ahmaldy. Şonlukda diňe bir Polat kösenmän, taýagyň bir ujunyň Poladyň ejesine degjegem görnüp durdy.

— Kim alan bolsa, Weliýewiň ruçkasyny çykarsyn! — diýip, mugallyma sesini gataldýar. — Okuwçylyk bilen ogrulyk ikisine bir synpda orun bolup bilmez.

Synp dymýar.

Ýa-ha aňyrdan dilleşilip gelneni üçin şeýle bolýar, ýa-da müdir, dogrudanam, mugallymanyň ýalňyşyny düzedip abaý edýär:

— Biz hiç kime ogurlyk ýöňkämzok. Weliýewiň ýitiren ruçkasyny haýsyňyz tapan bolsaňyz, eýesine beriň. Şeýdilse, biz üçinem, siz üçinem gowy bolar.

Şeýdilse gowy boljakdygyna, ruçkany çykaraýmaga-da indi amatly pursadyň dörändigine Polat akyl ýetirýär. Emma, birinjiden-ä indi giç, ol hereketi ruçkaly gürrüň synpa ýaýran badyna etmelidi, ikinjidenem, günäni tutuşlygyna öz boýnuna almalydy. Iň esasy howpam Polat Ilhany halas edip, günäni öz boýnuna alaýanda-da, Ýalkap «kakasynyň adyna ysnat getiren ogry ogluň» ýüzünden sypamaly däl. Eger-de Polat Ilhanyň ogrulygyny ýüze çykarsa-da,

öýde turjak topalaň gaty uly bolmaly.

Abaý-syýasaty netije bermedik müdir aňyrdan taýynlap gelen pirimini ulanmaly bolýar:

— Portfeliňizi alyň-da, hemmäňiz öňe geçiň!

Müdiriň aýdany derrew berjaý edilýär. Okuwçylara ýene birlaý göz aýlansoň:

— Gyzlar, siz hakda gürrüň ýok. Siz ýeriňize geçäýiň! — diýip, müdir öz ýalňyşyny düzedýän ýaly aýgyda gelýär. — Biziň gyzlarymyzyň hiç haçan beýle işiň gyrasynda görünmejegine aklym çatýar.

Müdiriň indi her okuwçynyň kisesini barlamagam, portfelini dökmegem mümkin. Ol barlamaga başlamazyndan ozal ýene:

— Şu gün ýoldaşynyň ruçkasyny alan adam, ertir biriniň ýatagynda duran baggoýnunam süýrär. Şony berk belläň. Watana dönüklik etmek ýaly aýylganç zadam ownuk ogurlykdan başlanýandyr. Şony berk belläň — diýýär.

Birden müdiriňem, okuwçylaryňam garaşmaýan wakasy bolýar. Hatarda duran Polat bir ädim öňe süýşýär-de, portfeliniň düýbünden gözläp tapan ruçkasyny müdire uzadýar.

Synpyň içine aýylganç ümsümlik dolýar. Ol ümsümlik Poladyň gözüniň öňüni garaňkyradýar. Ilkibada dörän hyşy-wyşynyň üstüne-de suw sepilen ýaly bolýar.

Ümsümligi mugallyma bozýar:

— Meň çakym çykmady. Men gaty ýalňyşan ekenim.

Müdir onuň ýüzüne geň galyp seredýär:

— O näme diýdigiň boldy?

— Aý, men... — diýip, Halbike aglaýjak bolýar.

Mugallymanyň «haňk-huňkuna» müdir onçakly üns bermedigem bolsa, Polat üns berýär. Ýaňagy hally gelin oňa uly ynam bildirýär eken, Polatdan beýle zatlara garaşmaýar eken. Arman, Polat hakykaty aýdyp bilmeýär.

Ýaňagy hally gelniň ynamyna ýaňadandan girmek üçin Polat hakykaty aýtmaly.

Hakykat ýüze çyksa-da, Poladyň ýoldaşyny goraman biwepalyk

edýändigi ýüze çykmaly. Oglanyň gelýän netijesine görä, namartlyk etmegiň günäsi hem ogry adyny götermekden ýeňil bolmaly däl. Ýene şol iki sany açyk gapy peýda bolýar. Polat gazanmadyk günäsini-de öz gerdenine alyp, şol açyk duran gapylaryň hiç birine-de girmesiz edýär.

Ruçka tapylyp, eýesine gowşurylansoň, synpda, adatdan daşary hiç zat bolmadyk ýaly, okuwçylar ýerli-ýerine geçip parahat oturýalar, sapak dowam edýär. Diňe müdir synpdan çykyp barýarka, ertir okuwdan soň Poladyň öz ýanyna barmagyny tabşyryp gidýär.

Şeýlelikde Polat ogry adyna eýe bolup galýar. Bu bolan waka — täze gelen okuwçynyň ogrudygynyň habary tutuş mekdebe ýaýraýar. Soňky arakesmede daşaryk ylgap barýan oglanlaryň biri Poladyň böwrüne hürsekläp: «Eý, ogry!» diýip gidýär. «Ogry» sözüniň indiden beýläk Polada lakam bolup galaýmagy mümkindi. Beýle lakam bilen ol nädip mekdebe gatnasyn? Nädip synpdan-synpa geçsin?

Uly il synpa girensoň, Polat daşarda galýar, mekdebiň diwaryna ýaplanyp aglaýar, şeýdibem, dolup duran gursagyny birneme gowzadýar. Ol gözýaşyny süpürip, özüni birneme dürsänsoňam synpa girmäge ýaýdanýar. Ogurlyk barada gulagyna ýeten taryh mugallymy hem gijä galan Polada synpa girmäge rugsat berse-dä berýär welin, ýerine geçip oturýança oglany ýakymsyz nazary bilen ugradýar.

Ol-a ol welin, agşamky turan topalaňy diýsene! Poladyň öz kakasy-ha hut aýagy kesilende-de beýle galmagal turzan däl bolsa gerek. Mekdepde ogrulyk edip, adyna ysnat getireni üçin Ýalkap Polady urjak bolýar. Ara Nartäç düşýär. Galmagala goňşy öýden Halbike haýdap gelýär. Uruljak bolup durka üstüne gelen mugallymadan haraý dilemeli Polat, gaýta ondan utanýar. Herhal galmagal galmagallygyndan ulalman gutarýar.

Ruçka ogrulygy iner ogrulygy däl. Oňa garamazdan, oglunyň kalbyna erbet-erbet zatlaryň gaplanaýmagyndan howatyr eden Nartäç gijäniň bir mahalyna çenli uklap bilmedik Poladyň ýanyna gelýär, onuň ýüzünden-gözünden sypaýar, kakalygyna urdurmajak bolup ara düşse-de, özüniňem oglunyň üstüne heňkireni üçin ondan ötünç

soraýar. Enäniň ýakymly sesi, enäniň ýakymly barmaklarynyň hereketi Poladyň ýüreginiň doňuny birneme eredýär. Tä uklaýança ýanynda ejesiniň oturmagy bolsa, oglanyň bir topar ýakymsyz hyýallarynyň amala aşmagynyň öňüniň alynmagyna sebäp bolýar. Ýogsam Polat, iň bolmanda, özüni üstünden ýolunyň düşmegini-de islemejek bu oba getiren goşa çyrasy maňlaýynda jübüt şah ýaly bolup somalyp duran köne ýük maşynyň gelen ýoluny tersine yzarlap eňibermegem göwnüne getirmän durmandy. Oglan şol maksadyny gije amala aşyrmakçydy, şol islegine ýetmek üçin hiç zatdan gorkjagam däldi.

Polady ýene bir zat ünjä goýýar. Olam öz kakasynyň: «Oglum, ejeň göwnüni ýykmagyn. Sen oň hossarysyn» diýen soňky sözleridi. Nurguly iň soňky gezek näme üçin beýle diýdikä? Ejesi-hä gowy adamy, Nurgulyny taşlap gaýdýar, onuň ýüregine hiç wagt bitmejek ýara salýar. Nurguly bolsa, ony ýigrenmäge derek, gaýtam gaýdyp görmejek aýalynyň aladasyny edýär, özüni hossarsyz goýup gaýdýan, has takygy, taşlap gaýdýan aýalyň hossarly bolmagyny isleýär. Bu näme üçin beýlekä?

Şeýle ýagdaýdaka Polat telim gezek asmana garaýar. Ol Ak buludy görmek isleýär. Şony görse-de kalby birneme aram tapaýjak welin. Emma ol hem ýok. Polat ony Gojugyň üstünde gaýyp ýörendir öýdýär. Ak bulut Gojugyň üstünde bolsa-da, uzakdaky bir obada ýalňyz galan dostunyň halyny bilmelidi ahyryn. Şonuň üçünem onuň Poladyň halyna haýpy gelip, gynanyp aglasy gelip durandyr. Polat onuň şeýledigine ynanýar. Arman ol öz buludynyň nähili ýagdaýdadygyny görüp bilenok. Nirde sen şu mahal aglasy gelmeli ak bulut, aglamaly ak bulut?. «Nirde sen, meň ak buludym?» Nirede sen Polat Pälwanowyň hossary, ak bulut, sen nirede?

Kakalygynyň turzan galmagalyndan soň öýden çykyp giden Ilhan gijäniň bir mahalyna çenli yzyna dolanmaýar. Emma ertir Polat ukudan açylanda, öýde Ilhanyňam ýatandygyny görýär. Ýöne ol ýorganyny ozalkysy ýaly Poladyň edil ýanynda ýazmandyr-da, jaýyň burçuna çekipdir.

* * *

Synp bilen müdiriň otagy aralykdaky ýigrimi-otuz ädim ýoly geçýänçä, Poladyň aňynda müň dürli hyýal öwrüm edýär. Ony müdir çagyrýar! Polat Gojuk obasynda okaýarkada müdiriň otagyna telim gezek barmaly bolupdy. Ýöne ol her gezek diňe gowulyk üçin ýa-ha hormat haty almaga ýa-da minnetdarlyk sözüni eşitmäge barardy. Emma häzir welin, müdiriň ýanyna ol gowy okuwçy hökmünde däl, ogrulyk edýän okuwçy hökmünde, ogry hökmünde barýar.

Polat rugsat sorap, gapydan girensoň, elindäki galamy bir tarapa taşlan müdir ony parahat nazar bilen synlaýar. Synçy nazaryň yzyndan: «Sen näme üçin ogurlyk etdiň, Polat? Gowy zat görseň ogurlabermelimi? — diýen sowal bolaýmaly. — Biziň mekdebimizde, tä sen gelýänçäň ogurlyk diýen ýaly zat bolmandy. Sen bizi tutuş oba, etraba masgara etdiň». Şonuň yzyndanam müdir içinden: «Ýeri, sen bu oba düşmedik bolsaň, biz şol öňki abraýymyz bilen ýaşar ýörerdik. Sen nireden biziň başymyza towky bolup indiň?» diýmeli. Polat heniz berilmedik sowala, sürtülmedik sözlere jogap taýynlaýar. Emma müdir:

— Seň kakaň barmydy, Polat? — diýip, düýpden garaşylmadyk sowal berýär oturyberýär.

Polat müdir Ýalkaby özüne kaka hasaplaýan däldir öýdüp begenýär.

— Kakam bardy... — Birdenem Polat kakasynyň bardygyny öten zamanda aýdanyna ökünýär. — Kakam bar, ýoldaş mugallym. Ýöne ejem gaýtdy bärik.

— Ejeň gaýdanyny men bilýän. Men kakaň hakda soraýan. Familiýasy näme?

— Pälwanow.

— Bu durmuşdyr, her ki zat bolýandyr munda — diýip, müdir öwüt bermäge başlaýar. — Mert bolmaly, giň bolmaly, çydamly bolmaly... — Öwüdiň yzy ýene esasy meselä syrygýar. — Indi sen aýt, daşyňdaň göräýmäge akylly-başly oglan halyňa bolgusyz ruçka ogurlap, özüňi masgara etmäge seni näme mejbur etdi? Näme dymýaň? Dymma. Men seni aç-açan, ikiçäk gürrüň etmek üçin bu

ýere çagyrdym. Düýn, ýylysy bilen gepleşjekdim welin, iş-alada bilen gitmeli bolamsoň...

«Bu adam o waka bilen näme sebäbe beýle gyzyklanýaka? Ogurlykda tutulan men, masgara bolan men. Meni tananok, bilenok...»

— Men şo bolan işiň manysyna düşünmänim üçin seň bilen açyk gürrüň etmek isledim...

«Mundan artyk süýndürmeli däl. Ilhanyň özi meni masgara etdimi, menem, masgara etmesemem, müdiriň öňünde-hä hakykaty aýtmaly. Aýtsamam-a...»

Müdir goşar sagadyna garaýar.

Gapynyň ýuwaşja açylyp, Halbikäniň peýda bolmagy müdiriň berjek sowalynyň äheňini üýtgetmegine sebäp bolýar.

— Belkem sen ol hakykaty öz synp ýolbaşçyň öňünde açarsyň?

Şony diýen müdir ýene sagadyna seredýär-de otagdan çykyp gidýär welin mugallymasynyň ýüzüne garan Polat berilmedik sowala jogap gaýtarýar:

— Ýoldaş mugallym, şol ruçkany men ogurlamok.

— Sen näme üçin beýle pes herekete baş urduň, Polat?

Polat dymýar.

— Dymma, ballym. Aýt.

Mugallymanyň agzyndan çykmaly däl ýaly hem bolsa «Ballym» diýen ýürekden aýdylan ýakymly söz oglanyň kalbyny elendirýär. Ýöne ol bir ýakymly söze ýüregini eretdirip, ýoldaşyny, üstesine-de dogan hasaplanýan ýoldaşyny paş edip özüniň namart hasaplanmagyny islemeýär. Ol oglandy, ýöne erkek oglandy, damarynda mertlik, ýoldaşa wepalylyk gany aýlanýan oglandy.

— Aýdaý, dünýäm!

Beýle ýürek tolgundyryjy sözler ýedi ýat mugallymanyň däl-de, iň ýakynyň, iň mähribanyň bolan ejeň agzyndan çykmalydy. Ýöne Halbikäniň agzyndan çykan ol söz oglana ejesiniň agzyndan çykjak sözdenem beter täsir edýär.

— Maňa ony biri sakla diýip berdi... ýoldaş mugallym.

— Kim ol? Kim?

Polat aşak bakýar.

— Aýt, janam! Maňa aýdaý. Men soraýan ahyryn.

«Maňa aýdaý» diýen söz Halbikäniň oglana özüniň ýakyn hasap edýändigini aňladýar. «Men soraýan ahyryn» diýýäni bolsa ony ene ornuna golaýladýar. Polat ol sözlere öz çaklaýan manysynda düşünmek isleýär.

Bolsa-da ol:

— Ýok, ýoldaş mugallym, men oň kimdigini aýdyp biljekgäl — diýýär. — Maňa şol ruçkany biri saklamaga berdi.

— Menden hiç kim eşitmez. Aýdaý, söz berýän. Diňe meň üçin aýdaý.

Polat aýtmajagyny tekrarlap, mugallymada haýyş bitende ýetjek täsirden güýçli täsir galdyrýar. Halbike içinden aýdan «Kiçijik erkek-dä» diýen sözüni Poladyň eşitmegini isleýär. Emma näme üçindir, islegini amala aşyrmagy başarmaýar.

Kiçijik hem bolsa, mugallymanyň beren uly bahasyny tassyklaýan ýaly dymýan oglanyň çygjaran ýüzi ýere bakýar.

* * *

Ýalkabyň hatda gäp hem talap etmeýän ýuwaşdan gelen ardana sygry bardy. Nartäç bu öýe düşmänkä ony goňşy-golamlar sagýar ekenler. Nartäjiň gelmegi bilen bolsa, haýwan hakyky eýesine sataşan ýaly bolýar. Emma Ýalkap ardana sygyry satmaly edýär. Dillenmese-de, Nartäç adamsynyň tutumyny ýüreginden oňlamaýar. Gapysyndan iki oglan girip-çykyp ýörkä, süýt-gatygy bolmadyk tünnekmişmi? Bary-ýogy iki hepde ýaşaşanam bolsa, Ýalkapda ozal duýulmadyk gylyk-häsiýetleriň bardygyna mazaly göz ýetiren aýaly sözüniň ýer almajagyny bilip, töwella-tagsyram etmeýär. Pul gerek bolanmyş. Özem puluň nämä derkardygynam aýtmaýar. Elbetde, gerek deregi ýykar. Bolsa-da Nartäç Ýalkabyň sygyr satmak meselesi bilen baglanyşykly eden başga bir hereketini welin halaýar, oňatlyga ýorýar. Ýalkap ardana sygry sürdürmek üçin Ilhany däl-de, Polady bazara alyp gidýär. Bu ýagdaýy Nartäç atalyk bilen ogullygyň ysnyşygynyň başlangyjy diýip hasap edýär, şonuň üçinem onuň dünýäsi birneme giňeýär. Soňky üç-dört günde-hä hasam goýalyp başlan howp dumanyny umyt şemaly dargadyp

başlaýar. Belki hudaý, munuň yzy hem şeýdip gitsin-dä. Erkek adamlar, birhili, hüýlürägem bolaýýa-da. Ýogsam, Nurgula ýuwaş diýjeksiň welin, şolam bir zada jyny atlanan mahaly bulutdan çykan Gün ýakar edäýýärdi. Ýalkabyňam jyny ilki Polada düşen ýaly bolaýdy. Başda-da ol kakasynyň maýypdygyny tutaryk edinip, «tur-oturyna-ha ýarardy-da» diýen bahana bilen Polady kakasynyň ýanynda goýup gaýtmak pirimine baş urupdy. Ýöne Närtäjiň oňa razy bolmajagyna ymykly göz ýetirensoň ogullykdan dynmak maksadyny goýbolsun etmeli bolupdy. Bu ýere düşüleli bäri hem... Birhili, ýyldyza ýörelen ýaly. Ýogsam bisähet günem-ä gelinmändi bu ojaga. Gapydanam ilki sag aýak ädilipdi, yrym üçin. Ine, ahyrsoňy... Ine, ahyrsoňy şol keçjal ýyldyzam ýoldan sowulmak bilen boldy. Nartäjem Hudaý diýýär ahyryn. Nartäjem niýetini diňe ýagşa ýorýar ahyryn. Ýogsam perzendi sygrynmadyk enäniň özi hem sygrynmaly däl. Nartäç oňa birkemsiz düşünýär. Özem şu güne çenli Polat sebäpli Ýalkabyň göwnüne degmändigine, kanagat edendigine, sabyr bilen gara-şandygyna, äri bilen oglunyň arasyna tow düşmändigine şükür edýär. Sabyrly guluň hem ahyr şat boljakdygyny ata-babalaram aýdyp gidipdirler. Sabyrly gul şat bolsa, sabyrly gyrnagyňky hem şeýle bolmaly ahyryn. Şol aýdylanyň durmuş bilen çapraz gelmeýändigine şu gün Nartäjiň özem şaýat bolýar. Erteki gününe, ýok, hut şu gününe ýagşy umyt baglan Nartäç, jaýyň ýeňsesine bardy-da, eşegiň üstünde zömmerip oturan eli ýüpli dikýeňse adamsyny, iki hepdeläp özi sagansoň öwrenişiberen ardana sygryny, onuň yzyndan elindäki tut çybygy howada bulaýlap barýan Polady tä öwrümde gözden ýitýänçäler begençli nazary bilen ugradýar.

Bu gün Polat üçinem aýratyn gün. Ol şu ömründe kän gezek şähere gidenem bolsa, «Hangeçen» diýlip, «Ak bazar» diýlip, «Uly bazar» diýlip, mahabatlandyrylyp gürrüňi edilýän ýere heniz baryp görmändi. Şu gün bosagasyndan ätlenmeli bazar onuň üçin düşnüksiz bir garaňkylyk bolup duýulýar. Hut şol garaňkylygam heniz görülmedik bazaryň gyzygyny artdyrýar, oňa tarap çekýär.

Şäher bu obadan gaty uzak. Şonuň üçinem ýary geçilenem

bolsa, ýoluň aňyrsy tükenmez bolup görünýär. Ýalkap ogullygyny bazara alyp gaýtsa-da, gepleşmezligi özüne pent eden ýaly, lal-jim bolup barýar. Eşegi ýorga bir ýaşulynyň olaryň yzyndan ýetmegi bilenem gürrüň alşyp gidibermeýär.

Salam-helikden soň uzak dymşyklygy ýaşulynyň özi bozmaly bolýar:

— Ýalkap, men saňa ýol kesdiräýjekdim welin, boljakgäl öýdýän.

Polat «ýol kesmek» sözüni heniz eşitmändi, ýöne «gürrüňdeş bolmak», «ýoly gysgaltmak» manysy bar bolsa gerek diýip çaklaýar. Ol çaklamanyň dogrudygyny hem kän mahal geçmänkä Ýalkap tassyklaýar.

— Eşegiň ýörgür görünýä, Hojam aga. Gaýtam, ýoly şoň toýnagy kesäýmese. Biziň bi gidişimize ýoluň uzalar, tersine.

Aýdylany bilen razylaşan Hojam aga eşeginiň ýörgürdigini mazamlajak bolýan ýaly, şaldyryny şaňňyrdadýar.

— Onda bazarda sataşarys-da, nesip etse.

Hojam aga bilen aralyk kem-kem açylýar. Emma täzeden başlanan dymyşlygy Ýalkap bozýar. Dymyşlygyň bozulmagy hem Polat üçin garaşylmadyk ýagdaýdy welin, Ýalkabyň beren sowalynyň özi-de asla garaşylmadyk sowal:

— Kakaňy göresiň gelýämi, Polat?

Polat ony oýlanmaga ebeteýsiz adamyň berjek sowaly diýip hasap edýär. Emma şol sowal bilen birlikde onuň gulaklary şaňlap gidýär. «Bu näme diýip beýle sowal berýäkä? Meň kakamy gowy görýänimi-görmeýänimi barlajak bolýamyka? Göresim gelmezmi heýem!» Ýöne Polat sowalyň jogabyny içinde saklamaly edýär. Sebäbi ol kakalygynyň göwnünden turmak üçin «Göresim gelenok» diýen düýpden galat jogaby-ha dile getirmek islemeýär, hakykaty aýtsa-da, Ýalkabyň kesir damarynyň oýanmagy mümkin. Umuman şol iki jogabyň haýsysynyň Ýalkabyň göwnünden turjakdygyny Poladyň özi-de aýyl-saýyl edip bilmeýä. Şonlukda sagada öwrülip geçýän sekuntlar başlanýar Kä halatlarda wagtyň öz geçmeli ýoluny juda haýal geçýändigini Polat bilýär. Emma wagt diýilýän zat, hereket etmek üçin döränem bolsa, hereketini düýpden togtadybam bilýär eken. Häzirem şeýle boldy. Ardana sygryň, obadan çykylaly

bäri birsydyrgyn şyltyk-şyltyk edip ýürege-bagra düşen syňrak sesem, eşegiň toýnagynyň dikgirdisem şu mahal edil ýer ýuwdan ýaly bolýar. Ýolboýy hormat garawuly bolup, kä sagda — kä çepde, pelpelleşip gelen bir topbak mollatorgaýam üýşmegi bilen howada doňup galýar. Galmagally-gohly giň dünýäde diňe bir zat, ol hem häzir islenmeýän ümsümlik höküm sürýär. Ümsümlik! Ümsümlik! Ümsümlik! Älhepus, ümsümlik diýilýän zadyň aýylgançdygyny. Hiç kim, hiç bir zat ol ümsümligiň ünsüni bölüp, nazaryny başga ýana gönükdirmeýär, öňden-yzdan ýolagçy hem gara bermeýär. Haýsydyr bir nätanyş gabat gelip, sorag-jogap alşylsa-da Poladyň ýüki ýeňlejek welin...Birdenem oglanyň islegi hasyl bolýar. Eşek ýoly kesip geçýän salmanyň raýşyndan aşak inende, yzy guşgunsyz gaňňa öňe süýşýär. Gaňňa boýnuna süýşeni üçin bolsa gerek, eşek salmadan çykjagam bolmaýar. Agyp ýere düşen Ýalkap gaňňa guşgun salynmany üçin dörän ýagdaýa özi däl-de, eşek ýazykly ýaly, haýwana paýyş sögünýär.

Eşek salmadan çykansoň, ýerine süýşürilen gaňňa özüni ýeňillik bilen atan Ýalkabyň dik ýeňsesi ýene ýoluň ýarysyny ýapýar.

— Saňa diýilýär-ow! Näme dymýaň?

Gaňňadan agansoň dagy beren sowaly ýatdan çykar öýdüp umyt eden Polat ýalňyşdy. Gaýtam, sowalyň jogabyny hökman eşitjek bolýandygyny tekrarlap, Ýalkabyň sesi öňküsindenem talabedijilikli çykýär.

Älhepus, bu sygryňam ýuwaşdygyny! Edil goýun malyň barda. Sygyr dagy, uzyn guýrugyny arkasyna atyp jyzzynlar, zat eder. Bu welin... Hawa-da, ýuwaş bolmasa, ardana bolarmydy.

Älhepus, bu eşegiňem ýuwaşdygyny! Eşek dagy art aýaklaryny asmanda galgadyp jyrtlar, bezzatlyk, eder, käte üstündäkini ýere pylçap urar ýa-da aňňyrmagyň nämä gerekdigine özi hem düşünmän zorruk sesi bilen parahat dünýäni goha doldurar. Mahal-mahal şeýdip eşekligini mälim etmese eşek eşek bolarmy? Ýogsam, eşek hötjetligini etmäge muňa maýam boldy. Hawa-da, boýnuboş, edilenine kaýyl gelmese, ol Ýalkaba eşek bolarmydy.

Polat barybir kakalygynyň sowalyny jogapsyz galdyrmaly

edýär. Ara jogap bererçeräk wagt düşse-de, Ýalkap sowalyny gaýtalamaýar. Olam Polada ters täsir edýär, içgysgynç ümsümligiň üstüne urna bolýar. Hernäçe dileg etse-de, daş-töwerekde ygyp ýören haýwanlardanam, uçup barýan guşlardanam oglana hemdem, rehim-şepagat bolmaýar. Oňa ýene adam kömege gelýär.

— Essalowmaleýkim!

Polat gapdalyna garanda, gär ýabyly bir adama gözi düşýär. Bu näme üçin öňürti salam berýäkä? Ýalkapdan uludygy görnüp dur-a.

Poladyň eden pikiri Ýalkabyňam kellesine gelen eken.

— Men salam bermeli bolaýmaýyn?

— Özüň salam bermeseň, nädeýin men? Taňry salamyny gysganmaly däl ahyryn.

— Senem meň ýeňsämde gözümiň ýokdugyny bilmeli ahyryn. — Ýalkabyň haýbatly aýdan sözlerinden soň, bu gezegem başlanan söhbetdeşligiň soňuna nokat goýlan ýaly bolýar. Ýogsam salam-helikden ugrukmaly sowal-jogabyň yzy allowarralardan çykaýmalydy, şeýdibem Poladyň egninden basyp duran gunt ýaly ümsümlik ýok bolup gitmelidi. Bolsa-da, gär ýabyly geplemän durmaýar:

— Sygry nirä alyp barýaň?

Dürs jogap gaýtaraýmaga derek Ýalkap öz häsiýetini görkezýär.

— Ony nämüçin soraýaň sen?

— Äý, şu gün bazar bolansoň soraýdym.

— Çakyň dogry. Bazara alyp barýan.

— Näçe kesýäň?

— Sygyr almak meýliň bamy seň? — diýip, Ýalkap ahyr gürrüňdeşiniň ýüzüne ýene bir gezek nazar aýlaýar.

— Ýok-la, sygyr alar ýaly meň nä kisäm bamy! — diýip, gär ýabyly adam öz syryny açyp, gönümeldigini tassyklaýar. — Bazara bäş-üç guty mäpirge almaga barýan-la.

— Bu zamanda mäpirge çekýän bamy! Sigaretiňem iň gowusyny çekerler ahyryn. Sen ýaly peşeneli ýaşuly-ha ernine sigar gysdyrsa-da gelişmän durmazdy.

— Diňe Hangeçen bazarynda satylýan ak mäpirgeden başga zady çekip bilemok. Sigar-migär meni kanagatlandyrmyýa,

aňrymam almyýa.

— Jübüňdäki ähli teňňäň bäş bölek temmäkä ýetýän bolsa, ullakan sygryň nyrhyny soran bolmak nämäňe derkardy?

— Aý, o zatlar ýoluň neşesidir, inim — diýip, ýaşuly ýene gönüledi. — Nätanyş bolsaň, dagy nämeden gep açjak...

Ýalkap dymýar.

Gepi alyşman, üstesine-de ýüzüne ýapyşylan ýaly bolan ýolagçy gybyrdap barýan gär ýabysyna gamçy urýar.

— Saglykda görşeliň!

— Bazarda görşeli!

Gär ýabyly gaharyny getiren bolara çemeli, Ýalkap şondan soň, tä bazara ýetilýänçä dil ýarmady diýen ýaly. Şähere girilen ýerde, otly geçýänçä köçe beklenende birki minut aýak çekilmeli bolýar. Diňe şonda Ýalkabyň agzy gymyldaýar. Ak bulut gelýän ýaly, iki tarapyna bug demini üfläp deňinden otly geçende, Ýalkap Polada ýylgyryp seredýär:

— Bugmaşyn diýilýän parawoz, ana şo! Orsça parawoz bolýa-da.

Polat mundan ozalam, Annamyrat daýylaryna gezmäge gelende demir ýolam görüpdi, parawozam. Bolsada, görýän, bilýän diýip, Ýalkabyň garşysyna gitmeýär. Ol ýolda berlen sowal gaýtalanmasa razy. Ýöne Ýalkabyň ýylgyrmasy welin, düşnüksiz bolup galýar. Näme üçin ýylgyrýaka? Bug maşyn görkezenine gabarlyp, begenip ýylgyrýamyka?

Otly özünden galmagaly uly bir topar tigirleri yzyna tirkäp geçip gidýär. Şonuň yzysüre-de, bazar meýdançasy görünýär.

Ýalkap bilen Poladyň gelen mahalam gaty giç däldi. Emma olar mal idip gireniň üçinem, mal idip çykanyň üçinem hak alyp galýan derwezebanyň ýiti görejine surat bolup geçen iň soňky bazarça meňzeýärler, aňyrsyna göz ýetmeýän galmagally meýdan adamdan doludy.

Polat şäherem görüpdi, märekede. Obada toý-tomgy bolanda-da adam uçursyz kän ýygnanýar. Emma Hangeçen diýilýän bazaryň märekesi welin, görlüp-eşdilenden däl. Şähere golaý-goltum obalarda asla adam galan däl bolsa gerek. Bolsa-da, şonça mähelläniň içinde Ýalkapdan başga tanyş ýüz welin, Poladyň gözüne ilmeýär. Gojukdan ýekeje-de adam gelmedimikä? Obada

tapylýan halatynda-da, bir penje gök sogan almak uçinem şähere gaýdyberýän, şeýdibem bazar şowhunynyň neşesini sypdyrmaýan Hajy aga niredekä? Alow ýaly ýiti oraklarynyň uly il hyrydary bolan Gurban ussa bu gün gelmedimikä? Onuň Baýram atly oglam-a kakasy bilen bazara geläýgiçdir. Köwüş tikmegi öwrenmek üçin soňky mahallarda şähere gaýtmagy ýygjamladan Nurgulyňam bazarda keýtikläp ýören bolmagy ahmal. Ýok, tanyş ýok. Ýç müňdenem kän gojuklydan ýekejesem bazara gelmändir. Birdenem, bäş-on ädim ilerräkden, öňe eglibrägede, ýensesini tüňňerdip barýan goltugy pişekli adam görünýär. Polat tas «Kaka!» diýip gygyrypdy. Gygyrmanam gowy boldy. Pişekli ýüzüni gapdala öwrende Poladyň bady gaçýa.

Esli ýörelensoň, synagdan geçirilýän ýaly sygyr barynyň üýşüp duran ýerine barylýar. Ol ýerde elini arkasyna tutup, ähli zada biparh garaýan ýaly bolup ýören arrykdan gelen köseleç ýaşuly Ýalkaba gözi düşenden, ýylgyrjaklap bärligine gaýdýar.

Ýalkap ýene Polada seredýär:

— Ana, şo bize tarap gaýdana-da bazar dellaly diýilýä.

Polat «dellal» sözüni ozal eşidenem bolsa, manysyna onçakly düşünmeýär. Hem-ä dymyp barmajak bolup, hemem sözüň manysyna düşünjek bolup, Polat soramaly edýär.

— Dellalmy? — diýip, köp bilýänligine buýsanany üçin Ýalkap höwes bilen jogap gaýtarýar. — Ony has türkmençeläp aýtsam, alyp-satýan, nepkeş bolýa. Mysal üçin, ol senden şü sygry dört müňe alýar-da, maňa dört müň, aýdaly, dört ýüze ýelmeýä. Ýelmeýä sözüne düşünýäňmi?

— Düşünmedim.

— Düşünmeýän bolsaň, gulak as. Ana, şol iki ortada, bilini agyrtman, zähmet çekmän, kelle döwmän dört ýüz manat gazanýan adama dellal diýilýä. Düşündiňmi indi?.. Düşünen bolsaň gowy-da. — Birdenem Ýalkabyň ýap-ýaňyja-da ýylgyryp duran ýüzünden daş asylan ýaly bolýar. — Agramyna tylla çekseňem, saňa-ha şu sygryň ýüpünden tutdurman. — Özüne garalyp aýdylan ol sözleriň

dellala degişlidigine oglan düşünýär. — Meň ýigrenýänim desmalçy bilen dellal. Şol ikisini görsem, jynym atlanyberýä meň.

«Desmalçy» diýýäniňe-de düşünýän. O ýaranjaň diýmek bolýa. Biziň obamyzda-da şeý diýýäler». Dellal hakda-ha Poladyň öz pikiri ýokdy welin, desmalçyny olam ýigrenýär Şonuň üçinem ol kakalygynyň käbir häsiýetini oňlaýar. Ýöne sygyr satmak meselesinde ony onçakly goldamaýar. Satmaga getiren bolsaň, sygryňy kime sataňda näme.

Ýalkap dellal bilen desmalçyny halamasa-da, ýekegeplem bolsa, lebzinde durup bilmeýär. Köse dellal asyl Ýalkaba agzyny-da açdyrmaýar diýen ýaly. Bir gep bilen-ä dellal onuň dilini baglaýar, ýene bir gep bilenem gulaklaryny gapýar, üçünji gep bilenem jadylaýar. Ýalkabyň on iki süňňünden diňe barmaklary bilen gözleri işleýär. Olaram diňe pul sanap almaga ýaraýar. Dellalyň jyn ýalydygyna Polat haýran galýar.

Elden-ele geçip, sansyz gezek sanalyp halys könelip giden pullar bilen jübülerini pökgerden Ýalkap, wadasynda durup bilmäni üçin Poladyň öňünde özüni aklajak bolýan ýaly:

— Bä-äý, aňyma-maňyma-da garamadyň-ow, zaluwat! — diýýär. — Sen şeýtana-da sapak beren bolaýmasaň ýagşy, agam.

Ony eşitmediksirän bolan dellal:

— Ardana sygyr sygryň gowusy bolýandyr! — diýip, gürrüňi başga tarapa sowýar, hemem özünden göwnühoş halda öwünýär. — Men bazarda doglup, bazarda ulaldym. Hojaabdylla öwlüýäsine-de meni bazardan ugratmaly bolaýmasalar.

— Dellally öwlüýä göterýänmidir?

— Öwlüýä arkalydyr. Günäsi dellalyňkydan zyýatlaram gabryndan çykaryp taşlamyýa. Heý, ak kepenini galgadyp, mazarynyň daşynda ýatan öli gördüňmi?

— Ony-ha göremok şu ömrüme.

— Galan ömrüňe-de görmersiň... Meň jynazama durjaklaram, gölegçilik etjeklerem bazarçylar bolar.

— Onda sen tüýs maryly bolýaň-da.

— Arassa maryly onda-da. Ejemem söwda, kakamam.

— Tüýs söwdadan ýasalan-da?

— Müňkürligim ýok... Şuny belle. Gölesi ölensoň, gäpsiz sagdyrýan sygry, juda çykgynsyz güne uçraýmasaň, elden çykarmagyn.

— Beýle açylan bolsaň, sen maňa ýene bir zady aýt — diýip, Ýalkap dellal bilen içgin gyzyklanýar. — Sen şü ardanadan näçe nep görersiň?

— Allaň eçilenni görerin.

— Dellalyňam allasy bolýanmydyr?

Beýle gödek sözleri eşiden Polat kesesinden utanýar. Ol gep köseleç ýaşulynyňam gulagyna ýakmaýar.

— Bu gezek hörpüňi ýokarrakdan tutduň, inim. Allasyz adam bolmaz. Onsoňam, men ogurlyk edýänmi? Ýok. Dilegçilik edýänmi? Ýok. Aldabam alamok. Şol işleri etmeýän her ki Taňry bendesiniň allasy bardyr.

— Men gazanjyňa dawam ýok, aýdaý!

Dellal ýylgyrýar.

— Alla nesip kylsa, üç ýüz manada çenli görsem gerek.

— Nesip etsin!

— Seňňem alan puluň toýuňa ýarasyn!

Dellal ardana sygry idip ugransoň, Ýalkap ýene Polada ýylgyryp seredýär. Ol bu gün näçenji gezek ýylgyryp seredýär? Bu nämäniň alamatyka? Ogullygyny sulhy alyp başladymyka? Belki, Hudaý!..

Ýalkap telpegini maňlaýyna süýşürýär-de, Polada garaýar:

— Indi bolsa, ikimiz irestarana gideli.

Sygryň bahasy jübä girensoň, puluň kändigi çyndy, restorana barylmagam mümkindi. Emma ol Polat üçin düýşde görülýän ýaly bir waka bolmaly. Bolsa-da Polat Ýalkabyň deňinden däl-de, yzyndan ýöräp ugraýar. Birden märekäniň içinden sogrulyp çykan, ýigrimi ýaşlaryndaky garamurt, jalaýsypat biri Poladyň gapdalynda peýda bolýar-da, akylyndan azaşan ýaly samrap başlaýar:

*Adamlar heniz sadaka,*
*Ähli zat meňki bolmaly,*
*Sadalyk hemmä kadaka,*
*Tanan öz zadyn almaly.*

*Adamlar heniz päkkä,*
*Tanan öz zadyn almaly.*
*Ogry-jümrüler ýokka,*
*Tanan öz zadyn almaly.*

Samramasyny gutaran jalaý Poladyň başyndaky tahýany kakyp alýar-da, öz kellesine geýýär:

— Bi börügem meňki bolmaly.

Polat garşylyk görkezjek bolýar.

— Seňki däl, meňki bolmaly. Ejem tikdi ony.

— Ejeň tikende näme? O Tejen, bu Tejen. Seň ejeň, meň ejem. O Tejen, bu Tejen. Meň ejem, seň ejeň — diýip, jalaý märekä urup gidibermekçi bolanda, Polat onuň goşaryndan ýapyşýar. Ady tutulmasa-da, galmagala yzyna bakan Ýalkap derrew ýetişýär. Ol atylyp geläge-de, ogryny adamlaryň arasyndan sogrup alýar, başyndaky tahýany hem sypyryp Polada uzadýar, yzyndan är güýjüni toplap onuň döşüne bir suňşurýar welin, iki bükülen jalaý esli mahallap gönelibem bilmeýär.

Polat ogryny däl-de, Ýalkabyň bolşuny synlaýar. Ol gahardan ýaňa eşigine däl, giň bazara sygmajak bolýar, sandyraýar, dodaklaryny ýalaşdyrýar.

Iki bükülip duran jalaý dikeljek bolýar. Ýalkap töwerekde aňk bolup duranlara göz edip, ýumrugyny düwýär:

— Dikeläýseň, gaýdyp galmaz ýaly ederin!

Ýa-ha ýumrukdan gorkan, ýa-da dikelmäge haly bolmadyk jalaý bir durşuny üýtgetmeýär, ýöne dili welin gepleýär:

—Men entek saňa görkezerin!..

— Sesiňi çykarman bir dur-da — diýip, biri oňa akyl öwredýär. — Ýaňky ýumruk ýene bir gezek döşüňe degäýse, öýňüziň nirdediginem bilmersiň sen.

— Hany, ýör!

Ataly-ogul bolanlary bäri Ýalkap birinji gezek Poladyň elinden tutýar. Ataly-ogul bolanlary bäri Polat birinji gezek Ýalkabyň hossarlygyny duýýar. Onda-da nähili hossarlyk! Her öňýeten ata

oglunyň göwnüne degeni beýle müçükdirip bilmez. Özem hiç zatdan gorkman, çekinmän! Ýogsam bazaryň aç börüsine öwrülip giden garamurt jalataýyň arkasynda kimleriň durandygyny Alla bilsin! Olar ýaly ogrynyň garadan gaýtmaz hem daşýürek ülpetleriniň bolýandygy belli ahyryn. Ýalkap tahýany ogryny urman, galmagal turuzmanam alyp bilerdi. Ýa ol özüniň hakyky hossardygyny Polada duýdurmak isledimikä? Belki, şeýle bolsun-da!

Emma gahardan ýaňa henizem sandyraýan gödeňsi aýanyň içindäki Poladyň ýumrugy hossar tenine däl-de, başga bir ýakymsyz zada degýän ýalydy. Polat elini çekip almak isleýär, ýöne ebeteýini tapmaýar...

Ýalkabyň restoran diýýän ýeri, Poladyň aňlaýşyna görä çaýhanady, ýöne ol bolar-bolgusyz ýerde däldi-de, köne döwürden galan kaşaň jaýdady. Dünýäniň iň täsin adamlaryny görmek isleseň, şu restorana geläýmeli eken. Adamlaryň köpüsi serhoş serhoş dällerem serhoş bolmagyň aladasy bilen. Bokurdagyna bat berip gepleýänleriň derdinden ses-üýn alşar ýaly däl. Giň jaýyň içinde iküç öwrüm eden Ýalkap ahyr boş oturgyç tapýar.

— Arak meýliň barmy, Polat?

Elbetde, Ýalkap beýle sowaly oýun-henek bilen berýär. Bolsa-da, ol sözler onuň birneme ýumşandygyna güwä geçýär. Onuň şeýdip degişýänligem gowulygyň alamaty.

Polat ýylgyryp baş ýaýkaýar.

— Ýeri, bolýa-da! Sen günebakar çigidem halaňokdyň-a — diýip, ogullygyndan diňe ýylgyryş jogabyny alan Ýalkap ýerinden turýar. — Biri şu oturgyjy alarman bolaýsa, «zanyt» diýäýgin. Şol orsça «eýesi bar» diýdigiň bolar. Dyzaberse-de «Papa zanyt» diý. Men odur-budur alyp geleýin.

«Odur-budur» almaga giden Ýalkap kän eglenmeýär. Ol iki tabak nahary stoluň üstünde goýansoň, ýaňadan yzyna gaýdyp, bir bulgur arak hem alyp gelýär.

— Hany, onda sag bolmaşak!

«Sag bolmaşak» sözüň içinde Poladam bolmaly. Oglan ol ýagdaýy hem ýagşa ýorýar. Ýalkap kem-kemden öýkesinden açylýan adam ýaly gitdikçe gahardan düşüşýär.

Bulgurdaky aragy iki bölüp başyna çeken Ýalkap hasam mylaýymlanýar, keýplenýär, aýdym aýdasy gelýän ýaly bolup keýerjekleýär. Ol ýüzüni ajan bagyr ýaly edip oturmansoň, Poladyňam keýpi gowulanýar.

— Sen meň hälki sowalyma jogap gaýtarmadyň-la, ýaş ýigit?

Bä-ä, henizem ýadyndan çykarman eken-ow! Polat oňa näme jogap bererkä? Şu mahala çenli ynjalmadyk bolsa jogaby eşitmese ynjalmajagy çyn bolmaly. Şoňa akyl ýetiren Polat jogap gaýtarmaga häzirlenende, syrtyna ýelmeşen ýaly oturgyjyny hem ýeňsesine tutup aňyrky stoluň başyndan turup gaýdan adam Ýalkabyň gapdaljygyna gelip gonýar. Onuňam içgilidigini Polat deminden duýýar.

— Ýalkap jan, ikimiziň görüşmälimize iki ýüz elli ýyl dagy bolandyr.

— Dogrudanam, seni gaty kän mahal bäri göremok — diýip, Ýalkap oňa elini uzadýar.

— Öýlenipsiň diýdiler, Ýalkap jan. Iki gözüň dört bolupdyr diýdiler, Ýalkap jan. Gözüň aýdyň, Ýalkap jan! Gujagyňda garrasyn, Ýalkap jan!

— Taňry ýalkasyn. Saňa-da Hudaý ýetirsin.

— Maňa şony Hudaý ýetirmesin, Ýalkap jan. Men heleýleri itden beter ýigrenýän, Ýalkap jan.

— O nä beýle? Heleýden näme ýamanlyk gördüň sen?

— Birinjiden-ä, heleýler meni halanoklar,Ýalkap jan... Şoň üçinem menem olary ýigrenýän. Itden beter ýigrenýän. Üstesine-de olaň dili bar.

— Ol aňsat-la, dilini kütek pyçak bilen kesip taşlaýmaly.

— Onyň aýry gep. Ýöne, Ýalkap jan, heleý görsem, edil ýylan gören ýaly bolýan. Sen heleýlere siňe seret, ýylana meňzeýändirler, ýylana... Garaýagyzy — garagaçakdyr, saryýagyzy — gömülgendir. Arasynda aždarha çykany, ýuha çykanam bardyr. Garaz, hemmesi ýylandyr. Onda-da zäheri ýaman ýylandyr.

— Düşnükli-i...

— O düşnüklidir welin, Ýalkap jan, seň alanyň dogany uly jaýda işleýämiş diýdiler-le...

Yzyndan näme eşitjegini çak eden Ýalkap oňa «hawa-da»

diýmedi «ýogam».

— Oňam eýle-beýle diýip, gürrüňini edýädiler welin... Ýaňy bilýän adamlaň biri o gepleň bary gybat diýdi. Bir hepde sorag-ideg edensoňlar, bigünä diýip öýüne goýberipdirler. Adamlar bolsa... Seň günüň geldi, Ýalkap jan... Bagyşla, maňa ýoldaşlam garaşýa...

Ol adam gitse-dä gidýär welin, Ýalkaby hem mazaly oýlandyryp gidýär.

— Näme gepläňok?

Näme üçin şeýdenini hem bilmän, Polat ýylgyrdy. Ol ýylgyryşdan Ýalkap özüçe many çykarýar.

— Sen daýyň ýaşaýan ýerini bilýäňmi?

— Annamyrat daýymyňmy?

— Ýogsam näme.

— Bu ýerden nädip gidilýänini-hä bilemok, ýöne köçesiniň adyny, jaý belgisini bilýän.

Jogaba begenen Ýalkap elini bat bilen stola urýar.

— Şo zatlary bilýän bolsaň, dagy jogap gerekgäl. Gitdik!

...Polat Annamyrat daýysy bilen bir ýakymsyz wakanyň bolandygyny eşidipdi, emma meseläniň magadyny bilmeýärdi, biläýende-de Ýalkabyň etjek bolýan öwrümlerinden başy çykjak däldi. Ýalkap bolsa «Il agzy keramat» diýip, serhoş tanşynyň aýdanlaryna ynanmak isleýär. Serhoş bolsa-da, olam il wekili ahyryn. Ozalky diýlen zatlar, belkem, badyhowa gybatçylaryň agzyndan çykan boş sözlerdir. Umyt etmeli. Nämut şeýtandan! Ýalkabam özüni mydama bagty çüwmän ýören adam hasaplasy gelmeýär. Belkem...

Ogul bilen ata bazaryň girdi-çykdysyndan ýaňa halys çagşan derwezeden çykyp, kän ýöremeli hem bolmady. Gatnawy, jemendesi ýok ýaly ümsüm köçäniň ortagürpündäki ýaşyl derwezeli howly Annamyrat daýynyň jaýy.

— Hany, ýurdy belet çapar et, Polat!

Polat gepe düşünmeýär.

Ýalkap ümleýä.

Polat ýaşyl derwezäni birki gezek tykyrdadýar.

Içerden ses-seda bolmaýar

— Ýene kak.

Kakylsa-da, ýene öňki ümsümlik dowam edýär.

— Gatyrak kak!

Gatyrak kakylsa-da, ýaşyl gapy ýazylmaýar. Poladyň güýjüni ejiz hasaplan Ýalkap gapyny özi kakmaly edýär. Içerde adamgaranyň ýokdugy mälim bolsa-da, ol işigi gaýtadanam itekleşdirýär.

Goňşy howlynyň işigindäki iki aýagy ýere gömlen oturgyjyň üstünde keserip oturan körjümek ýaşuly Ýalkaba tarap seretdi-de:

— Gapyny kakýaňmy, ýaş ýigit? — diýýär. «Gapyny kakamok, döwjek bolýan. Şu takyrdyny eşitmän nä gulagyňa garakeçe dykyldymy!»

— Annamyratlara geldik welin...

Ýaşuly sesini çykarmady. «Il-günüň aýdany çyn boldy-ow!»

Ýalkap iki ädim yza çekilýär-de, aralary deň-derman edilip bölünen dört sany penjiräni synlaýar. Dördüsem petiklenen, tutularam edil ýelimlenen ýaly mäkäm ýapylypdyr, asyl yş-pyş dagy bolaýsa nädersiň.

Ýagdaýa ymykly göz ýetirildi hasaplan Ýalkap, bu ýerde uzak durmakdanam çekinýär. Kim bilýär, nä wagt, nä zamana! «Pylanynyň garyndaşy» bolany sebäpli bigünä halyna türmede çüýrän gytmy? Ýalkap o zatlardan azda-kände baş çykarýan Ýalkap ahyryn.

Çaklamalaryň döreden howsalasy sebäpli «garaja öýden daşrak» etmek üçin Ýalkap köçä tarap ädim uran badyna ýaşuly:

— Siz Annamyratlara gelen bolsaňyz... Olaň öýünde adam ýokdur — diýýär.

Ýalkap gidibermekçidem welin «Olaň öýünde adam ýokdur» diýen köp manyly habar jadyly ýaly bolup, ony goja bilen sowal-jogaba çagyrýar. Ýöne ozalam gyşarylyp oturan goja golaýa gelen bilen gepleşmek islemeýäne meňzäp, bir tarapa öňküsindenem beter gyşarylýar, netijede ýanyna gelenden ýüz öwürýäne meňzeýär.

— Annamyrady göräýjekdim... — diýip, kabul edilmedik myhmana dönen Ýalkabyň özi lak atmaly bolýar.

— Sen Annamyradyň garyndaşymyň? — diýip, esli garaşdyrandan soň (Ýalkabyň çaklamasyna görä, gaty oýlanyp)

geplän goja gaýtarylmaly dürs jogapdan daşlaşýar.

«Bu çal bilgeşleýinden şeýdýämikä? Sowal berişjigini dagy görýäňmi? Gelene-gidene göz bolmak üçin şu ýerde ýörite oturdylan goja diýerler saňa. Isleýän jogabyňa derek sen menden belanyň sapyny alarsyn. Size men beletdirin».

Gojany ýörite oturdylan adamdyr diýip çaklan Ýalkap ýalňyşýar. Ýaşulynyň hakykatdanam Annamyradyň goňşusydygyny Polat bilýär, daýylaryna gezmäge gelen her gezeginde diýen ýaly gojany görýärdi. Goja şäher içinde gatnaýan awtobusy sürýär eken. Indi halys garran, işden-güýçden galan goja içi gysan halaty köplenç howlynyň daşyna çykyp oturyberýär.

Ýalkap müňkürlik edeni sebäpli, ýaşulyny elin synlaýar. Juda horda geýnen gojanyň sakgal-murt basyp giden tegelejik ýüzünde göz deregine kabul edilip bolaýjak zat — iki sany janlyja ilikden başga agyz-burun dagy ýok diýen ýaly. Ýöne şol iki sany ilik şeýlebir ýyldyraýar welin, hut duranja ýyldyzyň bar. Gojanyň gözleriniň oýnaklamasy Ýalkaby hasam müňkürlik girdabyna iterýär. «Edil özi-dä. Gözjagazlarynyň dagy oýnaklaýşyny görýäňmi? Häli görseň, sakgal-murtam soň oturdylandyr. Menem muňa haýwan däldigimi bir duýduryp goýaýyn».

— Sakgal-murty ýaman ösdüripsiň-le, agam?!

— Sakgal-murt timarlap ýörer ýaly bu ýaşdan soň gyrmyzy don geýnip, gyz bilen görme-görşe gitjek gümanym ýok ahyryn.

«Gör, muň tapýanja geplerini! Heý, şu jogap dagy kelläňe geljek jogapmy? Bular tüýs ýerinden gelme bolýa-da. Saýra bakaly!»

— Bilip bolmaz, «Garry oýnasa, gaý turar». Garrylaryň birden harasat gopduryberdigem bardyr.

— Indi biziň gaýymyz gutaryp, waýymyz galandyr, inim. Ýöne berlenjesini ýaşap ýörüs. Azaply bolsa-da, ýaşaýyş süýji. Indi-hä näme, urşam ýok, dawa-jenjelem.Ýaşasyn hökümedimiz!

«Şeýdip, göniňden geliber, melgun çal. Meň ýaly agzy boşlaň agzyna çöp ölçe diýlip oturdylan töňňe diýerler saňa. «Ýaşasyn» diýen bolup, meni gepletjek bolýansyň welin, nä «Ýaşamasyn» diýdirerin öýdýäňmi? Beýle dikdüşdi keçetelpegi başga köçeden gözlegin».

— Hawa, uruş-sögüş ýok. Hezil edip ýaşap ýörmeli.

— Tapanjaňy iýip...

— Ýurdumyzam, şükür, baý ýurt. Näme isleseň tapylýa.

— Şony diýýän-dä. Annamyrady göräýjekdim diýdiňmi, inim?

— Hawa, salamlaşyp ötägitjekdim.

— Indi oň bilen öýünde salamlaşyp bolansyň...

— Hä, nirede salamlaşmalymyşyn oň bilen? (Seň aňry ýanyňdan düşeýin-le!)

— Gözenegiň aňyrsynda. Aýajygyňy basmaly ýerine basman, gyşartsaň, şeýdäýýäler. Ýaşasyn adalat!

«Bu nä beýle gönümel gürrüň edýäkä? Goja at oýnadýandyr. Ynanmagyn, Ýalkap, ynanaýmagyn. Ynandygyň, öýüňi köýdürer. Bulardan her zat çykar: samsyksyran bolar, oýnatgysyran borlar. Gerek ýerinde hem şeýlebir çürkärler welin, ataň adynam Annajemal diýip tutar durarsyň. Men sen tutanyňy ütüp goýandyryn».

— Dogry aýdýaň, agam. Biziň ýurdumyz adyl ýurt-da. (Nädäýdimkäm! Ýalkap diýilýän adam her sen ýala özüni oýnatmaz. Men seň ýasama sakgal-murtuň her tüýüne beletdirin).

— Annamyrat telek iş etdi...

Bir aýdylan sözleriň kän gaýtalanmagy Ýalkabyň gaharyny getirýär, adam oýnajak bolýan hasap edýäni üçin ýaşulyny ýigrenýär, oňa jabjynmak isledi. Emma ony hem goýbolsun edip, haýsydyr bir ýol bilen kemsidip galmaly diýen netijä gelýär.

— Syrtyňda çyban bar ýaly keserip oturmaň näme?

— Şun-a bildiň! — diýip, ýaşuly «şyg-şyg» edip gülýär. — Syrtymy ýere degrip bilmesem nädeýin? Babasylym ba. Şü zamanyň doktorlary babasylam bejerip bilenoklar. Kyrk ýyl maşyn sürdüm-dä...

Şu ýerde Ýalkap özüni ýalňyşýandyryn öýdýär, babasylly gojany çak edeni däl-de, durmuşda agzy bişen adamlaryň biri bolaýmagam ahmaldyr öýdüp çaklamaga-da ýer goýýar.

— Annamyrada garyndaşdygyňy-däldigiňi aýtmadyň-ow! — diýip, Ýalkabyň açylyp ugran ynam gapysyny goja öz dili bilen gaýtadan ýapýar.

«Ýene şol sowala dolanan bolsaň, seňki düşnükli!»

— Aý, ozal-a, köprüde syrty galtaşmadyklaram muň bilen garyndaş çykjak bolup basga düşýädiler. Indi welin, gapysyndan garaýan ýok. Gaýry etmäge-de bir işim bolmansoň, men şu gapyda hakgulla bolup otyryn. Gözüm şo gapyda. Tutuş bir hepde bäri adam ogly aýak seküýse nädersiň. Bir hepde bäri, ynha, sen geldiň...

«Indi menem yzarlap başlarlar».

— Hany, bütüki, görlüp-eşidilmedik bir urşam-a turjakmyşyn diýýäler. Musulman ýurtlary zerarly. Soň jahan urşuna ýazaýmagam ahmalmyş.

«Ýene meni gepletjek bolýaňmy sen?»

— Wepat bolaryn öýdüp gorkýaňmy?

— Aý, men hiç-le. Men bişen gawun. Men uruş turmasa-da, haçan tänsem tänäýmeli sapagymdan. — Goja Ýalkabyň gapdalynda bir bolşuny üýtgetmän duran Polada elini salgaýar. — Gep şularda... Şun-a ozal bir ýerde gören ýalam bolup durun... Bularam ýaşamaly ahyryn. Biz ýaşama kemini goýmadyk-la. — Gepine dyngy beren goja, esli salymdan soň başyny ýaýkady. — Annamyrad-a ýaman ýigidem däldi welin, elbetde, şeýtan kimleri azdyrmyýa. Men-men diýen goçaklaram şeýtanyň demine düşse, aýagyny gyşyk basyberýä...

Polat gürrüňi edilýän daýysyny ýatlady. Ol bir zady-ha ýalňyş edipdir. Bir gezek ol Ilbaşy daýy bilen Annamyrat daýynyň galmagalynyň üstünden gelipdi. Ol dawa diýer ýaly goham däldi-de, agasynyň inisine berýän pendidi. Ilbaşy şol gezegem Gojuga ir gelendäkisi ýaly ýeke özi gepledi. «Özüňden utanmasaň, maşgalaňdan uýal. Hudaýa ynanmasaň, adamlardan uýal. Iliň gargyşyna galsaň, görjegiň ýaman bor» diýlen sözler Poladyň henizem ýadynda. Indi bolsa uly daýynyň kiçi daýa aýdan sözleriniň ýöne bir boş gep däldigini tassyklap, derweze açylman dur. Ilbaşy daýy ýersiz-ýere jibrinmän eken. Ol Poladyň ejesi bilenem şeýleräk hörpde gürleşdi. Diýmek... Polat şol «diýmek» sözüniň yzyndan gelmeli sözleri hyýalynda-da aýtmak islemeýär, niýetini ýagşa gönükdirýär.

— Dünýä diýilýän çöp şeýleräk-dä, inim. Arabajygyň tigirlenýärkä gorrasyny gapdalyňdan gezerine goýberýän kändir.

Beýewar arabaň tigri sypdymy, ýanyňda garamça görmersiň. Dünýe diýilýän çöp şeýleräk-dä. Şoň üçinem, ata-babalar muňa «bäş günlük ýalançy» diýipdirler. Ýalançy diý-de goýaý. Şoň şeýledigini salyň ýetmişden agansoň bilersiň. Häli görseň, senem Annamyradyň ýa ekesisiň, ýa ükesisiň, indi boýnuňa almarsyň. Ýaňky aýdanym-da.

«Şuny-ha bildiň, melgun goja. Bilseňem «hawa» diýdirmersiň».

— Garyndaş bolmasaňam adam bilen salamlaşsa bolar ahyryn?

— Onyň dogry, ýöne...

Kakalygynyň Annamyrat daýysyna garyndaşdygyny boýun almazlygy Polady oýlandyrýar.

Ýaşulynyň ýanyndan gaýdylansoň, Ýalkap ýene şol öňki sowalyny ýatlaýar. Polat hem bu gezek dymyp durmady-da:

— Ýogsam näme, göresim gelýä kakamy — diýýär. — Seňem kakaň bolan bolsa, göresiň gelerdi, ä?

— Men-ä kakam bolan bolsa, görmän ýekeje günem oňup bilmezdim. Kaka bilen ogluň ysnyşygy üýtgeşik bolýa-da. Gyz ejesiniňki, oglan kakasynyňky. Kakasy nirede ýaşasa ogly hem şol ýerde ýaşamaly. Sebäbi kaka erkek, oglanam erkek.

Uly adamynyň jogaby çaganyň sözleri ýaly juda sadawar ýaňlananam bolsa, onuň aýratyn manysy bar. Ol sözler ýönekeý görünmek üçin däl, oglana başga-başga ýol salgy bermek meýli bilen aýdylýar. Polat ol sözleriň ýörite aýdylmagynyň sebäbine doly düşünmese-de, Ýalkabyň sözleri oglana Ýalkabyň isleýşi ýaly täsir edýär. Ýalkap onuň şeýle boljakdygyna ynanýar.

Şäherden çykylan ýerde Ýalkap iki bölünip gidýän ýoluň Gojuk obasyna eltýänini saýlaýar. Şol ýol bilen telim gezek daýylaryna gatnan Polat kakalygynyň maksadyna düşünmeýäni sebäpli ony ýalňyşýandyr öýdýär, çaýhanada içilen arak henizem onuň başyny aýlaýandyr hasap edýär, emma Ýalkabyň ýalňyşyny düzetmek islemeýär. Saý-sebäp bilen dogduk mekanyň, iň bolmanda, üstünden geçip gitmeklik oglany şeýlebir begendirýär welin, edil ejesini hem alyp, hakyky kakasynyň ýanyna ymykly barýan ýaly tolgunýar, köprüden geçilen ýerde Ýalkabyň «Ýadan bolsaň, eşege münäý-ow!» diýen mürähedinem jogapsyz galdyrýar.

Iki gyrasyndan pyýadamy, welosipedlimi gatnar ýaly inçejik ýoda çekilen tanyş ýol öňden egrelip-dogralyp Gojuga tarap barýarka oglanyň ulaga münesi gelermi! Tanyş ýüzlere, mähriban düzlere, başga obalardan saýlansyn, tapawutlansyn diýip, tebigatyň hut özüniň derýa bilen üç tarapyna nepis jähek çeken obasyna tarap barýan oglanam heý-de ýöremekden ýadarmy!

— Saňa diýilýär-ow! Ertirden bäri aýak üstünde ahyryn. Gel, mün-äý. Indi-hä gaýtalaman, şony bil.

Başga bir pursat bolup, başga bir ýol bilen ýörelip barylýan bolsady. Onda Polat, iň bolmanda,Ýalkabyň rehimdarlygyna ünsüni bölerdi. Ýogsam ol rehimdarlyk üns berilmän duşuňdan geçiläýmeli pursat däl. Emma şu mahal welin, kalbynda şoňa-da orun tapmadyk oglan:

— Men ýadamok! — diýýär.

Polat ýadarmy! Poladyň gaýtam, ýöredigiçe, ökjesi ýeňleýär. Polat ýöreýändirinem öýtmeýär. Dogrudanam, Polat ýöremeýärdi-de, Gojuk obasynyň özi oňa tarap, bir bolgusyz sebäp bilen özünden jyda düşen Polat atly balaja perzendine tarap süýşüp gelýär. Gojuk obasy şeýle mährem oba. Gojuk obasy öz göwsünde dünýä inen perzentlerine sarpa goýýan oba. Gojuk obasy şeýle ýüregi ýuka oba. Başga obalaryň nähilidigini-hä biljek däl welin, Gojuk obasynyň-a hut adamyňky ýaly ýüregi bar. Şonuň üçinem Poladyň doglan obasy dünýädäki iň gözel oba bolmaly. Şonuň üçinem tebigat ynsana-jandara, ösümliklere tenekar berýän ajaýyp bir derýany hem şol oba ýassyk edip beripdir.

Onsoňam, Gojukda onuň kakasy, öz kakasy, ýuwaş kakasy, mähriban kakasy ýaşaýar ahyryn. Ol obany diňe şolar ýaly adamlaryň ýaşaýany üçinem gowy göräýmeli Gojuk obasy depesi ak bulutly oba. Polat göz aýlasa-da uzakdan garasy bildiren Gojuk obasynyň üstünde ak bulut görünmeýär. Görünmese-de oglan pyşyrdaýar: «Men Gojuga geldim, ak bulut. Men seni görmäge, kakamy görmäge, öňki aýak yzlarymy görmäge geldim, Ak bulut! Kakamy hor etme, ak bulut!»

Gojugyň içinden geçilip barylýarka, birden kakasy gabat

geläýse, Polat näme etmeli bolar? Oglan kakasy bilen salamlaşsa, kakalygy hem ony görse. Kakalyk ogullygy ýanamazmy? Hut şonuň üçin ejesine azar bermezmi? Näme etmeli? Garrylardan hälimi-şindi eşiden sözleri oglanyň diline geldi: «Nätmekden Hudaý saklasyn!»

Ana, derýanyň bil berýän ýeri. Derýa şol ýerdenem Gojuk obasy bilen hoşlaşyp, ýüzüni günbatara tutýar. Tirsekden geçäýen ýeriňdenem bahar pasly kömelege gidilýän gyjy-gyjyly meýdan, owadan meýdan, dogduk mekanyň gözel görküne öwrülen meýdan başlanar. Geçen baharyň yzyna öwrülen mymyk şemaly häzir şol gyjy-gyjyly meýdanyň üstünden kömelek gözleýän oglan-gyzlaryň:

«Gyjy-gyjy bersem iýjekmi?

«Ýene-de ber» diýjekmi?» — diýen tanyş hem ýakymly sesleri Poladyň gulagynda ýaňlandyrýar. Saparyň sesi, Gaýgysyzyň sesi, Güljanyň sesi, Şiriniň sesi... Oglanyň deň-duşlary şu mahal şol gyjy-gyjyly meýdanda towsaklaşyp ýören ýaly. Hut ýap-ýaňy-da Polat şol düzlükden oglanlar bilen eňňereden läşeki çöpläpdi. Gumak ýol giň düzlügi iki bölensoň, oba mesaňa görnüp dur. Kimdir biri tamdyra ot goýberýärdi welin, çal tüsse dik ýokaryk, göni ýapjagaz bilen akýan ýaly bolup, diňe dik ýokaryk barýar. Ýogsam näme! Çal tüsse Poladyň ak buludyna dostunyň gelýändigini buşlamak üçin dik asmana göterilýändir. Öz hyýalyna melul bolan oglan tüssäniň barýan ýoluny yzarlap, asmana seredýär. Emma aglasy gelýän bulutdanam, aglasy gelmeýän bulutdanam nam-nyşan ýok. Dury asmanda tamdyryň çal saçy ýaly bolup ygyldaýan çal tüsseden başga zat göze ilmeýär.

— Waý, il-gün, Polat jan gelýä, Polat jan! — diýip duýdansyz çykan inçejik ses oglany özüne getirýär.

Polat gapdala garanda, ene ýaba böwet basyp duran iki adama gözi düşýär. Olaryň biri Gojugyň belli suwçusy Döwlet aga, beýlekisi, saçy öňündäki babyr bilek gyz Arzygül.

Ýüregi ýuka gyz hut öz jigisine sataşan ýaly, saklanyp bilmän, Poladyň ýoluny kesýär.

— Ballym jan, sizi ne Hudaý gargady! Sizi haýsy döw çaldy, haýsy al kakdy! Ejeň nädip bu obany terk edip bildi! Ejeň nädip

Nurguly ýaly ýumry-ýumşak adamy ýeke goýup gitmäge ýürek etdikä? Seň gidişiň-gidiş bolarmy, ballym jan? Sen ýaly oguldan jyda düşen Nurguly nädip ýaşasyn indi?..

Piliniň sapyna daýanan Döwlet aga, salam-helige ýol bermän gepleýän Arzygüli saklajak bolýar.

— Hany, Arzygül, bes et, gyz. Polat han, mannykmy? Mannyk-gurgunçylykmydyr?

Arzygülüň aljyratmagy bilen ýaşula salam bermäge-de ýetişmedik Polat utanjyndan ýylgyrýar.

— Gutar diýýän, Arzygül!

— Gutarar ýaly etdimi muň ejesi, Döwlet aga?

— Beýle bolsa, ejesine diý-dä. Munda näme ýazyk ba?

— Gojukda şeýdip giden bamy? Senem ýöne... Beýewar öňümden çykaýsa, ejesine-de ýylan bolup zährimi pürkjegime sen ynan-aý.

— Seň zäher pürkjekdigiňi tutuş oba bilýä. Menem ynanýan oňa.Ýöne bu durmuşdyr, Arzy gyz. Nurgulyňam, Poladyňam öz görjegi bardyr. Oň üçin sen janyňy ýakma.

— Görjegi bardyr. O dogry. — diýip, Arzygül ýene Polada ýapyşýar. — Ozalam-a kakaň neresse göwresiniň ýaryny ýitirdi. Ýürejiginiň ýarynam, ejeň zerarly, sen alyp gitdiň. Indi ol ýarym göwre, ýarym ýürekli ýaşamalymy? Sen ýaly menikli ogly ýitiren adamyň içi ýanmazmy, içi tütemezmi? Telek iş etme diýip, ejeňe negadar sakyrdym. Gulak asmady...

— Arzygül! — diýip, Döwlet aga aňyrdan ýetip gelýän eşeklä seredip gepleýär.

— Barany nä Nurguludan zyýatmyşmy? — diýip, Arzygül Döwlet aganyň sesini eşitmeýän ýaly geplemesini dowam edýär. — Öňýetene özüni oýnadar ýaly ejeň beýle köwegem-ä däldi, Polat jan.

Ýetip gelýän eşeklini tanamasa-da, Döwlet aga ony Poladyň kakalygydyr öýtdi.

— Hany, gyz, ýedi ýoluň üstünde beýdip, zarynlap durma-da, tüket. Seň o gözýaşyň oglana peýda bermez. Gaýt. Anha, biri gelýärem... Polat han, o gelýän sizden-ä däldir?

Polat esli garaşdyransoň aýdylany tassyklap baş atýar.

Döwlet aga has aýgytly gepleýär:

— Ana, gördüňmi! Gutar indi, gyz, gutar!

Arzygül ýagdaýa düşündimi-nämemi, şondan soň geplemesini goýdy-da, Ýalkap esli ýere barýança yzyndan garap durýar.

— Mysalaň gursun, ýaşyna ýandak gögermiş. Gül ýaly maşgalany dargadyp. Görjegiň görgi, edeniň bergi bolsun, ylaýym, öýläniň çagynda. «Eşekde sekil bolmaz, aýalda akyl bolmaz» diýseler, ýene gaty gören bolýalar. Nurgulyny taşlap, şo nejise baran aýalda çigdiň gabygy ýaly hem akyl ýokundysy ýokdur.

Ulugyz Nartäjiň gulagyny şaňladybildi. Içini gowzatsyn diýýän ýaly, Döwlet aga-da oňa indi azar bermän, ýüzüni aşak salyp, aýdylany diňläp durýar. Ahyr Arzygül gargyna-gargyna, eňegine dyngy berende ýaşuly:

— Birneme köşeşen bolsaň, indi işe başlaýaly, gyz! — diýýär. — «Hä» diýmänkäň, suwam geler. Ýene özümizdiris görgi görjek, böwedi göterip gitse.

Işe girişmäge häzirlenen Arzygül iň soňky gezek ýola seredýär:

— Häý, ýeňsäň gursun, ýeňsesi gurmuş...

Obanyň bir çetinden giriliberende, nähili hereket etjegini bilmedik Polat aýak çekýär.

— Üstünden ýoluň düşdi, kakaňam görüp geç-äý.

Bu gün nähili sähetli gün! Bu gün Polat nähili bagtly Polat. Bu gün Ýalkap nähili gowy Ýalkap. Ilki ol Polada daýysyny görkezmek isleýär, indem kakasy bilen salamlaşyp geçmegine-de garşy däl. Garşylyk nire, gaýtam, onuň özi oglana ýol salgy berýär, nähili hereket etmelisini öwredýär. Bu gün nähili sähetli gün! Bu gün Polat nähili bagtly Polat! Bu gün Ýalkap nähili gowy Ýalkap!

Polat tolgunyp, jogap gaýtarmasa-da, Ýalkap çaga ýürejiginiň näme diýip bökýändigine düşünýär. Ýalkap şol ýüregiň hasam batly urmagyny isleýär, Polady şoňa iterýär, bilgeşleýinden, ýörite şeýdýär.

— Birden kakaň seni alyp galaýsa, men ejeňe näme jogap okarkam, Polat?

Hem süýji, hem ajy bu sowal welin Poladyň aýagyny duşaklaýar.

Meni oba getiribem, näme üçin beýle sowal berýärkä?

— Maňa gelşikli däl, ýeke özüň baraý — Ýalkap bu sözlerini Nurgulynyň melleginiň burçunda ýolgyrada ösüp oturan ýeke düýp ýylgynyň gapdalynda eşekden düşensoň diýýär.

Polat boýnundan iki sany ýüp baglanyp, bir mahalyň özünde hem öňe hem yza çekilýän garantga öwrülýär. Şol iki ýüp, şol iki güýç oglany şeýlebir gynaýar welin, ol gyjy-gyjyly meýdana ýetendäki şatlygynam derrew ýadyndan çykarýar. Emma kakasyny iki hepde bäri görmezligi, näçe ýyl girip-çykan bosagasyna ýetmek höwesi ony öňe çekýär. Onuň bir gulagyna ejesiniň «Kakaň ýanyna barma!» diýen sesi gelse, beýlekisinde «Poladym, sen polat ýaly mert bolmalysyň. Ejeňi hor etmegin. Sen oň ýalňyz hossarysyň» diýen ses ýaňlanýar. Ol Nurgulynyň ogluna beren iň soňky pendidi. Ol Poladyň kakasyndan eşiden iň soňky sözleridi.

Oglan bary-ýogy elli-altmyş ädim, emma gaty agyr ýoly zordan aşyp, gapynyň daş işiginde peýda bolýar. Häzir gapy açylar. Dyzyny gujaklap oturan Nurguly aňk-taňk bolar, aljyrar, esli salymdan soňam: «Polat jan, Poladym, oglum, geläýdiňmi?» diýer». — «Şeýle bolmalam-da» diýer. «Men saňa her gün garaşýadym» diýer. Soň nähili bolar, soň? «Sen kakaň ýanynda ýazylyp-ýaýnap oturubam-a bilmersiň, goçagym — diýer. — Daşarda biri garaşyp dur ahyryn. Asla ol garaşýarmyka?.. Soňy nirä degse-de, Polat kakasyny göräýmeli. Häzir gapy açylar. Dyzyny gujaklap oturan kakasy...

Gapy açylmaýar, dyzyny gujaklap oturan kaka-da görünmeýär. «Geläýdiňmi, oglum? Şeýle bolmalam-da» diýýänem ýok... Poladyň başy aýlanyp gidýär. Töwerek eýesi göçüp giden ýurda meňzeýär, gapdalynda köne tagan ýatan ojakda düýnde-öňňinde ot ýanmandyr. Honha, mal ýatagynyň ýanyndaky haçjadan Poladyň geçen gyş geýen gonçly köwşüniň bir taýy ildirilgi dur. Beýleki taýy ýiten köwşi Nurguly zyňaýmandyram. Dözen däldir ýa-da yrym edendir.

Gapy açylmaýar. Kakasynyň içerde ýokdugy belli bolsa-da, oglanyň, bu bosagadan içerä bir ädim ätmän gaýtmak islemeýän oglanyň daş çykmadyk gözýaşy bokurdagynda doňup galýar.

Hereketsiz gapynyň höçjetligi janly oglanyň isleginden rüstem gelýär, açylmaýar, açyljaga-da meňzemeýär.

— Kaka!

Ses Polada öz sesi däl ýaly bolup eşidilýär.

Bu gapa gelensoň «kaka» sözüni diline getirmän, oglan nähili edip yza tessin?

Ol «kaka» sözüni näçe wagt bäri birinji gezek şol sözüň ýürekden, çyndan aýdylmagyna guwanýar.

— Kaka!

Jogap bolmasa-da, jogap bolmajagyny bilse-de, şol sözi gaýtalamak oglan üçin lezzete öwrülýär. Üçünji tezek Polat ol sözi has gatyrak gaýtalaýar. Şol hem ony özüne getirýär, melleginiň gyrasynda garaşyp duran Ýalkaby ýatladýar. Oglan kakalygynyň: «Sen gelmeseň, men garaşman gidibereýinmi?» diýen soňky sözleriniň manysy hakda oýlanýar. Ýalkap näme üçin beýle diýdikä? Beýle diýmek sowal däl-de ugrukdyryjy jogap bolup ýaňlanýar ahyryn. Giresi gelýän, gapysy ýapyk oglan barasy gelmeýän nokadyna tarap bialaç ýöremäge mejbur bolýar. Ol dogduk gapysyndan esli daşlaşansoň eşeginiň boýnundan ýapyşyp duran Ýalkaba gözi düşýär. Ýalkap oňa uly bir umyt bilen seredýän ýalydy. Golaýyna baran oglan kakalygynyň gözlerinden hut şeýle manyny aňdy.

— Kakaň gal-aý diýmedimi? — diýip, gyssanyp sowal beren Ýalkap, näme üçindir ýylgyrýar.

— Kakam ýok ekeni. Bir ýere giden ýaly...

Ýalkabyň reňki üýtgän ýaly bolýar. Ol elini batly silkýär-de, gapdalyndaky ýylgynyň püründen eslisini goparyp agzyna salýar. Ýylgyn pürüniň bir bölegi onuň agzyndan sypyp ýakasyna dökülýär. Ýöne ol nähili hereket edýänini hem bilmän agzyna düşen pürleri welin mazaly çeýneýär, gahar bilen, ýigrenç bilen çeýneýär. Ýylgyn pürüniň ajymtykdan turşy tagamy onuň agzyna zäk atylan ýaly edýär. Ol diliniň deň ýaryny görkezip, gazap bilen tüýkürýär. Çeýnelen ýylgyn pürüniň atylyp giden bir bölegi eşegiň çep gözüne baryp ýelmeşýär. Eşek kellesini silkende, uzyn gulagy Ýalkabyň

eline degýär. Eşegiň hereketi Ýalkabyň indiki etjek hereketine sebäp bolýar. Ol ädikli aýagy bilen eşegiň böwrüne, boýnuna, syrtyna depmäge başlaýar, depenini az görýan ýaly «Men saňa görkezerin! Me saňa! Al, gerek bolsa!» diýip, janagyryly kimin jabjynýar, paýyş-paýyş sögünýär.

Polat eşegiň näme üçin depilýändiginiň düýp manysyna düşünmeýär. Bigünä eşege oglanyň nebsi agyrýar.

* * *

Okuw tamam bolup, mekdepden çykylanda: «Saňa hat gelipdir» diýen Halbike mugallyma Poladyň eline bir bukja berýär. Hat kakasyndandyr öýdüp çak eden oglan, öýe ýetmäge-de howlugyp, ýoldaşlaryndan saýlandy-da, mekdebiň ýeňsesine aýlanýar. Hat Nurguludan däl eken:

«Gadyrdanym Poladym!

Bu haty saňa Gojugyň ak buludy ýazýar. Öz Ak buludyň ýazýar. Men seni ýitirdim, dostum. Nireden gözlejegimi-de bilmeýärin. Şäher töwereklerine-de aýlanýan. Şäherden aňryk bolsa geçip bilemok. Her gün diýen ýaly seni görmek üçin Gojugyň üstünden öwrüm edýän. Emma gabat gelmeýärsiň. Aşagrak düşübem seredýän. Sen ýok. Kakaňa-da seýrek gabat gelýän. Olam indi daşarda ýatmasyny goýdy. Size näme boldy? Ozallar diňe seniň keýpiň bozulanda meniň gözüm nemlenýärdi. Seni ýitirenim bäri bolsa meniň mydama aglasym gelip dur. Belki seň keýpiň ýokdugy üçin şeýle bolýandyr? Seni göresim gelýär. Men seni gözlemekden ýadaman. Biz duşuşarys. Hökman duşuşarys. Seni tapan günüm ikimiziňem bagtly günümiz bolar. Men seni tapjagyma, bagtly boljagymyza ynanýan.

Seni tapmaýany sebäpli aglasy gelýän Ak bulut».

Begenjinden ýaňa ökjesi ýeňlän Polat hatly bukjany elinde berk gysýar-da ýola düşýär. Ol köçe bilen barýarka-da, özüni gözleýän ak buludy görmek isläp, zol-zol ýokarsyna garaýar. Oglan haty mäjum edip gysyp barýan barmaklaryny ýazanda elinde bukja-da ýok eken, hat-da. Ol bolan wakanyň düýşdigine örän ökünýär.

Bolsa-da ol beýle düýşüň ýönelige görlen däldigi barada oýlanyp, çyrany-da ýakman, usullyk bilen daş çykýar. Ol bosagadan ätläp-ätlemän asmana seredýär, Ak buluda derek balkyldaşýan ýyldyzlara gözi düşýär. Hernäçe lowurdaşsalar-da müň ýyldyz birigip bir Ak bulудyň deregini tutmaýar. Poladyň göwnüni götermegi başarmaýar. Bolsa-da Polat ertirki güne nämut garamaýar: Sebäbi aglasy gelýän ak bulut ýöne ýere: «Ikimiziň duşuşan günümiz biziň bagtly günümiz bolar» diýip ýazan däldir.

* * *

Nartäç öýden çykanda başy aýlanyp, tas ýykylypdy. Jaýdan esli aralykdaky rulunda ýaş oglan oturan köneje «Žigulä» ýaplanyp duran Nurgulydy. Az salymyň içinde kän-kän çaklamanyň girdabyna çümen Nartäç näme etjegini bilmän, kürsäp ýene öýe girýär, çep eliniň süýem barmagyny dişläp durşuna oýlanýar.

Nurgulynyň bu oba, onda-da hut şu gapa gelip düşmeginiň maksady aýdyňdy. Içi gysyp, Polady görmek üçin gaýdandyr. Gelmesine-hä gelipdir welin, gelmekligiň soňy nirä deger? Iňňäni iner edip görkezmäge ökdelän käbir adam bu wakany eşidip, heşelle kakmazmy? «Ýalkabyň soňky alan aýalynyň öňki äri günde-günaşa, gapysyndan gelip duranmyş. Soňky gezek gelende Ýalkap bilenem garpyşypdyr ol. Öňki ärini gapysyndan getirýän bolsa, o heleýiň özüniňem oňly däldigi-dä». Şular ýaly gürrüňleriň ýaýrajagynyň bolsa ujy iki däl. Beýle gürrüňler gulagyna ilen Ýalkap näder? Gyzma Ýalkap, soňuny saýmagy başarmaýan Ýalkap, gödek Ýalkap Nartäjiň talagyny bermekdenem gaýtmaz. Şeýdäýse, bir ýyla ýetmän iki ärden aýrylyşan aýal iliň gözünden düşmezmi? Nämälim sowallar, howply jogaplar, bulaşyk çaklamalar Nartäjiň inini tikenekledýär, ony otdan alyp, suwa taşlaýar. Häzir az oýlanyp, tiz hereket edilmeli pursat. Ol öz abraýyny goramaly, il nämäniň-nämedigini aňmanka Nurgulyny yzyna atarmaly.

Nartäjiň howpurgamasy bir tarapdan dogry. Aýrylyşyp gaýdan aýalyň yzyndan öňki adamsynyň gelmegi ymmata sygjak zat däl. Ol ýagdaý gabahatlyk bolmaýanda-da, il ony şeýle hasaplar.

Nartäç gaýtadan daş çykanda, Nurguly eýýäm gara öýe tarap keýtikläp gelýärdi. Ol Nartäji görensoňam saklanjak bolman, edil alkymyna peýda bolýar.

— Nartäç, gurgunmysyň?

— Gurgun-la! — diýip, sandyraýan ses bilen jogap gaýtaran aýal gyssanýar. — Gurgun welin, sen näme üçin bu ýere geldiň? Saňa kim gel diýdi?

— Maňa gel diýen ýok, Nartäç. Gelmenem, gelmelem däl bu ýere. — Nurguly arkaýyn geplemäge çalyşsa-da, tolgunýandygyny gizläp bilmeýär. — Öten agşam bir ýaman düýş gördüm. Şoň üçin, biynjalyk bolup gaýtdym. Poladyň jany sagmy?

— Boljak iş bolansoň, beýdişip ýörmek gelşikli däl, Nurguly — diýip, Nartäç töweregine garanjaklaýar. — Beýdip ýörjek bolsaň, eýgiligiň üstünden-ä barmarsyň.

Nartäjiň öz aladasy, Nurgulynyňam öz biynjalyk bolýan ýeri bar. Aýalyň ýagdaýyna-da Nurguly düşünýär. Asyl Nartäjiň töwerege garanjaklap, sandyrap durşy ýagdaýyny kemsiz düşündirýär. Şonuň üçinem Nurguly:

— «Geçä jan gaýgy, gassaba ýag» etjek bolma-da, meň sowalyma jogap ber» — Men saňa Poladyň jany sagmy diýýän. Sen bolsaň... Öten agşam bir ýaman düýş gördüm.

— Poladyň, jany sag. Beýdip, görene göz bolup durma-da, eýwana bir çekil. Sen bir zadyň üstünden barmasaň ýagşydyr.

— Poladyň jany sag bolsa bolany! — diýip, Nurguly birneme ynjalýar. — Ýöne eýwana çekilip gizlener ýaly, men ogrulyk etmäge gelemok bu ýere.

— Ogurlyk edýäň diýemok-da, seň aladaňy edýän. Birden...

— Gorkuzjak bolma. Meň üçin gorkuly zat ýok indi. Ölümden beter zat ýokdur. Men şonam gördüm. Indiki ýaşap ýörenim artyk berlen ömür. Ýöne sen Polady bir çagyr daşaryk, ýüzüni görüp gideýin.

— Polat nä öýi alyp otyrmyşmy? Her gün irden okuwa gidýär ahyryn ol.

— Şu obaň mekdebi hanjada? — diýip, Nurguly Nartäji geňirgendirýär. «Ýok, indem mekdebi soraýan bolsa, bi diňe Polady görmek üçin

gelen däldir. Başga meýli bardyr», Nartäç günbatar tarapa elini salgaýar.

— Şu ýoluň öwrülýän ýerinden çepe gidäýmeli.

Jogabyň aýdylanyna mähetdel agyr göwräniň astyndaky pişek jygyldap ses edýär.

Nartäç gara öýe kürsäp girýär, durluk bilen söýäniň arasyndaky yşdan daşaryk jyklaýar. Nurguly münüp gelen ulagynyň ýanynda saklanýar. Ol özüni maşyna atýança demini alman diýen ýaly seredip duran Nartäç adam-gara sataşmanka, dost-duşmanyň gözüne ilmänkä, Nurgulynyň ýola düşenine begenýär. Ýöne onuň begenji uzaga çekmeýär. Aljyran Nartäç Nurgulynyň Gojuk obasyna däl-de, Poladyň okaýan mekdebine tarap ugrandygyny ýadyna düşürip, içerde özüne ýer tapmaýar, elewreýär, öňküdenem beter aladanyň astynda galýar:

— Mekdebe barjakdyr! — diýip, kimdir birine habar berýän ýaly gaty gepläp goýberýär.

Nurguly mekdebe barsa, elbetde, Polada sataşman gitmez. Sataşsa-da, oglan kakasynyň yzyna düşübermände-de, oňa ýaňadandan imriner. Bir duşuşygynda şony başarjak Nurguly, soň ýene geläýse nämeler etmez. Düýş görmek kynmyşmy? Ýorgana gireňde, nämäniň pikirini edip ýatsaň, şolam düýşüňe girer-dä. Şeýdip ol ýene düýş görer, düýş gördüm bahanasy bilenem ýene bu ýere geler. Şeýde-şeýde, ahyr bir sähetli gün Nurguly Polady yzyna düşürip alyp ötägitse? Il näme diýer? «Özi bir aýal şekilli aýal bolýan bolsa, agy-garany saýgarýan ogly yzyna gidermidi. Gep şol aýalyň özündedir. Ýalkabyňkam ozal-u-ahyr oňman geçjek». Nartäjiň çaklamasyna görä, il, ana, şeýle diýer. Ýalkabyň Polady sygrynmaýany görnüp duran zat. Polat gitse, Ýalkap begener. Ýöne Polat kakasy bilen gidäýse welin, Ýalkap Nartäji günertlär. «Men oň iýjegini gysganypmyşymmy, geýjegini gysganypmyşymmy? Men oňa git diýipmişimmi? Belaň körügi sendedir!» — Bu hem Ýalkabyň agzyndan çykjak sözler. Şonuň üçinem, her etmeli, hesip etmeli welin, Polat bilen Nurgulyny duşurmaly däl. Ýüz berilmedik gapa-da Nurguly zol-zol gatnap durmaz.

Gyňajyny hem başa atmagy unudan Nartäç haýdap öýden

çykýar. Ol uly jaýyň ýeňsesine geçende Nurgulynyň öz salgy beren öwrümine ýetip barýandygyny görüp galýar. Ol Nurgulydan öňürdip mekdebe ýetmeli. Ol uly köçäniň ugrunda sygyr sürüsiniň peýda bolup, Nurgulynyň ulagyny orta ýolda saklanyna begenýär, Nartäç mellekleriň içi bilen gönüleýär. Ol hem-ä gyssanýar, hemem del göze ilmejek bolýar. Çöp-çalamyň içi bilen ylgaşlap barýan aýaly gören adamlar näme diýerler? «Näme diýseler, şony diýsinler. «It üýrer, kerwen geçer». Zeruryýetlik bolsa, şu obaň heleýlerem ylgaýandyr». Nartäç ädimini ýygjamladýar. Ol üç-dört mellegi yzda galdyransoň, ak mekdebem görünýär. Mekdebe iki gyrasy tutly egrem-bugram ýol eltýär. Nartäç şol ýerde-de, ýola düşmän gönüleýär. Ol hem ylgaşlaýar, hemem mekdebe baransoň haýsy pirim bilen Polady synpyndan alyp çykmaklyk hakda oýlanýar. Bahana gytmy? «Daýylaryna gyssagly gitmeli boldy» diýer. Arakesmä gabat gelse-hä, hiç kime ýüz tutmaly hem bolmaz, ýalan sözlemegem gerek bolmaz.

Nartäç arakesmä gabat gelmeýär, Nartäç ýalan sözlemesiz bolmaýar. Wagt ýitirmezlige çalşan aýal iki tarapyndaky ähli gapylary ýapyk uzyn dälizden «3 A» diýen ýazgyly işigi derrew tapýar. Ol gapyny açmaýar-da, çalajadan tyrkyldadýar. Gapy açylýar, emma Nartäç ýüzüni galdyrman gepleýär:

— Maňa Polat gerekdi. Polat Ýazlyýew. Men şoň ejesi.

— Ejesidigiňi-hä bilýän welin, eýgilikmi beri, gyz? Mekdebe geler ýaly näme boldy, Nartäç?

Tanyş sese Nartäç ýüzüni galdyrýar.

— Wiý, Halbike, bi senmiň? Gowy bolaýdy asyl. Poladyň daýylaryna gaty gyssagly gidip-gelmeli bolduk. welin... onam ýanym bilen alyp gidäýsem diýýän...

Halbike Poladyň işi bulaşan daýysy hakda eşidipdi. Ol daýysynyň başga bir ýere äkidilýän bolmagam, Nartäjiň oglunam alyp, hoşlaşyp gaýtmak isleýän bolmagam ahmaldy. Şonuň üçin artykmaç sowalam bermedik mugallyma gapyny içinden ýapýar, yz ýanyndanam ýapylan gapyny Polat açýar. Edil ogly bir ýere gaçyp gidäýjek ýaly Nartäç onuň goşaryndan berk tutýar-da, mekdepden

alyp çykýar.

— Gatyrak ýöre!

— Gaty ýörär ýaly näme boldy, eje?

— Hany öýe bir baraly...

— Näme üçin?...

— Sorap durmasana, Polat jan. Näme üçindigini özümem bilemok.

Polat ädimini çaltlandyrýar...

Durmuşda aladasyz-gaýgysyz adamyň ýoklugy belli zat. Tükeniksiz ýaly bolup görünýän, emma her gününi ýyla öwrüp, ahyry soňy gelýän kyn işler tamam bolaýsa-da gutarmaýar, böwrüňe sanjylmasyny dowam edýär. Şol alada her öýüň, her adamyň başynda bar. Halbike sapak geçip duranam bolsa, häzir şol hakda oýlanýar. Ol käbir adamyň aýagyny gyşyk basanyny, ejizlemesiz ýerinde ejizleýşini bagyşlaýar. Emma Nartäjiň ýaňky bolşuna mugallyma geň galýar, entek onçakly göz ýetirmän çaklaýan günäsini bagyşlamaýar. Halbike Ýalkaba belet, şonuň üçinem ony rehim edilmäge mynasyp hasaplamaýar. Ýalkaba ýagşylyk etmäge gelen adamam onuň özünden üýtgeşik bolmaly däl... Ýok, sen birneme gatyrak gidýäň, Halbike. Sen Nartäjiň ozalky durmuşyna, aýrylyşyp gaýdan adamsynyň ýagdaýyna, aýrylyşmagyň sebäbine entek näbelet ahyryn. Belkem, Nartäç soňky kyn ädimini ätmäge mejbur bolandyr. Belkem, ony şeýtmäge mejbur edendirler. Belkem, seniň ýaramaz hasap hasap edýän Ýalkabyň onuň aýrylyp gaýdan adamsyndan müň paý gowudyr. Adam gowudan gaçyp ýaramaza ymtylmaz ahyryn.

Halbike ogluny yzyna tirkäp barýan Nartäji görjek bolup, penjireden daşaryk garaýar. Daşarda Polat bilen ejesi däl-de, ulagdan düşüp duran goltugy pişekli adam görünýär. Ýöne ol Nurgula ullakan ünsem bermeýär. Işi-derdi bilen aýlanyp ýören adam gytmy.

Esli mahaldan soň synpyň gapysy çalaja açylýar. Emma ýarym açyk gapydan ne biri girýär, ne-de biriniň göwresi görünýär. Mugallymanyň özi gapa tarap ýöremeli bolýar.

Işigiň agzynda duran aýnadan görnen pişekli bolup çykýar. Sapak gidip duransoň, Halbike ony uzak synlap bilmeýär. Bolsa-

da, daýaw adamyň boýnuny bir tarapa gyşardyp, ejizlän ýaly bolup durşuna mugallymanyň haýpy gelýär. Pişekli adamyň ýadaw ýüzüne gelşik berip duran ullakan gözleri aladaly görünýär.

Özünden üç-dört ýaş uludyr öýdüp çaklan adamyna:

— Size näme gerek? — diýip gysgajyk sowal berýär.

Nurguly hem gepi uzaldyp durmaýar:

— Maňa Polat gerekdi...

«Şu adam Poladyň kakasy, Nartäjiň öňki adamsy bolsa gerek». Halbikäniň aňyna gelen çaklama şu bolýar. Şonuň üçinem ol ýagdaýa düşündiriş berip durmaýar-da:

— Polat synpda ýok, agam — diýýär. — Siz maňa daşarda biraz garaşyň. Sapak gutaransoň, özüm ýanyňyza baraýaryn. Häzir men siz bilen gürleşip biljekgäl...

Halbike sapagyny dowam edýär. Ýöne sapak üns bilen okadylan öňki sapaklara meňzemeýär. Mugallymanyň ünsüniň bir bölegini Nartäç alyp giden bolsa, beýleki bölegi ýaňky pişek tyrkyldysynyň yzyna düşüp gidýär.

Durmuşda, her bir maşgalada her hili harasat gopýar. Nartäç näme üçin ogluny alyp gitdi? Onuň yzyndan pişekli adamyň Polady idäp gelmesi näme? Bu iki sany düşnüksiz hereketiň arasynda nähili baglanyşyk bar? Synpda sapak geçip duran mugallyma synpdan daşardaky şol soraglara-da jogap tapmak üçin aladalanýar.

...Mugallymlar otagynda okuw esbaplaryny goýan Halbike daşaryk gyssanýar. Ol mekdebiň gapysyndan çykan badyna, ýap boýundaky goja tuda söýget üçin elini diräp duran Nurgula gözi düşýär. Aralykdaky gysgajyk ýoly geçýänçä Halbike ol adamyň özüne berjek sowallary hakda oýlanýar. Mugallymanyň çaky dogry çykýar. Nurguly, göýä Halbikäniň çaklamasyndan daşlaşmajak bolýan ýaly:

— Polat nirä gitdi, uýam? Jany beri sagmy? — diýýär. — Häzir ol mekdepde bolmaly ahyryn.

Edil özi. Ýalan sözlemelimi? Ýok, ýalan-a sözlemeli däl.

— Polady ýaňyja ejesi alyp gitdi. — Halbike ýüzi agyr söhbetdeşiniň göwnüni götermek meýli bilen çalaja ýylgyrýar. —

Poladyň jany sag. Düýn bir bäşligem aldy.

Habar Nurgula hiç hili täsir etmeýär. Onuň şeýle bolandygyny Halbike Nurgulynyň ýüzünden okaýar. Pişekli adam Poladyň okuwy bilen däl-de, saglygy bilen gyzyklanýar.

— Jany sag bolsa bolany. Başga zat gerekgä maňa.

Şonluk bilenem iki sany nätanyş adamyň arasyndaky sowal-jogap gutarýar. Mugallyma dymýar. Ol pişekli adama näme üçin daşarda garaş diýenininiň manysyna-da düşünip bilmeýär. Asyl, ol garaş diýenine indi ökünýär. «Poladyň jany sag. Ony ejesi alyp gitdi» diýmek üçin bu bendäni garaşdyrmak nämä derkardy?» Mugallyma nätanşy ýene bir gezek başdan-aýak synlaýar. Özem, näme üçindir Nurgulynyň tuda ýapyşyp duran eline siňe-siňe seredýär. «Näme diýjekdim men? Näme sorajakdym?»

Birdenem mugallymanyň ýadyna salyp bilmedik sowallaryna Nurgulynyň özi jogap gaýtarmaga başlaýar.

— Meň adym Nurguly, jigim… Men siziň mekdebiňize täze gelen Poladyň kakasy bolmaly. Hakyky kakasy. Ejesi bilen aýrylyşdyk. Aýrylyşmagam, näme ykbal, nesibe işidir-dä. Ýogsam, beýtmel-ä däldik. Ýaňy Nartäjiň ýanyna barsam, Polat okuwda diýdi. Bu ýere gelsemem ýok. Nartäç diýýänimem Poladyň ejesi.

«Seň Nartäç diýýäniňi men tanaýan, agam».

Nartäjiň mekdebe gyssagly gelmeginiň, Polady çagyryp äkitmeginiň sebäbi Halbikä indi düşnükli bolýar. «Nartäjiň Poladyň daýylaryna gitmeli diýýänem ýalan eken. Ol meni näme üçin aldaýarka? Ýa maňa-da ynam etmeýärmikä?»

— Nartäç Polady nirä alyp gitdi?

— Onçasyny biljek däl.

— Polady näme üçin alyp gitdi?

Uly adamyň gömelteý sowallarynyň jogabyny Halbike bilýär. Asyl ol jogaplary Nurgulynyň özi-de aňmaly. Şonuň üçinem Halbike:

— Ony biljek däl — diýýär. Nurguly jogaba müňkürlik edýäne meňzäp:

— Hm-m! — edýär, soňam uludan dem alýar. — Öten agşam bir bulaşyk düýş gördüm-de... Ýogsam düýşe-zada uýup ýörenem-ä

däldim welin... Gara basdy öýdýän... Men Poladyň kakasy bolmaly, jigim. Bu töwerege gelip ýörmegem bir hili... Ýöne bir ýanynda Polat bolansoň, durup bilmedim-dä... Polat meň oglum... Perzent perzent-dä.

— Düşünýän — diýen Halbike oýa batýar: «Sen bagtly, dogan. Betbagtam bolsaň sen bagtly. Sen öz Poladyňy bu gün görmeseň ertir görersiň, bir ýerde diri gezip ýörendigine ynanarsyň, umyt edersiň. Men welin öz Poladymy ölýänçämem görüp bilmen görmäge umydymam bolmaz. Sen menden bagtly, dogan...»

— Meň Poladyň kakasydygymy nireden bilýäň? — diýip, Nurguly Halbikäniň ýüzüne geň galyp seredýär.

— Özüňiz aýdyp dursuňyz-a.

— Huşlaram dagaşyp ýör öýdýän. Asyl özüm aýdypdyryn-a. — Nurguly uludan ýylgyrýar. — Maňa «siz» diýip ýüzlenmesene, jigim. Şo söz ýigrenilýän adama diýilýän ýaly. «Sen» diýäýsene.

— Bagyşla — diýip, sada adamyň islegini kanagatlandyran Halbike-de ýylgyrýar. Şeýle hem Nurgulynyň açyklygy, gönümelligi onuň göwnünden turýar, ejiz oglan ýaly bolup durşuna nebsi agyrýar. «Şular ýaly adamy ýeke taşlap gaýdýan aýalyň ýüregi nähilikä?» Halbikäniň welin ýüregi düýpden başga eken. Herhal otuza etmedik gelin, egni agyr ýükli bolsa-da, boýy-syraty ýerbe-ýer ýigidi synlamak bilen entek özünde näzik zenan duýgusynyň ölmändigini hem aňýar.

— Sen Polady görermiň, jigim? — diýende, Nurgulynyň ýüzündäki ýylgyryş zym-zyýat bolýar. — Wah, öz aýajygy bilen oba-da baran eken welin... Nesibe-dä. — Ol pişegine seredýär. — Men, hut şol gün pişegimi oňartmaga şähere gidipdim-dä. Nesibe-dä. Ýogsam göresim gelip ýördüm ony... Sen görermiň Polady?

— Görerin. Näme aýtmaly? Men oň mugallymasy ahyryn.

— Aýtmaly zat ýok. — Nurguly goltuk jübüsine elini sokýar.

«Pul berjekdir welin, şony-ha gowşurmak ýeňil düşmez. Onsoň olam birden Ýalkabyň gulagyna ýetäýse...»

Emma Nurguly pul däl-de, dört eplengi kagyz çykarýar:

— Şuny Polada ber, jigim. Ejesi bilmese-hä kem bolmazdy.

— Bu näme?

— Adres bar şu kagyzyň ýüzünde. Ýene birki hepdeden meni şäher näsaghanasyna saljaklar. Aýagymyň ýarasy açyljak bolýa. Uzak ýatylmagam ahmal. Belki, Polat maňa hat ýazar. Ejesi bilse-hä ýazdyrmasa gerek... Hat ýazsa-da teselli boljak-da. Meň nä şondan başga daýanjym, guwanjym bamy?

Erkek adamyň agzyndan çyksa-da, soňky sözler birhili naýynjar bolup eşidilýär. Bolsa-da ol sözleriň manysyna dürs düşünen Halbike Nurgula duýgudaşlyk edýär, aýdylany tassyklap, yz-yzyna baş atýar.

Mugallyma bilen hoşlaşan Nurguly iň soňky gezegem:

— Uýam, meň gelenimi, mekdepde-de özüňden gaýry hiç kim bilmesin — diýýär. — Ýogsam, Nartäje-de...

Nurgulynyň aýrylyşyp gaýdan aýalyna-da gep-gürrüň ýetmegini islemeýänligini Halbike halaýar. Başga adam bolsa, gaýtam tersine etjek bolardy, aýrylyşan aýalyna ýamanlyk islärdi, şyltak atardy.

Halbike diňe bir Nurgulynyň Polada adres goýanyny däl, asyl onuň bu ýere gara bereninem adam ogluna aýtmaýar. Emma mugallymanyň syr saklanam, Nartäjiň görgi baryny göre-göre, ogluny öz kakasyndan gaçyrmasam biderek boldy. Täze okuwçynyň yzyndan bir aýagy ýok adamyň gelendigining habary şol bada mekdebe dolýar, ertiriň özünde-de Poladyň gulagyna ýetýär. Ol habaram oglanyň öňküsindenem beter içini gysdyrýar, kakasyny, dogduk mekanyny görmek höwesini artdyrýar. Ol gözüni ýumýar: Gojugy, Gojugyň üstünde saýawan ýaly bolup, howlukman aýlanyp ýören ak buludy göz öňüne getirýär. Bu gezek ak bulut diňe şumjarjak, diňe bir aglajak bolman, çyny bilen aglaýar. Ýöne näme üçindir ak buludyň ak damjalary gyzgyndy. Ýöne näme üçindir ol damjalar diňe Poladyň gabaklarynyň töwereginde, owalarynda özlerine orun tapýardylar...

* * *

Şu mahala çenli Halbike Polady öňe çykaryp, beýdip sapak soramandy. Şonuň üçinem mugallymanyň Poladyň jogabyndan soň: «Geliň, okuwçylar, täze ýoldaşyňyzyň kitap okaýşynam

synap göreliň!» diýmesi Polada geň habar bolup eşidilýär. Ol heniz okamaga başlamanka maňlaýy çygjarýar. Oglan mugallymanyň bu isleginden nähili netije çykarjagyny bilmeýär. Eger-de mugallyma täze okuwçysynyň harplary saýgaryşyny barlamak isleýän bolsa, ony okuwdan soň alyp galybam bilerdi ahyryn.

— Öz kitabyňy al-da, islän ýeriňi ok-aý!

Polat kitabyny almak üçin ugranda mugallymanyň ony başdanaýak synlandygyny aňýar. Ol partanyň üstünde ýatan edebiýat kitabyny alyp, yzyna dolanan mahaly kitabyň arasyndanmy ýa-da aşagyndanmy ýere gaçan suraty okuwçylaram, Poladyň özem görmeýär. Emma mugallyma gören eken. Ol ýuwaş ýöräp, Poladyň partasynyň deňine gelýär-de, suraty ýerden galdyrýar, kimiň şekilidigi bilenem gyzyklanman, Polada ýüzlenýär:

— Islän sahypaňy aç-da, okaber, Polat!

Polat mugallymanyň aýdyşy ýaly hem edýär Ýöne ol açan sahypasyndaky hekaýaty ahyryna çenli okamaly bolmaýar. Gabat gelen hekaýany säginmän okajakdygyna göz ýetiren mugallyma Polady gaýtadan synlaýar.

— Boldy, ýeriňe geç-äý!

Polat ýerine geçip oturan badyna-da, jaň bolýar. Partalar alaşakyrdy bolup, az salymyň içinde synp boşap galýar. Kitap-depderlerini ýygnaşdyryp duran Polat ýoldaşlaryndan yza galýar. Halbike mugallyma gyssanýana meňzeş däl. Ol Polada nazar aýlaýar-da:

— Hany, Polat, bärik gel! — diýýär. «Sapak gutaransoň, näme üçin çagyrýarka?»

Polat öňe geçensoň, mugallyma ýandepderçesiniň gatyny açýar-da, surat görkezýär:

— Bu kim? Kakaňmy?

— Kakam — diýip, sandyrawuk sesi bilen dillenen Polat esasy ünsüni surata däl-de, mugallyma gönükdirýär.

Halbike okuwçysynyň nazaryndaky sowala düşünýär.

— Bu surat ýaňy seň kitabyň arasyndan gaçdy. — Kakaň aýagyna näme boldy? — Öz ykbalynda bolan pajygaly wakany ýatlan mugallymanyň sesi tutuksy çykdy. — Ulag heläkçiligine

dagy uçradymy?

Polat jogap gaýtaranyndan soň, mugallymanyň ýüzüne geňirgenip seredýär:

— Siz onuň bir aýagynyň ýokdugyny nireden bilýäňiz? Bu suratda oň diňe göwresi görünýär ahyryn.

«Tutulaýdym öýdýän. Näme diýsemkäm? Nädip sypsamkam? Hany çykalga?» Birbada aljyrajak ýaly bolan Halbike derrew ýagdaýdan ugur tapýar:

— Surata düşüşinden çaklaýan. Seret, gyşarlybrak oturan ýalydyr. Onsoňam ejeň ikiňiz bu oba gelmänkäňizem siziň gürrüňiňiz edilýärdi ahyryn. Dünýäde pynhan syr örän seýrek bolýandyr.

Kakasynyň suratyny eline alan Polat oňa siňe-siňe seredýär. Emma onuň gyşarylyp oturandygyny görüp bilmeýär. Halbike mugallyma gaty synçy bolsa gerek...

* * *

Ýalkabyň gylyk-häsiýetine belet Halbike onuň Nartäç bilen agzybir ýaşajagyna ynanmaýar. Bu barada ol gaýry hiç kese dil ýarmasa-da, käte öz-özi bilen gepleşýär. Halbike Poladyň halyna biparh garap bilmeýär. Garagolluk edip janyny ýakýany bolaýmasa, Halbike üçin okuwçylarynyň hemmesi deň, alalamasy ýok. Wepat bolan ogly bilen atdaşdygy üçinmi ýa-da daş sypatynyňam göze gelüwliligi üçinmi, Halbike Polady görse keseki aýallykdan hossar aýala, mugallymalykdanam enelige öwrülýän ýaly bolýar. Birhili özünden erksiz, gereginden artyk hereket edýändirinem öýdýär. Mugallymany ýene bir zat haýran galdyrýar: Poladyň gözleri edil ýüzüne kakasynyň gözleri oturdylan ýaly şeýlebir meňzeş welin... Şonuň üçinem ol her gün irden okuwçysyna duşanda onuň kakasyna-da gabat gelen ýaly bolýar. Ilki görende-de Halbikäniň oňa pisindi oturdy. Poladyňam beýleki çagalardan tapawutlanyp duran ejiz keşbi ýok. Emma şol oglanyň ilki gezek synpa giren saparyndan bäri Halbikäniň kalbynda bir düşnüksiz duýgy peýda boldy. Ýa-ha ol duýgy, Halbike Ýalkaba belet bolansoň, kişi çagasynyň onuň eline düşüp, ibaly gün görmejekdigi bilen baglanyşykly döredi, ýa-da ýüregi ýuka ýalňyz naçaryň çaga

nebsi agyrdy. Ol duýgy näme sebäp bilen, nähili ýol bilen döränem bolsa, Nurguly mekdebe gelip-gideli bäri hasam güýjedi. Tut agajyna ýaplanyp duran Nurgulynyň keşbi onuň göz öňünden gitmeýär. Mugallyma synpa girýän pursadam ilki gözüne ilýän Polat, synpdan çykyp, ýolda-yzda gabat gelse-de ünsi şonda. Emma aradan esli mahal geçse-de, Nurgulynyň ogluna goýup giden kagyzyny welin, Halbike okuwçysyna gowşurmaýar. Sebäbi Nurgulynyň Polada hat goýup gidendiginiň, ony hem Halbikäniň gowşurandygynyň habary Nartäje ýetäýse, nähili bolar? Garyndaşsumak bolup ýörensoň, Ýalkabam Halbikeden gaty görmezmi? Ol şeýle. Ýöne birdenem Halbikäniň çaklamalaryndan has duýplüräk bir ýagdaý ýüze çykýar.

Sapak gidip durka gapy batly açylýar-da, Ýalkabyň:

— Hany, bärik çyk! — diýen haýbatly sesi synpa dolýar.

Rejäniň geň däldigini Ýalkabyň gany gaçan meňzinden aňan Halbike dälize çykýar-da, daşyndan ýapan gapysynyň açylaýmagyndan howatyr edýän ýaly, oňa arkasyny berip durýar.

— Saňa näme gerek, Ýalkap?

— Maňa zat gerekgäl. Zat saňa gerek ýaly. Seň bilen şu ýerde gürleşmelimi ýa derektriň ýanynda?

Ýalkap aýagynyň üstünde sagdyn dursa-da, gepi-sözi ýerinde bolsa-da, Halbike onuň içgilidigini aňýar. Ýogsam her niçigem bolsa, her süssenekläp gelen sapagy bölmeli däldi.

— Sen öz akylyňdamy, Ýalkap? Sapak gidip dur ahyryn?!

Ýalkap dodaklaryny ýalaşdyrýar, Halbike bilen ýüzüni kesä sowup gepleşýär.

— Seň sapagyň bilen meň işim ýok, ýoldaş mugallym. Meseläni çözmeli.

— Sapak meňki däl, hemmäniňki.

— Sapagyňy böldürmejek bolsaň, oňluja gezmeli ekeniň.

— Beý diýdigiň näme bolýar? — Halbikäniň gözleri hanasyndan çykaýjak boldy. — Agzyňdan näme çykýanyny bilýäňmi sen?

— Sesiňi gataltma, Halbike. Sen «Ogurlyk eden uýalmaz, üstüne gelen uýalar» diýenlerini etjek bolýaň. Men oňa ýol bermen. Meň adyma Ýalkap diýýändiklerini sen unutma.

— Men diňe seň adyňy däl, hyýallaryňam bilýän. Ýöne sen

meniň wagtymy alma.

Halbikäniň soňky sözleri tiken bolup janyna batan Ýalkap gözlerini süzüp gepleýär:

— Bilýän bolsaň, oňa ýetesi zat ýok. Bilýän bolsaň, ikimiz egri oturyp, dogry gepleşeli.

— Men oňa taýyn. Ýöne sapakdan soň gepleşmeli bolar.

— Ýok, häzir gepleşmeli! — diýip, Ýalkap kejirligine tutýar. — Hut şu mahalyň özünde. Men seň bilen sapakdan soň gepleşmek islän bolsam, sapakdan soň gelerdim.

Halbike gapyny jalkyldadaga-da içerik girmäge meýillenýär, birdenem, yzyndan kürsäp synp otagyna urup barýan Ýalkaby göz öňüne getirýär. Mugallyma bilen «guýruktutdy» oýnap ýören uly adamy gören okuwçylar näme diýip, näme aýdar? Durmuşyň maýdaja oýunlary oýnalanda käte özüni utýançy hasap edýän Halbikäniňki bu gezegem çüwýär, mugallymany kiçijik bir masgaraçylykdan halas edýär. Sapagyň gutarandygyny aňdyryp, jaň kakylýar.

Halbike ynjalan ýaly bolup, uludan dem alýar. Ýalkap, onuň tersine, jaňyň kakylany zerarly dişlerini gyjaýar...

Synp otagyndan okuw esbaplaryny alyp çykan Halbike, hernäçe özüne basalyk tapsa-da, gaharlydygyny gizläp bilmeýär, elleri sandyraýar, dodaklary tirpildeýär.

— Agşam gepleşäýseg-ä gowy bolardy, Ýalkap? — Mugallymanyň sesi ýasama-da bolsa mylaýym çykýar. Emma ýagşy sözem ýylany hininden çykaryp bilmedi.

— Agşam gepleşjek adam, mekdebe gelmän öýünde oturardy! — diýip, Ýalkap hüňürdeýär.

Isleginiň paşmajagyna ymykly göz ýetiren Halbike şondan soň artykmaç ýalbarjagam bolman, daşaryk ýönelýär Ýalkap hem onuň yzyna düşär.

Arakesmä çykyp oýnaşyp ýören oglanlardanam esli daşlaşylansoň, Halbike aýak çekdi-de, Ýalkabyň ýüzüne dikanlap seredýär:

— Ine, Alynyň ala meýdany! Halys ýürege-bagra düşdüň. Gaýgyrma-da aýdyber aýtjagyňy.

Ýalkap aýtjak sözlerine öz daş görnüşi bilen hem agram bermek isleýän ýaly, ýüz-gözüni kürşerdýär, gury dodaklaryny ýalaşdyrýar, maksatsyz ýogyn-ýogyn ardynjyraýar:

— Men gepi uzaldyp oturmaýyn, Halbike. Sen öz ugruňa gez. Eger etseň-ä şeýt. Kişiň işine goşulma. Bolmasa-da... — Ol bolmadyk ýagdaýda etjek işini aýtman goýýar. Ondan nähili netije çykarsaň çykaraýmaly.

— Gepläber, çekinme.

— Gepläbersem, sen näme üçin Nurguly bilen duşuşdyň? Näme indi ol saňa menden ýakyn boldumy? Öz garyndaşyňdan has eziz boldumy? Şoň üçin duşuşdyňmy?

Halbike, dogrusy, Ýalkabyň tutan adynyň kimdiginem häzir aýyl-saýyl edip bilmänsoň:

— Nurguly diýýäniň kim ol? — diýýär.

— At oýnatma, ýoldaş mugallyma! At oýnatma! — diýip, ýaňsylan Ýalkap sandyraýar. — Nurgulynyň kimdigini saňa men aýtmaly däl. Ony özüň gowy bilýänsiň. Ýykylaýmasyn diýip maşyndan goltuklap düşüreňde tanaýaň, pişegini goltugyna bereňde tanaýaň. Hasabat okamaly pursat gelende-de tanamadyksyran bolýaňmy? Sen bi adamlary akmakdyr öýdýäňmi? Akmagam bolsam, seň çak edişiň ýaly boýdan-başa akmak däldirin.

«Pişek» sözi iki hepde mundan ozal mekdebe gelen nätanşy Halbikäniň ýadyna salýar. Ýalkabyň duşuşyk diýýäni çyn bolsa-da, soňky aýdýanlary ýalan. Eger gerek bolaýan bolsa, Halbike maýyp adamy göterip ulagdan düşürmegem, onuň pişegini goltugyna bermegem kiçilik bilmez. Ýöne Ýalkabyň hut şol sözlere aýratyn basym bermeginiň manysyna welin, mugallyma düşünmeýär.

Halbike bir zat diýjek bolýar, emma Ýalkap nobat bermän gepleýär:

— Sen näme matlabyň bar bolsa, aýdaý. Meň heleýimiň yzyna düşüp gelen oglany azdyrjak bolýaňmy? Baş üstüne! Şeýdip, maňa ýamanlyk ederin öýdýäňmi? Baş üstüne! Şeýtseň, gaýtam, men saňa minnetdar bolardym, halat-serpaýam ýapardym...

Halbikäniň sesi sandyraýar:

— Boş ýaňrama, Ýalkap. Çaky bardyr herki zadyňam...

— Men boş ýaňraýanlardan däldirin. Sen ol pişeklini biziň işigimize-de eltipsiň. Meň maşgalamy bozjak bolýaňmy? Bilip goý, maşgalam bozulaýsa, ähli zady senden görerin. Niýetiň oňly, päliň düzüw bolsa, ony näme diýip gapymdan eltýäň? Matlabyň näme? Nartäji azdyrjak bolýaňmy? — Şonuň yzy bilenem ol tüýs ejiz erkekleriň tapaýýan gepiniň üstünden bardy. — Ony giderip nä özüň maňa heleý boljakmy, ä?

Ýalkap hut şol soňky sözleri aýtmak üçin Halbikäniň gözlegine çykan ýaly, gepine dyngy berýär-de, gaharyny ýere-de siňdirmek isleýän ýaly ökjesine agram berip garasyny saýlaýar.

Halbike jogap gaýtarmaga-da ýetişmeýär. Ol diňe Ýalkabyň yzyndan pyşyrdap galýar:

— Saňa heleý bolar ýaly meň nä aýallyk buýsanjym ýokmuşmy?

Mugallymanyň gözlerine sowuk ýaş aýlanýar.

* * *

Halbike Ýalkaplaryň işigini kesip geçensoň, öýüne girjek bolup açaryny gözläp durka, onuň şu mahal geljegine garaşyp duran ýaly gapysyna çykan Nartäç elini salgaýar-da, ony öz ýanyna çagyrýar. Öýe girip, görkezilen ýere geçen Halbike içerini ilkinji gezek görýän ýaly myhman nazary bilen töwerege göz aýlaýar: içeri mazaly tertibe giripdir, goş-golamlar rejelenipdir.

— Seň bilen ikiçäk gürleşjek bolup ýördüm, Halbike.

Halbikäniň özi hem edil şeýle pikirde bolansoň:

— Aslyň palçy-ha däldir-dä?! — diýýär.

— Düşen günüm şu bolsa... — diýip, Nartäç ýüzüni aşak salýar. — Düşen günüň şu bolsa, palçam bolarsyň, gurrandazam. Aýtmasaňam, bilýän. Seň gapydan geljegiňi syzyp ýördüm. Men hemme zatdan habarly, Halbike.

— Onda sen öňňin dükanyň ýanynda bolan wakanam bilýäňdä? Polat aýtdymy?

— Ýok, başga kişiden eşitdim. Polat olar ýaly zatlary menden gizleýä...

«Dükanyň ýanynda bolan waka-da» Ýalkabyň hereketi bilen baglanyşyklydy. Ol oýnap ýören oglanlaryň ýanyna baryp, Poladyň

Ilhanyň boýnuna hopba bolup müneni üçin ogluna agzyndan gelenini diýipdir. Elbetde, ol Ilhana käýýän bolupdyr, emma gepiň özüne gyşardylanyna düşünen Polat bir gyra çekilipdir. Netijede, Polat «oýny bozan bozgak» adyna galypdyr.

— Oglan-uşagyňam işine goşulyp başlady — diýip, Nartäç dowam edýär. — Polat üçin şeýdýä. Men düşünýän. O dagy hiç, dogan. Bu tünekde gopup ugran harasat hasam güýjedi. Nädip bi beýle boldy, asyl men akyl ýetirip bilemok. Ýag ýaly adamdy, dili süýji, gözleri gülüp duran adamdy...

Halbike Nartäjiň gözlerine garaýar. Onuň gözlerinde ökünç, ahmyr alamatlary görünýär.

— Sen ykbala ynanaňok, Halbike. Men ynanýan. Meni Nurguly bilen ykbal duşurdy, aýranda-da ykbal aýyrdy, Ýalkaba sataşmagyma-da ykbal sebäpkär. Ýöne men özümem şol ykbaldan gaça durjak bolmadym, gaýtam, onuň golaýlaşmagyna itergi berdim. Bir garrymyz bardy welin: «Nikany el bilen gyýsaň, port bolar, durmuş gyýsa, berk bolar» diýerdi. Gaty dürs aýdylan gep eken. Arman, men şol sözleriň asyl manysyna gaty giç düşündim. Asyl durmuş diýilýän zadyň bir karam tarapy bar ekeni — dana sözleň manysyna ýalňyş ýoldan ýöräniňden soň düşünýän ekeniň. Büdremänkäň nepi degmejek bolsa, dana söz nämä derkar. Aý, boljak iş boldy. Ýürejigimi aýtsam, Halbike jan, bu betbagtlyga özüm günäkär. Sen şoň sebäbini bilmek isleýäň. Nämä gerek? Ine, bildiňem-dä, bileňde näme? Özüň şuň ýaly ýalňyşy gaýtalamazlygyň üçin gerekmi? Gorkup oturma, durmuşda bir meňzeş iki ýalňyş bolmaýa. Her kimiň öz ýalňyş ädim urşy bolýar ekeni. Men öz ýalňyşyma indi düşündim. Bu tünege meni öz ädimim getirdi. Ýalňyşyň iň ýowuz jezasam — ýalňyşyňa düşünmek ekeni. Seň Ýalkaba nähili ýol bilen sataşyp ýörenimi bilesiň gelýändir. Şoňa ilki sataşan günüme nälet! Ýalkabyň daýysy biziň obamyzdan. Özem duldegşir goňşymyz. Gowy adamdy. Oba sylaýardy. Ýalkap daýylaryna gezmäge barardy. Ýygy-ýygydan. Goňşy bolamyzsoň ol biz üçinem Ýalkap ýegendi. Onuň görk-görmegini-hä özüň bilýäň. Ol mahallar-a tüýs men diýen mahaly. Görmegeý ýigidem gyz-

gelniň gözüne ilegen, garagyna çöp atagan bolýa. Ony saňa men aýtmaly däl. Özüňem gelin bolmasaňam, gädikden garansyň. Menem bigörk däldim. Ýalkap her gezek gezmäge baranda deň-duş joralam «Ýegen oglan-a tüýs saňa mynasyp!» diýip, hyşy-wyşy edýärdiler. Dogrusyny aýtsam, ol hyşy-wyşylar gulagyma kemem ýaranokdy. Şol owadan ýigide taý edýän bolsalar, özümem görmegeýleň hatarynda bolmalydym. Ýalkap ýegen obasyna gaýdanda gynanyp, ýene gezmäge gelerine howlugýardym. Meňem oňa göwnümiň bölekdigi Ýalkabyňam gulagyna ýeten ekeni. Ýöne men ony giç bildim. Şony bilen günüme-de nälet! Gepiň keltesi, Halbike jan, ykbal meni Nurguly bilen çatdy. Onam sen eýýäm tanaýaň, öz agzyňdan eşitmesemem göreniňi bilýän. Nesibedir-dä, bir gezek atam öýüne baryp gaýtmaly boldum welin, gör-ä bolýan zady, Ýalkap ýegene gabat geldim. Indi utanyp-ýygrylyp durmaly däl, salamlaşdyk, aýak çekdik, gürleşdik. Ol-a öýlenen, menem durmuşa çykan, ikimiziňem ýüzümiz açyk. Nurguludan göwnüm bitinem bolsa, Ýalkaba sataşamda ýüregim jigläp gitdi. Ýogsam, nesip tartyp, garamatyň birine atylansoň, ýüregiňi jigledip ýörmelem däl welin. Aý, garaz, gyzka, ýigitkä göz bilen garaşan iki adam söz bilen sözleşmäge durdy. Özem, ozal geplemezek, utanjaň gyzyň durmuşa çykansoň ýüzi açylýar eken. Ýalkap erkekligini edip, gödegräk sorag berse-de, çeke durmalydyram öýtmän, gaýtam ondan rüstem gelmäge synanyşdym. Şeýdibem hetden aşdym. Öňürti Ýalkap başlady.

— Obany başgalaýan ekeniň, Nartäç! — diýýä.

— Ahyr bir gün başgalamaly-da! — diýýän.

— Ýeri, onsoň, düşen obaňdan razymyň? — diýýä.

— Razy bol-bolma, nesibämdir-dä! — diýýän. Men näme üçin şeý diýenmiň manysyna şo mahal ünsem bermändirin welin, häzirem akyl ýetirip bilemok. Nurgulynyň görki-görmegi Ýalkabyňkydan pesräk diýäýmeseň, akyl-paýhasy, adamçylygy, mertligi belent eken. Aý, çig süýt emen adam durmuşyň alyna aldanasy gelip duran bolmaly-da. Arman, men bu zatlaraindi göz ýetirýän... Meniň gaýtarýan jogaplarymyň ýerliksizdiginden Ýalkap şo bada peýdalandy. Ýadyma

düşýä aýdan sözleri: «Onyň nädogry, Nartäç. Ol oba razy bolmadyk bolsaň, nesibäňi başga obadan gözläýmeli ekeniň».

— Nesibäň haýsy obadadygyny näbiljek? (Wah, dilim kesilsin, ylaýym! Asyl, geçip barýan ötegçiň synyndan ýapyşýan özüm bolsam nätjek!)

Ýalkap meň döwtalaplygymdan ýene peýdalandy:

— Nesibäň ýazylaýmaly obaň bir ýigidi-hä öz aýajygy bilen üstüňe barýardy welin, näbileýin, gowusyndan gowusyny tapansyň-da.

Dogrusy, men Nurgulyny kemsitmek üçinem däl-de, Ýalkabyň ugrundan gopmak üçin:

— Gowudan-gowusyny-ha tapmadym welin, iki barmak maňlaýyňa ýazylýany bardyr-da — diýdim.

— Maňlaýa näme bilen ýazýalar? Hek bilenmi ýa-da hiç mahal bozulmaýan reňk bilen?

— O diýdigiň näme boldy?

— O eger sen garşy bolmasaň, öňki ýazylany bozaga-da, täzeden ýazaýmaly bor diýdigim-dä.

Edil şol wagt degerlije jogabyny beräýmeli welin... Ýalkap meň gözüme ertekilerdäki bedew atly beg ýigit bolup görünýä-dä.

— Iliň gepem-ä bardyr — diýen bolýan.

— Il ýaňky seň diýeniňi diýer.

— Men näme diýipmişim?

— «Maňlaýyňa ýazylany bardyr» diýdiň. Ilem şeý diýer-de, goýar.

Ähli bolan gürrüňi heçjikläp gaýtalap oturmaýyn, Halbike jan. Şol oýun-henek ýaly gürrüňiň yzy, gitdikçe çyna ýazyberdi. Boljak zatdyr-da. Ýogsam, ol başyna düşen bir töhmet belasy bilen iki ýyl türmede oturandygynam aýtdy-la. Men Hudaý tutmuş, gaýtam: «Är başy gowgaly gerek» diýen bolýan. Tüýs Hudaý gargan bolmasaň şeý diýermiň? «Türmä dogumly adamlar düşýämiş» diýip, gaýtam, Ýalkabyň agzyna gep salyp berýän-dä. Içimdenem: «Ynha, meň sataşan Nurgulym hiç mahal türmä düşmez — diýýän. — Sebäbi ol hem ýuwaş, hem gowşak. Asyl, erkek adam ýuwaş bolmaly däl, urup-ýykyp alybermeli». Garaz, men Ýalkaba ynandym. Ynanmaz

ýalam etmedi. Işleýän edarasynyň aladasy bilen gelýän diýen bolup, obamyzda ýygy-ýygydan görnüp başlady. Soňabaka-ha asyl, giden aýak yzyny şemal bozmanka gelip ugrady. Bir gezek delje sowgat getiren bolýa, ýene bir gezek ýuwan hat ýazan bolýa, garasaý... Şeýde-şeýde meň gözümi baglady, göwnümi awlady, keýpimi çaglady. Zat başyňy iýsin! Gelin-gyzlaň köpüsiniň başyna oýun getirýän şol zat, baýlyk dälmi? Içim tütäberýä... Ilhanyň nähili gabahat ýol bilen ejesinden alnyp galynanynam aýtdylar maňa. Ýalkap diýilýän adamda iman ýokdur. Arman, giç eşitdim. Indi meň hatamy düzetjek gümanyň ýok. Äre çykmak, heleý bolmak bazar söwdasy däl. Oň şeýledigine-de indi düşündim. Poladyň görýän gününem özüň bilýäň...

Halbike ýöne dymyp oturmajak bolup:

— Sen Nurgulyň şu gün-u-saba keselhana girýändigini bilýäňmi? — diýýär.

— Bilýädim — diýip, bir nokada seredip oturan Nartäç eşiden habaryna geňirgenmän dilleňýär. — Özem bir aýdanam kän ýatmaly bolaýmasa. Ýarasyny görkezmäge baranda lukman şeý diýen eken.

— Düýnde-şu günde giren bolmagam ahmal...

Seredip oturan nokadyndan nazaryny birden sowan Nartäç garaşylmadyk ýerden Halbikäniň ýüzüne gazaply garaýar.

— Sen o zatlary nireden bilip ýörsüň?! — Soň ol Nurgulynyň araky gelip-gidenini, Ýalkabyň ýap-ýaňyja turzan jenjelini ýatlady. — Wiý, ýogsa-da, Poladyň yzyndan baranda... mekdebe...

— Keselhana keselhanadyr. Az ýatar, kän ýatar, ölmedik adam ahyr bir gün çykar. Başga bir mesele bar, Nartäç. Men seňem ýagdaýyňa düşünesim gelýär welin... Sen Poladyň ykbaly hakda oýlanýaňmy?

Uzak dymyşlygy Nartäç pyşyrdy bilen bozdy.

— Oýlanamda men nädeýin?

— Oglanyň ýagdaýy barada men oýlandym, Nartäç. Gaty kän oýlandym. Enesem bolsaň, sen o hakda mençe bilýän dälsiň...

— Aýtma, bilseňem aýtma! — diýip, hortaň ellerini howada galgadan Nartäç ýalbarýan ýaly bolup dilleňýär.

— Men seň ýüregiňi çişirmäge gelemok. Hiç zat aýtmanam. Ýöne meni bu ýagdaýyň soňunyň näme bilen gutarjagy gyzyklandyrýar. Şo hakda gepleşeýin diýip ýördüm.

— Bu ýagdaýyň soňy bolmaz, Halbike — diýip, Nartäç uludan bir dem alýar.

— Ana, şolam meni gorkuzýar. Beýdibem-ä ýaşap bolmaz. Ahyry bir netijä gelmeli bolar.

— Şu görýäniňden gaýry netije bolmaýmasa. Belkem, bi zatlar meň etmişime ykbalymyň berýän jezasydyr.

— Beýle jogaby men seň ýanyňa gelmänem eşidip bilerdim, Nartäç. Men başga jogaba garaşýadym.

Nartäç şunça merdemsirese-de saklanyp bilmeýär, gözýaşyny süpürmeli bolýar.

— Men ähli ýerimem gömüp gaýtdym, Halbike. Doganym Ilbaşyňam pendini almadym. O neresse dyza çöküp ýalbardy. «Şu gabahat işi etme. Bir maýyp adamy taşlap gitme!» — diýip, janyndan syzdyryp töwella etdi. Töwellasyny almadym. Ýalkaba sataşsam, edil gyzylly halka elimi ildiräýjek ýaly ynsan oglunyň töwellasyna gitmedim. Şumat Poladyň elinden tutagada gapysyndan barsam, Ilbaşy maňa «Geleweri, dogan!» diýermi? Diýmez. Diýjek gümany bamy! Men Ilbaşa beletdirin, tutanyny kesendir.

— Belkem...

— Ýo-ok. Üstesine-de men öz etmişimiň agramyny bilýän. Özüm-ä jähennem welin, şu Polat... Oň kebzesi meň ýükümiň aşagynda ýagyr boljak-da.

— Oýlanyp gör.

— Başga çykalga ýok, Halbike jan. Çykalga gözläp, kän oýlandym. Tapmadym. Nä indi bu ýerdenem turup äre gideýinmi? Besdir. Çagam ýene bir gapyda «gelmişek» diýen ady götermesin. Polat bir many bilmez oglantak däl. Şoň üçin oňada agyr düşýä. Ol sesini çykarman, ähli zady içine salyp ýörendir.

Halbike Polat bilen Nartäjiň gözgyny durmuşy barada oýlanýan çaglary elmydama çykalga gözläp, baş urýan bir hyýalyny şu ýerde

aýtmagyň ýeri geldi hasap edýär:

— Öňki gapyňa dolanaýsaň nädýä? Belkem, şol gapy açylar? Belkem, iň gowy çykalga şo bolar? Türkmenler: «Bir ýazykdan är ölmez, bir ýazyksyz är bolmaz» diýýäler-ä...

Nartäç aýdylana düşünmedik ýaly ýa-da düşünenem bolsa ynanmazçylyk edýän ýaly, bir-ä Halbikäniň ýüzüne, birem bosaga tarap seredýär. Ýok, Halbikäniň ýüzünde, gözünde Nartäji barlap görjek bolýan ýaly alamat ýok. Onuň Ýüzi juda agras, synag etjek bolýana meňzemeýär. Şol sebäplem Nartäç:

— O diýdigiň näme boldy, gyz?! — diýip, gözlerini petredýär.

Halbike oturyşynam, sesinem üýtgetmeýär:

— Men gaty çynymy aýdýan. Şo hakda kän oýlandym. Oýlana-oýlana-da gelen netijämi dürs hasaplamsoň, saňa içimi dökeýin diýdim.

Maslahaty ýaňsylama hökmünde kabul edýän ýaly bolup, Nartäç ýasama ýylgyrýar:

— Kän oýlandym diýýäň. Meň bolsa, pikirim-zikirim şo, gije-gündiz şo bir pikir...

— Näme etsem diýýäň onda?

— O diýýäniň bolmaýa. Men Nurgula belet. Ýuwaşdyr, gowşagrak ýalydyr welin bir doňsa edil doňňara daşdyr. Sen oň bi ýere geleninden many çykarjak bolýansyň welin... Polat üçin gelendir. Ar-namysa gezek gelende ol ýuwaşam däldir, gowşagam.

— Gaty gowy-da. Menem şony diýýän. Araňyzda Polat bar ahyryn. Biriňizden biriňize imrinse bolýa-da.

— Ýo-ýok. Arkaýyn bol. Ýeke gepdir. Polady görse-hä pagyş-para erär, meni görübem gara daş ýaly doňar.

— Perzent...

— Onyň dogry. Perzent kän zada göz ýumdurýa. Ýöne men özümi Nurgulyň ornunda goýup görýän-dä. Olam wagtynda meň bilen kän gürrüň edipdi. Dogry, ýalbarmandy, dyza çökmändi. Ýöne ikimiziň ile ryswa bolmazlygymyz üçin kän-kän sözüni zaýalapdy. Indi ol eremez, Halbike, eremez...

Gürrüň gutardy hasap edilýär. Köp mahalky oýlanmasynyň şu

gün böwedini ýykan Halbike bitiren goşy bolmasa-da, ýerinden ýeňil gopýar.

* * *

Bu gün okuwyň soňky sapagy edebiýatdy. Halbike Polat bilen öýde ýa-da ýolda-yzda gepleşmän, synpda gürleşmegi ýüregine düwýär. Mugallymasynda şeýle bir hyýalyň bardygyny kalby syzan ýaly, jaň kakylyp, okuwçylar güpürdeşip synpdan çykansoňlaram Polat bir zada güýmenen bolup oturýar. Halbike-de özüne eglenmäge bahana tapynýar: synp žurnalyny açýar-ýapýar. Ol Poladyň klasda eglenmesiniň sebäbini bolsa öýlerine gitmäge höwesiniň ýokdugy bilen düşündirýär.

— Soňky gezek ýazan hekaýaň ýanyňda barmy, Polat?

Ýüzüni galdyran oglan turup gider öýden mugallymasynyň oturyşynyň arkaýyndygyny, gyssanýana meňzemeýändigini bilýär. «Edebi kružokda» ýazylan hekaýa bilen muň näme işi barka? Bäşlik alanym üçinmikä? Onda Sapar bilen Gülsenemiň düzmesini näme üçin soramadyka? Ýogsam, ol ikisem-ä bäşlik alypdylar».

Birnäçe gün mundan ozal edebi kružoklara gatnaşyp, köpçülikden saýlanan okuwçylary tomus aýlary uzak bir ýerlere iberjekmişler diýen gürrüň ýaýrady. Häzir hekaýasy soralanda Polat şol habary ýatlaýar. Halbike mugallyma tutuş synpda diňe Poladyň aladasyny edýäne meňzeýär.

— Bar.

— Hekaýaň gurnak ýolbaşçysyna ýarapdyr. Mugallymlar otagynda aýtdy. Menem göräýjekdim...

Edebi kružoga gatnaşýanlar «Adam hem tebigat» diýen temadan düzme ýazdylar. Kružok ýolbaşçysy okuwçylaryň fantaziýasyny, döredijilik ukybyny barlap görmek isledi. Mugallym Poladyň düzmesini iň şowly ýazylan hekaýa diýip yglan edýär.

Polat sumkasyndan çykaran depderini mugallyma eltip berdi. Halbike okuwçysynyň çeper görnüşli bolmasa-da, düşnükli hem endigan hat bilen ýazylan hekaýasyny okamaga başlaýar:

*Bir ýok eken däl-de, bir bar eken. Gadym zamanlarda bir oglanjyk bar eken. Özem sekiz-dokuz ýaşlarynda. Ýaşulular ony gowy görýärler, deň-duşlary ony sylaýarlar. Oglanjygyň dost-ýary kändi. Onuň ýaşaýan obasynyň edil demirgazygyndan uly derýa geçýärdi. Ýöne onuň raýşy gaty belent bolup, suwy gaty pesden akansoň, derýadan ekin-dikine nep ýok diýen ýalydy. Ýaşuly-ýaş kiçiniň gowy görýän oglanjygynyň bir dosty bardy. Olam gerek mahaly al-asmanda peýda bolýan bir bölejik Ak bulutdy. Şol ak bulut oglanjygyň emrine kaýyl bolýardy. Şonuň üçinem oglanjyk mahal-mahal obanyň hatar aralaryna aýlanyp çykýardy-da, haýsy agajyň suwsap ýapragy süllerip ugran bolsa, haýsy atyz, haýsy pel teşnelikden tebsirän bolsa ählisini belleýärdi. Şondan soň ol ýerdäki ýagdaýy asmanda garaşyp duran ak buluda habar berýärdi. Ak bulut obanyň üstünden öwrüm edýärdi, nirä, näçe gerek bolsa, suw sepeleýärdi. Göteren suwy azlyk etse, ak bulut derýanyň giň aýlawynda aşak çökýärdi-de, ýene suwdan ýüklenip, asmana göterilýärdi. Şeýdip ak bulut obanyň üstünden öwrüm yzyna öwrüm edýärdi welin, ekinler gök öwsüp, daragtlar başlaryny galdyryberýärdiler. Oglanjygyň özem suwsan çagy, agzyny ýokaryk tutup, şol buluduň damjalary bilen teşneligini gandyrýardy. Ýöne geň zat bardy. Obanyň ýokary çetinde ýeke öýli bir adam ýaşaýardy. Onuň aýalam ýokdy, çaga-çugasam. Ol adam aýallary, çagalary, aýratynam oglanjyklary ýigrenýärdi. Ana, şol adamyň ekin ýeri elmydama çaňap ýatyrdy. Biten ekinem suwsuzlykdan ýaňa eýikmän, göýdügip galýardy. Ekin-dikine nebsi agyrýan oglanjyk şunça yşarat etse-de, şunça ümlese-de, ak bulut ol adamyň mellegine asla suw sepelemeýärdi. Onuň sebäbinem oglanjyk ol adamyň çagalary halamaýanlygyndan görýärdi. Melleginde gök bitmeýän, agaç gögermeýän kişini bolsa oba adamlary sylamaýardylar, ony öz hatarlaryna sygdyrmaýardylar. Özüňi sylatjak bolsaň ekin ekmelidi, agaç oturtmalydy, ekin-dikiniň önüminden çaga-çugalara, garry-gurtulara dadyrmalydy. Ykbal*

*oýnunyň şerti bilen günleriň birinde oglanjyk öz dogduk mekanyny terk edip, başga oba göçüp gitmeli boldy. Emma ak bulut welin, oglanjygyň wepaly dosty bolsa-da, öz ilini taşlap gidýäniň yzyna düşübermedi, öz dogdyk asmanynyň çäginde galdy. Oglanjygam ondan gaty görmedi. Çünki, Ak bulut mamlady, müň keren mamlady. Ýöne, egrem-bugram ýol bilen ugran oglanjyk tä gözden ýitýänçä şol ak bulut, aýralyga gyýlyp, aglasy gelýän ýaly çygjaryp duran ak bulut gollaryny galgadyp ugratdy. Başga oba düşen oglanjyk mydama şol ak buluduň şypaly damjalaryny küýsedi. Emma ak bulut alysda galypdy. Şonuň üçinem oglanjygy mydama teşnedi, agzy kepäp, dodaklary çaňap durdy. Şonuň üçinem oglanjyk aglasy gelip duran ak buluda sataşmagyň arzuwyndady. Mydama arzuwyndady. Durmuşda hemme edilen arzuwam amala aşmaýardy. Ýöne oglanjyk welin öz esasy arzuwynyň amala aşjagyna, Ak buludyna sataşjakdygyna ynanýardy, Ak bulut bilen duşuşjak gününi bagtyýarlyk güni hasaplamakçydy».*

Hekaýany okap bolan mugallyma ýagşy-ýaman söz diýmeýär. Gaýtam tas onuň özi aglasy gelýän ak buluda öwrülipdi.Birdenem Halbike aglasy gelýän ak bulut bilen oňa intizar bolup ýören oglanjygy ýadyndan çykaran ýaly:

— Polat, öýüňizde ýagdaý nähili? — diýip goýberýär. Ol sowalynyň ýerliksiz bolandygyny Polat ýüzüni galdyrandan soň duýup galýar: «Ýeri, sen olaň ýagdaýyna näbeletmiň? Bilýän zadyňy soramak adamy oýnamak ýaly bolmazmy?» Halbike öz-özüne gyjalat berýär welin, okuwçysynyňkam onuň üstüne urna bolýar:

— Ýoldaş mugallym, siz biziň ýagdaýymyzy bilýäňiz ahyryn...

«At oýnadan bolmaň näme diýdigimikä bi? Şony diýenem bolsa oglan mamla. Ol dogry, ýöne menem gürrüňi bir zatdan başlamaly ahyryn».

— Ejemiň maňa nebsi agyrýar, meňem ejeme nebsim agyrýar. Il-günüňem biziň ikimize-de nebsi agyrýar... Ýalkap daýynyň bolsa hiç kime nebsi agyrmaýar.

«Kaka däl, Ýalkap daýy. Daýy diýenine-de şükür etmeli!»

— Meni bagyşla, Polat... Meň sowalym, birhili... — Soň näme

diýjegini bilmedik mugallyma dowamly dymýar. — Bu ýagdaýdan bir çykalga-ha gözlemeli bolar, Polat.

Ýüzüni aşak salan Polat eginlerini gysýar.

— Ä, Polat?

— Bilmedim men-ä.

— Sen okamaly, öwrenmeli, Polat. Şu mahal seň tüýs gor ýygnaýjak wagtyň bolmaly.

— Bilýän.

— Okamak, öwrenmek üçinem ýagdaý, mümkinçilik gerek.

— Onam bilýän...

Aýtmaly gepiniň iň aýgytly ýerine ýetende mugallyma özüni çapuwa taýynlaýan ýaly dikeldi, ykjamlanýar,eginlerini ýazyşdyrýar, iki eliniňem barmaklaryny bir-biriniň arasyndan geçirýär, çalaja ardynjyraýar.

— Bolmasa, seni şäherdäki mekdep-internata ýerleşdiräýsek näderkä, Polat?!

Habarynyň özenini aýdan Halbike okuwçysynyň ýüzüne dikanlap seredýär. Poladyň maňlaýynda ownujak der damjalary peýda bolýar. Oglan möňňüriberer öýdüp, mugallymanyň janynda jan galmaýar. Emma kynlyk bilen özüni dürsän Polat, ýüzüni galdyrmasa-da gepleýär:

— Şäherdäkem şular ýaly mekdepdir-dä. — Ol ýeňi, bilen maňlaýyny süpürýär. — Mekdep üýtgäni bilen...

— Onyň dogry, hemme ýerde-de mekdep mekdepdir, ýöne obanyň bolgusyz gep-gürrüňlerinden daşrakda bolardyň-da. Herhal şäher şäher-dä. Şäher ýeri maýda-çüýde gep-gürrüňden sapmyka diýjek bolýan.

— Her ýerde okasamam şu obaň adamlarynyň maňa beren bahasy üýtgemez ahyryn...

— ?!

— Synpda ruçka ogurlanam men. Oýny bozýanam men. Nirä gitsemem...

— Onyň nädogry pikir, Polat. Sen aýtmasaňam, ruçkany kimiň ogurlandygynam bilýäs...

— Bileňizde näme? Barybir o zatlary menden görýäler-ä...

— Il gepine gulak gabartma. Hakykaty seň özüňden gowy bilýän ýok ahyryn. Şeýle dälmi? Bolany şol. Özüň bilseň bolýa. Ilem bu zatlaň anygyna ýeter dura-bara. Diýse-de, mugallymanyň, kalbynda başga pikir at salýar. «Muňam ýagdaýyna düşünýän. Türkmen: «Töhmet belasyndan saklasyn» diýipdir. Etmedigiňe edildi diýilse, edeniň ýüzüňe basylandan agyr degýär. Töhmet belasynyň oduna ýanmadyk adam barmy!» Halbikäniň özüniňem töhmet belasy netijesinde uklaman geçiren gijeleri bolupdy.

Polat mugallymany geň galdyryp, edilip oturylan gürrüňden daşlaşýar.

— Kakama hat iberjek boldum welin, ol keselhananyň salgysyny hatynda ýazman eken.

Sowal garaşylmadyk bolsa-da, Halbike ondan tiz çykalga tapdym hasap edýär, emma jogabynyň bulaşygrak bolanlygyndan bihabar galýar.

— Kakaň salgysy mende bar. Sen hatyňy maňa ber-äý, salgysyny özüm ýazaýaryn. — Birdenem ol hasabyny bulaşdyran ýaly sakynýar-da: — Ýene iki günden meň şähere gitmek aladamam bar — diýýär.

— Öz eline gowşurarsyňyzmy? — diýip, Polat, näme üçindir gaty gyssanyp soraýar.

— Ýok, öz eline-hä gowşuraryn diýip biljekgäl. Şäheriň poçta gapyrjagyna taşlaryn, geçip barýakam. Şo güni ýa-da ertiri hökman barar.

Polat kitabynyň arasynda gizlän hatyny alyp, mugllymasyna uzadýar.

Haty alanda Halbike bukja däl-de, Poladyň ýüzüne seredýär.

— Men senden kän mahal bäri bir zat sorajak bolup ýördüm, Polat...

— Soraň. Bilýän zadym bolsa...

— Eger-de kakaň saňa «Ejeň ýanyndan gaýdyp, meň bilen ýaşa, oglum!» diýse, näme jogap berersiň?

Poladyň gözleri ýanyp gidýär.

— Kakam şeý diýermikä?

— Bardy-geldi diýäýse.

Polat mugallymasynyň ýüzüne bu gezek juda ynamsyz seredýär, göwnüne geňeş salýar, bir haýukdan soňam geň jogap gaýtarýar:

— Ýaşaman.

Halbike beýle söze garaşmandy. Ejesi zerarly kyn güne uçran oglan, başyna inen muşakgatlardan sypjagyna gözi ýetip durka, asla ikirjiňlenmejek ýalydy. Emma mugallyma Poladyň çaga kalbyny gobsundyranam bolsa, Polat mugallymasynyň eden çakyny ödemeýär.

— O näme üçin?

— Men şu mahalam kakamdan geçmän, ejem bilen ýaşaýan. Eger gerek bolsa, kakam bilenem ejemden geçmän ýaşaryn.

— Hawa-da, aýry ýaşasaňam, ýüregiň bir bolsa, geçdigiň bolmaýa-da — diýip, Halbike okuwçysynyň aýdany bilen ylalaşýar.

Polat mugallymasyna mekir nazar bilen seredýär.

— Siz o sowaly näme üçin berdiňiz?

Halbike oglanyň ýüzüne göni seredip bilmeýär. «Tüweleme, çaga däl-de, özüňden birki ýaş uly ýaly. Gözleri akyldan ýasalan ýaly-da! Ykbaly şum gelen oglan!»

— Seň pikiriňi bilmek üçin soradym.

— Ýöne siz kakama hat ýazanymy hiç kime aýtmaň. Bolýamy?

— Aýtmaýyn welin, sebäbi näme?

— Ol adam eşitse, ýene ejeme-de, maňa-da azar berer. Haýdar agaň samanhanasynyň otlananynam menden görüp...

Polat yzyny aýtmak islemeýär. Emma mugallymanyň yzy kesilen habary eşitmese, ynjalmajagy çyndy. Şonuň üçinem:

— Ýagdaýy anyklajak boldumy? — diýýär.

— Hawa! — diýip, Polat ýaňsa aldy, birdenem partanyň, gapdalyna çykyp, balagynyň çep gonjuny uýlugyna çenli çekýär. Oglanyň budunda ýüzüne gan öýlen gögümtil tegmil görünýär. Bir hepde geçse-de, tegmil solgunlanmandyr. Diýmek, ol erbet urulmagyň alamaty bolmaly.

Halbikäniň ýüzi bu gezek gyrmyzy reňkini gaçyrýar, agarýar. Ol aşaky dodagyny dişläp, daşa öwrülýär, esli salymdan soňam:

— Urdumy? — diýýär.

— Depdi. Köwüşli aýagy bilen.

— Agladyňmy?

— Aglamadym.

Depilende aglanmadyk agynyň öwezini häzir Halbike doldurmaly bolýar.

Polat mugallymanyň gözlerinde ýaş peýda bolmagynyň sebäbine düşünmeýän ýaly oňa aňk bolup seredýär.

Ýerinden gopup turan Halbike Poladyň uýlugyna nädip elini ýetireninem duýman galýar.

— Agyrdymy? Wah, agyrandyr-la...

Polat sesini çykarmaýar, jalbarynyň gonjuny aşak goýberýär. Emma gök tagma çal matanyň aňyrsyndan Halbikä görnüp duran ýalý bolýar. Eglip duran Polat ýüzüni galdyranda, mugallyma bilen okuwçynyň göreji çaknyşýar. Şol pursat Halbike öz ýüreginde üýtgeşik bir mähir döränini hemem bir gyzgynlyk duýýar. Şol gyzgynlyk, howur onuň tutuş endamyna ýaýraýar. Şondan soň Poladyň uýlugyna gök tegmil salnan pursatdaky agyry-azar Halbikäniň bedenine şu mahal geçen ýaly bolýar. Ol örän aýylganç agyry eken. Mugallymanyň gözüniň öňi ümezleýär. Çal perdäniň aňyrsyndaky dumanyň içinde duran oglan indi oňa diňe bir öz okuwçysy däl, has golaý, mähriban çagasy bolup görünýär...«Sen nireden bu ýere düşdüň, çaga? Näme üçin ejeň seni başga oba alyp gitmedi, çaga? Meni gynamak üçinmi? Meň ýüregimi gobsundyrmak üçinmi? Meni ýakmak üçinmi, enelik duýgymyň oduny ölçermek üçinmi?» Älhepus, ol oduň güýçlidigini! Älhepus, oň ýakymlydygyny! Älhepus...

Halbike indi Polada sowalam berip bilmeýär, berjegem bolmaýar.

Halbike indi Poladyň ýagdaýyny soramanam bilýär.

Halbikäniň ýüregi indi Poladyň ýüregi bilen deň urýar.

* * *

Poladyň göwnüne bolmasa Halbike öňki mugallyma däl ýaly, hereketi-de, daşky görnüşi-de birneme özgeripdi. Ol bir hepdäniň içinde iki gezek şähere gidip geldi. Näme üçin gideniniň sebäbini-de hiç kim bilmeýär. Birdenem ol garaşylmadyk bir hereket etdi. Ýokary synpyň okuwçylaryna şäheriň taryhy ýerlerine syýahat etmekleri üçin

buýrulan uly awtobusda 5-6 adamlyk ýer boş galýar eken. Halbike mugallyma beýleki kärdeşlerinden öňürdip, müdiriň kömegi bilen şol boş ýerleri peýdalanmaly etdi. Ol oňat okaýan bäş sany okuwçyny syýahata alyp gitdi. Olaryň arasynda Polat hem bardy. Taryhy ýadygärliklere aýlanmagyň iň soňky nokady welaýat muzeýidi. Muzeýiň bir gapdalynda örän ir gurlan köne metjit, beýleki tarapynda-da täze gurlan kaşaň jaýly näsaghana bardy. Syýahata ýolbaşçylyk edýän taryh mugallymynyň ozaldan göz öňüne tutuşyna görä, syýahat gutaransoň okuwçylaryň isläni muzeýiň ýanyndaky aşhana girip, naharlanjagy naharlanyp, çaý-suw içjegi çaý-suw içmelidi. Garaz şol ýerden oba ugralmazyndan ozal syýahatçylara ýarym sagat gowrak boş bolmak mümkinçiligi döredilýärdi. Zyýaratyň ýolbaşçysynyň maksadyndan düýn habardar edilen Halbike mugallyma şol mümkinçilikden peýdalanmagy öňünden maksat edinipdi. Şonuň üçinem awtobus naharhananyň golaýyna gelip duran badyna ol gapdaldaky jaýa tarap ümleýär, şol jaýyň ikinji gatyndaky 211-nji otagyndadygyny, on bäş-ýigrimi minutdan kän eglenmän awtobusyň ýanyna dolanmalydygyny tabşyrýar. Ol elindäki içi zatly haltajygy hem oglana uzadýar: «Muny kakaňa berersiň». Her haýsy öz aladasy bilen gümra oglan gyzlardan Poladyň näsaghananyň gapysyndan girip gidenine üns bereni-de bolmaýar.

Näsaghana otagynyň gapysy aňyrsyndan uýala-gorka iteklenýän ýaly örän haýallyk bilen açylyp başlan wagty, pişegi diwara söýelgidi. Nurguly bolsa krowatynyň arkalygyndan ýapyşyp ýeke aýagynyň üstünde dik duran ýerinden otagdaky ýoldaşlaryna gyzykly bir zady gürrüň berýärdi. Mähriban perzendine, geler öýdüp asla garaşmaýan perzendine gözi düşen epeý adam gelen oglan bilen ýaşytdaşa öwrüldi, ýalňyz injigi sandyrady, giň jaýda dem almaga howa ýetmeýän ýaly boldy. Ol dünýäni, dünýäniň içinde özüniň bardygyny, hatda aýagynyň ýekedigini, ýöremegi üçin pişegiň zerurdygyny-da ýadyndan çykaran Nurguly ogluny garşylamak üçin oňa tarap ätläp göýberýär. Onuň gürrüňini diňläp, krowatdan aýagyny sallap oturan ýaş ýigit «Haý, duraweri!» diýip okduryldy, emma ýetişmedi.

Gapdala — ýok aýagynyň üstünde ýarym öwrüm eden uly göwre agdarylyp gitdi. Elindäki haltajygyny taşlan Poladam:

— Kaka! — diýip, öňe atylýar.

Ýaňagy biraz sypjyrylan Nurgulyny üýşüp ýerden galdyrýarlar.

Otagdakylaryň biri:

— Ogluňmy? — diýýär.

— Oglum-da! — diýip, ogly bilen ýaşytdaşa öwrülen Nurguly oglan ýaly bolup begençli jogap gaýtarýar.

— Pişegiňi almagy unudaýdyňmy, halypa? — diýip, ikinji näsag hem sowal berýär.

Nurguly mylaýym ýylgyrýar.

— Pişek däl, asyl aýagymyň ýokdugyny unutsam nätjek!

— Nädäýdiň-a, kaka?! — diýip, Polat sazanaklaýar

— Hiç zadam edemok — diýip, Nurguly ganjaran ýaňagyna elini ýetirýär. — Bi hiç-le oglum. Hany, şujagaş ýerde otur. Gel!

Polat ýanyna baryp oturansoň kakasy ony gujaklaýar.

— Ýüzüň sypjyrylypdyr, kaka.

— Aý, bý hiç-le! — diýip, Nurguly ýene ýylgyrýar. — Kakaň munça-munça ýarany göre-göre gelendir...Seni görmälime näçe wagt geçdi...Ana, şol ýara ýaman. Ol ýaňak ýarasy däl, ýürek ýarasy...

Şondan soň ataly-ogul bir-birege ses-üýnsüz seredip, ýylgyryryşýar. «Ýylgyrarlyk haly bolmasa-da, adam bende ýylgyran bolýa-da — diýip, Nurguly içini gepledýär, soňam öz-özüne düzediş berýär. — Näme üçin ýokmuş? Yzyňdan ogluň geldi. Şol näme ýylgyrmaga-begenmäge esas dälmişmi?» Ol içinden aýdanyny daşky ýylgyrmasy bilenem tassyklaýar.

— Hyýalymda hantama bolup garaşýadym. Ýöne gelip bilersiň öýdemokdym. Seňem ýagdaýyňa men düşünýän-ä...

Kakasynyň bu sözleriniň çar tarapyndan baryp gören oglan ondan dürli many çykardy. «Şu mahal, nä meni ejemiň ýa kakalygymyň rugsady bilen gelendir öýdýäňmi sen? Ýalňyşýaň. Kaka bolsaňam, men çaga däl-de, sen çaga, kaka. Ýok, sen sada däl-de, gowy adam bolanyň üçin şeýle pikir edýäň. Menem ejemiň ýagdaýyny

aýdybam, öz ýagdaýymy aýdybam seň ýüregiňi çişirmäýin».

— Ýagşy bolýaňmy, kaka?

— Meň ýagdaýym gowy-la. Ýene bir hepdeden çykarjaklar — diýip, Nurguly galkynyp jogap gaýtarýar. — Meň ýagdaýym gowy welin, siz nähili o ýerde?

«Muňa näme diýsemkäm? Gowy diýsem-ä, ýalan sözledigim bolar. Erbet diýsemem, kakam gynanar. Muň «siz» diýen sözüniň içinde diňe men däl, ejemem bolmaly. Adyny tutmasa-da, şol sözi diýmek bilen ejemiňem ýagdaýyny soraýar. Ejem nädip şu adamdan aýrylyp, başga ýerde ýaşap bilýäkä? Kakam gowy adam ahyryn. Muňa oň nebsi agyrmaýamyka?»

Kakasynyň krowatynyň gapdalyndaky tumboçka seredende Polat tisginip gidýär. Tumboçkanyň üstünde duran surat mekdebe gelen suratçynyň Polada beren suratynyň ekiz taýydy. Polat ol suratda tumşugyny ýokaryk tutup otyr. «Bu surat nädip kakama, onda-da keselhana düşdükä? Suratçy ikinji suratyň bahasyny kakamdan alandyr». Ol suratyň bu ýere düşmeginiň Polada näbelli taryhy bardy. Oňat okaýan okuwçylaryň suratyny almaga gelen fotoçy suratyň birki nusgasyny artykmaç alyp, gazanç edýärdi. Poladyň bolsa iki suraty satyn almaga puly ýokdy. Ýöne ýagdaýa şaýat bolan Halbike suratçynyň yzyndan çykyp gidipdi. Mugallyma puluny töläp suraty alandyr diýip çaklasa-da, onuň bu ýere gelip düşmesini welin Polat hiç zat bilen delilleşdirip bilmeýär.

— Muny kim iberdi? — diýip, Nurguly Poladyň getiren haltajygyna elini uzadýar.

«Ejem iberdi» diýen jogaby eşidesiň gelýändir welin... Ýok, men seni aldap bilmen, kaka».

— Halbike diýip, mugallymamyz bar...

— Synp ýolbaşçym iberdi diýäýsene!

— Sen ony tanaýaňmy? — diýip, Polat kakasyna geň galyp seredýär. — Nurgulynyň ýüzi üýtgän ýaly bolýar.

«Kakamyň ýüzi hasam ýagtyldy. Bu, näme boldugyka?»

— Men ony esli mahaldan bäri tanaýan, oglum.

— Ol gowy adam, kaka...

— Halbikä diýýämiň? — Nurguly edilip oturylan gürrüňi unudan ýaly alasarmyk ýagdaýa düşýär, soňam tumboçka tarap garaýar. — Özem gaty tap bilen gelin...

* * *

Halbike mugallymanyň özüni alyp barşynda bir üýtgeşikligiň bardygyny Polat aňýar. Şol üýtgetme-de özüni onuň bilen has-da ysnyşdyryp barýan ýaly. Poladyň ozalam okuwa höwesi az däldi, ýöne Halbike mugallyma ony mekdebe halys ýüpsüz baglaýar. Polat bir gezek «Durmuş öz döreden derdiniň ýanyndan dermanynam döredýär» diýen many okapdy welin, şol çyn eken. Durmuş Polady dogduk mekanyndan, bile oýnan deň-duşlaryndan, mähriban atasyndan jyda düşürýär. Emma Poladyň hut şu oba, onda-da Halbikäniň ýolbaşçylyk edýän synpyna gabat gelmegine näme diýjek!

Halbikäniň Polada, Poladyňam Halbikä beýle imrinmegi olaryň birek-biregiň hereketinden dürs netije çykarmaklaryna getirýär. Oglanyň baha kesişine görä, mugallyma keýpsizem bolsa, ony görse ýylgyrýar. Şeýle hem Halbike soňky mahallarda birhili aljyraňňylyk tapdy. Onuň bir aýdanyny iki gezek gaýtalamak häsiýeti ýokdy welin, şolam döredi.

Poladyň çaklamalarynyň gury ýerden däldigi şu gün has-da äşgär bolýar. Özem geň zat, şu günki gep hiç ýere barman, il-günden üzňe ýaly bolup oturan ejesinden çykýar. Ilhanyň yz ýanyndan mekdebe diýip ugrajak bolup duran Polady ejesi saklaýar.

— Synp ýolbaşçyňyz mekdepden gitjekmiş diýen gep bar. Sen şony eşitdiňmi, Polat?

Habara haýran galan oglan:

— Halbike mugallymamy?! — diýip, sowala sowal berýär.

— Synp ýolbaşçyň diýilse, şo bolar-da.

— Kimden eşitdiň?

— Il aýdýa.

— Nirä gidýämiş?

— Başga oba, başga mekdebe gidýämiş. «Boşadyň» diýip, arza berenmiş welin, biraz garaş diýenmişler. Halbikä derek bu ýerde mugallym gözleýämişler.

— Hemmesem «myş-myş» bolaýmasa.

— «Myş-myşyňam» soňy bir zadyň üstünden eltäýýä käte. Men şoň şeýledigini kän gördüm.

— Aý, men-ä eşidemok. Mekdepde-de beýle gürrüň ýok.

— Agşam ýanna baryp, gürleşip göräýsem öýdýän. Olam gidäýse bu obadan... Men şol gelni gowy görýän-dä, Polat. Näme üçindigini bilemok welin, gelen günümden bäri şony sulhum aldy. Olam gidäýse, men-ä hiç welin...

Ejesi dogry aýdýar. Halbike-de bu obadan gidäýse, Polada-da aňsat düşmez. Bu obada Halbikäniň ornuny tutup biljek adam ýok. «Ýöne näme üçin ejem «Men-ä hiç welin» diýýä? Bi indi öz aladasyny bir tarapa taşlap, dine meň aladamy edýämikä?»

Polat tä mekdebe barýança, eşiden habary hakda oýlanýar. Nirä gidýäkä? Näme üçin gidýäkä? Oglan uzynly günem şol sowallardan, gaýgydan aýňalyp bilmeýär. Okuwdan soňam ol sumkasyndan bir zat gözlän bolup, mekdebiň işiginde güýmenýär. Halbike mugallyma garaşýar, onuň gelýänini görübem, öňe ýörän bolýar. Mugallyma deňleşse-de, okuwçysyna lak atmady. Polat welin, tersine, ol hökman bir zatdan gep açar öýdüpdi. Şonuň üçinem okuwçy edebini saklap:

— Bir sowal bermek mümkinmi? — diýýär.

— Bir däl, on sowal ber, Polat!

— Okuwa degişli dälem bolsa, soraýaýynmy?

— Soraber — diýip, näme üçindir, mugallyma ýylgyrýar. — Okuwa degişli dälem bolsa, saňa rugsat berýän. Sora.

— Siz başga mekdebe gidýäňizmi?

Jogap Polady kän garaşdyrmaýar,ahyram geňirgendirdi.

— Gidýän. Senem alyp gideýinmi? Garşy bolmasaň.

«Oýun edýämikä ýa-da meni gaty çaga hasaplaýarmyka? Ýa bolmasa, aýdylýan «myş-myşlar» muň pikirinde-de ýokmuka?»

— Men çynym bilen soraýan, ýoldaş mugallym?

— Meňem oýnum däl, ýoldaş okuwçym. Eger gitsem, senem alyp giderin. Barjak mekdebimde-de oňat okaýan okuwçy bolmaly ahyryn...

Mugallymanyň soňky sözlerini-hä Polat hasam degişme hasap edýär. Diýmek, Poladyň ejesinden eşiden habary gybat bolmaly ýa-da mugallyma çynyny aýtmaýar.

* * *

Dynç güni näsag soramaga gelenleriň sany gaty kän eken. Şonuň üçinem Polat bilen ejesi boşamaly ak ýapynja garaşyp, keselhananyň dälizinde esli oturmaly bolýar. Oglan assyrynlyk bilen ejesine göz gytagyny aýlaýar. Ejesi örän keýpsiz görünýär. Asyl ol kakalygynyň birki günlük obadan gitmeginden peýdalanyp, Nurgulyny soramaga gitjekdigi barada öten agşam ogluna aýdaly bäri geplänok diýen ýaly. Ol şeýle bolmalydam. On ýyl töweregi bile ýaşalyp, öwrenişilse-de dörän ýagdaýdan, onda-da hut özi sebäpli dörän ýagdaýdan soň Nurgulynyň gözüne görünmek Nartäç üçin elbetde aňsat däl.

...Näsaglar otagyna çenli galan bäş ädim ýol Nartäç üçin ejire öwrülýär, ysgyny gaçan ýaly bolýar. Ol ýoluň ejesi üçin juda ejirli ýol bolmalydygyna Polat hem az-kem düşünýär, ýöne ejire düşünmek bilen ejiri öz gerdeniňde çekmegiň tapawudy kän «Kakam näderkä?» Onuň ogluna sataşanda tolgunyşy ýaly ýagdaýyň, gaýtalanmajakdygyny-ha Polat çaklaýar. Ýöne otaga girilende Nurgula derek Nartäç tolgunmaly bolýar.

Düýnden bäri gabagyny galdyrman diýen ýaly ýören Nartäç bosagadan içerik ätlän badyna «Hiýh!» edip içini çekýär-de tisginip gidýär, gözleri hanasyndan çykaýjak ýaly ýalpyldap gitdi, elleri titredi, aýaklary bolsa,onuň tersine, damary çeken ýaly bolup doňup galýar. Polat ejesi ýykylar öýdýär. Emma diwary calarak söýget edinen Nartäç aýak üstünde saklanýar. Ol soramaga gelen näsagyna däl-de, näsagyň krowatynyň gyrasynda oturana ýüzlenýär:

— Halbike, senem bärdemidiň asyl?!

«Hawa» diýip jogap bermek hökman däldi, sowalyň jogabynyň

özi Nurgulynyň krowatynyň üstünde görnüp otyrdy. Ol sowal, hälki bir, garaşylmadyk waka uçrap özüni ýitiren adamyň agzyndan çykaýan manysyz sözlerdi. Sebäbi ýagdaý sowalsyz hem düşnüklidi.

Yza gaýtjagynam, öňe ýörejeginem bilmedik Nartäç aljyrap, çalarak yraň atýar. Şol aljyramaklygam ony öňki ýerliksiz sowalyndan başga-da ýene bir bimany sowal bermäge mejbur edýär:

— Sen haçan geldiň, Halbike?! — Jogap bolmansoň, Nartäç ýene geplemeli bolýar. — Näme dymýaň-la, Halbike?

Şol dymmagyň özi-de Halbikäniň sowala beren gysgajykdan açyk jogabydy. Ýöne Nartäç oňa düşünmeýär ýa-da düşünse-de düşünýändigini aýan etmek islemeýär.

Närtäje gaýtarylmaly jogap onuň çak eden sözleri bilen däl-de, has çylşyrymly ýaňlanýar: Halbike Nartäje seretmän, Polada ýüzlenýär.

— Polat jan, biz ejeň bilen birki agyz gepleşýänçäk, sen daşaryk çyk-aý...

Garaşmadyk adamyny kakasynyň ýanynda görenden soň nähili hereket etjegini bilmän aljyran oglan üçin mugallymanyň aýdany çykalga öwrülýär. Ol dälizden ýuwaş ädimläp ugrasa-da näsaghananyň mähnet gapysyndan çykaryna mähetdel, dodaklara gyşyň tagamy gelip dursa-da, bahary ýatladyp gök öwsüp oturan ýaşajyk arça agaçlarynyň hatarynyň gutarýan ýerindäki ýeke düýp söwüde tarap ylgaýar. Ol söwüdiň aşagyndaky aňzaga saň gaty bolup galan uzyn oturgyja özüni lampa goýbermek bilen içki joşgunyny daşyna çykarýar.

Şol ýagdaýda-da näme üçindir, ýarym ýyl mundan ozal özi üçin örän geň, örän düşnüksiz bolup geçen waka Poladyň hyýalynda gaýtalanýar. Gaýtalanýar, ýöne başgarak äheňde gaýtalanýar. Kazy mejlisine başlyklyk ediji şol öňki adam sözüniň soňunda Polada ýüzlenip:

— Sen kazy mejlisinden näme eşitmek isleýäň, oglan? — diýýär. Polat şol sowala garaşyp duran ýaly derrew:

— Meň Ýazlýew bolman, Pälwanow bolasym gelýär.

Kazy ýanyndakylar bilen hyşy-wyşy edip maslahatlaşandan soň:

— Şu günden şeýläk seň familiýaň Pälwanow bolar — diýýär. — Ýöne bir zady belle. Sen nirede ýaşasaňam, ejeň ýalňyşsa-da ejeňi ýigrenme. Sen nirede ýaşasaňam, kakaň ýalňyşsa-da kakaňy ýigrenme. Eje bilen kaka ýigrenilmäge mynasyp däldir. Kazy mejlisiniň iň soňky sözi şundan ybarat. Biz seniňem iň soňky sözüňi eşitmek isleýäris.

Polat iň soňky sözüni aýdýar:

— Ýalňyşsa-da, eje ýigrenilmeýär. Ýalňyşsa-da, kaka ýigrenilmeýär. Men nirede ýaşasamam ejemem, kakamam gowy görerin. Men häzirem olary gowy görýän.

Kazy mejlisiniň başlygy aýdylany goldap baş atýar...

Hyýaly dünýäden şu güne dolanan Polat iki elinem oturgyjyň arkalygyna taşlap, asmana seredýär, şäher Gojuk obasyna golaý bolansoň, öz ak buludyny görerin öýdýär. Oturgyjyň üstüne saýawan ýaly bolup abanyp duran söwüdiň çür başy uzalyp-uzalyp, asmana ýetýär. Birdenem söwüt agajy asmany göterip duran sütüne meňzeýär. Poladyň şol sütüni yzarlap giden nazary bir bölek ak bulutda eglenýär. Oglan ony tanaýar. Şol bolmaly. Ol Polady görmek üçin Gojugyň depesinden şäheriň üstüne süýşendir. Begenmekden ýaňa ýüregi joşan oglan tas uly ili bilen gygyrypdy. Ak bulut Polady görenine şatlanýar. Ak bulut Polady görenine tolgunýar. Ak bulut Polady dogduk mekanyna çagyrýar: «Men seni gözläp ýörün, sensiz meň üçim gysýar» — diýip, Ak bulut naýynjar dillenýär. Polat onuň aýdanyny gaýtalaýar. Sebäbi gepi-sözi ýürekden syzylyp çykýan Ak bulut oglanyň kalbyndaky sözleri aýdýar. Ak bulut aglasy gelýän ýaly reňkini üýtgedýär, çygjarýar. Poladyň özi hem begenmekden ýaňa ak bulut bilen deň aglamaga taýyn. Birdenem ýagşylygyň, aklygyň alamaty bolan ak gar tozgalap başlaýar. Aglasy gelen Ak bulutdan bölünip gaýdan ak tozgalar çaga sallançagynyň hereketi ýaly hereket bilen iki tarapa hallan atyp gelşine uzyn söwüdiň ýalaňaç çybyklaryna ak ýaprak bolup gonýar. Uzyn-uzyn ak çybyklar söwüde-de, töwerege-de gözellik berýär. Ak gar tutuk gyş ertiriniň agras ýüzüni ýagtyldýar,

howasyny tämizleýär, älemiň görküne görk goşýar. Näçe mahal bäri intizar bolup garaşan buludyna sataşyp, bu gün özüni bagtyýar saýan Polat gözlerini süzýär-de, ýüzüni ýokaryk tutýar. Ak bulutdan bölünip, çaga sallançagynyň hereketi ýaly hereket bilen pelpelläp gelýän owadan-owadan gar tozgalary oglanyň şatlyk alamaty çaýylan ýaňaklaryna yz-yzyna gelip düşýär.

# OGUL

*Kakajan Açylowa bagyşlanýar.*

Ýetmiş ýaşy mazaly arka atandygy görnüp duranam bolsa, entek daýanykly, ýöne eli uzyn hasaly, üst-başy tämiz Gyzdurdy ene şäheriň uly hem arassa köçesiniň ýanýodasyndan dogumly ädimläp barýardy. Üns bilen seretseň, onuň çep aýagynyň üstüne biraz ýempeýändigi hem bildirýärdi. Öz arzuw-hyýallaryna, içki pikirlerine gümra hem keýpiçag garry, bir zatlara begenýän ýaly, dodaklaryny müňküldedýär, çalarak ýylgyraýýaram, iş-aladasy bilen geçip barýan nätanyş adamlara-da, olar üns bermeselerem, begençli seredýär. Ädim urşundan, hereketinden çen tutsaň, ol bir ýere howlugýana meňzeýär. Birdenem ol soňky gabat gelen ýaş ýigidi ýolundan saklaýar. Ýaş ýigit golaýdaky kaşaň jaýa tarap elini salgaýar. Oňa hereketi bilen minnetdarlyk bildiren garry ýoluny dowam edýär.

Gyzdurdy ene ýüzüne «Geologiýa — gözleg işleri» diýlip ýazylan jaýa girip gitdi. Ol gapyda oturan nobatça-da üns bermän, ondan girmäge rugsadam soraman, aňyrlygyna ýöräberdi. Gözi äýnekli, inçeden uzyn ýaşuly nobatçy, eli hasaly garrynyň yzyndan ýerinden turup seretdi-de, baş ýaýkady: «Rugsat-beýlekem soranogaýt. Kimiň ýanyna barjagynam aýdanok. Edil özi bu ýeriň hojaýyny ýaly. Garry aýaly yzyna gaýtarmagam uslyp däl».

Ol uzyn zal bilen gidip barşyna, ýene bir öňünden çykandan barjak ýeriniň salgysyny alansoň, «Başlygyň kabulhanasy» diýlip ýazylan mähnet gapyny zordan açyp, içerik girdi. Başlygyň kömekçisi, görmegeý ýaş gyz, gelene geň galyp seretdi.

Kempir onuň geň galyşyna pitiwa-da etmän, sowal berdi:

— Başlyk bamy?

— Bar — diýip jogap gaýtaran gyz, endik bolup giden hereketine görä, uly gapa tarap ýüzüni öwürdi.

Gyzdurdy ene seredilen tarapa ýönelende, ýerinden haýdap turan gyz kempiriň ýoluna böwet boldy.

— Gelen badyňa ýüzugra kürsäp giribermek bolanok, garry — diýip, beýle owadan hem näzik sypatlydan garaşylmajak haýbatly hem gödek ses bilen geplän gyz örän kesgitli aýtdy. — Başlygyň ýanynda adam bar.

— Bolanda näme? — diýip, ýagdaýy öz islegi bilen ölçeýän Gyzdurdy ene çyny bilen geňirgendi.

— O nähili gep boldy? — diýip, huzura gelenlerden henize çenli beýle söz eşidip görmedik gyz garrydanam beter geňirgendi. — Her çem gelen kürsäp giriberse, Garagul Baýramdurdyýewiçiň döwletiň işini etmäge mümkinçiligem bolmaz.

— Men çem gelen işsiz däl...

Daşyndan göräýmäge sadadan-sada oba garrysynyň dogumly-dogumly gepleýşi gyzy öňkülerindenem has beter geňirgenmäge mejbur etdi.

— Bu gapydan işsiz adam gelenok. Öňi bilen-ä, siz kimdigiňizi, nireden, näme mesele bilen gelendigiňizi aýtmaly. Onsoň, girmäge rugsat soramaly. Menem iş otagyna girip, kimiň, näme üçin huzura gelendigini aýdyp, başlygyň sizi kabul etjegini, etmejegini bilip çykmaly. Düzgün şeýle.

— Başlyk diýilýän adam başlyk däl adamlary kabul etmek üçin başlyk bolup oturandyr-a?

Garrynyň özünden rüstem geljek bolýana meňzeýşi gyza hasam ýaramadymy-nämemi, ol gelene tarap seretmän gepledi.

— Onuň adamlary kabul etmekden başga-da müň aladasy bar, daýza. Başlyk häzir zerur bir meseläni çözýär. Belkem, siziň meseläňiz orunbasarlaryň ýa-da olardanam kiçiräkleriň çözüp biljek meselesidir.

— Ýok, meň meseläm diňe iň uly başlyga aýdylmaly mesele.

Garrynyň ýan bermejekdigine ymykly göz ýetiren gyz ýaňsylaýan ýaly äheň bilen geplese-de:

— Beýle uly meseläňiz bar bolsa, garaşyň! — diýmäge mejbur boldy. — Garaşyň! Kimdigiňizi, nireden, näme üçin geleniňizem aýdyň!

— Men Aşgabadyň etegindäki obadan geldim, gyzym... Maňa Gyzdurdy ene diýýäler.

— Aşgabatdanam bolsaň, Gyzdurdy ene diýselerem, barybir, garaşmaly bolar. Garaşyň. Düzgün şeýle...

Aýdan sözlerinden soň, göz-açyp ýumasy salymda ýaşlygyndan, görkünden jyda düşüp, bigörk bir aýal maşgala öwrülen kömekçä nazary bilen ýakymsyz jogap iberen Gyzdurdy ene, ýüzüne dermatin örtülen diwanda aýak epdi. «Garaşyň» diýýä. Men kyrk ýyllap garaşdym ahyryn, garagöz. Kyrk ýyl bäri! Şonam az görýäňmi sen?»

Uly edaranyň başlygynyň gapysynda oturan gyzyň ýakymsyz jogaby Gyzdurdy enäni kyrk ýyldanam gowrak wagt mundan ozalky bolan wakany, belkem, müň birinji gezek ýatlamaga mejbur etdi: Agşam ýalňyz perzendiniň doglan gününi bellemäge çagyrylan myhmanlary ugradan Gyzdurdy bilen Orazly taýly gezek çaganyň başyndan sypaýar. Gyzdurdy: «Ine, Atamerdan jan, bu gün bäş ýaşyň doldy. Myhmanlar saňa näçe gowulyk arzuw etdiler. Şol arzuwlar hasyl bolsun!» «Ýene iki ýyldan birinji synpa okuwa gidersiň. Ilkinji gün seni mekdebe özüm ugradaryn!» diýip, Orazly hem iki ýyldan soň bolmaly dabarany öňünden ýatlaýar. «Ýatar wagtyňam boldy, Atamerdan jan. Sen ukla, menem gap-gaçlary ýuwuşdyraýyn» diýen ene çagany öz krowatynda ýatyrýar.

Gijäniň birmahaly ýer titreýär. Jaýyň üsti aşak çökýär. Apy-tupan, goh-galmagal, perýat, alagaraňkylyk. Ölmän abat galanlar ýaralananlara, kesek astynda galanlara hossarlyk etmäge howlugýarlar. Gyzdurdynyň özi bir aýagyny döwdürip, ölmän sypýar, adamsy welin kesek astynda galýar. Ol aýagyny tutup uwlap ýatyrka «Atamerdan nirede? Atamerdany tapyň!» diýip gygyrýar. Aman galan Atamerdany goltuklap göterip barýan uzyn donlumy ýa-da halatly halas edijiniň ýanyndaky eli kagyzly biri «Oglanyň ady näme?» diýip gygyrýar. Gyzdurdy agyly ses bilen «Atamerdan Orazly» diýip jogap berýär. Halas edijilerem, Atamerdanam garaňkylyga siňip gözden ýitýärler. Gyzdurdy adamsynyň heläk bolandygyny ertir, Gün dogansoň, kesek astyndan onuň jesedi tapylanda, bilip galýar.

Wagt geçdi, döwlen eller, aýaklar seýiklendi, ýykylan jaýlar dikeldildi. Emma Atamerdan tapylmady. Wagt geçdi, ýürek ýaralary-da az-kem bitişdi, jiger awusy köşeşdi. Emma Atamerdan tapylmady. Çagalar hem-de ýetimler öýlerinden gelen onlarça jogap hatlary-da Gyzdurdyny hoş habar bilen begendirmedi. Emma aradan on, ýigrimi, otuz ýyl geçse-de, Gyzdurdy umytdan el üzmedi. Başda Gyzdurdy gelin, soňrak Gyzdurdy daýza, ahyrda-da Gyzdurdy ene bolup, garrylyk ýaşyna ýetenden soň, onuň arzuwy hasyl boldy. Ene öz ýiten perzendine ýolda-yzda, toýda-märekede däl-de, gazet sahypasynda sataşdy. «Ýer titremesiniň çagasy» diýen sözbaşy bilen çap edilen makalanyň arasynda ýerleşdirilen ullakan suratdaky göze gözi kaklyşan enäniň kalbynda uzak Nebitdagda burawçy bolup işleýäniň öz perzendi däl bolaýmagyna hiç hili şübhe döremedi. Enäniň enelik ýüregi Atamerdany Atamerdan diýip kabul etdi. Ene ýüregi tassyklanyndan soň, ol meseläniň neneňsidigini anyklamak üçin gaýry derňew, şaýat gerek däldi. Suratyň aşagyna «Atamerdan Orazow» diýlip ýazylandy. Atamerdan hem Aman, Ata, Aşyr ýaly türkmenlerde häli-şindi gabat gelip duran at däldi. Ýöne ol Orazow däl-de, Orazlyýew bolmalydy. Gyzdurdy ene kem ýazylan iki harpy-da gyssagarada hem ahyrzamana gopandaky aljyraňňylykda goýberilen säwlik hasap etdi. Şoňa görä-de garry ene ol ýalňyş üçin hiç kimi günertlejegem bolmady. Gaýtam, çagasyny ekläp-saklap, ile goşanlara öz ýanyndan alkyş okady. Şol adamlar bolmadyk bolsa, Atamerdanam ýüzlerçe çaga ýaly, kerpijiň astynda galardy.

Ýatlama bilen göwni aram tapan Gyzdurdy ene öz aladasy bilen gümra bolup oturan, henizem öňki owadanlygyna dolanmadyk, gyza alarylyp seretdi. «Sen, garagöz, meň gören ajy günlemmiň ýüzden birinem görme. Alnyňda diňe gowulyk bolsun. Ýöne sen kyrk ýyl bäri gözlenen ýeke perzendime sataşmaly ýoluma böwet bolmaly däl ahyryn. Men ony kyrk ýyllap gözledim...» Garry ýene geçmişini ýatlaýar: Gyzdurdy otuz ýaşlarynda. Haýsydyr bir şäherde otludan düşensoň, ol başga zada üns bermän, göni çagalar öýüni gözläp tapýar. Oňa Atamyrat, Atagurban, Atadurdy atly, Orazow, Orazgulyýew familiýaly birnäçe oglan görkezýärler. Olaryň hiç

haýsynyňam özüniňki däldigini Gyzdurdy bir bakyşda saýgarýar...

Ýollar. Ýodalar. Köçeler. Ýanýodalar... Gyzdurdy kyrk ýaşlarynda. Haýsydyr bir etrap merkezinde awtobusdan düşensoň, ol gelen ýeriniň çagalar öýüne barýar. Ýene şol öňki ýatlamadaky ýagdaý gaýtalanýar...Otlynyň, awtobuslaryň tigirleri ýol külterleýär. Gyzdurdy otluda. Gyzdurdy awtobusda. Gyzdurdy kä ýük maşynynyň kabinasynda, kä sandygynda, kä pyýada. Hemişe, hemme ýerde-de Atamerdanyň keşbi onuň göz öňünde. Emma ondan derek tapylanok...

Gyzdurdy bir çagalar öýüniň derwezesinden girende, eýýäm on-on iki ýaşly Atamerdana sataşýar. Oglanyň bedeni berdaşlanyp, ýigit çykyberenem bolsa, ýüzi, esasanam, gara gözleri üýtgemändir. Özüni bagty çüwen hasaplan ene ogluna tarap atylýar. Emma iki ädim aralyk galanda, Gyzdurdy aýagy duşaklanan ýaly bolup doňup galýar. Atamerdana meňzeş oglanyň ýüzi başga bir oglanyň ýüzüne öwrülýär. Der basyp ysgyndan gaçan ene özüni sekä goýberýär. Enäniň zordan oturanyny görensoň, terbiýeçi aýallaryň biri bir bulgur suw alyp, oňa tarap ylgaýar. «Bir zadyňy ogurlatdyňmy, aldyrdyňmy, daýza?» Gyzdurdy tassyklap baş atýar: «Men ýüregimi aldyrdym, ýüregimi!» Mana oňly düşünmedik terbiýeçi egnini gysýar...

Keýpsiz Gyzdurdy mekdebiň sport meýdançasynda oýnap ýören oglan-gyzlary esli salym synlap duransoň, öz-özüne «Atamerdan ýok» diýip pyşyrdaýar, gulagynda bolsa «Eje, men bar. Gözläber. Taparsyň. Men bar» diýen ses ýaňlanýar. «Gözüm görmesini, aýagym ädilmesini goýýança gözlärin, balam!»

...Başlygyň huzuryna garaşyp oturan Gyzdurdy ene torbasyndaky bäş-alty sany gazetiň birini çykarýar-da, eli kaskaly, işçi eşigindäki ýigidiň keşbini synlaýar. Suratyň aşagyna «Burawçy Atamerdan Orazow» diýlip ýazylypdyr. Suraty synlaýan garrynyň ýüzi göz-görtele ýaşarana meňzedi. Hekgerilip oturan enäniň, garran bedenine täze güýç goşulan ýaly bolýandygy kesesindenem bildirýärdi.

Kän garaşdyran gapy ahyr açyldy. Gyzdurdy ene başlygyň ýanynda gaty uzak oturyp çykyp giden adamy, elbetde, nägile nazary bilen ugratdy. Ýerinden turanda, ondan öňürti gapa baran

kömekçi gyz: «Duruň!» diýip, içerik girdi-de, işigi aňyrsyndan ýapdy. Edilen hereketden nägile garry: «Men ýene garaşmaly!» diýip pyşyrdady.

Kömekçi gyz çykdy-da, gapyny açyp berdi:

— Indi giräýiň, Gyzdurdy ene! — diýip, garra ýylgyryp seretdi. Ýaňy görküni ýitiren gyz Gyzdurdy enäniň gözüne ýene öňki gözel görnüşinde göründi.

«Häliden şeý diýmelidiň-dä, garagöz!» Enäniň ýüzi ýagtyldy.

Giň kabinetiň töründäki mähnet stoluň başynda keýpsiz oturan garamurt adam, salam-a berse berdi welin, geleni sowuk-sala garşylaýandygyny ýaşyryp bilmedi. Eli gazetli Gyzdurdy ene oňa golaýlansoň:

— Kyrk ýyl mundan ozal Aşgabatda ýer titredi. Biziň obamyzam şähere egin diräp otyrdy — diýip habaryna başlady...

Gyzdurdy enäniň elindäki gazet garamurt başlygyň eline geçýär. Ol Atamerdanyň suratyny baş ýaýkap synlansoň, derrew ýerinden turup, kempiri gutlaýar, elini gysýar.

— Bu gaty seýrek gabat gelýän, belkem düýpden bolmaýan täsin waka, ene. Ýöne, Atamerdan bilen duşuşmak üçin üç gün-ä garaşmaly bolarsyň.

Garaşylmadyk habara enäniň gözleri petredi.

— Aýdýan gepiň manysyna özüň beri düşünýäňmi?! — diýip, ene ör-gökden geldi. Birdenem ol başlygyň agzyndan çykan sözleriň manysyna ters düşünendirin öýtdi. — Heý, ýene üç günläbem garaşyp bolarmy? Men oňa çydaman, garagözüm, çydaman. Men ozal garaşma kemini goýmadym...

— Kyrk ýyl garaşypsyň, ene, ýene üç gün çydamaly bolarsyň.

— Ol bolmaz, oglum! Sen meň ýagdaýyma düşün...

— Menem adam, ene. Men siziň ýagdaýyňyza gaty gowy düşünýän welin...

— Onda näme?

— Atamerdanyň işleýän ýeri bu ýerden iki ýüz elli kilometr. Tä barýançaňam aňňat-aňňat alaňlar, çägelik, ýol-ýoda ýok. Men beýle uly şatlygyň şanyna sizi ýük maşyny bilenem ugradyp bilerdim. Ýeňil maşyn o ýollara ýaranok. Ýöne, daýza, dogrymy aýtsam, siz

o ýola çydamarsyňyz. Özüm-ä, ýaňy kyrkdan geçdim welin, zerur iş bilen şol ýere gitmeli bolsamam, öňünden ýaýdanyberýän...

Esli salym dyman garry ýüregindäkini daşyna çykardy.

— Men, ynansaň, garagöz, Atamerdan janyň ýanyna eltýän ýolda ölmäge-de razy...

Garamurt başlyk, näme üçindir, sag eliniň süýem barmagy bilen stoly pitiklemäge başlady.

— Men oňa ynanýan, ene. Ýöne, bolmasyz bir iş bolaýsa, sizi ýük maşynyna ataryp, şol agyr ýola ugradanym üçin türmä girmeli boljakdygyma-da ynanýan. Mende-de entek aýak üstüne galmadyk, öý-işikli bolmadyk ogul-gyz bar...

— Onda men näme etmeli, garagöz?

— Garagözüňde saňa kanagat et diýmekden başga gep ýok, daýza...

— Daş etsin welin, ogluň-gyzyň bar bolsa, özüňi meň ýerimde goýup gör...

— Ol hakda oýlanýan, ene. Ýöne meseläni desbi-dähil çözer ýaly çykalga ýok mende. Üç günden Atamerdanyň topary nobatçylygy gutaryp gelmeli. Ene, gitmekden garaşmak amatly bolar. Gül ýaly myhmanhanamyz bar. Günde üç wagtyna mugt naharam bereli. Myhmanhanada bolmak islemeseňem, men sizi öz öýüme äkideýin.

— Men, dünýäm, tutuş ömrümi şoňa garaşyp geçirdim ahyryn...

Gapydan giren çypar sary adam başlyk bilen enäniň gürrüňiniň arasyny böldi. Gelen adam rus dilinde gepledi. Gyzdurdy ene onuň ýeke sözüne düşünmese-de, ýakymly habar getirmändigini aňdy, gep derwaýys bir mesele hakynda gidýän ýalydy. Sebäbi saryýagyz ýigidiň habaryny diňlän başlyk, ilki-hä ýumrugyny bat bilen stola urdy, soňam aşaky dodagyny dişläp, ahmyr bilen baş ýaýkady. Ol esli salym bir nokada seredip oturansoňam, telefon trubkasyny galdyrdy-da, sojap-sojap gepledi.

— On altynjy gata gyssagly halda generator ýetirmesek, iş togtapdyr, ...başga çykalga ýok. Diňe dikuçar... hany, gepi köpeltmäli-le. Men seň dikuçaryň bilen saýgak awlamaga gitjek däl ahyryn. Gerekmi — etmeli. Gaýry çykalga ýok. Gep gutardy.

Gyzdurdy ene kä pessaý, kä gaty, kä türkmençe, kä rusça goşulyp

aýdylan sözleriň manysyna azda-kände düşünse-de, «dünýäniň iň derwaýys meselesi» bolan öz işiniň ikinji derejeli işe öwrülip barýandygynyň manysyna welin düşünmedi, düşünjegem bolmady. «Bu adamlaň ýüregi daşdanmyka, demirdenmikä? Bularda rehim-şepagat ýokmuka?»

Öz meselesi unudylandyr öýtmek bilen, Gyzdurdy ene ýalňyşan eken. Başlyk bir zatlar diýişdirdi welin, dawa-jenjel, galmagaldan ýaňa saryýagyzdan «gyzylýagyza» öwrülen ýigit birden özüne gelen ýaly boldy-da, Gyzdurdy enäniň ýanyna bardy, ýylgyryp, elini uzatdy, bir zatlar diýişdirdi. Hoş habar, ýakymly sözler düşünmeýän diliňde aýdylsa-da, hem düşnükli, hem ýakymly bolýar eken.

Saryýagyz ýigit, birdenem çalgyrt türkmençeledi:

— Atamerdan bagtli adam, mama, bagtli adam!

— Atamerdan jandanam beter men bagtly, guzym, men bagtly! — Garry özüniň batlydygyny hasam düşnükli etjek bolýan ýaly ýyrş-ýyrş ýylgyrdy, içinden bolsa söz bilen aýdanlaryny delilleşdirdi: «Atamerdan jan-a, ýer yrananda, ümedüşmez çagady. Şoň üçinem ol akyly ýetensoňam, ejesini kerpijiň aşagynda galandyr öýdüp, şu mahala çenli, belkem, umytsyz ýaşandyr. Men bolsam, oň diri galanyny öz gözüm bilen görüpdim ahyryn. Iň ýamany, umytlykaň maňlaýyň açyl-mazlygy eken...»

Saryýagyz ýigit çykyp gidensoňam, esli salym keýpsiz halda dymyp oturan garamurt başlyk, birdenem çalaja ýylgyrdy-da, Gyzdurda ýüzlendi:

— Siz gorkman, dikuçara münüp bilermisiňiz?

— Seň dikuçar diýýäniň şahly uçarmy?

— Hawa.

Ilki näme üçin beýle sowalyň berilmeginiň manysyny çaklamadyk Gyzdurdy ene:

— Wah, men ýerde-de hasa bilen ýöreýän ahyryn, garagöz — diýdi.

— Ýogsam, ogluň bilen şu gün duşuraýjakdym. Barybir, biz ol ýere dikuçar ýollamaly bolduk. Garaşylmadyk ýerden. Bir sagat çemesi wagtyň içinde eltip taşlardy öz-ä.

— Oglumyň ýanyna ýetirjegini bilsem, dikuçar däl, her zadyň

üstüne münmäge-de razy.

Başlygyň öňündäki telefon jyrlady. Gepleşigiň arasynda Atamerdanyň adynyň tutulanyny eşiden ene depesinden dabanyna çenli tutuş gulaga öwrülen göwresini başlyga tarap öwürdi...

Trubkanyň agzyny bir eli bilen tutan başlyk Gyzdurdy enä ýylgyryp garady-da, şeýle bir ýakymly, şeýle bir islenilýän habar aýtdy welin, ýerinden zöwwe galan garrynyň tolgunmakdan ýaňa aýaklarynyň ysgyny gaçan ýaly boldy.

— Seni ogluň bilen gepleşdirjegem, ene. Azajyk garaş. Häzir ony telefona çagyrarlar. — Başlyk jaýyň içini ýaňlandyryp gygyrdy. — Gutlaýan, Atamerdan! Seň ejeň tapyldy. Aşgabatdan ýörite gelipdir. Meň ýanymda otyr. Sen oňa meňzäbem dursuň. Ynha, baranda özüňem meň aýdýanymy tassyklarsyň.

Gyzdurdy ene tekepbir görnüşe girdi: «Meň oglum bolsa, elbetde, maňa meňzär-dä!»

Ene gyssansa-da, oňa trubkany beräýmän, Atamerdan bilen başlygyň özi gepleşigini dowam etdi.

— ...Generator eltmeli dikuçar bilen ýanyňa iberýän. Toý şaýyňy tutuber. Ýöne bu hoş habary kimiň öňürti buşlandygyny welin unutmagyn.

Bu zamanaň adamlarynyň tapbilmezdiklerini! Enesi-hä oglunyň sesini eşitmek isläp elewräp dur. Ol bolsa toý paýyň aladasyny edýär...

Trubka garra tarap uzady.

— Hany gepleş!

Garrynyň eli öňe uzanam bolsa, sandyraýan barmaklary diýen etmejek boldy. Trubkanyň gulaga tutulýan ýeri onuň kä ýaňagyna degdi, kä maňlaýynda oýnady. Telefonda «Alo?» diýen ses ýaňlandy...

— Balam, Atamerdan ja-an! — diýen agy hem şatlyk gatyşykly inçejik ses jaýy doldurdy. Eneli-ogluň kyrk ýyldan soňky ilkinji gepleşigi şonuň bilenem tamamlandy. Trubka garrynyň elinden gaçdy. Ol özüni oturgyja goýberensoň, zordan ýykylman saklandy.

Başlyk garra tarap ýylgyryp seretdi: «Men saňa düşünýän, ene!»

* * *

Başlygynyň manysy ýatdan çykarylyp, hantama bolmak umydy bes edilip ýörlen waka hakyndaky geň habary hem «Balam, Atamerdan jan» diýen nätanyş aýal sesi Atamerdanda düşnüksiz bir täsir döretdi. Ol garaşylan ýa-da garaşylmaýan habar däl-de, ümür bolup, duman bolup onuň beýnisine girdi. Şol ümür, şol duman Atamerdana birbada nirede, nämahal gezip ýörendigini-de unutdyrdy, töwerekdäki aňňat-aňňat çäge depeleri-de gözüne ilmeýän ýaly boldy. Ol geçmişini, çagalygyny, oglanlygyny ýatlady. Ýöne geçmişinden galan kän-kän sahypaly hakyda kitabynda welin, öz ejesi bilen baglanyşykly ýekeje nyşandan gaýry doly bir sahypa-da ýokdy. Ol ýeke-täk hakyda nyşany hem tegelek ýüzüň bir tarapyndaky, onçakly gözilginç hem däl peşehordady. Şol ýaňagy peşehordaly aýal Atamerdanyň kalbyna ene bolup giripdi. Ol ejesiniň ýüz keşbini göz öňüne getirip bilmese-de, peşehordasy welin, mährinden ganylmadyk eneden galan ýeke-täk ýatlama bolup, henizem onuň ýadyndan çykmaýardy. Çykmaýardy, ýöne şol peşehordaly ýüze sataşmak umydynyň sapagy ýyl geçdikçe inçelip, öýli-işikli bolanyndan soň-a umytlygyny-da ýitiripdi.

Atamerdan özüniň «ýer titremesiniň perzendidigini» bilýärdi. Şonuň üçinem ol ýüzi peşehordaly aýaly hem şol elhenç wakanyň pidasy hasaplaýardy. Sebäbi ýer titremesi sebäpli çagalar öýlerine düşen oglan-gyzlaryň hemmesi bolmasa-da, esli bölegi diri galan ene-atasyna, hossaryna ýuwaş-ýuwaşdan gowuşdy. Atamerdana bolsa eýe çykmady, hossar tapylmady. Şonuň üçinem ol özüne hossar bolmaly ýüzi peşehordaly aýalyň aýatda ýokdugy hakyndaky çaklamasynyň hakykatdygyna dura-bara ynanmaly boldy. Indi ol şeýle kysmat bilen doly ylalaşypdam.

Atamerdan çagalar öýünden soň, nebitçilik okuw mekdebini gutaryp, işe başlady. Ýöne ol ýetimçilik derdeseri bilen gaty giç öýlenmeli boldy. «Öňüm gelenden, soňum gelsin» — ýetim ýigidiň welin bagty çüwdi. Oňa sataşan Ýazgül hem ýaz, hem ýazyň güli ýaly mylaýym maşgala bolup çykdy. Ol Atamerdanyň göz öňünde

galan ýüzi peşehordaly aýalyň bermeli, ýöne berip bilmedik mähriniň öwezini doldy, kakasyna meňzäp duran ogly hem dünýä inderdi. Balkanda doglansoň, adyna-da Balkan dakylan çaga häzir dokuz ýaşyny dolduryp barýardy.

Ýetimler öýüni terk edeli bäri içdöküşjegem, maslahatçysam ýok Atamerdan özüni örän gatybaş hasaplaýardy. Ol özüni bileli bäri sähel-mähel zat üçin müzzermändem, ejizlemändem. Ykbalynyň sataşdyran durmuşy oňa zada geňir-genmezligi, kynçylyga döz gelmegi, ejizlemezligi öwredipdi. Ol diňe Balkan dünýä inende tolgundy. Balkanyň dogulmagy diňe bir Hudaýyň perzent berdigi bolman, hiç mahal bahasynyň-gymmatynyň nähilidigi bilinmedik hossar berildigi bolup duýuldy, özüni giň jahanda ýalňyz hasaplap, onuň agyr jeza bolandygynyň manysyna kiçijik hossary Balkan dünýä ineninden soň doly akyl ýetirdi, geçip giden ýalňyzlygyndan indi ýaýdandy. Şol sebäpli-de Balkan aglan mahaly hossarynyň sesini eşidýändigine, ýylgyranda daýanjynyň şatlygyny görýändigine buýsandy. Şol sesi eşitmän, şol ýylgyryşy görmän şunça ýyllar ýaşap bilendigine Atamerdan haýran galdy.

Işi rowaç bolanda adamyň durmuşyndaky ýakymly pursatlar yzly-yzyna gaýtalanyberer eken. Mähremem ene ýaly mähriban Ýazgülli Atamerdan, arkasy Balkan daglary ýaly daýançly Balkan atly hossarly Atamerdan indem ejesine sataşmak üçin duşuşyk pursadyna çenli galan minutlary sanaýar. Bu ýagdaý düýşmikä ýa hakykatmyka?

Garamurt başlyk aýtmyşlaýyn, durmuşda seýrek gabat gelýän şatlygyň asmandan inmegine garaşýan Atamerdanyň täk özi hem däldi. Zerur şaý getirilýänçä, işden elleri boşan adamlaram mahal-mahal dikuçaryň gelmeli ugruna seredýärdiler.

* * *

Gözünden gaýyp bolan ýeke perzendini bir gezek görmegi-de janyndan ileri hasaplaýan Gyzdurdy ene dikuçara münende, öz janynyňam pikirini etmän durup bilmedi, ýaýdandy, gorkudan ýaňa süňňüniň sandyramasyny-da saklap bilmedi. Dikuçar diňe öz göwresini titretmän, tutuş dünýäni elendirýän ýaly sandyrap

ýokaryk galyp ugranda, Gyzdurdy ene aman-esen ýere dolanmak umydyndady. Ýürek bulanmamy, başaýlanmamy, maňlaý şatlamamy — biçäre garrynyň düşen ýagdaýyny söz bilen beýan eder ýaly bolmady. Ol ýerden galanlarynda gorky bilen kelemesini hem öwürdi. Oňa garamazdan, dikuçardaky işçileriň welin keýpikökdi. Olar garry aýalyň näme maksat bilen nirä uçup barýandygyndan eýýäm habarly bolansoňlar, degişýärdiler, gülüşýärdiler.

Dikuçarda uçmagyndan ezýet däl-de, lezzet alýan ýigitleriň gülküsi onuň tarryldysyny basan ýaly boldy.

* * *

Gowulygyň diňe bir habaryny däl, gowulygyň hut özüni hem göterip gelýän dikuçar uzakdaka arryk çekirtge ýaly bolup görünse-de, golaýlansoň, kem-kem üýtgäp, durky bilen hoş habara öwrüldi. Adamlaryň göwnüne bolmasa, onuň adaty gödek tarryldysy hem mylaýym owaza döndi. Işçileriň hemmesi dikuçaryň adaty gonýan ýerine, skwažinadan elli-altmyş ädimlikdäki takyra tarap ugradylar, olaryň öňüni çekip barýanam Atamerdanyň özüdi.

Dikuçaryň perleri pyrlanmasyny goýup, gapysy açylanam bolsa, oňa ýetmäge alty-ýedi ädim aralyk galanda, Atamerdan aýak çekdi. Onuň işdeş ýoldaşlary hem saklandylar.

Atamerdana has golaý duran işçileriň biri:

— Seňem-ä ejeňi gözläp ýüz tutmadyk ýeriň galmandy welin... — diýdi.

— Gözlenende tapylmadyk ene, ynha, öz aýagy bilen ýöräbem däl, asmandan uçup üstüňe gelýär — diýip, ýene biri gepe goşuldy. — Muňa hemmämiz begenmeli.

— Begenmek diýen gepiň az bolýar. Atamerdan Balkan daglaryny sandyradyp toý tutmaly bolar.

— Maksadyňa ýetdiň, Atamerdan!

Ýoldaşlarynyň sözleri Atamerdany geçmişe alyp gitdi. Ol çagalar bagyna gelýän nätanyş aýallary synlap, ejesini gözleýär, her aýalyň ýüzüne garanynda, öz-özüne «Ejem däl» diýen jogap bermeli bolýar...

Atamerdan şäher köçesiniň ýanýodasyndan gidip barýar.

Aňyrdan oňa tarap bir aýal gelýär. Deňinden geçip giden aýalyň ýüzüne sereden Atamerdan öz-özüne hemişe gaýtarýan jogabyny «Ol däl» diýen sözleri aýtmaly bolýar...

Atamerdan awtobusyň yzyragynda dur. Öňdäki oturgyçlaryň birinde aňyrsyny bakyp oturan aýal onuň ünsüni çekýär. «Belki, ejemdir». Ol ýuwaş-ýuwaşdan öňe ýöräp, aýalyň deňinden geçende, ýüzüne seredýär. «Däl».

...Dikuçaryň açyk gapysyndan Atamerdana ozaldan tanyş iki sany adam görünse-de, onuň garaşýany, çagalykdan çala ýatda galan ýaňagy peşehordaly ýüz welin göze ilmedi. Ol uç-gyraksyz çölde howa azlyk eden ýaly birki gezek sojap dem aldy, nähili hereket etmelidigini ýoldaşlaryndan soramak isleýän ýaly, töweregine garady.

Ene diýilýän mukaddes gudrata sataşmak, onda-da ýiten eneňe şonça ýyldan soň gabat gelmek nähilikä? Entek enesiniň ýüzüni görmänkä, şeýle tolgunýan ogul oňa sataşaýsa dagy näderkä? Atamerdan tolgundy: «Ejem meni tanarmyka? Tanasa näder? Men näderkäm?» Atamerdan özüni gaty mert saýsa-da, mert dällerçe tolgundy. Diňe betbagtlygyň däl, eýsem, bagtlylygyň ýüküni gerdeninde götermek adam ogluna ýeňil düşmejek eken.

Gazete çykaly bäri, suratyna gijeler turlubam gaýta-gaýta seredilensoň, müňüň içinden tanalmaly ogul keşbinde Gyzdurdy enäniň nazary bir bakyşda saklandy. Ýogsam, Atamerdanyň ýanynda duran adamlaryň hemmesi-de birmeňzeş reňkli, bir kysym biçüwli işçi eşiklidi.

Elinden tutulyp ýere düşürilen garry, ozal ony, hälki bir, garrandygyny ile tekrarlamak üçin göteren ýaly, hasasyny hem taşlap, öňe okduryldy. Indi oňa göwresine söýget ediner ýaly daýanç gerek däldi. Ol guş urjak awçy ýaly ýapyrylyp, öňe eňdi. Ol, dogrudanam, özüniň bagt guşuna sataşan awçydy.

Emma Atamerdan welin, öňe ädim urup bilmedi. Ol atylyp gaýdan kiçijik garrynyň öz ejesi däldigini ýüzüne gözi kaklyşandan bada-bat bildi. Gözüniň makullamadygyny onuň ýüregi hem kabul etmedi. Onuň ýüzünde Atamerdanyň aňynda, nazarynda öz ejesindan enelik nyşany bolup galan peşehordanyň goýan yzy ýokdy.

Ol garaşylmadyk geň duýgudan hem ahmyrdan ýaňa sandyrady, tolgundy, beýle ýagdaýdan soň özüni nähili alyp barmalydygy barada oýlandy. «Sen meň ejem däl, garry. Sen maňa eje bolup atylyp gelseňem, ýalňyşýaň. Sen ene, men ogul. Ýöne sen başga bir ogluň enesi, menem başga bir enäň ogly». Bu sözleri hyýalynda aýlamagam Atamerdana agyr düşdi. Bolsa-da, durmuşyň agyr hem ajy hakykaty ony şeýle oýlanmaga mejbur etdi.

Indi näme etmeli? Durmuşdan hyýala geçen ajy hakykaty dile getirmelimi ýa-da durmuşyň ajy hakykatyny süýji ýalana öwürmelimi? Ene bolup okdurylyp gelýän kempir, özüniň enedigine ýüreginden ynanyp gelýän garry, Atamerdanyň kalbyndaky hakykaty bilen badyna enelik hukugyndan baky mahrum bolmaly kempir näder? Onda ah çekmäge, ahmyr etmäge güýç galarmy ýa-da... Eger Atamerdan hakykaty gizlese, garrynyň galan ömri bagtyýar, gizlemese-de, betbagt bolup geçmeli. Iki çözgüdiň hiç birine-de jogap bermegiň aňsat däldigine Atamerdanyň çaň siňen ädikleri-de şaýatdy. Ädikler öňe ädilmän, ýere çüýlenen ýaly bolup durdy.

— Gymyldap bilmän dur-aýt bu! — diýip, ýoldaşlarynyň biri Atamerdanyň arkasyndan itekledi. Emma agyr göwre yransa-da, çaň siňen ädikler ýerinden gozganmady.

Atamerdanyň dodaklary çalaja gymyldady: «Näme etmeli?» Onuň diňe bir beýnisi däl, depesinden dabanyna çenli tutuş göwresi şol ýeňiljek sowalyň agyr jogabyny tapmagyň aladasynyň astynda galdy.

Enäniň dar gursagyna sygmaýan çäksiz joşguny «Bala-a-m!» diýen ýiti sese öwrülip daş çykanda agyr alaňlar titredi, köpi gören nebitçileriň ýüregi gobsundy.

Boýnundan asylsa-da, agramy bardygy hem bildirmedik, kän ýyl bäri öwsen gam şemalyna gurap giden garry göwre Atamerdanyň erkini elinden aldy. Ol kempiri çaga göteren ýaly edip esli salym gujagynda saklady. Atamerdan ömründe iň soňky gezek haçan, näme üçin gözýaş edenini ýatlap bilmese-de, edil şu mahal ýaňagynyň nemlenendigini bildi. Ol töweregine garady. Ümüriň içinde bolup görnen ýoldaşlarynyňam hemmesi müzzeren

çaga ýaly bolup, aşak seredip durdy. Dikuçar edil alkymynda duran daýaw uçarman hem elýaglygyna elini ýetirdi.

Çirkin ses tapba kesilensoň, kempiriň Atamerdanyň daýaw boýnundan köz tutan ataşgir ýaly bolup ýapyşan arryk barmaklary hem gowşap gitdi. Gyzdurdy enäniň gury çybyga meňzeş elleri aşak sallandy. Atamerdan enäniň göwresini emaý bilen ýere golaýladan badyna, haýdap ýetişen kimdir biri garrynyň kellesiniň aşagyna öz penjegini ýassyk etdi.

Bir ýukaýürek ýigit sesini sandyratdy.

— Kyrk ýyldan soňky duşuşygyň netijesi şeýle bolaýmalam-da!

Gyzdurdy enäniň peşehordasyz ýüzüne garap, çommalyp oturan Atamerdan hasratly ýylgyrdy. Onuň bu günki uly şatlygyny paýlaşýan ýoldaşlary bolsa, ol ýylgyryşa özleriçe düşünip begendiler.

Göçgünliräk bir nebitçi bolsa, kaskasyny ýokaryk zyňyp gapdy.

— Atamerdan, gözüň aýdyň!

Atamerdan il ýüzüne tassyklaýjy baş atsa-da, işdeş ýoldaşlarynyň gutlaglaryny ýürekden kabul etmedi. Üstesine-de, ýitiren perzendine sataşdym hasap eden enäniň, begenmekden ýaňa bolsa-da, özünden gitmegi ony alada goýdy. Gyzdurdy ene mahaly bilen aýňalmady. Onuň gözleri ýumukdy, dili hem aýlanmaýardy. Garrynyň daşyny gallan burawçylar biynjalyk bolmanam durmadylar. «Bu şatlykly gün kempiriň ömrüniň toýly hem ýasly iň soňky güni bolup, begenjiň soňy hasrata sapmasa ýagşydyr» diýip, howpurganam tapyldy. Garaz, Gyzdurdy ene Atamerdana-da, onuň ýoldaşlaryna-da alada baryny berdi. Ýüzüne «Ilkinji kömek serişdeleri» diýlip ýazylan gapyrjagyň emindenem netije çykmansoň, garryny getiren dikuçar bilenem yzyna ugratmaly diýen netijä geldiler.

* * *

Şäheriň eteginde dikuçary garşylan «Tiz kömek» Atamerdan bilen Gyzdurdy enäni göni keselhana alyp gitdi. Kempiriň ýagdaýyny barlan lukmanlar näsagda ömrüne dalaş gurjak howpuň ýokdugyny kesgitlediler. Ýöne ony, iň bolmanda, dört-bäş gün

keselhanada saklamaly etdiler.

Gyzdurdy enäniň ýanynda uzak wagt oturan Atamerdan giç agşam hassahanadan çykdy. Ol tä öýüne ýetýänçä-de, düýşde bolup geçýän ýaly wakadan saplanyp bilmedi. Haýsydyr bir ýediýat kempir häzirem onuň gapdalyndan ýöräp gelýän ýalydy. Gyzdurdy enäniň dikuçardan düşüp, özüne tarap okdurylyşy onuň göz öňünde gaýtalandy, gursaga sygman, zarp bilen çykan «Balam!» diýen sesi gulagynda ýaňlandy. «Men ol sözüň ýürekden çykandygyna ynanýaryn, garry. Ýöne, özümiň welin seň balaňdygyňa ynanamok. Şeýle bolansoň, sen meniň ýürekden aýdylmaýan «eje» diýen sözüme nädip ynanjak? Seň örän inçeden yzarlamaly duýgur ene ýüregiň Atamerdanyň başga bir enäniň ogly bolmalydygyny syzmaýarmy? Ýa sen göre-göre, enelik duýgusy kütelip giden näsagmykaň? Sen meni öz ogluň hasap etdiň. Ol öz işiň, öz aýgydyň. Ýöne men näme etmeli? Men indi hanjak ýöremeli?»

Atamerdanyň garaşylýan mahaldan üç gün öň öýe dolanmagy Ýazgüli hem begendirdi hem geňirgendirdi. Emma adamsy gapydan girip-girmänkä, aýaly onuň sebäbini sorap durmady. Çünki beýle ýagdaý her aý saýy gaýtalanyp durmasa-da, Atamerdanyň käte nobat arasynda-da iş bilen «merkeze» gelip-gidäýmesi bardy. Ýöne zenan ýüregi bu gezek bir üýtgeşik wakanyň bolandygyny syzdy. Atamerdan öňki Atamerdan däl ýalydy, agyr aladanyň astynda galan adama meňzeýärdi. Ol içki jaýda eýýäm uklap ýatan Balkanyň ýüzüne seredip çykandan soňam bir terzini üýtgetmedi. Ýogsam, nobatdan juda aryp gelen pursatlary hem, uklap ýatanam bolsa, Balkanyň ýüzüni görüp çykandan soň, Atamerdan ýadawlykdan saplanan ýaly bolýardy. Bu gezek welin beýle bolmady. Ol stoluň başyna geçip, bir-iki owurt çaý içensoň, Ýazgül:

— Gaty ýadaw görünýäň-le, Atamerdan? — diýdi.

— Sen ýadawlygymyň sebäbini sorama-da, näme üçin wagtyndan ir gelenimiň sebäbini sora, Ýazgül. Araky gazetde çykan suratymy görüp, meni öz ýiten ogly diýip kabul eden bir garry aýal, Aşgabatdan ýörite, meniň yzymdan bardy...

Dogrusy, Ýazgül buraw işleri geçirilýän ýerde «adatdan daşary» waka döräp, iň bolmanda, kimdir biriniň el-aýagynyň müçügendiginiň ýakymsyz habary aýdylar öýdüpdi. Emma asla garaşylmadyk wakanyň beýany Ýazgüli buzdan ýasalan ýaly doňduryp goýdy. Gürrüň Gyzdurdy enäniň hassahana ýerleşdirilen pursadyna ýetende, Ýazgül oturgyçdan turup, aşhana bardy, ol ýerde-de näme maksat bilen gelenini ýadyna salyp bilmedik aýal eli boş yzyna aýlandy. Içerini gurşan dymyşlygy Ýazgülüň sowaly böldi:

— Ýüzünde peşehordanyň goýan yzy ýokmudy?

— Gepem şonuň ýoklugynda-da! — Başga bir nokada garap oturan Atamerdan, gaýtarýan jogabyndan özi närazy ýaly bolup, tutuksy dillendi.

Eşiden jogabyndan soň eginleri salparana meňzäp, Ýazgülüň bedeni, birhili, gowşan ýaly boldy. Ol esli salymdan soň gepledi.

— Sen o barada garrynyň özüne aýtdyňmy?

— Nätjegimem bilmedim. Onsoňam, peşehorda-beýleki hakda aýdyşmaga maý-pursadam bolmady. Meni gören badyna o pahyr özünden gitdi. Häzirem gözüni açanok...

— O biçäräň ýagdaýyna düşünýän. — Birdenem Ýazgül tisginen ýaly etdi. — Aýtmanyňam gowy bolupdyr. — Adamsy ýüzüne sowally nazar aýlansoň, Ýazgül pyşyrdady. — Şu mahal men özümi şol garrynyň ornunda goýup görýän...

— Ýalan sözlemelimi?

— Çynam sözleme, ýalanam sözleme.

— O diýdigiň näme?

— O diýdigim gepleme diýdigim.

Bu meselede geplemeseňem, ýalan sözledigiň bolar ahyryn... hawa-da, adama ýagşylyk edip bolýan bolsa...O pahyryň näçe gün ömrüniň bardygam bir Hudaýa belli. Aşgabatda ýer yranaly bäri hem kyrk ýyldan gowrak wagt geçip ýör... Peýdasyz hakykatdan peýdaly ýalan gowudyr diýjek bolýaňmy?

Ýazgül sesini çykarman, gözýaşyny süpürdi. Atamerdan bolsa, öz sowalyny özi tassyklaýan ýaly, aýalynyň ýüzüne seredip oturyşyna, baş atdy.

* * *

Öňi owadan öňlükli Gyzdurdy ene aşhanada nahar bişirip durka, gapy jyrlady. Ol «Gulply däldir, geliberiň!» diýip gygyrsa-da, özi baryp işigi açýança içerik giren adam bolmady.

Şunça ýaşasa-da, şu mahala çenli özüne gül dessesi gowşurylany ýadyna düşmeýän, gül gowşurylmagy adaty zat däl hasaplaýan Gyzdurdy enäniň bir desse çemeniň atyr ysy bihuş etdi. Ullakan gül dessesiniň aňyrsyndan gapydan gelen ýaş aýalyň zordan ýüzi göründi. Onuň sesi welin, oňat eşidildi.

— Gyzdurdy ene, siz biçak bagtly ene! Gözüňiz aýdyň! Men iki jaý gündogaryňyzda ýaşaýan goňşyňyz Gülçähre. Sizi gutlamak üçin ýörite geldim.

Ýat adamyň näme üçin gutlaýany aýdylmasa-da düşnüklidi. Şonuň üçinem ýüzi ýylgyryşdan dolan Gyzdurdy ene bir aýdan sözüni üç-dört gezek gaýtalap, gelen aýalyň minnetdarlyk ýüküni ýetirdi.

— Nahar taýyn, garagözüm, derrewem çaý goýaýyn. Gel, geç, duz dadyp git!

— Men häzir geçip oturmaýyn — diýip, gül getiren aýal Gyzdurdy ene üçin garaşylmadyk bir syry hem açyp gitdi. — Men Ýazgül bilen bile işleýän. Gelniňiz gaýynenesine duşany üçin işdeş joralaryny çagyryp, dabara guramakçy. Şol dabara gelenimizde, siz bilen bileje oturyp, arkaýyn çaýlaşybereris... Men gideýin. Sizi ýene bir gezek goşa-goşa bagt bilen gutlaýan, ene...

Gyzdurdy ene diňe ýylgyryş bilen minnetdarlyk bildirse-de, onuň ýylgyryşynyň aňyrsynda «Goşa-goşa bagt kemi ýok. Hudaýa şükür!» diýen aýdylmadyk, ýöne kalpda telim gezek gaýtalanan sözler bardy.

Gül getiren aýal hoşlaşyp giden badyna Balkan okuwdan geldi. Ol arkasyndaky ýantorbasyny hem aýyrman, aşhana girdi.

— Men geldim, ene!

— Gelen bolsaň, gowy-da, köşejigim — diýip, Gyzdurdy ene Balkanyň maňlaýyndan ogşady. — Men saňa garaşyp otyrdym. Senden aýlanaýyn, agtyjagym, senden aýlanaýyn!

— Sen maňa «Nädip geldiň?» diýsene, ene!

— Sen nädip geldiň, Balkan jan, balajygym?

— Seň Balkan jan balajygyň ajygyp geldi, ene.

— Wah, diljagazyňdan aýlanaýyn! — diýip, Gyzdurdy ene Balkanyň maňlaýyndan ýene bir gezek ogşady. — Ajygan bolsa, Balkan jan balajyk ýantorbasyny goýsun-da, eljagazyny ýuwsun. Seň halaýan naharyňy men häli bişirip goýdum.

Enesiniň tabşyrygynyň ikisinem berjaý eden Balkan stoluň başyna geçdi. Nahar guýup, çaganyň öňünde goýan garrynyň özi hem garşysyna geçip, onuň işdä bilen nahar iýşine guwançly seredip oturdy. Birdenem ol:

— Balkan jan, men ölemde sen aglamagyn, balam — diýip, diňe bir çaganyň däl, belki özüniňem garaşmadyk haýyşyny tapdy.

Agzyna ýetirip barýan çemçesini saklan çaga garrynyň ýüzüne geň galyp seretdi.

— Nämüçin?

— Sebäbi men dünýäde iň bagtly adam. Hudaýam iň bagtly bendesiniň dilegini kabul edýämiş. Men kyrk ýyl ýalňyz ýaşap, bir günüň içinde hem ogully, hem gelinli, hemem agtykly boldum. Onda-da nähili ogul, nähili gelin, nähili agtyk!

Kakasyna, ejesine, özüne berilýän gowy baha bilen ylalaşýan ýaly, çalaja ýylgyrýan Balkan nahar iýmesini dowam etdi. Birdenem özüne garrynyň garaşylmadyk teklip edişi ýaly, garrynyňam garaşmadyk sowalyny berdi.

— Senem ölmelimi, ene?

— Ahyr bir gün ölmeli bolar-a, balam. Ölüme bagt diýilmeýär. Ýöne meňki bagtly ölüm bolar. — Balkanyň gözüne ýaş aýlandy. Gyzdurdy çaganyň gözýaşyny aýasy bilen süpürdi-de: — Gözýaş etme, balam — diýdi. — Men entek-entek ölmerin. Köýen kyrk ýylyma derek Hudaý meň ömrümiň üstüne ömür goşar. Ynha, özüň görersiň...

Enesiniň ähli islegini Hudaý kanagatlandyryp ýören ýaly, garrynyň uzak-uzak ýaşajagyna-da ynanan Balkan ölümli gürrüňden daşlaşmak isledimi-nämemi, düýpden başga sowal tapdy.

— Ene, seň ozalky ýaşan ýeriňde mekdep barmy?

— Bar, köşegim. Ony näme üçin soraýaň?

Sen aňryk gitseň, men aňyrda okajak, sen bärik gelseň, men bärde okajak.

— Olam bolar, balam — diýip, Gyzdurdy ene hem ýylgyrdy, hem baş atdy.

* * *

Otlyny ýola salyp, öz ýerine tarap barýan nobatçynyň öňünden çykan başga bir demirýolçy aýak çekdi-de, aňyrrakdan peýda bolan Gyzdurdy enä tarap baş atdy.

— Şo kempirem soňky wagtlarda ýygy-ýygydan şu ýerde görünýär welin, bir aladajygy bardyr-da.

— Ol aýda ýa aý ýarymda bir gezek demir ýol menziline hökman geläýmelidir — diýip, nobatçy ýylgyrdy. — Oňa Gyzdurdy ene diýýändirler. Ol hakda gazetlere-de ýazdylar. Nebitdagyň otlusyny garşylaýandyr.

Demirýolçy sagadyna seretdi.

— Nebitdagyňkyň gelmegine tutuş bir sagat bar ahyryn?

Gyzdurdy ene her gezek bir sagat gowrak wagt öňünden gelýär.

— Işsiz garrydyr-da. Öýünde oturyp bilýän däldir.

Nobatçy baş ýaýkady.

— Beýle däl, gardaş. O pahyry çäksiz begenç öýünde oturdanok. Ol tüýs bagty çüwen.

— Öýünde oturmaga goýmaýan bagtdanam bagt bolarm-aýt!

— Gyzdurdy ene ýer yranada ýitiren ogluny bir ýyl töweregi mundan ozal tapdy. Nebitdagda ýaşaýan ogly hem Aşgabada gelip gidýär. — Nobatçy ýetip gelen Gyzdurdy enä üns berdi. — Onuň şatlygynyň üstüne şatlyk goşaly...

Demirýolçy bir zat diýjek boldy. Emma ýetip gelen ýaşuly aýal berlen salamy almak bilen duranlaryň ikisiniňem ünsüni özüne çekdi.

— Ogluňy garşylaýaňmy, Gyzdurdy ene?

— Hawa, Atamerdan jany garşylaýan, garagöz. Atamerdan jany garşylaýan.

Gyzdurdy ene her gezek berilýän şol bir sowaldanam, her gezek

öz gaýtarýan şol bir jogabyndanam şeýle bir lezzet alýar welin, asyl ol ýüzi tanyş bolup giden nobatçyny uzakdan görse-de, onuň «Ogluňy garşylaýaňmy?» diýen sowaly eşidilýän ýaly bolýar.

— Otla çykmaly günüň gelende, gaty ir turaýýaň öýdýän?

— Ertir namazymy okaýan-da, gaýdyberýän. Atamerdan jandan zerur bu dünýäde näme aladam barmyş meň?

— Her gezek şu ýerde seni göremde, menem begenýän. — Nobatçy bu gezek diňe bir garrynyň göwnünden turmak üçinem däl-de, kalbyndaky hakykaty daşyna çykardy. — Bagtly adamdan bagt, döwletliden döwlet ýokarmyş diýýäler...

Gyzdurdy ene hemme adama, has beterem demir ýol menziliniň nobatçysyna öz bagtlylygyndan bagt ýokuşmagyny, döwletliliginden döwlet ýokuşmagyny arzuw etdi. Sebäbi nobatçy ýigit sada, mylaýym, tap bilen. Ilkinji gezek gabat gelende-de ol ýigit asla tanamaýan adamyna baş egip salam berdi. Ýogsam, ýaş-ýeleňleriň käbiri saňa baş egmek beýle-de dursun, asla salam bermänem geçip gidýärler. Demir ýol menzilindäki ýaş ýigit welin, olardan däl. Ol, üstesine, her gezek Gyzdurdy enäniň eşidesi gelýän sözlerini gaýtalap, Atamerdanyňam adyny tutýar. Gyzdurdy ene bolsa demir ýol menzilindäki hemme adamlaryň şol ýigidiň aýdanlaryny, aýratynam «Ogluňy garşylaýaňmy?» diýen sowalyny gaýtalamaklaryny isleýär. Emma Nebitdagyň otlusyny garşylaýan güni şatlykdan ýaňa demir ýol menziline däl, giň dünýä sygmaýan ene şol nobatçydan başga hiç kimiň gözüne-de ilenok. Adamlar şeýleräk-dä.

Günbatar tarapdan öz bagtyny alyp gelýän otly garagörnümden peýda bolanyndan, Gyzdurdy ene: «Adamlar-uw, şo gelýän otluda meň Atamerdanym bolmalydyr-uw!» diýip, demir ýol menzilini ýaňlandyryp gygyrybermek isleýär. Dogrudanam, gygyraýsa-ha, otly geler-geler-de mydama arynyň öýjügine meňzäp gozgalaň tapýan menzildäki ýüzlerçe adamdan, iň bolmanda, biri-hä «Atamerdan kim bolmaly?» diýip sorardy, garry hem: «Atamerdan jan meň oglum bolmaly» diýip, jogap gaýtarardy.

Ýagyş dagy guýup durmasa, tä garaşýan otlusy gelýänçä, Gyzdurdy ene perronda gezim edýär. Otly togtaberende hem öz

durmaly ýerine tarap ýönelýär. Atamerdanyň tabşyrygy şeýle. «Men haýsy wagona münjegim öňünden belli däl, eje. Sen şujagaz ýerde dursaň, özüm ýanyňa gelerin». «Şujagaz ýer» — beýik jaýyň öňündäki agaç sekiniň ýany.

Umuman, Atamerdan garrynyň azap çekip, demir ýol menziline gelmeginiň tarapdary hem däl, ýöne gördi-bakdy welin, garşylamagy gadagan etmek enäni ullakan lezzetden mahrum etmeklik boljakdy. Şonuň üçinem ol kempiriň raýyny ýykmasyz etdi. Gyzdurdy ene bolsa diňe bir aýdan ýa aý ýarymdan menzile gelmek däl, gaýtam bolmajak zady — ogly Nebitdagdan ugranda, otlynyň öňünden ýüwrüp gaýtmagy arzuw edýär.

Günbatar tarapdan peýda bolan otly ýuwaşjadan demir ýol menziline golaýlaýar. Otly golaýladygyça-da, Gyzdurdy enäniň dem almasy kynlaşýar. Ol tolgunýar. Otlynyň tigirleri hereketini togtatsa, oňa derek Gyzdurdy enäniň ýüreginiň hereketi çaltlaşýar. Garry çep döşüne elini ýetirýär: «Agzymdan çykjak bolma. Kanagat et!» diýip, öz-özüni köşeşdirmäge synanyşýar. Synanyşanda näme! Synanyşanda-da begenç ýüküni götermekden ejiz gelýän ene ýüregi köşeşäýenok.

Oňat geýnüwli, syrdamdan daýaw, eli gara diplomatly Atamerdan wagondan düşüp gelýär. Ene ony müňüň içinden saýgarmajakmy?! Bagtyýar garrynyň ýaňaklaryna şatlyk gözýaşy togalanýar. «Edil kakasy-da. Boýuňdan-syratyňdan aýlanaýyn, balam, Atamerdan jan!»

— Salawmaleýkim, eje!

Bu iki söz Gyzdurdy enäni Köpetdagyň iň belent gerşine tarap göterip gidýär. Sebäbi oňa öz ogly salam berýär!

— Aleýkimsalam, oglum!

Bu jogap sözleri-de garra az täsir etmeýär. Sebäbi ol öz oglunyň salamyna jogap gaýtarýar!

Garrynyň çepiksi göwresi oglunyň uly gujagyna dolýar. Diplomatyny ýerde goýan Atamerdan kempiri mäkäm gujaklaýar.

Atamerdanyň uzyn boýuny hasam dartgynly edip görkezýän uzyn etekli gara plaşy bilen reňkdeş diplomatyny açyp görmese-de, ene onuň içinde näme bardygyna indi belet. Diplomatda oglunyň

ejesine niýetläp getiren, näme-de bolsa, bir kiçijik sowgady hem goňşy-golamyň çagalaryny begendirer ýaly delje süýji bolmalydyr. «Ýazgül jan gelnimem gurgunmy? Balkan jan agtyjagym oňatjamy? Enesini ýatlaýamy? — Bular her gezek gaýtalanýan sowallar. Sowallaryň jogaby uly lezzete öwrülip dolanyp geler.

...Atamerdan bilen Gyzdurdy enäniň münmeli awtobusynyň oturgyçlarynyň hemmesi eýýäm eýelenen eken. Garryny göterip diýen ýaly ulaga mündüren Atamerdan şadyýan ses bilen:

— Haýsy oturgyçda ýaşy otuz bäşden bärdäki adam bar bolsa, ýaşy iki otuz bäşe ýeten ejeme ýer bersin! — diýip gygyrdy.

Ýolagçylar gülüşdiler. Bir ýaş ýigit:

— Men otuz bäşe däl, otuza-da ýetemok! — diýip, Gyzdurdy enä ýerini berdi. — Ynanmasaň, pasportyma sered-äý!

Garry oturgyjyň ýapyşylýan ýerinden däl-de, gapdalynda dik duran Atamerdanyň goşaryndan ýapyşyp oturýar hem oglunyň dil tapmaga ökdedigine begenýär. «Orazly pahyram şuň ýaly degişgendi. Çykalga ýok ýerdenem dili bilen çykalga tapaýýardy...»

Gyzdurdy enäniň obasy şäher bilen sepleşip otyr diýen ýalydy. Ýer yranan ýyly diňe kepbelerden hem pagsa diwarlardan ybarat bolan obanyň tot-tozansyz köçelerini telim gatly bolmasa-da, köpüsi bişen kerpiçden gurlan owadan jaýlar bezeýärdi. Gyzdurdy enäniňki hem köçe tarapynda biri giň, biri kiçeňräk iki sany jaý gurlan ykjamja howludy. Ol şähere gatnaýan awtobusyň gelip durýan ýerinden gatybir uzakda-da däldi.

Elinden tutulyp gapydan çykarylan Gyzdurdy ene aýagy ýere degip-degmänkä, gepläp başlady. Oňa-da köçäniň gyrasyndaky tamdyr sebäp boldy.

— Hol tamdyry görýäňmi, Atamerdan jan? — Kempir tamdyra tarap elini salgady. — Ýer titremezinden ozalam şo tamdyr bardy. Ýöne azajyk bärräkdedi...Bir gezek sen, gözüme çöp atyp, howludan çykypsyň-da, jompul-jompul edip, şo tamdyryň deňine ýetiberipsiň. Tamdyryň gapdalynda-da ala köpek garysyny ýassanyp ýatan eken. Muhammet agaňky. Muhammet aga pahyram kesegiň aşagynda

galdy. Gowy adamdy özem...O köpek gaty gyňyrdy. Hernä, edil şo mahal kakaň bir ýerden peýda bolaýýa... Baý-baý, şonda bir maňa käýinmek käýinendir welin, gaharly sesi henizem gulagymda ýaňlanyp duran ýaly.

Oglunyň çagalygy bilen baglanyşykly bolany sebäpli, geçmişdäki käýelmegem garryny ýylgyrtdy.

— It topulmanmy? — diýip, Atamerdanam ýylgyryşa goşuldy.

— Topulmandyr, hernä. Topulyp, seň bir ýeriňe tyg dagy salaýan bolsa, kakaň pahyr meň başymdan ala ýabylynyň gününi indererdi.

Atamerdan «ala ýabyly» sözüniň manysyna düşünmeýändigini boýun aldy.

— Wah, balajygym, sen obada ösmedik-dä — diýip, Gyzdurdy ene başyny ýaýkady hem ogluna düşündiriş berdi. — Pis açan ýaba «ala ýaby» diýilýä. Öň urup-ýenjip kowup goýberer ekenler. Oglanjyklaram ony daşlar ekenler... Göwnüme bolmasa, şu ýerlerde seň dabanyň yzlaram bar ýaly...

«Ýalňyşýaň, Gyzdurdy ene, ýalňyşýaň. Bu köçelere meň daban yzymyň düşmäge haky ýok» diýse-de, kempiriň göwnüni götermek islän Atamerdan ýylgyran boldy.

— Meň-ä ýadyma düşenok şo zatlar.

— Sen o mahallar kiçijikdiň, balam.

Atamerdanyň bu oba bilen baglanyşykly hiç zat ýadyna düşenok. Düşmeli hem däl. Ýöne Nebitdagyň hassahanasyndan çykyp, Ýazgül bilen, Balkan bilen ýakyndan tanşan gününden bäri enäniň öz geçmişinden ýatlanlary, aýdan gep-gürrüňleri Atamerdanyň gulagyndan gidenok. Özi-de şol gep-gürrüňlerden soň, Atamerdan, birhili, başga adama, özünden başga bir Atamerdana öwrülip barýan ýaly boldy. Şol gep-gürrüňlerden soň, giň düzlükde bag-bakja bürenip oturan bu obanyň adamlarynyň köpüsini tanaýan ýaly, olar hakda, edil obadaş ýaly bolup, kän zatlary bilýär. Käbiri bilen-ä, edil oglanlykda bile oýnan däldirin öýdenok. Sebäbi Gyzdurdy ene olar hakda şeýle bir gyzykly edip gürrüň bermäge ökde welin... Ýerden ýeke çykan bolmasa-da, Gyzdurdy enede «Sen dur, men öleýin» diýjek hossaram ýok eken. Onuň iň ýakyn

hossar hasaplaýany adamsynyň dünýäden öten aýal doganynyň ogly Ahmet ýegendi. Atamerdan ol ýegen bilen Gyzdurdy enäni ilkinji gezek Nebitdagdan alyp gelen sapary tanşypdy. Ýöne, näme üçindir, ilkinji gezek görende-de, ony onçakly sulhy almandy.

Umuman, Gyzdurdy enäniň garyndaşlar-u-garyndaş dälleri bilen tanyşmak Atamerdana ýeňil düşmedi. Ol özüni müýnli, adamlaryň öňünde ikilik edýän ýaly duýdy. Dogry, hiç kim, iň esasam, Gyzdurdy enäniň özi oňa asla müňkürlik etmeýär. Atamerdanyň özi özüne müňkürlik edýär. Iň kyn ýeri hem şol. Ol öz baş goşmaly bolan işini bir tarapdan oňlasa, beýleki tarapdan goldamady. Oňlamasa-da, goldamasa-da, indiden soň yza tesmek giçdi.

Tamdyryň deňinden on bäş-ýigrimi ädim geçilensoň, Gyzdurdy ene bilen deň-duş, ýöne kebzesi mazaly küýkeren kempir howlusynyň kiçijik gapysyny jygyldadyp daş çykdy-da, töweregine garanjaklap, ýene yzyna girip gitdi. Dogry, ýetip gelýän eneli-ogly ol garrynyň gözi alan däl bolmagam ahmaldy. Ýöne Gyzdurdy ene welin, oňa başgaça düşünýär. Ogulkeýik küýki özge mahal-a, ýoldan kirpi geçse-de, görýändir welin, çynar ýaly ýigidi görmedik bolýar. Ýeri, Gyzdurda gözüň ilmese-de, Atamerdany hökman göräýmeli ahyryn sen...

Indiki derwezäniň öňünde ýaprak peşäp ýören dört-bäş sany towuga gözi düşen Gyzdurdy ene ýene öz ýaşlygyna, Atamerdanyň çagalygyna tarap gitdi.

— Sen kiçijikkäň, näme üçindir, towuga «pyt-pyt» diýýädiň, Atamerdan jan. — Kempir öz aýdanyna özi ýylgyryp gepledi. — Köwüş geýdirjek bolsam: «Pytpytlaram» öz aýagy bilen ýöreýä, menem öz aýdagym bilen ýörejek» diýip aglaýadyň...

«Indiden soň men seniň ynamyňy depelesem, pes adama öwrülerin. Ýöne, sen ýene ýalňyşýaň, Gyzdurdy ene. Towuga «pyt-pyt» diýýänem, köwüş geýmejek bolup aglaýanam başga çaga bolmaly» Atamerdanyň kalby bir zat, dili başga zat diýdi.

— Onsoň men şeýdip, aýakýalaňaç gezýämidim?

— Aýakgapsyz kän gezdirmeýädim. Basga düşüp geýdirýädim. Aýajygyňa tiken dagy çümäýse, janym çykyp barýady. — Birdenem

Gyzdurdy ene derwezä tarap seretdi. — Ogulbossan-uw! Aý-uw, Ogulbossan-a!

Howlynyň daş işiginde peýda bolan, birneme ýokaryk çyzgalan köýneginiň bili eriş bilen guşalan, eli sübseli garaýagyzdan arryk aýal kempiriň göwnünden turubildi.

— Ogluň geldimi, Gyzdurdy ene? Gözüň aýdyň! Amanmy, Atamerdan, aman-saglykmy? Gelin, ogul, hemme gurgunmy?

Atamerdanyň beren salamynyň üstaşyry Gyzdurdy ene gepledi:

— Hawa, Atamerdan jan geldi, goňşy. Ejesini göresi gelip gaýdyberipdir... Towuklaň daşarda gezip ýören eken-de, ýene araky ýaly kowalap tutmaly bolaýma diýip gygyraýdym. — Elbetde, bu jogap towuk üçin däl-de, Ogulbossan goňşyny Atamerdan bilen salamlaşdyrmak üçin gygyrylandygynyň üstüni basyrýan ýüzleý mekirlikdi.

Ogulbossan goňşy towuklaryna üns bermän, elindäki sübsesini kelemenledip, ýene yzyna girip gitdi. Onuň özi içerik girse-de, şaňňy sesi daşaryk çykdy.

— Meň ýakamdan girjek bolup ýörmäň-de, sizem birsalym daş çykaýyň ahyryn, garasarlar. Ana, towuklaram dyr-pytrak bolup gidipdir. Siz barkaňyz indi köçä çykyp, eneňiz towuk kowalamalymy? Çykyň howludan! Güm boluň! Anha, Gyzdurdy enäň oglam gelipdir. Baryň, salamlaşyň. Menem birsellem sizden dynç alaýyn!

Ogulbossan goňşynyň aralary ýygy-ýygy doglan alty ogly bar. Hemmesi-de edil hindi çagalary ýaly garaýagyz, biri beýlekisinden garagol. Olaryň iki-üç sanysy gelse-de, ägä bolaýmasa, howlusyny akan-dökän edýändiklerinden habardar Gyzdurdy ene häzir olaryň tapyrdaşyp howla girenlerini kem görenok. Sebäbi ol çagalar garagolam bolsalar, uly adam ýaly bolup, edepli salamlaşmagy welin başarýarlar. Olar her gezegem Atamerdanyň gara berenini bilen batlaryna güpürdeşip gelýärdiler. Bu gezegem şeýle boldy.

Atamerdan goňşy oglanjyklar bilen köneden tanyş ýaly bolup gitdi. Käbiriniň adyny bulaşdyrsa-da, ýüzlerinden hemmesini-de tanaýar, haýsysynyň uly, haýsysynyň kiçidiginem saýgarýar.

— Ana, Ogulbossanyň garaja jüýjelerem geldiler! — diýip,

Gyzdurdy ene oglunyň öz gözi bilen görüp duran zadyny habar berdi.

Atamerdan oglanjyklary ýylgyryp garşy alýar. Gyzdurdy ene bolsa, olaryň joňkuldaşyp, Atamerdan bilen gezek-gezegine, gol gowşuryp salamlaşyşlaryna guwanýar.

— Eje, bulaň agzyny süýjetjek dämi sen?

Gyzdurdy ene Atamerdanyň diplomatyny açmaga-da ökdeläpdir. Ogulbossan goňşynyň çagalaram şol diplomat açylýança garaşyp durmaga endik edipdirler. Çünki olar, iň bolmanda, aýda bir gezek gara diplomatyň açylýanyny görýärler, aýda bir gezegem Nebitdagdan gelen «kemput» bilen agyzlaryny süýjedýärler.

Maksatlaryna ýeten oglanlar gelişleri ýaly güpürdeşip howludan çykan batlaryna, pessejik goňşy haýatyň aňyrsyndan nägile aýal sesi eşidilýär.

— Garasar ýaly bolup, eýýäm geldiňizmi? Gidiň, daşarda oýnaň! Size giň köçe çydaýa, meň dar gursagym çydanok...

Gyzdurdy ene bilen Atamerdan her gezek diýen ýaly eşidilýän şoňa meňzeş sözler gulaga ilenden, bir-birege seredip ýylgyryşýar. Goňşy bolsa, eneli-ogluň ýylgyryşlaryndan tükeniksiz lezzet alýar.

Atamerdan adam ararça ýoldan gelse-de, törde myhmansyrap oturmaýar. Gyzdurdy ene-de indi onuň gylyk-häsiýetlerine öwrenişiberipdir. Daşky jaýda diplomatyny goýan ogly plaşyny çykaryp-çykarmanka, ene onuň ozal Nebitdagdan alyp gelen köne eşiklerini tapyp berýär.

— Şulaňňy geýäý, oglum! Arassa geýimleň hapalanmasyn.

Atamerdan iş eşiklerini geýer-de, daşaryk ýöneler. Gyzdurdy ene hem onuň yzyndan galmaz.

Atamerdan bu gezegem howlynyň töründäki köne-küşül salynýan kiçijik jaýa tarap gitdi, ol ýerdenem çekiç, elbyçgy hem üç gulaç ýaly rezin turba alyp gaýtdy.

Gyzdurdy ene tamyň gapdalyna bardy-da, Atamerdanyň öňki gezek gelende öz eli bilen ýasan agaç kürsüsinde oturdy. Şol ýerdenem ol oglunyň edýän hereketlerini synlamaga başlady. Garry onuň näme iş etjek bolýanyny ozaldan bilýänligi üçin hiç

hili sowal-zat bermedi. Ol diňe ykbalyndan hoş bolup, öz ýanyndan ýylgyrdy. «Atamerdan jany Taňrym maňa gaýtaryp bereli bäri öýüm öýe, howlym howla meňzäp barýa...» Diýmezçe-de däl, iki hepde mundan ozal Ýazgül gelinem bary-ýogy iki günlük gelip-gidende-de, gije-de ýatman diýen ýaly, kempiriň ak başyny ak bulutlaryň deňine ýetirdi. «Öz gözüň ýetip duran ýerinden tapyp, öz gözüň bilen saýlap-seçeniňem beýle mährem, beýle hyzmatly bolup çykmazdy» diýip, hoşhal garry geçeni ýatlady. Ýogsam näme! Ýazgül gelin tüýs bagtlynyň bagtyndan çykan maşgala. Atamerdana sataşmagy bilen onuňam ykbalynyň üç gezek çüwendigi görnüp dur welin, Atamerdanyňkynyň çüwşem azym-küjüm däl.

Ýazgül gelin, gele-gelmäne, bir käse çaý içdimi, içmedimi — garrynyň içersini akan-dökän etdi. Palaslary, halylary çykaryp güne serdi, iki otagly jaýy, ullakan eýwany ömürylla tot-tozan görmedik ýaly etdi, diwarlara, pola otuň ysy ýaly yslyja dermanam pürkdi. Hatda Gyzdurdy enäniň heniz görmedik zady — ýassyklaryňam bir burçundan eriş daňyp, olary simden asyşdyrdy, şemallatdy. Agşamlyk içeri düşeklenende-de, goş-golamlar şeýle bir ýerbe-ýer, göwnejaý edilip täzeden goýuldy welin, jaý başga jaýa meňzän ýaly boldy. Özi-de Ýazgül garra agyr bolup görünýän işleri-de çep eliniň barmagynda aýlady goýberdi.

Ertesi günem irden aýak üstüne galan Ýazgül Gyzdurdy enäniň köp ýyllar bäri ulanylman ýatan gap-gaçlaryna çenli görmedigini görkezdi. Gyzgyn suwa ýatyrylyp, arassalaýan serişdeler bilen ýuwlan çäýnek-käseler, tabaklar ýaňy dükandan getirilen ýaly boldy.

Bolan işleri ýatlap oturan Gyzdurdy ene ýylgyryp, öz üstünden gülmäge-de mejbur boldy. Gap-gaçly şkafyň iň töründen çykan hum çäýnegi eline alan Ýazgül, oňa seredip durşuna esli salym pikirlendi. Köne humlugyň ata-baba döwründe çeňklenen jüründiginiň misine çenli poslap giden eken, gapagynyň gyralary-da gemrik-gemrikdi. Gelin bir-ä çäýnege, birem garra gezek-gezegine seretdi.

— Balkanyň enesi, şu çäýnekde indi özümiz-ä içmeris welin, muny öýe gelen myhmanyň öňünde-de goýup bolmaz...

Gep soňlanman galsa-da, aýdylmaly «Zyňaýalyň!» diýen sözüň

manysyny Gyzdurdy ene derrew aňdy. «Nebis gursun, Hudaýym!» Ýöne ol şo mahal çäýnek hakda däl-de, «Balkanyň enesi» diýen sözüň gulagyna ýakyp, ýukalan ýüregini gobsundyryp gidendigi hakda oýlandy. «Balkanyň enesi!» Ýazgül gelin içersiniň ähli goşgolamyny zyňsa-da, Gyzdurdy ene diňe şol iki sözi aýdany üçinem gelniniň raýyny ýykyp bilmezdi.

Içini gepledip oturan garry Atamerdana seredip pyşyrdady: «Ömrüň uzak bolsun! Edeniňe şükür, Hudaýym, edeniňe şükür!»

Gyzdurdy ene nädip «Edeniňe şükür!» diýmesin! Sataşylaly bäri Ýazgül eýýäm iki gezek garrynyň ýanyna gelip gitdi, içerä, howla serenjam berdi. Ol ilki gelende-hä Balkany hem getirdi. «Ene, salawmaleýkim!», «Aleýkimsalam, balajygym, aleýkimsalam!» Gyzdurdy ene geçen duşuşygy ýatlamakdan gözlerini süzüp, gaýtadan lezzet alýar, ýylgyrýar. Neneň lezzet almasyn, neneň ýylgyrmasyn! Ýer urup, ýerde galan garryny Hudaý ýalkady.

Ýazgül gelin soňky gezegem ýola düşmek üçin hoşlaşanda, kempiri gujaklap, ýaňagyndan taýly gezek ogşady. Şonda onuň gözünden birki damja ýaş hem togalandy. Beýle yhlas, beýle rehimdarlyk, beýle ýakynlyk Gyzdurdy enäniň nirede gören zady! Onuň öz gözleri özi üçin ýaş döken bolaýmasa, Ýazgülüňkiden başga kişiniň gözüniň Gyzdurdy üçin nemlenen gezegi bolmandy. Öz jigeriňden öneniňem beýle mährem bolmaz! Ilçilikde töwerekdäkilerem görülýär...

Soňky sözleriňem manysy ýok däl. Anha, ogly bilen gelni Heselbibini öýünden çykaryp, howlynyň burçundaky, mal saklaýmasaň, iki aýakly girer ýaly däl hütdüge eltip taşlady. Nämemiş, segsenden agan näsaglan garry iki hepde bäri özi daşaryk aýak ýoluna gidip bilmeýämiş, bosagadaky basgançaga münende-düşende goltgy bermelimiş. Şo kempir zerarly kaşaň jaýda ýakymsyz ys peýda bolanmyş. Öýe myhman gelse, ogul bilen gelin utanýamyş. Gaýtam-a biriňe ene, biriňe ene ýaly bolup oturan, sizi aýaga galdyran garryny daşaryk zyňanyňyza utanyň, bihaýalar! Sizi otdan-suwdan penalap, adam eden kim diýsene!

Gyzdurdy enäniň-ä gelniniň hiç mahalam beýle doňýürek

bolmajakdygyna öňünden kepil geçip bolar. Ogluň owsary gelinde. Gelniň adam çykmasa, ogluňda-da adamçylyk galmaz. Ýazgüle derek başga bir zalym gabat gelen bolsa: «Tapyndy eneň ýanyna özüň gidiber, men-ä gitmen» diýerdi. Şonça ýol söküp gelmezdi. Gelse-de, içeriň tozany bilenem, kendirigiň gerdi bilenem işi bolmazdy... Ýeri, indi bu telefona näme diýjek?!

Gyzdurdy enäniň öýüne telefon çekilmegi-de Atamerdana Ýazgülüň beren maslahatynyň netijesi. Ýogsam, bu ýaşdan soň kempiriň özi-hä telefon diýilýän zady küýsäbem durmazdy. Küýsäýende-de çekilmezdi. Taňrym ikisinem deň edip, duş edipdir. Ýogsam, biri beýlekisiniň aýdanyna «hä» diýmezdi. Sandan galan garry kempiriň tilpun nämesine gerekmiş, suwa düşülýän jaý nämesine gerekmiş diýerdiler...

Howla giren Ahmet ýegen işläp ýören Atamerdany görmän, göni daýzasynyň ýanyna bardy. Oglunyň gelenine begenip, keýpiçag oturan garry ýegeni bilenem gadyrly salamlaşdy hem oňa biraz igendi.

— Bir obada, bir köçede ýaşasaňam, üç aýdan bir gezek dolanaýmasaň, ýeke daýzaň halyndan habar alaňok. Atamerdan jan, ara uzagam bolsa, eli sypynsa, gelip dur. Şu günem geldi. Anha, işläp dur...

Daýzasynyň igenjine «Oh-o, görmändirinemden» başga jogap gaýtarmadyk Ahmet ýegen Atamerdana tarap ýöredi.

Atamerdan Ahmedi ýanyna baryp durandan soň görüp galdy. Ol Ahmediň salam berenindäki «daýy» diýen sözüni, birhili, ýaňsyly äheň bilen aýdylan ýaly gördi.

Ahmet ýegen gapdalda iki bölek bolup ýatan rezin turba gyzyklanma bilen seretdi.

— O turbany sen zaýalaýypsyň-la, Atamerdan daýy...

Atamerdana soňky söz ýene aýratyn basym bilen aýdylan ýaly bolup eşidildi.

— Zaýalamok, Ahmet ýegen, gerek boldy, kesdim.

— Kesmeli däl ekeniň-dä.

— Nämüçin?

— Men äkidäýjekdim.

— Ulanjakmydyň?

— Köçäň o tarapyndan mellegime suw geçirjekdim. Joýajyk gazyp, şu turbanam gömmekçidim. Daýzam-a muny hiç mahalam ulanmazdy...

— Geregiň şular ýaly turba bolsa, indiki gelemde tapyp beräýerin.

Beýle jogap bilenem turbanyň kesilmegi sebäpli bozulan keýp düzelmedi.

— Bir zatjagaz-a dikeltjek bolýaň sen bu ýerde. Giň zat-ha däl welin, hajathana bolsa gerek. Ozalam-a biri bar.

— Tomus suwa düşüner ýaly jaýjagaz gurjak bolýan.

— O kime gerek?

— Kime gerek! Ejeme gerek. Senem derläp gelen wagtyň mylaýym suw bilen tozanyňy ýatyraýsaň, kem görmersiň.

Seňrigini çalaja ýygran Ahmet ýegen ýaňsyly ýylgyrdy.

— Yssy bolanda-da, garry aýal duşa suwa düşer ýörerm-aýt? Senem, daýy, bolşuň birhili, türkmençiligi bilmeýäniňki ýaly.

— Türkmençilikde garry aýal bolsaň, suwa düşmän, porsap ýörmeli diýen kanun barmy? Bar bolsa, nirede okadyň?

— Ýazmaça kanun-a ýokdur welin...

— Ýa seň özüň çileden çykaňda suwa düşürileniň bilen oňup ýörmüň henize çenlem? — diýip, Atamerdan türkmençilikdenem başynyň çykýandygyny ýaňzytmak isledi.

— Biz-ä gerek bolsa, şäher hammamyna gidäýýäs — diýip, öwünýän ýaly gep tapan Ahmet ýegen, soňam özüniňkini ýörgünli etjek bolýan ýokundysy bar sowal berdi. — Sen muň gerekdigini, gerek däldigini Gyzdurdy daýzamyň özünden soradyňmy? Ýa öz meýliň bilen gurup ýörmüň?

— Adama ýagşylyk etmek isleseň, özünden sorap ýörmeli däl. Suwa düşsün düşmesin — ejemiň öz işi. Men öz ogullyk borjumy berjaý edýän.

— Aý, seň daýzamyň hakyky ogludygyň-däldigiňem entek gatybir belli dälem bolaýmasa...

Asla garaşylmadyk ýerden ýaňlanan bu gömelteý habar pessaý ses bilen aýdylanam bolsa, bulutsyz asmanda gök gümmürdän ýaly

bolup, Atamerdanyň ýüregine sarsgyn berip goýberdi. Ol beýle ýakymsyz gepi kempiriň özi hem eşiden bolaýmasyn diýen howatyr bilen jaýa tarap seretdi. Gyzdurdy ene howlynyň gapysyndan girip gelýän aksakgal bilen gep atyşyp, ähli ünsüni şol tarapa gönükdiripdi. Çykalgasyz ýagdaýa sataşan Atamerdan, özüni birneme dürsänsoň, pyşyrdap diýen ýaly gepledi.

— O gepi saňa kim aýtdy?

— Hiç kimem aýdanok. Özüm aýdýan. Özüm çak edýän. Menem durmuş, ýaşaýyş hakda oýlanmaýan haýwan däl ahyryn.

— Olar ýaly çaklamaň aşagynda esasam bolmalydyr-a?

— Hym-m-m — eden Ahmet ýegen ýene ýaňsyly ýylgyrdy. — başga ýerlerden Aşgabada göçüp gelmek isleýän, ýöne gelip bilmän ýörenler gytmy? Gyzdurdy daýzam ýaly sada garryny aldajak bolýan kezzap kän ahyry... Bu ýerem şäheriň göbegi bolmasa-da, şäher ýaly-da. Gaýtam, şäherdenem gowy. Ümsümlik, bag-bakja... Şu mahal bir sümelge edinmegem ýeňil-ýelpaý iş däl. Şular ýaly taýýarja mugt howly barka...

Bigünä halyna Atamerdanyň ýaňagyna töhmet şarpygy çalnan ýaly boldy. Ol näme ederini bilmedi. Paýyş söz aýtmalymy ýa-da töhmet şarpygynyň üstünden adalat ýumrugyny indermelimi?

Ahmet ýegene dikanlap sereden Atamerdan kalbyna dolan gahar-gazaby hereket bilen daşyna kowýan ýaly, eginlerini titredip, uludan dem aldy. Şol hereket hem onuň birneme pessaý äheň bilen geplemegine ýardam etdi.

— Ýaňky gepi şu obada senden başga-da aýdýan barmy?

— Menden gaýry kim beýle zadyň pikirini etsin? Adamlaň Gyzdurdy daýzamyň durmuşy hakda oýlanmakdan başga aladasy ýokmy? — Aýdan gepiniň soňunyň nirä baryp degjeginden entek bihabar Ahmet ýegen öwünýän ýaly äheň bilen gepledi. — Oturan ýeke garry bilen iliň ne işi... Adamlaň öz derdi özüne ýetik şumat. Gyzdurdy daýzamyň nä bu obada menden gaýry hossary bamy? Şoň üçinem men boljak zady öňünden çaklaýan.

«Diýmek, sen Gyzdurdy enäniň iň ýakyn hossary bolanyň üçinem şeýle çaklama gulluk edýär ekeniň-dä? Diýmek, sen meni

Gyzdurdy eneden gabanýar ekeniň-dä? Seň näme sebäbe beýle pikire baş urýandygyň maňa düşnükli, Ahmet ýegen».

Ahmet ýegeniň aýdan gepi Atamerdany durmuşda bolup biläýmegi mümkin bir wakany göz öňüne getirmäge mejbur etdi: Gyzdurdy ene aşhanada gap-gaç ýuwup durka, Ahmet ýegen peýda bolýar. «Daýzaň bilen salamlaşmaga geläýdiňmi, Ahmet ýegen? — diýip, garry ony güler ýüz bilen garşylaýar. — Ynha, derrew çaý demläýin». «Çaý demleme, daýza. Men geçip barýadym-da, hem-ä daýzam bilen salamlaşaýyn, hemem saňa diýmän ýören derwaýys bir habarym bardy-da, şony ahyr aýdaýyn diýip sowulaýdym». «Derwaýys habar bar bolsa, ony soňa goýman aýtmaly ekeniň-dä, Ahmet ýegen». «Aýtsam, daýza, sen şu ogluň hasap edip, öýüňde hojaýynçylyk etdirip ýören Atamerdanyň öz ogluňdygyna çynyň bilen ynanýaňmy? Men-ä ynanamok. Ol sen öleňsoň, elin howla eýe bolmak isleýän kezzap bolmaly». Gyzdurdy enäniň ýuwup duran şakäsesi gazanyň üstüne gaçyp, üç-dört bölege bölünýär. Garry bir gapdala gyşarýar.

Şeýle göz öňüne getirmeden soň, Atamerdan özi özüne ýüzlendi: «Näme üçin adamlar hemme kişiden erbetlige garaşýarkalar? Ýa-da erbet däldenem erbetlige garaşýanlaryň özleri erbetmikä?... Ýalňyşyny hakykat diýip kabul eden betbagt garra ýagşylyk isläp, onuň ölümine sebäp bolmalymy? Ýok. Muňa hökman çykalga tapmaly. Erbet bilen erbet bolup gepleşmeli.»

Atamerdan Ahmet ýegeniň ýüzüne garaman gepledi.

— Sen ejemiň iň ýakyny hasap edilýän bolsaň, onda meniňem iň ýakyn garyndaşym bolýaň-da, Ahmet ýegen?

— Bolmalysy-ha şeýle ýaly.

— Onda şu gün agşam iňrik garalandan soň, men seň üstüňe baraýyn welin, iki sany iň ýakyn garyndaş bolup, özara gürrüň edeli. Bolýamy?

Ahmet ýegen ol teklipden aýratyn bir many hem çykarjak bolman:

— Sen meň nirede ýaşaýanymy bilýän dälsiň-ä? — diýdi.

— Sorasaň, salgy beren bolar.

— Hiç kimden sorajagam bolma — diýip, Ahmet ýegen arkaýyn jogap gaýtardy. — Şu köçäň gutaran ýerindäki hütdük meňkidir. Çep tarapky. Şondan aňyrda köne jar bardyr.

— Atamerdan jan-uw!

Jaýa tarap sereden Atamerdanyň nazary Gyzdurdy enäniň ýanynda duran aksakgalda eglendi. Oňa Söýün aga diýýärdiler. Atamerdan ony tanaýardy. Çünki Atamerdan oba birinji gezek gelende-de ilki salamlaşan ýaşulusy şol bolupdy.

Ahmet ýegen howlynyň gapysyna, Atamerdanam jaýa tarap ýöneldi.

Söýün aga Gyzdurdy enäniň ýanynda hasasyna söýenip durdy. Ol Atamerdany iň bir eziz adamsyna sataşan ýaly, gözüni-ýüzüni ýylgyryşdan dolduryp garşylady.

Ol aksakgal Atamerdanyň bu obada iň ýygy-ýygydan gabat gelýän ýaşulusydy. Hem-ä şonuň üçin, hemem salam berlende, hiç kimiňkä meňzemeýän jogap gaýtarýandygy üçin goja köne tanşyna öwrülipdi.

— Söýün aga, essalawmaleýkim!

— Wa-a-leýkimessalam, inim Atamerdan! Hany, görşeli! — Hasasyny goltugyna gysan goja, iki elinem uzadyp, gaýym görüşýär. — Inim, hoş gelipsiň! Sapa gelipsiň!

— Saglyk gowumydyr, Söýün aga?

— Aý, inim, Atamerdan, men saňa nähili jogap gaýtarsamkam?! Men seň kakaňdanam kän uly bolmaly. Bu ýaşda öwnüp durar ýaly saglyg-a hiç kimde-de ýok bolsa gerek. Seň bilen görüşmäge-de ýolda iki gezek durup geldim. Ýogsam, aralyk üç ýüz ädim. Emma ki, Hudaýa şükür... Seň geljegiňi bilýädim-de, ýüzüňi göreýin diýip gaýdyberdim.

Atamerdan kempire tarap elini salgap:

— Ejem bilen-ä deňleşjek bolmagyn, Söýün aga. Biý-ä, tüweleme, demir ýol menziline-de pyýada gidip geläýýä. Özem orta ýolda dem-dynç hem alanok.

Söýün aga ilki ýylgyrýar, soňam agras görnüşe girýär.

— Saňa sataşansoň, ejeň bili kuwwatlandy, inim, Atamerdan. Muňa uly il begendi. Ejeňi tanaýan-u-tanamaýan öz ýiten perzendini

tapan ýaly bolup begendi. Alla bendesiniň dişini ýylgyrtjak bolsa, tapar eken. Ýöne şol diş yşramaga halys maý bolmasa, Hudaýdanam tarhanlyga garaşmaly däl.

Ýaşulynyň gepiniň soňuna Atamerdan düşünmedi. Gyzdurdy ene düşündi. Söýün aganyň Atamerdandan ýekeje günlük kiçi, öňki oglunyň öwezine gelen Öwezgeldisi ýer yrananda kesegiň astynda galypdy. Megerem, Söýün aga her gezek Atamerdany görende, öz öwezine berlenini görýän ýaly bolýandyr. Onuň şeýle bolmagy ahmal. Ýöne Söýün aganyň Atamerdany edil öz ogly ýaly görýändigi welin ahmal däl, hakykat. Onuň şeýledigine Gyzdurdy ene-de halys ynanýar. Aslynda, ile-güne zepersiz garrynyň ogly Atamerdanyň tapylmagyna, Söýün aga aýtmyşlaýyn, begenmedik adam ýokdur. Onuň şeýledigini iliň gep-sözünden, Atamerdana höwes bilen seredişlerindenem biläýmeli. Ýöne iň ýakyn garyndaş bolan Ahmet ýegeniň käbir häsiýetlerini, daýzasy bolsa-da, Gyzdurdy ene-de halap duranok. Müňkürlik, gabanjaňlyk ara düşýärmi-nämemi, garaz, Atamerdan şu howlynyň bosagasyndan ätlän gününden bäri ol birneme tutuk görünýär.

— Ahmet ýegen nä, «gidýänem» diýmän, gidiberdi-le? — diýip, Gyzdurdy ene ogluna ýüzlendi.

Jogap gaýtarmaly adama derek Söýün aga çalaja baş ýaýkap gepledi.

— Seň şo ýegeniňem, Gyzdurdy, düşnüksiz bir yşarat. Käte dagy pete-pet gabat gelse-de, öz bermeli salamyny sen diläp almaly. Ol salam-helik alyşmagam ýokuş görýän ýaly. Ýeri, bolýa-da...

Gyzdurdy ene hem-ä ýaşulynyň aýdanyny tassyklady, hemem öz ýegeniniň tarapyny çaljak boldy.

— Öz-ä şeýleräk welin, her bendäni Hudaýyň ýaradyşy bardyr-da, Söýün.

— Onyň dogry. Ýöne salamam Hudaýyň haky-da. — Söýün aga gaýtmak bilen boldy. — Bor, inim Atamerdan, gelen bolsaň, gowy edipsiň. Şeýdip, eliň sypynan wagty geljek bol. Gyzdurdy ikimiziňem indi näçe gün ömrümiz galandyr öýdýäň. Bişen gawun sapagyndan haçan tänse tänäýmelidir. Gelip dur. Şeýdip, garry

eneňi sylasaň, senem Alla ýalkar, il sylar. Görjegiň gowy bolsun!

— Bor, Söýün aga. Senem biz illere gezmäge bar.

— Biz indi o ýollardan galdyk, inim! — diýip, derwezä tarap ýönelen Söýün aga ýylgyryp gitdi.

Atamerdan ony gapa çenli ugratdy.

Ýaşuly giden badyna Ogulbossan goňşynyň «garasarlarynyň» biri uçup geldi.

— Gyzdurdy ene, suratçy gelýä, suratçy! Ol günki gelen agsak suratçy.

— «Agsak» diýme, köşek. Eşidäýse, erbet görer.

— Ol adam agsag-a?

— Agsagam bolsa, agsak diýme. Ynha, sen gap-garaja-da welin, saňa hiç kim «gara» diýenok, Yklym diýip adyňy tutýalar-a.

— Hany gelsin, eden işini göreli! — diýip, Atamerdanam suratça garaşdy.

Egninden gözilginç ullakan ala torba asynan suratçy, bu gün oljasy oňupmy-nämemi, keýtikläp gapydan gireninden:

— Garry ene, essalawmaleýkim! — diýip, şeýle bir çasly gygyrdy welin, onuň bir howla beren salamy tutuş oba-da ýetjekdi.

Gyzdurdy ene aleýik aldy.

Atamerdan bilenem salamlaşandan soň, suratçy derrewem ala torbasyna ýapyşdy.

— Öz çagalaň suratyny tanarmyň, ene?

«Öz çagalaň» diýen gepe monça bolan Gyzdurdy ene gülümjiredi.

— Öz çagalarynyň şekilini tanamazam ene bolarmy, garagöz? Tanamajak gümanym barmy?!

— Özlerine meňzedip çykaran bolsaň-a, tanar welin — diýip, suratçynyň öwünjeňliginden bihabar Atamerdan degişdi. Ol degişme-de suratçynyň özüni hasam öwmegine tutaryk boldy.

Ol Atamerdana närazy nazaryny aýlady...

— Men o tetelli suratçylardan däldirin, gadyrdan. «Agsak suratçy» diýen ýörgünli at agsaklygym üçin berlenok, ezber suratçydygym üçin berildi. Tutuş Türkmenistanda, inçe sungatdan

baş çykarýan adam bolsa, meni tanaýandyr. Tana-maýanlaram dikdüşdilerdir. Öwnemok — diýen suratçy gyralary ýalpyldawuk, ýöne arzan baha reňk bilen haşamlanyp jäheklenen portrete seretdi. — Şu üçüň biri-hä, sen bolmaly, gadyrdan.

Ulaldylan suratda Ýazgülüň, Atamerdanyň hem Balkanyň şekili bardy.

— Garry ene, şu portretiň bir ýetmezi bar. Onam saňa aýdaýyn — diýip, agsak suratçy ertiriniň aladasyny şu günden başlady. — Men aýagymy süýräp gidemsoň, aýtman gitdi diýip, hüňürdäp oturma...

— Hä, erbediräk çykaýypmy? — diýip, aýlawsyz Gyzdurdy ene garaçyny bilen gyzyklandy.

Suratçy tekepbirlik bilen baş ýaýkady.

— Meň elimden erbet iş çykmaz, ene. Men hakymy gaty halallap alýan ussatlardandyryn. Maňa harsal işden düşen hak ýokanok.

— Onda näme? — diýip, ýüzüne biynjalyklyk alamaty çaýylan garry gyssandy.

— Şu portretde seň keşbiň kemlik edýär. Men şo hakda aýdýan. Ogluň, agtygyň gelniň gapdalynda olary dünýä beren enäniň keşbi bolmasa, elbetde, ýeri oýular durar. Şeýle dälmi?

Suratçynyň aýdany kalbyna jüňk bolan ene ýylgyryp baş atdy.

— Ol aýdýanyň-a dogry, garagöz.

— Agsak garagözüň hemme aýdýanlaram dogrudyr. Maňa nädogry zat aýtmaklyk öwredilmändir, ene. Ol kemçiligi düzetmeli.

— Aý, ynha ejem bize gezmäge baranda ýa-da agtygy bilen gelni bärik gelip jemlenenimizde, täzeden surata düşäýeris.

Atamerdanyň teklibi suratçyny kanagatlandyrmady.

— «Nagt algyl, nagt bergil, nesýe söwda kylmagyl». Siziň hemmäňiziň başyňyz jemlenýänçä, häzirlikçe, ejesi bilen oglunyň bile oturan suratyny alaýyn. Bir hepdedenem ulaldyp getireýin. Razymysyňyz?

— Biz razy bolmasagam, sen öz diýeniňi gögertmän goýmarsyň. Ýöne men iş köýnegimi beri çalşyryp geleýin — diýip, Atamerdan içerik girip gitdi.

Gyzdurdy ene portreti synlady.

— Edil janly ýaly-da...

Garrynyň soňky aýdany hem suratçy üçin ýene bir gezek öwünmäge ýapyşalga boldy.

— Ony çykarýan adam ussat bolsa, şeýle çykýa-da, ene. Öwünýä diýme, garry. Men hakykatçydyryn. Gowam bolsa, erbedem bolsa, hakykaty aýdaýmalydyryn. Enemden şol häsiýet bilen dogupdyryn.

Atamerdan geýnip gelensoň, eneli-ogly ýanaşyk oturdan suratçy, öz ussatlygyny görkezjek bolýan ýaly, her hili hereketler edip, surat aldy. Ol surat alyp durka-da geplemän durup bilmedi:

— Soň başyňyz jemlenende-de, jaň edäýiň. Şo günüň özünde gelerin...

Şonuň bilenem ala torbasyndaky harytlary eýeli-eýesine gowşurmaga howlugan suratçy kän eglenmän, öz ýoly bilen boldy.

Ol gidenden soň, Atamerdan portreti synlady.

— Öwünjeňräk diýäýmeseň, elinden iş gelmän duran-a däl eken ýaňky.

— Eli hünärli adam-da.

— Suraty haýsy jaýdan asmaly bolar, eje?

— Asmaly ýerini saňa özüm görkezerin — diýip, portreti hem eline alan garry ýerinden turdy.

Çüý bilen çekiç alyp gelen Atamerdan garrynyň yzyna düşdi. Gyzdurdy ene başga ýerde saklanman, öz ýatýan otagyna bardy. Ol Atamerdana öz krowatynyň garşysyndaky diwary, diwarda-da belli nokady barmak basyp görkezdi.

— Edil şu ýerden as, oglum! Gyşaryp ýatyrkamam siz bilen hümürdeşer ýaly şu ýeri gowy bolar.

— Surat bilen nädip hümürdeşjek, eje?

Gyzdurdy ene uludan dem aldy.

— Wah, balam, seň eneň asla jogap gaýtarmajak garamça bilenem sessiz gepleşmäni ökdeläp gidendir.

— Ony nädip öwrendiň?

— Ony maňa Hudaý öwretdi. Hudaý kalbyma guýdy.

— Geň zat!

— Geň däl. Surat-a bir göze görnüp duran şekil. Bir iş etjek bolsam, aýatda ýok kakaň pahyr bilenem gürleşýän.

— Dur, eje! — diýensoň, portreti görkezilen ýerinden asan Atamerdan elinden tutup ejesini krowatyň gyrasynda oturtdy, özi hem onuň gapdalynda dyz epdi — Boldumy? Göwnüňe jaýmy?

— Boldy, boldy. — Ýerinden turup portrete golaýlan ene şekildäkileri barmagy bilen görkezýär. — Sen, Balkan jan, Ýazgül jan.

— Ýene bir hepdeden ikimiziň suratymyzam ýaňky öwünjeň ýoldaş getirer. Indiki gelemde özüm asyp bererin ony.

— Bor, balam, sen gelinçäň garaşaryn.

— Hany gürrüňi dowam et. Onsoň kakama näme diýýäň sen?

Gyzdurdy ene ýene krowatyň gyrasyna geçip oturdy.

— Maslahat soraýan.

— Olam jogap gaýtarýarmy?

— Olam jogap gaýtarýa. Şoň «hä» diýen maslahatyny alsam, işim oňuna bolýa ötägidýä.

Atamerdan özüni garrynyň ornunda goýup görýär. Iki sany uly otagly, bir giň eýwanly jaý. Täk özi ýaşaýan kempir. Içeri gum-gukluk. Has beterem agşamaralar — içgysgynç mahal. Ol pursat goňşy-golamam öz agşamlyk aladasy bilen gümra. Hiç kim hiç kimiň gapysyndan barmaýan, dünýäniň tukat bolýan mahaly. Şol pursat ýalňyz adamyň wagty nähili geçýärkä? Elbetde, şol tukatlykdan çykalga gözleýän biçäre aýal hyýalynda aýatda ýok adamlar bilenem gepleşmeli bolýandyr-da.

— Haýran galaýmaly!

— Oňa haýran galma. Men seň bilenem näçe ýyllap hyýalymda gepleşip gezdim. Ynan-aý, Atamerdan jan, seň sesiňem eşidýädim men. Ýöne gulagyma gelýän çagajyk sesiňdi. Ýap-ýaňylaram ýorgana giremde, sen maňa: «Eje, ýatjak-my?» diýýäň. «Hawa, Atamerdan jan, ýatar wagtam boldy» diýýän. Ertir gözümi açamda sen maňa: «Eje, sag-aman turduňmy?» diýýäň. Hyýalymda seň bilen bileje oturyp çaý içýäs.

— Ýanyňda bolmasamam...

— Wah, balam, sen diri ýitikdiň ahyryn. Ozal-ahyr sataşjagyma

umydym bardy-da. Uruşdan ýaman hat alanlaram henizem garaşýarlar-a. Ene kalby duýgur-da...

Atamerdan garrynyň goşaryndan tutup, ýüzüne garady. «Ene kalby duýgurdyr welin... Ynam, ynanmak nähili gowy zat! Ynamsyz ýaşaýşyň boş howadygyna men seň mysalyňda göz ýetirdim... Ýöne, Ahmet ýegen ýaly haýwanyň dili seniň ynamyňy puja çykaryp, ýüregiňi ýarmasa ýagşydyr. Seniň bagtly hasap edýän döwrüň iň betbagt döwre öwrüläýse, men näme etmeli bolaryn? Ondan soň men nädip ýaşaryn?»

— Eje, sen çagalaň şekiline seret-de otur, men-ä öz iş-aladam bilen bolmaly.

Eli çekiçli Atamerdan gapa tarap ýöneldi...

Ähli dertden-beladan, agyr aladalardan rüstem gelýän zat, dogrudanam, ynam eken. Bitmeýän iş ynam bilen ýapyşylanda bitýän eken. Gyzdurdy enäniň ýedi ýat adamy öz bagryndan önen perzendi diýip ynanmagy onuň dar dünýäsiniň serhetini açyp goýberdi, hasratly geçýän, özi-de gaty haýal geçýän agyr günlerini şatlykly hem çalt geçýän sagatlara öwürdi. Kempiriň mydama ýanýoldaşy bolan ýürek agyrysy hem indi bir ýyl bäri ýadyna düşmeýän ýaly. Ozal tä daň atýança oýaly-ukuly ýatýan garry indi uzynly gün ýortan argyn çaga ýaly rahat ýatyp, ukynyňam nämedigini bildi. Indi ol Atamerdany göz öňüne getirmese, ýaz paslyndan bölünip ýasalan ýaly mylaýym gelni Ýazgüli göz öňüne getirmese, tokarja bolsa-da, garrynyň dyzyna münüp, ýakymly ses bilen «ene» sözüni gaýtalaýan mölegöz Balkan bilen hyýalynda gepleşmese, güni hem geçmeýär. Ozal öz içki dünýäsinden çykyp bilmän, maň bolan kempir indi geplemsege öwrüldi. Ony Gyzdurdy enäniň özi-de aňman duranok. Aňsa-da, öz-özüne, diline erk edip bilenok, erk etjegem bolanok. Onuň täze tapynan gylygyny goňşy-golamam, il-günem geňlänok. Gaýtam, guwanýar. Durmuşdan dymmak, tukatlanmak paýyny artykmajy bilen alan garry ömrüniň ahyrynda bir başgaça ýaşasyn-da. Beýle başgaça ýaşaýşy oňa Hudaý berdi. Eý, Alla! Sen nähili gudrat! Eý, Taňrym, sen nähili tarhan! Seniň şeýledigiňe hemmeler düşünýär. Seniň şeýledigiňe

Gyzdurdy enemiz hemmelerdenem gowy düşünýär.

Ýaşan ömrüniň köp bölegini hasrat bilen geçiren Gyzdurdy ene durmuşyň ajysynyň süýjüsinden kän bolýandygyny öz gerden terezisinde çekensoň, oňat bilýär. Ol adamyň soňunyňam aýralyk bilen gutarýandygyna-da akyl ýetirýär. Ölüm diýilýän zat ähli janly-jandara deň-derman ýetýän, ýaşaýşyň iň bir adyl zady. Ölüm baý üçinem, gedaý üçinem, des-deň. Gyzdurdy ene-de oňa kaýyl. Ölmek bagt däl. Ýöne Gyzdurdy ene Atamerdana sataşman dünýäden ötende nähili boljak ekendigininiň, Atamerdany tapandan soň, dünýäden ötende nähili boljakdygynyň hyýaly görnüşini kellesinde aýlap, özüniň dünýäni bagtly terk etjekdigine ynandy. Il gowy zat. Ýakyn hossaryň bolmasa-da, il saňa hossarlyk eder. Ol düşnükli. Ýöne deňli-derejeli, abraýly ölmegem bagt ahyryn. Abraý, hormat diňe dirä däl, ölä-de zerur. Krowatynyň gyrasynda oturan Gyzdurdy ene şol zatlar barada pikir aýlady.

Türkmençilikde aýal gölegçilere goşulyp öwlüýä gitmeýändigi sebäpli Gyzdurdy ene mazar başynda durup, adam jaýlanyşyny ömründe ýeke gezegem görmändi. Hawa, ýeke gezegem görmändi, ýöne öwlüýäde berjaý edilýän däp-dessurlaryň ählisini welin jikme-jik bilýärdi. Gyzdurdy enäniň ýatlamak islän wakasynyň esasy bölegi şundan ybaratdy. Mäti mollamy ýa-da Sapar sopumy — haýsysy öwlüýä gitse:

— Merhumyň iň ýakyn hossaryndan kim bar? — diýip gygyrar.

— Ogly Atamerdan Orazly bar — diýen jogap ýaňlanar.

— Rugsatmydyr, Atamerdan Orazly?

— Rugsat! — diýip, Atamerdan jogap gaýtarar.

— Eneň jaýyna bir gysym gum at!

Atamerdan aýdylany eder.

Merhum jaýlanyp aýat okalandan soň, ýene sowal-jogap başlanar.

— Merhum bolgan Taňry bendesi Gyzdurdy Orazlydan algyly adam barmydyr?

— Ýok.

— Ýok.

— Ýok.

— Gyzdurdy pahyrdan algyly adam ogly Atamerdan Orazlynyň ýanyna baryp hasaplaşsyn.

— Merhum bolgan Taňry bendesi Gyzdurdy Orazla bergili adam barmydyr?

— Ýok.

— Ýok.

— Ýok.

— Gyzdurdy pahyra bergili adam ogly Atamerdan Orazlynyň ýanyna baryp hasaplaşsyn.

Agyr märeke öwlüýäden oba ugranda-da, gölegçileriň öňüni Atamerdan çekip gaýdar.

Adam ömrüniň iň soňky pursadynda bolmaly wakany öňünden göz öňüne getiren Gyzdurdy ene ýüzüni ýokary galdyrdy. Ýeri, Atamerdanyna sataşmadyk bolsa, Gyzdurdy ene bu dünýäni terk edende jaýlamak üçin kimden rugsat sorardylar? Elbetde, ykbaly bagtyny açmadygam bolsa, enäniň soňky rugsadyny berenem, hossar ornunda mazara bir penje gum atjagam tapylardy. Ýöne öz balaň, öz balaň bolýar-da. Gyzdurdy ene üçin esasy şol.

Bagtlylyk hasaplasa-da, ölümli pikirden daşlaşmak islän Gyzdurdy ene daş çykmaga hyýallananda, birki howly günbatarda ýaşaýan Jumaguly mugallym içerde peýda boldy.

Jumaguly salam bereni bilen çäklenäýjekdi welin, garrynyň özi oňa tarap elini uzatdy.

— Görşäýeli, Jumaguly jan!

Sag eliniň tirseginden barmagyna çenli süňk ýaly gaty eliň barmaklaryna sypatdyryp görşen mugallym enäniň mährem hereketlerini halady. Oňa ýüregi gobsundy.

— Seni görsem, ejemi gören ýaly bolaýýan-da, Gyzdurdy gelneje...

— Sebäbi ejeň pahyr bilen gowy görüşýädik-dä.

— Belkem, şoň üçindir...

— Geç diýme, Gyzdurdy gelneje. Meň şähere telefon etmek aladam bardy-da, şoň üçin geldim. Ýaňy daşarda Atamerdan bilen

salamlaşamda özüne-de aýtdym welin, şu telefony çekdirib-ä uly iş etdiňiz. Biziň üçinem kem bolmady. Zerurlyk bolanda, kantura ylgap durmaly däl. Atamerdan uly iş bitirdi.

Jumagulynyň ýakymly sözlerinden hoşal bolan garry, elbetde, ýylgyryp gepledi.

— Ömrüň uzak bolsun, Jumaguly jan! O jaýa girdi-de, nirä jaň etmeli bolsaň, ediber! Tilpun işläp durandyr.

«Atamerdan uly iş bitirdi!»

Jumaguly mugallymyň bu sözleri Gyzdurdy ene üçin bir sandyk puldanam gymmatly. Gyzdurdy enäniň nähili edenli-diýenli ogly bar! Ynha, Jumaguly nijeme ýyl bäri mugallymçylyk edýärem welin, öýüne telefon çekdirip bilenok. Ýogsam, iliň bisowadyna çenli adam etjek bolup, kyrk ýaşamadyk neressäniň saçy çalardy. Bu ýylda-täze ýylda çekiljegem belli däl. Asyl telefon tutuş şu köçäniň ugrunda diňe Gyzdurdy enede bar. Sapargeldi Çakanyň on alty çaga dogrup, Gahrymanlyga ýeten aýaly dogmalarynyň bäş-alty sanysyny yzyna tirkäp, medalynam keteni köýnegiň döşünden dakynyp, telefon goýýan edara barsa, «Ýagdaý ýok. Mümkinçilik dörän mahaly çekeris» diýip jogap beripdirler. Gyzdurdy enäniň öýünde bolsa gara telefon jarlap dur. Garrylyga ýeten adam tekepbirligem halaman durmaýar. Kempir onçakly şöhratparaz bolmasa-da, öýüne telefon çekilmegine az-kem buýsanmanam duranok. Il-gün telefonlyk işini bitirensoň, oňa «Taňry ýalkasyn» aýdyp gidýär. «Şol nämä degmeýär! Şu gün amanadyňy tabşyrsaňam, «Armanly geçdim» diýseň, küpür gepledigiň bolar, Gyzdurdy. Edenne şükür! Tilpunam tilpun welin, abraýy nämä degmeýä! Onuň meň abraýym üçin däl-de, Atamerdan janyň agramy üçin goýlanynam uly il bilýär.» Garry enä-de geregi şol. Gyzdurdy üçin ogly abraýly bolsa, özi abraýly, ogly biabraý bolsa, özi biabraý. Öýe telefon çekilmegi başgalar üçin üýtgeşik dereje bolmasa-da, Gyzdurdy ene üçin derejelikdenem beter bagt boldy. Nebitdagdan gelýän «Ene-e, men seň Balkanjygyň» diýen çaganyň janyňa tenekär şirin sesini eşitmek hem, Gyzdurdy ene üçin tükeniksiz bagt hem çäksiz lezzet.

Telefon gepleşiginden soň, Jumaguly mugallymyň agzyndan

çykan minnetdarlyk ýüküni göterip ugran Gyzdurdy ene ogluna tarap ýöneldi. Ol gapydan çykanda, Atamerdanyň ýanynda üç-dört sany adamyň durandygyny gördi. «Indi howlymyň gelim-gidimem köpeldi. Hudaýa şükür!» Gyzdurdy enäniň göwnüne bolmasa, ýanyndaky adamlar bilen Atamerdanyň jyny jyňkyryşmaýan ýalydy. Golaý baran kempir egni kino surat alýan kameraly, ösgün saç ýaly gaşlary göz-lerini ýapyp duran ýigidi tanady. Ol garry bilen Atamerdany telewizorda görkezmek üçin öňki gezek gelen oglanlaryň arasynda-da bardy.

Gyzdurdy ene ýanlaryna baranda, salam-helikden soň, oglanlaryň biri:

— Bagt guşy depäňe gonupdyr, Gyzdurdy ene. Gözüň aýdyň! — diýip, dilewarlyk etdi. — Üç-dört aý mundan ozalam gutlapdyk welin, ýene bir gezek gutlaýaly diýip geldik. Atamerdan bolsa... Ýöne bagtyňy ilden gizlejek bolmagyň näme hajaty bar? Şeýle dälmi, garry?

Gyzdurdy ene entek nämäniň-nämedigine açyk düşünmese-de, aýdylan gepiň ýatymyna görä jogap gaýtardy.

— Gowulygy basyrmalam däl, mazamlamam däl...

Jogabyň ikinji bölegini taşlap, birinjisini tutaryk edinen ýigit Atamerdana ýüzlendi.

— Gördüňmi, Atamerdan? Köp ýaşan, köp gören adamyň gepine «hä» diýmeli. Gowulygy basyrmaly däl eken. Düşündiňmi?

— Düşündim welin, ejem «ýaşyrmaly däl» sözüniň yzyndan «mazamlamaly däl» sözünem aýtdy ahyryn. Gowulyk mazamlanyberse, gülkä öwrülýär. Sizem şoňa düşüniň.

— Geň galmaly! Bir egne ýigrimi ýyl telewideniýede işleýän welin, henize çenli şöhratdan gaçýan adama gabat gelmändim. Şöhrat beýiklik ahyryn.

— Ýöne şöhratdan gaçýany şöhrat beýgeldýär. Şöhraty kowalap tutjak bolýany, şöhrat masgara edýär.

— Soňky sözler telewideniýeden gelenleriň ugruny howlynyň derwezesine tarap öwürdi.

Olar gidensoňlar, Gyzdurdy ene:

— Gapyňdan geleni kabul etmeseňem, göwnüne degmän ugratmalydyr, balam — diýip, ogluna öwüt berdi.

— Bu ýerde göwnedegişmeklik ýok. Bu ýerde iki pikir bir-birine çapraz gelýä.

— Ýeri, bolýa-da — diýip, oglunyň garşysyna gopmak islemedik Gyzdurdy ene derrew ylalaşdy. — Indi maňa gulak as. Şu gün agşamlyga Artyk agalar aýdylan janly berýärler. Düýnem, «Gelse, hökman barsyn» diýip, senem çagyryp gitdiler.

Atamerdan Artyk aganam, onuň nirede ýaşaýanynam bilmeýärdi.

— Şoňa ýetesi zat ýok, oglum. Ol bir sylanyşykdyr, alşykly çemçedir. Dyz epersiň-de, duz dadyp gaýdybererersiň. «Pylanam geldi» diýerler. Minnetdar bolarlar...

Agşamara janly aýdylan ýerden çykyp gaýdan Atamerdan öýe-de sowulman, Ahmet ýegeniň üstüne gitdi. Ol ýolboýy garaşmadyk ýerden öz düşen güni hakda pikir aýlady. Ahmet ýegeniň tapan şyltagy barada oýlandy. Oýlandygyça-da, Ahmet ýegeniň günä ýüki agralyp barýan ýaly bolup duýuldy. «Ondan nämäni gaty görmeli? Näme üçin onuň üstüne gitmeli? Bolup bilýän hakykaty aňýandygy, çaklaýandygy üçinmi? Onuň çak edýän imansyzlary durmuşda kän ahyryn. Hakykatçy adama, gaýtam, hormat goýmaly dälmi? Ol dogry. Emma Ahmet ýegen hakykat hakda pikir edýändigi üçin günäkär. Ahmet ýegeniň hakykatçy bolany üçin günäkärden ganhora öwrülmegem gaty daş däl. Ol häzir ýigrenilýän adama öwrüldi. Çünki Ahmet ýegen öz daýzasynyň halyna biynjalyk bolman, başga bir zadyň çözgüdini edýän ýaly. Ol Atamerdanyň ýatsa-tursa kellesine gelmejek pikirine gulluk edýär. Onuň esasy günäsi şonda. Onuň çaklama-syny günä öwürýän şol.» Atamerdan Ahmet ýegeniň hakykat diýlip çaklaýan pikiriniň ile ýaýylmagy bilen özüne ýöňkeljek gara barada hem alada edýär welin, Gyzdurdy enä hyýanat etmek niýeti bolmany üçin beýle ýüki götermäge özünde güýç tapjakdygyna ynanýar. Emma ony has biynjalyk edýän zat Ahmet ýegeniň şyltagynyň ile ýaýylmagy netijesinde Gyzdurdy

enäniň düşjek güni. Atamerdan şondan gorkýar. Ol gorky indi ýyl ýarym wagta çekip ýören ene bagtynyň netijesiniň aýylganja sapaýmagy bilen baglanyşykly.

«Ahyry şeýle gutarjak bolsa, näme üçin ilkinji duşuşykda Atamerdan hakykaty aýtmady? Ahyry şeýle gutarjak bolsa, näme üçin Atamerdan zeleliň öňünden gaçmady? Näme üçin dikuçar çölüstana gonan pursady etjek bolýan ýagşylygynyň ýamanlyk bilen utgaşmagy barada oýlanmady? Mert bolup seljerseň, seniňem eden etmişiň Ahmet ýegeniň etmegi ahmal etmişinden ýeňil däl, Atamerdan».

Atamerdanyň pynhan syry pynhanlygyny ýitirse, Gyzdurdy ene-de tapan bagtyny ýitirmeli ahyryn. Onuň bagtyny ýitirmegi bolsa hökmany suratda ölüm bilen baglanyşmaly. Indi diňe ýalňyz bir ýol — şol syryň pynhanlygyny saklamaga synanyşmak ýoly bar. Betbagty bagt taýagy bilen urup öldürmegiň garamaty, gaýtam gylyç bilen çapyp öldürmegiň garamatyndan agyr bolaýmasa. Şol barada oýlanýan Atamerdany Ahmet ýegeniň öýüne tarap alyp barýan ädimleri ýygjamlandy.

Atamerdan Ahmet ýegeniň jaýyna golaýlanda «Aý, köçäniň gutaran ýerindäki hütdükdir» diýen gepini ýatlamaly boldy. Jaýyň, dogrudanam, hütdük kemi ýokdy. Atamerdan kyrk ýaşlaryndaky Ahmet ýegeniň birtopar çaganyň atasydygyny bilse-de, ony beýle derejedäki jaýda ýaşaýandyr öýdüp çaklamaýardy. Ol howluly bolup, howluly, howlusyz bolubam howlusyz däl eken. Haýat ýerine çem gelen zatdan — demir böleklerini, döwük şiferleri, taşlanan traktoryň zyňyndy şaýlaryny dikip tasa getirilendi. Howla nazary düşenden, ýagdaýy aňlan Atamerdanyň Ahmet ýegene nebsi agyrdy, haýpy geldi. Ýöne şeýle göz-gülban howlynyň eýesiniň günäsi sebäpli gopaýmagy ahmal waka welin, nebsagyryjylygyň, haýpygelijiligiň kömegi bilen ýuwulmagy günä bolmaly däldi. Şonuň üçinem Atamerdan öz tutan maksadyndan bir dabanam yza tesmesiz etdi.

Haýsy deşiginden sümülseňem, gapy hasap edäýmeli howlynyň

bir böwründen ätläp, kepbä meňzeş tagaşyksyz jaýyň öňünde saklanan Atamerdan, kimdir biriniň peýda bolandygyny içerdäkilere aňdyrmak üçin ýasama ardynjyrady.

Edil şol ardynjyrama garaşyp duran ýaly, Ahmet ýegen gaty tiz daş çykdy.

— Hä, Atamerdan daýy! Bu senmiň? «Geljek» diýipdiň welin, geläýdiňmi?

Ahmet ýegeniň sesi mylaýym çykanam bolsa, Atamerdan aňyrdan tutup gelen hörpüni peseltmedi, sesi kesgitli ýaňlandy:

— Atamerdan, gelerin diýse, geläýýändir.

Gulaga ýakymsyz äheňi duýan Ahmet ýegen jaýyň gapysyna tarap elini salgady.

— Gelen bolsaň gaty gowy-da. Öýe gireli, daýy!

Mylaýym çakylygam Atamerdany gowşatmady.

— Atamerdan Ahmet bilen ikiçäk gürleşäýsem diýýä. Şeýle teklibi nähili görýäň?

— Oňat görýän welin... Içerik giräýeli!

— Içerik girmäli.

— O näme üçin?

— Ikimiziňki içeri gürrüňi däl, jaryň gyrasynda edilmeli gürrüň.

Soňky sözler Ahmet ýegeni düýrükdirdi.

— Bor, bor, Atamerdan daýy. Ýöne men egnime bir zat ataýyn.

— Egniňe zat atmagyň geregi ýok. Men seni uzak saklaman... pikirimiz çapraz gelmese. Hany, düş yzyma.

— Bolýa, bolýa.

— Atamerdan howludan daş çykdy-da, köçäniň gutarýan ýerinde keserip ýatan gamyşly jara tarap ýöneldi. Ahmet ýegenem onuň yzy bilen ýöremeli boldy.

Gyrasyna zir-zibil dökülen, çöp-çalam basan köne jar agşamyň ümüş-tamyşlygynda içi wagşy haýwanly hatarly jeňňel ýaly bolup görünmek bilen Ahmediň kalbyna ünji saldy. Emma ol kellesindäki «Sen meni nirä alyp barýaň?» diýen sowaly welin diline getirip bilmedi.

Jaryň edil gyrasyna baryp aýak çeken Atamerdan yza döndi.

Ýüzi aýdyň görünmese-de, Ahmet ýegen, onuň gaharlydygyny saýgardy. Şonuň üçin ol ägäräk bolmak niýeti bilen Atamerdana üç-dört ädim ýetmän, aýak çekdi. Atamerdan onuň eden hereketiniň manysyna düşündi.

— Bolgusyz gep tapmaga gorkman, golaýyma gelmäge çekinýäňmi? Süýş bärräk.

— Meň gulagym ýiti.

— Sen süýşmeseň, men süýşäýerin.

— Näme diýjek bolýaň, Atamerdan daýy?

— Men saňa daýy däldirin, Ahmet. Ýöne Atamerdandyryn — Golaýa gelen Atamerdanyň sesi gahardan ýaňa haýbatlanan bolsa, Ahmediň sesi gorkudan ýaňa inçeldi.

— O nähili daýy dälmişiň? Gyzdurdy daýzamyň ogly, meňem jan ýaly daýym bolmazmy? Seň kakaň bilen meň ejem süýtdeş dogan ahyryn. Onsoň men nädip saňa ýegen bolmaýyn?

Ahmet jogaba derek sowal eşitmeli boldy.

— Şu günki maňa aýdan gepiňi başga adamyň ýanynda agzyňdan sypdyrdyňmy sen? — Atamerdanyň gyzgyn demi Ahmet ýegeniň ýüzüne çabran ýaly boldy. — Ýöne, göniňden gel. Men egri gepi halaýan däldirin. Şuny saňa öňünden aýdyp goýaýyn.

Ahmet ýegeniň sesi öňküsindenem inçeldi.

— Adam oglunyň ýanynda dil ýaramok. Duz ursun, Atamerdan daýy, duz ursun! Mahmyt işandan ant iç diýseňem, içeýin. Heý, beýle gepem başga adamyň ýanynda aýdyp bolarmy?!

— Mahmyt işan ýatan ýerinde rahat ýatsyn. Ýöne seň gepiň erkegiň gepimi? Gaýdyp agzyňy açyp bilmeziň ýaly, häzir men seni şu pohly jara-da süssürip gidip bilýän. Seň diliň sebäpli öň-soň bir adam ölmeli bolsa, ejem ölenden, sen ölseň maňa ýeňil düşer.

Kesgitli aýdylan söz iş ýüzünde amala aşyrylyp barylýan ýaly, Ahmet ýegen gyssanyp gepledi:

— Ynanýan, Atamerdan daýy, ynanýan.

— Onda sen ýene bir zada ynan. Seň şu günki aýdan gepiň gulagyna ýetäýse, ejemiň ýüregi ýarylar...

— Indi oňa-da düşünýän.

— Düşünseň, eger seň töhmetiň sebäpli ejeme bir zat bolaýsa, men seni ýagty jahanda ýaşatman, Ahmet. Şonam sen bilip goý.

— Bilýän.

— Bilseň, gep gutardy. Özüň oýlan.

Köçä tarap gönügen Atamerdanyň ädim urşunda-da gahara dolan adamyň hereketi duýuldy.

Onuň yzyndan garap galan Ahmet ýegen gapdalynda duran adama öz pikirini aýdýan ýaly bolup pyşyrdady.

— Gepine «hä» diýäýmeseň, şüý-ä, dogrudanam, aýagyňdan tutup, jara zyňyp goýberjeg-aýt.

* * *

Atamerdan, Ahmet ýegen bilen duşuşyp, öýe gelende, Gyzdurdy ene köne şkafynyň öňünde birtopar düwünçegiň arasynda oturan eken.

— Geldiňmi, balam?

— Geldim, eje.

— Şeýdip, iliň toýuna-ýasyna-da görün-de, obaň bilen öwrenişiber. Nätjek, ykbalyňa ýazylandyr-da. Ýogsam sen bu oba bilen täzeden tanyşmaly bala-ha däldiň welin. Göbek ganyň daman ýer-ä şu bolmalydyr.

«Aý, Gyzdurdy ene, Atamerdanyň göbek ganynyň nirede damandygyny indi bir Alla bilýän bolaýmasa...» diýse-de, Atamerdanyň garrynyň aýdýanlaryna ynanasy gelip, Gyzdurdy enäniň ogly bilen baglanyşykly ýatlamalarynyň özi bilen baglaşmagyny hem kem görenok. Ol kyrk ýylky arakesmeden soň diýýän, başda ýalan ýaly bolup eşidilen «eje» sözi bilenem indi öwrenişiberdi. Gyzdurdy ene-de indi oňa haýsydyr bir nätanyş garry däl-de, ene ornuna geçip barýan mährem aýala öwrüldi. Ol öz mekany Nebitdaga barsa-da, yzyna, eje diýilýän dünýäde iň eziz, iň ýakymly sözüň eýesiniň ýanyna gaýdasy gelip dur.

— Eje, ömürboýy ýygnan baýlygyňy hasaplaýaňmy? — diýip,

Atamerdan ýylgyrýar.

— Düwünçegi, puly ejeň baýlyk hasap etmeýä, oglum. Seň ejeňde diňe üç sany baýlyk bardyr. Biri sen, biri Balkan jan, biri-de Ýazgül jan gelnim. Başga baýlygy men baýlyk hasap etmeýän.

— Aý, näbileýin... sandygyňy açyp oturaňsoň...

— Balkan jan üçin düýe ýüňünden ellik örüpdim-de, şony tapaýyn diýip yşgaby açdym — kempir etegindäki ellikleri Atamerdana uzatdy. — Öz elim bilen ördüm. Bu işleri gözem alanok welin, göwün etdim-de...

Ýekebarmak ellikler ýeterlik tow berilmedik sapakdan örülendi, ýüňüniň reňkem birsydyrgyn däldi. Emma olary synlan Atamerdan özüne tarap üns hem mähir bilen seredip duran goşa garaja gözüň tamasany ödedi.

— Agtygyň-a bulary görse, guş bolup uçar, eje. Gelniň şular ýaly «sap düýe ýüňünden örülen ellik alaýyn» diýip ýördi. Buý-a tüýs ýerine düşen sowgat boldy.

Gyzdurdy ene aýdylan sözlere hoş bolup, dylym-dylym etdi.

— «Eneň öz eli bilen öreni» diýgin. Bazardan alandyr öýdäýmesin. Özem indi bu beýle sowgadyň iň soňkusy bolaýmasa...

— Näme üçin beý diýýäň, eje? Öňde segsen bar. Segsenden aňyrda togsanam bar...

— Togsandan aňyrda ýüzem bardyr welin, indi göz çöňňeripdir, Atamerdan jan.

Inçe işden galynaýdy öýdýän...

— Indiki gezek gelemde, men seni lukmana äkidip, äýnek alyp bererin welin, kösenmän inçe iş eder oturarsyň.

Gyzdurdy ene, näme üçindir, äýnekli gürrüňe ünsem bermän, elliklere tarap elini salgady.

— Ýadyňdan çykaraýmagyn!

— Ýatdan çykmaz ýaly edäýerin.

Düýe ýüň ellikler Atamerdanyň diplomatyna girdi.

Ynjalan ene ýylgyrdy.

...Ýorgana giren Atamerdanyň Ahmet ýegeniň gepi bilen

huşuny eýelän gündizki aladasy düýşe aýlandy. Düýşde Gyzdurdy enäniň ýaşaýan obasynyň adamlary elleri çarşaklymy-da, orakly Atamerdany kowalap ýörler. Gaçyp-tezip surnugan Atamerdan ahyr ele düşýär. Kazyýete çekilýär. Hemme kişi garalawjy.

Ses, söz eşidilmese-de, «gepleýän» adamlaryň elleriniň hereketinden, ýigrenç bilen seredişlerinden, tolgunyşlaryndan hemme kişiniň Atamerdany günäkär edýändigi bildirýär. Gyzdurdy ene bir gyrada ýüzüni aşak salyp dur. Kazyýete başlyklyk edýänem Söýün aga.

Söýün aga iň soňundan söz alýar:

— Sen Gyzdurdy enäniň çep ýaňagynda peşehorda yzynyň ýokdugyny bileniňden soňam şeýle gabahat işe baş goşupsyň...

— Men bagty ýatan ýalňyz kempire ýagşylyk etmek isledim...

— Biz sen ýaly adamlaryň bagtypese nähili ýardam edýändiklerine belet. Saňa nälet bolsun, nälet!

«Nälet bolsun!» diýen sözi agaçlar, daglar-daşlar ýaň salyp gaýtalaýar.

Märekäni iki tarapa bölüp, polisiýanyň maşyny peýda bolýar. Maşynyň rulunda oturan hem Ahmet ýegen...

Der basan Atamerdan oýanýar.

Ertesi irdenem görlen düýşüniň täsirinden çykyp bilmedik Atamerdan, çaý mahaly hem garrynyň ýüzüne arkaýyn seredip bilmän oturdy. Ol düýnki işini dowam etmek üçin daş çykdy.

Atamerdan ýaňy işe başlan badyna, howlynyň gapysy jygyldady-da, garaşylmadyk ýerden Ahmet ýegen göründi. Ol Ahmediň beýle ir peýda bolmagynyň sebäbini gözledi. «Düýnki gürrüňiň yzyny yzarlap geldimikä? Öten agşamky düýş hakykatda dowam etjekmikä?»

— Atamerdan, daýy, salawmaleýkim!

— Salam.

Ahmet ýegeniň sesinden, çalarak ýylgyryp seredişinden many alsaň-a, hiç hili ýakymsyz gürrüň ýa-da görlen düýşüň dowamy bilen baglanyşykly mesele bolmajak ýalydy. Bolmasa kemem däl. Belkem, Ahmet ýegen nädogry pikir edýändigine düşünendir.

— Irläpsiň-le, Atamerdan daýy?
— Ol sowaly men saňa berjekdim welin, öňürdäýdiň...
— Men senden ötünç soramaga geldim.
— Agşam sesimi gataldanym üçin gaýtam men senden ötünç soramaly ýaly welin...
— Ýok, beýle däl. Sen barmadyk bolsaň, men öz kalbymdaky ýalňyş pikirimi göterer ýörerdim. Baranyň gowy boldy. Sen meni oýlandyrdyň. Men sen hakda ýalňyş pikir edipdirin. Eger sen meniň çak eden adamym bolan bolsaň: «Ejeme bir zat bolaýsa, seni ýaşatman» diýmezdiň-de, gaýtam, Gyzdurdy daýzama çaltrak «bir zat» bolmagyny islärdiň. Şeýle dälmi?
— Adamçylyk nukdaýnazaryndan garasaň, dogry netijä gelipsiň, Ahmet ýegen.
Öten agşamky bolan ýakymsyz gürrüňden soň, Atamerdanyň agzyndan «ýegen» sözüni, onda-da ýaňsylaman, çyny bilen aýdylan sözi eşitmegi Ahmedi az begendirmedi.
— Dogrudanam, meň eden çakymyň manysy gulagyna ýetäýen bolsa, daýzam pahyr nä güne düşerdi!
— Ýalňyşyňa düşünip, ony boýun almagam mertligiň alamaty, Ahmet ýegen. Irden şol mert habar bilen geleniňe men begenýän. Daýy-ýegeniň arasynda tow galmasa gowy-da.
— Tow bolmaz, enşalla! — diýip, Ahmet ýegen begençli gepledi. — Men gitdim onda, Atamerdan daýy.
— Näme, ejem bilen salamlaşman gidiberjekmi sen?
Atamerdan Ahmediň girip giden gapysyna seredip durdy. Ahmet içerde kän eglenmänem, daýzasy bilen tirkeşip daş çykdy.
Gyzdurdy ene howlynyň gapysyna tarap ýönelen Ahmet ýegene Atamerdanyň beren sowalyny gaýtalady. Ahmede derek sowaly eşidip duran Atamerdan jogap gaýtardy.
— Biz Ahmet ýegen bilen gadyrly salamlaşdygam, eje, gadyrly hoşlaşdygam.
— Daýy-ýegen şeýle bolmalam-da.
Ahmet ýegen ýylgyryp barşyna:
— Sag oturyň! — diýip gitdi.

Gyzdurdy ene ýegeni gidenden soň, yzyna gitmän, oglunyň ýanyna bardy-da, garry tut agajyna elini diräp, Atamerdanyň edýän işini synlamaga durdy.

— Arma, oglum!

— Bar bol, eje. Senem arma!

— Aryp-armaz ýaly men näme iş edýämişim?

— Girip-çykyp ýörmegem iş ahyryn.

— Onyňam dogry. Adam garrasa, girip-çykmagam agyr iş ýaly bolýar eken. — Az-kem dymyşlykdan soň, ene goja tuda seretdi. — Atamerdan jan, şu şatut seň bilen gözlüje ýaşyt diýsemem ýalňyşman.

Edip duran işinden ünsüni bölen Atamerdan garra üns berdi. Ol çep eli bilen şatuduň köne agajyna direnip durdy. Goja tuduň töňňesiniň ullakan teňňe balygyň gerşine meňzeş bölek-bölek bolup duran garamtyl gabygy kempiriň eliniň gasyn-gasyn ýygyrtlary bilen çalymdaş bolup görünmegine Atamerdan haýran galdy. Ol assyrynlyk bilen öz eliniňem ýeňse tarapyna seredensoň, ýene garrynyň elini synlady. Wagt nämeler etmeýär!

— Özem iki düýpdi. Kakaň pahyr nahallary oturtdy-da: «Gyzdurdy, iki şatuduň biri seňki, birem meňki» diýdi. Ýer yranandan soň, iki tuduň biri derrew gurady. Şol guranam kakaňky bolmalydyr... Yhna, indi biýem gurap gutarjak — Gyzdurdy ene öz eliniň ýeňsesiniň hamyna meňzeş gabygy çalarak sypady. — Soňsuz zat ýok-da.

Enäniň şatuduň garrandygy hakyndaky gürrüňini özi bilenem baglap aýdandygyna düşünen Atamerdan:

— O tudy entek-entek guratmarys, eje! — diýdi. — Düýbüni ýumşadarys, wagtly-wagtynda suw bereris...

Atamerdan aýtjagyny tut bilen baglap aýdanam bolsa, Gyzdurdy ene «at oýnatjak» bolman, göni gepledi.

— Ömrüňdir-dä, oglum. Baky ýaşaýan barmy? Ýogsam, bujagaz güne ýetilensoň, bäş-üç ýyl ýaşalaýsa-ha kem däl welin... agtyk gelin görerin diýib-ä hörpi aňyrdan tutup biljek däl. Ýöne agtygyň özüne guwanyp biraz ýaşasamam kem görmezdim.

— Gelniň bilen agtygyň-a şu gezek saňa garaşjakdyram. «Alyp

gelgin» diýip tabşyrdylar. Ýöne men şu ýerden baran badyma iki hepdeläp çöle gitmeli. Öýde bile bolar ýaly, seni indiki gezek äkidäýeýin.

— Bolar, balam, bolar. — Ol ýene tuda seredip ýylgyrýar. — Öňümizdäki ýazda şu tuduň tudanasyndan bir çüýşe gaba ýygnap, Balkan jana iberjek. Atasynyň özüni-hä görmek nesip etmedi welin, onuň eken tudunyň miwesinden bir datsyn çaga.

## IKI SANY GEPLEŞIK EPIZODY

1. Aşgabatdan günbatara tarap barýan otlynyň içi. Küpede Gyzdurdy ene, Atamerdan hem orta ýaşly iki sany aýal bar. Atamerdan bir alada bilen daş çykýar. Onuň yzyndan mähirli garap galan ene ýanyndaky aýallara çykyp gideniň kimdigini, nähili mährem oguldygyny «gürrüň» berýär. Iki aýal ýaşuly aýalyň gürrüňini haýran galyp, kä baş ýaýkap, kä tukatlanyp diňleýär. Olar özleri-de şeýle bagtyýar bolmak üçin Gyzdurdy enäni ýüzlerine sylýarlar. Eli bir-iki sany çüýşeli Atamerdan dolanyp gelýär. «Gep-gürrüň» gutarýar. Dört sany bulgura suw guýan Atamerdan olary ýolagçylara paýlaýar. Gyzdurdy ene, elbetde, guwançly tolgunýar.

2. Günbatardan Aşgabada tarap barýan otlynyň içi. Küpede Gyzdurdy ene, Ýazgül hem iki ýaş gyz bar. Ýazgül bir alada bilen daş çykýar. Onuň yzyndan mähirli garap galan ene ýaňky gelniň kimdigini, nähili gowy maşgaladygyny, özüne mähremdigini gyzlara «gürrüň» berýär. Gyzlar garrynyň gürrüňini aňk bolup diňleýärler, baş ýaýkaýarlar, kä gamlanyp, kä şatlanýarlar. Ýazgül dolanyp gelýär. Ol kagyz gaba dolap getiren owadan almalaryny ortada goýýar-da, öňürti gaýnyny, soňam ýolagçy gyzlary hezzetleýär. Gyzdurdy ene elbetde, guwançly tolgunýar.

* * *

Ömürboýy garaşyp, ýetilmesi gaty bir mümkinem däl arzuwyna ýeten Gyzdurdy enä ýetilmesi ap-aňsat bolaýmaly maksadyna ýetmek welin miýesser bolmady. Atamerdan oglunyň suwa

düşülmek üçin ýörite guran jaýjagazynda ýeke gezek ýuwunmagam oňa nesip etmedi. Ol Orazly aganyň eken şatudunyň tudanasyny çüýşe gaba salyp, Nebitdagdaky agtygy Balkana dadymlyk hem iberip bilmedi. Kempir tudana bişmeginiň öňinçäsi ýanyny ýere berdi. Oba adamlary gurt ýaly gurat hasap edilýän Gyzdurdy enäniň beýdip, birden başyny ýassyga goýmagyny onuň gaty begenmegi bilen baglaşdyrdylar. Ol çaklamanyň hakykat bilen bap gelýänini-gelmeýänini diňe Hudaý bilýärdi. Emma enäniň indi aýak üste galmajakdygy welin, sada bendesine-de düşnüklidi. Çünki lukmanlaram garrynyň ýatyşyny gaty agyr hasapladylar.

Gyzdurdy enäniň ýagdaýynyň habary baran badyna Aşgabada gaýdan Atamerdan bilen Ýazgül, oba-da sowulman, göni hassahana geldi.

Garra seredýän lukman onuň ýagdaýynyň gaty teňdigini duýduryp, indi onuň uzaga çekmejekdigini-de ýaşyryp durmady.

Atamerdan bilen Ýazgül başujuna baryp oturanda, olara gözi düşenden Gyzdurdy ene gözýaş etdi. Atamerdan mertlige salsa-da, Ýazgül welin aýal ejizligini ýeňip bilmedi.

Garry birneme köşeşensoň, onuň:

— Göwnüň isleýän zady barmy, enesi? — diýen sowalyna kempir baş atyp jogap gaýtardy.

— Näme isleýän bolsaň, taparys, eje? — diýip, Atamerdanam gobsundy. — Gawunmy, garpyzmy, üzümmi...

— Ýekeje islegim bar, balalam, ýekeje...

— Näme isleseň taparys, aýt, eje.

— Islegim... meni öýe eltiň! — diýip, Atamerdanyň elinden tutdy. — Seň dünýä inen ýeriňe baryp, aýagymy uzatsam. Ýazgül jan, ikiňizem ýanymda dursaňyz... Mende başga arman ýok...

Hassahanadan öýüne getirilen ene öz öwrenişen ýerinde ýatyrylansoň, Atamerdan bilen Ýazgülem üstünde pelesaň urup duransoň, birneme kuwwatlanan ýaly boldy. Ahmet ýegen hem gelip, daýzasynyň ýanynda durdy. Ýöne kempiriň oňatlaşan ýagdaýy uzaga çekmedi. Agşamyň düşmegi bilen garry göz-görtele pessaýlap başlady. Onuň gözüne ýaş aýlandy, bir zat diýjek boldy, başarmady.

Ýazgül Atamerdana ümledi. Atamerdan has golaýyna süýşüp, garrynyň elinden tutdy.

— Eje! — diýende, onuň sesi sandyrady. — Näme diýjek bolýaň, eje?

Ol ses gulagyna ilendigini aňdyran Gyzdurdy enäniň dodagynda çalaja ýylgyrylýan ýaly görnüş peýda boldy. Ýazgülüň göwnüne bolmasa, ol diwardaky suratlara tarap seretdi.

— M-men ... ra-razy...

Birdenem dodagyndaky ýylgyryş hassanyň tutuş ýüzüne çaýylyp, Gyzdurdy ene doňup galdy.

Gözi ýaşly Ýazgül enäniň ýüzüni ýaglyk bilen örtdi.

Garrynyň elinden elini aýran Atamerdan ýerinden turup, Ahmet ýegene seretdi.

— Ejem-ä işini bitirdi, Ahmet ýegen.

«Hemme adamam dünýäden şeýdip, ýylgyryp gidýämikä?» diýip, Ahmet ýegen öz-özüne sowal berdi. Onuň gulagynda Atamerdanyň tabşyrygy ýaňlandy.

— Sen derrew git-de, Söýün aga habar ýetir. Türkmençilikde edilýän zatlaryň hemmesini deňli-derejeli berjaý edeliň!

* * *

Ölmek bagt dälem bolsa, Gyzdurdy ene özüniň bagtly ölüm hasap eden maksadyna ýetdi. Ähli zat onuň çak edişi ýaly, isleýşi ýaly ýerbe-ýer boldy. Onuň mazarynyň başyndaky sowallaryň jogabyny Atamerdan gaýtardy. Ilkinji bir penje gumy hem mazara Atamerdan taşlady. Ýüzlerçe adam öwlüýäden gaýdanda-da, mollanyň tabşyrygy bilen gölegçileriň öňüni hem merhumyň ogly çekip gaýtdy. Gyzdurdy enäniň ölenden soňky aladalary hem deňli-derejeli, abraýly geçdi. Oňa kempiriň ruhy hem şaýat bolandyr welin, garrynyň obadaşlary-da az begenmediler. Gyzdurdy enäniň deň-duşlary bolsa, bu jahandan gitmeli pursat gelende şeýle uly abraý, hormat-sylag bilen gaýtmagy Hudaýdan dilediler.

* * *

Gyzdurdy enäniň kyrky bellenen güni giçki otly bilen Ýazgüli Nebitdaga ugradan Atamerdan yzyna dolandy. Onuň özi hem ertir öýlän bu ýere gelmeli heýkeltaraş bilen duşuşandan soň, ýola düşmekçidi. Ozal gepleşilişi ýaly, Gyzdurdy enäniň mazarynyň üstünde dikeltmek üçin Atamerdanyň buýrugy boýunça ýadygärlik ýasaýan heýkeltaraşa edilýän harajatyň belli bir bölegi berilmelidi.

Emma Nebitdagdan gelen telefon habaryndan soň, Atamerdan Ogulbossan goňşynyň uly ogluny Ahmet ýegeniň yzyndan ibermeli boldy. Ol Ahmet ýegen gelýänçä edilmeli işlerini etdi: heýkeltaraşa berilmeli puly sanap, stoluň üstünde goýdy, bir sahypa ak kagyza bolsa, uly harplar bilen «Gyzdurdy Orazla ogly Atamerdandan» diýen sözleri ýazdy. Şol mahal hem Ahmet ýegen içerik girdi.

— Çagyran ekeniň, Atamerdan daýy...

— Zerur alada çykdy, Ahmet ýegen. Men gyssagly iş ýerime gitmeli boldum. Ertir sagat üçde bir heýkeltaraş ýanyma gelmelidi. Onuň özem şähere günortana golaý dolanmakçy. Sen öýde bol. Şu puly hem şu kagyzy oňa gowşurarsyň. Men oňa aňyrdan jaň ederin... Ynha-da ejemiň howlusynyň açarlary...

— Açarlary men nätmeli?

— Açarlar indi seňki bolar. Howla-da özüň eýelik et, jaýa-da.

— Sen näme?! — diýip, ör-gökden gelen ýaş ýigit aňk-taňk boldy.

— Meň bu ýerde ýaşamak meýlim ýok, Ahmet ýegen. Öwrenişen ýerim, halaýan işim, öýüm-öwzarym beýlede. Ejemiň ýylyny geçirip gidemsoň, men bu oba ýa gelerin, ýa gelmerin. Howlam, içindäki zatlaram seňki. Ejem bolmasa, bärik aýagymam çekmeýä. Onsoňam, bu ýer indi meň üçin manysyz, boş ýaly. Ýöne, ejemiň gapysy ýapylmasyn... Senem ejemiň ýegeni ahyryn... Ertir heýkeltaraşa gowşurmaly zatlaryňy özüň bir ýerde goý. Men-ä giçki otly bilen ýola düşmekçi.

Pullary ýazgy edilen kagyza dolan Ahmet ýegen beýleki otaga girip gidensoň, Gyzdurdy enäniň krowatynyň gyrasynda oturan

Atamerdan diwardaky suratlary synlamaga başlady. Onuň nazary enäniň şekilinde saklandy. Garrynyň dikuçardan düşen badyna özüne tarap okdurylyşy Atamerdanyň göz öňünde janlansa, gulagynda «Balam, Atamerdan jan!» diýen agy hem şatlyk gatyşykly ses ýaňlandy. Atamerdanyň gözleri nemlendi.

Murgap,
Ýanwar, 1997.

## KITAPLARYNA GARAŞYLÝAN ÝAZYJY

Edebi görnüşiň ussady bolmagyň azaby hakda däl-de, ilki bilen, «Türkmen prozasynyň Atajan Tagany» diýlen jümläniň (onda-da ony başga milletiň wekiliniň aýdan çagy) türkmen okyjysyny, edebi seljerijisini buýsanja gaplaýandygy hakda pikir edip göreliň. Bu jümläniň süňňünde «Türkmen prozasy dünýä edebiýatynyň çygrynda tanalyp başlady» diýlen many bar. Ol ölçege mynasyp bolmagy üçin ýazyjynyň gahrymanyny gurşaýan serhetden geçirip, başga milletleriň okyjysynyň hem tanamagyny, söýmegini gazanmaly. Biziň ýazyjyny sebäpsiz mahabatlandyrmak bilen ylalaşmaýandygymyza ynansaňyz, «Türkmen prozasynyň Atajan Tagany» diýen sahypa geçeliň. Getirýän mysallarymyz bolsa ylmy hem resmi seljermeler esasyndadyr.

Ykbalyny edebiýat ylmyna bagyşlan adam hökmünde men ýazyjynyň döredijiliginiň agramyny ylmy hem edebi seljermeden soň «kitap dükany» diýen terezi ölçeýär diýen pikire-de goşulman durmaýaryn. Sebäbi «dükan» diýilýän «tankytçy» hiç kimden ýüz görmeýär. Edebiýat hünärmenleriniň bir bölegi eseriň başga dillere terjime ediliş derejesini hem ölçeg terezisi hasap edýärler. Olaryň kesgitlemesine görä, terjimeçi gowşak eseri terjime edip, neşirýatçy hem şol gowşak eseri çap edip, öz abraýyna badak salmaz. Şeýlelikde, bir dilden başga dile diňe gowy eserler terjime edilmeli. Ol hakykat ýüzünde hem şeýle. Şol ölçegler hakynda oýlananyňda türkmen prozaçysy Atajan Tagany ýazyjy hökmünde özünden diňe bir razy bolmak däl, eýsem buýsanmaga-da hakly hasap edýärin. Onuň «Saragt galasy» («Gowşut han») romany türkmen dilinde 65.000, rus dilinde 300.000, bolgar dilinde 30.000, «Jennet derwezesiniň açary» kitaby rus dilinde 265.000 nusga bilen çap edilse-de, iň soňky «Serwi gelin» eserler toplumyna çenli çykan kitaplary dükanda ýatmady. Ýazyjynyň döredijiligini düýpli yzarlaýan edebiýatçy M.Annageldiýewiň «E-S» gazetinde (2015)

ýazmagyna görä: «Üçünji müňýyllykda internet kitaplary dünýäni tutup barýarka-da «Serwi gelin» diňe bir halanmak däl, eýsem türkmeniň nesil terbiýesine tekge berýän kitapdygy üçin okamak islän adamlaryň köpüsine ýetmän galdy».

Uly ýazyjymyz Beki Seýtäkow A.Taganyň başga ýurduň başga dilde geplenýän şäherinde ýaşasa-da, arassa milli dilde doly bahaly eserleri döredip bilşine geň galsa, Bulat Şamşyýew «Kyrgyzstan madaniýeti» gazetinde Bişkekde çap bolan «Alyska sapar» hekaýalar kitabyny seljerýän «Durmuş dowam edýär» diýen makalasynda ildeşimiziň öz prozasynda hut türkmen milli gahrymanlarynyň ilhalar ruhuny ussatlyk bilen açýandygy sebäpli, gyrgyz okyjylarynyň-da göwnünden turýandygyny belleýär. Wenger edebi synçysy Islaý Zoltan «Nepsabadşag» gazetinde çap bolan «Perişde kanagatlylygy» synynda A.Taganyň eserleriniň millilige ýüzlenmek bilen utýandygyny nygtaýar.

Atajan Taganyň dürli dillerde 850.000 tiraž bilen 20-den gowrak kitaby neşir edildi. Türki dilli edebiýatyň nowellistika žanrynyň ussady hökmünde 1991-nji ýylda Berlinde onuň awtorlyk «Hekaýalar agşamy» geçirildi. 2014-nji ýylda Germaniýanyň «Masterpieces publishing.ru» söwda belgili neşirýaty ýazyjynyň «Keseki» romanyny rus dilinde çap edip, bütin dünýäniň onlaýn-kitap dükanlaryna ýaýratdy. 2014-nji ýylda ol romany Daşkendiň «Jahon adabiýoty» žurnaly özüniň bäş sanynda okyjylaryna ýetiren bolsa, 2015-de «Uzbekiston» neşirýaty «Begona» («Bigäne») ady bilen aýratyn kitap edip çykardy, 2016-da Nýu-ýorkuň «Dünýäniň sesi» («World voice») gazeti romanyň gysgaldylan görnüşi bilen okyjylaryny tanyşdyrdy. Getiren soňky dört mysalymyz türkmen edebiýatynyň taryhynda ilkinji gezek bolan wakadyr. Men bu ýagdaýy ýene bir wajyp waka bilen baglaşdyrmak isleýärin. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Açyk gapylar» syýasatynyň çäklerinde «Türkmen medeniýetini daşary ýurtlara ýaýratmak» diýen wajyp hem döwrebap ideýany öňe sürdi. Atajan Taganyň on töweregi kitabynyň başga dillere terjime

edilmegi hem meniň ýokarda getiren dört mysalym ýazyjynyň hormatly Prezidentimiziň türkmen milli medeniýetini dünýä ýaýratmak baradaky çakylygyna mynasyp jogaby hasap edýärin.

Okyjylar tarapyndan kitaplaryna garaşylýan ýazyjynyň öz hususy döredijiliginiň daşyndan milli medeniýetimize goşantlyk uly iş edendigini: Jek Londonyň «Martin Iden», A.Kamýunyň «Saýry», F.Fisjeraldyň «Beýik Getsbi», E.Remarkyň «Günbatar frontda üýtgeşiklik ýok», E.Moemiň «Aý bilen teňňe», Gi de Mopassanyň «Pýer bilem Žan» romanlaryny, I.Turgenewiň «Bahar bulaklary», Ç.Aýtmatowyň «Ak gämi», «Düýegöz», powestlerini, W.Şukşiniň «Aýly agşamdaky söhbet» kitabyny, Hemingueýiň, W.Şukşiniň, B.Žakiýewiň, H.Gulamyň, W.Öňgöreniň pýesalaryny, daşary ýurt ýazyjylarynyň onlarça hekaýalaryny, goşgularyny ene dilimize geçirendigini aýratyn bellemek isleýärin.

Çeper eseri seljerijileriň Atajan Taganyň döredijiligi barada yzagalaklyk edýändiklerini aýdasym gelýär. Bu igenje sebäp bolýan zat edebiýatymyzyň taryhynda ilkinji gezek döredilen uly göwrümli «40 ýylda ýazylan kitap» memuardyr. Dogry, ol hakda ululy-kiçili gürrüň kän edilýär. Ýöne olar şeýle eser nukdaýnazaryndan garasaň, entek örän az hem ejiz. Ol gündelik-esse düýpli ylmy derňewe mynasyp eser.

Atajan Taganda iki sözden ýa-da bir sözlemden ybarat eserler bar. Ýazyjy olary esere at edip goýan bolsa eseriň ady özünden uly bolup, seljerijiniň ýazan sahypasy köpe ýeterdi.

Gündelik-esseden: «Öz Watanyny satyp bilýän adam bolýar, ýöne özüne Watan satyn alyp bilýän bolmaýar». Bary-ýogy bir sözlem, içi welin söýgi bilen ýigrenjiň, buýsanç bilen binamyslygyň, mertlik bilen namartlygyň, mukaddeslik bilen pesligiň, göbek ganly Watan bilen saýry ýurduň, bähbit bilen zyýanyň arasynda duran garşylykdan doly. Galyberse-de, ol garşylyklaryň netijesi hem şol ýeke sözlemde. Gündelik-esseden: «Esassyz tankydyň şahsyýeti peseldip bilmeýşi ýaly, esassyz öwgi hem şahsyýeti beýgeldip bilmeýär». «Erkinlik we garaşsyzlyk garaşlylykdan has jogapkärlidir».

Göwrümi kiçi eser edebiýat teoriýaçysyny örän ýaýdandyrýar. Kiçi zada uly baha berip bolýar. Ýöne gysga esere özi ýaly gysgadan saldamly baha bermegi biz öwrenmeli. (Taňry guýan talant bilen sen bizi nä günlere salyp ýörsüň, gadyrdan Atajan Tagan!)

«Türkmen prozasynyň Atajan Tagany» munuň bilen tamamlanmaýar. Aslynda, bu uly ýazyjy barada şu güne çenli aýdylanlary onuň özboluşly döredijiligi hakda edebiýat alymlarymyzyň başlamaly düýpli gürrüňine giriş hasaplaýaryn.

**Çary KULYÝEW,**
Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar institutynyň esasy ylmy işgäri, filologiýa ylymlarynyň kandidaty.

# MAZMUNY


Sözbaşy...3
18 manat hakynda elegiýa...4
**Hekaýalar...,...6**
Takdyr...6
Possun...18
Nowruzda satylan gyzyl alma...35
Wekilýegenogulöýerýär...49
Ahyrzaman...78
Üç aýlyk bagt...87
Gudrat...99
Otlygeçipgitdi...,...105
Ýekegöz...116
Ägä bolmaly...129
Hoşlaşyk...136
**Powestler...147**
Aglasy gelýän ak bulut...147
Ogul...256
Kitaplaryna garaşylýan ýazyjy...309